**M. Hudaýýarow**

# YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ ESASLARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat –2011

UOK 911:377
H 73

**Hudaýýarow M.**
H 73 **Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslary.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

Okuw kitabynda dersiň maksady, wezipeleri, geografiýa ylmynyň pudagy hökmünde onuň barlag usullary, emele geliş taryhy, onuň esaslary hakynda umumy düşünjeler, garaýyşlar, ykdysady we durmuş geografiýasynyň taglymat esaslary, kanunlary, kanunalaýyklyklary, önümçiligi ýerleşdirmekligiň şertleri, döwletleriň hojalyk düzüminiň emele gelmegi, jemgyýetçilik önümçiliginiň ýerlerde gurnalyşy, olaryň sebitleýin ösüşi, rekreasiýa, syýasy, medisina, jenaýatçylygyň geografiýasy ýaly täze ugurlarynyň emele gelşi beýan edilýär. Kitabyň «Bütindünýä ykdysady-geografiki problemalary» bölüminde olaryň ýüze çykmagynyň sebäpleri, geodemografik, dünýäniň ilatynyň bilim derejesi, saglyk ýagdaýy, azyk meselesi, döwletleriň hojalygyny tebigy çig mallar, ýer-suw, energiýa bilen üpjün etmek hem-de olary tygşytly peýdalanmak, ekologiki, uruş we parahatçylyk meseleleri seredilýär. Okuw kitaby geografiýa, kartografiýa, ekologiýa we daşky gurşawy goramak hünärleriniň talyplary, geograf-aspirantlar, mekdep mugallymlary, hünärmenler we okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilýär.

TDKP № 91, 2011 KBK 65.4+26.8 ýa 73

© M. Hudaýýarow, 2011.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***Türkmen halky hiç wagt ylymdan, ösüşden üzňe ýaşan millet däldir. Ähli döwürlerde-de halkymyz adamzat siwilizasiýasyna mynasyp goşant goşmak bilen, ylym dünýäsinde belent derejelere ýetipdir.***

# GIRIŞ

«Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslary» dersi Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň geografiýa we kartografiýa hünärleri bölümlerinde okadylýar. Bu dersiň esasy maksady «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň» umumy nazaryýet esaslaryny talyplara çüňňür düşündirmekden ybarat. «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslary» dersiniň geografiýa ylmynyň pudagy hökmünde emele gelşiniň özboluşly taryhy bar. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda kapitalistik önümçiligiň we önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi bilen geografiýa ylmynyň pudagy hökmünde ykdysady we durmuş geografiýasy ösüp başlaýar. Kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi bilen döwletler bazar ykdysadyýetine geçip ugraýarlar. Bazar gatnaşyklaryna geçilende kärhanalary ýerlerde ornaşdyrmaklygyň kanunlary, kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri, edähetleri işläp, hereket edip başlaýar. Günbatar Ýewropa döwletlerinde sebitler boýunça öndürilýän önümleri içerki we daşarky söwda bazarlaryna çykarmak hakynda ylmy işler çap edilip ugraýar. Şeýle ylmy işleriň alnyp barylmagyny bazar ykdysadyýetiniň şertleri talap edýär. Sebäbi her bir döwletde önüm öndürýän kärhana öndüren önümini ýerleşdirmek üçin alada edýär. Şol sebäpli öndürilen önümleri daşarky bazarlara çykarmak üçin haýsy döwletlerde nähili harytlaryň öndürilýändigini, ol harytlaryň haýsy döwletlerde ýetmezçilik edýändigini bilmek zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň üçin hem ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli ylmy işler köp ýazylyp başlanýar.

Ykdysady we durmuş geografiýasy dürli ylymlar bilen aragatnaşyk saklaýar. Bu ders fiziki geografiýa, dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy, dünýäniň ilatynyň geografiýasy, ekologiýa we beýleki geografiki dersler bilen baglanyşyklydyr. Kitapda onuň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy, usulyýet we usulyýetçilik esaslary, barlag usullary hakynda umumy duşünjeler, garaýyşlar beýan edilýär. Önümçiligi ýerleşdirmekligiň konsepsiýalary, kanunlary, kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri, şertleri talyplara anyk mysallar arkaly düşündirilýär. Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçýän döwründe önümçiligi we taýýar önümi ýerleşdirmekligiň taglymat esaslaryny talyplara düşündirmek örän zerurdyr. Talyplaryň bu dersi öwrenip ylmy-teoretiki düşünje almaklary 2 – 5-nji okuw ýyllarynda pudaklaýyn ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli dersleri öwrenenlerinde olara has ýeňillik döredýär. Ondan başga-da, talyplar ykdysady we durmuş geografiýasynyň dürli ugurlaryny öwrenenlerinde, özbaşdak ylmy-barlag işleri geçirenlerinde, ýyllyk, diplom işlerini ýazanlarynda olara bu ders uly kömek eder.

Bu dersiň öňünde şu aşakdaky meseleler durýar: talyplara ykdysady we durmuş geografiýasy barada nazary düşünje bermek; onuň beýleki geografiýa dersleri we taryh, ykdysady, sosiologiýa ylymlaryna bolan gatnaşyklaryna ser salmak; durmuş-demografiýa we hojalyk mümkinçiliklerine baha bermek, ýerlerde zähmet bölünişigini, önümçiligiň bir ýere jemlenmegini (konsentrasiýasyny), döwletleriň arasyndaky ykdysady, medeni, syýasy hyzmatdaşlygy (integrasiýany), hojalyk kärhanalaryny ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklaryny, kanunlaryny, ýörelgelerini we şertlerini öwrenmek; täze ýerleri özleşdirmekde, meýdan-çäklerde senagat, oba hojalyk, ulag, durmuş hyzmaty, rekreasion ulgamlary ösdürmekde häzirki zaman ylmy-tehniki ösüşiň gazanan üstünliklerini durmuşa ornaşdyrmak; halkara ykdysady, syýasy, medeni gatnaşyklary ýola goýmaklygyň usullary; döwletiň meýdan-çägini ykdysady sebitlere bölmek nazaryýetini we ýerli önümçilik toplumlarynyň döreýşini anyk maglumatlar arkaly düşündirmek; käbir döwletleriň ykdysadyýetiniň ösüşiniň ülňülerini (modellerini) seljermek; syýasy geografiýanyň, adamzadyň bütindünýä derejeli meselelerini, olaryň ýüze çykmagynyň sebäplerini,

uruş we parahatçylyk, demografik, çig mallary we energiýany, gazylyp alynýan baýlyklary tygşytly ulanmak, ekologiki we durmuşy meseleleri öwrenmek, şu meseleler barada ylmy işleri ýerine ýetirmek; tebigat bilen jemgyýetçilik önümçiliginiň arasyndaky arabaglanyşygy we onuň gapma-garşylykly ýagdaýlaryny anyklap, olar sazlaşykly ýaşaşar ýaly çözgütleri hojalyga maslahat bermek ykdysady we durmuş geografiýasynyň öwrenýän häzirki zaman derwaýys meseleleriniň biri hasaplanýar. Bulardan başga-da, Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy bilen baglanyşykly meseleleri, ýagny Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan yglan edilen «Täze oba», «10 ýyl abadançylyk», «Nebit we gaz», «Açyk gapylar», «Bitaraplyk» syýasatlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň obalary, şäherleri, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş, ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy we beýleki syýasatlarynyň ykdysady we durmuş geografiýasy bilen baglanyşykly bölümlerini talyplara düşündirmeklik göz öňüne tutulýar. Dünýäniň ösen döwletlerinde durmuş hyzmaty gullugyna, ony ösdürmeklige uly üns berilýär. Şol sanda biziň döwletimizde hem ilatyň durmuş üpjünçiligi, onuň gowulanmagy barada döwlet derejesinde alada edilýär. 2007-nji ýyldan başlap hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan Türkmenistanda ilatyň durmuş üpjünçiligi barada, bilim, ylym ulgamynda uly özgertmeler alnyp barylýar. 2007-nji ýylyň iýun aýyndan pensiýa almaýan raýatlara pensiýalar, çagaly zenanlara kömek pullary berlip başlandy. Şol ýylyň sentýabr aýyndan başlap mekdepde okuwçylaryň okadylýan möhletiniň on ýyl, ýokary okuw mekdeplerinde talyplaryň okuwynyň 5–6 ýyl edilmegi okadylyşyň bütindünýä ülňüsine gabat gelýär. 2007-nji ýylyň 12-nji maýynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçireninde, döwletimizde Ylymlar akademiýasynyň we aspiranturanyň, doktoranturanyň açyljakdygy barada aýtdy. Soňra, 2008-nji ýylyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary geňeşiň göçme mejlisinde sözlän sözünde «Şu ýyl ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça ýokary okuw mek-

deplerinde, ylmy-barlag edaralarynda açylan aspiranturalara, doktoranturalara, ordinaturalara ylmy işgärleriň 218-siniň kabul edilmegi we okamagy amala aşyrylar. Bu işler, nesip bolsa, geljek ýyllarda-da dowam etdiriler».

Şu ýyl ylmyň we bilimiň ösdürilmegine 64 milliard manat pul goýberildi, bu geçen ýyla garanyňda 30 göterim köpdür. Ylymlar akademiýasy we onuň institutlary gaýtadan hereket edip başlady.

Häzirki wagtda öňdebaryjy tehnologiýalardan, tehnikalardan düýpli baş çykarýan türkmen alymlarynyň täze bir nesli kemala gelýär. Dünýä ylmynda gazanylan iň täze tehnikalar, tehnologiýalar önümçilige, ylma, bilime ornaşdyrylýar...

Jemgyýetçilik başlangyçlarynda işleýän Ylymlar akademiýasy şu ýylyň ahyryna çenli döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýän edara öwrüldi. Biziň geljekki meşhur alymlarymyzyň ýaş neslini terbiýeläp ýetişdirmeli. Biz bilimiň örän gymmatlydygyna, biziň ýurdumyzda bilimli we medeniýetli adam bolmagy ähli halkyň hormatyna mynasyp bolmagy aňladýandygyna çuň düşünýäris. Şonuň üçin biz türkmen jemgyýetinde sowatly, bilimli, intellektual adamlara düýbünden başgaça garaýşy kemala getirmelidiris»[1] diýip belledi. Diýmek, döwletimizde ylmyň, bilimiň ösdürilmegine giň ýol açylyp, ýurdumyz Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasyna gadam basdy.

Goşmaça edebiýatlaryň we okadylan umumy okuwlaryň kömegi bilen bu dersi tejribe-söhbetdeşlik sapaklarynda talyplar has çuňňur öwrenerler. Talyplara goşmaça özbaşdak işler tabşyrylýar. Ol işleri ýerine ýetirmek üçin olar goşmaça edebiýatlary, maglumatlary, geografik kartalary, atlaslary ulanarlar we öwrenerler.

[1]*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. t. 2, Aşgabat, TDNG, 2009, sah. 179-180.

# I. YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ USULYÝET ESASLARY

## I.I. «YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ ESASLARY» DERSINIŇ ÖŇÜNDE DURÝAN WEZIPELER

### 1.1.1. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslarynyň ylmyň pudagy hökmünde emele gelmegi

Geografiýa gadymy ylymlaryň biri hasaplanýar. Onuň ykdysady we durmuş geografiýasy şahamçasy hakynda ýazylan ylmy işler hem gadymylygy bilen tapawutlanýar. Emma ol geografiýa ylmynyň aýratyn pudagy–şahamçasy hökmünde XVIII asyrda emele geldi. Ykdysady we durmuş geografiýasyna ylmyň pudagy hökmünde dürli hili kesgitleme berilýär. Oňa kesgitleme berýän alymlaryň köpüsiniň pikiri 1955-nji ýylda Bütinsoýuz geografiýa jemgyýetiniň ikinji gurultaýynda kabul edilen kesgitleme bilen gabat gelýär. Ol kesgitleme ykdysady ylymlaryň doktory, professor, Enrid Borisowiç Alaýewiň (Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. M., Мысль, 1983. s. 26–27) berýän kesgitlemesi bilen hem kybapdaşrak. «**Ykdysady we durmuş geografiýasy – jemgyýetçilik önümçiliginiň ýerleşişiniň kanunlaryny, kanunalaýyklyklaryny (öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň birligi diýip düşünilýän) we ilatyň ýerleşişini, jemgyýetçilik durmuşyny ýerlerde gurnamaklygy, olaryň aýratyn döwletlerde, etraplarda ýerleşişini öwrenýän ylmy dersleriň toplumydyr».** Onuň pikirine görä, ykdysady we durmuş geografiýasynyň geografiki giňişliklerde esasy öwrenýän meýdan çägi – **öýkümenler** – ýagny, ilatyň ýerleşen, özleşdiren, başgaça aýdanyňda, jemgyýet tarapyndan Ýeriň geografiki bardasynyň ýaşaýyş giňişligine öwrülen ýa-da şol giňişliklerde hojalygyň dürli

pudaklaryny emele getiren ýeridir. Diýmek, ykdysady we durmuş geografiýasynyň ahyrky barlaýan, öwrenýän zady **öýkümenlerdir** (grekçeden terjime edilende–ilatyň ýerleşen we ýaşaýan ýeri diýmekdir). Gresiýaly geograf **Anaksimandr** biziň eýýamymyzdan öň VII–VI asyrlarda düzen kartasynyň merkezinde Ortaýer deňzini belläp, öýkümeni deň bölege, ýagny **Aziýa** we **Ýewropa** bölüpdir. VI–V asyrlarda grek geografy **Grekateý Miletskiý** öz işlerinde 3-nji öýkümeni, ýagny Liwiýany (Afrikany) görkezipdir. Öýküme (küme) türkmeniň ata-baba ulanýan sözi. Bu söze türkmen durmuşynda, dilinde we edebiýatynda häli-şindi duş gelýäris. Diýmek, ykdysady we durmuş geografiýasynyň gözbaşy greklere Merkezi we Kiçi Aziýadaky ýaşan we ylmy iş eden türkmen, türk alymlarynyň ylmy işlerinden geçen bolmagy mümkin.

Diýmek, ykdysady we durmuş geografiýasy bilen meşgullanýan hünärmenler adamzadyň ýerleşen, ýaşaýan ýerlerini, olaryň hojalyk ulgamlaryny, ýaşaýyş şertlerini, hojalyk ulgamlarynyň ýerleşiş aýratynlyklaryny, düzümini, taryhy ösüşini meýdan-çäkler, giňişlikler bilen baglanyşdyryp, çuňňur öwrenýärler. Ilatyň ýerleşişini, milli düzümini, tebigy köpelişini, onuň hereketini, jyns aýratynlyklaryny we beýleki demografik meselelerini hem barlaýarlar. Bu maglumatlar döwletiň çäginde hojalyk kärhanalary ýerleşdirmek, durmuş hyzmaty gullugyň işini ýerlerde gurnamak üçin zerurdyr. Ilatyň demografik ýagdaýyna degişli maglumatlar hojalygy ösdürmekligiň 3–5–10 ýyllyk maksatnamalaryny düzmek üçin hem gerek bolýar.

Durmuş we ykdysady geografiýa halkara, döwletiň çägindäki ykdysady we ýerli hojalyk ulgamlaryň döreýşini, dowam edişini, ösüşini we olaryň emele getirýän toplumlaryny(dünýä hojalygyny, döwletleri, dürli derejedäki ykdysady sebitleri, olaryň düzümindäki önümçilik toplumlaryny) jemgyýetçilik ylmy hökmünde öwrenýär. Diýmek, ykdysady we durmuş geografiýasy, fiziki geografiýadan tapawutlylykda, adamzat jemgyýetiniň meýdan-giňişliklerde ýaşamak we zähmet çekmek üçin döreden, maddy nygmatlary öndürýän hojalyk kärhanalaryny öwrenmeklige uly üns berýär. Şeýle-de, adamzat jemgyýetiniň ýaşamagy üçin zerur bolan, durmuş hyzmatyny amala aşyrýan kärhanalary öwrenýänligi üçin onuň durmuş (sosiogeografiýa) geografiýasy şahamçasy bar. Dünýäniň käbir ösen döwletlerinde bu

ylma «Antropogeografiýa» ýa-da «Adamzadyň geografiýasy» hem diýilýär. Emma dünýäniň köp döwletlerinde onuň ady «Ykdysady geografiýa» diýlip atlandyrylýar. Bu ylmyň öwrenýän obýektlerini, barlag usullarynda, ylmy garaýyşlarynda gelnen netijelerini seljeren ýagdaýymyzda onuň häzirki tutulýan «Durmuş we ykdysady geografiýasy» ady hakykata, şu günki günüň talabyna laýyk gelýär.

### 1.1.2. Ykdysady we durmuş geografiýasynda amala aşyrylan ylmy açyşlar

Bütin dünýäde kabul edilen kada boýunça ylym ýa-da onuň pudagy bolmak üçin amala aşyrylan garaýyşlar bolmaly. Amaly işler bilen meşgullanýan hünärmenler ylmy açyşlary amal edýärler. Adamzada we ylma belli bolmadyk faktlary, kanunlary – täze giňişlikleri, hadysalary, olaryň ýerleşen ýerlerini, hil we mukdar taýdan bolup geçýän üýtgeşmeleri, ýerleşiş hem-de ösüş aýratynlyklaryny ýüze çykarmaklyga ylmy garaýyşlar, açyşlar diýilýär. Durmuşy, ykdysady we ekologik nukdaýnazardan geografiki giňişlikleri tygşytly peýdalanmaklygyň täze usullaryny oýlap tapmaklyga, taglymat esasda çemeleşmeklige ykdysady we durmuş geografiýasynda oýlap tapmaklyk diýilýär (Ю. Г. Саушкин, 1997, sah. 134–159; М. М. Голубчик we başgalar, 2003, sah. 26). Müňýyllyklaryň dowamynda täze ýerleriň we olara barýan ýollaryň açylmagy, näbelli tebigy obýektleri (daglary, adalary, deňizleri, derýalary we ş. m.), olaryň geografiki koordinatlaryny kesgitlemek, ýerleşen ýerlerini karta geçirmek, olara geografiki we hojalyk taýdan ýazgy bermek – **geografik açyşlar** hökmünde kabul edilipdir.

1500-nji ýyldan bäri ähli materikler, ummanlar, deňizler, aýlaglar, deňiz geçelgeleri, gury ýerdäki daglar, gerişler, suwasty gerişler, çöketlikler açylyp, giň köpçülige mälim edildi. Arap we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň alymlary ir döwürlerden bäri Ýeriň şar şekillidigini, onuň öz okunyň we Günüň daşyndan aýlanýandygyny ylmy taýdan subut edipdirler.

Orta asyrlarda Merkezi Aziýada dünýä belli astronomlar, matematikler işläpdirler. Ýaş alym D. Annaýewiň ýazmagyna görä (Jahannamanyň owazy, 2008-nji ýylyň aprel aýynyň 4-i), taryhy

çeşmelerden belli bolşy ýaly, türkmenler geçmişde ylma-bilime, sowatlylyga hem aýratyn sarpa goýupdyrlar. Türkmen alymlary tarapyndan edilen açyşlar dünýä taryhynda uly yz galdyrypdyr. Şeýle alymlaryň biri Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň gülläp ösen döwründe hökümdaryň köşgünde gulluk edip, ylmyň dürli ugurlaryndan baş çykaran **Muhammet ibn Nejip Bekran** hasaplanýar. Ol Köneürgenç türkmen döwletiniň hökümdary Muhammet şanyň döwründe (1200–1220 ý.) köşkde gulluk edipdir. Ol öz döwründe taryh, älemşynaslyk, geografiýa, lukmançylyk ylymlary bilen meşgullanypdyr. Muhammet Bekranyň öz döwründe eden uly ylmy açyşlarynyň biri, ol dünýäniň reňkli kartasyny çyzypdyr. Onuň düreden dünýä kartasy alymyň esasy eseri bolan «Jahannamada» ýerleşdirilipdir. Kartanyň düzülen wagty, takmynan, 1208–1209-njy ýyllar bilen senelenýär. Dünýä kartasyny düzmek, «Jahannamany» ýazmak üçin gadymy we irki Orta asyr alymlarynyň birnäçesiniň ýazyp galdyran älemşynaslygyň taryhyna degişli gymmatly eserlerini, älemşynaslyk tablisalaryny ýygnapdyr. Bu işinde IX asyrda ýaşap geçen taryhçy-geograf **Abul Kasym Hordatbegiň** «Kitap al-masalik al mamalik» («Ýollaryň we ýurtlaryň taryhy») eserinden köp maglumatlary ulanypdyr. «Jahannama» eserinde Abul Kasym Hordatbegiň ol eserinden, Günbatar deňzinden (Gulzum – häzirki Gyzyl deňiz) Gündogar deňzine (Ýapon deňzi) çenli aralygy, Hindi ummanynda birnäçe adalary, Pars aýlagyny, şol döwürde gündogar alymlarynyň **«Aş-şila»** ýa-da **«Busiilo»** diýip atlandyrylan häzirki Koreýa, Ýaponiýa ýerlerini, Hytaý diwarlaryny ýazyp beýan etmek üçin köp maglumatlary alypdyr. Bekran öz işinde ýene-de Orta asyr alymlary **Istahriniň**, **Al-Biruniniň** eserlerini, **Nasyr Hysrowyň** «Safarnama», belli tebip **Aly ibn Abbas Al Majusiniň** lukmançylyk ylmy barada ýazan «Kämil As Sinaýaat At Tibbiýa» («Bedeniň kämilligi we saglygy») eserini hem giňişleýin ulanypdyr. Muhammet Ibn Nejip Bekranyň matanyň ýüzüne çyzan kartasy XI asyrda Al Birunynyň çyzan kartasyndan has anyklygy, kämilligi we reňkliligi bilen tapawutlanypdyr. Alym «Jahannama» eserinde ýerleşdiren dünýä kartasynda dürli ýurtlaryň, welaýatlaryň, etraplaryň ýerleşýän ýerlerini, olaryň tebigy-klimatik aýratynlyklaryny, deňizleri, derýalary, daglary, çölleri dürli reňkler, belgiler arkaly aňladyp, örän sada we düşnükli



## 1-nji surat. Piri reýsiň 1508–1513-nji ýyllarda düzen takyk kartasy

1. Angliýa; 2. Polşa; 3. Wengriýa; 4. Germaniýa; 5. Finlyandiýa; 6. Fransiýa; 7. Ispaniýa; 8. Portugaliýa; 9. Meksika; 10. Ortaýer Deňzi; 11. Efiopiýa; 12. Içki Efiopiýa; 13. Uly Atlas daglary; 14. Liwiýa batgalygy; 15. Mawritaniýa; 16. Barbariýa; 17. Numidiýa; 18. Nil batgalygy; 19. Hoş umyt burny;20. Dunaý derýasy; 21. Moskowiýa; 22. Kazan; 23. Girkaniýa deňzi; 24. Midiýa; 25. Pars aýlagy; 26. Bagtly Arawiýa; 27. Ganga çenli Hidistan; 28. Kannanor; 29. Halikut; 30. Koçin; 31. Seýlon adasy; 32. Skifiýa; 33. Dag aňyrsy Serika; 34. Polýar tegelegi; 35. Garaňky prowinsiýa; 36. Imans; 37. Gangy aňyrsyndäki Hindistan; 38. Malakka; 39. Taprobana; 40. Seýlon okeany; 41. Maobar prowinsiýasy; 42. Martaban; 43. Gang deýasy; 44. Beýik aýlag; 45. Karmaniýa; 46. Hind derýasy; 47. Norwegiýa; 48. Laplandiýa; 49. Islandiýa; 50. Grenlandiýa; 51. Portugaliýanyň täze ýeri; 52. Azor adalary; 53. Antiliýa; 54. Ispan koroli Ferdinandyň gämileriniň gelen ýerleri; 55. Dominikan adalary; 56. Kanibal adalary; 57. Polýar çöli; 58. Tibut kamyl; 59. Tangut; 60. Tibet; 61. Ban; 62. Gala; 63. Mangi; 64. Çanba; 65. Uly Ýawa; 66. Kiçi Ýawa; 67. Kandin; 68. Seýlon adasynyň bölegi; 69. Gök burun adalary.

görnüşde şekillendiripdir. Kartasynda 600-den gowrak geografiki atlary ýerleşdiripdir.

Osman türkmenleriniň döwletiniň 624 ýyllap ýaşan döwründe türkmen deňizçiliginiň taryhynda yz galdyran birnäçe deňizçileriň atlary mälimdir. Alym J. Ş. Gurbangeldiýewiň («Metbugat çapary» gazeti, 2007-nji ýylyň oktýabr aýynyň 14-i) berýän maglumatyna görä, şolaryň biri hem türkmen deňizçisi Piri reýisdir (*1-nji surat*). **Muhitdin Piri reýis**, takmynan, 1465–1470-nji ýyllarda türk deňizçiliginiň meşhur merkezleriniň biri bolan Geliboluda dünýä inipdir. Kakasynyň adyna Hajy Mämmet diýipdirler. Kakasynyň agasy **Kemal reýis** şol döwrüň meşhur kapitany hasaplanypdyr. 1511-nji ýylda agasy Kemal reyis osman-wenesiýa söweşinde wepat bolandan soňra, ol Gelibola dolanyp gelip, kitap ýazmak we karta çyzmak bilen meşgullanyp başlapdyr. 1547-nji ýylda Piri reýis Osman-Türkmen döwletiniň Gyzyl deňizdäki we Hindi ummanyndaky deňiz güýçleriniň baştutany edilip bellenýär.

Piri reýis öz döwrüniň deňizçilik ylymlaryndan hem oňat baş çykarypdyr. Ol öz döwrüniň ökde kartografiýaçysy hem-de deňizçilik ylmy boýunça meşhur hünärmenidir. Piri reýis «Kitaby Bahriýe» («Deňizçilik kitaby») atly kitabyň hem-de iki sany kartanyň awtorydyr. Piri reýis Ýer ýüzünde ilkinji bolup, 1513-nji ýylda Gelibolu şäherinde dünýäniň kartasyny çyzypdyr. 1517-nji ýylda özüniň kartasyny Osman türkmenleriniň döwletiniň soltany Selim I-ä (1512–1520) onuň Müsüri boýun egdiren wagtynda Müsürde gowşurylypdyr. Bu karta Stambuldaky Topkapy köşgi gadymy eserleriň muzeýine öwrülen mahalynda Milli muzeýler müdiri **Halyl Edhem** tarapyndan 1929-njy ýylda tapylyp, Türkiýe respublikasynyň ilkinji Prezidenti K. Atatürke görkezilipdir.

Şol döwrüň ussat deňizçilerinden ýene-de biri **Seýdi Aly** reýisdir (J. Gurbangeldiýew, «Aşgabat» gazeti, 2007, 29.09, 02.10). Ol 1498-nji ýylda Stambulda doglupdyr. Seýdi Aly reýis **Barbaros Haýreddin** paşşanyň halypalygynda meşhur deňizçi bolup ýetişipdir we ol «reýis» (flotuň başlygy), «kapudan»(admiral) derejesine çenli göterilipdir. Ol 1553-nji ýylyň dekabr aýynyň 6-synda 55–56 ýaşynda resmi taýdan Osman imperiýasynyň Hindi ummanyndaky admiraly wezipesine bellenilipdir. Seýdi Aly reýis admirallygy bilen bilelikde geografiýa, matematika, astronomiýa ylymlaryndan oňat baş çykaran

alymdyr. Onuň şahyr hökmündäki şöhraty hem uludyr. Goşgularyny **«Katibi»** lakamy bilen ýazypdyr. «Al-Muhit fi ilm al-aflak wa-l--abhur» («Asman ýagtylgyçlary we ummanlar hakda bilimleriň möçberi») atly eserini 1554-nji ýylda Hindistanda mahaly ýazypdyr. On bölümden ybarat kitabynda asman ýagtylgyçlary, ýyldyzlar, olaryň aralygy we beýikligi, ýyl hasaby, kompas, deňizçileriň ulanýan tehniki adalgalary, ölçegleri, ýeller we musson ýagyşlary, Gyzyl deňziniň günortasyndan başlap, Aziýa kontinentiniň gündogaryna tarap Hindi ummany boýunça deňiz ýollarynyň 30-dan gowrak ugry, deňizçiler üçin howply bolan siklonlar hakda gürrüň berilýär. Kitapda 30 sany karta ýerleşdirilipdir. Seýdi Aly reýis astronomiýa degişli «Mirat-Ul Kainat» («Dünýä aýnasy»), «Mirat-ul Memalik» («Ülkeleriň aýnasy») atly kitabynda baran ýurtlary, duşuşan hökümdarlary, şaýat bolan wakalary dogrusynda ýazypdyr. Onuň bu kitaplary birnäçe dillere we özbek diline terjime edilipdir.

Türkmenistanyň milli golýazmalar institutynyň «Miras» merkeziniň ylmy işgärleriniň irginsiz zähmeti netijesinde gadymy türkmen alymlarynyň dünýä ylmyna goşan goşantlarynyň asyl nusgalaryndan göçürmeler dünýäniň dürli döwletleriniň kitaphanalaryndan, arhiwlerinden getirilýär. Şeýlelikde, olar türkmen okyjylaryna ýetirilýär. Ýokarda getirilen maglumatlar olaryň ilkinjileridir.

Ir döwürlerden tä biziň günlerimize çenli geografiki açyşlary diňe bir geograflar ýerine ýetirmän, syýahatçylar, deňizçiler we beýleki hünärmenler hem amala aşyrypdyrlar. Ýöne olar ylmy açyş hökmünde bellige alynmandyr. Fiziki geografiýada ýokary guşaklyklaryň, tebigy zonallyklaryň, landşaft taýdan raýonlara bölmekligiň kanunlarynyň, edähetleriniň (prinsipleriniň) açylmagy hakykatdan hem geografiki açyşlar hasaplanylýar. Sebäbi olar taglymat nukdaý nazardan esaslandyrylýar.

XIX–XX asyrlarda ykdysady we durmuş geografiýasynyň hünärmenleri döwletleriň meýdan-çäklerini ykdysady raýonlara, ýerli tebigy toplumlara bölmekligi amala aşyrypdyrlar. Olar ýerlerde önümçiligi ornaşdyrmaklygyň kanunlaryny, kanunalaýyklyklaryny, edähetlerini(prinsipleri), şertlerini we beýleki nazaryýetlerini işläp düzmeklige synanyşypdyrlar. Olar, öz nobatynda, ylmy açyşlar hasaplanylýar.

### 1.1. 3. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy

Öň belläp geçişimiz ýaly, ykdysady we durmuş geografiýasy üç sany (tebigy, ykdysady we sosiologiýa) ylymlaryň arasynda ýerleşýän geografiýa ylmynyň şahasydyr. Islendik ýeriň tebigy özboluşlylygyny, baýlyklaryny, ykdysady ösüşini we ilatyň durmuş aýratynlyklaryny (sosiologiýasyny) öwrenende, şol ylymlaryň ylmy-barlag netijelerinden hem peýdalanýar. Bu ylmy ugur umumy geografiýanyň bir pudagy bolmak bilen tebigy ylymlar (geologiýa, geomorfologiýa, gidrologiýa, klimatologiýa, biogeografiýa we beýlekiler), ykdysadyýet (umumy ykdysadyýet, sebitara ykdysadyýet) we sosiologiýa (ilat, onuň durmuş aýratynlyklary baradaky meseleler), syýasat bilen aýrylmaz baglanyşykly. Ol ylymlaryň gazanan üstünliklerine esaslanýar we öz ylmy-barlag (syýasy geografiki) meselelerini çözmekde peýdalanýar. Bulardan başga-da ykdysady we durmuş geografiýasy ekologiýa bilen hem aýrylmaz baglanyşykly. Bu ylym ekologik meseleleri sebitara, bütindünýä çäklerinde öwrenýär. Sebäbi meýdan-çäklerde ekologik meseleleri senagat, oba senagat we ulag kärhanalary emele getirýärler. Şol sebäpli ykdysady we durmuş geografiýasynda ekologik meseleler ir döwürlerden bäri öwrenilýän ugur hasaplanylýar. Soňky ýyllarda ykdysady we durmuş geografiýasynyň ekologozasiýalaşmagy bolup geçýär. Onuň düzüminde tebigatdan peýdalanmaklygyň ykdysadyýeti ugry emele gelýär. Soňky ýyllarda dünýä ummanlary we harby çaknyşyklar bilen baglanyşykly dürli meseleleriň ýüze çykmagy sebäpli ykdysady we durmuş geografiýasynyň «Dünýä ummanlarynyň ykdysady geografiýasy», «Harby geografiýa» bölümleri peýda boldy. Ykdysady we durmuş geografiýasy medisina bilen baglanyşykly bolup, dürli keselleriň çäkler boýunça ýaýraýşyny öwrenýänligi sebäpli, onuň medisina geografiýasy ugry – bölümi hem bar (*1-nji tablisa*).

Bu ylym jemgyýetçilik ylmyna has ýakyn hem bolsa, ol tebigy ylymlar bilen aýrylmaz baglanyşykly. Onuň kanunlary, kanunalaýyklyklary hojalyk kärhanalaryny ýerleşdirmekde ulanylýar we olardan peýdalanylyp, degişli netijeler çykarylýar.

Bu ylmyň esasy öwrenýän zady **öýküme** – sözüň dar we giň manysynda geografiki giňişlikleriň islendik ýerinde adamlaryň ýaşaýan ýerini, onuň tebigy, durmuş aýratynlyklaryny, hojalygyny ýerleşdirişi bilen bilelikde öwrenýär. Aýratyn ülkeleri, sebitleri, döwletleri, olaryň ykdysady, durmuşy aýratynlyklaryny öwrenende, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, syýasy meselelere hem köp üns berilýär. Döwletiň içinde we döwletleriň arasynda alnyp barylýan syýasatyň geografiýasyny hem öwrenýärler. Sebäbi, islendik döwletiň ykdysadyýeti şol döwletde alnyp barylýan syýasat bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Görşüňiz ýaly, «Ykdysady we durmuş geografiýasy» beýleki ylymlar bilen dawaly, olaryň öwrenýän zatlaryny elinden alýan ýaly diýip düşünmegiňiz mümkin. Emma bu beýle däl. Geografiýa ylmynyň bu pudagynyň esasy öwrenýän zady – önümçilik. Onuň giňişlikler boýunça ýerleşişini, wagt içinde özgerişini, döwletiň çäklerinde onuň üýtgeýşini we ösüşini öwrenýär.

*1-nji tablisa*

**Meýdan-çäk (territorial) ulgamlary öwrenýän ykdysady we durmuş geografiýasy ylmynyň pudaklary**

| Bütindünýä, döwletara, sebitara meýdan-çäk (territorial) ulgamlar | |
|---|---|
| Önüm öndürýän ýerli-önümçilik toplumlar – Maddy önümçiligiň geografiýasy | **Senagat ýerli-önümçilik toplumlary – Senagatyň geografiýasy** |
| | **Oba hojalyk ýerli-önümçilik toplumlary – Oba hojalygyň geografiýasy** |
| | **Suw hojalyk ýerli-önümçilik toplumlary – Suw hojalygynyň geografiýasy** |
| | **Tokaý hojalyk toplumlary – Tokaý hojalygynyň geografiýasy** |
| | **Ulag ýerli-önümçilik toplumlary – Ulaglaryň geografiýasy** |
| | **Gurluşyk ýerli-önümçilik toplumlary – Gurluşygyň geografiýasy** |
| | **Aragatnaşyk ýerli-önümçilik toplumlary – Aragatnaşygyň geografiýasy** |

| | |
|---|---|
| Ilatyň ýerleşen ýeriniň ulgamy – Ilatyň geografiýasy | **Söwda ýerli toplumlary – Söwdanyň geografiýasy** |
| | **Bilim ulgamy – Bilimiň geografiýasy** |
| | **Saglygy saklaýyş ulgamy – Saglygy goramaklygyň geografiýasy (medisina geografiýasy)** |
| | **Maliýe ulgamy – Maliýe geografiýasy** |
| | **Medeni edaralar ulgamy – Medeniýetiň we sungatyň geografiýasy** |
| | **Ylmy-barlag edaralar ulgamy – Ylmyň geografiýasy** |
| | **Demografiki ýerli ulgamlar – Demogeografiýa** |
| | **Zähmet gorlarynyň ýerli ulgamlary – Zähmet gorlarynyň geografiýasy** |
| | **Etniki ýerli ulgamlar – Etnogeografiýa** |
| | **Ilatyň ýerleşiş ýerli ulgamlary – Ilatyň ýerleşişiniň geografiýasy** |
| | **Şäher ilatynyň ýerli ulgamlary - Geourbanistika** |
| | **Oba ilatynyň ýerli ulgamlary – Oba ilatynyň geografiýasy** |
| | **Dini garaýyşlar – Diniň geografiýasy** |

| | |
|---|---|
| Durmuş (sosial) ýerli ulgamlar – Sosial geografiýa | **Sarp edilişiň ýerli ulgamlary – Sarp edilişiň geografiýasy** |
| | **Medeni ýerli ulgamlar – Medeniýet geografiýasy** |
| | **Kriminal ýerli ulgamlar – Düzgün bozulyşyň geografiýasy** |
| | **Jahankeşdelik we syýahatçylyk toplumy – Syýahatçylygyň we jahankeşdeligiň geografiýasy** |
| | **Bedenterbiýe we sport toplumy – Bedenterbiýe we sport geografiýasy** |
| Syýasy ýerli ulgamlar – Syýasy geografiýa | **Döwletiň içindäki syýasy ýerli ulgamlar – Elektoral (saýlawlar) geografiýasy** |
| | **Döwletara syýasy ýerli ulgamlar – Geopolitologiýa, syýasy geografiýa** |
| | **Harby birleşmeler – Harby geografiýa** |
| Tebigy we jemgyýetçilik täsirler esasynda döreýän ýerli ulgamlar – Fiziki we ykdysady durmuş geografiýanyň arasynda döreýän aralyk pudaklar | **Ýerli-rekreasion ulgamlar – Rekreasion geografiýa** |
| | **Medisina ýerli ulgamlar – Medisina geografiýasy** |
| | **Tebigy baýlyklar ulgamy – Tebigy baýlyklaryň geografiýasy** |
| | **Tebigaty goramak ulgamlary – Ekologik geografiýa** |

| | |
|---|---|
| | **Tebigy şertleri we baýlyklary tygşytly peýdalanmak – Tebigatdan peýdalanmaklygyň ykdysadyýeti** |
| | **Tebigatyň we jemgyýetiň baýlyklaryny hasaba almak – geografiki monitoring** |
| | **Tebigy we jemgyýetçilik hadysalaryň ösüşi – geografiki çaklama bermek** |
| | **Geçen döwürleriň tebigy-durmuş ýerli ulgamlary – jemgyýetiň taryhy geografiýasy – Taryhy geografiýa** |

Ykdysady sebitleri (raýonlary), ýerli önümçilik toplumlaryny, olaryň giňişlikde we wagt içinde ösüşini, geografiki zähmet bölünişigini, ykdysady sebitleri emele getirişini goňşy meýdan-çäkler bilen deňeşdirýär. Şu meseleleri (problemalary) beýleki ylymlar öwrenmeýär diýen ýalydyr. Bu ylym pudagy 1980–1985-nji ýyllara çenli «Ykdysady geografiýa» diýlip atlandyrylýardy. Emma durmuş meselelerini hem giňden öwrenýänligi sebäpli, 1980-nji ýylda Frunzede (häzirki Bişkek), 1985-nji ýylda Kiýewde bolan SSSR Geografiýa jemgyýetiniň VII–VIII gurultaýlarynda onuň adyny «Ykdysady we durmuş geografiýasy» diýip atlandyrmak hakda karara gelindi. Şondan bäri onuň ady «Ykdysady we durmuş geografiýasy» diýlip atlandyrylýar.

### 1.1.4. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň düzümi, maksady we wezipeleri

Geografiýa ylmynyň düzümi 3 sany bölege – **tebigy** (fiziki) geografiýa, **jemgyýetçilik** (ykdysady we durmuş) geografiýasy, **umumy** (integral) geografiýa bölünýär. Bular hem öz gezeginde dürli böleklere bölünýärler. Fiziki geografiýa – doly we hususy ýa-da

bölekleýin tebigy toplumlary öwrenýär. Jemgyýetçilik (ykdysady we durmuş) geografiýasy – doly ýa-da aýratyn alnan ykdysady – durmuş toplumlary (kompleksleri), umumy (integral) geografiýa – tebigy we jemgyýetçilik toplumlara bütewilikde seredýär (*1-nji tablisa*).

Ykdysady we durmuş geografiýasynyň ýerli ulgamlary gury ýeriň we suw giňişlikleriniň (deňiz we umman akwatoriýasynyň) belli bir meýdan-çäklerinde döreýärler. Olar şol giňişliklerde tebigy we antropogen düzümi hem-de baýlyklary bolan kesgitli meýdany eýeleýärler. Şol meýdanlarda hojalyk kärhanalary döredilýär. Olar öz aralarynda önümçilik, dolandyryş we medeni gatnaşyklary amala aşyrýarlar. Şonuň üçin olara ykdysady we durmuş geografiýasynda **«Ýerli-önümçilik toplumlary»** diýilýär. Ugurdaş ýerli-önümçilik toplumlarynyň birnäçesi birleşip kiçeňräk ykdysady-durmuş sebitleri emele getirýärler. Bularyň kämilleşmeginde önüm öndürmeýän (durmuş hyzmaty) kärhanalaryň hem ähmiýeti uludyr. Bu kärhanalar bir-birleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyrlar. Meselem, ylym, bilim ulgamy önümçilik kärhanalary üçin gerekli hünärmenleri taýýarlap berýärler. Ulag we aragatnaşyk ulgamlary önümçilik kärhanalaryna ýeterlik hyzmat etmeseler, önümiň öndürilişi peseler.

Ykdysady we durmuş geografiki barlaglaryň öňünde şu aşakdaky **maksatlar we wezipeler** durýarlar:

1. Her bir ykdysady-durmuş sebitiň tebigy şertlerini we adamzat baýlyklaryny hojalygy ösdürmekde tygşytly ulanmak esasy mesele bolup durýar. Şol maksat bilen sebitiň meýdan-çäklerini ykdysady we durmuş taýdan çuňňur öwrenýärler. Sebitiň tebigy şertlerini we baýlyklaryny doly öwrenip, olary ulanmaklygyň tärlerini hojalyk kärhanalaryna maslahat berýärler.

2. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak örän zerur hasaplanýar. Akademik **I.P. Gerasimowyň** belleýşi ýaly, tebigy baýlyklary hojalykda peýdalanmakda kyn we çylşyrymly meseleleri geografiýa ylmynyň wekilleri çözüp biler. Sebäbi bu mesele bilen ir döwürlerden bäri geografiýa ylmy meşgullanýar.

3. Döwletiň çäginde öndüriji güýçleri tygşytly peýdalanmak maksady bilen, ilaty we onuň görkezijilerini takyk öwrenmek zerur.

Ilat islendik döwletde  esasy öndüriji güýç hasaplanýar. Onuň ýyllar boýunça artyşyny, kemelişini, göçüp-gonuş hereketini, sowatlylyk, işe ýaramlylyk derejesini, şäher we oba ilatynyň ýagdaýyny, ýaş aýratynlygyny, jynsyny öwrenmek has zerur hasaplanýar. Ilatyň ösüşine görä önümçilik we durmuş hyzmaty kärhanalaryny gurmaklyk meýilnamalaşdyrylýar.

4. Döwletiň çäklerinde hojalyk pudaklaryny endigan ýerleşdirmek. Eger şeýle edilmese, ilaty iş ýerleri bilen üpjün etmek meselesi kyn bolýar. Ilat käbir ýerlerde diňe oba hojalyk ýa-da senagat kärhanalarynyň işlerinde işlemeli bolýar. Şonuň üçin sebitiň hemme ýerinde senagat, obasenagat, durmuş hyzmaty kärhanalaryny deňeçerräk ornaşdyrmaklyk maksadalaýykdyr.

5. Döwletiň içindäki we goňşy döwletlerdäki zähmet bölünişigini bilmekligiň uly ylmy ähmiýeti bar. Zähmet bölünişigi boýunça senagatyň, oba hojalygynyň, ulaglaryň, hyzmat ediş gullugyň ýöriteleşişini kesgitläp bolýar. Täze kärhanalary gurmak üçin hünärmenleriň ýeterlik bolmagy zerur. Eger işçi güýji ýetmese, olary ýurduň çäginden we goňşy döwletlerden çagyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Bu ýagdaý hojalykda özboluşly kynçylyklary emele getirýär.

6. Döwletiň ykdysadyýetini ýokarlandyrmak maksady bilen, aýratyn ýa-da toplumlaýyn alnan senagat pudagyny, onuň kärhanasyny öwrenmek, senagaty ösdürmeklige ýardam edýär. Senagat kärhanasy öwrenilende, hökmany ýagdaýda, oňa baryp tanyşmaly bolýar. Onuň çig mal, energiýa, işçi güýji, hünärmenler bilen üpjünçiligi, öndürilýän önümiň hili we özüne düşýän gymmaty bilen gyzyklanýarlar. Senagat kärhanasynda tehnologik ulgamlar täze oturdylan bolsa, hünärmenler, işçi güýji, gerekli çig mal ýeterlik ýagdaýda bolsa, öndürilýän önümiň hili hem gowulanýar. Beýle ýagdaýda kärhana gowy netijeler gazanýar. Senagat kärhanalarynyň pudaklaryny, olaryň önümçilik gatnaşyklaryny öwrenmeklik zerurlygy döreýär. Olary ösdürmeklik üçin teklipleri, çäreleri işläp düzmeklik hünärmeniň borjy hasaplanýar.

7. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň oba hojalygynyň geografiýasy bölümi bar. Ol ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan oba hojalyk kärhanasynyň ýerleşişi, ýer-suw, işçi güýji, zähmet gural-

lary, mehanizmler bilen üpjünçiligi, ulag ýagdaýy, ekilýän ýerleriň toprak-melioratiw şertleri, ekin dolanyşygy, bagbançylygy öwrenilýär. Hojalykda saklanylýan mallaryň baş sany, önümliligi, öndürilýän önümiň işlenilişi, maldarçylygyň we umuman oba hojalygynyň düşewüntliligi bilen hem gyzyklanylýar.

8. Etrabyň, welaýatyň çäginde ýerleşen ulag kärhanalary ykdysady we durmuş geografiýasynyň hünärmenleri tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda öwrenilip gelinýär. Ulag ulgamlary önüm öndürmeklige uly kömek edýärler. Kärhanalara çig mallary, taýýar önümleri getirýärler. Ýük we ýolagçy gatnatmakda olaryň deňi-taýy ýokdur. Olar hojalykda bosagadan-bosaga çenli hyzmat edýärler. Ýurduň çäginde ýerleşen kärhanalary, olaryň işleýşini ulagsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Şonuň üçin her bir döwletde ulaglar ulgamyny öwrenmeklige döwlet derejesinde uly üns berilýär.

9. Döwletiň çäginde – etraplarda, welaýatlarda ýerleşen, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalar ykdysady geografiýanyň wekilleriniň öwrenýän esasy obýektleri hasaplanýar. Ýurduň meýdan-çäginde önümçiligiň ösüşi durmuş hyzmaty kärhanalarynyň ýerleşişine we olaryň ilata hyzmat ediş derejesine bagly bolýar. Şol sebäpli ilata hyzmat edilişini çuňňur öwrenmek zerurlygy döreýär. Sebäbi döwletde zähmet baýlyklaryny rejeli peýdalanmakda durmuş hyzmaty kärhanalarynyň örän uly ähmiýeti bar. Bu pudagyň kärhanalarynda ykdysady taýdan ösen döwletlerde işe ýarawly adamlaryň esasy bölegi zähmet çekýär. Bu kärhanalar döwlete we hususy eýelerine uly girdeji getirýärler. Şonuň üçin ilata hyzmat ediş gullugyny giň gerim bilen ösdürmeklige uly üns berilýär.

10. Döwletiň çäklerinde ýerleşýän şäherleri we şäherçeleri ykdysady we durmuş geografik taýdan çuňňur ösdürmek üçin onuň ösüş aýratynlyklaryny köptaraplaýyn öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Şäherleriň we şäherçeleriň çäklerinde ýerleşýän senagat, durmuş hyzmaty kärhanalaryny giňeltmek, döwrüň talabyna laýyk gelýän harytlary öndürer ýaly, täze tehnologik ulgamlary ornaşdyrmak zerurlygy barlaglar esasynda anyklanylýar. Olarda ýerleşen senagat kärhanalarynyň çig mal mümkinçiliklerini hem öwrenmeli bolýar.

Beýleki şäherler we şäherçeler bilen bolan ykdysady we önümçilik gatnaşyklaryna uly üns berilýär.

11. Döwletiň çäklerindäki ykdysady durmuş sebitleri (raýonlary) öwrenmek we olaryň hakykatda bardygyny ylmy taýdan esaslandyrmak meselesi ýüze çykýar. Döwletiň çäginde senagat we oba senagat kärhanalary belli-belli önümleri öndürmek boýunça ýöriteleşýärler. Öndürilen önüm sebitiň çägindäki ýaşaýan ilatyň islegini kanagatlandyrýar. Onuň ýokary hilli we artykmaç öndürileni döwletiň beýleki sebitlerine we daşary döwletlere çykarylýar. Dünýäniň köp döwletlerinde hojalyk pudaklarynyň ösüşi ykdysady sebitler boýunça amala aşyrylýar. Hojalygyň ösüşiniň 3–5–10 ýyllyk maksatnamalary ykdysady we durmuş sebitler boýunça göz öňünde tutulýar.

12. Döwletiň ykdysadyýetini ösdürmekligiň maksatnamasyny (1–5 ýyllyk) düzmeklige ykdysady we durmuş geografiýasy bilen meşgullanýan hünärmenler işeňňir gatnaşýarlar. Ýakyn geljege (10–15 ýyllyk) öndüriji güýçleri ösdürmekligiň çaklamasyny taýýarlamaklyk – geografiki çaklama hünärmenleriň ünsüni özüne çekýär.

13. Ýerleriň melioratiw ýagdaýyny, rekreasion baýlyklary öwrenip, olary rejeli peýdalanmak boýunça degişli guramalara teklipler taýýarlanylýar. Döwletiň çäginde, suwarymly ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerinde, suwdan týgşytly peýdalanylmasa, ýerleriň şorlaşmagy bolup geçýär. Ýerleri haşal otlar basýar. Suwly ýaplaryň, howdanlaryň suwlaryny tygşytly peýdalanmak, olaryň boýlarynda, ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerde tokaý agaçlary ekilip, ýerli halkyň dynç almak mümkinçiligini döretmek barada teklipler işläp taýýarlanylýar.

14. Döwletiň çäginde taryhy we tebigy ýadygärlikleri öwrenip, syýahatçylygy (turizmi) ösdürmek barada öz ylmy garaýyşlaryny degişli guramalara hödürlemek ykdysady we durmuş geografiýasyndan işleýän hünärmeniň borjy bolup durýar.

15. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esasy şahalarynyň biri «Syýasy geografiýa» hasaplanýar. Dünýäniň köp döwletleriniň ylmy-barlag institutlarynda, ýokary okuw mekdeplerinde syýasy geografiýa uly üns berilýär. Islendik döwletiň ykdysadyýetiniň ösüşi

syýasat esasynda amala aşyrylýar. Syýasat ykdysadyýetiň ösmeginde uly ähmiýete eýedir.

16. Her bir döwletde goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak, ony ösdürmek barada uly alada edýärler. Sebäbi döwlet näçe ösen hem bolsa olar bir-birinden üzňe ýaşap bilmeýärler. Döwletleriň hemmesi üçin ykdysady, syýasy, medeni, ylmy gatnaşyklar örän zerur hasaplanýar. Şol sebäpli ykdysady we durmuş geografiýasyndan işleýän hünärmenler daşary ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary öwrenýärler we agzalan ugurlar boýunça ylmy iş alyp barýarlar.

17. Ykdysady we durmuş geografiýasy ir döwürlerden bäri bütindünýä meseleleri bilen hem gyzyklanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde bütindünýä meseleleri öwrenýän ýöriteleşdirilen ylmy-barlag institutlar bar. Ol meseleleriň arasynda iň esasylaryndan biri dünýäniň ilatynyň parahatçylykly ýaşaşmak meselesidir. Dünýäniň belli-belli sebitlerinde ýaşaýan halklar urşuň nämedigini, onuň halklara nähili betbagtçylyklary getirýändigini bilýärler. Ýer ýüzünde iki ulgamyň (sosialistik we kapitalistik) ýaşaýan döwründe olaryň arasynda «Sowuk uruş» syýasaty iň elhenç ýagdaýlara getiripdi. Olaryň arasynda ýaraglanyşyk meselesi ýokary derejesine ýetipdi. Sosialistik ulgamyň dargamagy bu meseläni gowşatdy. Sowuk uruş syýasaty aradan aýryldy. Emma, dünýäniň syýasy kartasynda **«gyzgyn nokatlar»** entek bar. Ol nokatlaryň döremeginiň sebäpleri bu ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan öwrenilýär.

18. Dünýäniň ilatyny we ylmy işgärlerini biynjalyk edýän bütindünýä meseleleriň biri – ekologiýa meselesidir. Häzirki wagtda ylmy-tehnikanyň we dünýä hojalygynyň ösmegi bilen daşky gurşawa – geografiki sreda hapalanmak howpy abanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde gurlan zawodlarda we fabriklerde arassalaýjy desgalar bolmanlygy sebäpli, olardan daşky sreda köp hapalar oklanýar. Zyňylýan hapalar öz gezeginde atmosfera, gidrosfera, litosfera düşüp, tebigata we onuň janly organizmlerine uly zyýan ýetirýärler. Şol sebäpli bu meseleler ir wagtlardan bäri geograflar tarapyndan öwrenilýär.

19. Bütindünýä köpçüliginiň ünsüni özüne çekýän meseleleriň biri demografik meselelerdir. Dünýäniň ilatynyň artyşy barada

alymlaryň arasynda her hili garaýyşlar bar. Olaryň birnäçesi Ýer ýüzünde bolýan käbir meseleleri ilatyň artyşy bilen baglanyşdyrýarlar. Ilatyň sanynyň artmagy bilen, emele gelýän meseleler, esasan, ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlerde döreýär. Olardan: iýmit, ýaşaýyş jaý, çagalar baglary, mekdep, iş orunlary, keselçilik we beýleki meselelerdir. Bu meseleleri çözmek üçin ykdysady ösüşde yza galan döwletlere ösen döwletleriň goldawy gerek. Bularyň tersine, ykdysady taýdan ösen döwletlerde zähmet gorlary ýetmezçilik edýär. Ilat garraýar. Ýaşlaryň sany azalýar. Ilatyň tebigy ösüşi örän pes bolýar. Şu meseleleri oňyn çözmeklik ykdysady we durmuş geografiýasynyň hünärmenleriniň wezipeleriniň biri hasaplanýar.

20. Dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletleriniň köpüsinde ýangyç we mineral çig mal baýlyklary ýetmezçilik edýär. Onuň sebäpleriniň biri – ýangyç baýlyklarynyň dünýäniň döwletleriniň köpüsinde ýoklugydyr. Ykdysady taýdan ösen döwletler ýangyç baýlyklaryny köp sarp edýärler. Şol sebäpli köp ýyllardan bäri olarda «Energetiki krizis» dowam edýär. Bu ýagdaýy aradan aýyrmak üçin döwletleriň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy guramak gerek. Bulardan başga-da, birnäçe ykdysady-geografiki meseleler: dünýä ummanlarynyň biologiki we minaral baýlyklaryny tygşytly ulanmak; kosmos giňişligini parahatçylyk maksatlary uçin öwrenmek; ýer ýüzüniň tokaý we haýwanat dünýäsini aýawly saklamak we köpeltmek; dünýäniň ilatynyň saglyk ýagdaýy bilen baglanyşykly meseleler ykdysady geograflar tarapyndan öwrenilýär.

### 1.1.5. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň hojalyk ähmiýeti

Ykdysady we durmuş geografiýasy hojalygyň (senagatyň, oba hojalygynyň, ulag ulgamlarynyň, ilata hyzmat ediş gullugynyň we ş.m.) aýratyn etraplarda, welaýatlarda, döwletiň çäginde ýerleşişini we ösüş aýratynlyklaryny öwrenýär. Şonuň bilen birlikde, bu ylmyň esasy meseleleriniň biri tebigy baýlyklary we şertleri rejeli peýdalanmak bolup durýar. Döwletiň çäginde halk hojalyk pudaklarynyň ýerleşdirilişiniň ykdysady we durmuş geografiýasynyň kanunalaýyk-

lyklaryna we kanunlaryna gabat gelýändigini ýa-da gelmeýändigini öwrenip, hojalyk kärhanalaryna tekliplerini hödürleýär. Hojalyk kärhanalarynyň ýerleşdirilişiniň ykdysady taýdan düşewüntli bolmagynyň aladasyny edýär. Ykdysady we durmuş geografiýasy bilen meşgullanýan hünärmenler halk hojalygyny ösdürmekligiň meýilnamalaryny we maksatnamalaryny işläp düzmäge hem işeňňir gatnaşýarlar. Şeýlelikde, bu geografiýa ylmynyň pudagy hojalyk üçin has zerur meseleleriň üstünde işleýär. Netijede, ykdysady we durmuş geografiýasy hojalygy ýerleşdirmekde, ony ösdürmekligiň tärlerini işläp düzmekde uly ähmiýete eýe bolýar. Ir döwürlerden bäri dünýäniň hojalygyny ösdürmekde, daşary ykdysady gatnaşyklary guramakda we gowulandyrmakda, syýasaty kämilleşdirmekde bu ylmyň örän uly ähmiýeti bolan. Häzirki wagtda-da döwletiň çägindäki islendik ýerli-önümçilik toplumlar bilen gyzyklanýan edaralara, kärhanalara barlaglar netijesinde maglumatlar taýýarlanylýar. Ol maglumatlar döwletiň çagindäki ykdysady, medeni gurluşyklary meýilnamalaşdyrmakda, dolandyrmakda we daşary döwletler bilen ykdysady, syýasy gatnaşyklary gowulandyrmakda ulanylyp bilner.

Ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli habar beriji (informasiýalar) maglumatlar ýurduň çäginde ýaşaýan raýatlaryň dünýägaraýşyny ösdürmek üçin ähmiýetlidir. Bu ders hökmünde orta, ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlara öwredilende, onuň terbiýeçilik we watansöýüjilik ähmiýeti örän uludyr.

## EDEBIÝAT


*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T. 2, Aşgabat, TDNG, 2009.

*Алаев Э. Б.* Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, Мысль, 1983.

*Герасимов И. П.* Экологические проблемы в прошлой, настоящей и будущей географии Мира. Москва, «Наука», 1985.

*Голубчик М.М.* и др. Экономическая и социальная география. Основы науки. Москва, ВЛАДОС, 2003.

*Любимов И.М.* Общая политическая, экономическая и социальная география. Москва, «Гелиос АРВ», 2001.

*Воронин В.В., Шарыгин М.Д.* Социально-экономическая география на рубеже тысячелетий (теоретико-методологические аспекты). Самара, 1998.

Экономическая и социальная география на пороге XXI века. Смоленск, 1997.

*Annaýew D.* «Jahannamanyň» owazy, sekiz asyr mundan ozal türkmen topragynda döredilen dünýä kartasy hakynda söhbet. «Türkmenistan» gazeti, 2008-nji ýylyň aprel aýynyň 4-i.

*Gurbangeldiýew J.* Hindi ummanyny gulaçlap. Seýdi Aly reýis we Osman türkmenleriniň Hindi ummanyndaky deňizçiligi hakda söhbet. «Aşgabat» gazeti, 2007-nji ýylyň 29-njy sentýabry, 2-nji oktýabry.

*Gurbangeldiýew J.* Milli mirasymyzyň bir parçasy. «Metbugat çapary» gazeti, 2007-nji ýylyň oktýabr aýynyň 14-i.

## I.2. YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ BARLAG USULLARY

### 1.2.1. Ykdysady we durmuş geografiýasynda ulanylýan dürli usullar

Islendik ylymda barlanyljak, öwreniljek meýdan-çäk (territoriýa) belli edilenden soň barlag işlerine başlanylýar. Ykdysady-geografiki barlaglar geçiriljek bolnanda öwreniljek meýdanyň çägindäki tebigy baýlyklar, bar bolan senagat kärhanalary, ilat mesgenleri, ýollar we aragatnaşyk, durmuş hyzmaty ulgamlar hasaba alynýar. Ilatyň sanynyň artmagy, ykdysadyýetiň, durmuşyň, medeniýetiň ösmegi bilen täze senagat, medeniýet, durmuş hyzmaty kärhanalary döredilýär. Umuman alnanda, jemgyýetçilik önümçiligi we bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde hususy kärhanalarda haryt öndürilişi elmydama üýtgäp durýar. Şol sebäpli ykdysady we durmuş geografiýasynda ýerli hojalyk toplumlaryny mydama hasaba alyp durmaly bolýar. Barlag geçirmekligiň ilkinji basgançagy göz öňüne tutulan ylmy işe degişli hakyky maglumatlary ýygnamaklykdyr. Ylmy işde bellenilen meýdan-çäk barada ýazgylary, kartografiki maglumat-

lary jemlemekden başlanylýar. Ýygnalan maglumatlaryň esasynda öwreniljek meýdan-çägiň ykdysady-geografik ýerleşişine, zähmet we tebigy baýlyklaryna, oba hojalyk ýerlerine, öri meýdanlaryna, ilatyň ýerleşişine, önümçilik kärhanalaryna ykdysady-geografik seljerme berilýär. Bu maglumatlar öwrenilýän meýdan-çäkde ilatyň we önümçiligiň ýerleşişine ykdysady-geografik baha bermek üçin gerek bolýar.

**Edebiýat bilen tanyş bolmak we maglumat ýygnamak usuly.** Ykdysady we durmuş geografiýasyndan islendik ylmy we amaly meseläniň üstünde işlemekçi bolnanda berlen ýumşa görä, ilki şol ugurdan ýazylan teoretiki we tejribe ylmy işler bilen tanyş bolmak örän zerur hasaplanylýar. Göz öňünde tutulan ylmy iş boýunça ýazylan edebiýatlaryň sanawyny düzmeli. Sanawy ýazylanda ylmy işi ýazan awtoryň ady, atasynyň ady, ylmy işiň ady, çap edilen şäheri, çaphananyň ady, çykan ýyly, göwrümi (sahypa sany), kitabyň okalgadaky bellik edilen nomeri hem görkezilýär. Peýdalanyljak ylmy işleri okap, gerekli ýerlerini, sahypasyny özüňe aýratyn depdere, ýazgy kitapçasyna belläp almaly. Sebäbi şol bellenilen zatlar soň ýyllyk, diplom, dissertasion ýa-da ylmy iş ýazylanda taýýar maglumat hökmünde gerek bolýar. Degişli edebiýatlar bilen tanyş bolanyňyzdan soňra etjek işiňiziň mazmunyny, maksatnamasyny düzmeli. Işiň mazmunyna saýlanyp alnan tema degişli ähli soraglar goşulýar. Maksatnama düzülende işiň mazmunyndaky soraglaryň haçan ýerine ýetiriljekdigi, güni, aýy, ýyly görkezilýär. Ýerine ýetirjek bolýan işiňiz öňki edilen işlerden tapawutlanýan bolmaly. Öňki barlagçylaryň ýerine ýetirip bilmedik meselelerini goşmaly. Ýazýan işiňiz mazmuny boýunça häzirki zamanyň, döwrüň we öwrenilýän meýdan-çägiň, ýagny, döwletiň talabyna laýyk gelmeli. Ýazuw işine başlanyňda meýdan maglumatlaryny giňräk ulanmaly. Ykdysady we durmuş geografiýasyndan barlag geçirilende birnäçe usullar ulanylýar.

**Deňeşdirme usuly.** Ýazgy berýän senagatyň, oba hojalygynyň, ulaglar ulgamynyň kärhanalary ugurdaş kärhanalar bilen deňeşdirilýär. Öwrenilýän etrap, welaýat goňşy welaýat we etraplar bilen deňeşdirilip ýazylanda, käbir meseleleriň, ýagny ykdysady ösüşde

öňe gitmekligiň, yza galmaklygyň üstüni açyp bolýar. Deňeşdirme usuly ykdysady we durmuş geografiiýasynda ir wagtlardan bäri giňden ulanylýar. Islendik döwletiň, meýdan-çäk birliginiň ösüşi, ösüş aýratynlyklary, şol bir meňzeşräk şertlerde ýerleşen döwlet, welaýat, etrap bilen deňeşdirilende kanunalaýyklyklar ýüze çykýar. Olaryň ösüş aýratynlyklary deňeşdirilip, gowy netijä gelinýär. Bu usul bilen bir hatarda dürli hasabatlary (statistiki maglumatlary) ulanýarlar. Ykdysady we durmuş geogrfiýasyna degişli işleriň hemmesinde diýen ýaly öň çapdan çykan golýazma we hasabat maglumatlary peýdalanylýar. Saýlanyp alnan meseläniň her bir pudagy (soragy) boýunça bar boldugyndan statistiki maglumatlar ulanylyp, seljerilip ýazylsa, iş maksadyna ýetýär. Hasabat maglumatlaryny ulanmaýan ykdysady we durmuş geografiki barlaglary göz öňüne getirmek kyn. Bu usul XVII–XVIII asyrlardan bäri ulanylýan ykdysady geografiki usul hasaplanylýar.

**Kartografik usul** – Ykdysady we durmuş geografiýasynda ir wagtlardan bäri giň ulanylýar. Islendik ykdysady geografik barlag işi kartasyz ýerine ýetirilmeýär. **N.N. Baranskiniň** ýazmagyna görä, «Karta geografiýa ylmy üçin alfa we omegadyr», «Geografiýa karta bilen başlanyp, karta bilen hem gutarýar». Geografiýada ähli ýazgylary kartada aňladyp bolýar. Şonuň üçin bu usul has köp we giňden ulanylýan usuldyr.

**Matematiki usul** – Ykdysady we durmuş geografiiýasy geografiýa ylmynyň pudagy hökmünde döräli bäri ulanylyp gelinýär. Matematiki maglumatsyz ykdysadyýetiň netijelerini aňlatmak mümkin däl. Köp halatlarda ykdysady geografiýada matematiki çözgütleriň (formulalaryň, deňlemeleriň) kömegi bilen köp meseleleri tiz çözüp bolýar. Şol sebäpli bu usul has ir ulanylyp başlanylan usullaryň biri. Bu usul, köplenç ýagdaýda, häzirki döwürde kompýuterleriň üsti bilen deňlemeler aýratyn öz maksatnamalary (programmalary) boýunça hasaplanylýar. Ýörite taýýarlanan maksatnamalar (programmalar) esasynda kompýuterleriň kömegi bilen ykdysady we durmuş geografiýasynyň meselelerine degişli çaklamalary (prognozlary) taýýarlap bolýar. Soňky ýyllarda ykdysady-geografiki barlaglarda **matematiki modelirlemek** usuly giň ulanylýar. Şu mesele bilen baglanyşykly ykdysady we durmuş geografiýasynda matematiki usul-

lar ady bilen ýörite ugur emele geldi. Bu babatda doktorlyk dissertasiýa ýazan we goran Türkmenistanda ýeke-täk ykdysady ylymlaryň doktory, professor **E. Ýegengeldiýewiň** ýazan birnäçe ylmy işleri we kitaplary, okuw gollanmalary bar. Matematiki modelirlemek usulynyň kömegi bilen ykdysady we durmuş geografiýasynda halk hojalyk toplumynyň ösüşini kämilleşdirmek üçin zyýansyz bolar ýaly dürli wariantlary hasaplap, olaryň has amatlysyny ýerli guramalara maslahat berip bolýar. Täze zawodlar we fabrikler gurmaklyk niýetlenilende matematiki modelirlemekligiň kömegi bilen ykdysadyýetde, ekologiýada, ilaty ýerleşdirmeklikde bolaýjak näsazlyklary öňünden anyklap bolýar. Şeýlelikde, hojalygy ösdürmekligiň islendik meselelerine çaklama bermek mümkin. Bu usuly peýdalanyp, meýdançäklerdäki ýerli önümçilik toplumlarynyň uzak möhletläp işlemekliginiň konstruksiýasyny düzmek mümkinçiligi döreýär.

### 1.2.2.Ykdysady geografik habarlary ýygnamak, işlemek we saklamak meseleleri

Häzirki zaman jemgyýetiniň ösüşi öňki döwürler bilen deňeşdirilende dürli ylymlar, şol sanda ykdysady we durmuş geografiýasy-da ummasyz köp ylmy habar çeşmeleri bilen tapawutlanýar. Ykdysady-geografik barlaglar dürli hilli maglumat çeşmelerine esaslanmaly bolýarlar. Ol maglumat çeşmeleri şu aşakdaky görnüşde bolýarlar: ýazgy(tekst) maglumatlary, dürli kärhana dokumentleri, statistiki maglumatlar, kartografik maglumatlar we dürli grafiki şekiller, aerosuratlar we kosmos suratlary. Bu maglumatlar, esasan, kitaphanalarda, dürli ylmy-barlag edaralaryň, ministrlikleriň arhiwlerinde, okalgalarynda saklanýarlar. Ykdysady-geografik barlaglarda ilkinji maglumatlary okuw kitaplardan we gollanmalardan hem tapmak bolar. Olar talyplar üçin niýetlenen hem bolsa, olarda taglymat esaslara degişli maglumatlar hem getirilýär. Taglymata degişli maglumatlar talyplara düşnükli bolar ýaly sadarak edilip ýazylýar. Okuw gollanmalarynyň käbirleri ykdysady geografiýanyň aýratyn meselelerine degişli bolup, ýörite düşündirişli häsiýete eýe bolýarlar. Taglymat esaslara we faktologiýa (faktlar toplumyna) degişli maglumatlar yzygider çykarylýan geografik, syýasy-jemgyýetçilik,

ykdysady we sosiologik žurnallarda çap edilýär. Döwletimizde çap edilýän «Altyn asyryň ykdysadyýeti» (türkmen, rus, iňlis dillerinde), «Türkmenistanda ylym we tehnika», «Täze oba», «Diýar» we beýleki žurnallardan, «Neýtralnyý Turkmenistan», «Türkmenistan», «Aşgabat» we welaýat gazetlerinden dürli maglumatlary almak mümkin. Türkmenistanyň ykdysady, medeni ösüşine degişli statistiki maglumatlary «Türkmenmillihasabat» institutynyň her ýylda çykarýan hasabatlarynda beýan edilýär. Russiýada we beýleki döwletlerde çykýan žurnallary, referatiw žurnallary Döwlet kitaphanasyndan ýa-da internet ulgamyndan diskete ýazyp alyp okap bolar. Belläp geçişimiz ýaly, ykdysady geografik habarlary ýygnamaklyk okalgadan başlanýar. Barlaga girişmezden öňürti, işlenjek ugur boýunça haýsy barlagçylaryň, alymlaryň nähili ylmy makalalar, kitaplar ýazandygyny bilmeli. Peýdalanyljak kitabyň, makalanyň awtorlary bilen duşuşyp, ylmy iş barada pikir, maslahat alşyp bolsa has gowy bolar.

Barlag geçirilende döwrüň talabyna görä nähili meselelere üns bermeligini bilmeli. Edebiýat maglumatlary bilen bir hatarda kartografik maglumatlary ýygnamaklygy unutmaly däl. Ikisini ugurdaş alyp barmaly. Soňra edilýän işe ýetmeýän maglumatlary ýazgy berýän kärhana, etraba hökmany ýagdaýda baryp görmeli. Şol kärhananyň we etrabyň ýolbaşçylary bilen duşuşyp, olar bilen gyzyklanylýan meseleler boýunça sorag-jogap alyşmaly. Soraglar öňünden taýynlanyp, bellik edilmeli. Eger şeýle edilmese, soraljak esasy gerek zatlar ýatdan çykmagy mümkin. Şonuň üçin öňünden taýýarlanyp, soraljak zatlary ýazyp, özüňe bellik edip barmaly. Soňra ýolbaşçy rugsat etse, kärhananyň içine aýlanyp, bölümler bilen tanyşmaly. Eger rugsat edilse, tehnologik ulgamlaryň suratyny almaly. Ony soň hasabata goşmaly, taýýarlanylýan ylmy işde ulanmaly bolmagy mümkin. Kärhananyň okalgasy, arhiwi bar bolsa, baryp tanyşmaly we kärhananyň taryhyna degişli maglumatlary ýazyp almaly. Kärhananyň, welaýatyň, etrabyň taryhyna degişli maglumatlary hem ýygnamaly. Belki, kärhananyň özünde statistiki edara tabşyrmak üçin ýyllyk hasabat taýýarlanýan bolmagy mümkin. Eger ýyllyk hasabaty bar bolsa, ony göçürip almaly. Öňdebaryjy kärhanalaryň işgärleri bilen duşuşyp, tanşyp, gyzyklanylýan meseleler barada soramaly. Kärhananyň öndürýän

önüminiň hili we mukdary baradaky maglumatlary, deňeşdirmek üçin, aýratyn ýyllar boýunça ýazyp almaly. Maglumat ýygnalýan wagty geleňsizlik we harsallyk etmeli däl. Başaryp bildigiňden, köp maglumat ýygnamaly. Artyk ýygnalan maglumatlary soň aýratyn makala ýazmak üçin hem ulanyp bolýar. Maglumat ýygnalanda, kärhana degişli dürli-dürli ýyllar boýunça statistiki maglumatlar hem alynýar. Soňra, kärhananyň öndürýän önüminiň ýerleşdirilişi bilen gyzyklanyp, olaryň näçerägininiň ýurduň öz içine, näçerägininiň daşary ýurtlara çykarylandygy hem anyklanylýar. Kärhananyň geljegi baradaky maksatnama bilen tanyşmak üçin kärhananyň ýolbaşçylaryndan soramaly.

Ugurdaş kärhanalar bar bolsa, olar hakda hem maglumatlar jemlenilýär. Jemlenilen maglumatlar boýunça hasabat, ylmy iş taýýarlanylýar. Ýygnalan maglumatlary ylmy ýolbaşçynyň maslahaty bilen seljermäge, tertibe salmaga we ýazmaga girişilýär. Maglumatlar aýratyn bukjalarda saklanylýar. Golýazmalar mazmuny boýunça tertipleşdirilip, sahypalanyp, mazmuny ýazylyp goýulmaly. Her bir ylmy işgäriň özüniň arhiwi bolýar. Şeýle edilse, ondan gerek bölümiňi islendik wagt alyp bolýar. Golýazma maglumatlaryňy, mümkin boldugyndan, ýagtylygyň azrak düşýän ýerinde saklamaly, islendik kagyza ýagty köp düşse, zaýalanýar. Hatlary solýar, şol sebäpli arhiw saklanylýan ýeriňe üns bermeli. Ýygnalan maglumatlar kompýuter arkaly ýygnalyp, ýazylyp diskete geçirilse, köp ýeri tutmaýar hem-de islendik, gerek wagty çap edip bolýar.

Ykdysady-geografik barlaglaryň esasy maksady – ykdysady-geografik hadysalaryň (prosesleriň) mazmunyny ýüze çykarmak; dürli derejedäki ýerli-önümçilik toplumlaryň emele geliş kanunlaryny seljermek; anyklanan önümçilik toplumynyň düzümi we emele geliş kanunlary anyklanandan soň, onuň ösüşine çaklama berip bolýar (M. Hudaýýarow. Önümçiligi ýerlerde ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2003, №1, sah. 21–28). Çaklama bermek ykdysady we durmuş geografiýasynyň barlaglarynyň ikinji döwri bolup, şol bir wagtyň özünde onuň esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Öwrenilýän meýdan-çäkde emele gelen ýerli önümçilik toplumynyň düzümi belli edilenden soň häzirki ösüş ýagdaýy anyklanylýar. Önümçilik kärhanalarynyň ýerleşdirilişinde olaryň bazar ykdysadyýetiniň ka-

nunlaryna laýyk gelmeýän ýerleri ýüze çykarylýar. Gynansak-da, ykdysady we durmuş geografiýasynda tejribe (eksperiment) geçirmek kyn bolýar. Sebäbi öwrenilýän meýdan-çäkde kärhanalar köp. Öň gurlan we işläp duran kärhanalary başga ýere göçürmek ýa-da önümçiligi ýerleşdiriş kanunlaryna laýyk gelmeýän ýerde kärhana gurmaklygy maslahat bermek ykdysady taýdan döwlete we hususy hojalyga gymmat düşýär. Ilatyň ýaşaýyş şertlerine-de ýaramaz täsir etmegi mümkin. Şonuň üçin döwletiň çäginde guruljak kärhanalar ilki gurulmanka, birnäçe ekspertlerden geçirilýär. Şu sebäpli ykdysady-geografik barlaglarda eksperiment geçirilmän, işläp duran ýerli önümçilik toplumlarynyň hojalyk ösüş tejribesi öwrenilýär. Eger-de hojalyk kärhanalary döwlete, hususy kärhana girdeji getirýän, önüm öndürmekde halkyň we dünýä bazarynyň islegini kanagatlandyrýan bolsa, onda ol kärhanalar hojalyk we döwlet üçin hem amatly hasap edilýär. Diýmek, şolar ýaly kärhanalar ýerleşişi we ösüşi boýunça önümçiligi ýerleşdirmekligiň kanunlaryna, kanunalaýyklyklaryna, ýörelgelerine, şertlerine laýyk gelýändigini subut edýärler.

Ykdysady-geografiki barlaglar geçirilende, hünärmenler ýerli önümçilik ulgamlarynyň hojalykda ulanylyşy barada maglumat ýygnaýarlar. Bu ***monitoring*** maglumatlar fiziki we ykdysady-geografiki ulgamlary hojalykda maksadalaýyk ulanmaklyga we olary dolandyrmaklygy gowulandyrmaklyga degerli maslahatlary bermek üçin amala aşyrylýar. Dünýäniň ösen döwletlerinde ykdysady-durmuş geografiýasy boýunça işleýän hünärmenler meýilnamalaşdyrylýan dokumentleri, proýektleri we tehniki-ykdysady esaslandyryjy ýazgylary seljermeklige – ***geografik ekspertizalara*** gatnaşýarlar. Ösýän döwletlerde daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan hödürlenilýän we guruljak senagat kärhanalaryny geografik ekspertizadan geçirmek zerur hasaplanylýar.

### 1.2.3. Geografik barlaglarda geoinformasion ulgamlardan peýdalanmak

Soňky ýyllarda dünýäniň ösen döwletlerinde ylmyň dürli pudaklary boýunça geoinformasion merkezler döredilýär. Ol merkezler, köplenç halatlarda, uly okalgalaryň ýanynda ýa-da ylmy-barlag

institutlaryň özünde bolýar. Olar barada dünýäniň köp döwletlerine habar berilýär. Olardan, köplenç ýagdaýda, kompýuterleriň kömegi, internetiň üsti bilen gerekli maglumatlary sorap alyp bolýar. Olar ýaly merkezleri her bir gurply, ylma, medeniýete hormat goýýan döwlet döredýär. Şeýle merkezleriň döredilmegi ylmy işgärleriň zähmetini ýeňilleşdirýär. Ylmy işgärler öz işleýän ýeriniň kärhanasynyň üsti bilen internete birikdirilen bolsa, sanlyja wagtyň içinde köp döwletleriň okalgalaryndan gerekli kitaplary, ylmy işleri magnit lentalara, disklere göçürip alyp, okap we peýdalanyp biler. Şeýle edilende ylmy işgär köp wagt utýar we serişde tygşytlaýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda biziň döwletimiziň köp ylmy-barlag institutlary, ýokary okuw mekdepleri, ministrlikleri internete çykyp bilýärler. Olaryň üsti bilen öz içinden we gaýry döwletlerden gerekli maglumatlary alyp, okap bilýärler. Şolar ýaly internet otaglarynyň birnäçesi Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, şol sanda «Geografiýa» kafedrasynda hem bar. Bu häzirki zamanyň kompýuter tehnikasynyň we tehnologiýasynyň gazanan üstünlikleriniň biri hasaplanýar. Soňky ýyllarda internete hususy kärhanalar we hojalyklar hem goşulýarlar. Şeýlelikde, ylmy-barlag edaralarynda, ýokary mekdeplerde kompýuter otaglarynda gerekli maglumatlary jemleýän geoinformasion ulgamlar döredilýär.

## EDEBIÝAT

*Егенгельдыев Е.Г.* Математические методы в экономической географии. Ашхабад, «Магарыф», 1981.

*Егенгельдыев Е.Г.* Математические методы в экономической географии. Ашхабад, «Магарыф», 1984.

*Егенгельдыев Е.Г.* Теоретические исследования региональных факторов размещения хозяйства. Под ред. Акад. Дж. Б.Байрамова. Ашхабад, «Ылым», 1985.

*Hudaýýarow M.* Önümçiligi ýerlerde ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2003, № 1, sah. 21-28.

*Коротаев А.В., Малков А.С., Халтурина Д.А.* Законы истории. Математическое моделирование развития. Мир-системы. Демография, экономика, культура. Москва, УРСС, 2007.

*Манак Б.А.* Методика экономико-географических исследований. Минск, Университетское, 1985.

*Мересте У.И., С.Я. Ныммик.* Современная география: вопросы теории. М., Мысль, 1984.

*Саушкин Ю.Г.* История и методология географической науки. М., МГУ, 1976.

*Шарыгин М.Д., Григорьев В.С.* Методика экономико-географического исследования промышленных и транспортных узлов. Пермь, 1981.

## I.3. YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ ESASLARYNYŇ EMELE GELIŞ WE ÖSÜŞ DÖWÜRLERI

### 1.3.1. Ykdysady geografiki aňyýetiň we düşünjeleriň emele gelmegi

Gadymlardan, adamzadyň emele gelen döwürlerinden bäri, adamlar tebigy şertler we baýlyklar barada aňyýetini, düşünjelerini baýlaşdyrmak isläpdirler. Sebäbi, irki döwürlerde adamlar tokaýdaky miweler, ir-iýmişler bilen iýmitlenipdirler. Biziň eýýamymyzdan 200 müň ýyl ozal (Kuznesow, 1998, sah. 12) adamlar awlan haýwanlarynyň derilerini, süňklerini, agaç şahalary ulanyp, wagtlaýyn öýleri gurupdyrlar. Ähli tebigy zonalarda aw awlamak bilen meşgullanypdyrlar *(2-nji surat)*. Irki döwürlerde adamlar tokaýlardaky miweler, ir-iýmişler bilen iýmitlenipdirler. Şonuň üçin, iýmit ýetmezçiligi sebäpli, ilat göçüp-gonup ýörmeli bolupdyr. Netijede, ilkinji adamlar biziň eýýamymyzdan öň 50–60 müň ýyl ozal Ýeriň gury ýer bölegini özleşdiripdirler *(3-nji surat)*. Şeýlelikde, adamlarda tebigy baýlyklar (ýerüstüniň gurluşy, howa ýagdaýy, suwlar, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň wekilleri, olardan öndürilýän önümler) barada aňyýetiň we düşünjeleriň ösmegine olary durmuş şertleri mejbur edipdir. Dünýäniň ilatynyň arasynda düşünjeli adamlaryň ýolbaşçylygynda **«sergezdançylyk durmuşyndan»** dynmak maksady bilen, oturymly hojalyk emele gelip başlapdyr.

Köp alymlaryň pikirlerine görä, ilkinji ekerançylyk merkezleri biziň eýýamymyzdan 10 müň ýyl öň döräpdir *(4-nji surat)*. Dünýäniň




**2-nji surat. B.e.ozal 10–5 müň ýyllarda adamzadyň hojalyk işiniň geografiýasy**

ilatynyň aňyýetiniň we düşünjeleriniň ösmegi we artmagy bilen oturymly hojalyk ösmegini we kämilleşmegini dowam etdiripdir. Adamlar ýuwaş-ýuwaşdan ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Ekerançylyk we maldarçylyk pudaklary çalt ösüp başlaýar. Ilkinji ekerançylygyň emele gelen ýerleri b. e. öň 10–7 müň ýyllyklarda, häzirki Yrak döwletiniň demirgazyk-günbatarynda **Jarmo** (Zagros dagynyň demirgazyk-günbatar eteklerinde) we **Jeýtun** (Aşgabatdan 30–32 kilometr demirgazykda) hasaplanylýar. Ýabany ösümlikler we haýwanlar Ýer togalagynyň adamzat ýaşan sebitlerinde medenileşdirilipdir we eldekileşdirilipdir (*5-nji we 6-njy suratlar*).

Adamzadyň hojalygynyň ösmegi bilen dürli ykdysady-jemgyýetçilik gurluşlar emele gelipdir. Gul eýeçilik jemgyýetiniň döremegi bilen ykdysady we durmuş geografiýasy hakda dürli düşünjeler peýda bolýar. Adamlaryň gury ýer bölegini özleşdiren ýerlerinde ilatyň sanynyň artmagy bilen, täze giňişlikler özleşdirilip başlanýar.




**3-nji surat. Gadymy adamlaryň ýerleşişiniň arealy**




**4-nji surat. Ekerançylygyň gadymy merkezleri**

* Kitapdaky kartalar A.P. Kuznesow (1988) boýunça alyndy. Oňa awtor öz minnetdarlygyny bildirýär.




**5-nji surat. Medeni ösümlikleriň medenileşdirilen we öý haýwanlarynyň eldekileşdirilen areallary**

Özleşdirilen ýerleriň tebigy şertlerini we baýlyklaryny ilat öz hojalygyny ösdürmek üçin ulanýar. Tebigy şertleriň we baýlyklaryň dürlüligi, ilatyň aňyýetiniň we düşünjeleriniň, başarnyklarynyň birmeňzeş bolmazlygy jemgyýetiň arasynda zähmet bölünişigini emele getirýär. Gul eýeçilik döwletleri emele gelip başlapdyr. Zähmet bölünişigine görä, ilat özüne gerek azyk we hojalyk harytlaryny goňşy ýerlerdäki ilat mesgenlerinden getirmeli ýa-da haryt çalşygyny amala aşyrmaly bolupdyrlar. Şeýlelikde, ilatyň arasynda dürli harytlary öndüriji ilat mesgenleri, obalar hakda maglumatlar emele gelýärler. Ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli ilkinji maglumatlar gadymy gul eýeçilik döwrüniň döwletlerinde emele gelýär. Döwletleriň we olaryň sebitlerinde emele gelen jemgyýetçilik zähmet bölünişigi hojalygyň meýdan-çäkler boýunça dürlüligi hakyndaky düşünjäni emele getirýär.

Gadymy döwürde geografiýadan has köp ylmy iş ýazan grek alymlarynyň biri **Strabon** (biziň e. öň 64–63-nji we biziň e. 23–24-nji ýyllary) özüniň «Geografiýa» diýen işinde adamzadyň ýerleri




**6-njy surat. Medeni ekinleriň dörän merkezleri**

özleşdirişine, ýazgy beren döwletleriniň hojalyk pudaklaryna, olaryň arasynda söwdanyň guralyşyna häsiýetnama beripdir. Oh (häzirki Tejen, Amyderýa ýa-da Etrek) derýasynyň golaýynda nebitiň, aşgarly suwlaryň, asfaltyň, ýelimiň, kükürdiň çykýandygy barada ýazypdyr. Ýokarda görkezilen üç derýanyň golaýynda ýeriň üstüne nebitiň çykyp duran ýerleri henize çenli ýok. Emma geçen döwürlerde we asyrlarda Çeleken (1920-nji ýyllara çenli ada bolan) adasynda, Nebitdagda ýeriň aşagyndan öz-özünden nebitiň çykyp, gatap galan ýerlerine gabat gelip bolýar diýip, barlagçylar ýazýarlar. Köp alymlar Strabonyň ýazgylaryndaky «Oh» häzirki Çeleken ýarym adasy bolmaly diýip pikir edýärler. Şol wagtlar ýazgy berýän ýerlerimiz Gündogaryň üç döwletiniň: Parfiýa imperiýasynyň, Köneürgenç döwletiniň we beýik Kuşan patyşalygynyň garamagynda bolupdyr. **Ö. Gündogdyýewiň** (2006, sah. 7) maglumatyna görä, taryhçy **Pliniý (Uly)** biziň e. öň I asyrda Parfiýa döwletiniň Astauen sebitinde (Günbatar Türkmenistanda) nebitiň gazylyp alnandygy barada ýazypdyr. Be-

ýan edilen maglumatlardan görnüşi ýaly, häzirki eýýamyň başlarynda döwletleriň geografiki ýerleşişi, tebigy şertleri we baýlyklary, hojalyk düzümleri, öndürilýän önümleri barada ilkinji maglumatlar, ýazgylar emele gelipdir. Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi emele gelenden soň döwletleriň, sebitleriň arasynda söwda, dürli ykdysady gatnaşyklar ösüp başlapdyr. Şeýlelikde, geografiki edebiýatlarda söwdanyň geografiýasyna bagyşlanan ylmy işler we ýazgylar peýda bolupdyr.

### 1.3.2. Ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli düşünjeleriň we ylmy işleriň Ýewropa döwletlerinde emele gelşi

XII–XIII asyrlarda ýerine ýetirilen ylmy işlerde ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli ilkinji maglumatlara gabat gelinýär. Şol ýyllarda geografiýa degişli ylmy işlerde döwletlere häsiýetnama berlende, olaryň ykdysadyýetine degişli maglumatlar getirilýär.

**M.M. Golubçigiň** we beýlekileriň ýazmagyna görä (2003, sah. 62–84), 1333-nji ýylda italiýaly Pegolottiniň «Söwda tejribesi» («Практика торговли») işi çap edilipdir. Onuň işinde esasy öndürilýän harytlaryň hili, taýýarlanyş tehnologiýasy, agramy, ölçegi, döwletleriň pul birlikleri, gümrük tölegleri, ulag çykdajylary, Azow deňzinden Hytaýa çenli kerwen ýollary görkezilipdir. XVI asyryň başlarynda jemgyýetçilik ösüşiň kapitalistik ýola ugrukmagy bilen uly geografiki açyşlar amala aşyrylýar. Geografiki açyşlar bilen baglanyşykly ýerine ýetirilen ylmy işlerde döwletleriň tebigy şertlerine, baýlyklaryna, öndürýän önümlerine, söwdanyň geografiýasyna uly ähmiýet berlipdir. Mundan başga-da döwletleriň ykdysadyýetine mukdar taýdan baha berlip, statistiki maglumatlar esasy orny eýeläpdir. Şeýlelikde, dowam edip gelýän ýeke-täk geografiýa ylmynyň ikä bölünmegi dünýäniň döwletleriniň ykdysadyýetiniň ösüşi bilen bagly. Kapitalistik hojalygyň ösmegi, ykdysady gatnaşyklaryň ýitileşmegi, ykdysady we durmuş geografiýasynyň umumy geografiýa ylmynyň bir şahasy hökmünde bölünmegine sebäp bolupdyr. Ilkinji ykdysady geografiýa degişli ylmy işler XVI asyrda Fransiýada, Italiýada, Gollandiýada peýda bolupdyr.

1566-njy (Dikeldiş-Wozroždeniýe) ýyldan başlap fransiýaly **Jan Bodeniň**, italiýaly **Lýudowik Gwiççardininiň** ýazan ylmy işleri bellemäge mynasypdyr. Lýudowik Gwiççardininiň 1567-nji ýylda «Niderlandlaryň ýazgysy» («Описание Нидерландов») ady bilen ykdysady geografiýa degişli kitaby çykýar. Bu kitap 7 dilde 35 gezek çap edilýär. II kitap: pudaklaýyn we raýonlaşdyryş bölümlerinden ybarat bolupdyr. Birinji bölüminde döwletiň ady, geografiki ýerleşişi, klimaty, ýer üstüniň gurluşy, şol wagtlarda Niderlandiýanyň çägine girýän Gollandiýanyň, Belgiýanyň, Lýuksemburgyň, Demirgazyk Fransiýanyň topraklarynyň hasyllylygy, derýalaryň, deňizleriň we tokaýlaryň ähmiýeti, ilatyň durmuşy, ahlagy, senetçiligi, söwdasy we ýurduň dolandyrylyşy barada ýazgy berlipdir. Ikinji bölüminde döwletiň 17 prowinsiýasyna, olaryň hojalygynyň ösüşine mukdar taýdan häsiýetnama we prowinsiýalaryň şäherlerine, ilat mesgenlerine ýazgy berilýär. Kitaby okan hünärmenler oňa ilkinji ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli iş diýip belleýärler.

L. Gwiççardiniden ýüz ýyla golaý soňrak, 1650-nji ýylda gollandiýaly **Bernhard Wareniusyň (Waren)** (1622–1650) «Ählumumy geografiýa» («Geografiýa generalnaýa») kitaby çykypdyr. Milleti boýunça nemes, Gamburg, Kýonisberg uniwersitetlerinde okap, 25 ýaşynda Gollandiýa göçüp gelýär. 1649-njy ýylda onuň Ýaponiýa we Siam hakda kitaby çykýar. 1649-njy ýylyň güýzünde ýazyp başlap, 1650-nji ýylyň baharynda gutarypdyr. Soňra kitap çap edilipdir. Waren geografiýa barada birnäçe kitap ýazmagy maksat edinipdir. Emma ol 29 ýaşynyň içinde Leýden şäherinde aradan çykypdyr. Onuň ýokarda ady agzalan kitaby XVII asyrda latyn dilinde Gollandiýada 4 gezek çap edilip çykarylypdyr. Angliýada 2 gezek **Isaak Nýutonyň** redaksiýasy bilen çap edilipdir. XVIII asyrda kitap iňlis dilinde çap edilýär. 1718-nji ýylda Pýotr I-niň buýrugy boýunça rus diline terjime edilipdir. Rus dilinde **Fýodor Polikarpow** tarapyndan çap edilýär. Warenius özüniň kitabynda 3 bölüme aýratyn ähmiýet beripdir: «Ýer» bilen baglanyşykly döwletiň geografiki ýerleşişine, araçäklerine, ýeriniň konfigurasiýasyna, meýdanyna, relýefine, magdanlaryň gazylyp alnyşyna, suwlaryna, toprak we ösümlik örtügine, haýwanat dünýäsine; 2. «Asman» bilen baglanyşykly ýeriň giňligi-




**7-nji surat. Beýik geografiki açyşlar eýýamyndan soňra dünýä deňiz söwdasynyň geografiýasynyň üýtgeýşi**

ne we Günüň beýikligine, ýyl pasyllarynyň dowamlylygyna, klimat zonalaryna, meteorologik hadysalara, astronomiki gözegçiliklere;
3. Ülkäni öwrenmekligiň ykdysady geografiki taraplarynyň biri «Adamzat» meselelerini: ilatyň düzümini, ýaşaýyş aýratynlyklaryny (iýmit we suw ýagdaýy), girdejisini, bilimlilik derejesini, senetçiligiň we söwdanyň ösüşini, syýasy gurluşyny, şäherlerini öwrenmeklige. Dogrudan hem beýik geografik açyşlara çenli daşary söwda Ýewraziýa materiginde geçirilen bolsa, soňra onuň arealy, ugurlary üýtgeýär *(7-nji surat)*.

Belli iňlis alymy «Syýasy ykdysadyýetiň atasy» diýlip atlandyrylan **Uilýam Petti** (1623–1687) deňiz söwdasynyň täsiri bilen ýerli zähmet bölünişiginiň getirýän peýdasyny seljeripdir. Eger-de, M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 64) pikirlerine görä, Warenius XYII asyrda deňiz söwdasynyň janlanmagynyň tebigy tarapyny ylmy taýdan esaslandyran bolsa, U. Petti onuň ykdysady tarapyny esaslandyrypdyr, diýip ýazýarlar. U. Petti ilatyň ýeleşişi barada

taglymat meseleleri bilen çykyş edipdir. Ol geografiki edebiýata «Öndüriji işgärler» diýen adalgany girizipdir.

**Syýasy geografiýa** degişli ilkinji ylmy işleri **Şarl Lui Monteskýe** (1689–1755) 1748-nji ýylda «Kanunlaryň ruhy hakynda» («О духе законов») atly kitabynda (1900-nji ýylda rusça terjime edilen) tropik we subtropik guşaklyklarda ýaşaýan halklar, yssy klimata görä, ýalta bolýarlar. Beýik geografiki açyşlar eýýamyndan soňra dünýä deňiz söwdasynyň geografiýasynyň üýtgeýşi boýunça döwletleri bolmaýar, olar döwleti dolandyrmaga ukypsyzdyrlar diýip ýazypdyr. Beýle diýmek bilen, ol şol döwürdäki kolonial syýasaty goldap çykyş edipdir.

Tebigatda we jemgyýetde bar bolan kanunlary, kanunalaýyklyklary ykrar edýän filosofiýanyň akymyna **«determinizm»** diýilýär. Şonuň bilen bir hatarda **«fatalizm»** diýen akym emele gelýär. Fatalizm – ykbalyňa näme ýazylan bolsa, şoňa ynanmak diýmekdir. Fatalizm – ähli dinlere mahsusdyr.

Feodalizmden kapitalistik önümçilige geçilenden soňra geografiki determinizm we fatalizm günbatar döwletlerde esasy aňyýet (ideologik) ýaragyna öwrüldi. Geografiki fatalizmi nemes klassyk filosofiýasynyň baştutany **Immanuil Kant** (1724–1804) ösdürdi. Ol Kýonisberg uniwersitetinde filosofiýa, logika, matematika, mehanika, fizika, geografiýa, antropologiýa, umumy tebigatyň taryhy boýunça okuw okadypdyr. Onuň pikiriçe, akyl, pikirlenmek, düşünje – ilkinji, tebigat bolsa ikinji orunda görlüpdir.

Günbatar Ýewropada ykdysady we durmuş geografiýasynyň ösmegine germaniýaly **Iogann Týuneniň** (1783–1850) goşan goşandy uludyr. Ol 1826-njy ýylda «Üzňeleşdirilen döwlet» («Изолированное государство») öz döwründäki ylmy garaýyşlardan has öňe gidip, häzirki wagtda ulanylýan matematiki modelirlemäniň usullaryny işläpdir. Oba hojalyk ulgamynyň (kärhanalarynyň) öndürýän önümlerini sarp ediji bazaryň töwereginde giňişleýin ýerleşdirilişiniň modelini düzüpdir. Bazara çenli bolan aralykda hyýaly «Üzňeleşen döwleti» göz öňüne getiripdir. Ondan daşlaşdygyňça, oba hojalyk pudaklarynyň ýerleşişiniň, ösüşiniň üýtgeýändigini belläpdir. Şeýlelikde, ol geografiýa ylmynda ilkinjileriň hatarynda giňişlikler boýunça ykdysady ulgamlaryň zonasynyň matematiki modelini düzmekligi açypdyr. Bu

usul öz döwründe däl-de, XX asyryň ikinji ýarymynda ykdysady we ykdysady-geografiki barlaglarda ulanylyp başlandy.

**I. Kantyň we Fridrih Gegeliň** (1770–1831) täsirleri netijesinde, geografiýanyň aňyýet (idealistik) akymy emele gelýär. Käbir günbatar geograflary **Karl Ritteri** (1779–1859) «Häzirki zaman geografiýasynyň atasy» diýip atlandyrypdyrlar. Onuň pikiriçe, Ýer we Älem Hudaý tarapyndan döredilen. Hudaý ýeri, materikleri döretmek bilen, adamlaryň ykbalyny kesgitläpdir. Günbatar, Merkezi Ýewropa ýurtlaryna beýleki kontinentleriň, olardaky döwletleriň üstünden agalyk sürmek ykbaly Hudaý tarapyn berlen diýip belläpdir.

XIX asyryň başynda ABŞ-da tebigy baýlyklardan kapitalistik hojalyklaryň açgözlük bilen peýdalanandyklary sebäpli tebigatdan peýdalanmaklygyň ykdysadyýetine degişli ylmy işler peýda bolup başlapdyr. Şolardan ilkinjileriň biri amerikan alymy **Jorj (Georg) Perkins Marşyň**(1801–1882) 1864-nji ýylda çap edilen «Adam we tebigat ýa-da adamzadyň hojalyk işi netijesinde üýtgedilen Fiziki geografiýa» (1866-njy ýylda rus dilinde çap edilipdir) uly ähmiýete eýedir. Ylmy işlerinde adamzadyň tebigy baýlyklardan tygşytly peýdalanmalydygyny hygtapdyr.

K. Ritteriň okuwçysy Leýpsig uniwersitetiniň professory **Fridrih Ratsel** (1844–1904) «Ýer we ýaşaýyş», «Antropogeografiýa», «Syýasy geografiýa» we «Halklaryň öwrenilişi», başga-da birnäçe ylmy işleri ýazypdyr. Ol adamzat jemgyýetiniň geografiýasyny biogeografiýanyň bölümi hökmünde seredipdir. Ol antropogeografik mekdebi döreden. Ol adamzat jemgyýetiniň ösüşinde esasy orny geografiki sreda tutýar diýen netijä gelipdir. Ol, esasan, özüniň ýazan ylmy işlerinde urşa taýýarlanýan Germaniýanyň syýasatyny we ideologiýasyny gorap çykyş edipdir. Germaniýa döwletini ol biologiki görnüş, janly organizm bilen deňeşdiripdir. Germaniýa janly organizm ýaly ösýär, ulalýar diýmek bilen, has konserwatiw pikirleri öňe sürüpdir. Şol sebäpli ol ýaşlygyndaky eşiginde gezip bilmez. Oňa özüniň çäklerini giňeltmek zerurdyr diýip belläpdir. **Ratseliň** pikiriçe: Uruş, adam öldürmek, beýleki halklary ýok etmek, tebigatyň kanuny tarapyndan öňünden kesgitlenen, ol gutarnyksyzdyr diýip kesgitläpdir. Ol adamzadyň daş keşbi üýtgewsizdir. Klimaty amatly, oňat şertlerde «Ýokary rasa» (akýagyzlar – ýewropoidler, *8-nji*

*surat*) ýaşaýar, olar şol ýerlerde emele gelen we dünýäniň galan böleginiň üstünden höküm sürmelidir diýip belläpdir. Ratseliň ylmy garaýyşlary ösdürilip, ***possibilistik we geosyýasy*** iki sany ugur emele gelipdir. ***Possibilistik ugur*** (latyn sözünden possibilis – mümkin bolan) «Adamyň geografiýasy» atly fransuz mekdebiniň düýbüni tutujy **Pol Widal de la Blaş** (1845–1918) tarapyndan esaslandyrylypdyr. Bu mekdebiň ylmy tarapdarlary adamyň hojalygynyň we durmuşynyň daşky gurşawa bolan gatnaşygynyň ülňüsini (modelini) düzüpdirler.

**Geosyýasatyň** ABŞ-daky pionerleri **Alfred Mehen** (1840–1914) bolup, onuň 1890-njy ýylda ýazan «Влияние морской силы на историю» diýen ylmy işi dünýä mälimdir. Mehen özüniň bu işinde we soňky ylmy işlerinde «Deňiz güýjüniň teoriýasyna» esaslanypdyr. Onuň pikiriçe, «Diňe deňizde harby-deňiz ýaragly güýçler floty bolan döwlet öz agalygyny berkidip biler».




**8-nji surat. Irki döwürlerde adamlaryň daşky sypatlary boýunça ýaýran areallary**

A. Meheniň bu ylmy pikiri ABŞ-nyň syýasatyna örän uly täsirini ýetirdi, işjeň içeri syýasatyny ýola goýdurdy. 1898-nji ýylda ABŞ, Filippiniň ýerini eýelemek ugrunda amerika-ispan urşuny dünýä taryhynda ýola goýdy. A. Mehen ylymda imperial syýasatyň ideologiýasyny düzen hökmünde çykyş etdi.

Soňraky döwürlerde geosyýasatyň giňemegine üns beren, ony baýlaşdyran angliýaly geograf **Halford Makkinder** (1861–1947) bolupdyr. Onuň 1904-nji ýylda «Географические основы истории» («Taryhyň geografiki esaslary»), soňra 1919-njy ýylda «Демократический идеал и исторический реал» («Demokratiki ideal we taryhy real») ady bilen neşir edilen ylmy işleri alyma uly abraý getirýär. Onuň konsepsiýasyna görä, geografiki inersiýa döwletiň ösüşinde örän aýgytly orun tutýar. Hut şonuň üçinem, döwletiň syýasaty onuň hökmany suratda geografiki ýagdaýyna bagly bolup durýar diýip, belläp geçipdir.

Makkinderden soňra, onuň okuwçylary **(Dewis, Broudi, Findeserold, Ist Speýt)** onuň taglymatyny ösdüripdirler. Olar geografiki faktorlar netijesinde Günbatar Ýewropanyň, ABŞ-nyň, Kanadanyň üstünden «Атлантическое единство» («Atlantik ýekelik») diýen pikir bilen hökümlik etmeklige syrygypdyr**. Dewis** bu barada «Angliýany ýeriň, älemiň merkezi hasaplaýaryn» diýmek bilen, Atlantikada harby bazanyň esasy diýip Angliýany göz öňüne tutupdyr. «Geosyýasat» adalgany ilkinji bolup şwed sosiology **Ýuhop Çellen** (1864–1922) ylymda ulanyp başlady. Onuň 1910-njy ýylda «Beýik döwletler» («Великие державы») ady bilen kitaby çapdan çykýar. Ý.Çelleniň pikirine görä, ýurtlaryň käbiri özüniň geografiki ýagdaýyna laýyklykda birnäçe döwletleri özüne tabyn edýärler. Şeýle «kompleksli» Ý. Çellen ABŞ, Russiýa we Britan imperiýasynyň birleşdirenligini ýazypdyr. Geopolitikanyň meselesi – ol hem Ý. Çelleniň pikirine görä, Germaniýanyň baştutanlygynda «Ýewropa kompleksini» döredip, Ýewropanyň merkezi kontinentiniň üstünden agalyk etmekligini ündeýär.

Amerikan geosyýasatçysy **Spikmen** 1941-nji ýylda «Serhetde howpsuzlygyň meseleleri hakynda» diýen leksiýa bilen Nýu-Ýorkda çykyş edipdir. Emma 1942-nji ýylda bolsa «Amerikan strategiýasy we dünýä syýasaty» («Мировая политика и американская стратегия») atly kitabynda Spikmen dünýä syýasatynda geografiki faktoryň aýgytlaýjy rolunyň barlygyny belläp geçipdir. Spikmen özüniň geografiýasynda ABŞ-nyň içeri reaksion syýasatyny işläp düzenligi bilen dünýä meşhurdyr.

4. Sargyt № 2076

Ikinji jahan urşundan soň geosyýasat ideýasy ABŞ-nyň geograflarynyň agalyk edijiligine öwrüldi. Munuň hut şeýledigine «Политическая наука» («Syýasy ylym») žurnalynda çap edilen «Геополитика и американская послевоенная политика» («Geosyýasat we amerikanyň uruşdan soňky syýasaty») diýen bölümçede has aýdyň düşünmek bolýar. Şeýlelikde, geosyýasat halkara arenasynda amerikan diplomatiýasynyň usullaryny doly açyp görkezdi. 1945-nji ýylyň aprel aýynda ABŞ-da prezident **Franklin Ruzwelt** aradan çykandan soň, ýerine gelen **Garri Trumen** ABŞ-nyň döwlet doktrinasynda geosyýasatyny kesgitledi, ýagny «Dünýäniň üstünden agalyk» düşünjesini ýüze çykardy. **Trumeniň** şeýle alyp barýan syýasatynyň netijesinde, ABŞ Ýer şaryndaky döwletleriň üstünden agalyk etmek ideýasy, soňky döwürde bolsa «Sowuk urşuň» başlamagyna getirdi. Şeýle ýagdaýda ABŞ-da çuňňur geosyýasat we onuň amerikan warianty – **geostrategiýa** işlenilip düzüldi.

**E. Džonston** dünýä derejesinde kapitalistik we sosialistik ulgamyň mümkingadarlygyny şeýle beýan etdi: «Meniň pikirime görä, ABŞ we SSSR ikisi hiç wagt bir planetada ýaşap bilmegi mümkin däl». «Sowuk urşuň» döwürleri barada propogandirlemek ABŞ-nyň geografiki edebiýatlarynda uly orun tutýar. Bu barada has giňişleýin maglumatlary **Kifferiň** 1952-nji ýylda çapdan çykan «Реальности мирового могущества» diýen kitabynda has aýdyň görünýär. Kifferiň pelsepesinde geosyýasat dinamiki ylym hökmünde – dünýä güýjüne we dünýä agalygynda ädýän ýoluna düşünilýär. Onuň pikiriçe: «Geosyýasat – bu şalyk. Onuň esasy daýanjy psihologiki we fiziki güýçdür».

1975-nji ýylda Nýu-Ýorkda **P. Klaýnyň** «Güýç ulanylyşynyň dünýädäki orny, strategiki dreýfiň derňewi» atly kitaby çapdan çykýar. P. Klaýn bu ylmy işinde ABŞ-nyň agalygy bilen «Esasy soýuz birleşmelerini» göz öňünde tutýar. Ol özünde Kanadany, Beýik Britaniýany, Germaniýany, Fransiýany, Ysraýyly, Italiýany, Niderlandiýany, Ýaponiýany, Taýwany, Awstraliýany, Täze Zelandiýany birikdirmegi ündeýär (Семевский. Теоретическая экономгеография. М., 1981, sah. 87–100).

Geografiki fatalizmiň esasy tarapdarlarynyň biri amerikaly **Elsuort Hantington** (1876–1948) hasaplanýar. Onuň pikiriçe, tebigy

şertler (esasan hem, klimat) jemgyýetiň ösüşini, onuň ykdysadyýetini, medeniýetini, durmuşyny kesgitleýär. Ol tehniki ösüşiň (progresiň) garşysyna çykyş edýär. Onuň pikirine görä, tehniki progres ykdysady krizislere getirýär. Ol kolonial döwletleriň, olardaky geografiki zähmet bölünişiginiň saklanmagyny, ol döwletlerde industriýanyň ösdürilmezligini goldap çykyş edýär. Ol elmydama monopolistik kapitalyň (ABŞ-nyň) edýän işlerini we olaryň dünýäde agalyk sürmelidigini goldaýar.

Geografiýanyň syýasy ugrundan başga Germaniýada ykdysady ugurlar boýunça hem ylmy işler alnyp barlypdyr. Şol döwürde, ýagny XIX asyryň aýagynda döwletleriň arasynda içki we daşky söwda gatnaşyklarynyň ösýänligi üçin statistiki geografiýa degişli işler peýda bolýar we bu iňlis geografy **J. Çisholm** tarapyndan ösdürilipdir. Kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi bilen, täze senagat kärhanalarynyň köpelmegi, haryt daşamakda ulag çykdajylarynyň azalmagy bilen girdejiniiň artdyrylmagy barada ylmy işler köp ýazylypdyr. Şeýlelikde, «Ştandort ugry» nemesçe **«Standort» – ýerleşen ýeri** diýmekdir». **Iogann Týuneniň** ylmy işi oba hojalygynyň ştandortyna bagyşlanan bolsa, nemes ykdysatçysy **Alfred Weberiň** (1868–1958) «Senagaty ýerleşdirmegiň taglymaty» ylmy işi 1909-njy ýylda çap edilipdir. Rus diline 1926-njy ýylda terjime edipdirler. Ol bu işinde senagat kärhanasynyň çig mal çeşmesine, işçi güýjüniň bazaryna ýakyn ýerleşdirilmelidigini belläpdir.

1930–1990-njy ýyllar aralygynda syýasy geografiýada ýerine ýetirilen ylmy işleriň netijeleri iki ulgamyň (sosialistik we kapitalistik) arasynda ideologik göreş üçin ulanyldy. Bu mesele has hem günbataryň ösen kapitalistik döwletlerinde giň gerime eýe boldy. Sosialistik döwletleriň garşysyna gönükdirilen gazetler, žurnallar, dürli kitaplar çykaryldy. Onuň hem esasy sebäbi dünýäniň hiç bir halky hem kolonial zulumda ýaşamak islemeýärdi. Birinji jahan urşuna çenli dünýäniň köp meýdan çäkleri ykdysady taýdan ösen döwletler tarapyndan basylyp alnyp, koloniýa öwrülipdi *(9-njy surat)*. Eýýäm, XX asyryň başlarynda olarda işçi-daýhan hereketleri başlandy. Köp kolonial döwletlerde kolonizatorlaryň garşysyna rewolýusiýalar başlanyp, bu bütindünýä herekete öwrüldi. Şol sebäpli ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda kolonial döwletlere gönükdirilen radiostansiýalar işläp ugrady.







**9-njy surat. Kolonial imperiýanyň döreýşi we dargamagy**

Ikinji jahan urşundan soň dünýäniň syýasy kartasy düýbünden üýtgedi. Ondan öň dünýäde iki döwletde sosializm gurlan bolsa, indi Ýewropanyň köp döwletleri sosializme tarap ýola düşdüler. Sosialistik döwletleriň täsiri netijesinde Aziýanyň, Afrikanyň köp döwletleri garaşsyzlygyny gazananlaryndan soňra, sosialistik ösüşe höwes bildirdiler. Netijede, ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda Amerikanyň, Ýewropanyň döwletleri 1949-njy ýylda NATO (Demirgazyk Atlantika harby bileleşigi) döretdiler. Onuň döredilmeginiň esasy sebäbi dünýäniň döwletleriniň arasynda kommunistik wagyz-nesihatlary ýaýratmazlyk bolup durýardy. NATO döwletleri sosialistik döwletleriň garşysyna, olara golaý ýerleşen döwletlerde, deňizlerde, adalarda 1500-e golaý nokatlarda harby bazalary döretdiler. Muňa garşy durar ýaly sosialistik döwletler 1955-nji ýylda Warşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletler bolup, goranyjy harby bileleşigi emele getirdiler. Şeýlelikde, iki sistemanyň arasynda sowuk uruş başlandy. Ýaraglanyşyga uly üns berdiler.

1945-nji ýylda dünýäde ilkinji gezek amerikalylar atom ýaraglaryny Ýaponiýanyň iki şäheriniň üstüne oklap, synagdan geçirdiler. Soňra SSSR hem gysga möhletde (1949-njy ýylda) şol ýaragy synagdan geçirdi we ikinji atom bombaly döwlet boldy. Soňra amerikanlaryň ýardam etmegi bilen, şol ýarag Angliýada, Fransiýada öndürildi. SSSR-iň kömegi bilen Hytaý hem atom bombaly döwletleriň hasabyna degişli boldy. Netijede, adamzadyň üstüne atom urşy howp salyp başlady. Iki ulgamyň arasynda sowuk uruş we syýasy göreş dowam edýärdi.

Kapitalistik döwletlerde syýasy geografiýadan edilen işler ideologik göreş üçin ulanylýardy. Şonuň üçin sowet ýyllarynda ýazylan syýasy geografiýa degişli işleriň köpüsi şol ýazylan işleri seljermek häsiýetli. Şol sebäpli SSSR döwründe syýasy geografiýa degişli ýazylan işleriň köpüsi taglymat esaslara degişli. Sebäbi daşary döwletlerde çap edilýän işleriň taglymat esaslarynyň esassyzdygyny, ýokdugyny elmydama subut etmeli bolýardy.

### 1.3.3. XVIII–XIX asyrlarda Russiýada ykdysady we durmuş geografiýasy bilen baglanyşykly ilkinji ylmy işler

**B. Wareniusyň** geografiýa baradaky kitabynyň Ýewropanyň köp halklarynyň dillerine terjime edilmegi geografiýa ylmynyň ösmegine ýardam edipdir. Onuň geografiki akyl ýetirme meseleleriniň döwletlerde «ülkäni öwrenişiň» «Adamzat» bölümine girizilmegi, geografiýa boýunça hünärmenleriň ünsüni özüne çekipdir. Russiýada we beýleki döwletlerde ykdysady we durmuş geografiýasy barada düşünjeleriň toplanmagyna sebäp bolupdyr. Bu ýagdaý ykdysady we durmuş geografiýasy barada ylmy işleriň sanynyň artmagyna getirdi. Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegi, onuň ykdysady ýerleşişi bilen baglanyşykly boldy. **Ýu.G. Sauşkiniň** (1980, sah. 31) pikirine görä, Günbatar Ýewropa döwletlerinde geografiýa ylmynyň wekilleri deňiz gämi gatnawynyň we deňiz aňyrsy söwdanyň tejribe we amaly isleglerini kanagatlandyrmaga hyzmat edýärdiler. Russiýada geografiýa ylmy bilen meşgullanan ylmy işgärler onuň giňişliklerini (tokaýlar, sähralar, çöller zonalary, okeanlara çenli ýerleri) meýdançäklerini ilatlaşdyrmak, tebigy baýlyklaryny özleşdirmek meseleleriň üstünde işleýärdiler. Ural daglaryndan gündogardaky giňişlikler barada geografiki maglumatlar ýok diýen ýalydy, bolsa-da azlyk edýärdi. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň XVIII asyrda Russiýada emele gelmegi umumy geografiki barlaglar, ýörite gurnalýan ekspedisiýalaryň ýerine ýetiren işleri we tebigy baýlyklaryň özleşdirilişi bilen baglanyşyklydyr. Täze ýerleriň we tebigy baýlyklaryň özleşdirilmegi kartografiýanyň, ykdysady statistikanyň ylmyň pudaklary hökmünde abraýyny galdyrdy. Bu pudaklar ykdysady we durmuş geografiýasynyň gözbaşynda durýarlar. Russiýanyň ilkinji ykdysady geografiýasy hakynda ylmy işi ýazan **Iwan Kirillowiç Kirillow** (1689–1737) hasaplanýar. 1727-nji ýylda ol özüniň «Bütinrussiýa döwletiniň gülleýän döwri» («Цветущее состояние Всероссийского государства») atly işini ýazypdyr we 1831-nji ýylda çap edilipdir. Onuň bu kitaby ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli ilkinji ýazylan ylmy iş hasaplanylýar. I.K. Kirillow köp ýyllaryň dowamynda Russiýada kartografik işlere ýolbaşçylyk edipdir. Onuň ýolbaşçylygynda Bütinrussiýa imperiýasynyň atlasy…

taýýarlanylypdyr we 1745-nji ýylda Sankt-Peterburgda çap edilipdir. Wareniusyň rus diline terjime edilen kitaby rus alymy **Wasiliý Nikitiç Tatişewe** (1686–1750) uly täsir edipdir. Ol özüniň ylmy işlerinde häzirki geodeziýanyň we kartografiýanyň esasyny düzýän matematik geografiýany, fiziki we syýasy (hakykatda, ykdysady) geografiýany belläpdir. Ol özüniň ýazan ylmy işlerinde ilat mesgenleriniň torlaryna, ilaty öndüriji güýç hökmünde, ýerlerde dürli hojalyk pudaklarynyň ösüşine, önümçiligiň ykdysady netijeliligine, wagtyň geçmegi bilen önümçiligiň üýtgeýşine uly üns beripdir. Administratiw birligiň geografiki ýerleşişini, tebigy päsgelçilikleri, zähmet bölünişigini, hojalygyň ýöriteleşişini, söwdanyň geografiýasyny öwrenipdir (Tatişew, 1950, s. 211).

Russiýada geografiýa ylmynyň gözbaşynda W.N. Tatişew bilen bir hatarda **M.W. Lomonosow** (1711–1765) durýar. M.W. Lomonosow 1763-nji ýylda rus dilinde çapdan çykan «Ýeriň gatlaklary» («Слои Земли») diýen işinde Ýeriň emele geliş taryhyny häzirki döwür bilen deňeşdirip ýazýar. M.W. Lomonosow 1755-nji ýylda Moskwa döwlet uniwersitetiniň düýbüni tutan filosof, fizik, himik, şahyr, ykdysatçy, kartograf, geolog, geograf hökmünde tanalýar. 1758-nji ýylda ony Russiýa akademiýasynyň Geografiýa departamentiniň başlygy edip belleýärler. Oňa çenli departamentde daşary ýurt alymlary işläpdir. Ol 1736–1741-nji ýyllarda Germaniýada Marburg uniwersitetinde okapdyr. Ol 1758-nji ýyldan Peterburg Ylymlar akademiýasynyň Geografiýa departamentiniň başlygy bolup işläp başlan ýyllarynda Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegine uly üns berýär. Ol dünýäde ilkinji gezek 1760-njy ýylda ylma **«Ykdysady geografiýa»** diýen adalgany girizýär. M.W. Lomonosow Geografiýa departamentine ýolbaşçylyk etmäge başlan ilkinji günlerinden Russiýanyň guberniýalaryna, prowinsiýalaryna Ylymlar akademiýasynyň adyndan 1761-nji ýylyň başynda 30 soragdan ybarat «Sorag» ýazgylary ýollap şäherlerde, obalarda ýerleşen zawodlaryň, fabrikleriň näme öndürýändigini, deňizlerde söwdanyň, gämi gatnawynyň guralyşyny, deňizlerde nähili haýwanlara aw edilýändigini görkezmegi haýyş edipdir. Şolaryň esasynda dünýäde ilkinji gezek Russiýada öndürilýän önümleriň geografiki atlasyny döretmegi maksat edinipdir. M.W. Lomonosow – ykdysady geografiýany ykdysady

mazmunly, ykdysady kartografiýa bilen baglanyşykly ylym bolmaly diýip pikir edipdir. Ykdysady geografiýanyň esasy meselesi diýip, ol Russiýanyň tükeniksiz tebigy baýlyklaryny özleşdirmek, täze önümçilik merkezlerini döretmek, ýerlerde zähmet bölünişigini guramak işlerine düşünipdir. Lomonosow Russiýanyň giňişliklerini öwrenmek we özleşdirmek üçin geografiki ekspedisiýalaryň taslamasyny düzüpdir. Emma Ylymlar akademiýasy onuň geografiki taslamalaryny diri wagty durmuşa geçirmändir. 1768–1774-nji ýyllarda onuň taslamalary boýunça akademiki ekspedisiýalar guralypdyr.

M.W. Lomonosowy döwürdeşi **S.P. Kraşeninikow** (1711–1755) Kamçatkany öwrenen we onuň tebigatyna, hojalygyna we geljekde özleşdirilmegine ilkinji ýazgy beren geograf hasaplanýar.

W.N. Tatişewiň we M.W. Lomonosowyň döwürdeşi alym-geograf **Bagrationi Wahuşti** (1696–1772) «Gruziýanyň geografiýasy» («География Грузии») diýen ylmy işini ýazýar. Ol Lomonosow bilen Moskwa döwlet uniwersitetini döretmeklige işeňňir gatnaşan adam. Häzir Gruziýadaky geografiýa instituty onuň adyny göterýär.

Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegine **Aleksandr Gumboldt** (1769–1859) we **Karl Ritter** öz goşantlaryny goşan alymlar hasaplanylýar. A.Gumboldt Russiýada we Günorta Amerikada köp syýahat eden. Ol öz ýazgylarynda geografiki deňeşdirme usuly köp ulanan we adamzadyň tebigata eden täsirlerini öwrenen alym. K.Ritter kabinet alymy bolanlygy sebäpli, adamzadyň ösüş taryhy bilen geografiki sredanyň özara baglanyşygyny öwrenen.

### 1.3.4. XIX asyryň aýagynda we XX asyryň başlarynda ykdysady geografik garaýyşlaryň esasy ugurlarynyň döremegi

XIX asyryň birinji ýarymynda XX asyryň başlarynda Russiýada kapitalistik önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi bilen ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli ylmy garaýyşlar ösüp başlaýar. Russiýada täze senagat kärhanalary gurulýar, oba hojalyk raýonlary döredilýär. Prowinsiýalarda we guberniýalarda hojalygara zähmet bölünişigi emele gelip başlaýar. Öndürilýän önümler ýerli

ilatyň islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, daşary bazarlara hem çykarylýar. Russiýanyň hojalyk geografiýasyna degişli ylmy işleriň sany we möçberi artýar. Ýurt boýunça ykdysady-geografiki maglumatlar köp jemlenýär. Guberniýalar, prowinsiýalar öndürýän önümleri boýunça ýöriteleşip başlaýarlar. Şeýlelikde, dünýä ýüzünde ilkinji ykdysady-geografiki raýonlaşdyrmaklyga degişli ylmy işler Russiýada peýda bolýar. Şolaryň arasynda **Konstantin Iwanowiç Arsenýewiň** (1789–1865) ýazan ylmy işleri bellemäge mynasypdyr. Ol 1818–1819-njy ýyllarda «Начертание статистики Российского государства» diýen ylmy işinde tebigy we hojalyk alamatlarynyň jemi boýunça Russiýanyň meýdan-çägini ilkinji gezek ykdysady raýonlaşdyrmaklygyň tejribesini geçiripdir. Geografiki ýerleşişini, tebigy baýlyklarynyň hojalyk ähmiýetini, hojalygynyň ösüşiniň öňki we geljekki ýagdaýlaryny göz öňünde tutup, Russiýanyň çäginde 10 sany «Giňişligi» ýa-da ykdysady raýony bölüpdir. Soňra, 1848-nji ýylda şol işiniň dowamy hökmünde ýazan «Статистические очерки России» işinde, esasan, tebigy (Russiýany topografik nukdaý nazardan klimaty we topragynyň hili boýunça) we ykdysady (toprak we ýer baýlyklary boýunça) taýdan raýonlaşdyrmaklygy amala aşyrypdyr. K.I.Arsenýew dünýäde ilkinji gezek ykdysady geografiýanyň täze ugruna, ýagny şäherler ulgamynyň taryhy ösüşini seljermek boýunça ylmy işi ýerine ýetiripdir. Ol 1832–1834-nji ýyllarda 1637-nji ýyldan başlap, 200 ýylyň dowamynda Russiýanyň şäherleriniň ösüşini yzarlaýan «Гидрографическо-статистическое описание городов Российской империи…» atly ylmy işini ýazypdyr. Onuň bu ylmy işi şäherleri öwrenmek üçin hünärmenlere gollanma bolup hyzmat edipdir. K. I. Arsenýew we **K.F. German** (1767–1838) Russiýany ykdysady taýdan raýonlaşdyrmak boýunça işlän alymlar hasaplanylýar. Bularyň kömegi bilen Russiýada 1845-nji ýylda «Imperator geografiýa jemgyýeti» döredilýär. 1821-nji ýylda Pariž, 1828-nji ýylda Berlin, 1830-njy ýylda London geografiýa jemgyýetleri döredilipdir.

Moskwa döwlet uniwersitetiniň işgäri, şahyr, publisist **Nikolaý Platonowiç Ogarýow** (1813–1877) 1847-nji ýylda ykdysady raýonlaşdyrmanyň taglymat esaslaryna şu aşakdaky bellikleri girizipdir: 1) raýon – bu ýurtda hakyky bar obýekt, ol «Ýönekeý akyl oýny däl»; 2) raýonlara geçen, häzirki we geljekki zaman ösüşinde (dinamika-

synda) seretmek gerek; 3) meýdan-çägi raýonlaşdyrylanda «Esasy maddy güýçleriň» ösüşine ser salmaly; 4) ýerlerde haýsy hojalyk kärhanalarynyň ýerleşenini, olaryň ösüşini, kärhanalaryň we tebigy hadysalaryň arabaglanyşygyny hasaba almaly; 5) ykdysady raýonlaşdyrmak syýasy ykdysadyýetiň kanunlaryna esaslanmalydyr, sebäbi raýon emele geliş hadysasy –jemgyýetçilik durmuşynyň obýektiw prosesidir; 6) hojalygy ýöretmegiň ugruny we ýerli-durmuş aratapawutlary kesgitlemek zerurdyr (Ogarýow, 1952, s. 95–100). Ykdysady taýdan raýonlaşdyrmagyň taglymatyna onuň goşan goşandy biziň günlerimizde-de öz ähmiýetini ýitirenok.

**Pýotr Petrowiç Semýonow** (1827–1914) 41 ýyllap Russiýa geografiýa jemgyýetiniň prezidenti bolupdyr. Ol Berlin uniwersitetinde okap, K. Ritteriň we A. Gumboldtyň leksiýalaryny diňlän. Ol K. Ritteriň «Землеведение Азии» diýen kitabyny rus diline terjime edipdir. Soňra Merkezi Aziýada (şol sanda Týan-Şanda) köp ekspedisiýalara gatnaşan. Ol 1871-nji ýylda Russiýanyň Ýewropa bölegini ykdysady taýdan raýonlaşdyrypdyr. Onuň 1880-nji ýylda ykdysady taýdan raýonlaşdyrmak boýunça täze işi çap bolýar. 1864-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap Merkezi statistika komitetiniň direktory bolup, 1887-nji ýyla çenli işleýär. Onuň 1880-nji ýylda çykan 2 sany raýonlaşdyrmak baradaky işlerini K. Marks okap, haýran galypdyr. Ol birnäçe gezek Týan-Şan daglaryna syýahat edip, ony gowy öwrenenligi sebäpli, oňa **Týan-Şanskiý** lakamy berilýär.

Russiýada ykdysady geografiýanyň ösmeginde **D.I. Mendeleýewiň** bitiren işleri uly. 1893-nji ýylda çap edilen «Фабрично-заводская промышленность и торговля России» uly ykdysady geografiki işinde ilatyň gürlügine, dänäniň artyk öndürilen we ýetmeýän ýerlerine, adam başyna senagat önüminiň öndürilişine (pul hasabynda), her bir raýonda öndürilýän harydyň ady, hili boýunça ýoriteleşişine baha berýär. Ykdysady raýonlary bölende ilatyň gürlügine, çig mallary getirmek, taýýar önümleri äkitmek üçin ýol ulgamlarynyň amatlylygyna, arzan ýangyç almak mümkinçiligine seredipdir. Söwdanyň derejesine baha berýär. Döwleti ykdysady taýdan raýonlaşdyranda atlary agzalan görkezijiler boýunça geçirilmelidir diýip belleýär.

Amerikan alymy **Žorž Perkins Marşyň** (1801–1882) ylmy garaýyşlary we ylmy-amaly usullary tebigatdan peýdalanmaklyga bagyşlanypdyr. Onuň 1864-nji ýylda ýazan kitaby «Человек и природа или Физическая география, изменённая человеческой деятельностью» rus diline 1866-njy ýylda terjime edilipdir. Bu ylmy işinde kapitalistik hojalyk kärhanalarynyň tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmaýandyklary, adamzat jemgyýeti tarapyndan bozulan we taşlanan ýerleri dikeltmek, olary täzeden hojalyk dolanyşygyna girizmek, ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, tokaý agaçlaryny ekmek, ösümlik we haýwanat dünýäsini baýlaşdyrmak barada ýazypdyr. Onuň döwürdeşi **Aleksandr Iwanowiç Woýekowyň** (1842–1916) ýerine ýetiren ylmy işlerinde esasy orny adamzadyň zähmetiniň tebigata amatly we ýaramaz täsirleri eriş-argaç bolup geçýär. Onuň 1884-nji ýylda «Искусственное орошение и его применение на Кавказе и в Средней Азии» 1892-nji ýylda «Климат и народное хозяйство», 1894-nji ýylda «Воздействие человека на природу», 1908-nji ýylda «Орошение Закаспийской области с точки зрения географии и климатологии» we beýleki ýazan ylmy işlerinde melioratiw-geografik meselelere hem seredilýär.

Geografiýanyň **ykdysady ugry** öňki bolşy ýaly statistiki maglumatlary yzarlamak bilen çäklenýärdi. X1X asyryň ahyrynda nemes alymy **W. Gots** tarapyndan «Ykdysady geografiýa» adalga ulanylyp başlanypdyr. 1882-nji ýyldan başlap Günbatar Ýewropada statistika adalganyň ýerine iňlis geografy **Ž. Çisholm** tarapyndan «Руководство по коммерческой географии» diýen ylmy işinde rus ykdysatçysy, ykdysady geograf, professor **W.E. Den** häzirki ady bilen ykdysady geografiýadan umumy okuwlar okadylyp başlanylypdyr. Geografiýanyň ykdysady ugry boýunça edilen ylmy işlerde öňki bolşy ýaly dünýäniň döwletlerine, hojalyk pudaklaryna, önümçiliginiň tehnologik ulgamlaryna, söwdasyna ýazgy berlende statistiki maglumatlar ulanylypdyr.

1884-nji ýylda Moskwa döwlet uniwersitetiniň taryh-filologiýa fakultetinde geografiýa kafedrasy açylyp, oňa **Dmitriý Nikolaýewiç Anuçin** ýolbaşçylyk edýär. Ol fiziki geografiýa, ýer öwreniş, Russiýanyň etnografiýasy, antropologiýa boýunça köp ylmy işler edipdir. X1X asyryň ikinji ýarymynda, XX asyryň başynda dürli

döwletlerde we Russiýada dürli geografiki ylmy-barlag işleri amala aşyran geograflaryň irginsiz zähmetleri netijesinde «Ykdysady geografiýa–geografiýa ylmynyň aýratyn şahasy hökmünde» emele geldi. Onuň esasy ugry hökmünde – jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň ýerlerde guralyşyny öwrenmek meselesi durýardy. Öndüriji güýçleri öwrenmekde esasy kriteriýa hökmünde meýdan-çäk we giňişleýin garaýyş höküm sürýärdi. Beýleki döwletlere garanda, Russiýada döwletiň meýdan-çägini ykdysady sebitlere(raýonlara) bölmek taglymaty has ösüpdi. Öň bellenilişi ýaly, ilatyň geografiki ýerleşişi, olary ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklary, adamzadyň tebigy gurşaw bilen arabaglanyşygyna köp üns berlipdi.

### 1.3.5. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň SSSR döwründäki ýagdaýy

SSSR döremeginiň öň ýany Russiýa Birinji jahan urşuna gatnaşypdy. Uruş entek gidýärkä, Petrogradda 1915-nji ýylda Russiýa Ylymlar akademiýasynyň ýanynda akademikler topary tarapyndan Tebigy öndüriji güýçleri öwrener ýaly komissiýa (KEPS-комиссия по изучению естественных производственных сил) döredildi. Oňa beýik rus alymy Dokuçaýewiň okuwçysy **W.I. Wernadskiý** ýolbaşçylyk edipdir. Onuň ýerine ýetiren işlerini Patyşa Russiýasy peýdalanmandyr. Soňra 1918-nji ýylyň 4-nji maýynda KEPS-iň ýanynda Senagat geografiýasy bölümi döredilipdir. Bu bölümiň alym-sekretary edilip ýaş antropogeograf, ykdysady-geograf we ülkäni öwreniji **A.A. Grigorýew** bellenýär. Ol 1911–1914-nji ýyllarda Geýdelberg uniwersitetinde okan A.Gettneriň okuwçysydyr.

Oktýabr rewolýusiýasyndan soň **W.I. Lenin** geografiýa ylmyny ösdürmäge uly üns berýär. Onuň ykdysady geografiýa degişli birnäçe ylmy işleri bar. 1920-nji ýylda onuň görkezmesi bilen GOELRO (Государственная электрофикация России) meýilnamasyny işläp düzmeklik **G.M. Križižanowskä** tabşyrylypdyr. Bu meýilnama Russiýany elektrikleşdirmek hakda barýar. Bu meýilnama Russiýada ykdysady geografiýanyň ösmegine goltgy berýär. Soňra 1921-nji ýylyň 23-nji fewralynda Gosplan (Государственная плановая

комиссия) döredilip, oňa ýolbaşçy G.M.Kržižanowskiý bellenýär. Gosplan ýurdy raýonlaşdyrmaklygy (ykdysady sebitlere bölmekligi) **I.G. Aleksandrowa, L.L. Nikitine, Ýe.Ýa. Şulgine, N.N. Kolosowskiý** daga tabşyrýar. Netijede, Russiýanyň çägini 21 sany ykdysady raýona (sebite) bölýärler. Ýurduň öndüriji güýçlerini ösdürmeklik şol raýonlar boýunça amala aşyrylýar. Bu işler bilen bilelikde 1919-njy ýylda ekerançylyk boýunça Halk komissarlygynda Russiýany oba hojalyk taýdan raýonlaşdyrmaklyk işi başlanýar. Oňa **D.N. Anuçin, S.G. Grigorýew, A.A. Kruber, I.S. Şukin** ýolbaşçylyk edýärler.

Petrogradda 1916-njy ýylda Dokuçaýewiň toprak komitetinde döredilen Ýokary geografiýa kursy 1918-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Geografiýa instituty diýlip yglan edilýär. Bu geografiýa boýunça dünýäde ilkinji institut hasaplanylýar. Onuň ilkinji rektory wezipesine **I.D. Lukaşewiç,** soňra belli geolog, minerolog, geohimik, geograf **A.Ýe. Fersman** bellenilýär. Ol institutda geograflar **L.S. Berg, A.A. Grigorýew,** geologlar **A.Ýe. Fersman, A.A. Borisýak,** okeanograf **Ýu.M. Şokalskiý,** geomorfolog **Ýa.S. Edelşteýn,** geobotanikler **B.A. Fedçenko,, W.N. Lýubimenko,** biogeosenolog **W.N. Sukaçýow,** toprakçy **S.S. Neustruýew** dagylar işläpdirler.

1921-nji ýylda **W.I. Lenin** ykdysady geografiýany Russiýanyň ähli ýokary okuw jaýlarynda okatmagy talap edýär. Ýa.M. Swerdlow adyndaky Kommunistik uniwersitetde geografiýa kafedrasy döredilip, oňa belli bolşewik – rewolýusioner **«Nikolaý Bolşoý» – N.N. Baranskiý** bellenilýär. 1926-njy ýylda N.N. Baranskiniň ýazmagynda ilkinji gezek «SSSR-iň ykdysady geografiýasy» («Экономическая география СССР») okuw kitaby çap edilýär. 1925-nji ýylda Leningraddaky Geografiýa instituty Döwlet uniwersitetiniň fakulteti edilýär.

SSSR-iň Gosplany tarapyndan 1920-nji ýylda **G.M. Križižanowskiniň** ýolbaşçylygynda **L.L. Nikitiniň** başlyklyk etmeginde SSSR-iň halk hojalygyny ösdürmegiň birinji bäşýyllyk meýilnamasy işlenilip düzüldi. Bu işe görnükli alymlar **W.M. Çetyrkin, W.I. Lawrow, N.N. Kolosowskiý** gatnaşdylar.

1929-njy ýylda **N.N. Baranskini** Moskwa döwlet uniwersitetine işe çagyrýarlar. Onuň ýolbaşçylygynda ykdysady geografiýa kafedrasy döredilýär. Leningradda SSSR Geografiýa jemgyýetine

**L.S. Berg** we **N.I. Wawilow** ýolbaşçylyk edýärler. L.S. Berg ykdysady geografiýa «Geografiýa ylmynyň täji» diýip baha berýär.

1934-nji ýylyň 16-njy maýynda Partiýanyň merkezi komiteti we Sowet hökümeti SSSR-iň başlangyç we orta mekdeplerinde geografiýanyň okadylmagy hakynda karar çykarýarlar. Şol ýylda hem «Mekdepde geografiýa» («География в школе») žurnaly çykarylyp başlanýar.

1930-njy ýylda döredilen Geomorfologiýa instituty, 1934-nji ýylda fiziki geografiýa instituty, 1936-njy ýylda Ylymlar Akademiýasynyň Geografiýa instituty diýlip atlandyrylýar. 1930-njy ýyllarda SSSR Ylymlar akademiýasy Leningraddan Moskwa göçýär.

SSSR ýyllarynda ähli respublikalarda geografiýa degişli laboratoriýalar, ylmy-barlag institutlary döredildi. Ykdysady we fiziki geografiýanyň bütewiligi hakda **N.N. Baranskiniň** bitiren işleri uly. Soýuz respublikalarynyň merkezi şäherlerinde Kiýewde, Daşkentde, Almatada, Minskde, Aşgabatda, Tbiliside, Bakuda, Ýerewanda, soňra Rigada, Tartuda, Lwowda we beýleki şäherlerde geografiýa merkezleri döredildi. Azerbaýjanda, Gruziýada, Türkmenistanda (Çöller), Irkutskde (Uzak Gündogar we Sibir), Wladiwostokda (Ýuwaş okean) institutlary açyldy. Netijede, SSSR-de dünýä belli geograflar, ylmy-barlag institutlar döredi. SSSR-iň geograf alymlary Bütindünýä, Halkara geografiki kongresleriň işlerine gatnaşdylar. 1976-njy ýylda XXIII Halkara geografiýa kongresi Moskwada geçirildi. Onuň esasy bölümleriniň biri Aşgabatda geçdi. SSSR-de geografiýa ylmynyň we ykdysady geografiýanyň ösmegi netijesinde ýörite geografiýa ylmy mekdepleri döräp başlady.

### 1.3.6. XX asyrda dünýä ykdysady-durmuş geografiýasynyň emele gelmegi

XX asyr ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň ösen asyry hasaplanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde täze senagat, oba senagat, ulaglar, aragatnaşyk ulgamlarynyň döremegi täze tebigy baýlyklary özleşdirmekligi, ilatsyz ýerlere ilatyň göçürilmegini talap edipdir. Döwletleriň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi netijesinde,

dünýäniň syýasy kartasynda ykdysady taýdan has güýçli, orta derejede we has gowşak ösen döwletler emele geldiler. Ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli esasy ylmy-barlag işler ösen döwletlerde **1920-nji ýyllardan soň** köpçülikleýin häsiýete eýe boldy. Şol ýyllarda geçirilen ylmy-barlag işler ykdysady we durmuş geografiýasynyň şu aşakdaky ugurlary boýunça amala aşyryldy: 1. Dünýäniň syýasy kartasynda SSSR-iň döremegi we kolonial döwletlerde azat edijilik hereketleriň başlanmagy bilen, syýasy geografiýa degişli ylmy barlaglar artyp ugrady; 2. Dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletlerinde durmuş, içerki we daşarky söwda, jahankeşdeligiň geografiýasyna, içerki we daşarky halkara integrasiýa degişli ylmy işlere uly üns berildi; 3. Dünýäniň döwletleriniň ykdysadyýetiniň ösmegi bilen senagat çig mallaryna, energiýa çeşmelerine, öndürilýän senagat harytlaryny ýerleşdirmek üçin täze bazarlara isleg artyp başlady; 4. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde döwleti dolandyrmaklygy kämilleşdirmek, ykdysady, syýasy we durmuş taýdan sebitlere bölmek barada ylmy ugurlar peýda boldy. Şu taryhy döwürde dünýäniň ösen döwletlerinde geografiýa ylmynda «Ykdysady geografiýa» adalgasy, şol sanda, ylmy ugur emele geldi. 1925-nji ýyldan başlap ABŞ-da «Ykdysady geografiýa» («Ekonomic Geography») žurnaly yzygider çap edilip başlandy.

**M.M. Golubçigiň we beýlekileriň** (2003, sah. 79) bellemeklerine görä, XX asyryň **30-njy ýyllarynda** ykdysady geografiýada geçirilen ylmy barlaglar özboluşlylygy bilen tapawutlanýarlar. Şol döwrüň ykdysady geografiýadan işlän hünärmenleri öndüriji güýçleriň giňişliklerde ýerleşişiniň kanunalaýyklyklaryny we ilatyň ýerleşişini öwrenmeklik bilen meşgullanypdyrlar. Ykdysady geografiýanyň bu ylmy ugry hakda gürrüň edilende, nemes alymlary **Walter Kristalleri** (1893–1969) we **Awgusta Lýoşy** (1906–1945) ýatlaman geçmek bolmaz. Bu alymlar özleriniň ylmy işlerinde «Merkezi ýerleriň taglymaty» («Теория центральных мест») ady bilen ilatyň geografiýasy, önüm öndürmeýän durmuş hyzmaty kärhanalarynyň ýerleşişi bilen gyzyklanyp, ilat mesgenleriniň ýerleşiş kanunalaýyklyklaryny açmak isläpdirler. Ylmy-barlag işlerinde matematiki usullary giňden ulanypdyrlar.

Ikinji jahan urşunyň başlanmagy bilen ykdysady geografiýanyň ylmy-barlag işleri harby-geografiki meselelere bagyşlanypdyr. Günbatar Ýewropanyň we SSSR-iň ykdysady geograflary özara hyzmatdaşlyk esasynda harby-geografiki ylmy-barlag işleri amala aşyrypdyrlar.

Ikinji jahan urşy gutarandan soň 1970-nji ýyllara çenli ylmy-tehniki ösüş esasynda ykdysady geografiýanyň **durmuşy (sosial) meseleleri** (ilatyň geografiýasy, medeniýetiň geografiýasy, uruşdan soňky ýyllarda ilatyň hal-ýagdaýy we beýleki durmuş meseleleri) geografiýasyna bagyşlanan problemalar agdyklyk edipdir. Ykdysady sebitlere (regionlara), ýagny dürli sebitlerde hojalygy ýerleşdirmekligiň guralyşy, olaryň ýerleşdirilişini giňişlikler boýunça seljeriş işlerine esasy orun berlipdir. 1950–70-nji ýyllarda ABŞ-da ykdysady geograflar **B. Berri, U. Bunge, W. Garrison, iňlis alymlary P. Hagget, D. Harweý, R.J. Çorli** we beýlekiler ylmy-barlag işlerinde statistiki, kompýuter programmalaryny ulanyp, matematiki geografiýany ösdüripdirler. P. Haggetiň 1968-nji ýylda («Пространственный анализ в экономической географии». M.,), D. Harweýiň 1974-nji ýylda («Научное объяснение в географии». M.,) ylmy işleri çap edilipdir. Soňky ýyllarda Günbatar Ýewropa döwletlerinde we ABŞ-da geograflar regionalizm (sebitleýin) konsepsiýalaryna (taglymatlara) uly üns beripdirler. Soňky ýyllarda ABŞ-da ykdysady geograflar ýurduň ykdysady raýonlaşdyrylyşy we ştatlary boýunça hojalyk kärhanalaryny ýerleşdirmek barada ylmy işleri amala aşyrypdyrlar. Soňra 1954-nji ýylda belli amerikan ykdysatçysy **Walter Izardyň** ýolbaşçylygynda ykdysatçylar, geograflar, sosiologlar topary halkara guramasy hökmünde **Sebitleýin ylmyň assosiasiýasyny** döredipdirler. ABŞ-da Pensilwan uniwersitetinde geografiýa fakultetiniň adyny sebitleýin ylmy fakulteti diýip atlandyryp, oňa Izard ýolbaşçylyk edipdir. Şeýlelikde, Izardyň usullaryny peýdalanyp, amerikan we Günbatar Ýewropa alymlary şäherleriň, bazarlaryň geografiýasyna, rekreasion we agro-geografiýa, syýasy geografiýa uly üns beripdirler. XX asyryň 70–80-nji ýyllarynda dünýäniň ilatynyň sanynyň çalt artyşy bilen baglanyşykly halkara derejede ilat meselelerini (ilatyň tebigy artyşy, oba we şäher ilaty, milli mesele, sosial ýagdaýy, mil-

letparazlyk syýasaty) oňyn çözmeklik üçin köp ylmy-barlag işler geçirildi.

XX asyryň soňky onýyllygynda ösen döwletlerde geografiýa ylmynyň öňünde tebigatdan peýdalanmak, hojalygyň meýdan-çäk düzümini kämilleşdirmek, ilaty ýerleşdirmek, jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky arabaglanyşygyň bütindünýä we sebitleýin meselelerini çözmek döwrüň talabyna laýyk gelýärdi. Demirgazyk Amerikada, Günbatar Ýewropada halkara monopolistik birleşmeleriň döremegi bilen halkara ykdysady gatnaşyklary, bütindünýä bazarlary öwrenmeklige uly üns berlip başlandy. Sosialistik ulgamyň dargamagy bilen, öňki sosialistik döwletlerde bazar ykdysadyýetine geçmek bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmeklige girişdiler. XXI asyryň başynda ykdysady we durmuş geografiýasynyň: adamzadyň ýaşaýşy, işsizligiň, jenaýatçylygyň, bilimiň, sportuň, menejmentiň, sebitleýin dolandyryşyň, syýasy we saýlawlar geografiýasy, dürli keselleriň ýaýraýyş, aýallaryň ýaşaýyş we zähmet geografiýasy ýaly täze ugurlary peýda boldy.

### 1.3.7. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň Türkmenistanda öwrenilişi we ösüşi

Türkmenistanyň häzirki meýdan-çägi Russiýa birikdirilenden soň, geografiki barlag işleri başlanýar. 1884-nji ýyldan başlap **A. M. Konşin** Merkezi Garagumda gözleg işlerini geçirip, Üňüz boýunda kükürt käniniň bardygyny we Nebitdagda nebitiň kändigini habar beripdir. Russiýanyň pagtaçylyk senagatyny çig mal bilen üpjün etmek maksady bilen, 1906–1914-nji ýyllarda **M. N. Ýermolaýew** Amyderýa, Murgap we Tejen sebitlerinde barlag geçirýär. Amyderýanyň suwuny Tejen–Murgap raýonlaryna akdyryp boljakdygyny subut edýär. 1906–1914-nji ýyllarda täze özleşdiriljek ýerlere tebigy-ykdysady nukdaýnazardan baha bermek maksady bilen, **S.S. Neustruýewiň** we **L.I. Prasolowyň** ýolbaşçylygynda toprak-botaniki barlag işleri geçirilýär. 1912-nji ýylda meşhur klimatolog **A.W. Woýeýkow** barlag işlerini geçirip, «Pagtaçylyk nukdaýnazardan Zakaspi oblastyny suwaryş» («Орошение Закаспийской области с точки зрения

хлопководства») diýen işini çap etdirýär. Türkmenistanyň (Zakaspi oblastynyтуň) ykdysady-geografik beýany ilkinji gezek K.M. Fýodorowyň («Zakaspi oblasty», Ashabat, 1901), W.I. Masalskiniň («Türküstan ülkesiniň geografiýasy we taryhy», Daşkent, 1914) işlerinde beýan edilipdir. 1924-nji ýylda Soýuzyň düzüminde Türkmenistan respublikasynyň döredilmegi bilen onuň ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli maglumatlar peýda bolup başlaýar. 1930-njy ýylda Türkmenistanda ilkinji döredilen ylmy-barlag edara TSSR Gosplanynyň ýanynda Ykdysady barlaglar institutydyr. Institut tarapyndan 1937-nji ýylda çykarylan ylmy monografiýada ilkinji gezek Türkmenistanyň raýonlaryna ykdysady-geografiýa taýdan häsiýetnama berilýär. 1931-nji ýylda Aşgabatda pedagogik institut, 1935-nji ýylda onuň düzüminde geografiýa kafedrasy açylýar. 1940-njy ýylda Çärjew pedinstitutynda, 1941-nji ýylda Daşoguz mugallymçylyk institutynda, 1949-njy ýylda W.I. Lenin adyndaky Türkmen döwlet pedagogik institutynda geografiýa kafedralary açyldy. Bu kafedralaryň kömegi bilen ýokary bilimli müňlerçe ykdysady we fiziki geografiýadan hünärmenler taýýarlanyldy.

Beýik Watançylyk urşunyň başlarynda Moskwanyň we Odessanyň döwlet uniwersitetleri wagtlaýynça Türkmenistana geçirilýär. Moskwa uniwersiteti Aşgabatda, Odessa uniwersiteti Baýramalyda ýerleşdirilýär. 1941-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inde SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialy döredilýär. Şol uniwersitetleriň alymlarynyň kömek bermegi netijesinde Aşgabat pedagogik institutynyň we SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialynyň köp işgärleri kandidatlyk, soňra doktorlyk dissertasiýalaryny goraýarlar. SSSR Ylymlar Akademiýasynyň akademikleri **N.M. Gubkiniň, S.G. Strumiliniň, W.A. Komarowyň, N.S Kurnakowyň, B.A. Kelleriň, D.W. Naliwkiniň, A.E. Fersmanyň, D.I. Şerbakowyň** ylmy ýolbaşçylygynda Türkmenistanda köp ylmy-barlag işler geçirildi. SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialynda Türkmenistan YA-nyň akademigi, biologiýa ylymlarynyň doktory, professor **M.P. Petrowyň** ýolbaşçylygynda ykdysadyýet we geografiýa sektory döredilýär. Şonuň esasynda 1957-nji ýylda Ykdysadyýet instituty açylýar. 1950-nji ýylda Aşgabat

pedinstitutynyň çäginde Türkmen döwlet uniwersiteti döredilýär. Geçen asyryň otuzynjy ýyllaryndan başlap mekdeplerde geografiýa dersi okadylypdyr. 1934–35-nji ýyllardan başlap pespublikanyň şäherlerinde we obalarynda hökmany ýediýyllyk okuw girizilýär.

1951–1953-nji ýyllarda Baş Türkmen kanalyny geçirmek maksady bilen Demirgazyk Türkmenistanda, Amyderýanyň aşak akymyndan Uzboýyň ugry bilen Etrege çenli, Aral-Kaspi kompleks ekspedisiýasy, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we Geologiýa uprawleniýesiniň ençeme ekspedisiýalary barlag işlerini geçirdiler. Ekspedisiýalaryň ylmy netijeleri «Aral-Kaspi ekspedisiýasy» (3-nji göýberiliş, M., 1954) we başga-da birnäçe ylmy makalalarda beýan edilipdir. Türkmenistanyň ykdysadyýetine we ykdysady geografiýasyna degişli monografiýalar, statistiki ýygyndylar we ylmy-populýar kitaplar dürli ýyllarda çap edildi. Olara A. Artykowyň «Türkmenistan SSR-niň senagaty 25 ýylda» (Aşgabat, 1950), Z.G. Freýkiniň «Türkmenistan SSR-i» (Aşgabat, 1957), A. Babaýewiň we başgalaryň «Sowet Türkmenistany» (Asgabat, 1958), A. Saakýanyň we L. Kurbanowyň «Türkmenistan SSR-niň ykdysady ösüşiniň gysga oçerki» (Aşgabat, 1957), A.Annagylyjowyň «TSSR-iň çig mal resurslary we olaryň senagatda peýdalanylyşy» (Asgabat, 1958), W.I. Rodýukowyň «Sowet Türkmenistanynyň ykdysady aragatnaşyklary» (Aşgabat, 1963), Ýe.Ýe. Leýzerowiçiň «Çölleri özleşdirmegiň ykdysady-geografik problemalary» (Moskwa, 1968), B. Baýramowyň «Türkmenistanyň energetikasynyň ösüşi» (Aşgabat, 1971), J. Alladatowyň we B. Meredowyň «Türkmenistanyň senagaty ösüş ýolunda» (Aşgabat, 1972), A.G. Babaýewiň we beýlekileriň «Türkmenistan SSR-niň geografiýasy» (Aşgabat, 1978), A.B. Batyrowyň, D. Amanekowyň, K. Weýsowyň, P. Esenowyň, K. Rejepbaýewiň, M. Nurberdiýewiň, O. Söýünowyň, Ö. Sopyýewiň, A. Hojagulyýewiň, R. Genjiýewiň, A. Artykowyň, S. Weýisowyň, N. Oraýewiň, B. Orazmyradowyň, Ä. Berdiýewiň, A. Babaýewiň, B. Nepesowyň, E. Ýegengeldiýewiň, Ýo. Itibaýewiň, M. Kurambaýewiň, D. Nurmedowyň, A. Arnageldiýewiň, Ö.R. Gurbanowyň, G. Gurbanmyradowyň, B. Babaýewiň, M. Nepesowyň, Ö. Jumadurdyýewiň, O. Saparowyň, A. Ataýewiň, H.R. Baýramowyň, H. Orazowyň, M. Hudaýýarowyň, A. Magtymowyň, B. Çaryýewiň, T. Aman-

mämmedowyň, G. Täjibaýewanyň, M. Allakowyň, başga-da birnäçe hünärmenleriň ýüzlerçe ylmy işleri türkmen we rus dillerinde çap edildi. Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygyny gazanan gününden başlap, ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli ylmy barlaglar ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek, halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak meselelerini çözmeklige bagyşlandy. Döwletimiziň hojalygyny ösdürmek üçin «On ýyl abadançylyk, agzybirlik, asudalyk, jebislik», «Täze oba» «Bilim», «Galla», «Pagta», «Nebit we gaz» syýasatlary yglan edildi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap yzagalak ykdysadyýeti bolan Türkmenistany dünýä derejesine ýetirmek barada köp aladalar edildi. Şonuň üçin öň gurulman ýatan kärhanalary tiz wagtyň içinde gurmak, öňki bar bolan senagat kärhanalarynyň durkuny täzelemek, öndürýän önümini dünýä ölçegine laýyk getirmek esasy meseleleriň biri boldy.

Netijede, 2000–2010-njy ýyllar aralygynda «Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli Baş ugry» milli Maksatnamasy kabul edildi. Şu Maksatnama laýyklykda, döwletimiziň hojalyk pudaklary ep-esli ösdi. 2000-nji ýyldan bäri döwlet boýunça ykdysady ösüş 17–22% aralygynda boldy. Bu dünýä boýunça iň ýokary ykdysady ösüş hasaplanýar. Garaşsyzlygyň geçen ýyllarynda ykdysadyýeti ösdürmekde uly üstünlikler gazanyldy. Netijede, gysga wagtyň içinde galla meselesi çözüldi. Döwletimizde göz öňüne tutulan azyk we ykdysady howpsuzlygy üpjün etmek meselesi hem üstünlikli çözülýär. Bu meseleleri ylmy nukdaýnazardan çözmeklige döwletimiziň dürli ylmy-barlag institutlarynda işleýän ykdysatçy alymlar bilen birlikde ykdysady geograf alymlar hem öz goşantlaryny goşýarlar. Soýuz döwründe Türkmenistanda ykdysady we durmuş geografiýasynyň ösmeginde Ylymlar Akademiýasynyň ykdysadyýet, Türkmenmillihasabat, Çöller we beýleki ylmy-barlag institutlaryň ylmy işgärleriniň goşan goşantlary  has uludyr.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, S. Seýdi adyndaky mugallymçylyk institutynyň geografiýa kafedralarynyň professor-mugallymlarynyň bitiren işleri bellemäge mynasypdyr. Olaryň we Çöller institutynyň alymlarynyň ykdysady we durmuş

geografiýasyna degişli ylmy işlerine häli-şindi gabat gelip bolýar. Bu babatda edilen işler köp hem bolsa, edilmeli, ýerine ýetirilmeli we çözülmeli meseleler entek hem köp.

### EDEBIÝAT


*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T. 2, Aşgabat, TDNG, 2009.

*Гундогдыев О.* «Черное золото» Древнего Хорезма. Ж. Туркменистан, № 7-8, 2006, стр. 4-15.

*Голубчик М.М., Э.Л.Файбусович* и др. Экономическая и социальная география: Основы науки. Москва, «Владос», 2003.

*Капица С.П.* Общая теория роста человечества: сколько людей жило, живет и будет жить на Земле. Москва, УРСС, 2009.

*Огарев Н.П.* Избранные социально-политические и философские произведения. Москва, 1952. Т. 1.

*Oraýew N.* Türkmenistanyň ykdysady-sosial geografiýasy (okuw gollanma) Aşgabat, Magaryf, 1996.

*Саушкин Ю.Г.* Географическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980.

*Семевский Б.Н.* Теоретическая экономгеография. Москва, «Наука», 1981.

*Татищев В.Н.* Избранные труды по географии России. Москва, 1950.

Türkmenistan SSR-i. TSE, 8-nji tom. Aşgabat, 1978.


## I.4. YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ USULYÝET, USULYÝETÇILIK ESASLARY

### 1.4.1. Jemgyýet we geografik sreda barada düşünje

Tebigat – bu hakyky bar bolan maddy dünýä, ol hereket edýän dürli sypatdaky we görnüşdäki jisimleriň jemidir. Şol sebäpli Gün ulgamyndaky ähli jisimler tebigaty düzýär. Sözüň pelsepe manysynda, tebigata görýän we görmeýän zatlarymyzyň hemmesi girýär.

Tebigy sreda – tebigy şertleriň we baýlyklaryň jemi. Tebigy şertler janly dünýäniň ýaşamagy üçin zerur zatlar: Günüň ýagtysy, ýylylygy; klimat aýratynlyklary (howanyň ýylylygy we sowuklygy, çyglylygy, basyşy, pasyllar boýunça üýtgeýşi we ş.m.) we Ýer üstüniň gurluşy degişli. Tebigy baýlyklara – Ýerden gazylyp alynýan ähli zatlar: ýangyç görnüşleri, minerallar, howa, ýer, suw, ösümlik we haýwanat baýlyklary hem girýärler. Tebigy ýa-da geografiki sreda adamzat we ähli janly jandarlar üçin üç sany şerti ýerine ýetirýär: 1. Ýaşaýyş şerti bolup hyzmat edýär; 2. Ýaşamak üçin ýer, orun emele getirýär; 3. Janly bedenlileri ýaşaýyş serişdeleri bilen üpjün edýär.

Adamzadyň özi tebigatyň önümi bolup durýar. Onuň emele gelmeginde tebigy sredanyň (tebigy şertleriň we baýlyklaryň) ähmiýeti örän uly bolupdyr. Adamzat irki döwürlerde özüniň ýaşaýşyny tebigy şertlere we baýlyklara görä gurnamaly bolupdyr. Şonuň üçin ol özüniň ýaşaýşynda tebigy ýa-da geografik sredanyň biologiki we fiziki kanunlaryna boýun bolýar. Adam köp halatlarda öz akyly we zähmeti bilen emeli ýa-da durmuşy sredany, ýagny ýaşamak we işlemek üçin özüne oňaýly şert döredýär. Ol hökmany ýagdaýda tebigatyň kanunlaryna tabyn bolýar. Şonuň üçin tebigatyň kanunlaryny alymlar öwrenýärler. Tebigatda bolup geçýän hadysalary, kanunlary, kanunalaýyklyklary öwrenip, hojalygy dolandyrmaklyga zyýan bermez ýaly taraplaryny ulanýarlar.

Adam ähli döredýän zatlaryny, şol sanda iýýän iýmitini, geýýän eşigini, münýän maşynyny hem tebigatdan öz çeken zähmetiniň haky, paýy hökmünde alýar. Tebigy, geografiki sreda ähli adamlar üçin ýaşaýyş çeşmesi, olaryň önüm öndürmegi, aslynda ýaşamagy üçin örän zerurdyr.

Adamlar özleriniň akyl-paýhasy, zähmet bölünişigi, zähmet çekip önüm öndürmegi arkaly jemgyýeti emele getirýärler. Tebigat hiç haçan hem jemgyýetiň ösmegini, onuň nähili durmuşy ösdürmelidigini kesgitläp bermeýär. Jemgyýetiň ösmegine esasy güýç, ol hem önümçiligiň usuly, täri – şolaryň esasynda adamlaryň maddy nygmatlary öndürmekligi sebäp bolýar. Önümçiligiň usuly we täri jemgyýet bilen tebigy sredanyň arasynda kesgitli özara gatnaşyklary ýola goýýar.

Gadym zamanlarda we orta asyrlarda jemgyýetiň ulanan zähmet gurallary ýönekeý bolansoň, tebigat bilen olaryň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykmandyr. Soňky ýyllarda olaryň zähmet gurallarynyň has kämilleşmegi bilen, olaryň tebigata edýän täsirleri has güýçlenip başlapdyr. Tebigy şertleriň we baýlyklaryň ulanylyşy jemgyýetiň durmuş-ykdysady gurluşy bilen baglanyşykly bolýar. Jemgyýet nähili ösen we kämilleşen bolanda-da, olaryň arasynda sazlaşyk bolmaly. Şol sazlaşygy kadalaşdyrmaklygy, jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky arabaglanyşygy ykdysady we durmuş geografiýasy öwrenýär.

### 1.4.2. «Tebigat–ilat–hojalyk» ulgamynyň bütewiligi

Tebigat – ilata-da, onuň hojalygynyň ösüşine-de bagly däl. Onuň özüne mahsus ösüş aýratynlyklary, kanunlary we kanunalaýyklyklary bar. Tebigat adamzat emele gelmezinden milliardlarça ýyl öň emele gelen. Adamzadyň emele gelmegi we kämilleşmegi üçin tebigatyň özi ähli mümkinçilikleri döredipdir.

Ilatyň, adamzat jemgyýetiniň ýaşaýan ýerlerinde tebigat bilen olaryň arasynda gatnaşyk başlanýar. Şol gatnaşyklary çuňňur öwrenmek, adamzat jemgyýetine zerur. Sebäbi adamzat özüniň hojalyk ulgamyny dowam etdirmek we ösdürmek üçin tebigatyň şertlerinden (ýerinden, howasyndan, suwundan, ýagtylyk we ýylylyk energiýasyndan) peýdalanýar. Ondan başga-da, maddy önümçiligi döretmek üçin onuň baýlyklaryny hem ulanýar. Ilat tebigy şertleri – howany, ýagtylygy, Günüň ýylylygyny, ýeliň güýjüni näçe ulananda-da, tebigata uly zyýan ýetmeýär. Emma tebigy baýlyklary rejeli ulanman, bisarpa peýdalanylan ýagdaýynda onuň ätiýaçlygy azalýar, gutarmak howpy abanýar. Onuň suw, toprak, ösümlik baýlyklary rejeli ulanylmasa, ilaty betbagtçylyga getirýär. Ýaşaýan ýerini taşlap gitmäge mejbur bolýar. Muňa Ýer togalagy boýunça birnäçe mysal getirip bolar. Şeýle ýagdaýda siwilizasiýanyň soňy puç bolýar. Ilat öz hojalyk ulgamlaryny, mekan tutan mesgenini taşlamaga tebigat tarapyndan mejbur edilýär.

Hojalyk ulgamlarynyň arasynda näsazlyk ýüze çyksa ony öwrenip, tebigy şertleri we baýlyklary adamzat üçin döreden tebigata

ýakyndan kömek bermegi unutmaly däl! Tebigata aýlawly garalsa, onuň tebigy baýlyklaryny dikeltmäge ýardam edilse, tebigat – ilat – hojalyk ulgamyň bütewiligi elmydama saklanar.

### 1.4.3. Durmuş ulgamlarynyň ösüşi, ilatyň köpelişi, durmuş-demografik ýagdaýlar we olaryň tebigata edýän täsiri

Durmuş ulgamlarynyň ösüşi dünýäniň hemme döwletlerinde birmeňzeş däl. Dünýäniň ykdysady taýdan has ösen döwletlerinde ilatyň tebigy köpelişiniň pesligi zerarly durmuş hajaty oňat guralan. Olaryň ýaşaýyş jaý üpjünçiligi, durmuş hyzmaty gullugy beýleki orta derejede ösen we ösýän döwletlere garanda, gowy berjaý edilen. Bu ýagdaý önümçiligiň ösüşine we ýerleşişine bagly bolup durýar. Ösen döwletlerde önümçilik doly mehanizasiýalaşan we awtomatizasiýalaşan. Şol sebäpli, olaryň önümçiliginde agyr zähmeti awtomatik ulgamlar, robotlar ýerine ýetirýärler. Şonuň üçin adamlaryň zähmet şertleri, ýaşaýyş derejesi has ýokary. Ösen döwletleriň oba hojalyk kärhanalarynda hem agyr zähmeti diňe mehanizmleriň kömegi bilen amala aşyrýarlar. Adamlar senagat kärhanalarynda jogapkär ýerlerde, önümçiligi dolandyryş merkezlerde oturyp, kompýuterleriň kömegi bilen köp işlerini ýerine ýetirýärler. Önümçilikde ähli işgärleriň ýokary bilimli bolmagyny gazanýarlar. Eger işleýän işgär ýokary bilimli bolsa, onuň öndürijiligi has ýokary bolup, islendik kärhana ýokary peýda hem-de girdeýji getirýär. Muňa garamazdan, ykdysady taýdan ösen döwletlerde ilatyň tebigy artyşy örän haýal. Şäher ilatynyň sany artýar. Köp kärhanalarda işçi güýji ýetmezçilik edýär. Ösýän döwletlerden gazanç etmäge işçiler gelýärler. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň ilaty emigrantlaryň hasabyna köpelýär. Ilat garraýar. Şeýlelikde, bu döwletler üçin özboluşly demografik ýagdaýlar emele gelýär.

Orta derejedäki ösen döwletlerde hem ýagdaý erbet däl. Durmuş hajatlarynyň guralyşy elýeter diýen ýalydyr. Ol döwletlerde hem ilata durmuş hyzmatyny berjaý etmek ýokary derejä golaýlaşdyrylýar. Munuň esasy sebäpleriniň biri zähmet öndürijiliginiň ýokary, şoňa

baglylykda zähmet hakyň ýaşamak üçin ýeterlik bolmagydyr. Şol sebäpli ykdysady taýdan has ösen döwletlerde işçileriň we gullukçylaryň esasy bölegi durmuş hyzmaty gullugynda zähmet çekýärler. Bu pudaklar ösen döwletleriň köpüsinde has düşewintli pudak hasaplanýar.

Islendik döwletde özboluşly, şol döwlete häsiýetli geodemografik meseleler bolýar. Ilatyň tebigy, mehaniki köpelişini käbir döwletler emeli ýol bilen dolandyrýarlar. Sebäbi, ilaty döwletiň çäginde ýerleşdirmek, olary iýmit, durmuş hyzmaty, bilim, ylym edaralary bilen üpjün etmek ýaly meseleler ýüze çykýar. Şonuň üçin her bir döwletiň özüne mahsus geodemografik meseleleri bar. Mysal üçin, has ösen döwletlerde ýaşlaryň sanynyň azalmagy, garrylaryň we gartaşan adamlaryň köpelmegi ýaly meseleler häsiýetli. Awstraliýada we Ummanystanda (Okeaniýada) gartaşan adamlar ähli ilatyň ondan birini eýeleýär. Olar Demirgazyk Amerikanyň ilatynyň 13% -ni, Ýewropanyň ilatynyň 14%-ni tutýar.

Şol döwletler üçin geljekde watanyny goramak, önümçilik kärhanalaryny işgärler bilen üpjün etmek meselesi esasy problemalaryň biri bolup durýar. Şu problemalary oňaýly çözer ýaly, durmuş we ykdysady geografiýasynyň hünärmenleri ilaty öwrenmek boýunça ylmy-barlag işleri geçirýärler. Bütin dünýäde gartaşan (65 ýaşdan ýokary) adamlaryň sany (2009 ý.) jemi ilatyň 8%-ni tutýan bolsa, Ýewropada we Demirgazyk Amerikada (15–20%) olar 2 esse artygrakdyr. Onuň tersine, beýleki gury ýer böleklerinde 15 ýaşa çenli ýaşlaryň sany agdyklyk edýär. Aziýa, Latyn Amerikasy, Afrika döwletlerinde ýaş ösdürimleriň (40–45% – 2009 ý.) sanynyň köplügi sebäpli olary mekdebe çenli ýaşlary terbiýeleýän çagalar edaralary, häzirki zamanyň talabyna laýyk gelýän mekdepler, mekdebi gutaran ýaşlary okatmak, okuwlary tamamlanlaryndan soň iş ýerleri bilen üpjün etmek esasy meselä öwrülýär.

Ilatyň çalt köpelýän, Garaşsyzlygyny gazanan ösýän ýurtlarda, durmuş hyzmaty gullugy haýal döredilýär. Onuň sebäbi bu görnüşli döwletlerde senagat kärhanalary haýal gurulýar. Oba hojalyk, ulag ulgamlary haýal ösýär. Döwletiň esasy maýa goýumlary senagaty, oba hojalygyny, ulaglar ulgamyny ösdürmeklige gönükdirilýär. Şol sebäpli, hem durmuş hyzmaty gullugy haýal aýaga galýar. Sebäbi

ony ösdürmäge döwletde öndüriji güýçleriň ösüşi, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň amala aşyrylyşy mümkinçilik bermeýär. Önümçiligiň derejesi, olaryň gerekli mehanizmler, enjamlar bilen üpjün edilişi pes. Tersine, ilat çalt köpelýär. Ony döwlet iş, ýaşaýyş jaý, durmuş hyzmaty bilen üpjün edip bilmeýär. Şu sebäpli ösýän döwletlerde durmuş-demografik hadysalar emele gelýär. Çagalar baglary, döwrebap mekdepler ýetmezçilik edýär. Medisina gullugy haýal ösýär. Bu pudaklary ösdürmek üçin döwletleriň maliýe serişdeleri kemterlik edýär. Şol sebäpli ösýän döwletlerde köp ýagdaýlarda tebigy baýlyklar: nebit, tebigy gaz, kömür, dürli magdanlar, tokaý agaçlary, oba hojalyk önümleri dünýä bazaryna çykarylýar. Eger atlary agzalan tebigy baýlyklary daşary ýurt kompaniýalary gazyp alýan bolsalar, käbir ýagdaýlarda olary açgözlük bilen peýdalanýarlar. Olary tygşytly peýdalanmaklygyň pikirini etmeýärler. Şeýlelikde, tebigy baýlyklar bisarpa ulanylyp başlanýar. Belli bir derejede tebigata zyýan ýetirilýär.

### 1.4.4. Ilatyň hojalygyna tebigy hadysalaryň edýän täsiri

Tebigy hadysalar dürli-dürli bolýarlar. Olaryň köpüsi ilatyň hojalygyna uly zyýan ýetirýärler. Olardan has aýylgançlarynyň biri güýçli **ýer titremesidir.** Alp daglarynyň ulgamynyň ýaýran ýerlerinde güýçli ýer titremeler bolup durýarlar. Türkmenistanyň günorta welaýatlary 7–9 bally ýer titreme zolagyna degişli. Şonuň üçin hojalyk kärhanalary gurlanda, şol tebigy betbagtçylygy göz öňünde tutup, ymaratlary has berk edip gurmaly bolýar. Jaýlaryň esasy sütünleri demir-betondan, ýagny berk edilip gurulýar.Bu öz gezeginde maddy harajatlary köp talap edýär. Tebigy hadysalaryň ikinji bir howplusy **sil gelmegi we derýa joşmasydyr.** Sil gelmegi köp ýagdaýlarda dag etegi düzlükler üçin häsiýetlidir. Türkmenistanda gyş we bahar aýlary Atlantika okean tarapdan çygly, doýgun bulut akymlary gelende ygal köp düşýär. Şeýlelikde, Köpetdag, Paropamiz, Köýtendag we dag etegi baýyrlara köp ygal düşende sil gelýär. Tejen, Murgap, dag etegi derýalarymyzdan gelýän suwuň akymy onlarça esse köpelýär. Şol sebäpli siliň geljek ugurlarynda, derýalaryň çaýlymynda, jaý gurmak

we ekin ekmek maslahat berilmeýär. Şol ýerleri diňe rekreasiýa, dynç alyş maksatlary üçin ulanmak zerurdyr. Ol ýerlerde sil gelýän ugurlary agaç ekip, berkitmek işlerini amala aşyrmaly bolýarlar.

Derýa joşmasy häzirki wagtda Günbatar Ýewropa, Demirgazyk we Günorta Amerika, Aziýa, Awstraliýa materikleri üçin häsiýetli. Bu materikleriň käbir sebitlerinde gyşyna gar örtüginiň köp düşýänligi we bahar, ýaz aýlary ýagşyň köp ýagmagy netijesinde derýalarda suw joşýar, olaryň kenarlarynda ýerleşen obalary, şäherleri suw basýar. Olary suw basmaz ýaly, derýalaryň kenarlarynda emeli gaçy(raýşyny) galdyrýarlar. Derýalarda suw joşýanlygy sebäpli soňky ýyllarda gurulýan obalary, şäherleri sil suwlarynyň baryp bilmejek ýerlerinde gurýarlar.

**Tozanly howa we apy-tupan** hem hojalyk kärhanalaryna, şol sanda oba hojalygyna uly zyýan berýär. Miweli agaçlaryň gülüni, miwesini gaçyrýar. Suwarylan ýerleri çalt guradýar. Däneli ekinleriň hasyly ýetişende baldaklaryny ýatyrýar. Maşynlaryň kömegi bilen olaryň hasylyny ýygnamak kynlaşýar. Gowaça gülleýän wagty güýçli ýel öwüsse, ol gülüni döküär. Şonuň üçin ýeliň esasy öwüsýän ugurlaryna ters edilip tokaý zolaklary döredilýär. Tokaý zolaklary oba hojalyk ekinlerini şol apy-tupanlardan goraýar. Ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmaga gowy täsir edýär.

Tebigy hadysalary öwrenip, olaryň hojalyga zyýansyz bolmagyny gazanmak durmuş we ykdysady geografiýasynyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar.

### 1.4.5. «Tebigat – ilat – hojalyk» üçlemäniň esasy sypatlary we özara täsir ediş kanunalaýyklyklary

Öň belläp geçişimiz ýaly, tebigat, onuň çäklerinde belli bir ýerde ýerleşen ilat we onuň hojalyk kärhanalary özara bir-birine päsgelsiz, garşylyksyz hereket etmelidirler. Ol üçlemäniň esasy sypatlarynyň biri: bir-birine zyýansyz bolmagydyr. Tebigatda islendik ýerde mekan tutan ilat, onuň sowatly adamlary, ylmy we döwlet işgärleri, şol ýeriň tebigy aýratynlyklaryny bilip, şoňa garşy durmaýan, zyýan ýetirmeýän senagat, oba hojalyk, ulag ulgamlaryny ösdürmelidirler. Şeýle

ýagdaýda bu üçleme (Tebigat – ilat – hojalyk) üçin hiç hili howp döremeýär. Olar uzak ýyllaryň dowamynda agzybirlikde tebigata we onuň böleklerine zyýan bermezden ýaşaşyp bilýärler. Eger-de adamzat diňe öz bähbidini göz öňüne tutup tebigy baýlyklardan açgözlik bilen peýdalansa, onda tebigata däl, eýsem öz hojalygyna hem uly zyýan ýetirýär. Şonuň üçin ykdysady we durmuş geografiýasynyň öňünde durýan esasy wezipeleriň biri, tebigatyň şertleriniň we baýlyklarynyň ulanylyşyny öwrenmek we olary kadalaşdyrmak barada teklipleri ylmy esasda işläp düzmekden ybaratdyr. Ýeriň islendik çäginde tebigy deňeçerligi (balansy), deňagramlylygy saklamak ähli ynsanyň borjy hasaplanýar. Bu üçlemäniň arasyndaky kanunalaýyklyklary ykdysady we durmuş geografiýasynyň hünärmenleri elmydama öwrenýärler. Olaryň arasyndaky deňagramlylygy kadalaşdyrmak üçin önümçilik kärhanalaryna degerli maslahatlary berýärler.

## EDEBIÝAT


*Алаев Э.Б.* Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.

*Балакирев Е.К.* Пылевые, североаравийские циклоны, смерчи и живые дожди в Туркмении. Ашхабад, 1988.

*Голубчик М.М., Э.Л.Файбусович* и др. Экономическая и социальная география: Основы науки.Москва, «Владос», 2003.

*Durdyýew S., Saparow O., Orazow M., Gurbandurdyýew G.* Ekologiýa. Aşgabat, TDKP-niň neşirýaty, 2005.

*Новиков Ю.В.* Экология, окружающая среда и человек. Москва, Гранд-Фаир, 2003.

*Саушкин Ю.Г.* Географическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980.

*Семевский Б.Н.* Введение в экономическую географию. Ленинград, ЛГУ., 1976

*Hudaýýarow M., Fýodorow Ýu. N.* Atmosferany goramak – häzirki zamanyň möhüm problemasydyr. Aşgabat, 1989.

# II. YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ ESASLARY HAKYNDA UMUMY DÜŞÜNJELER, GARAÝÝŞLAR ULGAMY

## II.1. DÖWLETIŇ HOJALYGYNY ÖSDÜRMEKDE ONUŇ MEÝDAN-ÇÄGINIŇ, YKDYSADY-GEOGRAFIK ÝERLEŞIŞINIŇ, TEBIGY ŞERTLERINIŇ WE BAÝLYKLARYNYŇ ÄHMIÝETI

### 2.1.1. Döwletiň ýeriniň geografik ýerleşişi, ululygy we bitewiligi hakynda düşünje

Döwletleriň ykdysadyýetiniň ösmegine belli bir derejede onuň geografik ýerleşişi täsir edýär. Ir zamanlardan bäri deňizleriň we ummanlaryň kenarlarynda ýerleşen döwletleriň beýleki gury ýeriň jummüşinde ýerleşen döwletlere garanda deňizlerde, ummanlarda ýüzmeklige, goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary gowulandyrmaklyga mümkinçiligi uly bolupdyr. Şonun üçin ol döwletler gury ýeriň içki böleklerinde ýerleşen döwletlere garanda, köp geografiki açyşlary amala aşyrypdyrlar. Özlerine kolonial ýerleri birikdiripdirler. Netijede, özleriniň ykdysadyýetini has çalt ösdüripdirler. Bular ýaly döwletlere Ýaponiýa, ABŞ, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Gollandiýa, Kanada mysal bolup bilerler.

Häzirki günlerde-de gönüden-göni deňizlere, ummanlara çykyp bilmeýän döwletleriň ulag, aragatnaşyk meselesinde kynçylyklar döreýär. Bulara Aziýada Owganystan, Nepal, Mongoliýa, Afrikada-da birnäçe döwletler degişlidir. Şolar daşary döwletler bilen söwda, aragatnaşyk etjek bolsalar, goňşy döwletleriň üstünden geçmeli, ylalaşyk boýunça töleg tölemeli bolýarlar.

Biziň döwletimiz ykdysady geografik taýdan Merkezi Aziýada amatly ýerleşen döwletleriň biri. Sebäbi gönüden-göni Hazar deňzine



**10-njy surat. Hazar deňziniň türkmen kenary**

çykyp bilýär *(10-njy surat).* Onuň üsti bilen we Wolga-Don kanaly arkaly Azow, Gara, Orta Ýer deňizlerine çykalgasy bar. Şonuň üçin Türkmenbaşy şäherine «Merkezi Aziýanyň deňiz derwezesi» diýip aýdýarlar. Şu şäheriň üsti bilen Ýewropadan Merkezi Aziýanyň köp döwletlerine, ol döwletlerden bolsa, Türkmenbaşy şäheriniň üsti bilen Ýewropa döwletlerine ýükler gatnadylýar.

Döwletleriň ykdysady geografik ýerleşişinde araçäkden akýan derýalaryň hem uly ähmiýeti bar. Meselem, Günbatar we Gündogar Ýewropa döwletleri üçin Dunaý, Merkezi Aziýada Amyderýanyň, Afrikada Nil derýalaryň ähmiýetleri örän uly. Ol derýalaryň üsti bilen her hili ýükler we ýolagçy gatnadylýar.

Döwletiň meýdan-çägi uly bolsa, köptaraplaýyn amatly. Ol ykdysady taýdan peýdaly bolýar. Ilatyň köpelmegi, senagat kärhanalaryň çig mala bolan isleginiň artmagy sebäpli döwletiň meýdany uly bolsa, köptaraplaýyn amatlydyr. Eger-de tebigy şertleri amatly bolup, ýer-suw, agroklimat baýlyklary elýeter bolsa, ol döwletiň raýatlary üçin uly baýlyk hasaplanýar. Şol baýlyklar häzirki günlerde öri meýdan hökmünde ulanylýan bolsa-da, belki, geljekde, onuň ýerastynda her hili baýlyklar-magdanlar, ýangyç çig mallary tapylmagy mümkin. Giň çägiň ýene bir ähmiýetli tarapy, ol hem onuň harby strategik ähmiýeti uludyr. Harby-strategik işler geçirilende döwletiň çägi

uly bolsa gowy bolýar diýip, harby meselelere bagyşlanan kitaplaryň köpüsinde nygtalýar.

Döwletiň ykdysady, syýasy-geografiki ýerleşişine baha berlende onuň meýdan-çägi bütewi, belli bir giňişlikde ýerleşenligi göz öňüne tutulýar. Döwletiň ýeri, çägi bütewi bir ýerde ýerleşse, ykdysady, syýasy, durmuş, harby nukdaýnazardan amatlydyr. Emma bu ýagdaý hemme döwletler üçin miýesser bolmaýar. Dünýäniň ýokary ösen döwletleriniň biri ABŞ-nyň Alýaska, Gawaý adalary hem-de esasy bölegi – aralary birnäçe müň kilometr üç sany bölekden ybarat. Beýle ýagdaý belli bir derejede ykdysady kynçylyklary döredýär. Sebäbi, şol aralyklarda ulag aragatnaşyklaryny gurnamak döwlete aňsat düşmeýär. Muňa ýene-de Kanadany, Ýaponiýany, Indoneziýany mysal getirip bolar. Olar birnäçe adalarda ýerleşýärler. Bu ýagdaý aragatnaşyk meselelerini çylşyrymlaşdyrýar. Şonuň üçin döwletiň ýeri, çägi bütewi bolsa ykdysady-geografik taýdan gowy ýerleşen diýilýär. M.M.Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 114–115) ýazmaklaryna görä, eger döwletiň käbir bölegi onuň gury ýerdäki esasy böleginden üzňe ýerleşen bolsa, geografiki edebiýatlarda oňa **«esklab»** döwlet diýilýär. Bu adalga adalara degişli däl. Döwletiň bir bölegi başga bir döwletiň meýdan-çäginde ýerleşip, diňe gury ýer boýunça araçäkleşýän bolsa **«anklab»** ýagdaýly diýilýär. Alýaska – ABŞ üçin **esklab,** öňki Nahiçewan ASSR-i **anklab,** Azerbaýjan üçin **esklab** hasaplanýar. Sebitiň **esklab** ýerleşmegi ýerli halkda daşky täsirlere baglylykda seperatistik garaýyşlary emele getirýär. Dili we dini garaýyşlary meňzeş bolan döwletleriň arasynda beýleki döwletleriň ýerleşmegi köp halatlarda ykdysady gatnaşyklara päsgel berýär. Meselem: Ermenistan bilen Russiýany, Russiýa we Belorussiýany – Ýugoslawiýa bilen ýakyn gatnaşyklarda bolmaklaryna geografiki ýerleşişlerinde päsgelçilikler bar. Sebitiň **esklab** ýagdaýy käbir ýagdaýlarda ýerli halky seperatistik ymtylmalaryna getirýär. Şeýle ýagdaý taryhda bolýan hadysa. Meselem: Päkistanyň gündogar bölegi onuň esasy böleginden aýrylyp, Bangladeş döwletini emele getirdi. Häzirki döwürde Russiýadan Çeçenistan, Ýugoslawiýadan Kosowo, Moldowadan Pridnestrowýe, Eýrandan we Yrakdan Kürdüstan özbaşdak bolmak isleýärler.

Geosyýasatyň tarapdarlary döwletleriň we halklaryň geografiki ýerleşişi olaryň ykbalyny kesgitleýär diýip düşünipdirler. Olardan iňlis geografy Halford Makkinderiň pikirine görä (M. M. Golubçik we beýlekiler, 2003, sah. 114–115), Ýewraziýanyň ýadrosynda ýerleşýän Russiýa döwletiniň **«Hartlendiň»** onuň töwereginde deňiz kenarýakalarda ýerleşen döwletleriň **«Rimlendiň»** biri-birine bolan garşylygy taryhy gutulgysyzdyr. Russiýanyň meýdan-çägini baglanyşdyryjy häsiýeti hakynda **D.I. Mendeleýew**: «Ýarysy Ýewropada, ýarysy Aziýada ýerleşen Russiýa, dünýäniň merkezi böleginde, ýagny Ýewropada we Aziýada ýerleşen döwletleri ylalaşdyrmak, baglanyşdyrmak, azat etmek üçin taryh belläpdir», diýip ýazypdyr. XX asyryň ikinji ýarymynda «Hartlend» SSSR-i deňiz ýakasy döwletlere «Rimlende» garşy duran ulgamlar emele geldiler. Emma Napoleon goşunlaryna (XIX asyryň başy), Germaniýa (XX asyryň ortasy) garşy durmak üçin Hartlend bilen Rimlendiň birleşendigine taryh şaýat.

Döwletleriň ykdysady-geografik ýerleşişi hakynda dürli garaýyşlar emele gelipdir. Russiýanyň ykdysadyýetini ösdürmek we geosyýasy ýagdaýyny gowulandyrmak üçin Pýotr I öz döwletiniň araçägini demirgazyk-günbatarda Baltika deňzine, günortada Azow, Gara deňizlerine çenli giňeldipdir.

Döwletleriň ykdysady-geografik ýerleşişinde «Kontinente golaý», «Kontinentde» diýilýän adalgalar hem ulanylýar. Döwletiň içinde ýerleşen meýdan-çäk birliklerine häsiýetnama berlende «makro», «mezo», «mikro» adalgalardan peýdalanylýar. Meselem: Aşgabat şäheriniň «makro» ýerleşişi diýlende, onuň Köpetdagyň eteginde Eýran döwletine golaýlygy, «mezo» ýerleşişi hakda gürrüň edilende, Ahal welaýatynyň döwletimiziň welaýatlaryndan 400–600 kilometr aralykda ýerleşendigini göz öňüne getirýäris. «Mikro» ýerleşişi diýlende, onuň Türkmenbaşy–Türkmenabat demir we daş ýollarynyň kesişýän ýerinde Köpetdag etegi düzlük we baýyrlyk ýerde ýerleşendigini pikir edýäris.

Ýeriň bitewiliginiň görnüşleriniň esasyny onuň ýeriniň üstüniň häsiýetnamasy düzýär. Döwletiň çäginiň esasy bölegi duzluk, tekiz ýer bolsa ykdysady taýdan özleşdirmek üçin amatly. Eger-de daglyk ýerlerde ýerleşen bolsa, harby-strategik taýdan ýaramsyz bolýar.

Bular ýaly bolan döwletiň özi üçin gowy, emma harby işleri geçirýän döwlet üçin amatsyz hasaplanýar. Döwletiň ýeriniň, çäginiň üsti tekizlik, düzlük bolsa özleşdirmek üçin örän ýaramly. Ýol, elektrik, turbageçirijileri gurmak üçin ykdysady taýdan bähbitli. Döwletiň çägini geçmesi kyn bolan daglyklar, belentlikler tutýan bolsa, ýokarda ýatlanan meseleleri çylşyrymlaşdyrýar, kynlaşdyrýar. Şular ýaly ýerüsti gurluşy bolan döwletleriň agroklimat şertleri hem oba hojalyk üçin ýaramly bolmaýar. Raýatlar isleýän oba hojalyk ekinlerini ekip bilmeýärler, ulag-kommunikasiýa meselelerini hem kynlaşdyrýar. Şonuň üçin ýer üstüniň gurluşy döwletiň çäginiň bütewiliginde esasy orun tutýar.

### 2.1.2 Döwletiň meýdan-çäginiň ykdysady-geografik ýerleşişiniň zerur alamatlary

Döwletiň ykdysady-geografik ýerleşişi çylşyrymly ulgam hasaplanýar. Ykdysady-geografik ýerleşiş kadalary jemgyýetçilik önümçiligine bolan gatnaşyklar bilen seljeren ýagdaýymyzda şu aşakdaky aýratynlyklar ýüze çykýarlar:

1) ulag-geografiki arabaglanyşygy, ýagny öwrenilýän meýdan-çägiň uly şäherara, döwletara ýollara ýakyn ýerleşmegi köp amatlylyklary döredýär. Ulag ulgamlaryna (demir ýola, daş ýollara, awia ýollara) golaý ýerleşmegi dürli ýükleri, ýolagçylary gatnatmakda uly ýeňillikler emele gelýär. Döwletiň bir tarapy deňiz ýa-da beýleki suw ýollary bilen galtaşýan bolsa (öň belläp geçişimiz ýaly), ykdysady taýdan ösmekligine itergi berýär.

2) işläp bejeriji senagatyň ösen şäherlerine, energiýa we çig mal çeşmelerine, sebitlere, döwletlere golaý ýerleşmegi ykdysady taýdan, şol sanda söwda işlerini guramak üçin hem amatly bolýar.

3) ilatyň esasy jemlenen ýeri – mesgenleri obasenagat toplumlaryna ýakyn ýerleşen bolsa, ilat köpçüligini azyk önümleri bilen üpjün etmekde kynçylyk döremeýär.

4) senagat we oba hojalyk kärhanalarynyň öndüren önümleri bazarlara ýa-da sarp edijilere ýakyn ýerleşse, ykdysady taýdan amatly bolýar. Bu ýagdaý senagat we oba hojalyk önümçiligini esasy kesgitleýji faktor hökmünde çykyş edýär.

6. Sargyt № 2076

5) demografiki ýerleşişi, ýagny, ilatyň bir ýere jemlenen, gür ýaşaýan ýerinde zähmet baýlyklarynyň, ylmy, inžener-tehniki işgärleriň toplanan ýerine golaý ýerleşse, önümçilik kärhanalary çalt depginler bilen ösýärler.

6) rekreasion-geografiki ýerleşişi – ýagny, dynç alyş we turizmiň ösen zonasyna golaý ýerleşmegi hojalygyň ösmegine uly ýardam edýär. Her bir döwletiň, meýdan-çägiň özboluşly ykdysady-geografiki ýerleşişi bar. Ol özboluşlylygy şu aşakdaky aýratynlyklary boýunça seljerip bolar: a) döwletiň merkezi şäherine bolan gatnaşygy; b) döwlet araçägine bolan gatnaşygy; ç) dünýä ummanynyň deňizlerine ýakyn ýerleşmegi; d) gämi gatnawly derýalara ýakyn ýerleşmegi; e) ykdysady taýdan ösen şäherlere, industrial merkezlere golaýlygy döwletiň meýdan-çäginde ýerleşen hojalyk kärhanalarynyň ösüşine öz täsirini ýetirýär.

### 2.1.3. Tebigy şertler we baýlyklar, tebigy baýlyklaryň toparlanmasy (klassifikasiýasy)

**Tebigy şertlere** Günüň ýagtylygy, Ýere gelýän energiýanyň möçberi, ýeliň güýji, howanyň basyşy, temperaturasy, çyglylygy, Ýeriň üstüniň gurluşy, ösümlik we haýwanat dünýäsi degişlidir. **Baýlyklara** – eger adam şu atlary agzalan şertleri hojalygynda ulanyp bilse, şoňa tebigy baýlyklar diýilýär. Tebigy baýlyklara ýene ýerüsti we ýerasty mineral çig mallar hem degişli. Adamyň hojalygynda ulanyp bilşine görä, olara baha berilýär.

Tebigy şertler we baýlyklar tebigy emele gelşi we ykdysady bähbitliligi boýunça şu aşakdaky toparlara bölünýär:

1. Emele gelşi boýunça ***mineral*** **(**gazma baýlyklar), suw, Ýer (şol sanda toprak), ösümlik (şol sanda tokaý), haýwanat dünýäsi, klimat, tebigy hadysalary, energiýa baýlyklary (Günüň ýagtylygy, Ýeriň içki energiýasy, ýeliň, daşgyn-gaýtgynyň, geotermal suwlaryň energiýasy).

2. Tebigy baýlyklaryň ***ekologiki*** toparlanmasy: hojalykda ulanylanda ***gutarmajak baýlyklar*** (Günüň, Ýeriň içki ýylylygy we ýeliň energiýasy), ***gutarmagy mümkin we dikeldip bolmaýan*** baýlyklara



**11-nji surat. Köptaraplaýyn ulanylýan suw baýlygy**
**(Murgap derýasy, Saryýazy suw howdany)**

gazylyp alynýan baýlyklaryň ähli görnüşleri degişlidir. ***Gutarmagy mümkin, emma dikeldip bolýan*** baýlyklara ösümlik, haýwanat, suw baýlyklary girýärler *(11-nji surat)*.

3. Hojalykda ulanylyp boljak mümkinçiligi boýunça: häzirki wagtda öndüriji güýçleriň ösen derejesine laýyklykda ***hakyky*** ulanylmak mümkinçiligi bolan baýlyklar. ***Geljekde ulanylmagy mümkin bolan,*** ýagny, häzirki wagtda tehniki we ykdysady sebäplere görä ulanylmagy mümkin bolmadyk baýlyklar hem bar. Ykdysady bähbitleri göz öňüne tutup, ***çalşyp bolýan we çalşyp bolmaýan*** baýlyklara hem bölýärler. Çalşyp bolýan baýlyklara – ýangyç-energetiki (nebit, tebigy gaz, kömür we beýlekiler) baýlyklar degişli bolup, olary beýleki energiýa çeşmeleri bilen çalyşmak mümkinçiligi göz öňüne tutulýar. ***Çalşyp bolmaýan tebigy baýlyklara*** atmosfera howasy, içmäge ýaramly we köptaraplaýyn ulanylýan *(12-nji surat)* suw, Günüň ýagtylygy, klimat we beýlekiler degişlidir.

***Ykdysady peýdalylygy we hojalyk ähmiýeti*** boýunça tebigy baýlyklar senagat we oba hojalyk önümçiliginiň, hem-de önümçilik däl sfera üçin gerekli çig mallara bölünýärler.

**1. Senagat önümçiligi üçin zerur bolan tebigy baýlyklara** senagat kärhanalary tarapyndan ulanylýan çig mallar degişlidir:



**12-nji surat. Hanhowuz kanaly Tejen, Oguzhan we Babadaýhan etraplaryny suw bilen üpjün edýär**

**a) Ýangyç-energiýa çig mallar** – olara tebigy gaz, kömür, uran, nebit, ýanyjy slanesler girýärler:

– ýanyjy gazma baýlyklar (nebit, gaz, kömür, ýanyjy slanesler we beýlekiler);

– gidroenergetiki baýlyklar (derýa suwlarynyň energiýasy, daşgyn-gaýtgyn energiýasy we ş. m.);

– bioenergiýa çeşmeleri (ýangyç üçin ulanylýan agaçlar, odunyň dürli görnüşleri, oba hojalyk zyňyndylaryndan alynýan biogaz);

– ýadro energiýa çeşmeleri(uran we radioaktiw elementler);

**b) Önümçilikde we senagat kärhanalarynda ulanylýan energiýa öndürilmeýän baýlyklar:**

– ýangyç toparlara girmeýän magdan we magdan däl gazma baýlyklar;

– senagat önümçiliginde ulanylýan suw;

– senagat kärhanalary we infrastruktura edaralary uçin ulanylýan ýer parçalary;

– senagatda ulanylýan tokaý baýlyklary;

– senagat kärhanalarynda ulanylýan biologiki baýlyklar.

**2. Oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin zerur bolan baýlyklar:** a) **agroklimat baýlyklar** – medeni ösümlikleri ösdürip

ýetişdirmek we mallary bakmak üçin gerek bolan ýylylyk hem-de çyglyk; b) **biomassany döretmäge** ukyply toprak we ýer baýlyklary; ç) **biologiki ösümlik baýlyklary** – mal iýmiti otlary; d) **suw baýlyklary** – ekinleri suwarmak we öri meýdanlary suwlulandyrmak üçin ulanylýan suwlar.

**3. Önümçilik däl sferada ulanylýan tebigy baýlyklar** – olara tebigy gurşawda ýaşaýan ýabany haýwanlar, derman ösümlikler, adamlaryň dynç almagy we gezelenç etmegi üçin ulanylýan tebigatyň gözel ýerleri, goraghanalar degişlidir. Ýabany haýwanlar, derman ösümlikleri senagat we durmuş maksatlary üçin hem ulanylýar.

Özara baglanyşygy we hojalykda ulanylyşy boýunça: a) birtaraplaýyn ulanylýan tebigy baýlyklar; b) köpmaksatly ulanylýan tebigy baýlyklar. Biri-biri bilen baglanyşykly, köptaraplaýyn ulanylýan tebigy baýlyklara suw degişli.

Tebigy baýlyklaryň başga-da toparlanmasy bar. Käbir ýerden gazylyp alynýan gazma baýlyklaryň, ýer we tokaý agaçlarynyň ätiýaçlyklarynyň hojalyk ähmiýeti, göwrümi we mukdary boýunça kesgitleýärler: – **has baý** (döwlet we halkara ähmiýetli); – **uly** (sebitara we raýonara ähmiýetli); – **uly bolmadyk** (ýerli ähmiýetli). Gazma baýlyklaryň öjaklary has uly ýa-da özboluşly; uly, orta we kiçi – ýataklar, ojaklar diýlip bölünýärler. Gazma baýlyklaryň senagat taýdan toparlanmasy (klassifikasiýasy):

**1. Ýangyç-energetiki baýlyklar** (nebit, ýanyjy gaz, kömür, uran we başgalar).

**2. Gara metallar –** hilini gowulandyrmak üçin düzümine başga metallar goşmak bilen birleşmeleri öndürýärler. Olara has kyn ereýän metallar diýilýär – demir, marganes, hrom, titan, wanadiý, nikel, kobalt, wolfram, molibden, sirkoniý, tantal, niobiýa.

**3. Reňkli ýeňil we agyr metallar –** allýuminiý, magniý, mis, gurşun, sink, galaýy, wismut, simap, sürme, litiý, berilliý;

**4. Gymmatly (благородные) metallar** – altyn, kümüş we platina degişlidir;

**5. Himiki we agronomiki çig mallar** – kaliý duzy, fosforitler (fosfor, apatitler ), bor magdany, kükürt, brom, ýod, flýuorit (Плавиковый шпат);

**6. Tehniki, industrial çig mallar** – almazlar. Asbest, grafit, pýezooptiki çig mallar (pýezokwars, optiki flýuoritler, islandiýa şpaty), slýudalar (muskowit, flogopit);

**7. Flýuslar we oda çydamlylar** – hek daşy (известняк), dolomit, magnezit, oda çydamly toýunlar, kwarsitler;

**8. Gurluşyk çig mallary** – sement çig maly, daşlar, hek, toýun, çäge we ş.m.

Şu tebigy baýlyklar hojalygy ösdürmeklige uly ýardam edýärler. Olaryň döwletlerde gazylyp alnyşy, senagatda, gurluşykda ulanylyşy tehnologiýanyň, ylmyň we tejribäniň ösüşine baglydyr.

Hojalygyň bazar ykdysadyýetine geçýänligi sebäpli ösýän döwletleriň köpüsi dünýä bazaryna tebigy baýlyklary çykarýarlar. Dünýä bazarlarynda olaryň esasy görnüşlerine isleg bildirilýär. Olaryň içinde strategik ähmiýeti ýokary bolan uran magdanynyň we radioaktiw elementleriň soňky ýyllarda söwdasy çäklendirilýär. Ýokary eksport we döwlete walýuta getirip bilijilik ukyby boýunça dünýä bazarynda nebit önümleri, altyn, kümüş, platina, almaz tapawutlanýarlar.

Tebigy baýlyklaryň içinde döwletlere iň zerury we ähmiýetlisi döwletiň meýdan-çägi hasaplanýar. Ol özüniň jümmüşinde ähli baýlyklary saklaýar.

Tebigy baýlyklaryň kabul edilen halkara toparlanmasy ýok. Ulanylýan iki dürli toparlanma bar. Biri öňki Sowet Soýuzy wagty kabul edilen, beýlekisi ösen döwletlerde ulanylýan toparlanma. Olary hojalykda ulanmak mümkinçiligi boýunça 2 sany topara bolüp bolýar:

**1) Deňeşdirme (балансовые)** – baýlyklaryň ätiýaçlyklaryny, ýagdaýyny deňeşdirip görüp, olary hojalykda gaýragoýulmasyz ulanyp boljakdygyny subut etmek.

**2) Ätiýaç baýlyklar** – ol baýlyklaryň hojalykda häzir ulanylmagy dürli-dürli päsgelçiliklere we kynçylyklara bagly bolup durýar. Şonuň üçin olara wagty gelende, tehnologiýa kämilleşende ulanyp bolmagy mümkin bolan baýlyklar degişlidir.

**Ätiýaçlyklaryň derejesi** ýa-da topary (kategoriýasy) – gazma baýlygyň ýerleşýän ýeriniň öwreniliş derejesine, çig malyň hiliniň, olary gazyp almaklygyň dag-tehniki şertleriniň öwrenilişine baglylykda bellenilýär.

Gaty hilli gazma baýlyklara baha berlende 4 sany **A, B, $C_1$, $C_2$** derejeler boýunça bellenilýär.

**A** – doly öwrenilen, barlanan, gazyp almaklyga taýýarlanan; **B** – esasy bölegi kem-käsleýin öwrenilen, geologik taýdan esaslandyrylan; **$C_1$** – umumy häsiýetde öwrenilen, ätiýaçlygy çen bilen anyklanan; **$C_2$** – çaklama görnüşinde baha berlen.

Ösen döwletleriň köpüsinde ähli gazma baýlyklar üçin ýönekeý toparlanma (klassifikasiýa) kabul edilen: a) anyklanan (hakyky); b) çaklama; w) bolmagy mümkin bolan (гипотетические). Şu toparlanmalaryň jemine umumy geologiki ätiýaçlyklar diýilýär.

## 2.1.4. Tebigy baýlyklar bilen öndüriji güýçleriň ýerleşişindäki özara baglanyşyk

Islendik döwletde tebigy baýlyk köp bolanda-da, olary özleşdirmäge tehnologiýa, tehniki we hünärmen mümkinçilikleri bolmasa kyn bolýar. Şonuň üçin ösýän döwletler gazma baýlyklar bilen baglanyşykly köp meseleleri çözmeli bolýarlar. Birinji ýüze çykýan mesele – maliýe meselesidir. Ykdysady-maliýe mümkinçilik döwletiň özünde bolmasa, onda daşary ýurt maýadarlaryna ýüz tutmaly bolýarlar. Olar maýa, karz pul beräýende hem, ony özleşdirmek meselesi ýüze çykýar.

Bu mesele boýunça örän berk durmaklyk talap edilýär. Sebäbi goýberilen maýany ýerlikli, ugrukdyrylan pudaga harçlamak meselesi birinji orna geçýär. Ilkinji zerur zatlaryň biri tehniki serişdeleri edinmek, gazma baýlygyň ýerleşen ýerine çenli ýol gurmak, ony özleşdirip başlamak, hünärmen meselesini çözmek, baýlygy doly işlär ýaly fabrika, kärhana gurmak, taýýarlanan harydy ýerleşdirmek meselesi öňünden meýilnamalaşdyrylýar. Şu guramaçylyk we önümçilik meselesi has işeňňir çözülmese, kärhananyň işinde bökdençlik emele gelýär. Ol hem öndüriji güýçleri ösdürmäge ýaramaz täsir edýär we döwlet ücin peýdaly däl. Diýmek, gazma baýlyklary özleşdirmek bilen, öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň arasynda ysnyşykly ylalaşyk we jebislik bolmaly. Eger şeýle gurnalmasa, tebigy baýlyklary özleşdirmek örän gymmat düşýär.

## 2.1.5. Ýeriň tebigy baýlyk mümkinçiliklerine baha bermek

Tebigy baýlyklara ykdysady geografiýa taýdan baha bermeklige köp ylmy işler bagyşlanan. Şol ýazylan ylmy işleriň içinde I.W. Komaryň (Рациональное использование природных ресурсов и ресурсные циклы. M., 1975, 212 s.), E.W. Lopatina we O.P. Nazarewskiniň (Оценка природных условий в жизни населения. M., 1972, 148 s.), A.A. Minsiň (Экономическая оценка естественных ресурсов. M., 1972, 303 s.), G.W. Sdasýugyň (Индия. M.,1975, 368 s.), N.G. Ignatenko bilen W.P. Rudenkonyň (Природно-ресурсный потенциал территории: географический анализ и синтез. Lwow, 1986, 163 s.), E.A. Nowikowyň, I.Ýa. Blehsiniň (Минерально-сырьевой потенциал. Освоение и рациональное использование. Л., 1987, 96 s.) we başgalaryň işlerini görkezmek bolar.

Islendik sebitde hojalyk pudagy, ýol, şäher gurlanda tebigy şertlere we baýlyklara ykdysady geografiýa nukdaýnazardan baha bermeklik zerur. Tebigy baýlyklara baha berlende, mukdary we hili boýunça baha berýärler. Hili boýunça baha berlende ***örän gowy, ýaramly, ýaramsyz*** diýen sözler ölçeg hökmünde ulanylýardy. Mukdary boýunça – tonna, sentner, kubometr, kub kilometr ýaly ölçegler kabul edilen. Bular ýönekeý usullardyr.

Anyk we zähmeti köp talap edýän usullar arkaly tebigy baýlyklaryň ykdysady taýdan özüne düşýän gymmaty boýunça baha berilýär.

Tebigy baýlyklaryň içinde ýer oba hojalygy, esasan hem ekerançylygy alyp barmak üçin zerur serişde bolup durýar. Ýerlere ýyllyk öndürijiligi (toprakda çüýrüntginiň, ösümligi iýmitlendiriji jisimleriň – azodyn, fosforyň, kaliniň, kalsiniň möçberi, çüýrüntgili gatlagyň galyňlygy, topragyň duzlulygy, turşulygy) boýunça ykdysady taýdan baha berýärler. Şu görkezijiler boýunça özleşdiriljek ýerlere berilmeli goşmaça mineral we organiki dökünleriň möçberi, ekilmeli ýerleri kesgitlenilýär.

Tokaý baýlyklary dikeldip bolýan tebigy baýlyklara degişli. Olar uzak ýyllaryň dowamynda emele gelýärler. Ekilen agaçlar biziň şertlerimizde 40–45 ýylda senagat ähmiýetli bolup ýetişýär. Olara baha berlende örtýän meýdany, agajyň möçberi (1 gektarda kubometr

hasabynda), hili (ösýänleriň görnüşi), ulanyş mümkinçiligi (gorag tokaýlary, goraghanadaky tokaýlar, giň meýdany tutýan çapmak üçin niýetlenen tokaý) göz oňüne tutulýar. Öri meýdanlara ykdysady taýdan baha berlende mal iýmiti otlaryň möçberine, ýeriniň üstüniň gurluşyna, suw bilen üpjünçilik ýagdaýyna seredilýär.

Suw baýlyklaryna onuň möçberi, hili, ulanmak mümkinçiligi boýunça ykdysady geografik baha berilýär. Suw çeşmeleri (derýalary, akarlary, ýerasty suwlary) gämi gatnawy, elektrik energiýasyny almak, balyk tutmak, dynç almak we kesel bejermek üçin ulanýarlar. Tebigy baýlyklara ykdysady geografiýa taýdan baha bermeklik olary hojalykda rejeli ulanmaga mümkinçilik berýär.

## EDEBIÝAT


*Ахметов А.П.* Освоение территории как фактор развития территориальной организации народного хозяйства. В кн.: Территориальная организация хозяйства в современных условиях. Москва, МГУ, 1990, s. 34–46.

*Голубчик М.М., Э.Л.Файбусович* и др. Экономическая и социальная география: Основы науки.Москва, «Владос», 2003.

*Комар И.В.* Рациональное использование природных ресурсов и ресурсные циклы. Москва, 1975.

*Игнатенко Н.Г., Руденко В.П.* Природно-ресурсный потенциал территории: географический анализ и синтез. Львов, «Высшая школа», 1986

*Минц А.А.* Экономическая оценка естественных ресурсов. Москва, «Наука», 1972.

*Новиков Э.А., Блехсин И.Я.* Минерально-сырьевой потенциал: освоение и рациональное использование. Ленинград, 1987.

*Hudaýýarow M., Çaryýew B.* Gazylyp alynýan baýlyklary tygşytly ulanmak meselesi. Altyn asyryň ykdysadyýeti, 2003, № 12, sah. 29–32; 2004, № 1, sah. 26-31.

## II.2. DÖWLETIŇ DURMUŞ-DEMOGRAFIÝA ÝAGDAÝYNA WE HOJALYK MÜMKINÇILIKLERINE BAHA BERMEK

### 2.2.1. Ilat döwletiň esasy öndüriji güýjüdir

Ilat özüniň önümçilik tejribesi we zähmet endikleri bilen maddy we ruhy baýlyklary döredýär. Şonuň üçin ähli döwletlerde adamlara esasy öndüriji güýç diýýärler. Ilatyň ýerleşmegine köp ýagdaýlar täsir edýär. Ýer togalagynda ilat ýaşamak üçin tebigatyň amatly ýerlerinde ýerleşmegi gowy görýär. Muňa ilatyň ýerleşiş kanunlary we kanunalaýyklyklary diýilýär. Ilatyň **demografik ösüşi** diýlende, diňe bir onuň sanynyň artmagyna aýdylman, ilat ýaşar ýaly amatly tebigy şertleriň we baýlyklaryň bolmagyna hem aýdylýar. Ondan başga-da oňa ilatyň milli, jyns, ýaş, sowatlylyk düzümi, dini garaýyşlary, çäkler boýunça ilatyň ýerleşişi, şäher we oba ilaty, ilatyň göçmekligi, nika we maşgala meseleleri hem degişli bolup durýar. Ýer togalagynda ilatyň sanynyň köpelmeginiň birnäçe sebäpleri bar. Käbir sebitlerde ilat örän gür ýaşaýar. Bu ýagdaý taryhy we tebigy şertler bilen baglanyşykly. Käbir sebitlerde oba ilatynyň sanynyň çalt köpelmekligini öndüriji güýçleriň ösüş derejesi bilen düşündirmek bolar. Olar ýaly ýerlerde şäher ilatynyň azlygy, edilýän işleriň, köplenç, el güýji bilen ýerine ýetirilýänligi hem täsir edýär.

Ilaty öwreniji alymlaryň (demograflaryň) pikirlerine görä, Ýer togalagynda şu wagta çenli 20 müň nesil çalşypdyr diýip çak edýärler. Ilatyň artyşynyň özboluşly taryhy bar. Demograflaryň we arheologlaryň pikirlerine görä, 15 müň ýyl mundan ozal Ýerde 3 mln-dan gowrak adam ýaşapdyr. Şondan bäri Ýeriň ilaty köpelip, 1999-njy ýylda 6 mlrd-dan geçdi, 2010-njy ýylyň ahyrynda 7 mlrd-a golaýlady. Ýer togalagynyň ilaty 1830-njy ýylda 1 mlrd adama ýetipdir. Onuň 2 esse artmagy üçin bir asyrdan gowrak wagt gerek bolupdyr. 1934-nji ýylda 2 mlrd-a barypdyr. Soňra 40 ýylyň içinde 1974-nji ýylda ilatyň sany 4 mlrd-a ýetdi *(2-nji tablisa)*.

Ilatyň ýerleşişi hemme ýerde birdeň däl. 70% ilat gury ýeriň 7% ýerinde ýerleşýär. Ýer togalagynyň 15% ýerinde ilat ýaşamaýar. Ähli ilatyň 80%-i Ýer togalagynyň Gündogar ýarym böleginde ýaşap, onuň esasy bölegi ekwatordan demirgazykda ýerleşýär. Ýeriň günorta

ýarym bölegine bary-ýogy 10% ilat degişlidir. Ähli ilatyň 56%-i deňiz derejesinden 200 metre çenli beýiklikde ýerleşen *(3-nji tablisa)*. Ýer ýüzüniň ilatynyň 1%-i – şol sanda Afrikada – 2%, Demirgazyk Amerikada – 4%, Latyn Amerikada – 11% deňiz derejesinden 2000 m beýiklikde ýaşaýar. Tibet we Kordilerler daglarynda deňiz derejesinden 5000 metrde ýerleşen obalar hem bar.

*2-nji tablisa*

**Ýer togalagynyň ilatynyň ösüşi (B. S. Urlanisiň we W. W. Pokşişewskiniň, B. Çaryýewiň, M. Hudaýýarowyň maglumatlary boýunça)**

| Ýyl hasaby | Döwür | Döwrüň dowamlylygy (ýyl) | Döwrüň başynda ilatyň sany (mln. adam) | Ilatyň ortaça ýyllyk artyşy (%) |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| B.e. öň 7000 ýyl | Neolit | | 10 | |
| B.e. öň 2000 ýyl | Gadymy döwür | 5000 | 50 | 0,03 |
| 0 (täze eýýam) | Irki Orta asyrlar | 2000 | 230 | 0,1 |
| 1000 | Orta asyr | 1000 | 305 | 0,02 |
| 1500 | Giçki orta asyrlar | 500 | 440 | 0,1 |
| 1650 | Täze döwrüň başy | 150 | 550 | 0,3 |
| 1800 | Täze döwür | 150 | 952 | 0,5 |
| 1900 | Täze döwrüň ahyry, iň täze döwrüň başy | 100 | 1656 | 0,8 |
| 1950 | Iň täze döwür | 50 | 2527 | 1,0 |

*2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 1980 | Ýaňy-ýakyndaky geçmiş | 30 | 4430 | 1,9 |
| 2004 | Häzirki zaman döwri | 24 | 6377 | 1,7 |
| 2050 | Geljekki döwür | 46 | 9322 | 1,5 |

*3-nji tablisa*

**Beýiklik guşaklyklary boýunça ilatyň ýerleşişi, %**

| **Sebitler** | **Deňiz derejesinden 200 m çenli** | **200 – 500 m aralykda** | **500 – 1000 m aralykda** | **1000 – 2000 m aralykda** | **2000 m-den ýokary** |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýewropa | 69 | 24 | 6,5 | 0,5 | – |
| Aziýa | 56 | 24 | 12 | 7 | 1 |
| Afrika | 32 | 24 | 21 | 21 | 2 |
| Demirgazyk Amerika | 47 | 33 | 8 | 8 | 4 |
| Latyn Amerikasy | 42 | 15 | 23 | 9 | 11 |
| Awstraliýa, Ummanystan | 73 | 18 | 8 | 1 | – |
| Bütin dünýä boýunça | 56 | 24 | 12 | 7 | 1 |

Çeşmesi: География в таблицах. Справочное пособие. М., 1999; Любимов И.М. Общая политическая, экономическая география. Учебное пособие. М., 2001.

Ähli ilatyň 30%-e golaýy deňizlerden, ummanlardan 50 km çenli aralykda ýaşaýarlar.

Ilatyň gürlügi hemme ýerde deň däl. Gury ýerde ilatyň ortaça gürlügi 35 adam. Muňa garamazdan, gury ýeriň ýarysynda, çöllük, daglyk, köpýyllyk doňaklyk, buzluk ýerlerde 1 kw. km-de 1 adamdan az düşýän ýerleri hem bar.

Ilatyň iň gür ýaşaýan ýeri Bangladeş respublikasy hasaplanýar. Ol ýerde 1 inedördül kilometr ýerde 850 adam, onuň suw giňişliklerini hasap etmänimizde, gury ýeriniň bir inedördül kilometrinde 1205 adam ýaşaýar.

Alymlar 2025-nji ýylda ilatyň sany 8 mlrd bolup, 2050-nji ýylda 9 mlrd-an geçer diýip çaklaýarlar *(2-nji tablisa)*.

### 2.2.2. Ýerleriň demografik ýagdaýy we ilatyň göçmekliginiň sebäpleri

Döwletiň çäginde ilat gür ýerleşen ýagdaýynda demografiki meseleler ýüze çykyp ugraýar. Ýaşaýyş şertler ýaramazlaşýar. Üstesine-de, ilatyň tebigy ösüşi 2–3% aralygynda bolsa, ilkinji kynçylyklaryň biri çagalary terbiýelemek, okuw, ýaşaýyş jaý, iş, medisina hyzmaty, durmuş gullugy we ş.m. meseleler ýüze çykýarlar. Ykdysady taýdan gowşak ösen döwlet bolsa, onda ilatyň eklenç meselesiniň ýüze çykmagy mümkin. Şeýle ýagdaýda ilatyň belli bir bölegi iş, okuw, eklenç meseleleri bilen baglanyşykly öz ýaşaýan ýerini üýtgetmeli bolýar. Şunuň ýaly meseleler ýüze çykanda, döwlet öňünden çäre görse, bu ýagdaýy öz wagtynda hem çözüp bolýar. Ilatyň has gür ýerleşen şäherlerinde we obalarynda döwlet ilaty şol ýerlerden göçürmek üçin täze ýerleri özleşdirip başlaýar. Özleşdirilýän ýer ekerançylyk etmek, senagat kärhanasyny gurmak üçin niýetlenen bolmagy mümkin. Beýle ýagdaýda özleşdiriljek ýer öňünden ylmy esasda doly öwrenilýär. Ilaty göçürip eltmek üçin ähli çäreleri görýärler. Ýol, ulag, aragatnaşyk, ýaşaýyş jaý, iş ýeri, durmuş hyzmaty gullugy, medeni, magaryf, suw, tebigy gaz, elektrik energiýa, medisina üpjünçiligi meseleleri öňünden çözülýär. Bular ýaly bolanda demografik meseleleri çözmek maksady bilen ilat **meýletin** göçýär.

Emma ilatyň göçmekliginiň başga-da birnäçe sebäpleri bar. Kä ýagdaýlarda ilat **zorluk we zulum edilip** göçürilýär. XVI–XIX asyrlar aralygynda Afrikadan, Ýewropadan Amerika 50 mln-dan gowrak adam göçürilipdir. Ikinji jahan urşy döwri nemesler basyp alan ýerlerinden 9–10 mln adamy zor bilen Germaniýa işlemäge getiripdirler.

Ykdysady sebäplere görä ilatyň göçmegi: Demirgazyk we Günorta Amerikanyň ýerlerini özleşdirmek üçin 20 mln ýewropalylar äkidilipdir. **Şertnama boýunça** ilatyň göçmegi: 1990-njy ýyllardan başlap Günbatar Ýewropa döwletlerinde 25 mln işçiler – migrantlar, olaryň 13 milliony Ýewropa ykdysady guramasy (ÝES) döwletlerde şertnama boýunça işleýärler. Ykdysady sebäplere görä, ýene bir migrasiýanyň görnüşi **«Akylly adamlaryň äkidilmegi» (утечка умов).** Ikinji jahan urşundan bäri, öňki SSSR-den Ýewropa, Ýewropadan ABŞ-a alymlaryň, gerekli hünärmenleriň äkidilmegi henizem dowam edýär. Işçi güýjüniň eksporty we importy döwletler üçin ykdysady peýda getirýär.

A.P. Kuznesowyň (1998, sah. 163) ýazmagyna görä, geçen asyryň 90-njy ýyllarynda işçi güýjüni eksport etmekden döwletler 100 milliard dollardan gowrak girdeji gazanypdyrlar. Daşary ýurt işçilerini ulanmak döwletiň çäginde işçi güýjüniň ýetmezçiligini aradan aýyrýar. Işleýän kärhanasy olaryň kesellän günlerine iş haky tölemän bilýär. Öz işçilerine garanda, olara zähmet hakyny az töleseler hem, olar razy bolýarlar. Olara pensiýa tölemek hökman däl. Şu ýagdaýlar göz öňüne tutulanda, daşary yurt işçilerini işletmek islendik döwlet üçin amatlydyr. Halkara işçi güýjüniň migrasiýasy *13-nji suratda* görkezilýär.

**Syýasy migrasiýa** – döwletde alnyp barylýan syýasat bilen ylalaşmaýan käbir adamlar döwletiň çäginden çykyp gitmeli bolýarlar. Şu ýagdaý 1917-nji ýyldan öň Patyşa Russiýasynda, soňra SSSR-de, Kubada, I–II jahan uruşlary döwründe Germaniýada, Italiýada, Awstro-Wengriýada, 1970-nji ýyllarda Çilide, Wýetnamda, Kampuçiýada we beýleki döwletlerde bolupdy. **Kolonial düzgüniň dargamagy** bilen ilatyň göçmekligi XX asyryň 50–70-nji ýyllardan başlaýar. Aziýadaky, Afrikadaky koloniýada bolan döwletlerden iňlisler, fransuzlar, italýanlar, ispanlar, portugallar öz döwletlerine göçüp gaýtdylar.




**13-nji surat. Halkara zähmet integrasiýasy**

**Milli (etniki) migrasiýa:** 1989-njy ýyldan başlap, 1 mln adam Germaniýa DR-den, Gündogar Ýewropadan, SSSR-den, soňra – 1990-njy ýylda şol döwletlerden 600 müň adam Germaniýa federatiw respublikasyna göçüp gelipdirler. 1988-nji ýyldan başlap öňki SSSR-iň içinde milletleriň göçmekligi başlanýar.

**«Açlyk we garyplyk»** sebäpli ilat bialaç göçýär.

**«Gaçgaklar»** – esasan, uruş zerarly, tebigy betbagtçylyk sebäpli öz ýaşan mesgenini taşlap göçmäge mejbur bolanlar.

**Ekologiki migrasiýa** – öňki ýaşaýan ýerinde ýaşaýyş şerti ýaramazlaşanda, ilat göçýär. Meselem: Aral deňizýaka, Çernobyl şäheri töwereginden, öňki Semipalatinsk poligondan (Gazagystan) ilat başga ýerlere saglyk ýagdaýlarynyň ýaramazlaşmagy sebäpli göçmeli bolýarlar.

**Içki migrasiýa** – bir döwletiň çäginde ilatyň obadan şähere, ýa-da tersine, şäherden oba göçmegi bolup geçýär. Gartaşan adamlar üçin rahat durmuş, ýaşaýyş zerurlygy sebäpli şäherlerden oba ýerlerine göçmegi halaýarlar.

Döwletini taşlap, başga döwlete ýaşamaga gidenlere **emigrant** (emigrasiýa), öň gidip, soň öz ýurduna gaýdyp gelenlere – **immigrant** (immigrasiýa) diýilýär.

Ilat döwletiň çäginden göçüp gidende we yzyna göçüp gelende belli bir derejede kynçylyklar bolýar. Göçüp gidýänleriň öňünde dil, ýaşaýyş jaý, işe ýerleşmek, raýatlyk we başga-da birnäçe demografik meseleler ýüze çykýarlar.

## 2.2.3. Şäherleşmek, ilatyň ýerler boýunça ýerleşmek ulgamynyň döremegi

Islendik döwletiň ilaty obalarda we şäherlerde ýaşaýarlar. Dünýäniň ähli döwletlerinde XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap, oba ilatynyň sany azalyp, şäher ilatynyň sany köpelip ugrady. Onuň esasy sebäpleriniň biri ykdysady we medeni ýagdaý. Obalarda sany artýan ilaty iş bilen üpjün etmek meselesi kynlaşýar. Medeni çäreler şäher bilen deňeşdirer ýaly däl. Ýaşlaryň belli bir bölegi okuwa gaýdyp, dürli sebäplere görä, şäherlerde galýarlar. Şeýlelikde, şäher ilatynyň sany köpelýär. Şäherler we obalar ilatynyň sany boýunça şeýle toparlara bölünýärler (*4-nji tablisa*).

Eger döwletiň ilatynyň 50%-den gowragy şäherlerde ýaşaýan bolsa, olara ýokary şäherleşen, ilatynyň 20–50% ilaty şäherli bolsa – orta şäherleşen, eger şäher ilatynyň sany 20%-den aşak bolsa gowşak şäherleşen döwlet diýýärler.

1900-nji ýylda dünýäniň şäherlerinde 13% ilat, 1950-nji ýylda 29%, 1990-njy ýylda 46%, 2010-njy ýylyň ahyrynda 50% ilat ýaşapdyr. Dünýä möçberinde ilat we onuň hojalygy 100 müňden köp ilatly şäherlerde (olaryň sany 1900-nji ýylda – 360, 1990-njy ýylda – 2500) jemlenen.

500 müň ilatly şäherleriň sany: 1950-nji ýylda – 185; 1970 – 577; 200 – 737; 2010-njy ýylda 871 bolupdyr.

Soňky ýyllarda millioner şäherleriň sany köpelýär. XX asyryň başynda olaryň sany 10 (London, Nýu-Ýork, Pariž, Guançžou, Berlin, Wena, Tokio, Çikago, Filadelfiýa, Sankt-Peterburg) bolup, 1950-nji ýylda – 83; 1970 – 165; 1990 – 282; 2000 – 372; 2010-njy ýylda 474-ä ýetipdir (Internet boýunça).

Şäherler giňelip, töweregindäki şäherleri, şäherçeleri özüne birikdirýärler. Oňa **şäher aglomerasiýasy** diýilýär. Olar şäher ýadrosy bilen zähmet, medeni-durmuş, hojalyk boýunça baglanyşýarlar.

*4-nji tablisa*

**Şäher we oba ilatynyň klassifikasiýasy**

| | **Şäher ilaty, müň adam** | **Şäherçeleriň ilaty, adam** | **Oba ilaty, adam** |
|---|---|---|---|
| Kiçi | 50-ä çenli | 3000 çenli | 500 |
| Orta | 50–100 | 3000–5000 | 500–2000 |
| Uly | 100–250 | 5000–10000 | 2000–5000 |
| Iri | 250–500 | 10000-den köp | 5000-den köp |
| Has iri | 500-den köp | – | – |
| Millioner şäherler | 1 mln-dan köp | – | – |

Birnäçe şäherler birleşip, **megapolisleri** emele getirýärler. Olardan **Bos-Waş** (Boston–Waşington) –50 mln adam ýaşap, 25-den gowrak şäher aglomerasiýasyny özüne birikdirýär. Ýaponiýada – **Tokaýdo** (Tokio–Osaka) 60 mln adam ýaşaýar. Başga-da şular ýaly megapolis Günorta Amerikada, Angliýada, Hytaýda, Russiýada, Germaniýada bar. Has köp ilatly şäherlerde(1 km$^2$ meýdanda) ilatyň gürlügi 5-nji tablisada berilýär. Köp ilatly millioner şäherleriň sanynyň kopelmegi ekologik ýagdaýlaryň ýaramazlaşmagyna getirýär. Şonuň üçin dünýäniň köp döwletleriniň öňünde esasy durýan mesele köp ilatly şäherleriň sanynyň artmagy bilen baglanyşyklydyr. Ekologik meseleleri çözmeklik köp möçberde maliýe çykdajylary talap edýär. Şol sebäpli dünýäniň köp döwletleri millioner şäherleriň sanyny köpeltmezlik üçin göreşýärler.

7. Sargyt № 2076

*5-nji tablisa*

**Dünýäniň iri şäher aglomerasiýalary**

| Orny | Şäheriň ady | Ilaty | Meýdany, kw. km | Ilatyň gürlügi, kw. km/ adam | Yerleşen döwleti | Goşmaça |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1 | Mehiko | 19 700 000 | 1 485 | 16271 | Meksika | Mehiko federal okrugy |
| 2 | Şanhaý | 18 884 600 | 289,44 | 65344 | Hytaý | Diňe şaher, töwereksiz |
| 3 | Karaçи | 18 000 000 | 3530 | 5139 | Pakistan | |
| 4 | Bombeý | 13 830 884 | 603 | 23088 | Hindistan | |
| 5 | Buenos-Aýres | 13 356 715 | 4000 | 3339 | Argentina | Şäher töweregi bilen |
| 6 | Tähran | 13 273 009 | 1881,4 | 10451 | Eýran | Uly Tähran |
| 7 | Tokio | 13 010 279 | 2187,65 | 14059 | Ýaponiýa | ýörüte 23 raýon |
| 8 | Dакка | 12 725 000 | 815 | 15613 | Bangladeş | |
| 9 | Deli | 12 565 901 | 1483 | 8061 | Hindistan | Diňe Deli |
| 10 | Manila | 12 285 000 | 636 | 19316 | Filippinler | Uly Manila |
| 11 | Moskwa | 10 563 038 | 1081 | 9771 | Russiýa | 10 okrug we Zeleno grad |
| 12 | Seul | 10 464 051 | 605,4 | 17215 | Koreýa respubl. | |
| 13 | Kinşasa | 10 076 099 | 10 550 | 955 | Kongo DR | |
| 14 | San-Paulu | 10 037 593 | 1520 | 6603 | Braziliýa | |
| 15 | Lagos | 9 360 883 | 999 | 9370 | Nigeriýa | |
| 16 | Stambul | 12 782 960 | 2106 | 7961 | Turkiýe | |
| 17 | Nýu-Ýork | 8 140 993 | 1214 | 6706 | ABŞ | |
| 18 | Lima | 8 057 397 | 804,3 | 10018 | Peru | Kalýaony goşanda |
| 19 | Kair | 7 947 121 | 210 | 37843 | Müsür | |
| 20 | Pekin | 7 712 104 | 1370 | 5629 | Hytaý | |
| 21 | London | 7 581 052 | 1580 | 4798 | Beýik Britaniýa | |
| 22 | Bogota | 7 137 849 | 1590 | 4489 | Kolumbiýa | |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 23 | Gonkong | 7 102 354 | 1104 | 6433 | Hytaý | |
| 24 | Žakarta | 8 576 788 | 660 | 12995 | Indoneziýa | |
| 25 | Lahor | 6 747 238 | 1010 | 6680 | Pakistan | |
| 26 | Bagdad | 6 431 839 | 204,2 | 25751 | Yrak | |
| 27 | Rio-de-Žaneýro | 6 193 265 | 1180 | 5249 | Braziliýa | |
| 28 | Bangkok | 5 698 435 | 1100 | 5180 | Tailand | |
| 29 | Bangalor | 5 180 533 | 230 | 22524 | Hindistan | |
| 30 | Santýago | 5 090 824 | 641,4 | 3267 | Çili | |
| 31 | Kalkutta | 5 021 458 | | | Hindistan | |
| 32 | Singapur | 4 974 232 | 699 | 7116 | Singapur | |
| 33 | Ýangon | 4 886 305 | | | Mýanma | |
| 34 | Er-Riýad | 4 606 888 | | | Saud Arabystany | |
| 35 | Sankt-Peter-burg | 4 600 310 | 1439 | 3197 | Russiýa | Töweregi bilen |
| 36 | Çennai | 4 562 843 | | | Hindistan | |
| 37 | Çunsin | 4 406 788 | | | Hytaý | |
| 38 | Sian | 4 305 536 | | | Hytaý | |
| 39 | Uhan | 4 262 236 | 400 | 10656 | Hytaý | |
| 40 | Aleksandriýa | 4 247 414 | 2680 | 1585 | Müsür | |
| 41 | Ibadan | 4 149 487 | | | Nigeriýa | |
| 42 | Sidneý | 4 114 710 | 12144 | 371 | Awstraliýa | |
| 43 | Kano | 4 082 050 | | | Nigeriýa | |
| 44 | Haýdara-bad | 3 980 938 | 170 | 23417 | Hindistan | |
| 45 | Los-Anželes | 3 975 590 | 1290 | 3082 | ABŞ | |
| 46 | Anкara | 3 882 639 | 2500 | 1553 | Türkiýe | |
| 47 | Çendu | 3 915 259 | | | Hytaý | |
| 48 | Abidžan | 3 900 546 | | | Kot- d,Iwuar | |
| 49 | Pusan | 3 899 140 | 771 | 5057 | Koreýa resp. | |
| 50 | Ahmetabad | 3 867 336 | 190 | 20354 | Hindistan | |
| 51 | Týanszin | 3 682 177 | | | Hytaý | |
| 52 | Omdurman | 3 667 982 | | | Sudan | |
| 53 | Berlin | 3 599 000 | | | Germaniýa | |
| 54 | Çikago | 3 573 721 | | | ABŞ | |
| 55 | Melburn | 3 528 690 | | | Awstraliýa | |

World Gazetteer (19 ýanwar 2008-nji ýylda anyklanan.) - Internet boýunça

### 2.2.4. Ýerlerde ilatyň durmuş-demografik ýagdaýyny we hojalygyny ösdürmek mümkinçiliklerine hemmetaraplaýyn baha bermek

Ýer togalagynda adamzadyň sanynyň artmagy, şäherleriň gowy, ekerançylyk üçin ýaramly ýerleri eýelemegi sebäpli ýerlerde hojalygy ösdürmek meselelerinde özboluşly kynçylyklar döreýär. Ekerançylyga ýaramly ýerleri şäherler eýeleýärler. Belli amerikan ekolog-alymy Ýu. Odumyň (Основы экологии. M., 1975) hasaplamagyna görä, adamlaryň maddy ýagdaýyny, dynç almagyny we «psihologik komfortyny» gowulandyrmak üçin her bir ýaşaýja ortaça 2 gektar ýer zerur. Onuň 0,6 ga önüm öndürmek we ekin üçin, 0,2 gektary öý, senagat kärhanasyny gurmak, 1,2 gektary el degrilmeýän, ýagny dynç almak, gezelenç etmek, ekologik ýagdaýy gowulandyrmak üçin gerek. Gynansak-da, ýer iň gymmat baýlyk bolmagynda galýar. Şol sebäpli, her bir ädim ýeri tygşytly peýdalanmak üçin çalyşmalydyr. Ony hojalygy ösdürmek üçin peýdalanmak durmuşyň talaby hasaplanylýar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, ekerançylyk üçin ulanylmagy mümkin bolan ýerleri şäher gurmaklyga hem-de beýleki hojalyk maksatlary üçin ulanmakdan saklanmaly. Şäherler, şäherçeler ekin ekmeklige ýaramsyz ýerlerde gurulsa maksadalaýyk bolýar. Biz gowy ýerleri geljekki neslimize galdyrmak üçin jan etmeli. Olaryň hem aladasyny şu günlerden başlamaly. Ýeri hojalykda netijeli peýdalanmak üçin onuň kadalaryny düzmeli. Ýagny, ýerleri öndürijilik ukyby boýunça peýdalanmagy gazanmaly.

### 2.2.5. Ilatyň ykdysady, medeni hal-ýagdaýyny gowulandyrmak

2007-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň obalary, şäherçeleri, etrapdaky şäherleri we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy işlenip düzüldi. Maksatnama Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 17-sine bo-

lup geçen mejlisinde döwlet Baştutanymyz tarapyndan tassyklanyldy. Bu mejlisde eden çykyşynda hormatly Prezidentimiz oba ilatynyň durmuşyna aýratyn üns berilýändigini, milli maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi bilen, döwletimiziň iň alysdaky obalarynda hem düýpli özgerişlikleriň amala aşyryljakdygyny belläp geçdi. Oba hojalygyny ýokary maliýe-ykdysady netijeler bilen işleýän pudaklaryň hataryna goşmak we pudakda işleýänleriň girdejilerini düýpli ýokarlandyrmak ugrunda uly möçberli işler alnyp barylýar. 2007-nji ýylda Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda oba hojalygyny ösdürmek we özgertmek boýunça uly ähmiýetli rejelenen kanunlar we kararlar («Daýhan birleşikleri hakynda», «Daýhan hojalygy hakynda», «Arçynlar hakynda») kabul edilipdi. Bu kanunlaryň kabul edilmegi döwletimiziň oba hojalygynda bazar özgertmelerini geçirmegi çaltlandyrmak, agrar önümçiligiň ýokary netijeliligini gazanmak, oba ilatynyň pul girdejilerini we durmuş şertlerini düýpli ýokarlandyrmak boýunça wajyp hukuk binýadyny döretdi. Maslahatdan soň oba hojalyk önümlerini satyn alyş nyrhlary ýokarlandyryldy. Bu çäreler döwletimiziň oba hojalygynyň ösüşine, daýhan birleşikleriniň maliýe-hojalyk işjeňliginiň ýagdaýlaryna, kärendeçileriň we oba hojalyk harytlaryny öndürijileriň girdejileriniň ýokarlanmagyna oňat täsirini ýetirdi. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň sosial taýdan ösdürilmegine uly üns berýär. Balkan welaýatynyň Esenguly etrabyny, Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent etrabyny, Lebap welaýatynyň Döwletli etrabyny ykdysady, sosial we medeni taýdan ösdürmek barada uly möçberli çäreler geçirilýär.

Milli maksatnamanyň kabul edilmegi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň, Türkmenistanyň Strategik meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş institutynyň (Türkmen obasynyň keşbini özgertmegiň ygtybarly kepillendirilmesi. «Türkmenistan» gazeti, 2007, dekabr aýynyň 28-i) bellemegine görä, Türkmenistanyň obalarynyň, şäherçeleriniň, etrapdaky şäherleriniň we etrap merkezleriniň keşbini düýpgöter özgerder. Olaryň ilatynyň durmuş derejelerini ýokarlandyrar.

Agrosenagat toplumy Türkmenistanyň ykdysadyýetinde uly orun tutýar. Onuň pudaklary senagat kärhanalaryny çig mal, ilaty azyk

önümleri bilen üpjün edýär. Onuň düzümine oba hojalygy, oňa hyzmat edýän we oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän senagat pudaklary girýärler. Ol pudaklaryň edara-kärhanalarynyň esasy bölegi obalarda, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde, etrap merkezlerinde ýerleşýär. Şol sebäpli, Milli maksatnama diňe bir oba ilatly nokatlary öz içine alman, tutuş agrosenagat toplumynyň kärhanalaryny ösdürer.

Döwletimiziň agrosenagat toplumynyň kärhanalarynyň netijeliligi oba hojalyk önümçiliginiň ösüşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň oba hojalyk önümçiligi eýeçiligiň dürli görnüşlerine: daýhan birleşiklerine, dürli kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň kömekçi hojalyklaryna, şahsy hojalyklara, hususy haryt öndürijilere we daýhan hojalyklaryna esaslanýar. Milli maksatnamada görkezilen çäreleriň durmuşa ornaşdyrylmagy döwlet serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylar. Milli maksatnama sosial ösüşiň we inženerçilik infrastrukturasynyň 15 ugruny öz içine alýar: hassahanalar, saglyk öýleri we merkezleri, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, orta mekdepler, medeniýet öýleri, sport mekdepleri we desgalary, suw geçirijileri, awtomobil ýollary, gazlaşdyryş desgalary, aragatnaşyk ulgamy, ýaşaýyş jaý hojalygy.

Milli maksatnama boýunça umumy möçberi 14500 mln (2010 ý.) manatlyk düýpli maýa goýumlary özleşdirmek göz öňünde tutulýar. Şolaryň 2240 mln (2010 ý.) manady elektrik geçirijilerini we desgalaryny, 2200 mln (2010 ý.) manady suw geçirijilerini, 2080 mln (2010 ý.) manady mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryny, 2080 mln (2010 ý.) manady orta mekdepleri, 1140 mln manady ýaşaýyş jaýlaryny, 1260 mln manady awtomobil ýollaryny, 860 mln manady sport mekdeplerini gurmaga gönükdiriler. Bu maýa goýumlar gazlaşdyryş desgalarynyň we geçirijileriniň, hassahanalaryň we saglyk öýleriniň, medeniýet edaralarynyň, sport desgalarynyň, suw geçirijileriniň we guýularynyň, lagym geçirijileriniň, aragatnaşyk ulgamynyň, ýollaryň gurulmagyna harçlanylar.

Maksatnamada saglygy goraýyş ulgamy boýunça her etrapda iki sany saglyk öýüniň we hassahananyň doly möçberli işini ýola goýmaklyk, saglygy goraýyş edaralaryny ýokary hünärli lukmanlar bilen üpjün etmek, oba lukmançylyk ambulatoriýalarynda, etrap merkezi hassahanalarynda düýpli abatlaşdyryş we enjamlaşdyryş işlerini

geçirmek, tiz kömek gullugynyň kadaly işini guramak üçin olary ýeterlik derejede sanitar awtoulaglary, enjamlar, aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün etmek ýaly meseleler maksat edilýär.

Umumybilim ulgamy boýunça oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 161,5 müň orunlyk 328 mekdebiň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň 428-siniň gurluşygy amala aşyrylar. Olar 61,5 müň çaganyň çagalar baglaryna gatnamagyna mümkinçilik döreder.

Türkmen obasyny medeni taýdan düýpli ösdürmek we özgertmek, türkmenleriň medeni, taryhy gymmatlyklarynyň we däp-dessurlarynyň saklanyp galmagyny we halka giňden ýaýradylmagyny gazanmak esasy maksatlaryň biri bolup durýar. Şol sebäpli hem, obalarda, şäherçelerde, etraplardaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 2020-nji ýyla çenli 215 sany nusgalyk oba medeniýet öýlerini gurmak meýilleşdirilýär.

Prezidentimiziň **«Ähli etrap merkezlerinde sport-bedenterbiýe toplumlaryny gurmagy zerur hasap edýärin»** diýen ýörelgesinden ugur alyp, Milli maksatnamada bedenterbiýe we sport ulgamyny giňden ösdürmek boýunça uly möçberli işler göz öňünde tutulýar. Oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 75,5 müň orunlyk 212 sport mekdepleriniň we 180 sport desgalarynyň gurulmagy göz öňünde tutulýar. 2010-njy ýylyň noýabr aýynyň 5-ne Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Aşgabat şäherinde «Olimpiýa şaherçesini» gurmaklygyň birinji tapgyryna badalga berdi.

Gurluşyk işlerine 2010-njy ýylyň oktýabr aýynda başlamak we desgalar toplumyny 2014-nji ýylyň aprel aýynda doly taýýar edip ulanmaga tabşyrmak bellenildi.

Döwletimiziň obalarynda, şäherçelerinde, etrapdaky şaherlerde we etrap merkezlerinde suw üpjünçiligi esasy gaýragoýulmasyz meseleleriň biri bolup durýar. Suw diňe bir agyz suwy we şahsy gigiýena üçin ulanylman, obalarda uly möçberlerde mellek ýerlerini suwarmak we mallary suwa ýakmak üçin hem ulanylýar. Suw üpjünçiliginiň hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmak we suw geçirijilerde suwuň ýitgisini azaltmak, suw geçirijileriň suwunyň ýokanç keselleriň döremek howpsuzlygyny üpjün etmek maksatlaryna

gönükdirilen, uzynlygy 22895,2 kilometre barabar suw geçirijileri gurlar. Oba ilatyny agyz suwy hem-de mellek ýerlerinde oba hojalyk önümlerini öndürmekleri üçin guýularyň 2774-sinde umumy möçberi 5196 müň manada (2010 ý) barabar bolan täze gurluşyk we düýpli abatlaýyş işleri alnyp barlar.

Oba ýerleriniň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň içerki ýollarynyň ýagdaýy olaryň durkuny täzelemekligi talap edýär. Türkmenistanyň ilatynyň zolaklaýyn ýerleşmegi sebäpli, ilatly nokatlaryň arasyndaky awtomobil ýollaryň ýagdaýy gowy, ýoluň käbir bölekleri halkara standartlaryna gabat gelýär. Oba ýerleriniň ýollary abatlaşdyrylýar. Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň içerki ýollaryny düýpli abatlamak zerurdyr. Gara ýollardan obalara, şäherçelere we etrap merkezlerine barýan ýollary abatlaýyş we durkuny täzeleýiş işlerine başlanyldy. Wajyp önümçilik obýektlerine (däne ammarlaryna, maldarçylyk toplumlaryna, önümçilik brigadalaryna) barýan ýollarda abatlaşdyryş işlerini geçirmek we täze ýollary gurmak ýaly işler meýilnamalaşdyrylýar. Umumy uzynlygy 23836,4 kilometre barabar awtomobil ýollarynyň gurulmagy niýet edilýär.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň köp obalary, şäherçeleri, şäherleri, etrap merkezleri gazlaşdyrylan. Geljekde bu işleriň hilini gowulandyrmak we çet obalary gazlaşdyrmagy üpjün etmek wezipesi öňde durýar. Şol sebäpli 12806,2 kilometrlik gaz desgalarynyň we geçirijileriniň gurluşygy göz öňünde tutulýar. Uzakda ýerleşen az ilatly obalar ballonly suwuklandyrylan gaz bilen bökdençsiz üpjün ediler.

Obalary, etrapdaky şäherleri, şäherçeleri, etrap merkezlerini bökdençsiz elektrik yşygy bilen üpjün etmek meselesi Milli maksatnamada öz ornuny tapypdyr. Olarda bar bolan elektrik energiýasyny kabul ediji we paýlaýjy ulgamlaryň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak işleri amala aşyrylar. 2020-nji ýyla çenli uzynlygy 24441,2 kilometre barabar elektrik geçirijileri we desgalary gurlar.

Milli maksatnamada oba ýerlerinde telekommunikasiýa ulgamyny ösdürmek boýunça obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň

we etrap merkezleriniň ilatynyň islegine görä, doly möçberlerde telefonlaşdyrmak niýet edilýär. Awtomatlaşdyrylan telefon stansiýalary tapgyrlaýyn elektron görnüşlere geçirilip, telefon aragatnaşygy ulgamyny ösdürmegiň we ulanmagyň usullary we görnüşleri kämilleşdirilip, dünýä derejesine ýetiriler. Telekommunikasiýa we maglumat hyzmatlarynyň täze görnüşlerini girizmek çäreleri göz öňüne tutulýar.

Türkmenistanyň ilatynyň ýarysyndan köprägini oba ilaty tutýar. Täze döreýän maşgalalara mellek ýerleri bermek, ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin karz pullary bermek, etrap merkezlerinde, şäherçelerde, etrapdaky şäherleriň, etrap merkezleriniň ilaty üçin 5222,4 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýlarynyň gurulmagy bellenilýär. Bu işleri berjaý etmek üçin 1443,72 müň (2010 ý.) manatlyk serişdeler goýberiler. Uzynlygy 6336,8 kilometre deň bolan lagym geçirijileriniň gurluşygy amala aşyrylar. Olar üçin 603,620 müň (2010 ý.) manat serişde goýberiler. Şeýlelikde, Milli maksatnama ýerine ýetirilse, oba bilen şäheriň arasyndaky tapawut ýitip gider. Oba ilaty häzirkisinden köp derejede medeniýetli ýaşar.

## EDEBIÝAT

Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin  Milli maksatnamasy. Aşgabat, TDNG, 2007.

Türkmen obasynyň keşbini özgertmegiň ygtybarly kepillendirilmesi. «Türkmenistan» gazeti, 2007, dekabr aýynyň 28-i.

Народонаселение Мира в 2009 году. Нью-Йорк, 2010.

*Родионова И.А., Бунакова Т.М.* Экономическая география. М., «Московский лицей», 1999, с. 100-103, 124-134.

*Çaryýew B., Hudaýýarow M.* Dünýäniň ilaty: köpelişi, düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň neşirýaty, 2004.

*Капица С.П.* Общая теория роста человечества: Сколько людей жило, живет и будет жить на Земле. Москва, УРСС, 2009.

# III. YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ TAGLYMAT ESASLARY

## III.1. HOJALYGY, ÖNÜMÇILIGI ÝERLERDE ORNAŞDYRMAKLYGYŇ KANUNLARY, KANUNALAÝYKLYKLARY, ÝÖRELGELERI WE ŞERTLERI

### 3.1.1. Önümçiligi ýerlerde gurnamaklyk hakdaky düşünjeleriň özara baglanyşygy

Hojalyk kärhanalarynyň bir-birine bolan täsiri, olaryň çig mal we taýýar önüm gatnaşyklary hojalygyň ösmegine oňat täsir edýän bolsa, şoňa ykdysady we durmuş geografiýasynda hojalygyň, önümçiligiň ýerlerde ornaşdyrylyşy, guralyşy maksada laýyk diýilýär.

Ýerlerde hojalygy ornaşdyrmaklygyň we gurnamaklygyň ösüşi, peýdalylygy ykdysady sebitiň döremek bähbitleri bilen gabat gelýär. Ýerlerde hojalygy ornaşdyrmak ykdysady we durmuş geografiýasynyň problemalarynyň biri bolup durýar. Ol başga ylymlar tarapyndan hem öwrenilýär.

T.M. Kalaşnikowanyň (1990, s. 6) pikirine görä, ykdysady we durmuş geografiýasy ösýän ýerli hojalyk toplumynyň çig maly we taýýar önümleri özünde jemleýän önümçilik kärhanalarynyň ýerleşişini, olara tebigy we tehnologik toplumlaryň, önümçilik gatnaşyklarynyň özara täsirlerini öwrenýär. Önümçilik gatnaşyklarynyň ýerli toplumlary sebitara ykdysadyýetiň (региональная экономика) öwrenýän obýekti bolup durýar.

Sebitara ykdysadyýet ugrunyň döremegi bilen käbir alymlar ykdysadyýet ylmynyň bäsdeşi hökmünde ykdysady we durmuş geografiýasy döredi diýip pikir edýärler. Emma ol beýle däl. Ykdysady geografiýa hiç haçan hem önümçilik gatnaşyklaryny öwrenmändi.

Ol öndüriji güýçleri önümçilik gatnaşyklarynyň ýerli aýratynlyklarynyň täsirini, ýagny sebitara ykdysatçylaryň barlaglarynyň netijesini ulanýar. Önümçilik gatnaşyklaryny ýerlerde gurnamak – ykdysadyýet ylmynyň esasy öwrenýän meselesi bolup durýar. Önümçilik gatnaşyklaryny dürli ýerlerde deňeşdirip öwrenmeklik ykdysadyýet ylmynyň täze şahasy – sebitara ykdysadyýetiň esasy meselesidir. Beýle diýildigi, öndüriji güýçleriň önümçilik gatnaşyklaryndan aýryldygy däl. Her bir ylmyň özüniň öwrenýän obýekti bar. Käbir ylmyň pudaklary ylymlaryň arasyndaky aragatnaşyklary, bir-birine galtaşýan ýerlerini öwrenýär. Öndüriji güýçleri öwrenmeklik bilen tebigy we tehniki ylymlar hem meşgullanýarlar. Önümçilik gatnaşyklary ähli jemgyýetçilik ylymlary (ykdysadyýet, filosofiýa, sosiologiýa, psihologiýa we beýlekiler) öwrenýär. «Ykdysady we durmuş geografiýasy», bilşimiz ýaly, jemgyýetçilik we tebigy ylymlaryň ikisine hem ýakyn.

Hojalygy ýerlerde gurnamaklyk, ornaşdyrmaklyk dürli jähetden seredilip bilner. Şu meselede ykdysady we durmuş geografiýasy çig mal we taýýar önüm gatnaşyklaryna çuňňur seredýär we ony öwrenýär. Has dogrusy, önümçilik gatnaşyklaryny jemgyýetde, her bir döwletde, ähli ýerlerde öndüriji güýçler emele getirýärler. Önümçilik gurallarynyň, serişdeleriniň üýtgemegi bilen önümçilik gatnaşyklary hem üýtgäp bilýär. Olarda işleýän işgärleriň öndürijiligi, öndürýän önüminiň hili, sypaty üýtgeýär. Şol kärhananyň öndürýän önümini alýan beýleki kärhanalar hem öz önümçiligini haryda görä gurnamaly bolarlar. Mysal: eger-de öň oba hojalykda, ulaglar ulgamynda işleýän maşynlar nebit önümleri bilen işlän bolsa, soňra tehnologiýa üýtgäp, şol maşynlar tebigy gaz ýa-da ýangyjyň başga görnüşleri bilen işleýän edilip ýasalan bolsa, hojalyklar şoňa görä hereket etmeli bolýarlar.

### 3.1.2. Önümçiligi ýerlerde ornaşdyrmaklygyň aýratynlyklary we özboluşly häsiýetleri

1992-nji ýyldan başlap Türkmenistan ykdysady we medeni ösüşiň täze görnüşine gadam basdy. Döwletimiziň ykdysadyýetini, medeniýetini, raýatlarynyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak

we ösdürmek esasy göz öňünde tutulan meseleleriň biri boldy. Ýurdumyzda esasy üns hojalygy ösdürmeklige gönükdirildi. Bilşimiz ýaly, Türkmenistan Soýuzyň düzüminde bolan wagty agrar döwlet hökmünde tanalýardy. Işleýän senagat kärhanalary barmak basyp sanardan köp däldi. Bar bolan senagat kärhanalary hem dünýä bazaryna önüm çykarardan ukypsyzdy. Şol sebäpli Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap döwletimizde şu aşakdaky çäreler geçirilip başlandy:

1. Kärhanalary geljekde işletmek üçin durkuny täzelemek esasy ykdysady meseleleriň biri bolup durýardy. Eger şeýle edilmese, ol kärhanalar ýurduň peýdasyna däl-de, zyýanyna işläýmegi mümkindi. Sebäbi, öndürilýän harytlaryň hili pes, adamlaryň islegini kanagatlandyrmaýardy. Ol önümleriň köpüsi içki bazaryň hem islegini ödemeýärdi. Şu sebäpli Garaşsyzlygyň ilkinji ýylyndan başlap, köp zawod-fabrikleriň durkuny täzelemeklige girişildi. Diýmek, önümçiligi artdyrmakda we täze kärhanalary gurmakda, diňe ylmy-tehniki ösüşe, täze tehnologiýalara uly üns berlip başlandy.

2. Döwletimiziň özünde ikinji bir mesele, artýan ilaty iş bilen üpjün etmek meselesi ýüze çykdy. Bu meselä hem döwletimizde akylly-başly çemeleşildi. Ähli etraplarda, welaýatlarda ilatyň zähmete ukyply bölegi göz öňüne tutulyp, täze önümçilik kärhanalary gurulmaga başlandy. Oba ýerlerinde daýhan birleşiklerde kärendesine ýer bermek, kärendesine mal bermek ýaly işler gurnaldy. Kärendesine ýer alýan we mal saklaýan daýhanlary döwlet tarapyndan ep-esli ýeňillikler berilýär. Ýere-suwa salgyt örän ujypsyz, dökün, tohum, tehniki hyzmatlar üçin uly ýeňillikler döredilýär.

3. Ýurdumyzyň hojalygyny ösdürmek bilen baglanyşykly «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň» öňünde esasy mesele, ýagny, bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe täze gurulýan kärhanalary döwrüň talabyna görä, çig mala, zähmet ätiýaçlyklaryna, sarp edijilere golaý ýerleşdirmek problemalary durýar. Şu babatda döwletimizde köp işler durmuşa geçirildi. Gurulýan senagat obýektleri, kärhanalary ornaşdyrmaklyk ykdysadyýetiň kanunlaryna we kanunalaýyklaryna esaslanyp ýerleşdirilýär.

4. Täze gurulýan kärhanalary gerekli işgärler bilen üpjün etmek meselesi hem ýüze çykdy. Bu meseläni kärhanalaryň özünde, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde işgär taýýarlamaklyga girişmek arkaly çözmek miýesser boldy. Senagata gerekli işgärleriň belli bir toparyny daşary ýurtlarda taýýarlamaklyk ýola goýuldy. Şu mynasybetli başarjaň ýaşlar saýlanyp alnyp, Türkiýä, ABŞ, Germaniýa we birnäçe beýleki döwletlere okuwa iberilýär. Şeýlelikde, ýurdumyzda gurulýan senagat, oba hojalyk, ulag, durmuş hyzmatyny amala aşyrýan kärhanalary gerekli işgärler bilen üpjin etmekligi tiz wagtyň içinde amala aşyryp bolar. Döwletimizde gurulýan kärhanalary, köplenç ýagdaýda, daşary ýurt maýadarlary gurup berip, olar şol kärhanalarda geljekde işlär ýaly ýerli işgärleri taýýarlamaga hem kömek edýärler.

5. Hojalygy, önümçiligi ýerlerde gurnamakda ýene bir mesele, ol hem önümçiligi hemmetaraplaýyn ösdürmek göz öňüne tutulýar. Bu meselede Garaşsyzlygyň birnäçe talaplary, meselem, gysga wagtyň içinde döwletimizde däne garaşsyzlygy meselesi doly çözüldi diýsek hem biz ýalňyşmarys. Dänäniň öndürilmegi bilen ot-iým meselesi hem öz-özünden çözülýär. Bu bolsa öz gezeginde obada maldarçylygy ösdürmeklige, et-süýt bolçulygyna uly ýardam edýär. Köp etraplarda täze pagta arassalaýjy zawodlar, egirme-dokma fabrikler gurulýar. Bular uly senagat toplumlaryny emele getirýärler. Ilkinji nobatda, pagta arassalaýjy zawod, soňra ýüplük fabrigi, taýýar ýüplügi mata edip çykarýan fabrikler toplumy döredilýär. Gurulýan kärhanalar bütindünýä talaplaryna (standartyna) gabat gelýärler. Türkmenistan üçin täze oba hojalyk ekini – gant şugundyry hasaplanýar. Bu häzirlikçe Mary, Ahal, Lebap welaýatlarynda ekilip, Maryda gant zawodynda işlenilýär. Geljekde beýleki welaýatlarda hem gurmak göz öňüne tutulýar. Önümçiligi hemmetaraplaýyn ösdürmek – çig maly, energiýany, işçi güýjüni we ulaglary tygşytly ulanmaklyga mümkinçilik döredýär. Döwletimizde haryt bolçulygy döreýär. Täze iş ýerleri emele gelýär. Obalarda, şäherçelerde, şäherlerde adamlara ýylyň dowamynda işlär ýaly iş ýerleri yzygider döredilýär.

6. Önümçiligiň hemmetaraplaýyn (kompleksleýin) ösmegi ulag-kommunikasiýa meselelerini çözmekligi talap edýär. Sebäbi kärhanalarda ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri ornaşdyrylsa,

getirilýän we äkidilýän ýükleriň möçberleri hem üýtgeýär we artýar. Şu mynasybetli ýurdumyzda täze gurulýan we durky täzelenýän obýektler bilen bir hatarda ulag we kommunikasiýa ulgamynyň gurluşygy dowam edýär. Gysga wagtyň içinde ýurdumyzda Tejen–Saragt, Türkmenabat–Atamyrat, Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýollary guruldy. Demirgazyk (Gazagystan) – Günorta (Eýranyň üsti bilen Pars aýlagyna) demir ýoluň gurluşygy dowam edýär. Aşgabat–Türkmenbaşy, Aşgabat–Mary–Türkmenabat awtomobil ýollaryň gurluşygy dowam edýär. Bu gurluşyklary 2014-nji ýylda tamamlamak göz öňüne tutulýar. Aşgabat–Daşoguz demir ýoluň ulanylmaga berilmegi bilen, şoňa ugurdaş awtomobil ýoluň bir tarapynyň gurluşygy tamamlandy, ikinji tarapynyň gurluşygy dowam edýär. Ýol gurluşygy bilen bir hatarda aragatnaşyk işleri hem giň gerim bilen ösýär. Täze telefon, telegraf toplumlary gurulýar. Köpüsiniň durky täzelenýär.

Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde ulag we aragatnaşyk ulgamlary döwrebap işlemese, öňde goýulýan meseleleri çözmek kyn bolýar. Gurulýan senagat, oba hojalyk, ulag-kommunikasiýa toplumlary dürli hili we dürli möçberde ýükleriň hem-de ýolagçylaryň gatnadylmagyny talap edýär. Şonuň üçin olaryň bökdençsiz işlemegi örän zerur hasaplanýar.

7. Döwletimiziň ykdysadyýetini ösdürmekde we gurulýan kärhanalary gurluşyk çig mallary bilen üpjün etmek üçin gurluşyk industriýasyny we gurluşyk senagatyny ösdürmeklik zerur. Şu babatda ýurdumyzda köp işler edilýär. Ýagny, özünde gurluşyk üçin gerek bolan zerur çig mallaryň ähli görnüşleri bar. Gurulýan desgalary gurluşyk üçin gerek bolan zerur zatlar bilen üpjün eder ýaly goşmaça zawodlar we fabrikler gurulýar. Käbir gurluşyk çig mallary (sement, her dürli reňkler we beýlekiler) belli bir möçberde ýetmezçilik edýär. Olaryň käbirleri Türkiýeden, Russiýadan, Ermenistandan, Özbegistandan we beýleki döwletlerden getirilýär. Welaýatlarda we ähli etraplarda gurluşyk enjamlaryny (kerpiç, demir-beton, asfalt, hek) öndürýän zawodlar guruldy. Öň belläp geçişimiz ýaly, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda gurluşyk işlerini alyp barar ýaly çig mal bar.

### 3.1.3. Önümçilik ulgamlarynyň ilatyň ýerleşmegine edýän täsiri

Geografiki giňişliklerde önümçilik ulgamlary döredilende iki hili ýagdaý göz öňünde tutulýar. **Birinjiden,** ilatyň oturymly ýerlerinde senagat, oba hojalyk, ulag ulgamlaryny döretmeklik, **ikinjiden,** ilatyň entek ýaşamaýan ýerlerinde şolar ýaly ulgamlary gurmak. Bu ýagdaýlar bir-birinden tapawutlanýarlar. Sebäbi, ilatyň oturymly ýerlerinde senagat, oba hojalyk, ulag, durmuş hyzmaty kärhanalaryny döretmek uly we artykmaç ykdysady çykdajylary talap etmeýär. Sebäbi ol ýerlere eýýäm ýol, elektrik, aragatnaşyk, suw, kanalizasiýa ulgamlary çekilen bolýar. Bular öz gezeginde guruljak kärhanalar üçin ykdysady çykdajylary az talap edýär. Emma munuň tersine, islendik döwletlerde özleşdirilmedik geografiki giňişliklerde şol ulgamlary gurmak üçin artykmaç ykdysady çykdajylar gerek bolýar. Onuň bilen hem, eger şol kärhana toplumlaryny gurmak zerur bolsa, oňşup bolýar. Bu ýerde esasy bir mesele ýüze çykýar. Ol hem şol ýere ilaty nädip göçürip bolar. Täze özleşdirilýän ýerlere orta ýaşan we gartaşan adamlary göçürip eltmek aňsat düşmeýär. Olary öňki ýaşaýan ýerlerinden gozgamak kyn. Şonuň üçin bu, esasan, ýaşlara, ýetginjeklere we orta ýaşan adamlara degişli bolýar.

Ilatyň oturymly obalarynda, şäherçelerinde, şäherlerinde kärhana ulgamlaryny döretmekde esasy göz öňüne tutulmaly zatlar: önümçiligiň ýöriteleşmegi, şol önümçiligiň beýleki bar bolan we işläp duran kärhanalar bilen hyzmatdaşlygy we zähmetiň geografiki bölünişigi. Ilatyň oturymly ýerlerinde dörediljek kärhana ulgamlarynda işlemek üçin hünärmenleri tapyp bolýar. Munuň tersine, hojalyk ulgamlary täze özleşdirilýän ýerlerde gurlanda, göçüp barjak ilatyň ýaşaýan ýerlerinden barjak ýerleriniň ýaşaýyş şertleri has oňat bolmaly. Ýaşaýyş şertlerini ýokary talaba laýyk edip guramak gerek. Şeýle bolanda, oturymly ýerlerden ilat we işe ýaramly hünärmenler täze özleşdirilýän ýerlere göçüp bararlar. Ilat göçüp barmanka, demir we awtomobil ýol, durmuş hyzmaty (çagalar bagy, mekdep, söwda merkezi) gullugy, aragatnaşyk ulgamy işe taýýar edilen bolmaly. Göçüp barmak üçin esasy zerur zadyň biri ýaşaýyş jaýy, töwereginde

eker ýaly uly bolmadyk mellek ýeri hasaplanylýar. Şol zatlar berjaý edilende, geografiki giňişliklerde önümçilik ulgamlaryny döretmek we ilaty ýerleşdirmek meselesi ugurdaş çözülýän mesele hasaplanýar.

### 3.1.4. Türkmenistanyň hojalygynyň bazar ykdysadyýetine geçiş aýratynlyklary

Köp alymlaryň pikirlerine görä, her bir jemgyýete mahsus önümçiligi ýerleşdirmekligiň taglymatlary we kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri bolýar. Şonuň üçin taglymatlaryň we kanunalaýyklyklaryň üýtgäp durmagy tebigy zat (Hudaýýarow, 2003, 21–28). Meselem, Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny alandan soň beýleki döwletleriňkä meňzemeýän özboluşly ösüş ýoluna düşdi. 1992-nji ýylyň dekabr aýynyň 14-ne Türkmenistanda «10 ýyl abadançylyk» maksatnamasy yglan edildi. Maksatnamada «Biziň ahyrky maksadymyz mähriban Türkmenistanymyzda, eziz diýarymyzda dünýewi demokratik hukuk döwletini gurmak we ýakyn ýyllarda iň ösen döwletleriň hataryna goşulmakdyr» diýip bellenildi. Özbaşdaklygyny gazanan Türkmenistan ykdysadyýetini ösdürmegi başararmyka diýen sowal ýüze çykýardy. Ykdysadyýetini ösdürmek üçin doly şertler bar. Hojalygy ösdürmek üçin gerekli çig mallaryň ýeterlik bolmagy, ýurduň asudalygy, halkyň zähmetsöýerligi, maýa goýumlarynyň bolmagy özbaşdaklygymyzy berjaý etmekligiň, berkarar döwleti gurmaklygyň esasy şertleridi.

Olardan başga-da ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek üçin zerur bolan esasy dört şertiň dördüsem bardy. **Birinjiden,** syýasy durnuklylyk, **ikinjiden,** açyk gapylar we hoşniýetli goňşuçylyk, bitaraplyk syýasaty, **üçünjiden,** geçiş döwrüniň döwlet gözegçiligini üpjün edýän güýçli häkimiýet we demokratiýa, **dördünjiden,** düýpli maýa goýumlary we çig mal serişdeleri bar. Bular döwletimizi ösdürmekligiň, dört sütünleridir. Şu sütünleri mundan beýläk hem abat saklap, öňe gitmegi başarmagymyz bazar ykdysadyýetiniň çarkandakly ýoly bilen arzyly geljege – gülläp ösen Türkmenistanymyza ýetmegimiziň esasy girewi bolup durýardy. Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji Maksatnamasyna laýyklykda, döwletimizde hojalyk kärhanalaryny ýerler-

de ornaşdyrmak birnäçe ykdysady we ykdysady-geografiki şertleriň, taglymatlaryň, kanunalaýyklyklaryň, ýörelgeleriň esasynda amala aşyrylýar. Şol bir watyň özünde türkmen halkynyň taryhy ösüşi, däp-dessury bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň kanunalaýyklyklary we ýörelgeleri hem göz öňüne tutulýar.

Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe göz öňüne tutulan garaýyşlar ulgamy (taglymatlar), kanunalaýyklyklar, wezipeler şu aşakdakylardan ybarat:

1. Telekeçilige (hususy kärhanalary döretmeklige) döwlet tarapyndan giň ýol açylmagy, ýagny hojalygyň ähli görnüşlerinde ýuwaş-ýuwaşdan döwlet eýeçiligini aýyrmak, islegler we teklipler boýunça öndürilýän önümleriň bahasynyň emele gelmegine mümkinçiligiň döremegi. Ähli hojalyk kärhanalaryna daşary döwletler bilen söwda etmäge rugsat berilmegi we daşary söwdada döwlet monopoliýasynyň kem-kemden ýatyrylmagy.

2. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň hususy eýelere berilmegine ýa-da satylmagyna rugsat edilmegi. Döwlet edaralarynyň (aýratynam, hyzmat ediş gullugy kärhanalary) hususy eýelere, ykdysadyýeti ösdürmek bilen meşgullanýan adamlara satylmagy.

3. Bazar ykdysadyýetine degişli özboluşly kärhanalaryň döremegi: hojalyk aragatnaşyklaryny gowulandyrmagyň usullary, haryt we ymarat biržalary, kommersiýa banklary. Döwletimizde telekeçilige uly hormat goýulýar.

4. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalar hususy eýeçilige berlip, ykdysady birleşmeleriň (assosiasiýalaryň) we bäsleşikleriň (konkurensiýa) emele gelmegi, içki bazarlarda, haryt hereketlerine çäklendirilmeleriň aradan aýrylmagy.

5. Azat söwda zonalary döredilýär, daşary ýurt firmalary bilen bile senagat kärhanalary gurulýar, «Açyk gapylar» syýasaty ýöredilýär.

6. Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde türkmen halky kynçylyk çekmez ýaly, Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ilat üçin köp durmuş ýeňillikleri (tebigy gazy, elektrik energiýasyny, nahar duzuny, hojalyk maşynlaryna ýylyna 1740 litr benzini, içimlik suwy mugt) berdi.

7. Sarp ediji bazaryň baha ulgamynda deňagramlylygy saklamak üçin döwlet ýörite gözegçilik edýär. Içki bazarda haryt bolçulygyny

8. Sargyt № 2076

döretmek üçin hususy eýeçilik bölümde halkyň sarp edýän zerur harytlaryny öndürmeklik ýola goýuldy. Halka durmuş hyzmaty edilýär.

8. Respublikanyň oba hojalygynda yzygider üýtgetmeler (reforma) amala aşyrylýar, oba hojalyk işgärlerine hususy eýeçilik bilen meşgullanar ýaly doly mümkinçilikler döredilýär. Olar salgydyň ähli görnüşlerinden azat edilen.

9. Ulaglar ulgamynda geljekde çuňlaşdyrylan yzygider täzelikler (reforma) geçirmek üçin amatly şertler döredilýär. Ilata hyzmat eder ýaly ulaglar ulgamynda telekeçilige, hususy eýeçilige giň ýol açylýar.

10. Şäherlerde we obalarda hususy jaý salmak isleýän raýatlara ýeňillikli karz pul berilýär. Şäherlerde döwlet jaý gurluşyk edaralary tarapyndan hemme amatlyklary döredilen ýaşaýyş jaýlardan hususy eýeçilige jaý edinmek isleýänlere 30 ýyl möhlet bilen ýeňil şertlerde karz pul berilýär.

11. Oba hojalyk işgärleriň pensiýalary dikeldildi, işe ýarawsyzlygy sebäpli kömek pul almaýan raýatlara, ýaş çagaly enelere döwlet tarapyndan kömek pullary berlip başlandy. Bazar ykdysadyýeti bilen baglanyşykly, raýatlar horlanmaz ýaly, yzygider zähmet haklary ýokarlandyrylýar.

Adamzadyň ýaşaýşynda we jemgyýetiň ösüşinde esasy zat ykdysady iş hasaplanylýar. Adamyň nirede ýaşaýanlygyna garamazdan, onuň üçin hem-de jemgyýet üçin ykdysady iş ýaşaýşyň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ykdysady işleri bazar şertlerinde, diňe bir jemgyýetiň agzalary däl, eýsem milli hojalygyň ähli kärhanalarynda işleýän işgärler, ykdysadyýet wekilleri (agentler), menejerler, bankirler, öý we jaý, aksiýa, obligasiýa, ýer bölümleriň eýeleri, fermerler, kärhanalaryň esasy başlyklary amala aşyrýarlar. Dürli usullary we serişdeleri ulanmak bilen olar özleriniň hojalyk işleriniň çäklerinde zerur çözgütleri kabul edip we durmuşa geçirip bilýärler. Her bir döwletiň ykdysadyýetiniň zerur çözgütleriniň biri «netijelilik», ylmy-tehniki ösüşiň gazananlarynyň dünýä ülňülerine laýyk gelýän harytlary öndürip, olaryň içki we daşky bazarlarda harytlanmak derejesi, ykdysadyýetde adamyň orny. Iň esasy zat – öndürilýän harytlaryň we edilýän hyzmatlaryň nähili derejede alyjylar köpçüliginiň islegine laýyk getirip bolýanlygyndadyr. Adamyň özüniň tebigy we ýaşaýşa

ukyplylygy üçin döreden şertlerine bolan gatnaşygyna **isleg** diýip düşünilýär. Islegiň ösmegi we ony kanagatlandyrmak – hemişelik we elmydama üsti ýetirilýän taryhy hadysa, şoňa baglylykda adamzadyň ösüşi islegiň ösüşi bilen deňeçer gidýär. **Isleg** – bu şahsyýetiň we tutuş jemgyýetiň ýaşaýşa bolan ukybyny saklamak üçin gerek bolan zerurlykdyr.

Türkmenistanda senagat we oba hojalyk önümlerini gaýtadan işläp taýýarlaýan kärhanalary taýýar önümiň sarp ediljek ýerlerinde ýerleşdirilýär. Bu ýagdaý bazar ykdysadyýetiniň esasy zerur bolan ykdysady taglymatlaryň biridir. Harytlaryň we önümleriň sarp edilişiniň artmagy ilatyň tebigy artyşyna garaşly, şonuň ýaly-da şol harytlara goňşy döwletlerde ýa-da daşky bazarda islegleriň artmagyna bagly bolup durýar.

Bütin dünýäde bolşy ýaly, Türkmenistanda hem taýýar önümleriň sarp edilişiniň artmagynyň esasy sebäpleriniň biri, olaryň hiliniň gowulygy we ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň, girdejisiniň artmagy bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanda halkyň senagat önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin dürli harytlar: maşynlar, traktorlar, olara gerekli her hili enjamlar, iýmit däl önümler, ulag serişdeleri we azyk önümleriniň käbir görnüşleri daşary döwletlerden getirilýär.

Garaşsyzlyk ýyllaryndan başlap daşary döwletlere tebigy gaz, nebit we nebit önümleri, pagta süýümi, pagta sapagy, taýýar nah mata we taýýar eşikler, dürli senagat önümleri çykarylýar. Çykarylýan önümleriň möçberi köp ýyllardan bäri, getirilýän önümlerden agdyklyk edýär. Bu ýagdaý ýurduň ykdysady rowaçlygynyň alamatydyr.

### 3.1.5. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň taglymatlary

Halk hojalyk pudaklarynyň ýerleşişine, ösüşine dürli jemgyýetçilik, tebigy we jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky kanuny gatnaşyklar täsir edýärler. Jemgyýetçilik we tebigat kanunlarynyň arasynda esasy orun ykdysady kanunlara degişlidir. Sebäbi, önümçiligi ýerlerde ornaşdyrmakda W.D. Kamaýewiň (1997), W.A. Med-

wedewiň, L.I. Abalkiniň we beýlekileriň (1989) hem awtoryň (2003) pikirlerine görä, esasan ykdysady kanunlar höküm sürýär. **Tebigy kanunlar şol ýagdaýlarda doly ýüze çykmaýar. Olar gönüden-göni önümçiligiň ýerleşdirilişine täsir etmän, kanunalaýyk ýörelge, şert hökmünde ýüze çykýarlar.**

**1. Hojalyk kärhanalarynyň ýerleşdirilişinde wagt tygşytlama taglymaty** esasy orny eýeleýär. Islendik kärhana (zawod, fabrik we ymaratlar) tiz gurulsa we işlämäge başlasa, ol tiz wagtyň içinde çykdajylaryny ödeýär. Hojalyga peýda getirip başlaýar. Ykdysadyýetiň **«Wagt tygşytlama taglymatyna»** döwletimiziň hojalyk işlerinde Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap uly üns berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabatda we welaýatlarda gurulýan ymaratlar, senagat kärhanalary daşary ýurt hünärmenleriniň ýardam etmegi bilen şertnama esasynda tiz wagtyň içinde gurulýar. Gurulýan ymaratlar we senagat kärhanalary dünýä ülňülerine laýyk gelýärler. Olar häzirki zaman tehnologiýasy bilen üpjün edilýär.

**2. Önümçiligiň bir ýere jemlenmek taglymaty** ykdysadyýetiň esasy ýörelgeleriniň biridir. Uly senagat kärhanalar (metallurgiýa, himiýa, nebit arassalaýan zawodlar) bilen ugurdaş kömekçi kärhanalaryň gurluşygy hem alnyp barylýar. Gurulýan senagat kärhanalaryny entek önüm öndürmäge ýetişmänkä dürli zawod, fabrikler bir ýere jemlenip başlaýar. Meselem, haýsy-da bolsa bir uly önümçiligiň esasynda goşmaça kärhanalar emele gelýärler. Önümçilik kärhanalary bir-birine garaşly bolanlygy sebäpli bir ýere jemlenmeli bolýarlar. Mysal üçin, metallurgiýa, nebit arassalaýjy, himiki zawodlaryň esasynda birnäçe goşmaça zawodlar we fabrikler gurulýar. Olara hyzmat edýän gurluşyk, ulag, energiýa, suw, çig mal bilen üpjün edýän, aragatnaşyk we durmuş hyzmaty (jemgyýetçilik iýmiti, söwda-satuw, saglygy saklaýyş we ş.m.) kärhanalary döredilýär. Şeýlelikde, esasy bir ýa iki sany senagat kärhananyň esasynda önümçilik we olara hyzmat edýän birnäçe kärhanalar bir ýere jemlenýär. Netijede, kärhanalar toplumy döreýär, önümçilik bir ýere, bir şähere toplanýar. Şeýle bolanda döwlet we firma üçin ykdysady taýdan amatly bolýar. Soňra ikisine-de uly peýda getirýär.

**3. Gymmat taglymaty** durmuşda we ykdysadyýetde aýratyn hem bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde höküm sürýän esasy taglymat-

lardan biridir. Bu taglymat haryt öndürijiler bilen jemgyýetçilik zähmetini höweslendiriji we paýlaýjy kanunyň arabaglanyşygyny sazlaýar. Öndürilen harytlary satmak we çalyşmak, olaryň gymmatyny: sarp edilen işçi güýji, olaryň aýlyk haky, ýangyç, çig mal, energiýa, suw çykdaýjylary, işçileriň durmuş goragy üçin çykarylýan, esasy ymaratlaryň we serişdeleriň ulanylýanlygy üçin, ulag we beýleki çykdaýjylary bilen ölçeýärler. Islendik önüm öndürilende onuň özüne düşýän gymmaty sarp ediş gymmatyndan, ýagny bazardaky nyrhyndan pes bolmalydyr. Şu ýagdaýda önüm öndürýän kärhana girdejili bolýar. Şeýle ýagdaýda önümçilik kadaly dowam edip bilýär. Bolmasa, önüm öndürmek gymmat bolup, ol kärhana wagtyň geçmegi bilen batýar, ykdysady taýdan tozýar, ahyrynda ýapylmaly bolýar. Sebäbi öndürilen önüm döwlete we hususy eýesine peýda getirmeýär. Ony öndürmeklige çykarylan çykdajy ödelmeýär.

Ösýän döwletleriň hojalygynyň bazar ykdysadyýetine geçýän döwründe esasy üns berilýän kanun hasaplanylýar. Şonuň üçin döwletimiziň etraplarynda, daýhan birleşiklerinde kärendeçiler we mülkdarlar bilen döwlet ýolbaşçylary duşuşanda ilkinji gyzyklanylýan meseleleriň biri, olaryň öndürýän önümleriniň özüne düşýän gymmaty. Önümiň özüne düşýän gymmaty näçe pes, hili ýokary bolsa, hojalygyň rowaçlygy şonça-da beýgelýär.

**4. Pul aýlanyşyk taglymaty.** Dünýä tejribeliginden görnüşi ýaly, islendik döwletde öndürilýän harytlar wagtynda satylyp, bahasy yzyna gaýdyp barsa, önümçilik ösýär. Pul dolanyşygy ilkibada adamlar arasynda içki bazarda, söwda guramalarynyň arasynda, soňra bank ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Döwletde önümçiligiň üstünligi bank ulgamynyň dogry işleýşine bagly bolýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap ýurdumyzda bank ulgamyny gurmaga, olaryň işini kämilleşdirmäge uly üns berildi. Döwletimiziň ähli welaýatlarynda, etraplarynda häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen dürli banklar işleýärler. Bu öz gezeginde döwletiň çäginde kärhanalaryň, edaralaryň arasynda pul aýlanyşygyny çaltlandyrmaga we gysga wagtda ykdysadyýetimiziň çalt ösmegine uly ýardam etdi. Ykdysadyýeti yzygiderli ösdürmek üçin döwletde banklaryň takyk işlemegi zerur.

**5. Önümçiligiň maksadalaýyk we endigan ösüş taglymaty** döwletiň ykdysadyýetiniň, durmuşynyň we medeniýetiniň ösmeginde esasy taglymatlaryň biri. Önümçiligiň maksadalaýyk we endigan ýerleşmeginde we ösmeginde tebigy şertler, baýlyklar öz täsirlerini ýetirýärler. Daglar, çöller, suw giňişlikleri, köp ýyllyk doňaklyklar ilatyň endigan ýerleşmezligine sebäp bolýarlar. Aýratyn hem ösýän döwletlerde tebigy şertler we baýlyklar (klimat ýagdaýy, ýer-suw, gazma baýlyklar) ýeterlik bolmasa, milli ykdysadyýet birbada haýal ösýär. Türkmenistan tebigy şertlere we gazma baýlyklara baý döwlet. Şol sebäpli döwletimizde tebigy çig mal baýlyklary, oba hojalyk önümleri işleýän senagat kärhanalary ähli welaýatlarda we etraplarda tiz wagtyň içinde döredildi, gurulmagy dowam etdirilýär. Ol kärhanalar döwlet we raýatlar üçin goşmaça iş ýerlerini döredýär, olara uly girdejiler getirýär.

Döwletimizde täze ýerler özleşdirilýär, etraplar döredilýär. Ol ýerlerde ilata mellek we mülk ýerler berilýär. Şol özleşdirilýän ýerlere ilatyň göçüp barmagy üçin oňat şertler we ýeňillikler döredilýär. Bu «Täze oba» syýasaty döwletimizde önümçiligi maksadalaýyk we endigan ýerleşdirmeklige, döwletimiziň azyk howpsuzlygyny çözmäge mümkinçilik berýär. Islendik döwletiň çäginde önümçilik kärhanalary yzygider we endigan ýerleşdirilse, onuň ösmegi üçin gowy bolýar. Döwletiň ykdysady, syýasy we haryt howpsuzlygy emele gelýär hem-de berjaý edilýär.

**6. Ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmek taglymaty.** Bu taglymat döwletleriň köpüsine mahsus. Islendik döwletde hojalyk bir taraplaýyn ösdürilse, galan zerur harytlary daşary ýurtlardan getirmeli bolýar. Munuň özi döwlete ykdysady taýdan gymmat düşýär. Halky gündelik sarp edýän önümlerini döwletiň çäginde öndürmeklik maksadalaýykdyr. Şonuň üçin ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmek zerur bolýar. Türkmenistan Soýuzyň düzümindekä ykdysadyýetimiziň oba hojalygyna (pagtaçylyga, garakölçülige) we nebit-himiýa senagatyna esasy üns berilýärdi. Onuňam esasy sebäbi merkeze pagta, bagana, nebit we tebigy gaz çig mal hökmünde gerekdi. 1924–1991-nji ýyllar aralygynda döwletimizde soýuz we döwlet ähmiýetli ýekeje-de zawod, fabrik gurulmady. Garaşsyzlygymyz yglan edilenden soň bir-

bada hojalygy dolandyrmak aňsat düşmedi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda, öň belläp geçişimiz ýaly, «10 ýyl abadançylyk», «Galla», «Täze oba», «Nebit-gaz» we ençeme beýleki, maksatnamalar durmuşa ornaşdyrylyp başlandy. Garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde ýüzlerçe zawod-fabrikler, halkara awtomobil we demir ýollar, turbageçirijiler guruldy. Ykdysadyýeti köptaraplaýyn ösdürmeklige girişildi.

Ykdysadyýetiň hemmetaraplaýyn özara baglanyşykly ösüşi taglymaty islendik döwletiň durmuşynda hojalygy ösdürýän esasy taglymat hasaplanylýar. Döwletiň çäginde önüm öndürýän senagat, oba hojalyk kärhanalary bir-birleri bilen tilsimat ulgamlary boýunça baglanyşykly. Ol baglanyşyk üzülen wagty önümçilik togtaýar, önüm öndürilmeýär. Galan wagtlar olaryň hemmesi bir-biri bilen önümçilik arkaly hyzmatdaşlykda bolýarlar. Köp sanly oba hojalyk önümleri senagat kärhanalaryna çig mal bolup hyzmat edýärler. Öz gezeginde oba hojalyk kärhanalary senagat ulgamlaryndan zähmet gurallaryny, dürli maşynlary, mehanizmleri, mineral dökünleri, mör-möjeklere garşy ulanylýan zäherleýji maddalary we başga serişdeleri alýarlar.

Ykdysadyýet köptaraplaýyn ösdürilende döwletiň senagat, oba hojalyk, şol sanda azyk önümlerine bolan islegleri öz ýerinde kanagatlandyrylýar. Daşary döwletlere ykdysady baknalyk aradan aýrylýar. Daşary döwletlerden getirilýän harytlara çykdajylar kemelýär. Döwletiň girdejisi artyp ugraýar. Ýerli islegi kanagatlandyrýan senagat kärhanalar gurlanda ilaty iş ýerleri bilen hem üpjün edip bolýar. Hili oňat artyk öndürilen harytlary dünýä bazaryna çykarmaklyga mümkinçilik döreýär.

**7. Önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik taglymaty.** Dünýäniň ösen döwletlerinde önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik ir döwürlerden bäri höküm sürýär. SSSR-de we öňki sosialistik döwletlerde önümçilik serişdeleri döwletiň elindedi. Bu ýagdaý durmuşda, tejribede özüniň iş başarmaýanlygyny görkezdi. Sebäbi zawodlarda, fabriklerde önümçilik serişdeleri könelse-de, wagtynda çalşylmaýardy. Ýyl geçdigiçe olar könelýärdi, öndürijiligi peselýärdi. Öndürilýän önümleriň hili pes bolup, döwletiň çäginde-de halkyň islegini ödemeýärdi. Häzirki wagtda dünýäniň aglaba döwletlerinde önümçilik serişdeleri hususy eýeçiligiň elinde jemlenen. Ga-

raşsyzlygymyzyň ilknji ýyllaryndan başlap öňki bar bolan senagat kärhanalarynyň durkuny täzelemäge, olary täze tilsimatlar bilen üpjün etmäge girişildi. Bütindünýä ülňüsine gabat gelýän täze kärhanalar döredilýär.

Türkmenistanda hem Garaşsyzlyk ýyllarynda önümçilik kärhanalary hususy eýeçilige berlip başlandy. Häzirki wagtda durmuş hyzmaty kärhanalarynyň köpüsi hususy eýeçilikde. Döwlet maksatnamasyna laýyklykda senagat kärhanalary hususy eýeçilige ýuwaş-ýuwaşdan berler. Bu meseläniň gijikdirilýänliginiň sebäbi raýatlaryň maliýe ýagdaýlary göz öňüne tutulýar. Hususy senagat kärhanalaryny döretmeklige döwlet möçberinde giň ýol açyldy. Hemme welaýatlarda, etraplarda dürli senagat önümlerini öndürýän hususy kiçi zawodlar we fabrikler işleýärler. Olar dürli önümleri öndürýärler.

Öň belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistanda ähli welaýatlarda önümçilik kärhanalary hususy eýeçilige berilýär. Oba hojalygynda ýerler hususy eýeçilige paýlanylýar. Oba hojalygynda hususy haryt öndürijileriň sany 2008-njy ýylda 2500, şahsy kömekçi hojalyklaryňky – 756500, bagçylyk üçin berlen ýerleri bolan hojalyklaryň sany 37100-e ýetdi. Olar oba hojalygynyň jemi önüminiň esasy bölegini öndürýärler. Önümçilik kärhanalaryny, zawodlary, fabrikleri hususy eýeçilige bermeklik ýuwaş-ýuwaşdan amala aşyrylýar.

**8. Geografiki zähmet bölünişi taglymaty.** Adamzat peýda bolany bäri ähli meýdan-çäklerde zähmet bölünişigi bar diýsek, ýalňyş bolmasa gerek. Bu taglymatyň döreýşiniň, emele gelşiniň köp sebäpleri bar. Geografiki zähmet bölünişigi tebigy şertlere, taryhy ýagdaýlara, ilatyň sowatlylyk derejesine, başarnyklaryna, zähmet endiklerine we başga-da birnäçe sebäplere bagly. Her bir maşgaladan başlap, dünýäniň ähli döwletlerine mahsus taglymat hasaplanýar. Geografiki zähmet bölünişigi aýratyn alnan maşgala, oba, şäherçä, şähere, etraba, welaýata, döwlete we döwletler toplumyna häsiýetli.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe islendik döwletiň we şol sanda Türkmenistanyň milli hojalygyna dünýä ykdysadyýeti öz täsirini ýetirýär. Milli ykdysadyýetlere garanda dünýä hojalygynyň hem özboluşly meseleleri bar. Ýerlerdäki, döwletlerdäki, sebitlerdäki ge-

ografiki zähmet bölünişigi dünýä hojalygynyň zähmet bölünişiginiň özeni bolup durýar.

Häzirki zaman şertlerinde halkara zähmet bölünişigi döwletleriň çägindäki zähmet bölünişigine öz täsirini ýetirýär. Halkara zähmet bölünişiginiň esasynda ykdysadyýet halkara we bütindünýä häsiýete eýe bolýar. Oňa, esasan, 2 topar şertler täsir edýär: halkara hyzmatdaşlyk (milli hojalygyň ýakynlaşmagy sebäpli) we döwletara önümçilik toplumynyň döredilmegi bilen döwletara guramalary emele gelýärler. Döwletara korporasiýalar dürli döwletlerdäki milli hojalyklary diňe bir geografiki görkezijileri boýunça däl-de, eýsem has çuňňur ýöriteleşmegi we önümçiligiň jebisleşen özara baglanyşygy (kooperasiýasy) esasynda birleşdirilýär. Geografiki zähmet bölünişigi esasynda dünýäniň döwletleriniň arasynda haryt alyş-çalşy, satuw işleri amala aşyrylýar we bütindünýä hojalygynyň bir bölegi hökmünde Türkmenistanda Galkynyş we özgertmeler zamanasynda dünýäniň ösen döwletleriniň hatarynda önümçilik kärhanalary gurlup, öndürýän önümleri bilen şu önümçilik baglanyşygyna girýär.

Dünýäniň dürli döwletlerine mahsus bolşy ýaly, Türkmenistanyň ähli welaýatlaryna, etraplaryna, şäherlerine, şäherçelerine zähmetiň geografiki bölünişigi häsiýetlidir. Welaýatlarymyzyň, etraplarymyzyň arasynda özboluşly zähmet bölünişiginiň bolmagy ykdysady sebitleri döredýär.

**9. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak we öndürilýän önümiň hilini gowulandyrmak taglymaty.** Esasy ykdysadyýet, ykdysady we durmuş geografiýasynyň taglymatlarynyň biri hasaplanýar. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin önüm öndürilişini köpeltmek şerti bilen önümçilik ulgamynda girizilýän islendik zerur çig malyň we baýlygyň sarp edilişini azaltmagyň usullaryny tapmak ýeterlik. «Zähmetiň ýönekeýleşdirilmegi ýa-da zähmetiň ýöriteleşişini ýokarlandyrmagyň usulyny tapmak we çalt hereket edýän gurnama awtomaty (tilsimaty – tehnologiýany) oturtmak netijesinde öndürijilik ýokary galar» amerikan menejerleriniň öndürijilik meselesine çemeleşişleri şeýle bolupdy.

Bu taglymat, «has ýokary aýlyk haky gowy zähmet çekmäge mydama höwes döredýär» diýilýän kesgitleýji taglymat hökmünde uzak

taryhy döwür üçin ykrar edilipdi. Käbir amatly şertleriň täsir edenligi tilsimatlaryň, ýygnaýjy ulgamlaryň beýlekiler bilen deňeşdirilende täzeligi we zähmetiň ýöriteleşişiniň ýokary derejede bolmagy netijesinde amerikanyň senagatynda önümçiligiň yzygider ösüşine köp ýyllaryň dowamynda gözegçilik edip bolýardy. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda amerikanlar köp sanly ýapon söwdagär kärdeşlerinden we bäsdeşlerinden yza galyp başladylar. Köp sanly amerikan senagat kärhanalaryna seredende, ýapon senagatynyň bir artykmaçlygy, ýapon ýolbaşçylarynyň edarany dolandyrmak meselesine has giňişleýin garaýşy bilen tapawutlanypdyrlar. Amerikan kärdeşlerine garanda ýapon menejerleri önümçiligiň we peýdanyň möçberiniň aşak gaçyşynyň çözgüdini tapmaklyga howlukmaýarlar. Önümçiligiň möçberini ýokary galdyrmagyň öndürijiligi ýokarlandyrmaýandygyna, onuň ýerine önümiň hilini ýokary galdyrmaklygyň zerurdygyna olar düşünipdirler. Bu ýerde sebäp ýeke – oňat dolandyryş gerek. **Hil** konsepsiýasy (taglymaty) – bu umumy öndürijiligiň esasy zerur görkezijisi bolup, köptaraply ulgamlaýyn çemeleşmegiň zerurdygyny aňladýar. Ýolbaşçylar kärhanalarynyň öndürijiligine baha berenlerinde, ýygy-ýygydan goýberýän ýalňyşlyklary, olar diňe önümiň möçberine seredýärler. Öndürijiler, köplenç, önümiň möçberine gyzyklanyp önümiň hil meselesini (SSSR döwründe şeýle bolupdy) inkär edýärler. Ýapon menejerleri amerikan biznesmenlerine garanyňda önümiň hiline köp üns berýärler. Hil içki we daşky görnüşi boýunça düzümlere bölünýär. Önümiň hiliniň içki düzümi – hyzmat ediş möhleti, kemçiligiň ýoklugy, tehniki häsiýetnamasy, ýerine ýetiriliş derejesi we dizaýn. Hil häsiýetnamasyna degişli zatlar: ygtybarlygy, ýokary hilliligi we çalt hyzmat edip bilýänligi, harydyň elýeterlik bolmagy we bahasynyň aşaklygy. **Nyrh** – bu harydyň degişli ulanyş häsiýetnamasy we bahasy. Harydyň hili hut nyrhy kesgitleýär. Zähmet öndürijiligini artdyrmaklygyň esasy şertleriniň biri hili gowulandyrmakdyr. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe Türkmenistanda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy dünýäniň ylmy-tehniki ösüşiniň gazanan üstünlikleriniň önümçilige ornaşdyrylanlygy bilen baglanyşyklydyr. Bütindünýä maddy we ruhy medeniýetiniň hem-de jemgyýetçilik önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi bilen adamzat

elmydama önümçilikde zähmet öndürijiligini artdyrmak üçin alada edipdir. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda dünýä ülňüsine gabat gelýän täze tilsimatlaryň ulanylmagy mynasybetli, senagat we oba hojalyk kärhanalarynda önüm öndürmek üçin ulanylýan ilkinji çig mallaryň we olardan öndürilýän taýýar önümleriň hiline esasy üns berilýär. Türkmenistanyň Prezidenti ministrlikleriň, olaryň bölümleriniň önümçilik we önümçilik däl kärhanalarynyň ýolbaşçylary bilen geçirýän mejlislerinde we duşuşyklarynda ýolbaşçylaryň we kärhanalary dolandyryjylaryň edýän işlerini üns merkezinde saklaýar. Önümçiligi we kärhanany dolandyrmakda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak boýunça degerli maslahatlar berýär. Öndürilýän önümleriň hilini gowulandyrmak hakyndaky mesele esasy ykdysady we syýasy mesele bolmagynda galýar.

### 3.1.6. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň kanunalaýyklyklary

Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanda önümçiligi ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklary Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda döwletimiziň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpgöter üýtgetmek barada meseleler bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Uly göwrümli şol maksatnamalar işlenilip düzülende döwletimiziň tebigy, durmuş-ykdysady, demokratik özboluşlylygy hem-de Türkmenistanyň welaýatlarynda, etraplarynda senagat, oba hojalyk, ulag kärhanalaryny ýerleşdirmekligiň zerur kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri göz öňüne tutulan.

**1. Hojalygy ýerlerde ornaşdyrmaklygyň ykdysady düşewüntliligi**.

Bu kanunalaýyk wagt, serişde, zähmeti tygşytlamak esasynda hojalyk pudaklaryny ýerlerde maksadalaýyk ornaşdyrmak we olaryň arasyndaky önümçilik gatnaşyklaryny peýdaly gurnamak arkaly hojalyk kärhanalarynyň ykdysady düşewüntliligini gazanyp bolýar. Gurlan kärhana (zawod, fabrika) özüne çykarylan çykdajylary tiz

wagtyň içinde ödemegi we gowy hilli önüm öndürmegi başarsa, onda ol ykdysady taýdan düşewüntli hasaplanýar. Senagat kärhanasynda öndürilýän önümiň düşewüntliligini ýokarlandyrmak üçin önümiň öndürilmegine sarp edilýän harajatlary azaltmak zerurdyr. Önüm öndürilende çig maly çuňňur işlemek, elektrik energiýany tygşytlamak, suwy köptaraplaýyn peýdalanyp, onuň ulanyş möçberini azaltmak, önümiň hilini gowulandyrmaklyga üns bermek zerurdyr. Ilatyň we öndüriji güýçleriň yzygider ösýänligini, olaryň senagat, oba hojalyk önümlerine bolan islegini kanagatlandyrmak hem-de tebigy şertleri we baýlyklary, etraplarda, welaýatlarda işe ukyply adamlaryň zähmetini rejeli peýdalanmak zerur hasaplanylýar. Önümçilik kärhanalarynda işgärleriň hünärini kämilleşdirmeklige uly üns berilmelidir.

**2. Ykdysady sebitleriň, welaýatlaryň, etraplaryň, şäherler bilen obalaryň ykdysady, medeni ösüş derejesini ýokarlandyrmak, olaryň arasyndaky bar bolan uly aratapawutlary ýok etmek.** Bu kanunalaýyklyk Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap ykdysady ösüşiň dürli maksatnamalary düzülende hasaba alyndy. Obalar, şaherler tebigy gaz bilen üpjün edildi. Welaýatlarda, etraplarda senagat kärhanalary, awtomobil we demir ýollary, medeni-durmuş edaralaryny gurmaklyk başlandy. Ýerli pagta hasylyny ulanmak bilen ähli etraplarda häzir pagta arassalaýjy zawodlar, dokma kärhanalary, däne saklaýan ammarlar we olary üweýän degirmenler, azyk senagat pudaklary döredildi. Obalarda, şäherçelerde, şäherlerde medeni-durmuş, hyzmat ediş gullugy, söwda kärhanalary guruldy. Ýylsaýyn obalaryň, şäherleriň arasyndaky ykdysady, medeni, durmuş aratapawutlar aýrylýar. Bu işlere ýurduň Prezidentiniň ýolbaşçylygy esasynda ýerli häkimiýet wekilleri gözegçilik edýärler.

**3. Önümçilik kärhanalaryny çig mal çeşmelerine, ýangyja, energiýa, durmuş hyzmaty kärhanalaryna, ylmy-barlag edaralaryna, işe ýaramly ilatyň we hünärmenleriň bar ýerine, öndüriljek önümiň sarp ediljek ýerine golaý ýerleşdirmek**. Çig mal çeşmelerine, ýangyç-energetiki baýlyklara, taýýar önümiň sarp ediljek ýerlerine, ulag, durmuş, medeni, ylym edaralaryna önümçiligiň ykdysady taýdan esaslandyrylyp ýakyn ýerleşdirilmegi, milli ykdysady ösüşiň netijeliligine uly ýardam edýär. Ýurdumyzda gurulýan

zawodlar, fabrikler çig mal çeşmelerine, önümiň sarp ediljek ýerlerine golaý gurulýar. Senagata gerekli çig mallary, taýýar önümleri peýdasyz uzak aralyklara daşamaklygy kemeltmek we aradan aýyrmak kärhananyň ykdysady düşewüntliligini we zähmet öndürijiligini ýokary galdyrmak üçin bu has delillendirilen kanunalaýyklyk hasaplanylýar. Şonuň üçin azyk, ýeňil, gurluşyk we beýleki senagat kärhanalary öndürýän önümleriniň sarp edilýän ýerlerinde ýerleşdirilýär.

**4. Önümçilik kärhanasy gurlanda goňşy döwletleriň we halkara ykdysady guramalaryň hem islegleri göz öňüne tutulmaly**. Islendik döwletde önümçilik kärhanasy gurlanda onuň önüminiň belli bir bölegi öz içinde sarp edilse, galan bölegi daşary döwletlere çykarylýar. Şeýle ýagdaýda kärhananyň kuwwalylygy göz öňüne tutulanda, daşarky söwdany hem ýatdan çykaryp bolmaýar. Eger çig mal çeşmesi, kärhananyň işlemegi üçin tilsimatlar we ykdysady mümkinçilikler bar bolsa, öndürilýän önümiň bir bölegini daşary ýurtlara, döwletiň hyzmatdaşlyk edýän ykdysady guramalaryna çykarmak zerur. Şeýle edilende, ykdysady kärhananyň düşewüntliligi artýar. Goňşy döwletler bilen aragatnaşyk gowulanýar. Ykdysady gatnaşyklar halklaryň, döwletleriň arasyny jebisleşdirýär.

### 3.1.7. Ykdysadyýeti ösdürmekligiň esasy ýörelgeleri

Ykdysadyýeti ösdürmekligiň esasy ýörelgeleri döwletde alnyp barylýan ykdysady we syýasy ýagdaýlara görä üýtgäp durýar. Ol ýörelgeler käbir döwletler üçin ähmiýetli, beýlekiler üçin peýdasyz bolmagy mümkin. Olar käbir wagtda zerur, käbir döwürlerde dereksiz bolmagy-da ähtimal. Garaşsyz Türkmenistanda ykdysadyýeti ösdürmekde şu aşakdaky ýörelgeler hereket edýärler.

**1. Döwletiň çäginde ýaşaýan halklaryň ykdysady, maddy, durmuş hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak.** Dünýäniň köp döwletlerinde, şol sanda biziň döwletimizde hem esasy ýörelge halkyň ykdysady, maddy, durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak meselesi Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet halka hyzmat etmelidir» diýlen şygary esasynda alnyp barylýar. Bu ýurtda alnyp barylýan ykdysady

özgertmeleriniň özeni hasaplanýar. Ýurdumyzda Türkmenistanyň halkyna elektrik energiýasyny, tebigy gazy, nahar duzuny mugt bermekligiň möhleti 2020-nji ýyla çenli uzaldyldy. Öň belläp geçişimiz ýaly, 2008-nji ýylyň iýul aýyndan başlap hususy awtoulaglara benzin berlip başlandy. Obalarda we şäherlerde hususy jaý gurýanlara, obalarda hususy oba hojalyk tehnikasyny edinmek isleýän daýhanlara 30 ýyllyk möhlet bilen karz pul berilýär. Şeýle çäreleriň durmuşa geçirilmegi halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrar.

**2. Döwletiň çäginde ykdysady taýdan gowşak ösen ýerlerde täze önümçilik we önümçilik däl kärhanalary gurmak.** Bu ýörelge boýunça biziň ýurdumyzda köp işler amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda 2007-nji ýyldan başlap ýurdumyzyň çetki etraplaryny (Esenguly, Ruhubelent, Döwletli, Altyn sähra we beýlekiler) ykdysady, medeni taýdan ösdürmekligiň uly möçberli Maksatnamalary işlenip düzüldi. Ol Maksatnamalar köpçülikleýin durmuşa geçirilmäge başlanyldy. Ykdysady taýdan gowşak ösen etraplara demir we awtomobil ýollar çekilýär. 2010–2020-nji ýyllara çenli ol ýerlerde täze senagat, oba hojalyk, ulag, durmuş hyzmaty kärhanalaryny gurmaklyk niýetlenilýär.

### 3.1.8. Önümçiligi ýerleşdirmekligiň şertleri

Önümçiligi ýerlerde ornaşdyrmaklygyň şertleri köp döwletler üçin dürli-dürli, emma käbir umumylyklar hem bar.

**1. Tehniki-ykdysady şertler.** Döwre, asyra görä tehniki, ykdysady şertler üýtgäp durýar. Ylmyň, tehnikanyň ösmegi bilen önümçilik kärhanalarynyň ýerleşdiriş şertleri üýtgeýär. Ykdysadyýetde ýokary netijeleri gazanmagyň esasy şertlerinden biri önümçilikde belli bir wagt aralygynda tilsimatlary çalyşmaly bolýar. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde senagat kärhanalarynda ylmy-önümçilik laboratoriýalary işleýär. Ylmyň, tehnikanyň gazanan üstünliklerini laboratoriýanyň işgärleri çalt önümçilige ornaşdyrýarlar. Şeýlelikde, olar oňat peýda gazanýarlar, halkara ykdysady bäsleşiklere döz gelýärler.

**2. Senagat kärhanalary ýerleşdirmeklige tebigy şertler we baýlyklar täsir edýär.** Önümçilik kärhanalary (zawod, fabrik) çig mal

çeşmelerine ýakyn, düzlük we ýerasty suwlaryň has aşakda ýerleşen ýerlerinde gurulsa, ykdysady taýdan amatly bolýar. Senagatyň ýerleşmegine belli bir derejede ýerüstüniň gurluşy, klimat şertleri we zähmet baýlyklary hem täsir edýärler. Oba hojalyk ekinlerini ekmek üçin täze ýerler özleşdirilende klimat, ýer, suw aýratynlyklaryny göz öňüne tutmaly bolýar.

**3. Durmuşy şertler.** Täze özleşdirilen ýerlerde senagat kärhanalary gurlanda durmuş gullugy: medisina, söwda, aragatnaşyk, bilim ulgamlary, ýollar, suw we gaz geçirijiler, elektrik energiýa we aragatnaşyk ulgamlary gurulýar. Ýaşamak üçin amatly şertler döredilmese ilaty täze özleşdirilen ýerlere göçürip eltmek aňsat düşmeýär.

**4. Ýangyjy, elektrik energiýasyny, çig maly, işçi güýjüni köp talap edýän kärhanalar** olaryň çeşmelerine, ýagny, elektrik stansiýalara, ýokary hünärli işçi güýjüniň we çig mallaryň bar ýerlerine ýakyn ýerleşdirmeli bolýar. Dünýäniň köp döwletlerinde elektrik energiýany köp talap edýän elektrometallurgiýa, maşyn gurluşyk zawodlary elektrostansiýalara golaý gurulýar. Azyk we dokma senagat kärhanalary çig mal çeşmelerine golaý ýerleşdirilýär. Ýokary hünärli işçi güýjüne mätäç bolan maşyn gurluşyk zawodlary zähmet gorlarynyň bar ýerlerinde gurulýar. Islendik kärhana gurulmaly bolanda esasy göz öňünde tutulýan zatlaryň biri önümi ýerleşdirmekdir.

Umuman, önümçiligi ýerleşdirmekligiň taglymatlary, kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri berjaý edilse, olar diňe döwlete ykdysady, syýasy, durmuş taýdan peýda getirýär. Olar döwletiň ykdysady, durmuşy taýdan ösmekligine, halkynyň bolçulykda we rahat durmuşda ýaşamaklygyna ýardam edýär.

## EDEBIÝAT


*Алаев Э.Б.* Социально-экономическая география. Понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.

*Камаев В.Д.* Учебник по основам экономической теории (Экономика). Москва, «Владос», 1997.

*Медведев В.А., Л.И. Абалкин* и др. Политическая экономия. Москва, изд. Политической литературы, 1989.

*Колесов В.П., Кулаков М.В.* Международная экономика, Москва, ИНФРА, 2008.

Экономическая теория. Под ред. засл. деятеля науки РФ, д.э.н. А.И.Добрынина, д.э.н. Л.С.Тарасевича. С.Петербург, «Питер Паблишинг», 1997.

*Hudaýýarow M.* Önümçiligi ýerlerde ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2003, № 1, sah. 21–28 (türkmen, rus, iňlis dillerinde).

Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000–2008. Aşgabat, 2009.

## III.2. ÝERLERDE GEOGRAFIKI ZÄHMET BÖLÜNIŞIGI, ZÄHMETIŇ WE ÖNÜMÇILIGIŇ BIR ÝERE JEMLENMEGI (KONSENTRASIÝASY)

### 3.2.1. Ýerlerde geografiki zähmet bölünişiginiň emele gelmeginiň sebäpleri

Ýer ýüzünde adamzat emele geleli bäri adamlaryň arasynda zähmet bölünişigi bar. Zähmet bölünişiginiň adamlaryň aň-düşünjesine, akyl-paýhasyna, iş başarjaňlygyna bagly bolup, onuň giňişlikler boýunça dürli bolmagyna tebigy şertler we baýlyklar hem öz täsirini ýetiripdir. Ýer ýüzüniň ilatynyň arasynda maşgala, urug, taýpa emele gelen döwründen bäri zähmetiň geografiki bölünişigi başlanýar. Munuň emele gelmegine adamlaryň ýaşaýyş durmuşy sebäp bolupdyr. Ýerlerde adamlaryň arasynda maşgala, urug, taýpa emele gelenden soňra jemgyýetiň her bir agzasy öz başarnygyna, akyl-paýhasyna görä jemgyýetçilik işini ýerine ýetirip başlapdyr. Fiziki taýdan daýaw adamlar aw awlamak, ekerançylyk bilen meşgullansalar, ejiz adamlar ir-iýmiş, miwe çöplemek bilen meşgullanypdyrlar. Ýer ýüzünde ekerançylygyň, maldarçylygyň, senetçiligiň, dürli şäherleriň emele gelmegi zähmet bölünişiginiň kämilleşmegine getiripdir. Şäherleriň döremegi bilen senetçilik, söwda döräpdir we ösüpdir. Önümiň görnüşine görä oňa akyl we fiziki zähmet siňdirilipdir. Geografiki edebiýatlarda bu adalga «Ýerlerde zähmet bölünişigi» diýip köp ýyllaryň dowamynda ulanylypdyr. Belli ykdysatçy we ykdysady

geograf E.B. Alaýew özüniň sözlüginde «Ähli giňişliklerdäki jemgyýetçilik zähmet bölünişigi – geografiki zähmet bölünişigi diýip atlandyrylmalydyr» diýip ýazýar. Eger-de gürrüň aýratyn döwletleriň ýa-da olaryň halkara guramalarynyň arasyndaky zähmet bölünişigi hakda gitse, onda oňa halkara zähmet bölünişigi; bir döwletiň we onuň sebitiniň çägindäki zähmet bölünişigine – döwletiň içindäki, sebitara, raýonara zähmet bölünişigi diýilýär.

Döwletlerde we olaryň çäklerinde zähmet bölünişiginiň emele gelmegine taryhy, tebigy we başga-da birnäçe şertler täsir edýärler. Kapitalizm döwrüne çenli döwletleriň arasynda zähmet bölünişigi, dogrudan hem tebigy şertlere we baýlyklara bagly bolupdyr. Şol wagtlarda senagaty, oba hojalygyny, ulaglar ulgamyny ösdürmeklige gönüden-göni tebigy we taryhy şertler täsir edipdir. Belli-belli ýerlerde ir döwürlerden bäri jemgyýet, haýsy-da bolsa bir ugur: oba hojalyk (ekerançylyk we maldarçylyk) we senagat önümlerini öndürmek boýunça ýöriteleşipdir. Ol sebitler we döwletler özüniň ilatyny ýurdunyň çägindäki öndüren önümleri bilen üpjün edipdirler. Ýerli zähmet bölünişigine ylmyň we tehnikanyň, tehnologiýanyň täsir etmegi netijesinde döwletlerde, olaryň sebitlerinde öz ilatynyň sarp edip biljek önümlerinden artyk önüm öndürilipdir. Artykmaç öndürilen senagat, oba hojalyk önümleriniň goňşy döwletlere, olaryň bazarlaryna çykarmaklyk ýola goýlupdyr. E.B. Alaýewiň (1983, sah. 185–187), M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 86–87) pikirlerine görä, Günorta-Gündogar Aziýanyň halklary ir döwürlerden bäri şaly ekmek we tüwi öndürmek bilen meşgullanypdyrlar. Amerikanyň ilaty mekgejöwen öndürmek bilen tapawutlanypdyrlar. Zähmetiň ýerli aratapawudy bar. Emma geografiki zähmet bölünişigi ýok. Önümçiligiň şu görnüşine **awtohton** görnüşi diýilýär. Önümçiligiň awtohton görnüşi ylym we tehnika önümçilige ornaşdyrylýança, dünýäniň köp halklaryna mahsus bolupdyr. Ýagny, öndürilen şaly we mekgejöwen ýerli islegi kanagatlandyrypdyr. Olar haryt alyş-çalyş etmek üçin şalynyň we mekgejöweniň meýdanyny giňeldip, artykmaç önüm öndürenden soň geografiki zähmet bölünişigi emele gelýär. Şalyny we mekgejöweni bazara çykaryp hojalyga gerek harytlary, önümçilik gurallary alyp, özleriniň zähmet ondürijiligini ýokarlandyrypdyrlar. Önümleri öňkä

9. Sargyt № 2076

garanda artykmaç öndürip, ýurduň içindäki we daşyndaky bazarlara çykarypdyrlar. Haryt alyş-çalşygy amala aşyrylandan soň ilatyň tebigy şertlere we baýlyklara mätäçligi aradan aýrylyp başlapdyr. Ulaglar ulgamynyň ösmegi bilen ýük gatnadylyşynyň geografiýasy düýbünden üýtgäpdir. Deňiz we umman ulaglarynyň ösmegi bilen kontinentara haryt alyş-çalşygy ýola goýlupdyr. Tehniki ösüş muňa oňyn täsir edipdip. Deňiz we umman ulaglarynyň tizligi we ýük göterijiligi artypdyr. Bu öz gezeginde döwletleriň, sebitleriň köp möçberde ýöriteleşdirilen harytlary öndürmegine goltgy beripdir. Geografiki zähmet bölünişiginiň esasy sebäpleriniň biri ýöriteleşdirilen önümleri öndürmek üçin amatly tebigy şertleriň we baýlyklaryň bolmaklygy, önümçiligiň ykdysady düşewüntliligi bilen düşündirilýär. Emma bu ýeke-täk we esasy sebäp däl. M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 87–88) ýazmaklaryna görä, öňki döwürlerde ABŞ-nyň günorta ştatlarynyň gowaça we temmäki, Kubanyň – temmäki we gant çiňrigi boýunça ýöriteleşmegi diňe howa şertleriniň amatlylygy bilen bagly bolman, arzan işçi güýjüniň, ýagny, gullaryň zähmetiniň ulanylanlygy bilen düşündirilýär. Biziň günlerimizde «Aziýa gaplaňlarynyň» (Sýangan, Singapur we beýlekiler) ykdysadyýetiniň ösmegi olaryň häzirki zaman maşyn gurluşyk we ýeňil senagat önümlerini öndürmekde ýöriteleşmekleri bilen baglanyşykly. Mundan başga-da, ol döwletlerde Ýaponiýa we ABŞ-a garanda arzan we ýokary hünärli işçi güýçleriniň bolmagydyr. Netijede, geografiki zähmet bölünişiginiň kämilleşen ýerinde amatly tebigy şertleriň, baýlyklaryň, ýokary tehnologiýanyň önümçilikde ulanylmagy, arzan we ýokary hünärli işçi güýçleriniň peýdalanylmagy netijesinde dünýäniň beýleki islendik ýerleri bilen deňeşdirilende, arzan harytlaryň öndürilmegidir. Geografiki zähmet bölünişiginiň ýok ýerinde her bir sebitiň ilaty özlerine gerek bolan harytlary gymmat düşýänligine garamazdan, öndürmeli bolýarlar.

Ykdysady we durmuş geografiýasynda **geografiki zähmet bölünişigi** hakynda taglymaty ilkinji işläp düzenleriň biri professor N.N. Baranskiý hasaplanýar. Onuň 1980-nji ýylda çap edilen işinde (sah. 96): 1) «Geografiki zähmet bölünişigini ol jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň giňişliklerde ýerleşen görnüşi hökmünde kesgitläpdir. Geografiki zähmet bölünişiginiň esasy şerti hökmünde dürli döwletler

ýa-da sebitler bir-birleri üçin işleýärler. Şeýlelikde, zähmetiň netijesi bir ýerden başga bir ýere äkidilýär, önümiň öndürilen ýerinden onuň sarp edilýän ýeriniň arasy üzülýär» diýip ýazypdyr; 2) Ol geografiki zähmet bölünişiginiň iki: raýonara we halkara görnüşlerini belläpdir; 3) Geografiki zähmet bölünişiginiň ösüşiniň esasy taryhy döwürlerini giňişleýin we çuňňur seljermek bilen, oňa täsir edýän ykdysady düşewüntlilik, ulag, gümrük tölegleriniň we beýleki faktorlaryň täsirini görkezipdir. 4) Zähmet öndürijiliginiň ösüşine we ykdysady sebitleriň ýöriteleşmek hadysasynyň döremegine geografiki zähmet bölünişiginiň edýän täsirini görkezipdir. N.N. Baranskiniň bellän esasy ýagdaýlaryndan biri – geografiki zähmet bölünişigi – bu ykdysady geografiýanyň esasy düşünjesi hökmünde syýasy ykdysadyýet bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Hojalygy pudaklaýyn, taryhy-geografiki, raýonlaşdyrmak nukdaýnazardan we beýleki temalary hem öwrenende ykdysatçy geograf geografiki zähmet bölünişigine uly üns bermelidir. Dünýäniň, aýratyn alnan ýurduň, raýonyň, şäheriň hojalyk ösüşi öwrenilende geografiki zähmet bölünişiginiň taryhy bilen bilelikde öwrenilýär.

Geografiki zähmet bölünişigini, öz wagtynda, I.A. Witwer we Ýu.G. Sauşkin hem öwrenipdirler. I.A.Witwer ýazan ylmy işlerinde halkara geografiki zähmet bölünişigine uly üns beripdir. Ýu.G. Sauşkin 1973-nji ýylda çykan kitabynda «Ýerli zähmet bölünişigi» diýen adalgany ulanypdyr. Ol «Ýerli zähmet bölünişigini» ulaglar ulgamy, daşky tebigy gurşaw, zähmet resurslary bilen baglanyşdyryp öwrenipdir. Ýerli zähmet bölünişiginiň 6 sany derejesini belläpdir (sah. 362–364). 1) Ähli döwletleri öz içine alýan bütindünýä zähmet bölünişigi; 2) Bir ýa-da birnäçe birleşen döwletleriň çägindäki halkara zähmet bölünişigi; 3) Döwletiň çägindäki ykdysady raýonlaryň arasynda amala aşyrylýan raýonara zähmet bölünişigi; 4) Döwletiň ykdysady raýonynyň içinde emele gelen zähmet bölünişigi; 5) Oblastyň ýa-da welaýatyň içindäki zähmet bölünişigi; 6) Etrabyň ýa-da administratiw raýonyň içinde (biziň şertlerimizde daýhan birleşikleriň aralarynda we olaryň öz içlerinde), şäherleriň arasynda (olaryň töwereklerinde) emele gelen zähmet bölünişigi. Ýokarda atlary sanalan zähmet bölünişikleri biziň döwletimiz üçin hem mahsusdyr. Mysal üçin,

Günbatar Türkmenistanda akar suwlaryň azlygy sebäpli, ir döwürlerden maldarçylygyň, Hazar deňziniň ýakyn ýerleşmegi, deňizde ýüzmeklige, balykçylyk pudagynyň ösmegine sebäp bolupdyr. Ýerli zähmet bölünişigi emele gelipdir. Emma soňky ýyllarda ylmyň, tehnikanyň ösmegi bilen ol ýerlerde nebitiň, tebigy gazyň, himiki çig mallaryň senagat ähmiýetli tebigy ätiýaçlyklarynyň tapylmagy, şolara degişli senagat pudaklarynyň döremegine getirdi. Soňky ýyllarda nebit-himiýa, elektroenergetika senagaty, başga-da birnäçe pudaklar, kärhanalar döredildi. Ol kärhanalar öndürýän önümlerini dünýä bazarlaryna çykarýarlar. Edil şular ýaly mysallary beýleki welaýatlarymyz, Russiýa Federasiýasy, Gazagystan, Özbegistan we beýleki döwletler boýunça-da getirip bolar.

Dünýäniň dürli döwletlerinden Türkmenistana getirilen önümler we zähmet gurallary, tehniki serişdeler edara-kärhanalaryň arasynda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrýar. Meýdan-çäklerde döredilen dürli kärhanalaryň arasynda önümçilik gatnaşyklary barha gowulaşýar.

### 3.2.2. Ylmy-tehniki ösüş şertlerinde ýerlerde zähmet bölünişiginiň kämilleşmegi

Ylmy-tehniki ösüş esasynda ýerden gazylyp alynýan baýlyklaryň çuňňur işlenilmegi bilen birnäçe senagat kärhanalary emele gelýär. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ylmyň, tehnikanyň gazanan üstünlikleri çaltdan-çalt önümçilige ornaşdyrylýar.

1. Geografiki zähmet bölünişigi munuň özi giňişlik boýunça emele gelen jemgyýetiň zähmet bölünişigi diýmekdir. Şeýlelikde, önümçiligiň ýöriteleşmegi raýonlaryň, sebitleriň, döwletleriň arasyndaky arabaglanyşygy güýçlendirýär.

2. Önümçiligiň ýuwaş-ýuwaşdan ösmegi, onuň täze tehniki, tehnologiki enjamlar bilen üpjün edilmegi geografiki zähmet bölünişiginiň çalt emele gelmegine getirýär.

3. Geografiki zähmet bölünişigiň ösmegi, kämilleşmegi kärhanalara, şol sanda döwlete ykdysady peýda gazanmaga mümkinçilik döredýär. Geografiki zähmet bölünişiginiň esasynda harytlaryň belli

bir görnüşlerini goňşy sebitlere, döwletlere seredende, arzan öndürmeklige şert döreýär. Ulag çykdajylaryna garamazdan, şol önümleri beýleki ýerlere äkitmek, dünýä bazarlaryna çykarmak ykdysady taýdan amatly bolýar.

4. Täze tehnikanyň, tehnologiýanyň önümçilige ornaşdyrylmagy we ulag toplumy geografiki zähmet bölünişiginiň ösmegine güýçli täsir edýär. Haryt alyş-çalyş etmekligi ulagsyz amala aşyrmak, asla, mümkin däl. Ulag serişdeleriniň arzanlygy we olaryň kämilleşmegi bilen, geografiki zähmet bölünişigi goňşy ýerleri hem özüne birikdirýär.

Täze ulag görnüşleriniň işe girizilmegi (turbageçirijiler, demir ýollar, konteýnerler, taýýar önümleri turbalaryň kömegi bilen akdyrmak, dirižabllaryň ulanylmagy, käbir ýükleriň deňizler arkaly daşalmagy we ş.m.) harytlaryň uzak aralyklara daşalmagyna sebäp bolýar. Mysal: XIX asyryň 70-nji ýyllarynda 1 tonna nebiti 1000 km aralyga daşamak onuň özüne düşýän gymmatyny 1500%, 1915-nji ýyllarda 200%-e çenli aşaklapdyr, 1940-njy ýylda 120 %, XX asyryň 70-nji ýyllarynda nebitgeçirijileriň kömegi bilen nebit daşalanda onuň özüne düşýän gymmatyny 3% artdyrypdyr. Şonuň üçin soňky ýyllarda nebiti, tebigy gazy nebit-gaz geçirijiler arkaly daşaýarlar.

5. Zähmet bölünişiginiň masştaby, görnüşi, derejesi boýunça şu aşakdakylara bölünýär:

a) **Bütindünýä** (dünýä hojalygyny we dürli görnüşde ösen döwletleri özüne birikdirýär).

b) **Halkara** (birtopar döwletleri birikdirýär – Ýewropa ykdysady bileleşigi, EKO, Latyn Amerikasynyň azat söwdasy we ş.m. ykdysady birleşmeler).

ç) **Raýonara** (bir döwletiň çäginde emele gelýär).

d) **Ýerli zähmet bölünişigi** (etrabyň, daýhan birleşiginiň çäginde döreýär).

6. Geografiki zähmet bölünişiginiň ähli derejesi we masştaby (ölçegleri) şäherleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Sebäbi ylym, dolandyryş, hyzmat ediş gullugy, ulaglar toplumy şolarda jemlenen.

### 3.2.3. Halkara zähmet bölünişigi we onuň ösüş ugurlary

Tebigy, taryhy, syýasy mümkinçiliklerine baglylykda dünýäniň köp döwletleri bir ýa-da birnäçe görnüşli senagat, oba hojalyk önümlerini öndürmekde ýöriteleşýärler. Bu ýöriteleşme döwletleriň arasynda haryt alyş-çalşygy, halkara söwda-ykdysady gatnaşyklary bilen baglanyşykly. I.A.Witweriň (1963) pikirine görä, döwletleriň halkara derejesinde kesgitli önümleri öndürmekligi üç sany şerte bagly. **Birinji şerti:** ýöriteleşen önümçilik pudagy bolan döwletiň beýleki ýurtlara garanda artykmaçlyk edýän taraplary bolmalydyr. Artykmaçlyk edýän taraplaryň dürli häsiýetli bolmagy mümkindir: meselem, baý mineral çig mal ýa-da hasylly ýer baýlyklary; önüm öndürmek üçin gerekli çig mallary getirýän, taýýar harytlary bazara eltip bilýän amatly ulag-geografiki ýerleşişi; arzan we ýokary hünärli işçileriň, inžener-tehniki işgärleriň bolmagy; maýa-kapital-goýum şertleriň ýeterlik bolmagy we ş. m. Ýöriteleşmegiň döremegi, adat boýunça, tebigy we ykdysady-durmuş şertleriniň bilelikdäki hereketine baglydyr. **Ikinji şerti:** ýöriteleşen harytlary öz ýurdunyň ilatynyň isleginden artykmaç öndüren senagat, oba hojalyk harytlaryny dünýä bazaryna ýa-da golaýyndaky döwletlere, sebitlere satylmagynyň sebäbi, şol harydyň ýetmezçilik etmegi we onuň bahasynyň ýokary bolmagy bilen baglanyşyklydyr. XI–XV asyrlarda dünýäniň köp döwletlerinde senetçilik ösýär. Öndürilen harytlaryň dürli ýurtlara giňişleýin hereketi başlanýar. XIX asyrda Günbatar Ýewropanyň industrial taýdan ösen döwletlerinde dänäniň ýetmezçilik etmegi, Kanadada, Argentinada, Awstraliýada däneçiligi ösdürmeklik üçin amatly toprak-klimatiki şertleriň bolmagy, şol döwletleriň hojalygynyň däneçilik pudagynyň ýöriteleşmegine getirdi. Günbatar Ýewropa döwletlerinde we ABŞ-da rezin önümçiliginiň, reňkli metallurgiýanyň ösmekligi Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlarynda tebigy kauçugyň köp öndürilmegine, galaýy gazyp almaklygyň artmagyna sebäp boldy. **Üçünji şerti:** harydy dünýä bazaryna çykaranda ulag çykdajylarynyň arzan bolmagyny gazanmaly. Ulaga çykarylan çykdajy harydyň öndürilen ýerindäki satlyk bahasy bilen, bazardaky satyljak bahasynyň aratapawudyna deň bolmaly däl. Onuň dünýä bazarynda satylýan bahasy




**14-nji surat. XV asyrdaky dünýä siwilizasiýasy**

ulag, gümrük çykdajylaryndan we harytlary satýan kompaniýanyň al-jak girdejisini hem goşanda, şolardan ýokary bolmalydyr. Eger ulag çykdajylary has arzan düşýän bolsa, harydy uzak aralara äkidileniniň zyýany ýok. Harytlary deňiz, umman we demirýol, derýa ýollary arkaly äkidilende döwlete we harydyň hususy öndürijilere arzan düşýär.

Halkara zähmet bölünişigi dünýä hojalygynyň emele gelmeginde gutulgysyz ýagdaý hasaplanýar. Dünýäniň dürli döwletlerinde tebigy şertleriň we baýlyklaryň deň ýerleşmezligi, dürli düzümli hojalyk pudaklarynyň bolmagy, ykdysady we durmuş ösüş derejesiniň dürlüligi döwletleriň arasynda halkara zähmet bölünişigini emele getiripdir.

Halkara zähmet bölünişiginiň emele gelşi, öň belläp geçişimiz ýaly, gadymy döwürlerden başlaýar *(14-nji surat)*. Gadymyýetde Merkezi Aziýa döwletleriniň üstünden «Beýik ýüpek ýolunyň» geçmegi halkara zähmet bölünişigi bilen baglanyşykly ýol hasap edilýär. Bu ýollaryň kömegi bilen Orta Ýer deňziniň sebitlerinde, umuman, Ýewropada dörän döwletler öz harytlaryny alyş-çalyş etmek

üçin Hytaýa, Mongoliýa, Hindi-Hytaý, Hindistan, Arap döwletlerine kerwen ýollaryny gurapdyrlar. Öz gezeginde Aziýa, Afrika döwletleri Ýewropa döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary amala aşyrypdyrlar. Beýik geografiki açyşlar döwründen başlap halkara zähmet bölünişiginiň örüsi has hem giňäpdir. Atlantik, Ýuwaş, Hindi ummanlarynyň kenarýakasynda ýerleşen döwletler bilen Ýewraziýalylar haryt alyş-çalyş, ykdysady gatnaşyklary alyp barypdyrlar. XVI–XVII asyrlarda daşary söwda şol döwürdäki bar bolan döwletleriň hemmesi üçin hem bähbitli bolupdyr. Sebäbi hiç bir döwlet özüne doly gerek harytlary öndürip bilmändir. Bu ýagdaý halkara ykdysady gatnaşyklaryň, şol sanda halkara zähmet bölünişiginiň öşmegine sebäp bolupdyr. Daşary söwda we dünýä bazary halkara zähmet bölünişiginiň yzygiderli ösüşinden öň emele gelipdir. Dünýä bazary kapitalizmiň manufaktura basgançagynda döreýär. Halkara zähmet bölünişigi kapitalizmiň has ösen, senagat basgançagy döwründe, **dünýä hojalygy** XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başynda, kapitalizmiň azat bäsleşik (konkurensiýa) döwründe döreýär.

M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 91–94) pikirlerine görä, halkara zähmet bölünişigi üç sany esasy faktorlaryň topary bilen kesgitlenilýär: **Birinji topar** – tebigy–geografiki we ykdysady-geografiki faktorlar: döwletleriň gyradeň tebigy baýlyklar bilen üpjün dälligi, toprak-klimat şertleriniň; döwletiň geografiki (ýkdysady geografiki aýratynlyklary) ýerleşişiniň; meýdan-çäginiň ululygynyň we konfigurasiýasynyň; ilatynyň sanynyň we zähmet gorlarynyň möçberiniň dürlüligi we ş.m. Kitabyň ikinji bölüminiň başynda döwletiň meýdan-çägi, tebigy şertleri we baýlyklary hakda, olaryň ykdysadyýeti ösdürmekde ähmiýeti barada ýatladypdyk. **Ikinji topar** – adamzadyň ylmy-tehniki ösüşde gazanan üstünlikleriniň netijesiniň halkara zähmet bölünişigine edýän täsiri. Ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri önümçilige ornaşdyrylanda önümiň hiline, möçberine, dünýä bazarynda harytlaryň bäsleşigine çydamlylygyna täsir edýärler. Öndürilýän önümiň özüne düşýän gymmatynyň aşaklamagyna, şäherlerde ekologik ýagdaýyň gowulanmagyna öz täsirini ýetirýär. Kitabyň «Ylmy-tehniki ösüş – önümçiligi çalt ösdürmekligiň

esasy ýörelgesidir» bölüminde ylmy-tehniki ösüşiň kärhanalara çalt ornaşdyrylýanlygy barada gürrüň beripdik. Şeýlelikde, häzirki döwürde ykdysady we ylmy-tehniki nukdaýnazardan ýöriteleşen kärhanalarda köpçülikleýin önüm öndürilýär. Şeýle kärhanalar hususy eýeleri we döwlet üçin hem amatly bolýar. Sebäbi şolar ýaly kärhanalarda çig maly, energiýany tygşytlamaga mümkinçilik bolýar. Kärhanada döwletiň içinde we daşynda isleg bildirilýän harytlar köp öndürilse, kärhanalaryň ymaratlarynyň çykdajylary çalt ödelýär. Şonuň üçin sebitleriň, döwletleriň arasynda zähmet bölünişiginiň emele gelmegi haryt bolçulygyny döredýär. Önümiň özüne düşýän gymmaty peselýär. Kärhana, edara oňat girdeji gazanýar. Häzirki döwrüň ylmy-tehniki rewolýusiýasy (YTR) döwletleriň araçäginden geçip, bütindünýä, halkara häsiýete eýe bolýar. Şeýlelikde, kärhanalar ylmyň we tehnikanyň ugurlary boýunça dürli döwletlerde amala aşyrylýan ylmy-tehniki açyşlardan habardar bolup durýarlar. Ylmy açyşlary tizden-tiz önümçilige ornaşdyrýarlar. Netijede, YTR halkara häsiýete eýe bolup, her bir ylmy-tehniki ugur boýunça ylmy işgärleriň birleşmegini talap edýär.

**Üçünji topar faktorlara** – durmuş-syýasy, ykdysady-durmuş ýagdaýlar: döwletiň jemgyýetçilik gurluşy, zähmet bölünişigine gatnaşýan daşky syýasaty, taryhy ösüş aýratynlyklary, önümçilik we daşary ykdysady gatnaşyk endikleri, ykdysady we ylmy-tehniki ösüşiň ýeten derejesi, halk hojalyk düzüminiň özboluşlylygy degişlidir. Ylmy-tehniki ösüşiň täsiri netijesinde halkara zähmet bölünişiginde uly özgerişlikler bolup geçýär. Ösen döwletleriň senagat kärhanalarynda, esasan hem maşyn gurluşygynda belli bir önüm öndürmek boýunça ýöriteleşmeklik, ýagny traktor, awtomaşyn, uçarlar we dikuçarlar, harby tehnika, ýük maşynlary, raýat durmuşynda ulanar ýaly gurallar öndürilýär. Bu maşyn gurluşyk önümleri öndürmek üçin bir döwletiň çäginde ähli gerek ätiýaç şaýlary öndürýän zawodlary gurmaga mümkinçilik bolmaýar. Şol sebäpli maşyn gurluşygy bilen meşgullanýan döwlet, hususy kärhana taýýar önüm öndürmek üçin gerek ätiýaçlyk şaýlary (detallary) goňşy döwletlerde şertnama esasynda ýasatmaly bolýarlar. Goňşy döwletlerde maşyn gurluşygy zawodlar üçin käbir ätiýaçlyk şaýlary ýasaýan ýöriteleşen zawodlary gurýarlar. Bu kär-

hanalara belli bir detal (şaý) ýasamak boýunça ýöriteleşen zawodlar diýilýär. Ýasalan şaýlary uzak aralyklarda ýerleşen maşyn gurluşyk zawodlaryna iberýärler. Ol ýerlerde ýygnaýjy maşyn gurluşyk zawodlary döwletiň dürli künjeklerinde we daşary döwletlerde ýerleşen maşyn gurluşyk zawodlardan getirilen şaýlary jemläp, dürli maşynlary (awtomobilleri, traktorlary, radioapparaturalary, kompýuterleri we dürli priborlary) ýasaýarlar. Bu ýagdaýy ABŞ-nyň «Ford» awtomobil kompaniýasynyň Ýewropadaky önümçilik toplumy boýunça *15-nji suratda* synlamak bolar. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň (ABŞ, Beýik Britaniýa, Ýaponiýa, Germaniýa, Günorta Koreýa we beýlekiler) daşarky söwdasynyň 40–60%-ini maşyn gurluşyk zawodlary üçin gerek bolan şaýlar, agregatlar, gurallar tutýarlar. Halkara zähmet bölünişiginde päsgelçilik bolmaz ýaly dünýäniň köp döwletleri «Azat söwda zonalaryny» döredýärler. Eger-de döwletde getirilýän we äkidilýän zatlara berk çäklendirilme girizilse, onda döwlet ykdysady ösüşde yza galýar. Döwletleriň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmagy olara ykdysady taýdan düşewüntli bolýar, peýda getirýär.

### 3.2.4. Ýerlerde önümçiligiň bir ýere jemlenmegi (konsentrasiýasy)

Kapitalizm eýýamynda XIX–XX asyrlarda emele gelen ykdysady hyzmatdaşlyklar zähmetiň bir ýere jemlenmegine getiripdir. Monopoliýalar emele gelip, ylmy-tehniki progrese esaslanyp, goňşy döwletlerde ýa-da dünýäniň beýleki döwletlerinde özleriniň kärhanalaryny döredip, bileleşip işlemeklige başlapdyrlar. Integrasiýanyň hakyky esasyny döredýän zat kapitalistik döwletleriň zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagy, olaryň önümçilik hyzmatdaşlygy döwletiň çäginden çykyp, beýleki döwletlere ýaýramagy bilen halkara zähmet bölünişigi (интернационализация производства) emele gelýär.

Kapitalistik döwletlerde iri milli trestler, konsernler maliýe kapitaly bilen birleşip, uly monopoliýalary emele getirýärler. Olar birnäçe bolup belli bir haryt öndürmekde we ony satmakda dünýä bazaryny paýlaşýarlar. Öz döwletlerinde belli bir görnüşli harytlary köp öndü-

rip, şol harytlary beýleki döwletlerde hem öndürmegi ýola goýýarlar. Şeýlelikde, olar şol harytlaryň dünýä möçberinde belli bir bölegini öndürmegi ýola goýup, dünýä bazaryna eýelik edýärler.




**15-nji surat. ABŞ-nyň «Ford» kompaniýasynyň Ýewropadaky önümçilik toplumy**

XX asyryň 60-njy ýyllarynda iri amerikan nebit kompaniýalarynyň «Standart oil of Nýu-Jersi», «Mobil oil» we beýlekileriň 50% aktiwleri daşary ýurtlara ýerleşdirilipdi. Angliýanyň «Imperial kemical indastris» özüniň 32% aktiwlerini daşary ýurtlarda saklaýardy.

Integrasiýanyň ýene bir ugry ol hem ugurdaş önümçilik monopoliýalaryň dürli ýurtlaryň bir gurama birleşmekleri bolup geçýär.

Gollandiýanyň «Fillips» elektrotehniki konserniniň XX asyryň 60-njy ýyllarynda 33% aksiýasy ABŞ-nyň kompanýalaryna, 10% – Fransiýanyň, 9% Şweýsariýanyň we 2% Germaniýanyň paýyna degişlidi.

Dürli döwletleriň kompaniýalary birleşip iri kompaniýany: Angliýanyň himiki konserni «Imperial kemical indastris» (IKI) we amerikan alýuminiý monopoliýasy ALKAO bileleşip, IMPALKO monopoliýany döretdiler. Şeýlelikde, olar Angliýada alýuminiý eretmekligi ýola goýdular. 1970-nji ýyllardan bäri dünýäniň ykdysadyýetinde şu aşakdaky halkara korporasiýalar agdyklyk edýärler.

**Polat öndürmekde:**

«Nippon stil» (Ýaponiýa), «Ýunaýted Steýts stil» (ABŞ), «Britiş stil» (Angliýa), «August Tissen» (Germaniýa), «Estel Heş-Hogowens» (Germaniýa–Gollandiýa), «Italsider» (Italiýa), «Ýunizor» (Fransiýa) we beýlekiler.

**Elektroenergetika senagaty boýunça:**

«Ženeral elektrik» (ABŞ), «Fillips» (Gollandiýa), «Hitaçi» (Ýaponiýa), «Simens» (Germaniýa), «Kompanii Jeneral d’elektrisite» (Fransiýa), «Ženeral elektrik» (Angliýa), «Zanussi» (Italiýa), «LG», «Samsung» (Günorta Koreýa) we beýlekiler.

**Elektrik hasaplaýjy maşynlary öndürmek boýunça:**

«IBM» (ABŞ), «Oliwetti» (Italiýa), «Interneýşl kompýuters» (Angliýa), «Mikrosoft» we beýlekiler.

**Awiasiýa gurluşygy boýunça:**

«Boing» (ABŞ), «Britiş Aerospeýs» (Angliýa), «Aerospasýal» (Fransiýa), «Fokker» (Gollandiýa), «Daýmler-Bens-Aerospeýs» (Germaniýa, «Kasa» (Ispaniýa) we beýlekiler.

**Awtomobil gurluşygy boýunça:**

«Ford Motor», «Ženeral Motors», «Kraýsler», «Amerikan motors» (ABŞ), «Mersedes», BMW, «Folkswagen» (Germaniýa), «Toýota-Motor», «Nissan», «Mitsubishi» (Ýaponiýa), «Reno», Ýewropa (Fransiýa), «Fiat» (Italiýa), «Britiş Leýland» (Angliýa), «Daýewo», «Hundaý» (Günorta Koreýa), «Žiguli» (Russiýa) we beýlekiler.

**Himiýa senagaty boýunça:**

«Baýer», «Basf», «Hýohst» (Germaniýa), «Imperiel kemikl indastriz» (Angliýa), «Dýupon» (ABŞ), «Montedison» (Italiýa), «Ron-Pulenk» (Fransiýa), «Mitsubishi kemikal» (Ýaponiýa), «DSM» (Gollandiýa) we beýlekiler.

**Nebit önümleri boýunça:**

«Eksson» (ABŞ), «Roýal-datç-Şell» (Angliýa-Gollandiýa), «Britiş petroleum» (Angliýa), «ENI» (Italiýa), «Fransez dýu petrol» (Fransiýa), «Idemisu Kosan» (Ýaponiýa), «Gelzenberg» (Germaniýa), «Rosneft» (Russiýa) we beýlekiler.

**Kagyz senagaty boýunça:**

«Flik» (Germaniýa), «Bowater» (Angliýa), «Interneýşil peýper» (ABŞ), «Oži peýper» (Yaponiýa), «Burman tetterode» (Gollandiýa) we beýlekiler.

**Azyk we durmuş himiýasy boýunça:**

«Ýunilewer» (Angliýa-Gollandiýa), «Nestle» (Şweýsariýa), «Proktor and Gembl» (ABŞ), «Kraftko» (ABŞ), «Greýhound» (ABŞ), «Beatris fud» (ABŞ) we başgalar.

1980-nji ýyllaryň başynda Halkara ykdysady birleşmeler (транснациональные коорпорации – ТНК) bazar ykdysadyýetine geçen döwletleriň öndürýän senagat önümleriniň üçden iki bölegini, daşary söwdasynyň bäşden üç bölegini, daşary döwletlere berilýän karz pullaryň ondan dokuz bölegini berýärdiler. Häzirki wagtda hem olaryň ykdysady we maliýe kuwwatlygy gowşanok. Ol ykdysady birleşmeleriň edýän işleri, ykdysady görkezijileri (onümçilikde işleýänleriň sany, satýan harytlarynyň möçberi boýunça we ş.m.) käbir ösen döwletleriň hojalygy bilen deňeşdirip bolýar. Meselem: «Ženeral Motors» halkara ykdysady birleşmesiniň satan önüminiň bahasy 1992-nji ýylda 132,8 mlrd dollar bolan bolsa, 1997-nji ýylda 160 mlrd dollara ýetdi. Bu birleşmäniň kärhanalarynda işleýänleriň sany 650 müň adamdan geçýär. Şu birleşmäniň we birinji onluga girýän Halkara ykdysady birleşmeleriň öndürýän senagat önümleri Günorta Afrika respublikasynyň, Türkiýäniň ýa-da Belgiýanyň, Şweýsariýanyň senagat mümkinçiliginden ýokary hasaplanylýar.

«Ženeral Motorz» (ABŞ, abtomobil gurluşygy), «Eksson» (ABŞ, nebit çykarmak we işlemek), «Toýota-Motor» (Ýaponiýa, abtomobil

gurluşygy), «Roýýal Datç Şell Grupp» (Beýik Britaniýa, Niderlandlar, nebit gazmak we işlemek), «Hitaçi» (Ýaponiýa, elektronika) we başgalar has iri Halkara ykdysady birleşmeler hasaplanýarlar. Atlary görkezilen halkara korporasiýalardan başga-da dünýä hojalygynyň önümçiliginde onlarça korporasiýalar täzeden döreýärler. Olaryň jemi sany 500-den geçýär, şolardan 150-den gowragy ABŞ-da, 140-dan köprägi Ýaponiýada, 40-dan gowragy Fransiýada, 40-dan köprägi Germaniýada, 40-a golaýy Angliýada, 20-ä golaýy Koreýada, 10-dan gowragy Şweýsariýada ýerleşýär. Bu korporasiýalar halkara zähmet bölünişiginde uly orun tutýarlar. «Forçun» žurnalynyň 1997-nji ýylda beren maglumatlaryna görä, hojalyk işleriniň ähli pudaklary boýunça halkara ykdysady birleşmeleriň arasynda dünýä bazarynda satýan önümleriniň möçberi boýunça ilkinji ýerleri Ýaponiýanyň söwda gullugyndaky birleşmeleri «Misubisi», «Misui», «Itoçi», 4-nji ýerde ABŞ-nyň «Ženeral Motors» birleşmeleri, 7–8-nji ýerlerde ABŞ-nyň «Ford Motor» we Ýaponiýanyň «Toýota Motor» birleşmeleri durýarlar.

ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň, Germaniýanyň, Angliýanyň, Fransiýanyň, Italiýanyň, Günorta Koreýanyň, Ýewraziýa, Latyn Amerikasy, Afrika döwletlerinde, Awstraliýada halkara korporasiýalaryň bölümleri bar.

### 3.2.5. Halkara ykdysady birleşmeleriň geografiki giňişliklerdäki görnüşleri

Ikinji jahan urşundan soňky ýyllarda döwletler öz aralarynda ykdysady integrasiýanyň döwletara guramalaryny döretdiler. 1951-nji ýylda Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Belgiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg birleşip «Kömür we polat boýunça Ýewropa bileleşigini» emele getirdiler. Soňra 1957-nji ýylda Rim şertnamasy boýunça «Ýewropa ykdysady bileleşigine» (ÝES) – «Umumy Bazary» şol bir wagtyň özünde «Atom energiýasy boýunça bileleşigi» (Ýewroatom) döredildi. Soň 1960-njy ýylda «Ýewropa ykdysady bileleşiginiň» garşysyna «Ýewropada Azat söwda assosiasiýasy» Beýik Britaniýanyň ýolbaşçylygynda esaslandyryldy. Ýewropa ykdysady bileleşiginiň täsirinde

Latyn Amerikada «Merkezi Amerika umumy bazary» (Gwetemala, Gonduras, Nikaragua, Salwador (1960), Kosta-Rika (1962), soň «Latyn Amerika azat söwdasynyň assosiasiýasy» (Argentina, Braziliýa, Meksika, Çili, Paragwaý, Peru, Urugwaý (1960), Ekwador we Kolumbiýa (1961), Wenesuela (1966), Boliwiýa (1967) guramany emele getirdiler.

1965-nji ýylda Günbatar Afrika döwletleriniň konferensiýasynda (Gana, Liberiýa, Mawritaniýa, Mali, Niger, Nigeriýa, Senagal, Sýerra-Leona we Togo) ykdysady birleşme emele getirmek barada razylaşdylar. 1965-nji ýylda Ýegipet, Yrak, Iordaniýa, Siriýa, Kuweýt, Ýemen Arap Respublikasy «Arap umumy bazaryny» döretmek hakda ylalaşdylar. 1967-nji ýylda Gündogar Afrika bileleşigini döretmek üçin Keniýa, Tanzaniýa, Uganda döwletleri ylalaşyga gol çekdiler. 1967-nji ýylda Indoneziýa, Malaýziýa, Singapur, Taýland, Filippinler «Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň Assosiasiýasyny (ASEAN)» döretdiler.

1973-nji ýylda Karib basseýninde ýerleşen döwletler «Karib ylalaşygyny» emele getirdiler.

Daşary ýurtlaryň arasynda soňky ýyllarda ykdysady we syýasy hyzmatdaşlyk boýunça birnäçe guramalar döredilýär. Şol guramalardan 1985-nji ýylda EKO ykdysady bileleşigi döredilip, oňa Türkiýe, Eýran, Owganystan, Päkistan girýär. Oňa 1992-nji ýyldan bäri Merkezi Aziýa döwletleri (Gazagystan, Özbegistan, Türkmenistan, Gyrgyzystan) hem girýärler.

Öňki SSSR-e giren döwletleriň köpüsi 1992-nji ýylda GDA (Garaşsyz döwletleriň arkalaşygy) ykdysady guramany döretdiler. Oňa Russiýa Federasiýasy, Ukraina, Belarus, Kawkaz aňyrsy döwletler, Gazagystan, Gyrgyzystan we beýlekiler girýärler.

Durmuş-ykdysady birleşmeleriň (integrasiýanyň) geografiki giňişliklerdäki görnüşleri: oba, ykdysady çatryk, şäherçe, şäher – şularyň üsti bilen döwletleriň hojalygy we dünýäniň hojalygy dolandyrylýar. Olar arkaly döwletleriň hojalygy we dünýä hojalygy emele gelýärler.

## EDEBIÝAT

*Алаев Э.Б.* Социально-экономическая география: Понятийно-терминологический словарь. Москва, 1983.

*Баранский Н.Н.* Географическое разделение труда. – В сборнике Географическое разделение труда. Москва, 1980.

*Боброва В.В., Кальвина Ю.И.* Мировая экономика. Учебное пособие. Омск, ГОУ ОГУ, 2004.

*Витвер И.А.* Историко-географическое введение в экономичесую географию зарубежного мира. – 2-ое изд. – Москва, 1963.

*Иванов И.Д.* Международные корпорации в мировой экономике Москва, «Мысль», 1976.

География мирового хозяйства/ Под ред. Н.С.Мироненко. – Москва; Смоленск, 1997.

*Гладкий Ю.Н.* География всемирного хозяйства: Некоторые вопросы теории// Изв.ВГО. – 1987. –Т.119. – Вып. 3. –С.207-213.

*Голубчик М.М., Э.Л.Файбусович* и др. Экономическая и социальная география. Москва, «ВЛАДОС», 2003.

*Колесов В.П., Кулаков М.В.* Международная экономика, Москва, ИНФРА, 2008.

*Мироненко Н.С.* Введение в географию мирового хозяйства: Учеб. пособие. –М., 1995.

*Саушкин Ю.Г.* Экономическая география: история, теория, методы и практика. Москва, 1973.

## III.3. DÖWLETI YKDYSADY TAÝDAN SEBITLERE (RAÝONLARA) BÖLMEK NAZARYÝETI WE ÝERLERDE ÖNÜMÇILIK TOPLUMLARYNYŇ DÖREMEGI

### 3.3.1. Ykdysady sebitleri (raýonlary) döretmek nazaryýetiniň hojalyk ähmiýeti

Geografiki raýon diýilýän adalga ir wagtlardan bäri geografiýa ylmynyň iki şahamçasynda hem ulanylýar. Fiziki geografiýada geologik, geomorfologik gurluşy boýunça biri-birinden tapawutlanýan bir bütewi meýdan-çäklere raýon ýa-da landşaft diýilýär. Fiziki geografik raýon geologik, geomorfologik gurluşy boýunça administratiw-terri-

torial gurluşyga boýun egmeýän meýdan-çäkleri özüne birleşdirýär. Ykdysady we durmuş geografiýasynda – **ykdysady-durmuş raýon** ýa-da **sebit** bu belli bir meýdan-çägiň hojalygynyň ýöriteleşişi we onuň köptaraplaýyn ösüş aýratynlygy, özboluşly geografiki ýerleşişi, tebigy we zähmet baýlyklary boýunça beýleki goňşy ýerlerden tapawutlanýar. Emma fiziki-geografiki raýondan tapawutlylykda ykdysady sebitde ähli hojalyk işler administratiw raýonlaryň (etraplaryň, welaýatlaryň) çäklerinde alnyp barylýar. Şonuň üçin etrabyň, welaýatyň hojalyk taýdan özleşdirilmedik ýerlerini, ýagny administratiw-territorial birlikleriň doly araçäkleriniň çägindäki meýdanyny ykdysady sebit özüne birleşdirýär.

Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esasy öwrenýän obýektleriniň biri jemgyýetiň meýdan-çäklerde emele getiren önümçilik we önümçilik däl kärhanalarydyr. Ykdysady taýdan sebitlere bölmek – bu ykdysady we durmuş geografiýasynyň esasy ugurlaryndan biri bolup, ykdysady sebitleriň emele gelşini, ösüşini we sebit döredijі faktorlaryny, olaryň geljekde ösüş aýratynlyklaryny öwrenýär. Islendik döwletiň ykdysadyýetinde we durmuşynda ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmek örän uly ähmiýete eýedir. Ykdysady sebitleriň emele gelşiniň öndüriji güýçleriniň ýerleşişi, önümçilik gatnaşyklary ýerlerde zähmet bölünişigi, zähmet we tebigy baýlyk ätiýaçlyklaryny önümçilik we önümçilik däl sferany ösdürmek üçin ylmy taýdan seljerýär. Ýurduň çäginde toplanan maddy baýlyklar, ilatyň milli aýratynlyklary, tebigy şertler we baýlyklar, administratiw bölünişikler, döwletiň dolandyrylyşy we ş.m. bilen aýrylmaz baglanyşykly.

Her bir sebit döredijі faktor ýerli häsiýetlere we taryhy aýratynlyklara bagly bolýar. Her bir döwletiň taryhy ösüş döwürlerinde ykdysady sebitler öndüriji güýçler, önümçilik gatnaşyklar, olaryň döreden maddy-tehniki bazasy, döwlet gurluşy, döwletiň dolandyrylyşy öz döwrüne görä çäklendirilen bolýar. Olaryň giňişligi tutuşy ylmy-tehniki ösüşe, onuň derejesine baglydyr. Häzirki döwürde ykdysady sebitler ösen ýerli önümçilik toplumlardan ybarat bolýarlar. Olaryň döreýiş we ösüş kanunalaýyklyklaryny, ýerlerde önümçilik gatnaşyklaryň we olaryň dolandyryş aýratynlyklaryny sebitara ykdysadyýet (региональная экономика), durmuş we ýuridiki ylymlar öwrenýärler.

10. Sargyt № 2076

Ykdysady sebitleriň emele geliş prosesini we olaryň ýüze çykarylyşynda dürli ylymlaryň gatnaşmagy zerur hasaplanýar. Häzirki zaman ykdysady we durmuş geografiýasynyň esasy öwrenýän ugrunyň biri ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmek hasap edilýär. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň hünärmenleri hojalyk ýerli ulgamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ösdürmekligi ykdysadyýeti tehniki ösüş, tebigy şertler we baýlyklar, zähmet ätiýaçlyklary bilen baglanyşdyryp, durmuş meselesini hem öwrenýärler.

### 3.3.2. Ykdysady sebitleri döredijі faktorlar

Ykdysady we durmuş geografiýasynyň hünärmenleri şu aşakdaky sebit emele getiriji meseleleri (faktorlary) çözmeklige gatnaşýarlar:

1. Ylmyň, tehnikanyň gazananlaryna esaslanyp gurlan senagat we obasenagat kärhanalary özaralarynda anyk önümçilik gatnaşyklary amala aşyrýarlar. Olar etraplarda, welaýatlarda öndüriji güýçleriň ýerleşişine, içki düzüminiň üýtgemegine, ykdysady ösüş derejesine, ykdysady sebitleriň hojalygynyň ýöriteleşişine, olaryň ösüş aýratynlyklarynyň döremegine öz täsirini ýetirýärler. Önümçilik gatnaşyklary ir döwürlerden bäri dünýäniň ähli döwletlerine mahsusdyr. Ykdysady geograflary we taryhçylary berýän maglumatlaryna görä gadymy döwürlerde ýönekeýje ykdysady sebitler ilkinji halkara zähmet bölünişigi emele gelenden soň döräpdirler. Kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi bilen döwletleriň içinde içerki, olaryň arasynda halkara zähmet bölünişigi döredi. Soňky ýyllarda ykdysady taýdan ösen döwletlerde pul-haryt gatnaşyklarynyň ýitileşmegi bilen hojalygyň çylşyrymly pudaklaýyn düzümi bolan we içki aragatnaşyklary boýunça ykdysady sebitler emele geldiler.

2. Döwletiň çägindäki ýerli dolandyryş birliklerde (etraplarda, welaýatlarda) şol ýerler üçin häsiýetli zähmet bölünişigi emele gelýär. Ugurdaş ýöriteleşen önüm öndürýän etraplarda kärhanalaryň arasynda ykdysady gatnaşyklar ýola goýulýar. Ýöriteleşen senagat kärhanalary ýerleşen ýerlerindäki etraba, welaýata, döwlete ýa-da hususy eýeçilige berkidilýär.

3. Önümçiligiň maddy-tehniki bazasy we döredilen maddy gymmatlyklar faktory ykdysady sebitleriň emele gelmegine iki ugur boýunça täsir edýär (Golubçik we başgalar, 2003, sah. 243). **Birinjiden,** döredilen maddy gymmatlyklar ykdysady sebitleriň ýöriteleşişiniň ösmegine we ykdysady esasynyň berkemegine getirýär. Meselem, Balkan welaýatynda nebit-himiýa, gaz, elektroenergetika pudaklaryň ösmegi sebitde çig mal çeşmeleriň we döredilen maddy gymmatlyklaryň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. **Ikinjiden** – ykdysady sebitiň hojalygynyň ösmegi öň döredilen maddy-tehniki baza laýyklykda häzirki wagtda esasy önümçilik serişdeleriniň kämilleşmegi bolup geçýär.

4. Öň belläp geçişimiz ýaly, tebigy şertler we baýlyklar ykdysady sebitleriň ýöriteleşişine öz täsirini ýetirýär. Haýsy-da bolsa bir tebigy baýlygyň baý gorlarynyň döwletiň çäginde bolmagy pudaklaýyn (metallurgiýa, maşyn gurluşygy, nebit-gaz, gurluşyk, himiýa) ykdysady raýonlaryň döremegine sebäp bolýar. Tebigy baýlyklaryň bolmagy ir döwürlerde döwletiň ykdysadyýetini ösdürmeklige uly kömek edipdir. Häzirki döwürde tebigy baýlyklaryň bolmagy ösýän döwletler üçin has amatlydyr. Olar tebigy baýlyklaryny özleşdirip, belli bir bölegini dünýä bazaryna çykarýarlar. Şeýdip, ýuwaş-ýuwaşdan ykdysadyýetini ösdürýärler. Ylmy-tehniki ösüş döwründen soň, käbir döwletlerde ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen tebigy baýlyklaryň we amatly tebigy şertleriň bolmagy ýa-da bolmazlygy uly ähmiýete eýe däldir. Ösen döwletler ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünliklerini önümçilige ornaşdyryp, gerekli çig mallary ösýän döwletlerden getirip, senagat kärhanalaryny ösdürýärler. Emma, ýokarda belleýşimiz ýaly, köp döwletlerde senagaty we oba hojalygy ösdürmek üçin tebigy şertleriň, baýlyklaryň ähmiýeti örän uludyr. Oba hojalyk pudaklary üçin tebigy şertleriň ähmiýeti çäksizdir. Amatly tebigy şertler bolmasa, oba hojalyk pudaklaryny ösdürip bolmaýar.

5. Ykdysady sebitleriň emele gelmeginde zähmet baýlyklary we ilatyň iş endikleri esasy faktor hökmünde seredilýär. Bu faktor ykdysady raýonyň ýöriteleşişine, ösüş derejesine öz täsirini ýetirýär. Tebigy baýlyklary bar bolan döwletlerde dag-magdan senagaty ösen bolýar. Bu hili döwletlerde, tebigy baýlyklary garyp bolan ýurtlara garanda, işçi güýçlerine bolan isleg az bolýar. Işe ýaramly hünär-

menleriň az ýerlerinde zähmeti köp talap edýän önümçiligi ýerleşdirmek we ösdürmek üçin ýurduň beýleki ýerlerinden işgärleri çagyrýarlar. Işçi güýjüniň ýeterlik ýerlerinde el zähmetini köp talap edýän önümçilik pudaklary, esasan hem maşyngurluşyk, dokma, azyk senagat kärhanalary emele gelýärler. Ykdysady sebitleriň ýöriteleşişi diňe zähmet gorlary (hünärmenleriň ýeterlik bolmagy) bilen baglanyşykly bolman, eýsem, olaryň hil tarapy bilen: sowatlylyk derejesi, jyns we ýaş aýratynlygy bilen hem baglanyşyklydyr.

6. Administratiw-ýerli bölünişikli döwlet-hukuk faktory – administratiw-ýerli bölünişigiň ykdysady sebit bilen bitewidigini görkezýär. Bu bitewilik halk hojalyk pudaklarynyň ösmegine, döwlet tarapyndan hemaýat edilmegine uly mümkinçilikleri döredýär. Ykdysady sebitiň çäginde gurulýan döwlet we hususy kärhanalar etrap, welaýat we umumydöwlet dolandyryş edaralary(ministrlikler, assosiasiýalar) tarapyndan hasaba alynýar hem-de edara edilýär. Önümçilik kärhanalary administratiw-ýerli bölünişigiň çäklerinde döwlet hukuk kadalaryny berjaý etmek bilen dürli ykdysady-önümçilik gatnaşyklaryny amala aşyrýarlar. Ykdysady sebitleriň kärhanalaryny doly güýjünde işlemekleri üçin administratiw-ýerli bölünişigiň we ykdysady sebitleriň araçäkleriniň biri-birine gabat gelmegi zerurdyr. Şeýle bolanda ýerli administratiw dolandyryş guramalary tarapyndan çäkde döreýän durmuş-ykdysady meseleleri çözmeklik ýeňil bolýar.

7. Döwletiň, ykdysady sebitiň, welaýatyň, etrabyň ykdysady taýdan ösmegine olaryň geografiki ýerleşişi öz täsirini ýetirýär. Taryhy geografiýadan belli bolşy ýaly, deňizleriň ortalarynda, kenarýakalarynda ýerleşen döwletlerde ir wagtlardan bäri deňiz floty ösüpdir. Özlerinde bar bolan tebigy baýlyklary özleşdirip, ýoklaryny beýleki döwletlerden getirip, zawod-fabrikleri gurupdyrlar. Şeýlelikde, döwletleriniň ykdysadyýetini ösdüripdirler. Olara mysal hökmünde Angliýany, Ýaponiýany we beýleki döwletleri aýdyp bolar.

### 3.3.3. Ykdysady sebitleri bölmekligiň prinsipleri

XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap ykdysady we durmuş geografiýasynda ykdysady sebitleri bölmekligiň prinsipleri işlenip düzülýär. Soňky ýyllarda döwletiň meýdan-çäklerini ykdysady se-

bitlere bölmekde şu aşakdaky prinsipler göz öňüne tutulypdyr (M.M. Golubçik we beýlekiler, 2003, sah. 244–245).

1) **Ykdysady** prinsip. Ykdysady sebit ýurduň halk hojalygynyň ýöriteleşen meýdan-çäk bölegidir. Ýöriteleşen halk hojalyk pudaklaryna kömekçi kärhana toplumlary we edaralary hyzmat edýärler. Ýkdysady sebitiň ýöriteleşen hojalyk pudagynyň öndürýän önümi beýleki ykdysady sebitlerdäki ugurdaş kärhanalaryň öndüren önümlerine seredende, has arzan düşýänligi bilen tapawutlanýar. Şolar ýaly senagat, oba hojalyk kärhanasy ykdysady sebit üçin we şol ýerde ýaşaýan ilat üçin ykdysady taýdan düşewüntli bolýar.

2) **Energetiki** prinsip. Ykdysady sebiti döretmekde energetiki çig mallaryň ähmiýeti örän uludyr. Oňa gazylyp alynýan, geljekde ulanylmagy mümkin bolan ýerasty baýlyklaryň, ýel, gün, akar suwlaryň energiýasy degişlidir. Kä ýagdaýlarda bu prinsip sebitde ýerleşýän hojalyklaryň (senagatyň, oba hojalygyň, ulaglar we aragatnaşyk ulgamlarynyň, durmuş hyzmaty toplumynyň) öndürýän önümleriniň az zähmet we serişde sarp edilip, ýokary netije gazanylmagynda ýüze çykýar.

3) **Ykdysady sebitiň ilatynyň milli düzümi.** Ykdysady sebitiň hojalygynyň ösmeginde ýurduň ilatynyň milli düzüminiň ähmiýetine ykdysady geograflar aýratyn orun berýärler. Milletleriň zähmet endikleri, ýaşaýyş durmuşy, medeniýetiniň ösüş derejesi zähmet öndürijiligine we onuň netijeliligine öz täsirini ýetirýärler.

4) **Ykdysady sebitiň hojalygynyň köptaraplaýyn ösdürilmegi.** Bu mesele hakda III bölümiň 3.1.5-nji temasynda durup geçipdik. Hojalyk pudaklary köpugurly, köptaraplaýyn ösdürilse, ykdysady sebitde ýaşaýan ilat üçin amatly bolýar. Sebit we onuň ýaşaýjylary senagat we oba hojalyk önümlerine mätäçlik çekmeýärler. Gerekli önümler sebitiň çäginde öndürilse, uzagyndan önümçilik ýöriteleşip, tehnologik taýdan kämilleşdirilip goňşy sebitlere, uzagyndan daşary döwletlere önümler haryt görnüşinde çykarylar.

5) **Ýurdy ykdysady sebitlere bölenlerinde** tebigy şertler, baýlyklar, ilatyň umumy sany, gürlügi, milli düzümi, ýaş we jyns aýratynlyklary, kär düzümi, sebitiň maddy-tehniki üpjünçiligi, senagaty, oba hojalyk kärhanalarynyň ýerleşişi, ulag ulgamlarynyň gürlügi,

konfigurasiýasy, hojalygara ykdysady gatnaşyklar, administratiw-çäk bölünişikler göz öňünde tutulýar.

6) **Dolandyryş-çäk bölünişigi.** Öň belläp geçişimiz ýaly, hojalygy dolandyrmak ýeňil bolar ýaly, dolandyryş-çäk bölünişigiň we ykdysady sebitleriň araçäkleri biri-birine gabat getirilýär. Federatiw (Russiýa we beýlekiler) döwletlerde milli-ýerli bölünişikler hem göz öňüne tutulýar. Bu ýagdaý döwleti sebitleýin dolandyrmak üçin gerek bolýar.

7) **Ykdysady sebitiň geljegi bolmalydyr.** Ýurduň we dünýäniň ylmynyň, tehnikasynyň gazanan üstünlikleriniň hojalyga, durmuşa ornaşdyrylyp durulmagy başarýan ykdysady sebitiň geljegi uly bolýar. Şeýle döwletlerde hojalygy ösdürmekligiň 5–10–15–20 ýyllyk meýilnamalary we maksatnamalary işlenip düzülýär.

8) **Etraplaryň we ykdysady sebitleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar.** Etraplaryň we sebitleriň hojalyk kärhanalarynyň arasynda üznüksiz ykdysady gatnaşyklar zähmet bölünişigine baglylykda amala aşyrylýar.

Etrabyň hojalyk düzüminde birnäçe senagat, oba hojalyk, ulag we aragatnaşyk, durmuş hyzmaty kärhanalary bar. Ol kärhanalar etrabyň, ykdysady sebitiň zähmet bölünişigini emele getirýärler. Olar M.M. Golubçigiň we beýlekileriň pikirlerine görä (2003, sah. 245–246), hojalyk ähmiýeti boýunça aşakdaky toparlara bölünýärler:

1) **Esasy kärhanalar.** Etrabyň önümçilik ugruny kesgitleýän zawodlar we fabrikler esasy kärhanalar hasaplanýarlar. Olar öndürýän önümleri bilen etrabyň, ykdysady sebitiň ilatynyň harytlara bolan isleglerini kanagatlandyrýarlar. Belli bir bölegini goňşy sebitlere we daşary döwletlere çykarýarlar.

2) **Çig mal çeşmeleri bilen üpjün edýän kärhanalar**. Esasy we ugurdaş kärhanalaryň çig mal we ýangyç bilen üpjün edýän önümçilik kärhanalary ikinji topara degişlidirler. Olara ýangyç-energetika, metallurgiýa, himiýa, tokaý-himiýa senagat toplumlary girýärler. Bu kärhanalar etrabyny, ykdysady sebitini ýangyç we çig mal baýlyklary bilen üpjün edip, köp halatlarda goňşy döwletlere hem çykarýarlar. Şeýle halatda ol kärhanalary esasy kärhanalaryň hataryna hem goşýarlar.

3) **Ugurdaş kärhanalar.** Olar ýangyç, energiýa çeşmelerini we önümçilik zyňyndylaryny bilelikde özleşdirýärler. Bu kärhanalar ýokarda atlary tutulanlar bilen bilelikde ykdysady sebitiň hojalygyny köptaraplaýyn ösdürmäge şert döredýärler. Bu kärhanalara Türkmenbaşy şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda ugurdaş nebit gazyny işläp, suwuk ýangyç we polipropilen öndürýän zawodlar mysal bolup bilerler. Olar nebit arassalaýjy zawodda goşmaça gurlan kärhanalar hasaplanýarlar. Şol zawodlaryň önümleri (suwuklandyrylan gaz we polipropilen) daşary döwletlere hem çykarylýar.

4) **Goşmaça kärhanalar** – bular ykdysady etrabyň ýöriteleşen kärhanasy hökmünde, emma esasy we ugurdaş kärhanalar bilen bagly bolmadyk kärhanalar hasaplanýarlar. Goşmaça kärhanalara Ahal ykdysady sebitiniň sement önümçiligi, Gündogar ykdysady sebitiň buýan köki zawody mysal bolup bilerler.

5) **Sebitiň ilatyny azyk we ýeňil senagat önümleri bilen üpjün edýän kärhanalar** – bular sebitiň ýöriteleşen kärhanalary bolman, halkyň islegini kanagatlandyrýan we durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrýan hasaplanýarlar.

Emma Türkmenistan ýaly oba hojalygynyň (pagtaçylygyň, däneçiligiň, miweçiligiň, gök ekerançylygyň) ösen sebitlerinde ol kärhanalar ykdysady sebit emele getiriji hem bolmaklary mümkin. Bu kärhanalar ykdysady sebitde beýleki senagat kärhanalara seredende, köp önüm öndürip, sebitiň, ýurduň şol harytlara bolan islegini kanagatlandyryp, belli bir bölegini dünýä bazarlaryna çykarýan bolsa, onda döwlet möçberinde ýöriteleşen sebit emele getirýän kärhanalar hasaplanylýar.

6) **Hyzmat ediji kärhanalar** (infrastruktura) – müňa önümçiligi we önümçilik däl edaralary elektroenergiýa, ýylylyk, suw bilen üpjün edýän pudaklar, maşynlary, mehanizmleri abatlaýan, çig mallary we taýýar önümleri saklaýan ammarlar degişlidir. Atlary agzalan pudaklar düzüminden başdaky üç topar kärhanalar ykdysady sebitiň ýöriteleşişini kesgitleýärler. Ykdysady sebit çylşyrymly, bir bütewi ulgam bolup, meýdan-çäk düzümini emele getirýär. Meýdan-çäkde ýerleşen her bir düzüm belli bir işi (funksiýany) ýerine ýetirýär. Ýerine ýetirilýän işler ulaglar ulgamyny (maşynlaryň, mehanizmleriň, turba,

suw we elektrik geçirijileriň, aragatnaşyk ulgamlarynyň) üsti bilen amala aşyrylýar. Meýdan-çäk düzüminiň esasy komponentleri ykdysady çatryk, ykdysady merkez we ykdysady nokatlardyr. **Ykdysady çatryk** – uly bolmadyk meýdan-çäkde ykdysady, durmuş we ekologiki taýdan ykjam ýerleşen, bir-birleri bilen ykdysady, tehniki-önümçilik gatnaşyklary saklaýan, durmuş we önümçilik infrastrukturasy bolan senagat merkezi diýmekdir. Ykdysady çatryklaryň arasynda senagat, agrosenagat, ulag, industrial-gurluşyk, rekreasion toplumlary jemlenýärler. **Ykdysady merkez** – bir şäheriň çäginde ýerleşýän önümçilik toparyny we onuň töweregindäki bagly-bakjaly, ýolly, gurluşykly obany özüne birikdirýär. Onuň umumy ykdysady-geografiki ýerleşişi, önümçilik, durmuş, ekologiki we bazar gatnaşyklaryny amala aşyrýan infrastruturasy bolýar. **Ykdysady nokat –** oba hojalyk, tokaý hojalyk, magdan gazyp alýan ýa-da rekreasion işleri amala aşyrýan ilat mesgenine aýdylýar. Türkmenistanyň çäginde ykdysady nokatlar birigip obasenagat, suw we tokaý hojalyklaryny emele getirýärler.

### 3.3.4.Ykdysady sebitleriň görnüşleri we hojalyk düzümleri

Ykdysady sebitleriň taglymat meselelerinde esasy orny ykdysady sebitiň berk, yzygiderli we hemişelik ösüşini öwrenmek zerurdyr. Öň belleýşimiz ýaly, ykdysady sebitleriň pudaklaýyn düzümi ylmy-tehniki ösüşiň esasynda çalt üýtgeýär. Islendik ykdysady sebitiň çäginde bir-iki zawod ýa-da fabrika gurlany bilen ykdysady sebitiň hojalygynyň pudaklaýyn we meýdan-çäk düzümi birden üýtgemeýär. Ykdysady sebitiň hojalygy giňişlikde we wagt içinde yzygider ösýär we üýtgeýär. Ykdysady sebitiň hojalygynyň ösüşi N.N. Kolosowskiniň (1969) ýazmagyna görä, bäş sany basgançagy öz içine alýar:

1) **Ätiýaçlykda duran ýerler.** Dünýäniň her bir döwletiniň çäginde hojalykda doly ulanylmaýan ýerler bolýar. Ol ýerler köp döwletlerde öri meýdan hökmünde ulanylýar. Ol ýerler geljekde ilatyň sanynyň artmagy bilen hojalykda dürli maksatlar üçin ulanylmagy mümkin. Häzirlikçe ätiýaçlyk ýerler hasaplanylýar.

2) **Ykdysady sebitiň ilkinji özleşdirilen ýerleri.** Tebigy baýlyklary ýüze çykarylyp, özleşdirilip başlanan ýerlerdir. Doly özleşdi-

rilýänça ol ýerleriň özboluşly problemalary bolýar. Işçi güýji ýetmezçilik etmekligi mümkin. Ulaglar we aragatnaşyk ulgamlary doly gurlup gutarylan däldir. Ýaşaýyş jaý, suw, gaz, durmuş meselelerini çözmek zerurlygy bardyr.

3) **Ykdysady sebitiň uly senagatly merkezleri.** Ykdysady sebitlere uly senagat çatryklary, ulag ulgamlary, daş-töwereginde ykdysady taýdan özleşdirilen ýerler häsiýetlidir. Olaryň golaýynda entek özleşdirilmedik, ätiýaçlyk ýerler hem bolmagy ähtimal. Ol ýerler uzagyndan hojalyk dolanyşygyna giriziler.

4) **Hojalygy has güýçli ösen meýdan-çäkleri.** Biziň ýurdumyzda bu basgançaga welaýat merkezlerini degişli edip bolar. Emma welaýat merkezlerinde hem entek gurulmaly senagat, durmuş hyzmaty kärhanalary köp. Dünýäniň beýleki döwletlerinde bu basgançaga hojalyk toplumlarynyň has ösen şäherleri, şäher aglomerasiýalary, konurbasiýalary degişli edilýär.

5) **Hojalygy köptaraplaýyn ösen merkezleri.** Bu basgançaga ykdysady sebitiň hojalyk düzüminiň doly emele gelip, geografiki zähmet bölünişiginde öz ornuny eýelän şäher megalopolislerini degişli edip bolar. Ykdysady sebitleriň ösuş basgançaklaryndan görnüşi ýaly, dünýäniň döwletlerinde ykdysady sebitleriň emele gelşi, ösüşi dürli-dürlüdir. Şol sebäpli ykdysady taýdan ösen döwletlerde onuň dürli basgançaklary bar. Meselem, Russiýada ykdysady geograflar **ykdysady zonany** ykdysady sebitiň has uly basgançagy hökmünde belleýärler. Ykdysady zona birnäçe ykdysady sebitleri (olarda ykdysady raýonlar) degişli edýärler. Russiýa Federasiýasynda **Günbatar we Gündogar** ykdysady zonalary bölýärler. Günbatar ykdysady zonada zähmeti, ylmy, täze tehnikany we tehnologiýany köp talap edýän maşyn gurluşyk, metallurgiýa, elektroenergetika, himiýa, agaç işläp bejerýän we kagyz-sellýuloza, ýeňil, azyk senagat pudaklary emele gelipdir. Bu zonada ösen agrosenagat, ulaglar we aragatnaşyk, durmuş hyzmaty toplumlary döredilipdir. Gündogar zona – Russiýanyň esasy ýangyç-energetika, mineral çig mal bazasy hasaplanýar. Oňa Günbatar we Gündogar Sibir, Uzak Gündogar ykdysady raýonlaryny degişli edýärler.

### 3.3.5. Ykdysady sebitleriň hakykylygy barada garaýyşlar

Ykdysady taýdan sebitlere bölmekligiň kyn meseleleriniň biri ol hem bölünen ykdysady sebitleri hakykata laýyk getirmek. Amerikan we nemes alymlarynyň arasynda ykdysady sebitleri iňkär edýänleri bar. Olaryň pikirlerine görä, döwleti ykdysady taýdan sebitlere bölmek adamlaryň, alymlaryň, ylmy işgärleriň oýlap tapan zady. Olar, hakykatda, ýok diýip nygtaýarlar. Amerikan alymlarynyň häzirki döwürde hem hakyky ykdysady sebitler ýok we bolup hem bilmez diýip çykyş edýänlerine gabat gelip bolýar.

XIX–XX – asyrlarda Ýewropa döwletlerinde ykdysady taýdan sebitlere bölmek barada birnäçe alymlar işlediler we olar özleriniň ylmy işleri bilen ykdysady sebitleriň (raýonlaryň), hakykatda, ýerlerde emele gelýändigini subut etdiler. Ykdysady sebitleriň, hakykatda, durmuşda bardygyny şeýle zatlar subut edýärler:

1) Hakyky sebit dörediji faktorlaryň kömegi bilen anyk ýerlerde döwletiň dürli ösüş döwürlerinde ýüze çykýan proses. Ykdysady sebitleriň emele gelşine, olaryň ýuwaş-ýuwaşdan döreýşine we hojalygynyň bitewi ösüşine, raýonara ykdysady gatnaşyklaryň çylşyrymlaşyşyna, köne ykdysady sebitleriň ýerine täze ykdysady sebitleriň emele gelşine syn etmek bolýar.

2) Döwletiň ýöriteleşen bölekleri(biziň ýurdumyzda welaýatlar) hökmünde özara ykdysady taýdan baglanyşykly ösen senagatyň, oba hojalygynyň, gurluşyk kärhanalarynyň durmuş hyzmaty, aragatnaşyk ulgamlarynyň bolmagy bilen hakyky ykdysady netijeleri gazanyp bolýar. Döwletde zähmet öndürijiligi ýokarlanýar.

3) Ykdysady sebitiň geljegini onuň ösüşiniň giňişlikler (welaýatlaryň meýdan-çäginde) we wagt (ýyllar) içinde ykdysady, medeni taýdan ýylsaýyn ösmegi netijesinde, ol giňişliklerde ýaşaýan ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulanmagy, sebitiň, şol sanda ýurduň ykdysady taýdan kuwwatlanýandygynyň subutnamasydyr. Sebitleriň ykdysady, medeni ösüşiniň geljegini hakykat bilen deňeşdirmek – onuň dogrudan hem bardygyny we ösýändigini görkezýän alamatdyr. Durmuş tejribesiniň gözkezmegi, ösüşiniň geljegini hakykat bilen deňeşdirmek – onuň dogrudan hem bardygyny görkezýän alamatlardyr.

4) Ykdysady taýdan sebitlere bölmek barlagçylar tarapyndan dürli wagtda geçirilip, bir-birinden ylmy garýyşlary boýunça tapawutlanýan hem bolsa, hakykaty görkezýär.

### 3.3.6. Ykdysady taýdan sebitlere bölmek nazaryýetiniň we tejribesiniň ösüşi

Ykdysady taýdan sebitlere bölmek hakda gürrüň açanymyzda, rus alymlarynyň eden işlerini ýatlaman geçip bolmaz. Bu meselä degişli ilkinji ylmy işler Pýotr I-niň döwürdeşi, beýik rus akyldary W.N. Tatişewiň eden işleri bellemäge mynasypdyr. Ol özüniň ylmy işinde Russiýanyň çäklerinde hojalygyň ýerleşişiniň dürlüligini, olaryň belli bir ugurlar boýunça ýöriteleşişini belläpdir. Soňra XIX asyryň başynda rus alymy K.I. Arsenýew Russiýanyň ykdysady bölünişini görkezýän 2 sany karta düzüpdir. Şol döwürde ýaşan we işlän beýik rus alymy M.W. Lomonosowyň bitiren işleri uludyr. Soňra P.P. Semýonow–Týan-Şanskiý, D.I. Mendeleýew, N.P. Ogarýow, P.I. Pestel, N.P. Murawýow, Pawel Krýukow we beýlekiler bellemäge mynasyp alymlardyr. Olar özleriniň işlerinde Russiýanyň çäklerinde zähmet bölünişigini, öz döwrüne mahsus ykdysady sebitlere bölmek nazaryýetlerini işläp düzen alymlar hasaplanylýarlar. Olaryň ylmy işlerinde yykdysady sebitleriň hakykatda barlygy we döreýänligi, senagat kärhanalarynyň sebit döredijilik ähmiýeti, sebitleriň belli bir senagat, oba hojalyk önümlerini öndürmekde ýöriteleşýändikleri barada ýazypdyrlar. Ondan başga-da Russiýada ýaşaýan ilatlaryň milli aýratynlyklary, senagat kärhanalarynyň ýerleşdirilişinde kanunalaýyklyklaryň göz öňünde tutulyşy, ykdysady sebitleriň geljekde ösüşi, öndüriji güýçleriň ýerleşdirilişi we başga-da birnäçe problemalara seredilipdir.

P.P. Semýonow–Týan-Şanskiniň we statist Ýu.E.Ýansonyň Russiýany ykdysady taýdan sebitlere bölmek barada ylmy işleri bilen öz döwründe K. Marks hem gyzyklanypdyr. Soňra W.I. Leniniň hem bu babatda ýazan ylmy işleri bar. Ol özüniň «Russiýada kapitalizmiň ösüşi», «Sowet hökümetiniň nobatdaky wezipeleri» we beýleki işlerinde Russiýany we ABŞ-ny ykdysady taýdan sebitlere bölmekligi

amala aşyrypdyr. Halk hojalygyny ösdürmekligi planlaşdyrmak üçin Döwlet plan komitetini (Gosplan SSSR) 1921-nji ýylda döredýärler. Ylmy taýdan esaslandyrylan ykdysady sebitler bolmasa, hojalygy ösdürmekligi planlaşdyryp bolmaýar diýen netijä gelindi. Gosplana G.M. Križižanowskiý ýolbaşçylyk edip, döwleti ykdysady taýdan sebitlere bölmeklige I.G. Aleksandrow, L.L. Nikitin işeňňir gatnaşdylar.

G.M.Križižanowskiý ykdysady we durmuşy taýdan sebitlere bölmeklige döwletiň ösüşini planlaşdyrmaklygyň esasy guraly hökmünde seretdi. Ýurduň hojalyygyny dikeltmeklik, onuň durkuny täzelemeklik esasy 3 sany ugur: **önümçiligi elektrikleşdirmek, ulag ulgamlaryny döretmek we ykdysady, durmuşy taýdan sebitlere bölmek** – boýunça alnyp barylmaly edildi. Şu nukdaýnazardan, döwletde elektrostansiýalar, täze awtomobil we demir ýollar gurlup başlanyldy. Bular sebitleriň ykdysadyýetiniň ösmegine, sebitara ykdysady gatnaşyklaryň gowulanmagyna, hojalyklaryň ykdysady we durmuşy taýdan ýöriteleşmegine, peýdaly zähmet bölünişiginiň emele gelmegine täsir etmelidirler. Başda GOELRO plany boýunça Sowet döwletiniň çäklerinde 8 sany ykdysady raýon (şol sanda Türküstan) boýunça ykdysadyýet ýöredildi. Soňra M.I. Kaliniňiň ýolbaşçylygynda ykdysady sebitlere bölmekligiň täze usullary we usulyýetleri kabul edildi. Öň 1920-nji ýyllara çenli ykdysady sebitler bölünende tebigy-taryhy şertler göz öňünde tutulan bolsa, indi ykdysady ýagdaýlara, ýagny ykdysady sebitleriň önüm öndürişi we önüm öndürmekde ýöriteleşişi, ýaşaýan halklaryň we halkyýetleriň durmuş ýagdaýynyň gowulandyrylmagy, dünýä ylmynyň we tehnikasynyň gazanan üstünlikleriniň hojalyga ornaşdyrylyşy, öndüriji güýçleriň peýdaly ösüşiniň ýola goýluşy we ş.m . göz öňünde tutulýar.

Ýurdy ykdysady taýdan sebitlere (raýonlara) bölmek meselesine partiýanyň XI gurultaýynda (1922), XII gurultaýynda (1923) seredildi we degişli kararlar kabul edildi. 1929-njy ýylyň başyna çenli ýurduň çägini sebitlere bölmek tamamlanyldy. Birinji bäşýyllyk plan (1929–1932) 21 ykdysady raýon boýunça kabul edildi.

1930-njy ýylda partiýanyň XVI gurultaýynda döwleti ykdysady taýdan sebitlere bölmeklige ýene-de gaýdyp gelindi. Öňki uly oblastlaryň (Ural, Dg. Kawkaz, Merkezi gara toprakly oblastlar)

ýerine kiçiräk ýerli oblastlary döretmek karara gelindi. Öňki käbir oblastlaryň düzüminde 100-den gowrak administratiw raýonlar bolup dolandyrmak meselesi kynlaşýardy. Şeýlelikde, SSSR-de köp sanly oblastlar döredildi. 1940-njy ýylda SSSR-de 9 ykdysady raýon toparlary döredildi. Halkara ýadaýlar göz öňüne tutulyp, ykdysadyýeti «Harby ykdysadyýete» öwürmek göz öňüne tutuldy. Ýurtda ýerli önümçiligi ösdürmekligi, ykdysady raýonlaryň her biriniň özüni üpjün etmekligi barada mesele goýuldy.

1946-njy, 1950-nji ýyllarda (4-nji bäşýyllyk plan) 13 sany topar raýonlar boýunça (Merkez, Demirgazyk-Günbatar, Demirgazyk, Günorta, Demirgazyk Kawkaz, Powolžýe, Ural, Zakawkazýe, Gazagystan we Orta Aziýa, Günbatar Sibir, Gündogar Sibir, Uzak Gündogar) planlaşdyryldy. Bu raýonlar ýangyç, energiýa, metal, maşyn gurluşyk enjamlary, ýeňil we azyk senagat, oba hojalyk önümleri boýunça özüni üpjün etmeli diýlen mesele goýuldy. 1957-njy ýyldan başlap pudaklaýyn dolandyrmaklykdan ýerli hojalyk ýolbaşçylara geçip soýuz, awtonom respublikalaryň, ülkeleriň, oblastlaryň «ykdysady administratiw raýonlaryň» çäginde (совнарком) ýurdy dolandyrmaklyga girişildi. SSSR-de 100-den gowrak Sownarkom, diňe 1961-nji ýylda 18 sany «ykdysady administratiw raýonlar» döredildi: Merkezi, Merkezi Gara toprakly, Wolga-Wýatka, Gazagystan, Orta Aziýa, Donbass-Pridneprowýe, Günorta, Günorta-Günbatar, Demirgazyk-Günbatar, Belorussiýa, Pribaltika, Zakawkazýe, Demirgazyk Kawkaz, Powolžýe, Ural, Günbatar Sibir, Gündogar Sibir, Uzak Gd. 1965-nji ýylda sownarkomlar ýatyryldy. Senagat, oba hojalyk, ulag kärhanalaryna ministrlikler ýolbaşçylyk etdiler.

Ykdysady taýdan raýonlaşdyrmaklygyň nazaryýetini ösdürmekde N.N. Kolosowskiý we T.M. Kalaşnikowa köp işler etdiler. N.N. Kolosowskiý «Ýerli önümçilik toplumlaryň» nazaryýetini işläp düzdi.

Raýonyň tebigy, ykdysady, ulag şertlerine, ykdysady geografiki ýerleşişine baglylykda ykdysady taýdan ugurdaş kärhanalaryň bir ýerde jemlenmegine – ýerli önümçilik toplumy diýilýär diýen kesgitlemäni N.N. Kolosowskiý berýär. Onuň pikirine görä «Ýerli önümçilik toplumlar» ykdysady taýdan raýonlaşdyrmaklygy çalyşmaýar.

Onuň ýerlerde bütewi senagat, oba hojalyk, ulag toplumlarynyň emele gelmegine, ösmegine, raýonlaryň önüm öndürmekde ýöriteleşmegine alyp barýar.

N.N. Kolosowskiý ýerli önümçilik toplumlar nazaryýetinde energiýa önümçilik siklleri (энергопроизводственные циклы) hakda hem ýazýar. Ol gazma baýlyklaryň şol sanda energetik çig mallaryň gazlyp alnandan tä taýýar önüm görnüşine çenli prosesini öz içine alýar. Bu pikir soňky ýyllarda köp ykdysady geograflar tarapyndan goldanylmady we ösdürilmedi.

### 3.3.7. Döwletiň meýdan-çägini ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmek

Türkmenistany ykdysady taýdan raýonlaşdyrmak döwlet döredilenden soň başlandy. Soýuz wagtynda ol mydama uly Orta Aziýa ykdysady raýonyna degişli edildi. Onuň ýerini, hojalygyny ykdysady taýdan raýonlaşdyrmaklyga edilen synanyşyklary N.N. Baranskiniň, Z.G. Freýkiniň, A.G. Babaýewiň, D.A. Amanekowyň we beýleki alymlaryň işlerinde hem görmek bolýar. Türkmenistany ykdysady taýdan raýonlaşdyrmaklygy ylmy nukdaýnazardan has çuňňur öwrenen alym N.O. Oraýewdir.

Islendik döwletiň çäginde ykdysady we durmuşy sebitleriň (raýonlaryň) döremegine sebäp bolýan faktor ol hem hojalygynyň ýöriteleşmegidir. Önümçiligi ýerleşdirmekligiň köp dürli görnüşleriniň biri bolan ýöriteleşmek ykdysady we durmuşy sebitleriň (raýonlaryň) biri-birinden tapawudyny ýüze çykarýan alamatlaryň iň zerurydyr. **Ýöriteleşmek** – bu şol ykdysady we durmuşy sebitde haýsy önüm öndürilýändigini aňladýar. Her bir ykdysady we durmuşy sebit önümiň 1–2, kä halatda 3–4 görnüşini öndürýär. Eger ykdysady we durmuşy sebit köp görnüşli önümler öndürip, onuň belli bir ugry – ýöriteleşen pudagy bolmasa, ol doly bahaly ykdysady sebit bolup bilmeýär.

Ykdysady sebitleriň ýöriteleşişini döredijileriň 3 sany görkezijisini subut etmek bilen kesgitlemek bolar.

1) Ykdysady sebitleriň ýöriteleşen pudagynyň şol ykdysady sebitiň umumy önüminde tutýan orny (udel agramy) kabul edilen kada

laýyklykda ýöriteleşen (öndürilýän) önüm ähli öndürilýän önümiň 50%-inden ýokary bolmaly.

2) Ykdysady sebitiň ýöriteleşen pudagynyň öndürýän önüminiň belli bir bölegi başga raýonlara çykarylmalydyr ýa-da haryt häsiýetli bolmalydyr. Eger ýöriteleşen önüm ykdysady sebitiň daşyna çykarylmasa, ol ykdysady sebit diňe ýerli ähmiýetli (lokal) ykdysady sebit bolýar.

3) Ykdysady sebitiň ýöriteleşen pudagynyň önüminiň jan başyna düşüş derejesi beýleki ykdysady sebitleriňkiden ýokary bolmalydyr.

Ykdysady sebitiň ýöriteleşen pudagynyň udel agramyny kesgitlemek üçin indeks usulyny peýdalanmak zerurdyr. Onuň üçin şu aşakdaky formulalar peýdalanylyp bilner:

$$S_i^y = \frac{P_i^y}{P_y} : \frac{P_i}{P}; \qquad L_i = \frac{P_i^y}{p_I} : \frac{P_y}{P}.$$

Bu ýerde:

S – ýöriteleşiş koeffisiýenti (коэффициент специализации)

i – ýöriteleşen pudak

y – ykdysady sebit

P – ykdysady sebitde ýöriteleşen pudagyň önümi

$P^y$ – ykdysady sebitde umumy öndürilen önüm

$P_y$ – döwletde ýöriteleşen pudagyň umumy önümi.

$L_i$ – ykdysady sebitde ýöriteleşen pudagyň jemleniş derejesi (итоговая степень специализации отраслей экономического района).

Ýöriteleşen pudagyň ähmiýeti, onuň ykdysady sebitiň hojalygynyň düzüminde tutýan orny önümiň sebitara harytlylyk koeffisiýentiniň kömegi bilen kesgitlenilýär. Ol sebitde umumy öndürilen önümiň näçe mukdarynyň başga etraplara, sebitlere çykarylandygyny bilmek arkaly ýüze çykarylýar, onuň üçin şu aşakdaky formuladan peýdalanylýar.

$$a_i^y = \frac{w_i^y - v_i}{H_i^y}$$

*a* – sebitara harytlylyk koeffisiýenti;

*i* – ýöriteleşen pudaklar;

*y* – ykdysady sebitler;

*W* – ýöriteleşen pudagyň önüminiň ykdysady sebitden çykarylan möçberi;

*Vi* – ykdysady sebitde ýöriteleşen pudagyň önüminiň başga ýerden getirilen mukdary;

*H* – ykdysady sebitde ýöriteleşen pudagyň öndüren önümi.

Ykdysady sebitiň ýöriteleşen derejesini kesgitlemekde bu sebitde ýöriteleşen pudagyň önüminiň şol welaýatda ýaşaýan ilatyň jan başyna düşüşi zerur görkezijileriň biridir. Adatça, ýöriteleşen önümler beýleki sebitler bilen deňeşdirilende ilatyň jan başyna has köp düşýär we hut şonuň üçin ol sebit, etrap ýöriteleşen pudagyň ady bilen häsiýetlendirilýär.

### 3.3.8. Ýerlerde kärhana toplumlarynyň emele gelmek nazaryýeti

Ykdysady we durmuşy sebiti emele getiriji faktorlaryň arasynda hojalygyň hemmetaraplaýyn ösüşi möhüm ähmiýete eýedir. Bu faktor ýöriteleşiş bilen berk baglanyşyklydyr. Çünki toplum ýöriteleşen pudagyň esasynda döreýär. Onuň ösmegine ýardam edýär. N.O. Oraýewiň (1993, sah. 164–165) pikirine görä toplum (kompleks) bu ykdysady we durmuşy sebitiň çäklerinde ýerleşen önümçiligiň özara baglanyşygydyr we olaryň önümçilik gatnaşyklary biri-biriniň içinden eriş-argaç bolup geçmeginiň netijesidir. Topluma girýän hojalyk pudaklary özleriniň tutýan orunlaryna baglylykda dört topara bölünýär:

1) Toplumyň esasy özine häsiýetli bolan ýöriteleşen pudagy bolup, beýleki pudaklar şol pudagyň esasynda emele gelýärler.

2) Kömekçi pudaklar. Olar ýöriteleşen pudagyň ösmegine ýardam edýärler.

3) Goşmaça pudaklar – ýöriteleşen pudagyň esasynda dörän täze hojalyk pudaklary.

4) Hyzmat ediş pudaklary – ýöriteleşen esasy, kömekçi we goşmaça pudaklara hyzmat edýän pudaklar (durmuş hyzmaty, ulag, aragatnaşyk, söwda, saglygy saklaýyş we ş.m.).

**Toplum** – belli bir giňişlikde, aslyýetinde ykdysady sebitiň (raýonyň) çäklerinde döreýär. Oňa şol ýerdäki önümçilik we önümçilik däl sfera degişli pudaklaryň hemmesi girýär. Bu bolsa öz gezeginde öndüriji güýçleri ýerleşdirmegiň täze görnüşiniň döremegine getirýär, ýagny ýerli-önümçilik toplumy döreýär. Ýerli önümçilik toplumy belli bir giňişlikde biri-biri bilen baglanyşykly önümçilik kärhanalarynyň sazlaşykly, utgaşykly işlemegine we ösmegine aýdylýar. Ýerli önümçilik toplumy 3 sany düşünjäni özünde jemleýär:

1) Ýer – islendik zawodyň, fabrigiň ýerleşen ýeri, ýagny, onuň geografik salgysy.

2) Önümçilik – şol ýerde ýerleşen zawod, fabrikler, oba hojalyk, ulag kärhanalary we olaryň toplumy.

3) Toplum – önümçilik pudaklarynyň özara baglanyşygy, utgaşykly, sazlaşykly işlemegi we ösmegi.

Ine, şeýle toplum her bir ykdysady we durmuşy sebit üçin häsiýetlidir. Olar ösüş derejeleri boýunça gutarnykly emele gelen, döreýän, doly gutarylmadyk, ýagny, döräp başlan toparlara bölünýärler.

Ýerli önümçilik toplumlar tutýan masştaby (meýdany, önüminiň mukdary, işgärleriň sany we ş.m.) boýunça uly (umumydöwlet), sebitara (regional-ykdysady sebitiň çäginde), ýerli (lokal) ähmiýetli diýen toparlara bölünýär.

Ykdysady sebitiň çäklerinde durmuş hyzmat ediş obýektleri hem ep-esli orny eýeleýär. Olar önümçilik toplumynyň ygtybarly ösmegine, işlemegine uly goldaw berýärler.

Bazar ykdysadyýetinde geçilýän döwürde durmuş hyzmaty kärhanalarynda işleýän adamlaryň sany artýar. Kiçi we orta kuwwatly kärhanalar döreýärler. Olar hojalyga degişli dürli hili önümleri öndürýärler. Netijede, ol kärhanalar ýerlerde önümçilik toplumyň döremegine we ösmegine gowy täsir edýär.

EDEBIÝAT

*Голубчик М.М.* и др. Экономическая и социальная география. Москва, ВЛАДОС, 2003.

11. Sargyt № 2076

*Колосовский Н.Н.* Теория экономического районирования. Москва, 1969.

*Колотиевский А.М.* Вопросы теории и методики экономического районирования(в связи с общей теорией экономической географии). Рига, «Зинатне», 1967.

*Коротаев А.В., Малков А.С., Халтурина Д.А.* Законы истории. Математическое моделирование развития Мир-Система. Демография, экономика, культура. Москва, УРСС, 2007.

*Oraýew N.O.* Türkmenistanyň ykdysady we sosial geografiýasy. Aşgabat, Magaryf, 1992.

*Сдасюк Г.В.* Индия: география хояйства. Москва, «Наука», 1975.

*Шарыгин М.Д., Федорцов Н.П.* Основы учения о территориально-производственных комплексах. Саранск, «Университетское», 1993.

# IV. DÜNÝÄNIŇ WE DÖWLETLERIŇ HOJALYK DÜZÜMINIŇ EMELE GELMEGI

## IV.I. DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ GEOGRAFIÝASYNYŇ EMELE GELMEGINIŇ TEBIGY, YKDYSADY, DURMUŞ ŞERTLERI

### 4.1.1. Dünýä hojalygynyň emele gelmeginiň tebigy, ykdysady, durmuş şertleri

Adamzadyň we onuň hojalygynyň haçan emele gelendigi hakynda birnäçe jedelli meseleler bar. Olaryň haçan we nirede emele gelendikleri hakynda köp alymlaryň pikirleri ugurdaş gelýärler. Adamzadyň emele gelenine birnäçe million ýyl bolupdyr. Adamzadyň emele gelen we ýaşan döwrüniň taryhyny birnäçe döwürlere bölýärler. Sowet ýyllarynda mekdep maksatnamalarynda, okuw kitaplarynda: gadymy dünýä taryhy, orta asyrlar taryhy, täze taryh, iň täze taryh diýilýän döwürlere bölünýärdi. Bu bölünişik jemgyýetçilik-ykdysady ýagdaýlara (ukladlara) esaslanyp: ilkidurmuş, guleýeçilik, feodalizm, kapitalizm, kommunizm jemgyýetlerine bölünýärdi.

Önümçiligiň ösüş nukdaý nazaryndan F. Engels adamzadyň ösüş taryhyny 3 sany basgançaga bölýär: ýabany, talaňçylyk we siwilizasiýa. ***Ýabany döwri*** basgançagy – tebigatyň taýýar önümlerini özüniňki hasap etmegi; ***talaňçylyk döwri*** basgançagy – ekerançylygyň we maldarçylygyň emele gelmedi; ***siwilizasiýa*** – senagatyň ösüş döwri.

Adamzadyň ösüş taryhyny ilatyň zähmet bölünişiginiň (käriniň emele gelmegi) emele gelen döwründen: awçylaryň, iýmit ýygnaýjylaryň (mundan 30 müň ýyl ozal); ekerançylaryň we maldarlaryň (6–8 müň ýyl ozal); hünärmenleriň we senetçileriň, söwdagärleriň (3–5 müň ýyl ozal); industriýa zamanynyň işçileriniň (200 ýyl ozal);

häzirki zaman durmuş hyzmaty kärhanalarynyň işçileriniň (60 ýyl ozal) emele gelen döwürleri ýaly döwürlere hem bölýärler.

A.P. Kuznesow (1998) adamzadyň ösüş taryhyny we onuň hojalyk işleriniň emele gelen, ösen döwürlerini 4 basgançaga bölýär: **adamzadyň «çagalyk döwri»; adamzadyň «ýaşlyk» döwri; adamzadyň «ýetginjeklik döwri»; adamzadyň «ýetişen» döwri.**

1. **Adamzadyň çagalyk döwri.**

Häzirki zaman adamlarynyň maýmyna meňzeş adamlardan saýlanyp, Ýer ýüzüni eýelän döwri onuň çagalyk döwri diýip atlandyrylýar.

Adamzadyň emele gelşine iki hili garaýyş bar. Olaryň biri dini garaýyş. Dini garaýyşlara görä, adamzadyň köki Adamata we Howeneden başlaýar. Hudaý adamzadyň asly Adamatany ilki döredip, ony uçmahda ýaşadypdyr. Soňra onuň içi gysyp, tukat gezenligi sebäpli Howenäni döredipmişin. Howenäniň seýtanyň gepine gideni üçin, ony we Adamatany uçmahdan çykarypdyr. Howenäni Arabystan ýarym adasyna – Jidda şäheriniň golaýyndaky çöle oklapdyrlar. Adamatany bolsa häzirki Seýlon (Şri-Lanka) adasyna eltipdirler. Adamatanyň bu ýerde içi gysyp Howenäni küýseýär, gözleýär. Oňa Jewraýyl perişde kömek edýär. Seýlon adadan Hindistana tarap geçýär. Howene hem öz gezeginde Adamatany gözläp başlaýar. Häzirki Mekge şäheriniň golaýyndaky Arafat dagyndaky çeşmeden ýokaryk çykyp gözleýär. Seretse, Adamata şekilinde şeýtan gelýär. Onuň şeýtandygyny gözlerinden tanaýar. Adamata, şeýlelikde, 200 ýyldan soň Howenä duşýar. Bulardan nesil önüp, adamzat nesli emele gelipdir diýip, dini edebiýatlarda aýdylýar.

Biologiýa, antropologiýa, demografiýa ylymlarynyň wekilleriniň tassyklamaklaryna görä, häzirki zaman adamlarynyň ata-babalary haýwanat dünýäsiniň wekili – adama meňzeş maýmynlardan (antropoidlerden) emele gelipdirler. Olar primatlar otrýadyna (süýdemdirijileriň ýokary otrýady – maýmynlar, adama meňzeş maýmynlar we häzirki zaman adamlar) degişli edilýär. 1871-nji ýylda Çarlz Darwiniň «Происхождение человека и половой отбор» kitabynyň çykmaklygy janly tebigatyň ewolýusion ösüşini, şol sanda adamzadyň ewolýusion ösüşini bütin dünýäniň alymlary ykrar etdiler.

Antropologiýa, demografiýa, biologiýa ylymlarynyň wekilleriniň tassyklamalaryna görä, häzirki zaman adamlaryň ata-babalary

(Чебоксаров Н.Н. we başgalar, 1978, s. 91–132) ***driopitekler*** (agaçlarda ýaşan adama meňzeş maýmynlar) bolupdyrlar. Olary biologiýada ***«gominidler»*** (*homo* – adam) maşgalasyna degişli edýärler. Biologiýasy boýunça ***antropoidleri*** (gorilla we şimpanze) hem ýakyn hasaplanýar. Agaçlarda ýaşan adama meňzeş maýmynlaryň (driopitekleriň) galyndylary (süňkleri) Köne dünýäniň birnäçe sebitlerinde arheologlar, antropologlar tarapyndan tapylypdyr. Olar 27–12 million ýyl ozal Afroýewraziýanyň tropiki tokaýlarynda ýaşapdyrlar. Olardan nesil hökmünde, biologik taýdan has kämilleşen ***ramapitekler*** 14–8 million ýyl öň ýaşap geçipdirler. Gadymy hindi mifiki «Ramaýana» poemasynyň gahrymany, şazada Ramanyň adyny ebedileşdirmek we Demirgazyk Hindistanda tapylanlygy üçin *ramapitekler* diýip atlandyrypdyrlar. *Ramapitekleriň* galyndy süňkleri Afrikada gazuw-agtaryş işleri geçirilende Keniýada hem tapylypdyr.

Köp alymlaryň pikirlerine görä, adam şekilli maýmynda (pongidler) bilen gominidleriň (adamlaryň) düýbi bir agaç bolup, *ramapiteklere* olaryň aýrylyşýan şahasy hökmünde seredýärler. *Ramapitekler* tretik döwrüniň ahyrynda klimatyň gurak we kontinentallaşan döwründe ýaşapdyrlar. Tropiki tokaýlar seýrekleşip, olaryň meýdanlary azalyp ugraýar.

Alymlaryň pikirlerine göra, ramapitekler, köplenç ýagdaýda, iki aýagynyň üstünde ýöremäni başarypdyrlar. Olar aw awlanda haýwan süňklerinden ýasalan gurallardan, daşlardan, agaçdan edilen taýaklardan peýdalanypdyrlar. Ramapitekleriň süňk galyndylary, alymlaryň çaklaýşy ýaly, Aziýanyň we Afrikanyň yssy guşaklyklarynda tapylypdyr.

**Awstralopitekler** we **habilisler** ramapitekleriň nesilleri hasaplanýarlar. Awstralopitekleriň dürli süňk galyndylary häzirki Afrika döwletleriniň (Tanzaniýa, Efiopiýa, Çad, Günorta Afrika respublikasy) çäklerinden tapylypdyr. Olar tretik döwrüniň ahyrynda çetwertik zamanyň başynda 5–1,5 mln ýyl mundan ozal ýaşap geçipdirler. Olar açyk giňişliklerde iki aýagynyň üstünde arkaýyn ýoremäni başarypdyrlar. Olaryň kelle beýnisiniň göwrümi 500–600 kub santimetr bolup, häzirki zaman adamlarynyňkydan (1100–1800 kub sm.) 2–3 esse kiçi bolupdyr. Keniýada, Efiopiýada tapylan süňkleriň ýany

bilen çagyl daşdan ýasalan dürli zähmet gurallary hem tapylypdyr. Olaryň ýaşy 2,1–2,6 mln ýyl.

1960-njy ýylda belli iňlis arheology Luis Liki Tanzaniýada Oldowaý derýasynyň jülgesinde awstralopitegiň süňklerini tapypdyr. Onuň ýaşyny radioizotop usuly bilen kesgitleseler, 2 mln ýyla golaý bolupdyr. Onuň aýagynyň penje süňkleri göni ýörändigini subut edýär. Beýnisiniň göwrümi 650 kubsantimetre barabar diýip kesgitlenipdir. Bu ýagdaý awstralopiteklere garanda has ösenligi sebäpli, oňa ***Homo habilis*** (başarjaň adam) diýipdirler, ýagny, onuň ýany bilen daşdan ýasan ýönekeýje zähmet gurallary tapylypdyr.

1972-nji ýylda Luis Likiniň ogly Riçard Keniýada Rudolf kölüniň golaýynda, Oldowaý derýasynyň julgesinde wulkaniki tuf gatlagynda gadymy adamyň süňk galyndylaryny tapypdyr. Bu galyndy has ösen gominidlere degişli, ýagny, kelle beýnisiniň çanagynyň göwrümi 800 kub sm-e deň bolupdyr. Olar öňki ata-babalaryna garanda has ösen, adamzat jemgyýetini, medeniýetini we dilini emele getiripdirler. Olaryň iki aýagynyň üstünde ýöremegi, adamzat ewolýusiýasynda aýgytlaýjy pursat bolupdyr giýip bellenilýär. Elleriniň ýöremekden boşamagy, dürli gurallary tutmaga we olar bilen žähmet çekmäge mümkinçilik beren bolmaly. Iýmitleniş düzgünleri hem üýtgäpdir. Olaryň hemme zatlary iýip başlan bolmaklary mümkin. **Habilisleriň** ösümlik önümlerinden et iýmeklige geçmekligi olaryň ösüşinde uly özgerişliklere getiren bolmagy ähtimal. Aw awlamak üçin olaryň jemlenişmegi gerek bolupdyr.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň birinji ýarymynda antropologlary, arheologlary esasy gyzyklandyran zat häzirki zaman adamlaryň ata-babalarynyň ilkinji emele gelen sebitleri nirede bolup biler diýen mesele. Alymlar adamzadyň emele gelen sebitini Merkezi we Günorta-Gündogar Aziýadyr diýip pikir ýoredýärdiler. Ol ýerlerde tapylan adam süňklerini iň gadymydyr diýip pikir edipdirler. Käbir alymlar adamzadyň ata-babalary Awstraliýada emele gelendir diýip, çaklaýardylar. Şoňky atlary tutulan gury ýer böleklerinde entek şu wagta çenli gadymy adamlaryň süňkleri we žähmet gurallary tapylmandyr. Muňa garamazdan, häzirki zaman adamlaryň ata-babalary dürli sebitlerde birbada emele gelendirler diýip, käbir antropologlar pikir edýärdiler.

Öň belläp geçişimiz ýaly, ***awstralopitekler, habilisler*** Afrikada we Aziýada bir döwürde emele gelipdirler. Alymlaryň käbiriniň pikir etmegine görä, gominidler birbada Afrikada emele gelip, ýuwaş-ýuwaşdan Aziýa we soňra günorta Ýewropa ýaýrandyr diýip pikir ýöredýärler. Ewolýusion taglymat boýunça ***habilisleriň*** nesilleri – gadymy adamlar – ***arhantroplar*** bolupdyrlar. Olar afroýewraziýada, takmynan, 800–300 müň ýyl mundan ozal ýaşap geçipdirler. Gözleg-gazuw işleri geçirilende, olaryň süňkleri Gündogar, Günorta, Demirgazyk–Günbatar Afrikada, Günorta-Günbatar we Gündogar Aziýada, Ýewropada, ilkibada häzirki Germaniýanyň, soňra Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Wengriýanyň çäklerinde hem tapylypdyr. Bu gominidler klimatyň uly öwrülişik ýyllarynda, haçan-da ýyly, aram gurak döwürler sowuk klimat bilen çalşan wagtlary tropik zonalarda ýagyşly demirgazyk giňişliklerinde buzlanma emele gelipdir.

Irki ***arhantroplar*** häzirki Tanzaniýanyň, Günorta Afrika respublikasynyň, Ýawa adasynyň çäklerinde 600–650 müň ýyl mundan ozal ýaşap geçipdirler. Arhantroplaryň soňky nesilleri ***pitekantroplar*** birinji **gýuns-mindel** buzlanmalarynyň aralygynda 550–500 müň ýyl mundan öň ýaşapdyrlar. Olaryň süňkleri 1891-nji ýylda gollandiýaly alym E. Dýubua, soň 1960-njy ýylda belli alym Liki tarapyndan Oldowaý derýasynyň jülgesinden onuň kelle süňki tapylypdyr.

Ýawa adasyndaky we gündogar Afrikadaky maýmyn şekilli adamlar has irki ***sinantroplaryň*** nesilleri bolan bolmagy mümkin, olaryň süňk galyndylary 1963–1965-nji ýyllarda Demirgazyk Hytaýda Lantýanda tapylypdyr. Bu arhantroplaryň nesilleri sinantroplaryň soňky populýasiýasydyr diýilýär. Olaryň süňk galyndylary 50 sany görnüşe gabat gelýärler. Süňk galyndylary Pekin şäheriniň golaýyndan tapylypdyr. Olaryň ýaşan döwri (Alp daglaryndaky) ikinji Mindel buzlanma (500–350 müň ýyl mundan öň) gabat gelýär. Şol döwürlerde Aziýanyň gündogarynda sowuk we ýagyşly ýyllar bolupdyr. Mindel buzlanmasy döwründe Demirgazyk – Günbatar Afrikada ýaşan ***atlantroplar*** hem gabat gelýärler. Olaryň süňkleri Alžiriň köl çökündilerinden 1954–1956-njy ýyllarda tapylypdyr.

500 müň ýyl içinde ***arhantroplar*** köne dünýäniň dürli klimat şertlerinde (tropikden sowuk guşaklyklara çenli) ýaşap, morfologik taýdan dürli hili bolupdyrlar. Olaryň daşky sypatlary awstralopitek-

lerden we habilislerden tapawutlanyp, soňky çetwertik döwrüniň adamlaryna meňzeş bolupdyrlar. Arhantroplaryň boýy 165–170 sm. bolup, özleriniň irki we soňky çetwertik döwürdeşlerine garanda, häzirki zaman adamlara has ýakyn ekenler. ***Pitekantroplaryň*** beýnisiniň göwrümi 750–1000, sinantroplaryňky bolsa 900–1200 kub. sm ýetipdir. Bularda, ata-babalaryna garanda, akyl ösen bolupdyr.

2. **Adamzadyň ýaşlyk döwri.** Takmynan, mundan 10 müň ýyl ozal adamzadyň ýaşaýyş taryhynda uly üýtgeşik bir waka boldy. A.P. Kuznesowyň (1998, s. 14) ýazmagyna görä «ak saçly» rewolýusiýa bolup geçdi. Birinjiden – adam sarp edijiden öndürijä öwrüldi. Ikinjiden – rewolýusiýanyň dowamlylygy adaty ýagdaýda bolman, birnäçe müňlerçe ýyllara çekipdir.

Öndüriji hojalygyň emele gelmegine şu aşakdakylar sebäp bolupdyr:

1) Şol döwre çenli has kämilleşen zähmet gurallarynyň emele gelmegi;

2) Adamzat daşky gurşaw barada ummasyz köp düşünje toplapdyr;

3) Adamzadyň eliniň aşagynda medenileşdirmek üçin taýýar ösümlikleriň we eldekileşdirmek üçin ýabany haýwanlaryň bolmaklygy;

4) Önüm öndüriji hojalygyň döremegine esasy sebäp bolan zatlaryň biri daşky gurşawyň üýtgemegi we garyplaşmagy;

5) Öňki adaty aw etmeklik we ir-iýmiş ýygnamaklyk üçin ýüzlerçe kilometr ýol geçmeli bolandygy, wagtly-wagtynda iýmit iýmeýän adamyň ysgynynyň gaçmagy, ony pikirlenmäge mejbur edipdir. Ir-iýmiş ýygnamaklyk, aw awlamaklyk «krizise» düşüpdir.

Şeýlelikde, önüm öndürýän hojalyk adamzada ynançly we baý iýmit çeşmesini döredipdir. Onuň geljekde ýaşamagyna ynanç emele gelipdir. Ösümlik iýmitinde gerekli belok we witaminler azlyk edipdir. Şol sebäpli adamzat ýabany haýwanlary eldekileşdirip, hojalygyň maldarçylyk pudagyny döredipdir.

3. **Adamzadyň ýetginjeklik döwri.** Dünýäniň dürli sebitlerinde ýaşan adamlar ekerançylygy, maldarçylygy utgaşdyryp ösdüripdirler. Ekerançylygyň we maldarçylygyň ösmegi bilen dünýäniň ilatynyň arasynda zähmet bölünişigi başlanýar. Ekerançylygyň rowaçlanmagy

senetçiligiň ösmegine getiripdir. Ekerançylyk etmek üçin adamlar ýönekeý zähmet gurallaryny ýasamaga mejbur bolupdyrlar. Olaryň hojalygynda metal we ondan ýasalan zähmet gurallary, uruş esbaplary peýda bolupdyr. Oba hojalygynyň (ekerançylyk we maldarçylyk), ylmyň ösmegi, ýuwaş-ýuwaşdan senagat kärhanalaryň döremegine sebäp bolýar.

Döwletleriň emele gelmegi, ylmyň we tehnikanyň ösmegi netijesinde XV–XVI asyrlarda Beýik geografiki açyşlar zamanasy başlanýar. Amerika kontinentleriniň açylmagy bilen Ýewropadan göçüp gelen adamlara ýerleri özleşdirmek we döredilýän senagat kärhanalarynda işletmek üçin işçi güýji köp gerek bolupdyr. Şol sebäpli Amerika göçüp gelen ýewropalylar Afrika kontinentinden negrleri köpçülikleýin gämilere mündürip, Amerika getiripdirler we olary gul hökmünde işledipdirler. Şeýlelikde, Afrikadan Amerika zorluk bilen ilatyň migrasiýasy başlanýar *(16-njy surat)***.** Köne dünýäde (Ýewraziýa, Afrika) ilatyň sanynyň artmagy bilen ýerli ilat täze ýerleri özleşdirmeklige girişýärler. Netijede, kontinentleriň içinde ilatyň içki migrasiýasy başlanýar.

Adamzat jemgyýetiniň ýetginjeklik döwri taryhy wakalaryň we ösüşleriň görkezişine görä, birnäçe ýüzýyllyklary öz içine alýar. Maşyn senagat önümçiligi XVIII asyryň (1760–1770) ahyrynda Ýewropada (Angliýada, Fransiýada we beýleki döwletlerde), XIX asyryň ikinji ýarymyndan (1860) soň ABŞ-da, Germaniýada döreýär. XX asyryň ortalaryndan başlap köp döwletlerde täze senagat kärhanalary emele gelýär. Ylmy-tehniki rewolýusiýa amala aşyrylýar. Energiýanyň esasy hökmünde hojalygyň dürli pudaklarynda elektrik energiýasy, elektrik hasaplaýjy maşynlar (ABŞ-da, öňki SSSR-de, Günbatar Ýewropa döwletlerinde, Ýaponiýada), täze tehnologik ulgamlar giňden ulanylyp başlanýar. Senagatyň, ykdysadyýetiň, maliýe pudagynyň, ulaglaryň täze görnüşleriniň ulanyp başlanmagy halkara ykdysady birleşmeleri emele getirýär. Ykdysadyýetiň şeýle ösmegi Bütindünýä hojalygynyň döremegine sebäp bolýar.

Ulaglaryň dürli görnüşleriniň emele gelmegi, 1869-njy ýylda Sues, 1914-nji ýylda Panama kanallarynyň gurulmagy deňiz gatnawlarynyň geografiýasynyň üýtgemegine getirýär. Ylmy-tehniki rewolýusiýanyň amala aşyrylmagy bilen dünýä hojalygynda täze pudaklar:



**16-njy surat. Kontinentara we esasy içki ilat migrasiýasy (XV–XVIII asyrlar)**

1. Afrikadan gul hökmünde äkidilenler; 2. Demirgazyk-Günbatar Ýewropadan ilatyň erkin göçmegi; 3. Pireneý ýarym adadan ilatyň erkin göçmegi; 4. Ruslaryň sähralara we tokaýly sähralara göçmegi; 4a. Rus ýergeçijileriniň hereketi; 5. Hytaýlylaryň içki raýonlara göçüşi.

önümçiligiň köptaraplaýyn awtomatizasiýasy, elektronika, biotehnologiýa, kosmonawtika, atom energetikasy, aragatnaşygyň täze görnüşleri (kosmos hemralary, internet ulgamlary arkaly) emele gelýär.

4. **Adamzadyň ýetişen döwri.** Dünýäniň hojalygynda ylmyň-tehnikanyň ösmegi, önümçiligi dolandyrmaklygyň ýokarlanmagy, önümçilik kärhanalarynyň düzüminiň güýçli özgermegi, adamzat jemgyýetiniň maddy hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagy XX asyryň 50–60-njy ýyllaryndan dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletlerinde maddy däl önümçilik (durmuş hyzmaty, aragatnaşyk ulgamlary) sferasynyň ösmegine getirdi. Maddy däl önümçilik sferanyň düzümine: döwleti dolandyrmak, içerki söwda, maliýe, ulag we aragatnaşyk, durmuş hyzmaty ulgamlary, aňyýet (ylym, bilim, tehnika, edebiýat we sungat) degişlidir.

Döwleti we onuň çägindäki ösen ykdysadyýeti dolandyrmak iri administratiw merkezlere, dürli derejedäki syýasy partiýalara bagly bolup durýar. Soňky ýyllarda maddy däl önümçilik sferasynyň pudaklarynyň ösmegine ulag we aragatnaşyk ulgamlary uly täsir edýärler. Ulag, aragatnaşyk we habar beriş ulgamlary uzak aralykda ýa-da dürli kontinentlerde ýerleşen döwletleriň arasyny çalt baglanyşdyrýar, ýakynlaşdyrýar. Häzirki zaman kompýuterleriň, kosmos emeli hemralarynyň we bütindünýä telekommunikasiýanyň kömegi bilen «Daşda, uzakda ýerleşýär» diýen düşünjeler döwletleriň arasynda ýitip barýar. Dünýäniň raýatlarynyň hojalygynyň telefon, telewizor, hususy maşynlar we dürli hojalyk enjamlary bilen üpjünçiligi ýylsaýyn ýokarlanýar. Ýakyn wagtlarda dünýäniň adamlarynyň köpüsinde jübi telefonlary bolar. Halkara ulaglar ulgamynda awiasiýanyň, demir we awtoýollaryň, halkara elektrik, turbageçirijileriň abraýy ýylsaýyn artýar.

## 4.1.2. Dünýä hojalygynyň emele gelmegi

«Ilkinji ekerançylar nirede emele geldikä?» diýen sowal gelip çykýar. Olar ilki dag eteklerinde emele gelipdir diýen pikir bar. Dag eteklerinde we daglarda dürli görnüşdäki däneli ösümlikleriň ösýändigi hemmä mälim. Dag eteklerinde ekerançylygyň emele gelmeginiň ýene-de bir sebäbi, olary daglar goňşy duşmanlardan, basybalyjylardan goraýanlygydyr. Käbir alymlaryň (Kuznesow, 1998, sah. 5–14 we beýlekiler) pikirlerine görä, olaryň dag eteklerinde tebigata uly zyýan ýetirýänligindedir diýilýär.

Ilkinji ekerançylygyň emele gelen mesgeni Zagros daglarynyň eteginde b.e. öň VII müňýyllykda Žarmo diýen duralgada (Yrak döwletiniň demirgazyk-gündogarynda) diýip pikir edilýär. Ol ýerden Kiçi Aziýa, Ortaýer deňiz kenarlara, Jeýtun, Orta Aziýa, Nil, Hindi derýa jülgelerine ekerançylyk ýaýrapdyr (*17-nji surat*). Ekerançylyk we maldarçylyk ýuwaş-ýuwaşdan ösüp başlaýar. Ir döwürki oba hojalyk ýabany ösümlikleri medenileşdirmeklik, haýwanlary eldekileşdirmeklik birnäçe müňlerçe ýyllary öz içine alypdyr (*19-njy surat*).




**17-nji surat. Gadymy derýa jülgeleriniň siwilizasiýasy**

Agrar önümçilikde kündäniň oýlanyp tapylmagyna rewolýusion hadysa hökmünde garalýar. Ony öküze, ata, düýä goşup, ýer sürmäge başlapdyrlar. Şeýlelikde, ol kätmeni çalşypdyr.

Adamzadyň ilkinji hojalyk işleriniň taryhyny 4 sany döwre bölmek bolýar (Kuznesow, 1998, s. 18–19): onuň **birinji döwründe** agrar önümçilik emele gelýär (*18-nji surat*). Onuň ösmegine mümkinçilik döreýär. **Ikinji döwri** – ýöriteleşen zähmet gurallary we tehniki serişdeler ýok wagty emele gelen gadymy ykdysadyýet. Şol wagtlar hojalyk täze ýerleri özleşdirmek, peýdalanmak arkaly dolandyrylypdyr. Soňra agrar önümçiligiň gülläp ösen döwri (üçünji döwür) – **ekerançylyk-maldarçylyk** ykdysadyýetiniň emele gelmegi, şol döwrüň dünýä ykdysadyýetinde öňde baryjy hasaplanýar. Oba hojalygy ýuwaş-ýuwaşdan köp pudakly bolup başlaýar. Tokaý otlap ekin ekmek, ekilen ýerleriň taşlanylyp, täze ýerleriň özleşdirilmegi we suwarymly ekerançylygyň emele gelmegi, öri maldarçylygy we öýüň ýanynda mal saklamak ýaly pudaklar döreýär *(19-njy surat).* Oba hojalygynyň gülläp ösmekligi XVIII asyryň ahyryna çenli bolan döwri öz içine alýar. **Dördünji döwür** – adamzadyň hojalygynyň stabilizasiýalaşan, ýagny, haryt önümçiliginiň dörän wagtyny öz içine




**18-nji surat. 9–5 müň ýyl b.e.ozal dünýäniň hojalygy**

alýar. Ykdysadyýetiň «azyk däl sektory» ösýär. Şäherler çalt ösüp başlaýär. Senagat kärhanalary döreýär. Ýer togalagynyň ähli ýerinde (Antarktikadan we Awstraliýadan beýleki ýerlerde) önüm öndürýän hojalyk emele gelýär.

Senetçilik ösüp, ösýän hojalyk adamzatdan täze zähmet gurallaryny talap edip başlaýar. Oba hojalyk işlerini eder ýaly zähmet gurallary öndürilip başlanýar. Adamzadyň täze durmuşy täze ýaşaýyş şertlerini talap edýär. Adamzat ilki palçykdan, soňra agaçdan we daşdan jaý salmany öwrenýär.

Adamyň aýak üstüne galyp başlan wagty daş asyry bolsa, onuň ýerine dürli zähmet gurallarynyň ýasalmagy netijesinde metal asyry gelýär. Biziň eýýamymyzdan 7–8 müň ýyl ozal – mis; 7–6 müň ýyl ozal gurşun; 6 müň ýyl ozal altyn, kümüş; 3 müň ýyl ozal galaýy, bürünç, sink; 2 müň ýyl ozal – demir ulanylyp başlanýar.

Arheologiki maglumatlara görä, b. e. öň VI–V müňýyllyklarda Müsüriň, Mesopotamiýanyň, Orta Aziýanyň çäklerinde altyndan, kümüşden, misden meteorit demirden her hili durmuşda ulanylýan esbaplar ýasalypdyr.



**19-njy surat. Käbir ösümlik, haýwan görnüşleriniň medenileşdirilen, eldekileşdirilen döwürleri we döwletleri**

Mis magdanyndan metal eretmek ilki b.e. 4 müň ýyl öň Günorta-günbatar Aziýanyň we häzirki Hindistanyň çäklerinde, soňra Kawkazda, Günorta Ýewropada, Ýegipetde başlanypdyr. Kipr döwletiniň ady ilki mis (kuprum) gazyp almak, eretmek bilen baglanyşykly bolupdyr. Amerikada mis eredilişi b.e. öň I müňýyllyklarda Kolumbiýanyň çäklerinde başlanypdyr.




**20-nji surat. Ýewraziýada metalyň we metallurgiýanyň ýaýraýşy**

B.e. 3 müň ýyl öň adamzat galaýyny ulanyp başlapdyr. Ony mis bilen garyp bürünç (bronza) alnypdyr. Ol mise garanda has berkligi bilen tapawutlanypdyr. Ondan dürli ýaraglary, öý goşlaryny, gap-çanaklary, bezeg şaýlaryny ýasapdyrlar. A.P. Kuznesowyň (1998, s. 24) ýazmagyna görä, b.e. öň II müňýyllykda Merkezi Aziýada ilkinji gezek demir eretmeklik başlanýar (*20-nji surat*). Demir magdanyny häzirki Eýranyň çäklerinden gazyp alypdyrlar. Getirip, ýönekeý peçlerde, soňra toýundan edilen ýörite peçlerde demri eredip, her hili ýaraglar we hojalyk üçin gurallar ýasapdyrlar. Demir eredilen peçleriň galyndylary arheologlar tarapyndan gazuw-agtaryş işleri geçirilende Mary, Ahal, Balkan, Lebap, Däşoguz welaýatlarynyň çäklerinden tapylypdyr. Merkezi Aziýadan soňra Günorta-günbatar Aziýa, Hindistana, Müsüre, Ortaýer deňiz kenarlaryna metallurgiýa ýaýrapdyr. Şeýlelikde, demir asyry başlanýar. Ol biziň günlerimizde hem dowam edýär. Metal eretmek we ondan gerekli zatlary ýasamak özboluşly kynçylygy döredýär. Netijede, oba daýhanyndan senetçiler emele gelýärler. Biziň eýýamymyzyň başlarynda demir eretmek, ondan dürli zatlaryň ýasalmagy onuň söwdasyny ösdürýär. Şeýlelikde, senetçilik önümçiligi emele gelýär.

XV asyrda eýýäm dokma senetçiliginiň merkezleri döräp başlaýar. Adamzadyň ir döwürlerden bäri maldarçylygy ösdürenligi sebäpli ýüň mata dokamaklyk başlanýar. Bu bolsa oňa çig maly islendik sebitlerden tapyp bolýanlygy bilen düşündirilýär.

Metal işlemek we bejermek has ösüp we kämilleşip ugraýar. Yzygider alnyp barlan uruşlar metaldan her hili ýaraglary ýasamaklygy talap edýär. Şäherleriň döremegi bilen metaldan her hili heýkeller, gözenekler ýasalyp, ýörite ussahanalar döredilýär (*20-nji surat*). Ussahanalar diňe öz hojaýynlary üçin işlemän, ilat köpçüligine, müşderilere hyzmat edip başlaýarlar.

XV asyrda senetçilik Ýewropada hem ösüp ugrapdyr. Onuň ösmekligi döwletleriň emele gelmegi we ykdysady taýdan ösmekleri bilen baglanyşykly. XI–XV asyrlarda senetçilik önümçiligi boýunça Wenesiýa, Florensiýa, Genuýa şäherleri has tapawutlanypdyrlar. Bu şäherlerde dokmaçylyk (ýüň, ýüpek mata, ýarag ýasamaklyk) ösýär. Wenesiýada aýna önümçiligi emele gelýär.

Galaýyny köp möçberde öndürmekde Angliýa, misi – Germaniýa, Ispaniýa, kümşi öndürmekde Germaniýa, Çehiýa tapawutlanypdyr.

XV–XVI asyrlarda el senetçiligi (manufaktura – latynça manus – el, faktura – taýýarlamak) ýöriteleşme häsiýete eýe bolýar. Meselem, ýüňi Angliýadan satyn alyp ony arassalaýan, ýuwýan, daraýan, örýän ussahanalar döreýärler. Bu işleriň käbirlerini adamlar öz öýlerinde amala aşyrýarlar.

Senetçiligiň ösmekligi söwdanyň ösmegine getirýär. Ýewropa döwletlerinde ýörite ýarmarkalar döredilýär. Hytaýdan, Hindistandan, Indoneziýadan Ýewropa döwletlerinden dürli harytlary arap söwdagärleri satyn alyp, Konstantinopola getirip, ýewropalylara satmaklygy guraýarlar. Olar Ýewropa gymmat bahaly harytlary (altyndan, kümüşden ýasalan bezeg-şaýlary, ýüpek, çaý, haly, ýaraglar) getirýärler.

XV asyryň ortalarynda beýik geografiki açyşlar eýýamy başlanýar. Beýik geografiki açyşlar dünýäniň käbir döwletleriniň hojalygynyň çalt depginler bilen ösmekligine getirdi. Kolonial basyp alyşlar eýýamy başlandy. Koloniýalary basyp almakda Angliýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Fransiýa ýaly döwletler öňdeligi eýeleýärdiler.

### 4.1.3. Dünýä hojalygynyň täze pudaklarynyň döremegi

XIX–XX asyrlarda dünýäniň senagatynda täze eýýam – täze industrial önümçilik eýýamy başlandy. Onuň ähli pudaklarynda täze tehnika we tehnologiýa emele geldi hem-de oturdylyp başlandy.

Senagat önümçiliginde öň aýan bolmadyk täze pudaklar döredi. Mysal üçin, 1880-nji ýyla çenli dünýä senagatynda elektroenergetika pudak ýokdy. Adamzat öz hojalyk durmuşynda ýylylyk energiýa çeşmesi hökmünde kömür, odunyň dürli görnüşlerini ulanýardy (*6-njy tablisa*).

6-njy tablisadan görnüşi ýaly, XIX asyryň aýagyna çenli dünýä hojalygynda esasy energiýa çeşmesi hökmünde odun, soňra kömür ikinji orny eýeläpdir. 1940-njy ýyldan başlap, energetiki çig mallaryň ulanylyşynyň düzümi üýtgäp, esasy orna kömür çykypdyr.

12. Sargyt № 2076

*6-njy tablisa*

**Ilkinji energetik çeşmeleriň dünýä hojalygynda ulanylyşy (%)**

| **Energiýanyň görnüşleri** | **1860 ý.** | **1900 ý.** | **1940 ý.** |
|---|---|---|---|
| Kömür | 25 | 57 | 58 |
| Nebit | – | 2 | 14 |
| Tebigy gaz | 1 | 1 | 4 |
| Odun | 73 | 39 | 21 |
| Suw energiýasy | 1 | 1 | 3 |

Emma XX asyryň başynda dünýädäki elektrostansiýalaryň güýji 3 mln. kWt boldy. Bu häzirki Saýano-Şuşensk (Russiýa) suw elektrik stansiýasynyň (SES) ýarpy güýjüne deň. XIX asyryň ahyrynda Germaniýada Nekkar derýasynda SES, Dg. Amerikada Niagara derýasynda ilkinji SES guruldy. Elektroenergetikada täze açyşlar durmuşa ornaşdyryldy. Meselem: dinamo, maşyna, generator, elektromotor, transformator, elektrolampa döredildi. Şondan soňra dünýäniň ösen döwletlerinde maşyn gurluşygyň täze pudagy – elektroenergetika döredi.

Içinden ýanýan dwigateliň oýlanyp tapylmagy bilen tehnikada uly rewolýusiýa emele geldi. Soňra dizel ýangyjy bilen işleýän dwigatel döredildi. Has kämilleşen motor we awtomobil oýlanyp tapyldy. Bu öz gezeginde nebit gazyp alnyşyny artdyrdy we onuň senagatyny emele getirdi. Nebit senagatynyň ösmegi awtomobil we awiasiýa senagatynyň döremegine itergi berdi. 1870-nji ýylda dünýäde 0,8 mln. t, 1900-nji ýylda 20 mln. t, 1913-nji ýylda 54 mln. t nebit çykaryldy.

1886-njy ýylda nemes inženeri Karl Bens (Mersedes-Bens firmasy şonuň adyna) awtomobil oýlap tapanyna patent şahadatnamasyny alypdyr. Şol ýylda ol Mangeýme şäherinde özüniň awtomobilini köpçülige görkezmäge çykarypdyr. Ol ýönekeýje motorly kareta eken. Karl Bens iki ýyl geçenden soň awtomobil sürmeklige rugsat alypdyr. Ol döwürde awtomobil ýangyjy dermanhanalarda satylypdyr. Ýörite çüýşelere gaplanan benzin arassalaýyş serişde hökmünde satylýar ekeni. Soňra Amerikanyň Sietl säherinde ilkinji awtokolonna (şlangly

bak) işe başlapdyr. Häzirkä meňzeş ilkinji awtozaprawka 1922-nji ýylda Berlinde işläp başlapdyr.Awtomobil gurluşygy maşyn gurluşyk pudaklarynyň arasynda, esasan hem Ikinji jahan urşundan soňky ýyllarda çalt depginler bilen ösüp başlady. Dürli kysymly awtomobilleri öndürmekde Ýaponiýa, ABŞ, Germaniýa, Günorta Koreýa, Fransiýa, Angliýa, Italiýa, Russiýa we başga-da birnäçe döwletler awtomobil sürüjilere bellidir.

Örän çalt depginler bilen **himiýa senagaty** ösüp başlaýar. XIX we XX asyryň çalşygynda çalt ösen esasy senagat pudaklarynyň biri hasaplanýar. Ekerançylyk meýdanlarynyň giňeldilmegi bilen baglanyşykly mineral dökün öndürýän senagat kärhanalary çalt ösüp başlaýar. Dokma senagatynyň ösmegi bilen tebigy öndürilýän reňkler ýetmezçilik edip ugraýar. Şol sebäpli sintetiki reňk öndürýän täze himiýa senagat pudagy döreýär. Ol, esasan, Germaniýada çalt ösýär. Ol beýleki Ýewropa döwletleri bilen deňeşdireniňde onuň çig malyna garypdy. Adamzadyň sanynyň artmagy bilen saglyk meselesi hem ýüze çykýar. Şonuň bilen baglanyşykly farmasewtika senagaty çalt ösüp başlaýar.

Dünýäniň döwletlerinde çap edilýän kitaplaryň, gündelik metbugat neşirleriniň köpelýänligi zerarly «Kagyz zerurlygy» döreýär. Bu öz gezeginde kagyz-sellýuloza senagatynyň çalt ösmegine sebäp bolýar. Ösen döwletlerde sarp ediji pudaklaryň (söwdanyň, durmuş hyzmaty gullugynyň) ösmegi sarp edilýän zatlary oramak, gaplamak üçin karton we oralýan kagyzyň köp öndürilmegini talap edýär.

Senagatyň dürli pudaklarynyň çalt depginler bilen ösmegi önümçilik kärhanalary üçin dürli gurallary, serişdeleri öndürmekligiň zerurlygyny ýüze çykardy. Şeýlelikde, stanok gurluşygy metal işläp bejerýän senagatyň döremegine getirdi. Stanok gurluşygy diňe ABŞ-da we Ýewropanyň ösen döwletlerinde emele geldi.

Dünýäniň hojalygynda oba senagat toplumy uly ähmiýete eýedir. Onuň pudaklarynda işe ýaramly ilatyň 60%-i zähmet çekýär. Oba senagat toplumda zähmet çekýänleriň sanynyň köplügi boýunça ösýän döwletler öňde barýarlar. Olarda edilýän işleriň köpüsi biziň günlerimizde hem el güýji bilen amala aşyrylýar. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde jemi öndürilýän önümde esasy orny önüm öndürmeýän sfera, ýagny, durmuş sferasy eýeleýär (*21, 22-nji suratlar*).




**21-nji surat. Jemi öndürilen önümiň dürli görnüşdäki döwletlerde emele gelşi**

Ulaglar ulgamynda we aragatnaşykda uly özgertmeler döredi. XIX–XX asyryň aralygynda ösen döwletlerde demirýol gurluşygyna başlanyldy. 1881-nji ýylda Türkmenistanyň häzirki çäginde Zakaspi demirýolunyň gurluşygy başlandy. 1869-njy ýylda trans-amerikan demirýoly Nýu-Ýorkdan San-Fransisko aralygyna, 1903-nji ýylda beýik Sibir magistralynyň Wladiwostoga çenli gurluşyklary başlanyp, wagonlary uzak wagtlap parowozlar çekýärdi. Soňra olar 1950-nji ýyllarda teplowoz we elektrowozlar bilen çalşyryldy.

Deňiz ulaglarynda uly özgerişlikler boldy. 1870-nji ýylda dünýä deňiz söwda flotunyň 80% ýüklerini ýelkenli gämiler çekýärdiler. 1913-nji ýyla çenli olar 10 esse azalyp, parohodlar peýda boldy. Öň belläp geçişimiz ýaly, 1869-njy ýylda Sues, 1914-nji ýylda Panama kanallarynyň gutarylyp, Atlantik, Ýuwaş, Hindi ummanlaryna çykmaklyk ýeňilleşdi.

Aragatnaşykda uly ösüşler amala aşyryldy. Telefonyň, telegrafyň we radionyň oýlanyp tapylmagy we durmuşda hyzmat edip başlamagy uly rewolýusiýa boldy.

XX asyryň başynda ylmy-tehniki ösüş döwletleriň arasynda harby önümçiligi ösdürmeklige hyzmat edip başlady. Maşyngurluşyk senagatynyň köp pudaklary öň görlüp-eşidilmedik tehniki serişdeleri öndürip başlady. 1916-njy ýylda iňlisler tarapyndan ilkinji gezek ok geçmeýän tanklar ýasaldy. Howada ýylsaýyn samolýotlar, esasan hem harby uçarlar köpelip ugrady. Birinji jahan urşunyň başynda bary-ýogy




**22-nji surat. Dünýä hojalygynyň ilkinji sferasynyň geografiýasy**

2000-e golaý harby uçarlar, soňunda 60 müňden hem köp bolupdyr. Şeýlelikde, awiasiýa senagaty döredi. Häzirki wagtda dünýäniň ösen döwletlerinde dürli kysymly awialaýnerler ýasalýar. Olaryň arasynda ABŞ, Angliýa, Fransiýa, Russiýa öňde barýarlar. Awiasiýanyň kömegi bilen ýolagçylar we möhüm (gymmaty ýokary we çalt zaýa bolýan oba hojalyk önümleri) ýükler gatnadylyşynyň geografiýasy soňky ýyllarda has özgerýär (*23-nji surat)*. Ýewropa döwletleriniň arasynda ýolagçy gatnatmakda awiasiýa uly ähmiýete eýedir. Ol ýerde iň uly awiaduralgalardan Maýn boýundaky Frankfurt, Pariž, London we beýlekiler tapawutlanýarlar. Aziýada ýük we ýolagçy gatnatmakda Tokio, Gonkong dünýä bellidirler. ABŞ-da has uly awiaduralgalar Nýu-Ýorkda, Memfisde, Çikagoda, Los-Anželesde, Atlantada we beýleki şäherlerde jemlenendirler.

Şonuň bilen bir hatarda deňiz flotunda suwasty gämiler Germaniýa we Russiýa tarapyndan köp öndürilýärdi. Häzirki wagtda okean, deňiz, derýa gämilerini öndürmekde dünýäniň ösen döwletleri ABŞ, Gollandiýa, Ýaponiýa, Germaniýa, Günorta Koreýa, Angliýa,




**23-nji surat. Dünýäniň awiasiýa ulaglarynyň geografiýasy**

Fransiýa, Russiýa öňde barýarlar. Bu döwletler dürli kysymly gämileri öndürýärler.

Himiýa senagat pudaklary hem I, II Jahan uruşlary döwründe harby zerurlyklara hyzmat edip başlady. Ol pudaklar, esasan, partlaýjy ýaraglary, adamlary, jandarlary zäherleýji jisimleri öndürýärdi.

Dag-magdan senagatynyň geografiýasy üýtgedi. XX asyryň başlanmagy bilen Ýewropa öňdeligi elden gidirip başlady. Demirgazyk we Günorta Amerika köp görkezijiler boýunça Ýewropadan öňe saýlandy (*7–8-nji tablisalar*).

XX asyryň ortalarynda dünýäniň senagat pudaklarynyň häzirki zaman makrodüzümi emele geldi. Onuň 90%-i işläp bejeriji senagat pudaklaryna degişli bolup, maşyn gurluşygy öňde barýan pudak bolmagynda galdy.

*7-nji tablisa*

**Mineral çig mallary gazyp almakda (1937ý.) dünýäniň käbir sebitleriniň tutýan orny (%), SSSR-i hasap etmäniňde**

| Gazma baýlyklar | Ýewropa | Dg. Amerika | Aziýa | Go. Amerika | Afrika | Awstraliýa we Ummanystan |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Daş kömür | 46 | 43 | | | | |
| Nebit | | 75 | 10 | 15 | | |
| Demir magdany | 50 | 42 | | | | |
| Marganes magdany | | | 39 | | 46 | |
| Boksitler | 73 | 27 | | | | |
| Fosforitler | 49 | 16 | | 29 | | |
| Mis magdany | | 50 | | 21 | 20 | |
| Gurşun magdany | 13 | 56 | | | | 16 |

*8-nji tablisa*

**Dünýäniň senagat önümçiliginde ösen döwletleriň tutýan orny (%)**

| Döwletler | 1913 ý. | 1920 ý. | 1930 ý. | 1937 ý. |
|---|---|---|---|---|
| ABŞ | 36 | 47 | 39 | 38 |
| Angliýa | 14 | 15 | 11 | 11 |
| Russiýa (SSSR) | 4 | 1 | 3 | 9 |
| Germaniýa | 16 | 7 | 9 | 9 |
| Fransiýa | 6 | 5 | 7 | 5 |
| Ýaponiýa | 1 | 2 | 3 | 4 |

Ikinji jahan urşuna çenli dünýäniň döwletleriniň arasynda ABŞ, Angliýa, Russiýa, Germaniýa, Fransiýa, Ýaponiýa ykdysady ösüşleri boýunça öňe saýlandylar (*8-nji tablisa*). Şeýlelikde, ikinji jahan urşuna çenli köne senagat pudaklarynyň ösüş döwri tamamlandy. Şol döwrüň senagat kärhanalary üçin bu ekstensiw ösüş häsiýetlidi. Ol kärhanalar mineral çig mallary köp talap edýärdi. Ekologiki ýagdaýy ýaramazlaşdyrýardy. Senagat kärhanalary Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň daşyndaky Aziýa, Afrika döwletlerine hem aralaşyp başlady.

### 4.1.4. Döwletleriň hojalygyna ylmy-tehniki ösüşiň ornaşdyrylyşy

XX asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap YTR ösüp, önümçilige ornaşdy. YTR-iň ösüşi, onuň önümçilige ornaşdyrylyşy sebitlerde dürli hili bolup geçýär. Häzirki wagtda onuň iki şahasy hem ugurdaş ösýär. Birinjisi – adaty, köneden gelýän, dowam edýän (tradisiýa boýunça) ugry, ikinjisi – häzirki zaman ylmy-tehniki rewolýusiýa. **Birinjisi** – XX asyryň 40–50-nji ýyllarynda durmuşa ornaşdyrylan tehnika we tehnologiýa, ýagny YTR-iň başlan wagty ornaşdyrylan tehnika we tehnologik enjamlar. Bu tehnika we tehnologiýa dünýäniň köp döwletlerine mahsus bolup durýar. XX asyryň 80–90-njy ýyllarynda dünýäniň ösen döwletlerinde häzirki zaman tehnologiýasy ýa-da «Ýaşaýşy goraýjy» tehnika we tehnologiýa ornaşdyryldy. Häzirki zaman tehnika we tehnologiýa entek dünýäniň hemme döwletleri üçin häsiýetli däl.

Täze önümçilik uruşdan soňky döwürde elektronikanyň we ýadro energiýasynyň ösmegi bilen başlandy. Täze önümçilik ýa-da tehnologiýa, harby bölümlerden başlandy. Täze önümçilik ýa-da tehnologiýa, harby bölümlerden önüm öndürilýän birnäçe pudaklary özüne birleşdirýär. Urşuň yzysüre atom ýaragy synagdan geçirildi. Atom energiýasy parahatçylyk maksatlary üçin ilkinji gezek 1954-nji ýylda Moskwanyň eteginde Obninsk şäherde dünýäde ilkinji atom elektrik stansiýasynyň (AES) işe girizildi. Soňra «Lenin» adyndaky atom buzdöwüji gämi ulanylmaga berildi.

Kosmosy öwrenmek we durmuşda peýdalanmak ilki harby maksatlar üçin peýdalanyldy. Soňra sputnikleriň kömegi bilen aragatnaşyk, şol sanda radio, telewideniýä hyzmat edip başlady.

Biziň günlerimizde **elektronika** (mikroelektronika) önümçilikde we durmuşda, soňky ýyllarda önümçilikde köp taraplaýyn awtomatika giňden ulanylýar. Bu meselede elektronika, distansion dolandyryş önümçilige giňden ornaşdyrylýar. Soňky ýyllarda ösen döwletlerde senagat robatlary önümçiligiň agyr we adam saglygyna zyýanly ýerlerde giňden oturdylýar.

Soňky ýyllarda biotehnologiýa, farmasewtika önümçilikde, ösümlikleri goraýjy himiki serişdeleri öndürmekde giňden peýdalanylýar.

Soňky döwürlere çenli önümçilikde metal, agaç, plastmassa giňden ulanylýar. Indi olaryň ýerine ýuwaş-ýuwaşdan täze konstruksion enjamlar (materiallar) ulanylyp başlandy. Bu enjamlar metallurgiýa we himiýa senagatynyň arasynda emele gelen önümçilik kärhanalarydyr.

Aragatnaşykda giň gerimler we çalt depginler bilen habar bermek hem-de habarlary ýygnamak işleri täze tehnikalar arkaly amala aşyrylýar. Önümçilikde we durmuşda haýran galarlykly çaltlykda aragatnaşygyň elektron serişdeleri (faks, modem, elektron poçtasy, sputnik ýa-da kosmos aragatnaşygy) giňden ulanylýar.

Energetikada uly özgerişlikler amala aşyrylýar. Energetikada energetik çeşmeleri (ýangyjy) has tygşytly ulanýan we daşky gurşawa zyýansyz tehnika, tehnologiýa ornaşdyrylýar.

Azyk senagatynda hem uly özgerişlikler geçirilýär. Bu senagatda adaty azyk önümlerini taýýarlamak, olary terligine ilata ýetirmek amala aşyrylýar. Olaryň käbir görnüşlerini uzak saklap bolmaýar. Artykmaç öndürilýän önümler dürli hilli gapyrjaklara salynýar. Bu ýagdaýda önümler öz tebigylygyny, peýdaly hilini ýitirýär.Olary saklamaklygyň dürli görnüşlerini işläp düzýärler. Ol önümleri sowadyjylarda sowadylan görnüşde saklamak häsiýetlidir. Mikrotolkunly peçlerde azyk önümlerini taýýarlap, soňra ýörite daşy gaplanyp howa girmez ýaly edilýar. Önümçiligiň täze pudaklarynyň ösmegi ylym bilen baglanyşykly. Şonuň üçin köp ylmy talap edýän

kärhanalaryň ýanynda ylmy-barlag institutlar, laboratoriýalar işleýärler. Ol ylmy edaralar önümçilige tiz wagtda ylmy açyşlary ornaşdyrmak üçin zerur bolup durýar.

EDEBIÝAT

*Чебоксаров Н.Н., Машбиц Я.Г., Покшишевский В.В.* Происхождение человека и заселение Земли. В кн.: Страны и народы. Москва, «Мысль», 1978, с. 91–132.

*Голубчик М.М.* и др. Экономическая и социальная география. Основы науки. М., ВЛАДОС, 2003.

*Капица С.П.* Общая теория роста человечества: сколько людей жило, живет и будет жить на Земле. Москва, УРСС, 2009.

*Климанов В.В., Климанова О.А.* География в таблицах. М., «Дрофа», 1999.

*Кузнецов А.П.* География: население и хозяйство мира. М., «Дрофа», 1998.

*Родионова И.А., Бунакова Т.М.* Экономическая география. М., «Московский лицей», 1999.

## IV.2. HÄZIRKI ZAMAN JEMGYÝETINIŇ MADDY-TEHNIKI ESASYNY YKDYSADY-GEOGRAFIK TAÝDAN SELJERMEK

### 4.2.1. Döwletiň halk hojalyk toplumynyň esasy düzümleri barada düşünje

Ykdysady we durmuş geografiýasynda, ykdysady ylymlarda esasy taksonomik birlik hokmünde **halk hojalygy** adalgasy giňden ulanylýar. Belli bir ýurduň halk hojalyk pudaklaryna häsiýetnama berlende döwletiň hojalygyny iki sany uly bölüme: maddy önümçilik we önüm öndürmeýän hojalyk kärhanalaryna bölýärler. Maddy önümçilik kärhanalary ilatyň sarp edýän maddy nygmatlaryny energiýa we taýýar önüm görnüşinde öndürýär. Öndürilen önümler ulaglaryň kömegi bilen sarp edijilere ýetirilýar. Öndürilen önümler sarp edijilere gowşurylýança kähalatlarda ýöriteleşdirilen jaýlarda saklanylýar. Olary tertibe salýarlar. Daşlaryny gaplaýarlar we taýýar önüm kaddyna getirýärler. Bu işler önüm öndürmekligiň dowamaty

hasaplanýar. Döwletiň beýleki hojalyk işleri önüm öndürmeýän ýa-da durmuş hyzmaty kärhanalary tarapyndan amala aşyrylýar. Durmuş we ykdysady geografiýasynda **«halk hojalygy»** adalga dürli döwletler, halkara guramalar tarapyndan ykrar edilen, syýasy esasda döredilen özbaşdak döwletiň, federasiýanyň düzümindäki respublikanyň ykdysadyýetine häsiýetnama berlende ulanylýar. Welaýatyň, etrabyň, beýleki administratiw-territorial birlikleriň ykdysady-geografik ösüşine häsiýetnama berlende **«hojalygy»** diýilýän adalgadan peýdalanylýar. Ykdysady-geografik nukdaýnazardan döwletiň halk hojalygy bütewilikde, köp halatlarda onuň düzümleri, aýratyn alnan pudaklary öwrenilýär. Durmuş we ykdysady geografiýasyndan işleýän hünärmenler döwletiň hojalygyny çylşyrymly ulgam hökmünde üç sany: **ykdysady-durmuş; pudaklaýyn; ýerli düzümler** toparlaryna bölýärler. Bu çylşyrymly ulgamlar özleriniň ykdysady ösüşinde elmydama biri-biri bilen baglanyşykly bolýarlar. Olar birigip, döwletiň bütewi hojalygyny emele getirýärler.

Hojalygyň **ykdysady-durmuş düzümi** diýlende hojalyk kärhanalarynyň haýsy eýeçilikdedigi göz öňüne getirilýär. Bazar ykdysadyýetine geçen we geçýän döwletlerde hojalyk kärhanalary döwlet we hususy eýeçilikde bolýarlar. Hojalygyň bu pudaklaryny ykdysady geograflardan başga-da syýasy ykdysadyýetden we ykdysadyýetden işleýän hünärmenler hem öwrenýärler.

Ykdysady we durmuş geografiýasynda halk hojalygynyň ýerli düzümi (HHÝD) giňden öwrenilýär. Belli ykdysady geograf **I.M. Maýergoýzyň** pikirine görä, HHÝD biri-birine golaý ýerleşen, senagat merkezleriniň, ýerli önümçilik toplumlarynyň (ÝÖT), kiçi we uly ykdysady sebitleriň hojalyk düzümleriniň biri-biri bilen önümçilik taýdan baglanyşykly hereket etmegidir. Halk hojalygynyň ýerli düzümi (HHÝD) durmuş we ykdysady geografiýasynyň hünärmenleriniň esasy öwrenýän obýekti hasaplanýar. Halk hojalygynyň ýerli toplumyna ykdysady we durmuş geografiýasynyň düşünjelerini (ykdysady sebit, raýon, önümçiligiň bir ýere jemlenmegi, ykdysady-geografiki ýerleşiş) özünde jemleýän baş kategoriýa hökmünde seredilýär. Hojalygyň ýerli we pudaklaýyn düzümleri biri-birlerine jebis ýerleşýärler. Türkmenistanda halk hojalygynyň pudaklaýyn düzümi çalt özgerýär. Sebäbi täze senagat kärhanalary gu-

rulýar. Mysal üçin, Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda dokma, kagyz-sellýuloza, metallurgiýa, himiýa senagatynyň täze pudaklary döredi. Şol sebäpli täze pudaklar emele gelse-de, halk hojalygynyň ýerli düzümi haýal üýtgeýär.

### 4.2.2. Halk hojalygynyň pudaklaýyn düzümi

Hojalygyň **pudaklaýyn düzümi** diýlende, onuň aýratyn pudaklary we pudagara toplumlary göz öňüne getirilýär. Ol pudaklar hem öz gezeginde ýöriteleşişi we öndürýän önümleri boýunça birnäçe böleklere bölünýärler. Ykdysady we durmuş geografiki barlaglarda esasy orny **halk hojalygynyň pudaklaýyn düzumi (HHPD)** eýeleýär. Halk hojalygynyň özeni, fundamenti maddy önümçiligi özünde jemleýän, ýagny önüm öndürýän kärhanalar toplumy(senagat, oba hojalyk, ulaglar, gurluşyk) hasaplanýar. Ol kärhanalar, esasan, hojalygyň ähli pudaklary üçin önüm we elektrik energiýasyny öndürmek bilen meşgullanýarlar. Olara ýokarda belleýşimiz ýaly senagat, oba hojalyk, ulaglar we gurluşyk pudaklary degişlidir. Bu kärhanalarda öndürilýän önumler sarp edijilere ýetirilýänçä ulag, aragatnaşyk we hyzmatlar üçin çykdajylar amal edilýär. Şol sebäpli harytlaryň özüne düşýän bahasy gymmatlaýar. Öndürilen harytlaryň köpüsi, öň belleýşimiz ýaly, ýörite guralan jaýlarda seljerilýär, daşy gaplanylýär. Taýýar bolandan soň söwda merkezlerine we daşary bazarlara ugratmak bilen baglanyşykly işler edilýär. Öndürilen iýmit önümleri jemgyýetçilik kärhanalara (naharhanalara, kafelere, restoranlara we beýleki ýerlere) ugradylýar.

Önümçilik kärhanalary ýerine ýetirýän işleri boýunça birnäçe basgançaklardan durýarlar. Meselem: tebigy baýlyklary – çig mallary gazyp almakdan başlap, olardan taýýar önüm öndürilýänçä birnäçe önümçilik prosesleri geçmeli bolýarlar. Tebigy baýlyklara, çig mallara garyp döwletlerde tebigy baýlyklary gazyp alýan senagat pudaklary bolmaýar. Tebigy baýlyklary özlerinde bolmadyk döwletler olary goňşy döwletlerden getirmeli bolýarlar. Köp döwletlerde senagatyň esasy pudaklarynyň biri ýangyç-energetika hasaplanýar. Döwletiň çäginde ýangyç baýlygy ýok bolsa ony goňşy döwletlerden getirmek zerurlygy ýüze çykýar. Getirilen ýangyç çig mallary metallurgiýa zawodlarynda we elektrostansiýalarda ulanýarlar.

**Senagat we pudagara toplumlaryň emele gelmegi.** Soňky ýyllarda dünýäniň döwletlerinde hojalyk kärhanalarynyň düzümi üýtgeýär. Ýangyç senagatynda güýçli özgertmeler amala aşyrylýar. Uzak aralyklara ýangyjyň ýok ýerlerine gaz geçirijiler arkaly tebigy gazy eltýärler ýa-da ýangyja garyp giňişliklerde atom elektrik stansiýalary gurýarlar. Ýangyjyň ýok ýerlerinde Gün energiýasyndan peýdalanmak we Gün, ýel energiýasy bilen işleýän elektrostansiýalary gurmak barada taslama düzmeklige girişýärler. Elektrik energiýasyny köp öndürýän döwletler goňşularyna ony eksport edýärler.

Himiýa we maşyn gurluşyk senagat pudaklary soňky yyllarda dünýäniň ähli döwletlerinde çalt depginler bilen ösýärler. Olaryň täze kärhanalary emele gelýär. Maşyn gurluşyk pudagy müňlerçe kärhanalary özüne birleşdirýär. Olar biri-biri bilen önümçilik gatnaşyklary arkaly aragatnaşyk saklaýarlar. Şeýlelikde, olar önümçilik integrasiýasyny emele getirýärler. Maşyn gurluşyk zawodlarynyň enjam alýan kärhanalary ýurduň dürli künjeklerinde we goňşy döwletlerde bolmaklygy örän mümkin zat. Şol kärhanalardan maşyn gurluşyk zawodlara gerekli şaýlar, enjamlar, esbaplar getirilýär. Maşyn gurluşyk zawodlarynda dürli maşynlary, enjamlary ýygnamaklyga girişýärler.

Ykdysady taýdan ösen döwletleriň ykdysadyýetinde maşyn gurluşygynyň aýratyn iri pudaklary esasy orny eýeleýär. Meselem: ABŞ-nyň ykdysadyýetinde esasy orun awtomobil toplumyna degişli. Ýaponiýanyň ykdysadyýetinde esasy orunlary awtomobil, gämi gurluşygy, tele-radio-elektronika tutýarlar.

Ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen maşyn gurluşygynyň täze pudaklary emele gelýär. Maşyn gurluşygy pudagyň dürli önüm öndürýän kärhanalary ABŞ-da, Ýaponiýada, Germaniýada, Günorta Koreýada, Angliýada, Fransiýada, Italiýada, Kanadada, Täze industrial döwletlerde bar. Täze industrial döwletlerde (Taýwan, Tailand, Singapur, Hindistan, Hytaý, Türkiýe, Ysrail we beýlekiler) elektronika önümçiligi çalt depginler bilen ösdürilýär.

**Pudagara gurluşyk toplumy.** Daşky we içki bazar üçin gurluşyk kärhanalary önüm öndürmeýärler. Emma önümçilik kärhanalary üçin ymaratlary, ilat ýaşamak üçin ýaşaýyş jaýlaryny gurýarlar. Gurlan ymaratlarda senagat kärhanalary dürli önümleri öndürýärler. Şol sebäpli gurluşyk edaralaryny önümçilige degişli edýärler. Ykdysady

geograflar gurluşyk kärhanalaryny pudagara gurluşyk toplumyna girizýärler. Bu toplum gurluşygy proýektirlemekden başlap, taýýar ymaratlary, desgalary gurmaklygy amala aşyrýan edaralary özüne birikdirýär. Bu toplum 3 sany bölümi (sferany) özüne: a) senagat (industriýasyny) gurluşygyny; b) gurluşyk materiallary senagatyny, gurluşyk konstruksiýasy we detallary senagaty; ç) gurluşyk we ýol maşyn gurluşygy, gurluşyk materiallary senagaty üçin maşynlary we enjamlary öndürýän senagat kärhanalaryny birleşdirýär. Hojalygyň beýleki pudaklary maddy önüm öndürmeýän önümçilik däl sfera: ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygy, ilata hyzmat ediş, ilata hyzmat edýän ulag we aragatnaşyk, sosial hyzmatlary amala aşyrýan (bilim, saglygy saklaýyş, medeniýet we sungat, ylym we ylmy hyzmatlary ýerine ýetirýän, döwleti dolandyrýan we goraýan) edaralar we kärhanalar degişlidir.

**Harby senagat toplumy.** Ösen döwletlerde ykdysadyýetiň militarizasiýalaşmagy, ýagny harby senagat kärhanalarynyň ösdürilmegi dowam edýär. Geçen asyrda SSSR bilen ABŞ-nyň arasynda ýaraglanyşygyň haýdadylmagy bilen baglanyşykly harby senagat toplumlary emele getirildi. Bu senagat kärhanalary häzirki wagtda ABŞ-da we Russiýada köp möçberde harby ýaraglary öndürýärler. ABŞ-da harby-senagat kompaniýalara Pentagon ýolbaşçylyk edýär. M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 234) ýazmagyna görä, Soýuz döwründe senagat kärhanalarynyň öndürýän önümleriniň içinde daşary ýurt bazarlarynda bäsleşige çydaýan ýeke-täk harby-senagat önümleridi. Russiýa we GDA girýän döwletler garaşsyzlygyny alandan soňra köp sanly harby-senagat kärhanalarynda (konwersiýa) parahatçylyk döwründe ulanyljak harytlary öndürmek üçin çuňňur ykdysady reformalary geçirmeklige girişdiler.

**Oba senagat toplumy.** Düzüminiň çylşyrymlylygy boýunça dünýäniň hojalygynda agrosenagat toplumy tapawutlanýar. Oba hojalygynda dürli ekinler ekilip, olaryň hasyly ýygnalýar. Ýygnalan hasyl ilat tarapyndan birbada hojalykda sarp edilmeýär. Olary belli bir möhlete çenli ýörite bellenilen jaýlarda saklamaly bolýar. Olary täzeden işläp, azyk önümi görnüşinde ilata ýetirmeli. Bu iş bilen, esasan, azyk senagat işgärleri meşgullanýarlar. Tehniki ekinleriň we

maldarçylygyň önümlerini birnäçe kärhanalarda täzeden işlemeli bolýar. Bu işleri doly we anyk wagtynda guramak üçin oňat tehnologik, ykdysady we guramaçylyk taýdan baglanyşykly agrosenagat toplumynyň integrasiýasy zerurdyr. Agrosenagat toplumy ýerine ýetirýän işi boýunça birnäçe topara (sfera) bölünýär. Ol toparlara kitabyň obasenagat (V.2) bölüminde ýörite seredilýär.

Meýdan-çäk zähmet bölünişiginde hojalygyň ähli pudaklary iki topara bölünýär. **Birinji topar – etrapara ähmiýetli pudaklar.** Bu pudaklaryň öndürýän önümleri goňşy etraplaryň we döwletiň içindäki welaýatlaryň ilatlarynyň isleglerini kanagatlandyrýar. Meselem: Türkmenbaşy we Seýdi şäherlerindäki nebit arassalaýjy zawodlar döwletimiziň ähli welaýatlarynyň nebit önümlerine bolan isleglerini berjaý edýärler. **Ikinji topara etrap üçin ähmiýetli pudaklar** ýa-da hyzmat ediji pudaklar degişlidir. Olara etrabyň halkynyň islegini kanagatlandyrýan pudaklar, önümçilikler: etrap ähmiýetli ýangyç känleri, gurluşyk çig mallary, ün üweýän, çörek bişirýän, şüýt işleýän kärhanalar girýärler. Ýöriteleşen pudaklar iki ugra – şäher, etrap emele getiriji we hyzmat ediji pudaklara bölünýärler. Şäher we etrap emele getiriji pudaklara ähli senagat kärhanalary we etrapara ähmiýetli skladlar, sebitara ähmiýeti bolan demir, gara, howa, suw ýollary, turbageçirijiler, etraby dolandyryjy, jemgyýetçilik, ylmy-barlag, ýokary we ýörite okuw mekdepleri, gurluşyk-montaž, taslama-gözleg, maliýe we bank edaralary, şypahana-sagaldyş ulgamlary degişlidir.

Döwletiň halk hojalyk pudaklarynyň düzümi öwrenilende ykdysadyýetiň üç sany sektoryny bölýärler. **Birinji sektor** – oňa oba we tokaý hojalygyny (köp döwletlerde–deňiz önümçiligini – promyselini, suw üpjünçiligini we energetikany) hem goşýarlar; **Ikinji sektor** – senagat we gurluşyk; **Üçünji sektor** – önüm öndürmeýän, ýagny durmuş hyzmatyny amala aşyrýan ulag, aragatnaşyk we söwda kärhanalaryny degişli edýärler. Soňky ýyllarda ykdysady taýdan ösen döwletlerde jemi öndürilýän önümleriň we ykdysady işeňňir ilatyň(zähmete ukyply we işleýän adamlaryň arasynda) düzüminde üçünji sektoryň abraýy artýar. Bu sektor ösen döwletleriň ykdysadyýetinde öňdäki orny eýeleýär *(24-nji surat)*. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ilatyň milli girdejisiniň artýanlygy sebäpli, zähmetkeşler durmuş hyz-

maty kärhanalarynyň hyzmatlaryndan köp peýdalanýarlar. Şol sebäpli durmuş hyzmaty kärhanalary işläp bejeriji senagat kärhanalaryna garanda milli girdejiniň ABŞ-da 70%-ni, Kanada-da 61%-ni, Şwesiýada 62%-ni, Daniýada 66%-ni berýär.




24-nji surat. Ilatyň iş bilen üpjünçilik düzümi




25-nji surat. Dünýäniň daşary söwdasynyň bölünişi




26-njy surat. Dünýäniň daşary söwdasynyň bütindünýä geografiýasy

Üçünji sektoryň ýerine ýetirýän işleri mydama kämilleşýär we düzümi çylşyrymlaşýar. Adat boýunça, bu toplumyň kärhanalaryny 5 sany bölege: söwda, ulag we aragatnaşyk, maliýe-kredit ulgamy, döwleti dolandyryş we beýleki hyzmatlar(saglygy goraýyş, bilim, medeni-rekreasion kärhanalar, ilata durmuş hyzmatyny edýän kärhanalar we beýlekiler) pudaklary degişlidir.




**27-nji surat. Dünýäniň daşary söwdasynyň sebitara geografiýasy**

Döwletara awtomobil we demir ýollaryň, nebit-gaz, elektrik geçirijileriň gurulmagy zerarly, dürli ýurtlaryň arasynda söwda aragatnaşygy ýylsaýyn ýokarlanýar. Daşary söwdanyň möçberi boýunça ykdysady taýdan ösen döwletler esasy orun eýeleýärler. Olaryň aralarynda Günbatar Ýewropa (50%), ABŞ, Kanada, Ýaponiýa we beýlekiler öňdeligi saklaýarlar *(25-nji surat).* Soňky ýyllarda dünýäniň daşary söwdasynyň bütindünýä *(26-njy surat)*, sebitara *(27-nji surat)* geografiýasy üýtgeýär. Üçünji sektorda **maliýe-kredit** sferasy özüniň ýaşlygyna garamazdan, has ösýän ugur hasaplanýar. Günbataryň ösen döwletlerinde onuň paýyna milli girdejiniň ýarysyna golaýy düşýär. Halkara ykdysady gatnaşyklarda Ösen döwletler bilen Ösýän döwletleriň arasyndaky haryt söwdasyndan kapitalyň eksporty we importy öňde barýar. XX asyryň soňky ýyllarynda Ösýän döwletlere çykarylýan kapitalyň möçberi her 5–6 ýylda 2 esse artýar. Soňky ýyllarda Ösen döwletler bilen Ösýän döwletleriň aralarynda maliýe gatnaşyklary çalt ösýär. Ösen döwletler we olarda emele gelen




**28-nji surat. Dünýäniň has iri walýuta biržalary**

Halkara ykdysady kompaniýalar Ösýän döwletlere maliýe karz-pul hyzmatyny amala aşyrýarlar. Şeýlelikde, Ösen döwletler Nýu-Ýork, London, Pariž, Maýn boýundaky Frankfurt, Sýurih, Singapur, Gonkong, Tokio şäherlerinde iri walýuta biržalary döretdiler (*28-nji surat*). Bu biržalar dünýäniň dürli döwletlerine karz pul berýärler. Netijede, olaryň köpüsiniň altyn ätiýaçlyklary köpelýär (2*9-njy surat*).

Soňky ýyllarda dünýäniň köp döwletlerinde halkara turizmi çalt depginler bilen ösýär. Häzirki wagtda dünýäde syýahat bilen (turizm) meşgullanýan adamlaryň sany bir milliarda ýetýär.

Dünýäniň ösen döwletlerinde halk hojalygynyň esasy pudaklarynyň biri **infrastruktura** hasaplanýar. XX asyryň 40-njy ýyllarynda bu adalga ykdysady we durmuş geografiýasyna harby leksikondan girizilipdir. Harby leksikonda oňa hojalyga kömek beriji ymaratlar we ýaragly güýçlere hyzmat ediji gulluk degişli edilipdir. Häzirki wagtda bu adalga hojalyga hyzmat edýän ymaratlary, jaýlary, önümçilige zerur, emma önümçilige degişli bolmadyk maddy serişdeleri (ulag, aragatnaşyk kärhanalary, suw we energiýa bilen üpjün edýän kärhanalar), **sosial infrastruktura** – saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, durmuş hyzmaty edaralary; **institusional infrastruktura** – döwleti




**29-njy surat. Dünýäniň döwletleriniň walýuta(altyn) ätiýaçlyklary**

dolandyrmaklygy üpjün edýän (administratiw-hojalyk, maliýe we beýlekiler); **informasion infrastruktura** – aragatnaşygyň täze ugurlary, telewideniýe, informatika we hasaplaýjy tehnika, kommunikasiýanyň beýleki ulgamlary girýärler. Hojalygyň ösmeginde bu toplumlaryň we olaryň kärhanalarynyň ähmiýeti örän uludyr. Olar ähli hojalyk kärhanalaryny baglaşdyryjy bolup hyzmat edýärler.

### 4.2.3. Hojalygyň meýdan-çäk düzümi: esasy görnüşleri we aýratynlyklary

Halk hojalygynyň pudaklary aýratyn merkezlerde, şäherlerde, şäherçelerde, ulag we aragatnaşyk ulgamlarynyň çatryklarynda jemlenýärler. Atlary agzalan meýdan-çäklerde işe ukyply ilat, kuwwatly senagat, ylmy-barlag, ilata durmuş hyzmatyny edýän we ulaglar ulgamlary bilen baglanyşdyrylan edaralar, kärhanalar hojalygyň ýerli pudaklaryny (halk hojalygynyň ýerli düzümini) emele getirýärler. M.M.Golubçik we beýlekiler (2003, sah. 237) meýdan-çäklerde ýerleşen hojalyk kärhanalaryny, sözüň giň manysynda, ýer üstüniň relýefi bilen deňeşdirýärler. Dogrudan hem meýdan-çäklerde has ösen, orta derejede, gowşak ösen kärhanalaryň bolmagy hakykata laýykdyr. Sebitiň meýdan-çäklerinde entek özleşdirilmedik ýerler hem bolmagy mümkin.

I.M. Maýergoýzyň pikirine görä, **halk hojalygynyň ýerli düzümi** emele gelşi boýunça biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly **üç görnüşden** durýar: 1. Integral – önümçilik düzümi döwletiň baglanyşykly we biri-birine golaý ýerleşen ykdysady zonalaryndan, raýonlaryndan, kiçi ykdysady raýonlaryndan, olaryň bütewi hojalyk kärhanalaryndan ybaratdyr. 2. Ýerli pudaklaýyn düzümi–döwletiň görnükli senagat kärhanalarynyň we ylmy-tehniki edaralarynyň esasynda emele gelýär. 3. Yzygider baglanyşykly hojalyk düzümi – ilatyň ýerleşiş ýagdaýy we önümçilik infrastrukturasy bilen bilelikde senagat kärhanalary gerek önümler, serişdeler, çig mallar, energiýa bilen üpjün ediji, taýýar önümleri bölüşdiriji, paýlaşdyryjy, informasiýa beriji işlerini ýerine ýetirýär.

Halk hojalygynyň ýerli düzüminiň emele gelmeginde ilatyň meýdan-çäklerde ýerleşişi esasy orny eýeleýär. Ilatsyz ýerlerde önümçilik kärhanalaryny döretmek meýilnamalaşdyrylanda ilat göçüp barar ýaly amatlyklary göz öňünde tutulmalydyr.

Dünýäniň her bir döwleti üçin häsiýetli halk hojalyk pudaklarynyň ösen ýerleri, ugurlary bar. Meselem: Fransiýa üçin hojalygyň has ösen ýeri «Pariž we onuň töwerekleri», Braziliýada Atlantika ummanynyň kenary, Awstraliýada Hindi we Ýuwaş ummanlaryň

kenarýakalary, Ýaponiýada Ýuwaş ummany kenarlary, Russiýada Moskwa etekleri, Powolžýede Wolga derýasynyň boýlary hasaplanýar. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanda hojalyk kärhanalarynyň esasy pudaklary Türkmenbaşy-Türkmenabat, Aşgabat-Garagum-Daşoguz, Türkmenabat-Gazojak, Türkmenabat-Atamyrat demir we awtomobil ýollaryň ugrunda, Amyderýanyň, Tejeniň, Murgabyň jülgelerinde ýerleşýärler. Bu ýollar hojalyk pudaklaryny çig mal, dürli enjamlar bilen üpjün edýärler. Ýollaryň ugry bilen elektro-turbageçirijiler, aragatnaşyk ulgamlary çekilen. Olar öz gezeginde önümçilik kärhanalaryna we ilata hyzmat edýärler.

EDEBIÝAT


*Боброва В.В., Кальвина Ю.И.* Мировая экономика. Учебное пособие. Омск, ГОУ ОГУ, 2004.

*Голубчик М.М.* и др. Экономическая и социальная география. Основы науки. Москва, ВЛАДОС, 2003.

*Колесов В.П., Кулаков М.В.* Международная экономика, Москва, ИНФРА, 2008.

*Кузнецов А.П.* География: население и хозяйство мира. Москва, «Дрофа», 1997.

*Майергойз И.М.* Территориальная структура хозяйства. – Новосибирск, 1986.

Экономическая и социальная география России. Под ред. профессора А.Т. Хрущева. Москва, 1997.


## IV.3. YLMY-TEHNIKI ÖSÜŞ (YTÖ) ÖNÜMÇILIGI ÇALT ÖSDÜRMEKLIGIŇ ESASY ÝÖRELGESIDIR

### 4.3.1. Ylmy-tehniki ösüş önümçiligi çalt ösdürmekligiň esasy ýörelgesidir

Senagat, oba hojalyk, ulag kärhanalarynyň ýerleşişine esasy täsir edýän şertleriň biri tehnika we tehnologiýa hasaplanylýar. Tehnikanyň we tehnologiýanyň ösüşini, ýagaýyny bilmän, önümçiligi ýerleşdirmek hakda pikir hem edip bolmaýar. Ykdysadyýet, tehnika, tehnologiýa bir-birleri bilen aýrylmaz baglanyşykly.

Tehnikanyň, tehnologiýanyň ösüşi ähli döwletleriň ykdysadyýetiniň ösüşine täsir etmek bilen çäklenmän, önümçilik kärhanalarynyň ýerleşişine hem uly täsir edýär. Ösen tehnika we tehnologiýa döwletiň tebigy, ykdysady şertlerini, baýlyklaryny tygşytly peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Gadym döwurlerde, entek tehnika we tehnologiýa oýlanyp tapylmanka, adamzat öý haýwanlarynyň güýjünden peýdalanyp, özleriniň zähmet öndürijiligini artdyrypdyrlar. Ýonekeý tehniki gurallaryň ulanylyşy, biziň eýýamymyzdan öňki neolit döwrüne 5–4 müň ýyllyklara degişli. Şol döwürlerde häzirki Müsür, Wawilon döwletinde (Mesopotamiýa pesliginde), Merkezi Aziýada daşlary ýülmemek üçin ýorite gurallar, obsidian wulkaniki (aýna rimli Obsidiýanyň ady dakylan. Ol ony Efiopiýadan) getirip ulanypdyr. Obsidian – çalymtyl-gara, göňrumtyl-gyzyl reňkli wulkaniki aýna, ondan kesiji, ýülmeleýji gurallar, naýzanyň, ok-ýaýyň ujuny ýasapdyrlar. B.e. oň 2 müňünji ýyllarda ol ýerlerde misden, bürünçden ýasalan daş deşiji burawlar gurluşyk işlerinde ulanylypdyr. 1500 ýyl b.e. öň şol döwletlerde hojalyk işlerinde demirden ýasalan gurallardan peýdalanylypdyr. Demir bilen bilelikde altyn we kümüşden her hili bezeg şaýlary ýasapdyrlar. B.e. oň 1400-nji ýyllarda suwarymly ekerançylykda suwy ýokary galdyryjy çarh, tigir görnüşli gurallar ulanylypdyr. B.e. öň 4000-nji ýyllarda Ýegipetde, Merkezi Aziýada kalendar döredipdirler. Ýyly – 12 aýa, aýy – 30 güne, ýylda 6 sagat artyp, 4 ýylda 1 güni artdyrypdyrlar. Astronomiýa, geografiýa, matematika, medisina ylymlary ösüpdir. B.e. öň 1800-nji ýylda hojalyk işlerinde araba ulagy ulanylýar. Ony ilkinji bolup türkmenleriň oýlap tapandyklary barada maglumat «Ruhnamada» berilýär.

### 4.3.2 Önümçiligiň ýerleşişine ylmy-tehniki ösüşiň edýän täsiri

B.e. 1000-nji ýyllarynda Ýewropada suw we ýeliň güýji bilen işleýän degirmenleriň ulanylyp başlamagy zähmet öndürijiligi ýokarlandyrypdyr. Şol sebäpli köp senagat kärhanalary derýalaryň boýlarynda ýerleşdirilipdir.

XI asyrdan başlap Ýewropa döwletlerinde suw dwigatelleri un üwemekde we ýüň mata dokamakda peýdalanylypdyr. Derýalarda

bosagalaryň, şaglawuklaryň bar ýerlerinde senagat kärhanalary gurulýar. Suwuň energiýasy metallurgiýa senagatynda hem ulanylyp başlanýar. Ol metalyň eredilişini artdyrýar.

XVIII asyrda bug maşynynyň oýlanyp tapylmagy, senagatda uly özgerişlere getirdi. Onuň suw dwigatelinden aýratynlygy, islendik ýerde ýangyjýň bar ýerinde gurup bolýanlygydyr.

Bug maşynlarynyň ulag ulgamynda ulanyp başlanmagy özgerişlere getirdi. Ýük, ýolagçy gatnadylyşyny artdyrdy. Demir ýollaryň gurulmagy, suw ulaglarynda bug bilen işleýän maşynlaryň ulanylmagy, senagat kärhanalarynyň ösmegine, käbir döwletlerde, sebitlerde, şäherlerde senagat toplumynyň jemlenmegine sebäp boldy.

XIX asyryň ikinji ýarymynda dwigatelleriň täze görnüşleri – içinden ýanýan dwigateller oýlanyp tapyldy. Olar gaz we suwuk ýangyç (nebit önümleri) bilen işleýän bolup, bug maşynlaryna garanda kuwwatly, ýangyjy az sarp edýänligi, ykdysady taýdan ähmiýetliligi bilen tapawutlanýar.

XIX asyryň 80-nji ýyllarynda elektrik energiýasynyň oýlanyp tapylmagy, onuň senagat kärhanalarynda ulanylmagy, hojalyk pudaklarynyň ýerleşdiriliş ýagdaýyna düýpgöter täsir etdi. Elektrik energiýany uzak aralyklara berip bolýanlygy, ulanyjylaryň arasynda paýlamak meselesiniň aňsatlygy, elektrostansiýalary arzan çig malyň ýerleşýän ýerinde gurmak mümkinçiligi – bularyň hemmesi ony ýerleşdirmek meselesine täsir edýär.

Soňky ýyllarda elektrik energiýasyny öndürmekde uran magdany ulanylyp başlanaly bäri, ýangyjyň, suw energiýasynyň ýok ýerinde atom elektrik stansiýasyny gurmaklyk dowam etdirilýär. Atom energetikasynyň ösmegi bilen dünýäniň ösen döwletleriniň köpüsi şol stansiýalarda öndürilen elektrik energiýany senagat we durmuş maksatlary üçin giňden ulanýarlar. Ýangyjy ýok döwletler häzirki döwürde atom stansiýalarynyň kömegi bilen elektrik energiýasyny öndürýärler. Elektrik energiýasynyň senagatda köpçülikleýin ulanylmagy, olaryň ýangyja garaşsyzlygyny alamatlandyrýar. Soňky ýyllarda senagat kärhanalaryny gurmaklyk meselesi bilen baglanyşykly döwletiň elektrik energiýasy mümkinçiligi orta çykýar. Elektrik stansiýalaryny gurmazdan, elektrik energiýasyny uzak aralyklara berip bolýar. Kop önümçilik proseslerinde elektrik energiýasy ulanylýar.

Metallurgiýada, himiki proseslerde, maşyn gurluşygynda we beýleki önümçiliklerde elektrik energiýasy köp ulanylýar. Ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen ýangyç meselesi hem çözülýär. Tebigy gazy çig mal we ýangyç hökmünde uzak aralyklara berip bolýar.

Ylmyň we tehnikanyň ösmegi önümçiligiň ýerleşdirilişine we ösüşine esasy täsir ediji ýagdaý bolup durýar. Häzirki wagtda önümçilik kärhanalarynyň ýerleşişi gönüden-göni ylmyň we tehnikanyň ösüşine bagly.

### 4.3.3. Ylmy-tehniki ösüşiň ugurlary

XX asyryň ortalaryndan başlap ylym täze basgançaklara gadam basdy. Onuň dürli ugurlarynda uly açyşlar emele geldi. Ylmyň we tehnikanyň ösmegi adamzat durmuşynda kanunalaýyk hadysa hasaplanýar. Sebäbi, adamzadyň aňy, düşünjesi, dünýägaraýşy durmuş bilen baglanyşykly bolup, elmydama ösýär, kämilleşýär. Şu babatda tebigy ylymlarda uly üýtgeşiklikler bolup geçdi. Elektronyň, radiniň himiki elementleriniň öwrülme, otnositellik, kwant taglymatlaryň açylmagy ylymda uly öwrülişige eltdi. Fizika bilen himiýanyň bileleşip işlemegi netijesinde himiýanyň köp ugurlarynda täze taglymatlar emele geldi. Kwant taglymaty tebigatda himiki baglanyşyklary düşündirmek bilen ylym bilen önümçiligiň arasynda jisimleriň himiki özgermelerine uly mümkinçilikler döretdi.

Biologiýa ylmynda nesilden-nesle geçijilik taglymaty, öýjük ýadrosyny reňkleýji (hromosoma) taglymaty, genetikanyň ösmegi ýaly ylmy açyşlar emele geldi.

Tehniki ylymda uly açyşlar amala aşyryldy. Elektrik energiýa senagat, ulag, oba hojalyk, durmuş ulgamlarynda giňden ulanylyp başlandy. Radio oýlanyp tapylyp, durmuşda öz ornuny eýeledi. Awiasiýa emele geldi. Adamzadyň näçe ýyllaryň dowamynda howada uçmak arzuwy hasyl boldy. XX asyryň 40-njy ýyllarynda atom ýadrosyny dargatma meselesi çözülip, adamzat atom energiýasyndan peýdalanyp başlady. Şonuň bilen bir hatarda has gazaply, elhenç atom, wodorod, neýtron ýaraglary döredildi we adamzat üçin ölüm howpy emele geldi. XX asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap, dünýäniň köp döwletlerinde ylmyň ösmegine köp serişdeler goýberildi.

Dünýäniň ösen döwletlerinde elmydama ylmyň, täze tehnologiýanyň ösmegine uly üns berýärler. Olaryň köpüsi Ösýän döwletlerdäki ylmy açyşlary, patentleri, lisenziýalary satyn alýarlar. Çalt önümçilige ornaşdyrýarlar. Şeýlelikde, A.P.Kuznesowyň (1998, sah. 89) belleýşi ýaly, tehnoparklar, ylymlaryň şäherleri we tehnopolisler emele gelýärler. Tehnoparklar Günbatar Ýewropa döwletlerinde emele gelip, senagat kärhanalarynyň durkuny täzelemekde uly ähmiýete eýedir. Ylmyň ojaklary, merkezleri örän köp. Olaryň esasylary 30-njy suratda görkezilen. Ylmyň merkezlerine dünýäniň dürli döwletlerinden ylymdan gowy başy çykýan işgärleri çagyrýarlar.




**30-njy surat. Dünýäniň esasy ylmy merkezleri**

**Tehnopolisler** – Ýaponiýanyň oýlap tapany. Tehnopolis – şäher-bag, amatly ekologiki ýagdaýy bolan merkez, täze tehnologiýanyň döredilýän şäheri. Şolar ýaly tehnopolisleriň 20-den gowragy Ýaponiýada döredilen. Olar ýaly tehnopolis Russiýada we beýleki döwletlerde akademiýa şäherleri diýip atlandyrylýar. Ylmy-tehnologiki açyşlary amala aşyrar ýaly alymlara ähli mümkinçilikleri döredýärler.

Netijede, ylym bilen önümçiligiň arasy ýakynlaşyp, köp tehniki açyşlar tehnologiýanyň emele gelmegine getirdi. Adamzat elektron-hasaplaýjy maşynlary döredip we ulanyp ugrady. Munuň özi ylmy-tehniki ösüşiň nyşany (simwoly) hökmünde garşy alyndy. XX asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap ösen ýurtlaryň maşyn gurluşyk zawodlarynda senagat robotlaryny öndürmeklik çalt depginler bilen amala aşyrylýar. Olaryň önümçilige ornaşdyrylyşy oňat öwredilen işçileriň kömegi bilen durmuşa geçirilýär. Senagat robotlary önümçilige Ýaponiýada, Singapurda, Şwesiýada, Italiýada, Germaniýada we beýlekilerde durmuşa ornaşdyrylýar.

Adamzadyň logiki pikirleniş işini (funksiýasyny) gysga wagtyň, minutlaryň, sekuntlaryň içinde elektron-hasaplaýyş maşynlar, kompýuterler çözüp bilýärler. Elektron-hasaplaýyş maşynlarynyň, kompýuterleriň önümçilikde ulanylmagy edilýän işleri awtomatlaşdyrmaga mümkinçilik döretdi. Önümçilik işlerini dolandyrmaklyk has ýeňilleşdi. Informasion infrastruktura hojalygyň beýleki pudaklary bilen deňeşdirilende çalt ösýär. Soňky ýyllarda telewideniýe, informatika, hasaplaýjy tehnika, kommunikasiýanyň dürli pudaklarynyň ösmegi netijesinde geografiki uzaklyk diýilýän düşünje aradan aýrylyp barýar. Kosmos hemralarynyň aragatnaşyk ulgamynda, telewideniýede bitirilýän hyzmatlar bellemäge mynasypdyr. Täze dünýä bilen köne dünýäniň arasynda ýerleşen Atlantik ummana indi **«Atlantik bogazy»** diýip aýdýarlar. A.P. Kuznesowyň (1998, sah. 81) ýazmagyna görä, Hristofor Kolumba ony kesip geçmek üçin – 70 gün, lýotçik K. Lindberge (1927-nji ýyl) –33 sagat, häzirki sesden çalt uçýan samolýotlar üçin – 3 sagat gerek bolupdyr. Sputnik arkaly telefon aragatnaşygy ol aralygy bir sekuntda birleşdirip bilýär. Häzirki wagtda dünýäniň ilatynyň telefon üpjünçiligi ýylsaýyn artýar.

Ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleriniň ýene-de biri senagat robotlarynyň döredilmegidir. Öň belläp geçişimiz ýaly, senagat robotlary önümçiligiň has agyr, zyýanly we üznüksiz işleri amala aşyrýan ýerlerinde adamy, işçileri çalyşýar. Netijede, XX asyryň 40–50-nji ýyllary ylmy-tehniki açyşlaryň (rewolýusiýasy) zamanasy hasaplanylýar. Ylmy-tehniki ösüş häzirki wagtda şu aşakdaky häsiýetleri we aýratynlyklary bilen tapawutlanýar:

1. Ylymda, tehnikada, önümçilikde bolan üýtgeşmeler jemlenip, gönüden-göni öndüriji güýje öwrülýär.

2. Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň täze döwrüni emele getirýär. Durmuş we ykdysady şertlerinde ylym köpçülikleýin häsiýetde bolup, öňde baryjy çäre hökmünde önümçilige ornaşdyrylýar.

3. Ondüriji güýçleri hil taýdan düýpgöter üýtgedýär: zähmet we önümçilik gurallary, işleýän işgärleri we olaryň ýerine ýetirýän işlerini, önüme çykarylýan çykdajyny, öňa sarp edilýän zähmeti, maýa goýumlary azaldýar. Ylma çykarylan çykdajylary aňry ýany bilen ödeýär.

4. Zähmetiň sypaty we manysy üýtgeýär. Önüm öndürmek üçin fiziki zähmete garanda akyl zähmeti köp sarp edilýär.

5. Fiziki zähmet bilen akyl zähmetiniň arasyndaky gapma-garşylygy, şäher bilen obanyň arasyndaky, maddy önümçilik bilen maddy däl önümçiligiň aralarynda aratapawudy ýok edip bilýär.

6. Öňünden belli bolan oňat hilli emeli serişdeleri, çäksiz energiýa çeşmeleri ulanmaga mümkinçilik berýär.

7. Ykdysadyýetiň we durmuş meseleleriniň ösmegi habar beriş serişdeleriniň ösmekligine getirýär.

8. Zähmetkeşleriň bilim we medeni derejesiniň ösmegine, olaryň boş wagtlarynyň artmagyna sebäp bolýar.

9. Kyn meseleleri alymlaryň bileleşip çözmegine, ylym pudaklarynyň ysnyşykly işlemegine getirýär.

10. Jemgyýetçilik ösüşiniň tizleşmegine, Ýer şary boýunça milletleriň halkara raýdaşlygynyň pugtalanmagyna alyp barýar.

Şu ýokardaky häsiýetleri we aýratynlyklary bilen birlikde ylmy-tehniki ösüşiň şu aşakdaky: önümçiligiň hemmetaraplaýyn awtomatizasiýalaşmagy; önümçilige gözegçilik etmek we dolandyrmak; energiyanyň täze görnüşlerini açmak we ulanmak; täze konstruksion serişdeleri döretmek we ulanmak ýaly ugurlary emele getirýär.

Belläp geçişimiz ýaly, soňky ýyllarda önümçilikde senagat robotlary ulanylmazyndan öňürti elektronika önümleri senagatda, oba hojalykda, ulaglar ulgamlary, aragatnaşyk, durmuş hyzmaty kärhanalarynda giňden ulanylyp başlandy. Häzirki wagtda önümçilik we önümçilik däl kärhanalary, hususy hojalyklary kompýutersiz,




**31-nji surat. Dünýäde informasion ykdysadyýetiň ýerleşişi**

guramaçylyk-tehniki serişdesiz telekommunikasion guralsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Ol önümler dürli döwletlerde öndürilýär. Olaryň öndürilýän ýurtlaryny 31-nji suratdan görmek bolýar.

Ylym we tehnikanyň ösmegi hiç wagt tebigata, tebigy hadysalara zyýan bermeli däldir. Şol ugurdan işleýan her bir ylmy işgäriň esasy wezipesi tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak we olary dikeltmek, artdyrmak we ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri hiç wagt tebigata zyýansyzlygy meselesi bolmalydyr. Bu mesele ylmy işgärleriň mukaddes borjy hasaplanylýar.

## 4. 3.4. Sebitleriň hojalyk kärhanalarynda täze enjamlary, tilsimatlary (tehnologiýany) ornaşdyrmaklygyň zerurlygy

**Tehnologiýa** (grekçe «techne» sözi türkmen dilinde sungat, ussatlyk, başarnyk we …logiýa) diýlip – çig mal baýlyklarynyň, ýarym taýýar önümleriň senagat we gurluşyk kärhanalarynda işlenilmegine hem-de taýýar önüm alynmagyna aýdylýar. Tehnologiki işleriň dowamlylyklaryny (prosesleri) ylmy taýdan işläp düzýän, kämilleşdirýän ugra tehnologiýa ylmy diýilýär. Çig maly gazyp almak, işlemek, täzeden işlemek, äkitmek ýa-da daşamak, jaýlara (skladlara) ýerleşdirmek, saklamak önümçiligiň yzygiderliliginiň esasy bölegi hasaplanýar. Häzirki zaman tehnologiýasynyň düzümine önümçilikdäki tehniki barlagy, önümçiligiň dowamlylygyna ýazgy bermegi, olary ýerine ýetirmegiň görkezmeleri (instruksiýa) tehnologiki düzgünnamalary, talaplary, kartalary, işleriň yzygiderliligini (grafikleri) hem girizýärler. Tehnologiýany käwagtlar aýratyn önümçiligiň pudagy hökmünde (dag işleriniň, maşyn gurluşygynyň tehnologiýasy**), käte belli bir önümi almaklygyň, ony täzeden işlemekligiň usuly hökmünde (metalyň, ýüplük jisimleriniň, matalaryň** tehnologiýasy) hem alýarlar. Çig mallar, meselem, demir tehnologik dowamlylykda işlenilende, magdanlaryň fiziki, himiki sypatlary üýtgäp, olardan çoýun, polat, sozma polat (prokat) öndürilýär.

Tehnikanyň ösüşine baglylykda önümçilikde tehnologiki ulgamlar wagtly-wagtynda täzelenip durulýar. Kärhanalarda tilsimatlary kämilleşdirmek, halk hojalykda tehniki ösüşiň wajyp meselesidir. Ähli kärhanalarda wagtynda tehnologik ulgamlar (tilsimatlar) çalşyrylyp durulsa, çig maly has çuňňur işläp bolýar, şeýle edilende önümçilikde zyňyndy bolmaýar, netijede, tebigaty goramak meselesine hem uly kömek edilýär.

Şu meselede Türkmenistanda uly işler amala aşyrylýar. Soýuz döwründen miras galan zawodlarda we fabriklerde tehnologik ulgamlar (tilsimatlar) çalşyrylýar. Sebäbi öňki tehnologiýa has könelişen. Köne tehnologiýanyň bar bolan zawodlarynda, fabriklerinde zähmet öndürijiligi pes, öndürilýän önümiň hili ýaramaz bolýar. Döwrüň talabyna laýyk gelmeýär. Gowy önümleri öndürip bilmeýär. Bäsleşige

çydamsyz önümleri öndürýän kärhanalaryň hemmesinde tehnologik ulgamlar ýuwaş-ýuwaşdan çalşyrylýar. Köpüsiniň durky täzelenýär. Tilsimatlary çalşyrylan kärhanalar dünýä standartyna gabat gelýän önümleri öndürip başlaýarlar.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ylmyň, tehnikanyň ösmegine uly üns berilýär. Ol döwletleriň ählisinde diýen ýaly ylmyň, tehnikanyň gazanan üstünliklerini çaltdan-çalt önümçilik kärhanalaryna ornaşdyrýarlar. Seýlelikde, gowy netijeler hem gazanýarlar. Olaryň senagat kärhanalarynda öndürýän önümlerine dünýäniň islendik bazarlarynda isleg bildirilýär. Halkara önümçilik kärhanalarynyň ýanynda ylmy-önümçilik birleşikleri döredilýär. Ol birleşiklerde alymlar özleriniň ylmy işlerini gönüden-göni önümçilik bilen baglanyşdyrýarlar. Olarda işleýän ylmy işgärler mydama täzeliklere we ylmy açyşlara ymtylýarlar. Adamzadyň ösüş taryhynda dünýäniň ähli döwletlerinde ylmyň we tehnikanyň ösmegine döwlet derejesinde mydama uly üns berlipdir.

### 4.3.5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda ylmy, bilimi ösdürmek barada edýän aladalary

**«…XXI asyr tutuş dünýä boýunça alanyňda, aňyýet we tehnologiýa asyrydyr, muny umumylykda ylymlar asyry diýip atlandyrmak dogry bolardy».** Bu sözler Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa degişli. Ählihalk tarapyndan çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz ilkinji iş günlerinden başlap «Bilim» syýasatyny yglan etdi we ylma uly badalgalar berdi. 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-sine Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňeldilen mejlisinde «Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» we «Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda», 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 14-ne «Türkmenistanda ýokary derejeli hünärmenleri we ylmy işgärleri taýýarlamagy üpjün etmek hem-de ylmy taslamalara döwlet maliýe goldawyny bermek hakynda», «Kliniki ordinatura hakyndaky», 2008-nji ýylda aspirantura we

doktorantura, kliniki ordinatura kabul etmegiň sanlarynyň, alymlyk derejeleriniň we alymlyk atlarynyň bitewi sanawy Prezidentimiziň kararlary bilen tassyklanyldy. Bu kararlar ylmy işgärleriň we talyp ýaşlara ylym-bilim berýän professor-mugallymlaryň köp ýyllaryň dowamynda eden arzuwlarynyň durmuşa geçirilýändiginiň şaýady boldy. Çuňňur hormatlanýan Prezidentimiziň entek şol wezipäni wagtlaýyn ýerine ýetirýän, Prezidentlik wezipä dalaşgär döwründen bäri döwletimizde bilime we ylma uly üns berjekdigine şübhelenmän ynanýardyk. Biziň şol arzuwlarymyz we ynamlarymyz ählihalk tarapyndan sylanýan, hormatlanylýan Prezidentimiziň ilkinji uly wezipä başlan gününden durmuşa geçirildi. Orta mekdepleriň, ýokary okuw mekdepleriň okuw möhletleri dünýä ülňüsine laýyk getirildi. Orta mekdepleriň we ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň aýlyk haklary artdyryldy, iş sagatlary kemeldildi. Parasatly döwlet Baştutanymyzyň ylym-bilime çuňňur sarpa goýýandygyna onuň **«Bilimsiz öý otsuz ojak ýalydyr. Ylym, bilim, edebiýat, sungat, medeniýet bolsa adamzadyň bahasyny ölçäp bolmajak baýlyklarydyr»** diýen çuňňur manyly sözleri şaýatlyk edýär.

2008-nji ýylyň iýun aýynyň 12-sine Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Ylym we tehnika baradaky Ýokary geňeşiň göçme mejlisi Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirildi. Prezidentimiz mejlisi açyp, döwletimizde ilkinji gezek bellenilýän Ylymlar güni bilen hemmämizi we ýurdumyzyň ähli ylmy işgärlerini mähirli we tüýs ýürekden gutlady. Soňra Ylym we tehnika baradaky ýokary Geňeşiň göçme mejlisiniň gün tertibini yglan etdi. Döwlet Baştutanymyz biziň öňümizde Türkmen milli ylmynyň häzirki ýagdaýy, geljegi we ýokary hünärli ylmy işgärleri taýýarlamak meselesine mejlise gatnaşanlaryň ýene-de bir gezek ünsüni çekdi. **«Ylym ulgamynda düýpli täze özgertmeleri amala aşyrmak ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny berkitmek, ykdysadyýetini, medeniýetini ösdürmek üçin zerurdyr. Şeýlelikde, nebit-gazyň, mineral serişdeleriniň, energetikanyň, energetikanyň adaty däl çeşmeleriniň, saglygy goraýşyň, daşky gurşawy goramagyň, oba hojalygynyň, ykdysadyýetiň we beýleki ugurlaryň derwaýys meselelerini çözmek alymlarymyzyň**

**öňünde gaýragoýulmasyz wezipedir»** diýip, döwlet Baştutanymyz belledi. **«Şu meseleler bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň baý uglewodorod serişdeleriniň barlygyna garamazdan, adaty däl energetik çeşmeleri: Gün we ýel energiýasyny netijeli peýdalanmaga türkmen alymlarymyz aýratyn uly ähmiýet bermelidirler. Bu babatda işleri ylmy esasda alyp barmaga ýurdumyzda ähli mümkinçilikler bar. Geljekde hem şol işlere döwlet tarapyndan zerur bolan ähli goldawlar berler»** diýip belledi. Bulardan başga-da, mähriban Prezidentimiz ähli alymlary, mugallymlary, ylmy işgärleri guwandyryjy **«Jemgyýetçilik başlangyjynda işleýän Ylymlar akademiýasyny şu ýylyň ahyryna çenli döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýän edara öwürmeli»** diýip aýtdy. Muny mejlisde oturanlaryň hemmesi ör turup, dyngysyz el çarpyşmalar bilen garşy aldylar.

Hormatly Prezidentimiz beýik alym hökmünde ylmy iş bilen meşgullanmak ylmy işgärlerden irginsiz zähmeti talap edýändigini nygtady. Şol sebäpli ir döwürlerden bäri, biziň günlerimizde-de ylmy işgärlere, mugallymlara, alymlara ýurdumyzda uly hormat goýulýandygyny belledi. 2008-nji ýylyň aýagyna Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň döredilmegi döwletimizde milli ylmymyzyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine giň ýol açar diýip pikir edýäris. Şu babatda hormatly Prezidentimiz **«Ýurdumyzda ylmy ösdürmäge, milli ylmymyzyň gazananlaryny dünýä derejesine çykarmaga, türkmen alymlarynyň at-abraýyny ýokary galdyrmaga, ýaşlaryň öz isleg bildirýän ylmy ugurlarynda ylmy döredijilik işleri bilen meşgul bolmagyna ähli şertleriň döredilmegi ylym ulgamynda ençeme ýyllar bäri zähmet çekip gelýän halypa alymlary we professor-mugallymlary, giň dünýägaraýyşly, ylma hyjuwly ýaş alymlary, diýseň, buýsandyrýar hem-de olaryň jogapkärçiligini artdyrýar»[1].** Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, her ýylda ýurdumyzda ýaş alymlaryň arasynda alnyp barylýan ylmy işler barada bäsleşik geçirilýär. Şol ylmy bäsleşiklere döwlet tarapyndan şu ýyl 4,4 milliard manat serişde göýberilendigini hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda beýan etdi.

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T. 2, Aşgabat, TDNG, 2009, sah. 177–184.

Türkmenistanyň ylmyny dünýä derejesine ýetirmek, alymlaryň, ylmy işgärleriň dünýä ylmynyň täzeliklerinden habardar bolmaklary üçin ýurdumyzyň köp ýokary okuw mekdepleri, ylmy-barlag edaralary, ministrlikleri we olaryň pudaklary, ýörite we orta okuw mekdepleri internet ulgamyna birleşdirilýär. Ylmy işgärler, alymlar, internet ulgamlary arkaly dünýäniň dürli döwletlerinde çap edilen ylmy işlerden peýdalanýarlar. Şolar ýaly internet ulgamy uniwersitetimiziň ähli kafedralarynda we geografiýa kafedrasynda hem bar. Talyp ýaşlar hem internet ulgamyna girip, ýyllyk, diplom we ylmy işleri üçin gerekli maglumatlary alýarlar.

Ylym we tehnika baradaky Ýokary geňeşiň karary boýunça Prezidentimiz alymlaryň, mugallymlaryň birnäçesine akademikleriň, professorlaryň, ylymlaryň doktorlarynyň hem-de kandidatlarynyň diplomlaryny, attestatlaryny gowşurdy. Türkmenistanda ýokary hünärli hünärmenleriň we ylmy işgärleriň taýýarlanmagyna gönükdirilen ýörite Karar esasynda 2010-njy ýylda ýokary okuw mekdeplerinde, ylmy-barlag edaralarynda açylan aspiranturalada – 140 adam, doktoranturalada – 38, kliniki ordinaturalarda – 77 adam bilimlerini artdyrýarlar. Ylmy işgärleriň 302-si alymlyk derejelerini almaga dalaşgär hasaplanýar.

## EDEBIÝAT


*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T. 2. Aşgabat, TDNG, 2009.

*Афанасьев В.Г.* Научно-техническая революция, управление образования. Москва, 1972.

*Боттанова Е.С., Тотилов П.С.* Мировая экономика и международные экономические отношения, Екатеринбург, ГОУ–ВПО УГТУ–УПИ, 2004.

*Колесов В.П., Кулаков М.В.* Международная экономика. Учебник. Москва, ИНФРА, 2004.

Научно-техническая революция и социальный прогресс (сборник статей). Москва, 1972.

Научно-техническая революция и общество. Москва, 1973.

*Плоткин М.П.* Основы промышленного производства. Москва, «Высшая школа», 1971.


14. Sargyt № 2076

# V. JEMGYÝETÇILIK ÖNÜMÇILIGINIŇ ÝERLERDE GURNALYŞY WE SEBITLEÝIN ÖSÜŞI

## V.1. ÝERLERDE SENAGAT ULGAMLARYNYŇ ÖSÜŞI

### 5.1.1. Ýerlerde hojalygy gurnamakda we ösdürmekde senagat önümçiliginiň ähmiýeti

Islendik döwletiň we aýratyn alnan ykdysady sebitleriň halk hojalyk toplumynda senagat kärhanalary esasy orny eýeleýär. Senagat kärhanalarynyň ýerlerde döredilmegi ýurduň we ykdysady sebitiň çig mal ätiýaçlyklaryny özleşdirmekde ilkinji ädim bolup durýar. Senagat kärhanasynyň döredilmegi şol ýerde ýaşaýan ilaty iş ýeri bilen üpjün edýär. Öndürilen önüm halkyň islegini ödeýär we kanagatlandyrýar. Belli bir bölegini daşky bazara çykaryp bolýar. Eger senagat çalt depginler bilen ösdüriilse, onda ol hojalygyň beýleki pudaklarynyň ösmegine hem sebäp bolýar, mümkinçilik döredýär. Senagat kärhanasynyň bahanasy bilen demir we gara ýollar gurulýar. Elektrik ulgamy getirilýär. Ilat göçüp gelip, özboluşly şäherçe we uzagyndan şäher emele gelýär. Gaz we suw geçiriji turba geçirijiler çekilýär. Başga-da önümçilik kärhanalarynyň we olara hyzmat edýän infrastrukturanyň döremegine sebäp bolýar. Şeýlelik-de, bir zawodyň we fabrigiň döremegi, şol ýerde ýene-de goşmaça senagat kärhanalarynyň döremegine mümkinçilik berýär. Senagat kärhanalarynyň ykdysady sebit, döredijilik ukyby bar. Olar şol ýerler-de ykdysady sebit döretmek bilen çäklenmän, belli bir derejede tebigy sreda, durmuş sferasyna, medeniýete, ylmy kärhanalaryň döremegine täsir edýär. Ykdysady geografiki barlaglaryň görkezmegine görä, senagat kärhanalary özleriniň ýöriteleşişine görä, beýleki kärhanalara özüniň täsirini ýetirýär. Sebäbi her bir etrapda zawodlar we fabrikler döredilende, olar 2–3 sany ugur boýunça ýöriteleşýärler. Galan

kärhanalar şol ýöriteleşen zawod-fabriklere kömekçi hojalyk hökmünde döreýär. Mysal üçin, Seýdi şäheri şol ýerde gurlan nebit arassalaýjy zawodyň sebäbine döredi. Indi ol ýerde pribor gurluşyk zawody, ýylylyk elektrostansiýasy, dokma kärhanasy, ýakyn ýyllarda başga-da birnäçe kärhanalar guruljak. Şol zawodlar we kärhanalardan alynýan girdeýjiler tutuş sebiti ösdürmäge, ýene-de zerur bolsa, goşmaça kärhanalary gurmaga mümkinçilik döredýär. Şäherde we töwereginde ýaşaýan işe ýaramly adamlary iş ýerleri bilen üpjün edýär. Şäheriň we töwereginiň keşbiniň üýtgemegi, önüm öndürmeýän, emma işgärlere hyzmat edýän kärhanalaryň döremegine sebäp bolýar. Ilatyň ýaş we jyns aýratynlygyna özüniň täsirini ýetirýär. Ýöriteleşen zawodlaryň düzüminde amaly-ylmy bölümleriň, professional-tehniki sowat berýän okuw mekdepleriniň döremegine, oturymly ilatyň belli bir kär we ugur boýunça ýöriteleşmegine-de sebäp bolup biler.

Senagat kärhanalary özleriniň ýöriteleşişine görä we yzygider ösüşine baglylykda etrabyň durmuş we ykdysady meselelerine hem uly täsir edýärler. Zawodlaryň döremegi täze tehnikanyň we tehnologik ulgamlaryň bir ýere jemlenmegine sebäp bolýar. Olar daşky sreda, tebigy komponentlere hem öz täsirlerini ýetirip biler. Şonuň üçin kärhanalaryň zyňyndylaryny işlär ýaly zawodlary gurmaklygy gün tertibinden aýyrmak bolmaz.

Umuman, ýokary şäherleşen sebitlerde senagat kärhanalary ýeri, zähmet ätiýaçlyklaryny (resurslary), çig maly, elektrik energiýany, suwy has tygşytly peýdalanýarlar. Kärhanalary yzygider ösdürmekligi ýola goýmak zerur. Önümçilikde yza galýan kärhanalaryň durkuny täzelemekligi, täze tehnika we tehnologiýa bilen üpjün etmekligi haýal etmän, ýola goýmaly bolýar.

Gurlan we önüm öndürýän kärhanalar tehnologik, ykdysady talaba görä işleseler, ýerli önümçilik toplumyny, özboluşly ykdysady sebiti emele getirýärler. Şeýle bolanda, diňe bir ýöriteleşen kärhanalar yzygider işlemän, kömekçi kärhanalar (infrastruktura) olar bilen kybapdaş işleýärler. Netijede, şäherde, etrapda zähmet ätiýaçlyklary, tebigy çig mallar ygtybarly ulanylyp, ykdysadyýet we halkyň hal-ýagdaýy çalt depginler bilen ösýär.

## 5.1.2. Ylmy-tehniki rewolýusiýa (YTR) we senagat önümçiligini toparlaýyn ösdürmekligiň meseleleri

Ösen ylmy-tehniki serişdeleri senagat kärhanalarynda ornaşdyrmaklyk tebigy baýlyklara bolan talaby düýpgöter üýtgedýär. Eger öň XX asyryň 50–60-njy ýyllarynda has oňat çig mal ätiýaçlyklar zawodlarda, fabriklerde ulanylan bolsa, YTR-iň täsiri netijesinde, özünde has pes magdany saklaýan çig mallary hem ulanmaklyga häzirki wagtda mümkinçilik döreýär. Zawodlarda tehnika we tehnologiýa kämil bolman, zyňlan çig mal galyndylaryny indi doly ulanmaga mümkinçilik bar. Ylmy-tehniki progresiň täsiri bilen zawodlarda we fabriklerde ulanylýan çig mallar indi has çuňňur işlenilýär. Mysal: Türkmenbaşy şäheriniň nebiti arassalaýan zawodynda rekonstruksiýa edilenligi sebäpli, indi AI-95 ýokary hilli benzin we dwigatel ýagy, polipropilen we başga-da birnäçe önümler öndürilýär *(32-nji surat).* Diýmek, nebit, ugurdaş gaz doly we çuňňur işlenilýär. Şeýle edilmänkä, şol önümler bize daşary ýurtlardan getirilýärdi.




**32-nji surat. Türkmenistanyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy (çalgy ýagyny öndürýän bölümi)**

YTR-niň ösen döwründe senagat önümçiligini ýerleşdirmekligiň esasy meseleleriniň biri – olary ähtibarly, belli bir plan esasynda, ýurduň hemme ýeri deňeçer öser ýaly edip ornaşdyrmaklygy unutmaly däl. Senagat önümçiligini ýerleşdirmeli bolanda diňe tehniki-ykdysady hasaplamalara esaslanylmaýar, esasy göz öňünde tutulmaly zat: gurulýan kärhana ykdysady-durmuş ulgamyna, tebigy gurşawa we döwletiň ykdysadyýetine nähili täsir eder? Sebäbi ol kärhana pudagara gatnaşyklar bilen döwletiň ykdysadyýetine nähili täsir ederkä? Şonuň ýaly-da, öň işleýän kärhanalara ulag, ykdysadyýet bilen baglanyşykly zyýan ýetirmezmi? Öň işläp duran hususy kärhanalar bilen gatnaşygy nähili bolar? Uly bäsleşik emele gelmezmi?

Senagat kärhanasyny ýerleşdirmekde ykdysady geografiki nukdaýnazardan alanda, has ýaramly iki sany ugur emele gelýär. 1) Senagat kärhanalaryny etrapda, welaýatda we döwletde ýerleşdirmekligiň düşewüntliligini görkezýän ähli görkezijileri kesgitlemeli hem-de ýuze çykarmaly. Raýon, etrap üçin häsiýetli senagat kärhanasyny saýlap almak, şol ýerde adamzadyň taryhy döwürlerden bäri amala aşyrýan we edýän işleri, ýöriteleşişi bilen bagly. Senagatyň ähli kärhanalarynda YTR-niň kömegi bilen tehnologiýanyň üýtgedilmegi olaryň netijeliligini ýokarlandyrýar. Öz nobatynda, önümçiligi täzeçe gurnamaklygy talap edýär. Himiýa, gara we reňkli metallurgiýa, energetika senagat pudaklarynda tehnologiýanyň üýtgemegi çig mal bazanyň we ol pudaklaryň hem-de goşmaça kärhanalaryň ýerleşişiniň üýtgemegine getirýär. Uly bolmadyk giňişliklerde senagat kärhanalarynyň toplanmagyna (konsentrasiýasyna) alyp barýar. Önümçilik kärhanalarynyň bir ýere jemlenmegi ilatyň toplanmagyna, senagat we durmuş infrastrukturasynyň döremegine, ulag ulgamlarynyň we ýük gatnadylyşynyň artmagyna sebäp bolýar. 2) Senagat kärhanalarynyň belli bir ugur boýunça ýerleşişini, beýleki hojalyk pudaklary bilen bolan gatnaşyklaryny hasaba almak zerur. Senagat kärhanalaryny ýerleşdirmek diýen düşünje hojalygy ösdürmekligiň ýerli garaýyşlarynyň hemme ugurlaryny göz öňünde tutmaýar. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde bu meselä ykdysady-geografiki nukdaýnazardan başgaça çemeleşmeli bolýar. Soýuz döwründe senagat kärhanalaryny ýerleşdirmek meselesinde

imperiýanyň bähbitleri göz öňünde tutulan bolsa, indi gönüden-göni öz döwletimiziň we onuň raýatlarynyň ykdysady we durmuş taraplary nazara alynýar. Täze kärhanalar gurlanda, esasy ugur: zähmet ätiýaçlyklaryny ýerlikli peýdalanyp, hojalygy ösdürmek; şonuň esasynda halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak; öndürilýän önümleriň belli bir bölegini dünýä bazaryna çykarmak; kärhanalary wagtly-wagtynda häzirki zaman enjamlary bilen üpjün etmek; öndürilýän önümleriň halkara bäsdeşlige çydamlylygyny ýokarlandyrmak we özüne düşýän gymmatyny aşaklatmak; ýurdumyzyň raýatlarynyň senagat, oba hojalyk önümlerine bolan islegini ödäp, senagat önümlerine bolan garaşsyzlygymyzy berjaý etmek; senagat önümlerini öndürmekde hususy kärhanalary goldamak we olaryň sanyny artdyrmak, öndürýän önüminiň hilini gowulandyrmak, olara döwlet tarapyndan hemaýat etmek we ş.m. meseleler döwrüň gaýragoýulmasyz çäreleridir.

Täze gurulýan kärhanalara dürli ugurlar boýunça seredilse, maksada laýyk bolýar. Birinji göz öňünde tutmaly zat halkyň senagat harytlaryna bolan isleginiň artmagy. Halkyň senagat harytlaryna bolan islegi has beýik. Şonuň üçin ol islegleriň hemmesini bir wagtyň ýa-da gysga möhletiň içinde çözüp bolmaýar. Şol sebäpli iň zerurlaryny ilki çözüp, galan isleglerini mümkinçilik tapyp, öz nobatynda çözmeli bolýar. Şol islegleri kanagatlandyrmak üçin esasy göz öňünde tutulmaly zat: senagat kärhanasyny gurmak üçin niýet edilende çig mal, zähmet, suw, ulag ätiýaçlyklaryny nazara almaly bolýar. Kärhanalaryň içinde ilkinji gurulmalylary bütindöwlet ähmiýetlisi, soňra sebitara we ýerli kärhanalardyr.

Senagat kärhanalary gurlanda, esasy üns bermeli zat, ol hem ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri, täze tehnologiýa we tehnologik liniýalar – şolar kämil hem-de döwrebap bolmaly. Dünýäniň ähli döwletleri önümçilige täze tehnikany we tehnologiýany elmydama ornaşdyryp durýarlar. Ösen döwletlerde senagat kärhanalarynyň ýanynda ylmy laboratoriýalar, kärhanalar (konstruktor býurolar) işläp, önümçilige gönüden-göni hyzmat edýärler. Şeýle mümkinçilige ýagdaý bolsa we döredilse, ondan önümçilige zyýan gelmeýär. Ol zawod, kärhana durmuş we döwür bilen kybapdaş, ugurdaş gidýär. Dünýäniň

dürli döwletlerinde önümçilikde bolýan ylmy açyşlardan habardar bolýarlar. Ol açyşlary, täzelikleri tizden-tiz önümçilige ornaşdyrmak üçin hereket edýärler. Elbetde, bu ýagdaý aňsat zat däl. Ol täzelikleri, tehnologik enjamlary gaýry döwletlerden satyn alyp, çalt önümçilige ornaşdyrmaly bolýarlar. Eger döwlet ykdysady taýdan ösen bolsa, ýokarda belleýşimiz ýaly, uly zawodlarynyň, kärhanalarynyň özünde konstruktor býurolary, ýagny şol açyşlar arkaly täze enjamlary, tehnologik ulgamlary ýasar ýaly mini zawodlar bolýar. Şol mini zawodlarda ylmy-tehniki açyşlar esasynda gerekli şaýlar, enjamlar häli-şindi ýasalýan bolýar. Olar has kämilleşenden soň önümçilige ornaşdyrylýar. Şolar ýaly zawodlar, fabrikler, köp halatlarda «Ylmy-önümçilik birleşmeler» hem diýip atlandyrylýar. Emma bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde bular ýaly ylmy-önümçilik birleşmeleri hemme ýerde gurmak maksada laýyk hem däl. Sebäbi onuň üçin maddy-tehniki esas gerek.

Dünýä tejribesinde düzgün bolşy ýaly, her bir zawodda, fabrikde 5–8 ýylyň dowamynda tehnika we tehnologiýa döwre görä täzelenmese, ol kärhanalaryň enjamlary ahlak, öndürijilik we tehnologik taýdan garraýar. Şonuň üçin kärhananyň mümkinçiligine garap, şol döwür içinde tehnikany we tehnologiýany hökmany suratda çalyşýarlar. Eger çalşylmadyk ýagdaýynda öndürilýän önümiň hili peselýär. Dünýä standartyna laýyk gelmeýär. Şonuň üçin kärhananyň ýyllyk girdeýjisiniň belli bir möçberini tygşytlap, şol zerurlyklary göz öňünde tutmaly bolýar.

### 5.1.3. Senagat kärhanasynyň ýerli-önümçilik toplumyny döretmek mümkinçiligi

Maşyn gurluşygy, metallurgiýa, dag-magdan, himiýa, ýeňil senagat kärhanalary özlerinden başga birnäçe goşmaça zawodlary, fabrikleri döretmeklige sebäp bolýarlar. Haýsydyr bir şäherde maşyn gurluşyk zawody gurulsa, onuň golaýynda kiçiräk metallurgiýa sehi, başga-da zawodyň ýöriteleşişine baglylykda goşmaça kärhanalar gurulmaly bolýar.

Aşgabatdan 30 km demirgazykda, Owadandepede Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýoluna golaý demir zawody 2009-njy ýylyň 15-nji maýynda ýurt Baştutanymyzyň gatnaşmagynda ulanylmaga berildi. Zawod 2,5 gektar meýdany eýeläp, onda demir erediji, demir guýujy, dürli galyňlykdaky armaturalary we inlilikdäki ugolnikleri öndüriji bölümleri bar. Metal erediji sehiň ýyllyk öndürijiligi 135 müň tonna, ikinji bölümiň ýyllyk kuwwaty hem 100 müň tonna deňdir. Kärhanada 8-den 32 millimetre çenli dürli ölçegdäki gurluşyk armaturasyny öndürýän sehiň işe başlamagy bilen döwletimiziň dürli maksatly gurluşyklarynda zerur bolan armatura önümleriniň bolçulygy döredildi. Üçünji bölümde 25 millimetrden 80 millimetre çenli ölçegdäki metal şwelleri öndürilýär. Bu bölümiň kuwwatlylygy 60 müň tonna barabar. Zawod ýylda 160 müň tonna metal öndürmeklige niýetlenen. Zawod wagtlaýynça metal döwükleriniň bölekleriniň hasabyna işleýär.

Şol metallurgiýa zawodlar bilen baglanyşykly ýene-de goşmaça zawodlar we fabrikler döreýär. Türkmen geologlarynyň ýazmagyna görä, Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanda demir, marganes magdanlarynyň ojaklary bar. Çig malyň, ýagny demir magdanyň ýagdaýyna görä, onuň çykaryljak ýerinde (eger magdanyň düzüminde 50%-den az demir bolsa) baýlaşdyryjy fabrikanyň gurulmagy mümkin. Onuň golaýynda magdanyň düzüminde daş, çagyl, kähalatlarda magdanyň düzüminde kükürt, fosfor bolan ýagdaýynda gurluşyk kärhanalary (şol sanda sement zawody), kükürt kislotasyny, fosfor dökünini öndürýän zawodlar gurulýar. Sebäbi magdanyň düzümindäki demri alyp, galan garyndylary meýdana zyňmak bolmaýar. Eger beýle edilse, tebigata (daşky gurşawa) uly zyýan ýetirilýär. Şonuň üçin olary gurluşyk maksatlary üçin peýdalanar ýaly goşmaça zawodlary we himiýa kärhanalaryny gurmak zerurlygy döreýär.

Ýeňil senagat kärhanalary gurlanda hem şeýle ýagdaý ýüze çykýar. Meselem: haýsy hem bolsa bir etrap, welaýat merkezinde pagta arassalaýan zawod bar bolsa ýa-da gurulsa, şonuň ýanynda egirme-dokma fabrigini, eger işçi güýji ýeterlik bolsa mata dokaýan fabrigi hem gurmak maksadalaýykdyr. Şeýlelikde, bir ýeňil senagat kärhanasynyň hasabyna uly senagat ulgamy (kompleksi) döreýär.

Diýmek, senagat kärhanasynyň ýerli senagat önümçilik toplumyny döretmäge mümkinçiligi bar ekeni. Bir ýöriteleşen senagat toplumynyň esasynda olara hyzmat ediji kärhanalar (infrastruktura) toplumy hem peýda bolýar. Işleýän işçilere hyzmat eder ýaly naharhana, ululy-kiçili söwda merkezleri, medisina kärhanasy (saglyk öýi), hathana, aragatnaşyk bölümi, çörek bişirilýän we ilata durmuş hyzmaty edilýän kärhanalar döreýärler. Şeýlelikde, bir zawodyň we fabrigiň esasynda kiçiräk şäherçe, şäher emele gelýär. Ol şäherçe, şäher gara we demir ýollar arkaly beýleki şäherler bilen birigýär.

Diýmek, senagat ulgamlarynyň esasynda durmuş we önümçilik infrastrukturasy emele gelýär. Önümçilik we durmuş infrastrukturasyna: zawod, fabrik, ulag, söwda, aragatnaşyk we ilata durmuş hyzmatyny edýän kärhanalar – söwda, ylym, bilim, hathana, aragatnaşyk bölümi, dellekhana, hammam ýaly kärhanalar degişlidir.

### 5.1.4. Senagat ulgamlarynyň ykdysady sebiti döretmek mümkinçiligi

Etraplarda, welaýatlarda senagat kärhanalary, olaryň toplumy ilatyň zähmet bölünişigi esasynda emele gelýär. Ol kärhanalaryň içinde, öň belläp geçişimiz ýaly – ýerli, etrapara, welaýatara, döwletara ähmiýetlileri bolýar. Ol kärhanalar belli bir senagat önümini, taýýar harydy öndürmekde ýöriteleşýärler. Senagat kärhanalarynyň ýöriteleşmegi birnäçe sebäplere bagly. **Birinjiden**, senagat kärhanalarynyň döremegi we işlemegi çig mala, ýagny tebigy baýlyklara; **ikinjiden**, zähmet ätiýaçlyklaryna (resurslara); **üçünjiden**, zähmet bölinişigine; **dördünjiden**, arassa suwa, energiýa bilen üpjün edilişine; **bäşinjiden**, ulag, aragatnaşyk serişdelerine garaşly bolýar. Käbir senagat kärhanalary köp halatda, oba hojalyk önümlerini işläp bejerýär. Şeýlelikde, senagat kärhanalary öz öndürýän önümleri boýunça ýöriteleşýärler. Ýöriteleşmek etraplara, kämahallar welaýat üçin hem häsiýetli bolýar. Öndürilýän önüminiň gymmaty welaýatda senagat önümleriniň jemi öndürilýän gymmatynyň möçberiniň belli bir bölegini tutýan bolsa, onda şol pudak welaýat boýunça ýöriteleşen bolýar.

Islendik welaýatyň ykdysadyýetini senagat, oba hojalyk, ulag we durmuş ulgamlary düzýärler. Şolar hem ykdysady sebitleri emele getirýärler. Mysal üçin: Balkan welaýaty nebit-gaz, himiýa, dag-magdan senagat kärhanalary we olaryň önümi boýunça ýöriteleşýär. Şonuň üçin ol Türkmenistanyň çäginde aýratyn ykdysady sebit hökmünde tanalýar. Ol özüniň öndürýän önümi bilen diňe öz welaýatyny üpjün etmän, beýleki welaýatlary hem doly üpjün edýär. Daşary ýurtlara hem artyk harytlary iberilýär. Beýleki welaýatlaryň hem özboluşly ýöriteleşmesi bar. Diýmek, senagat we oba hojalyk kärhanalary belli bir önüm öndürmekde wagtyň geçmegi bilen ýöriteleşýärler. Başda belläp geçişimiz ýaly, senagat kärhanalarynyň welaýatlarda, etraplarda ýöriteleşmegi ykdysady sebitleriň döremegine sebäp bolýar.

### 5.1.5. Ýurdumyzda döredilýän senagat kärhanalarynyň ykdysadyýeti, medeniýeti, halkyň maddy hal-ýagdaýyny ösdürmekde ähmiýeti

Hemmämize mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Soýuzyň düzümindekä agrar döwlet hasaplanýardy. Soýuz möçberinde öndürýän esasy önümimiz pagta bolsa-da, ýurdumyzda ýeke-täk nah mata kombinaty bardy. Onuň diňe ady kombinatdy. Doly gurlup gutarylmadyk kärhanady. Ol kombinat pagtany egrip, ýüplük öndürip, ondan mata (biz) dokaýardy. Etrap we welaýat merkezlerinde pagta arassalaýjy zawodlar bardy. Şäherlere golaýlaşanyňda pagta arassalaýjy zawodyň bardygyny hiç kimden soraman, ösüp oturan agaçlaryň şahalaryndan, aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlardan sallanyşyp duran tozan gatyşykly ýüplüklerden aňyp bolýardy. Ýurdumyzda iri zawodlardan nebit arassalaýjy (öňki Krasnowodskde), superfosfat dökünlerini öndürýän (öňki Çärjew şäherinde), azot döküni (Maryda), Aşneftemaş (Aşgabatda), wagon abatlaýyş (öňki Gyzylarbat şäherinde), maşyn gurluşyk (Maryda), başga-da ýerli ähmiýetli zawodlar we fabrikler bardy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap ýurdumyzda ýeňil senagaty ösdürmeklige uly üns berildi. Etrap, welaýat merkezlerinde we käbir obalarda pagta arassalaýjy zawodlar, ýüplük egriji, mata

dokaýan fabrikler gurlup başlandy. Şeýlelikde, häzirki wagtda özümizde öndürilýän pagtanyň ýarysyna golaýy täze gurlan fabriklerde işlenilýär. Olardan taýýar önüm öndürilýär. Taýýar önümler dünýäniň dürli döwletlerine döwlet haryt biržasynyň üsti bilen eksport edilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletimizde nebit-gaz senagatyny ösdürmeklige girişildi. Gözleg-barlag işlerine uly üns berildi. Bu işlere daşary ýurt kompaniýalary hem gatnaşýarlar. Netijede, döwletimiz nebit we tebigy gaz ätiýaçlyklary boýunça dünýäniň öňdäki döwletleriniň hatarynda durýar. Tebigy gazyň çykarylyşy we eksporty ýylsaýyn artýar. Täze döwletara gazgeçirijiler gurulýar. 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda uzynlygy 7000 km bolan Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý gazgeçirijisi ulanmaga berildi. 2010-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistan we Eýran Yslam respublikalarynyň prezidentleri Döwletabat–Sarahs–Hangeran gazgeçirijisiniň işe girizilmeginiň dabarasyna gatnaşdylar. Ýurdumyzyň içinde gazlaşdyrylyp ýetişilmedik obalara gazgeçirijiler çekilýär.

2009–2010-njy ýyllaryň içinde Türkmenabatda, Daşoguzda, Gökdepede pagta egirýän fabrikalary, Owadandepede «Ahal» ýag zawody işe girizildi. Ähli welaýatlarda diýen ýaly suw arassalaýjy – agyz suwy zawodlary guruldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda ykdysadyýeti, medeniýeti, halkyň maddy hal-ýagdaýyny häzirkiden has gowulandyrmak meselesi goýulýar.

Öň belläp geçişimiz ýaly, ýurdumyzda ylma, bilime, medeniýete uly hormat goýulýar we döwlet derejesinde üns berilýär. Soňky ýyllarda ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna, durmuş üpjünçiligine we azyk howpsuzlygyna esasy üns berlip, Prezidentimiziň «Döwlet adaç işindir!» şygary esasynda uly işler alnyp barylýar.

### EDEBIÝAT

Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, TDNG, 2007.

*Калашникова Т.М.* Экономическое районирование. Москва, МГУ, 1982.

*Калашникова Т.М.* Современные теоретические вопросы территориальной организации хозяйства. В сборнике: Территориальная организация хозяйства в современных условиях. Москва, МГУ, 1990, с. 3-20.

*Большаков П.Н.* Перестройка территориальной организации промышленности. В сборнике: Территориальная организация хозяйства в современных условиях. Москва, МГУ, 1990, с. 77-93.

*Колесов В.П., Кулаков М.В.* Международная экономика. Учебник. Москва, ИНФРА, 2008.

## V.2. ÝERLERDE OBA HOJALYK KÄRHANALARYNY ORNAŞDYRMAK WE ÖSDÜRMEK MESELELERI

### 5.2.1. Oba hojalygyny ýerlerde gurnamaklyk agrosenagat toplumyny (AST) döretmekligiň esasydyr

Oba hojalyk önümçiligi döwletiň hojalygynyň esasy pudaklarynyň biri bolup hyzmat edýär. Döwletiň ykdysady sebitlerini emele getirmekde, şol ýerlerde ýaşaýan ilaty azyk önümleri, senagat pudaklarynyň birnäçe kärhanalaryny çig mal bilen üpjün etmekde onuň ähmiýeti has hem uly. Oba ýerlerinde oba hojalygynyň dürli pudaklarynyň ösmegi agrosenagat toplumynyň birnäçe ulgamynyň döremegine sebäp bolýar. Köp halatlarda oba hojalygynyň dürli pudaklarynyň ösmegi döwletiň tebigy, durmuş-ykdysady şertlerine bagly. Eger şol şertler amatly bolsa oba hojalygyny yzygiderli (intensiw) ösdürmeklige doly mümkinçilik döreýär. Oba hojalygynyň yzygiderli (intensiw) ösmegi tebigy şertleri we ätiýaçlyklary doly peýdalanyp, ekerançylykda hem-de maldarçylykda ýokary netijeler almaklyga şert döredýär. Şonuň bilen bir hatarda oba hojalygynyň ýokary industrializasiýalaşmagy tebigy şertlere täsir edip, ekologik deňagramlylyga zyýan ýetirýän wagtlary hem bolýar. Ekilýän ekinlere mineral dökünler we ekinlere zyýan beriji mör-möjeklere garşy dürli himiki jisimler kadadan artyk ulanylanda tebigatda deňagramlylyk bo-

zulýar. Bu bolsa öz gezeginde tebigy gurşawy (sredany) hapalamaklyga we zaýalamaklyga alyp barýar.

Islendik döwletde hem oba hojalygyny ösdürmeklik, şol döwletiň raýatlarynyň esasy wezipesi bolup durýar. Garaşsyzlygyny gazanan her bir döwlet, ilki nobatda, azyk howpsuzlygyny berjaý edýär. Halkyny bugdaý ýa-da däneli ekinleriň önümi bilen üpjün etmekligi öz öňünde wezipe edip goýýar. Şol meseläni amala aşyrmak üçin ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünliklerine daýanyp, tebigy şertlerden, ykdysady we durmuş mümkinçiliklerden doly peýdalanyp, oba hojalyk işlerini gurnamaklyga köp zat bagly bolýar. Şunuň bilen baglanyşykly häzir biziň döwletimiziň öňünde durýan esasy wezipe halkymyzy däneden beýleki azyk önümleri bilen doly üpjün etmek bolup durýar. Bize azyk önümlerinden: tüwi, gök önümler, miweler, et-ýag we beýleki azyk önümleriniň käbir görnüşleri halka entek ýetmezçilik edýär. Şol önümleriň köpüsini biz daşary döwletlerden getirmeli bolýarys. Biziň halkymyzyň öňünde durýan esasy wezipeleriniň biri 2010 – 2020-nji ýyllara çenli ýurdumyzyň doly azyk garaşsyzlygyny gazanmaklykdan ybaratdyr. Şonuň üçin hem wajyp meseleleriň biri, ekilýän ekinleriň hasyllylygyny artdyrmak, ekilýän ýerlerden ýylda 2 – 3 hasyl almak, olaryň öndürilişini ýokarlandyrmak, döwletimiziň ilatyny azyk önümleri bilen doly üpjün etmek, ösüp barýan azyk we ýeňil senagat pudaklaryny gerekli oba hojalyk çig mallary bilen üpjün etmek bolup durýar.

2008-nji ýylyň 3-nji noýabrynda Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Ministrler Kabinetiniň giňeldilen mejlisi geçirildi. Hormatly Prezidentimiz mejlisde agrosenagat toplumynyň häzirki ýagdaýyny jikme-jik seljerip, oba hojalygy boýunça esasy meseleleriň birnäçesiniň üstünde durup geçdi. Ýurdumyzda ykdysadyýeti pugtalandyrmak we azyk bolçulygyny döretmek, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, agrosenagat toplumyny yzygider ösdürmek üçin welaýatlaryň tebigy we ykdysady mümkinçiliklerini hasaba almaklygyň zerurdygyny belledi. Prezidentimiziň belleýşi ýaly, welaýatlarda howa şertlerine, ykdysady we durmuş mümkinçiliklerine garamazdan, demirgazyk etraplardan başlap, günorta etraplaryň köpü-

sinde hemme mes toprakly ýerlerde gowaça ekýäris. Hatda Daşoguz welaýatynyň demirgazyk etraplarynda, gurak we yssy günleriň bolýan döwrüniň gysgalygyna we pagtany ösdürip ýetişdirmek üçin düýpgöter ýaramly däldigine, şeýle hem gowaçanyň hasylynyň doly bişip ýetişmeýändigine garamazdan, bu ýerlerde ýylyň-ýylyna gowaça ekilýär diýip, hormatly Prezidentimiz dogry belleýär. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç, Saparmyrat Türkmenbaşy etraplarynda ekilýän we ekilmeýän ýerleriň belli bir bölegi şorlaşan ýerler hasaplanýar. Şol sebäpli ol ýerlerde güýz we gyş aýlary ýuwuş suwuny tutup, ýaz aýlary ot-iýmlik (arpa, mekgejöwen) ekinleri ekilýär. Gowaça hasylynyň bu etraplarda giç ýetişýänliginiň ilkinji sebäbi günorta welaýatlara garanda käýyllarda ýaz pasly 20–30 gün giç gelýär. Ýaz paslynda 11-nji aprelden ir ekilen gowaçany sowuk urmak howpy bar. Aprel aýynyň aýagyna çenli çygly salkyn howa agdyklyk eden ýyllary toprak gyzyp ýetişmän, gowaça gögerip bilmän, onuň çigidiniň çüýreýän wagtlary hem bolýar. Şonuň üçin gowaçany 2–3 gezek gaýtalap ekmeli bolanda, onuň ekilýän wagty maý aýynyň ortalaryna çenli barýar. Güýz aýlary Köneürgençde oktýabryň 10-y – 16-sy aralygynda ekinleri sowuk urýar (Краткий климатический справочник по Туркменской ССР. Ашхабад, 1969, с. 74). Dogrudan hem onuň hasyly doly bişip ýetişmeýär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, şol etraplarda gowaçadan alynýan hasylyň pesligi ýerleriň meliooratiw ýagdaýlarynyň we howa şertleriniň ýaramsyzlygy bilen baglanyşyklydyr.

Welaýatyň şol etraplarynyň klimat aýratynlyklaryny we ýerleriniň melioratiw ýagdaýlaryny göz öňünde tutup, hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, atlary agzalan etraplarda däneli (bugdaý, şaly, jöwen, mekgejöwen) we tehniki ekinler (gant şugundyry, günebakar, künji) ekilse, Köneürgenç şäherinde mekgejöweniň, künjiniň, günebakaryň dänesinden ýag öndürýän zawod gurulsa, daşary döwletlerden getirilýän günebakar we mekgejöwen ýaglarynyň ornuna şol ýaglary özümizde öndürip bolar. Ekiljek gant şugundyryny işläp bejerer ýaly gant zawody hem gurulaýsa welaýatyň ilatynyň şekere bolan islegini öz ýerinde kanagatlandyrmak mümkin. Däneli, ot-iýmlik we tehniki ekinleriň galyndylarynyň hasabyna welaýatda

et-süýt maldarçylygy, guşçulygy hem-de ýag, un-çörek-aş (makaron, unaşynyň dürli görnüşlerini) önümçiligini häzirkä garanda has gowy ösdürmäge mümkinçilik döreýär. Garaşsyzlygy gazananymyzdan bäri Köneürgençde öndürilýän un ýurdumyzda uly abraýa eýedir.

Ir wagtlardan bäri welaýatyň hususy hojalyklarynda güýzlük bugdaýyň yzyna künji, mäş, mekgejöwen we gyşa saklanylýan gawun, garpyz ekilýär. Atlary agzalan etraplarda kärendeçi hojalyklarda güýzlük bugdaýyň yzyna gawun-garpyz ekdirmekligi gurap bolsa, daýhanlar uly girdeji alarlar. Şol önümler bilen welaýatyň ilatynyň islegini doly kanagatlandyryp, artyk önümleri günorta welaýatlara çykarmak mümkinçiligi emele gelýär. Şol önümleri döwletimiziň ilatynyň sarp etjeginden artyk öndürmekligi ýola goýup bolsa, daşary döwletlere çykarmak mümkinçiligi emele geler. Sebäbi gadymyýetde türkmen gawunlary – behişdi iýmit hökmünde (ter we kakadylan görnüşinde) Ýewropa, Ýakyn Gündogar, Arap, Günorta we Gündogar Aziýa döwletlerine hem äkidilipdir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Balkan welaýatynda gowaçany ösdürip ýetişdirmek üçin suw bolçulygynyň döredilmelidigini nygtady. Bu welaýatyň ilatynyň asyrlar boýy maldarçylyk bilen meşgullanandygyny we öňki ýagdaýlaryň ählisiniň göz öňüne tutulman, bu welaýatda-da gowaça ekilmeginiň ykdysady taýdan düşewüntli däldigini döwlet Baştutany belledi. Balkan welaýatynda 2000–2007–2008-nji ýyllarda 9,4–25–15 müň gektar ýere gowaça ekilipdir. Şol ýyllarda 11–11,04– 7,802 müň t hasyl ýygnalyp, ortaça her gektardan 4,4–10,03 sentner hasyl alnypdyr. Munuň esasy sebäpleriniň biri welaýatyň ýer-suw ýagdaýy bilen baglanyşykly. Welaýatyň ekerançylyga ýaramly ýerleriniň esasy bölegini ýeňil we agyr toýun topraklar tutýar. Bu topraklara köp möcberde çägäniň we dersiň garylmagy kynçylyk döredýär. Şol bir wagtyň özünde ekin meýdanlaryna suw ýetmezçilik edýär. Hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk ylmynyň gazanan üstünliklerine esaslanyp belleýşine görä, oba hojalygyny ösdürmeklik gönüden-göni klimat-suw-toprak şertlerine baglydyr. Welaýatda demirgazyk-günbatardan, günbatardan öwüsýän ýeller oba hojalyk ekinlerini, miweli agaçlaryň hasyllylygyna zyýan ýetirýärler. Welaýatyň gowaça ekilýän etraplarynda ýelsiz günler örän

az. Ýeliň garşysyna tokaý zolaklaryny döredip bolar. Emma mehaniki düzümi agyr topraklary özleşdirmek köp ýyllaryň zähmetini talap edýär. Şonuň üçin bu welaýatda mehaniki düzümi ýeňil topraklarda maldarçylyk pudaklaryna kömek bolar ýaly däneli we ot-iýmlik ekinlere üns berilmegi ýerine düşer. Welaýatyň daýhanlary soňky ýyllarda gök-bakja ekinlerinden gowy hasyl almagyň hötdesinden gelýärler. Etraplaryň käbir hususy hojalyklarynda gök önümleriň we gyşa durýan gawunlaryň, garpyzlaryň ekilmegi ýola goýlupdyr.

Türkmenistanyň ekerançylyk alnyp barylýan welaýatlarynda we etraplarynda ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmaga ýeterlik üns berilmeýär. Ekinleriň hasylyny ýokarlandyrmak, ekin ekilýän meýdanlarda suw ýitgisini aradan aýyrmak üçin suw akabalarynyň, hojalygara ýaplaryň gyralaryna, Lebap we Daşoguz welaýatlarynyň käbir daýhan birleşiklerinde ekilişi ýaly, gurluşyk işlerinde ulanylyp bolaýjak türkmen deregi, gara söwüt ýaly agaçlary oturtmak zerurdyr. Agaçlary ýaplaryň demirgazyk-günbatar gyralaryna ekmeklik maslahat berilýär. Sebäbi Türkmenistanyň hemme ýerinde ýeriň eňňitligi günorta-gündogardan demirgazyk-günbatar tarapadyr. Şeýle edilse, ekin meýdanlarynda suwuň ýitgisini azaldyp bolar we ýaplardan akýan suwuň üstüne agaçlaryň kölegesi düşse, suwuň bugarmasy azalar.

Lebap, Mary welaýatlarynyň ekin meýdanlaryna we çöllük ýerlerine awgust aýynda Owganystanyň demirgazygyndaky çöllük ýerlerden gyzgyn «Owgan ýeli» öwüsýär. Bu ýel ähli ekinlere ýaramaz täsir edýär. Suwarylan gowaça meýdanlaryny çalt taba getirýär, olary gijelerine suwarmaly bolýar. Miweli agaçlaryň miwelerine zyýan ýetýär. Bu ýellerden ekinleri we agaçlary goramak üçin ekin meýdanlarynyň daşynda günorta-günbatardan, demirgazyk-gündogara tarap ugrukdyrylan tokaý zolaklary döredilse, maksadalaýyk bolardy. Tokaý zolaklarynyň arasyna ot-iýmlik, gök-bakja ekinleri ekmekligi kärendeçilere tabşyrylsa, gowy netijeler gazanyp bolar. Tokaý zolaklarynyň düzüminde gurluşyk işleri üçin bähbitli we miweli agaçlar ekilse ýerine düşer.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ýer resurslaryny sarp ediş bazarynda azyk bolçulygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly wezipeleri üstünlikli çözmek üçin ägirt uly potensiala eýedigini belläp,

ýene-de munuň üçin, ilkinji nobatda, ýerleriň rejeli peýdalanylmagyny gazanmagyň zerurlygyny nygtady. Soňky ýyllarda hormatly Prezidentimiziň atalyk aladasy bilen oba hojalygymyz gerekli tehniki enjamlar, ýokary hilli tohum, mineral dökünler, himiki serişdeler bilen üpjün edilýär. Bu görkezijiler boýunça döwletimiz ösen ýurtlaryň derejesine golaýlaşýar. Ösen döwletlerde täze ýerleri özleşdirmän, öňki ekerançylyk ýerleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna oba hojalygyny ösdürýärler. Şu nukdaýnazardan, daýhan birleşikleriniň käbirlerinde kärendeçiler ekin ekip ýören ýerlerine talabalaýyk seretmän, ýerleri hapa-haşal otlara basdyrýarlar. Ekerançylykda suwy tygşytly peýdalanmak tehnologiýasy ornaşdyrylmasa, ekilen ekinlere doly ideg edilmese, ýerleriň melioratiw ýagdaýy ýaramazlaşýar. Käbir hojalyklar täze ýerleri özleşdirmek bilen meşgullanýarlar. Netijede, öňki ekilen ýerler hojalyk dolanyşygyndan galýar. Olar ýaly ýerleri täzeden ekin dolanyşygyna girizmek üçin birnäçe ýyl we ep-esli ykdysady çykdajy talap ediler. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýer-suw, klimat baýlyklarymyzy tygşytly peýdalanyp, ýer-suw resurslarymyzy zaýalanmadyk görnüşinde geljekki nesillerimize galdyrmalydyrys.

Oba hojalyk pudaklary: ekerançylyk, maldarçylyk, oba hojalyk çig mallary işläp bejeriji kärhanalary ýerlerde maksada laýyk gurnalanda döwlet, hususy eýeler we ilat üçin hem amatly bolýar. Oba hojalyk boýunça dünýäniň köp döwletlerinde we şol sanda biziň döwletimizde alnyp barylýan syýasat oba hojalyk önümleriniň bolçulygyny döretmek bolup durýar. Öndürilen oba hojalyk önümlerini zaýa etmän, wagtynda azyk we ýeňil senagat kärhanalarynda işlemek esasy meseledir. Dünýäniň ösen döwletlerinde oba hojalyk önümleri öz ýerlerinde, olary öndürijiler tarapyndan işlenilýär. Bu ýagdaý obada ýaşaýan ilaty ýylyň bütin döwründe iş ýerleri bilen üpjün edýär. Ýer togalagynyň aram guşaklyklarynda ýerleşýän döwletlerde ýylyň dowamynda 3–4 aýlap gyş dowam edýär. Şol döwürde meýdanlarda ekerançylyk bilen baglanyşykly işler togtadylýar. Şol wagtlary oba hojalyk önümleri oba ilatynyň gatnaşmagynda obalardaky uly we kiçi zawodlarda we fabriklerde işlenilýär. Şeýle edilende daýhanlar, şol bir wagtyň özünde işçiler öndüren önümlerini özleri işleýärler. Oba

hojalyk önümleri öndürijiler tarapyndan işlenilende, gelýän girdeji olara degişli bolýar. Oba ilatynyň maddy hal-ýagdaýy gowulanýar. Bu öz gezeginde obada medeniýeti, ylmy ösdürmeklige doly mümkinçilik berýär. Ýuwaş-ýuwaşdan şäher bilen obanyň arasyndaky tapawut ýitip gidýär. Hakyky oba senagat toplumy döreýär. Daýhanyň, oba işçisiniň ykdysady taýdan gurplanmagyna esas emele gelýär.

## 5.2.2.Oba hojalygynyň ýerli toplumyny öwrenmekligiň ykdysady geografik usullary

Oba ýeriniň tebigy şertlerini, ykdysady ätiýaçlyklaryny, durmuş mümkinçiliklerini önümçilikde doly ulanmak üçin ykdysady-geografiki barlag usullary örän zerur. Ol ylmy-barlag usullar oba hojalyk önümçiligini ýerlerde oňaýly guramaklyga we AST ulgamynyň döwrebap işlemegine mümkinçilik döredýär. Agrosenagat hyzmatdaşlygyny ykdysady geografiki taýdan öwrenmekligiň esasy wezipeleriniň biri, oba hojalyk pudaklaryny ulgamlaýyn (sistemalaýyn) we hemmetaraplaýyn öwrenip, döwletiň raýatlaryny azyk önümleri, senagaty bolsa çig mal ätiýaçlyklary bilen doly üpjün etmekden ybaratdyr. Şu meseläni berjaý etmek üçin, oba ýerlerinde kärhanalary döretmekligi ylmy esasda amala aşyryp, ykdysady kanunalaýyklyklara gabat getirmeli. Oba hojalygynda öndürilýän önümiň özüne düşýän gymmatyny mümkingadar peseltmegiň ýollaryny gözlemeli. Onuň üçin her bir oba hojalyk pudagynyň ýerleşdirilişi we onuň guralyşy maksadalaýyk bolmaly. Ykdysady geografik kanunlara laýyk gelmeli. Ýokary önüm öndürmek üçin ähli mümkinçiliklerden we şertlerden tygşytly peýdalanmaly. Agrotehniki çäreleri gyşarnyksyz berjaý etmeli. Işi bökdençsiz öz wagtynda gurnamagy ýola goýmaly. Şeýle edilende, oba hojalyk ekinlerinden we mallaryndan ýokary hasyl almaklygy gazanyp bolýar. Şu meseleleri çözmek üçin oba hojalyk kärhanalary ykdysady geografik taýdan öwrenilende deňeşdirme, taryhy, hasabat maglumatlary, kartografiki, matematiki modelirleme we beýleki usullary ulanyp, amala aşyryp bolar. Şu we beýleki barlag usullary ulanyp, oba hojalyk pudaklarynyň ýerlerde jemlenişini, işiň gurnalyşyny nazara alyp, geljekde çözülmeli meseleler anyklanylýar. Oba hojalygynda

işiň gurnalyşyny, alnyp barlyşyny öwrenip, ekinlerden we mallardan alynýan önümleri artdyrmaklygyň ýollaryny gözlemeli.

Agrosenagat toplumynyň düzüminde birnäçe kärhanalar bar. Olary, öň belleýşimiz ýaly, ugurlary boýunça birnäçe toparlara bölýärler. **1-nji topara** (sfera) – oba hojalyk pudaklaryny önümçilik serişdeleri we esasy gurluşyk, himiki dökünler we serişdeler bilen üpjün edýän kärhanalar degişli edilýär. **2-nji topara:** oba, suw we tokaý hojalygy; **3-nji topara:** oba hojalyk önümlerini taýýarlamaklyga, täzeden işlemeklige we taýýar edilen önümleri halka ýetirmeklige gatnaşýan kärhanalar degişli. **4-nji topara** – AST hyzmat edýän kärhanalar(ulaglar, oba hyzmaty, söwda, durmuş hyzmaty) girýärler. Islendik etrapda, daýhan birleşiginde oba hojalyk ýa-da AST ugrundan ykdysady geografik barlaglar geçirilende, öň belleýşimiz ýaly, birnäçe usullary ulanyp bolýar.

1. **Ilki üns bermeli meseleleriň biri – tebigy şertler we ätiýaçlyklar**. Ekilýän ekin we saklanýan mallar üçin şol ýeriň tebigy we durmuş şertleri gabat gelýärmi? Ekilýän ekin üçin ýer, saklanýan mal görnüşleri üçin öri meýdan ýerler gabat gelmeli. Şol ýere uýgunlaşan ekinleri we mallary ösdürip ýetişdirmek örän zerur hasaplanýar.

2. **Ekiniň ýagdaýyna görä ýeriň (topragyň) mehaniki düzümi (toýun, çägesöw, çäge we ş.m.) gabat gelýärmi?** Ekerançylyk ýerleriniň mehaniki düzümine görä, ekiljek ekini saýlap almaly. Mehaniki düzümi agyr ýerlerde (agyr, orta toýun) ekin ekip, gowy hasyl alyp bolmaýar. Onuň mahaniki düzümini ýeňilleşdirer ýaly köp möçberde çäge we ders dökmek işleri amala aşyrylýar.

3. **Ekilýän ýa-da ekiljek bolýan ýeriň topragynyň himiki ýagdaýyny anyklamaly.** Topragyň şorlanyş derejesini bilmän ýerlere ekin ekmek bolmaz. Sebäbi, şorlaşan topragy gowy görýän we halamaýan oba hojalyk ekinleri bolýar. Şonuň üçin topragyň şorlanyşyny we ýagdaýyny bilip, şoňa görä hereket etmeli.

4. **Ekin ekiljek ýeriň topragynyň tebigy hasyllylygyny (gumusyň ýagdaýyny)** bilmän, mineral we organiki dökünleriň näçeräk dökülmelidigini kesgitlemek kyn. Şonuň üçin ýeriň tebigy hasyllylygyny, çüýrüntginiň möçberini anyklamaly.

5. **Ekin ekilýän we ekiljek ýeriň suw-fiziki häsiýetlerini bilmeklik hem zerur.** Bu meselede ilki bilen ýerasty suwlaryň näçe

çuňlukda ýatandygyny, olaryň himiki düzümini öwrenmeli. Topragyň çyglylyk derejesini anyklamak ekiljek ekine, wegetasiýa döwründe näçe möçberde suw sarp ediljekdigini bilmek üçin gerek. Eger topragyň çyglylyk derejesi ýeterlik bolsa, onda ekin suwaryş üçin suw çykdajylaryny az talap edýär. Her bir toprak görnüşiniň özboluşly suw saklap bilijilik ukyby bar. Şular ýaly maglumatlar barlag geçirilýän döwürde ýüze çykarylsa, suwaryş üçin suwy tygşytlap hem-de ekiniň hasyllylygyna kömek edip bolýar.

6. **Ekinleriň hasyllylygynyň pesligi işçi güýjünden, mehanizmlerden, mineral we organiki dökünlerden ýerlikli peýdalanylmaýanlygyna hem bagly bolup biler.** Mysal üçin, pagtanyň joýalarynyň arasy wagtly-wagtynda bejerilip durulmasa, ýer gatadylsa, ekin gülleýän wagty suwarylmasa we başga-da birnäçe sebäplere görä ekiniň hasyllylygy peseler. Eger tohumyň hili pes bolsa hem hasyllylyk pes bolup bilýär. Agrotehnikanyň düzgünleri doly berjaý edilmese, hiç bir ekinden hem gowy hasyl alyp bolanok. Şonuň üçin islendik ekiniň ekilýän wagtyny, tohumynyň hilini, ekiljek ýeriň topragyny, çyglylyk derejesini, ekin ekilenden soňra ösüş aýratynlyklaryny bilmeklik we öwrenmeklik esasynda hasyllylyga täsir edip bolar. Islendik ekinden gowy hasyl almak üçin oňat ideg gerek.

7. **Oba hojalygynyň (ekerançylygyň we maldarçylygyň) ösüşi köp halatlarda oba hojalyk kärhanalarynyň (daýhan birleşikleriň, kärendeçileriň we mülkdarlaryň) tehniki serişdeler bilen üpjünçiligine bagly.** Ýerler ekişe taýýar edilende, ýerleri sürmäge mehanizmler ýeterlik bolmasa, ekiljek ýer tapdan çykýar. Ýeri ýene-de suwarmaly, taba getirmeli, sürmeli. Şeýlelikde, ekişiň wagty gijä galýar. Netijede, hasyl bişip ýetişmezligi mümkin.

Oba hojalygy ykdysady geografiki nukdaýnazardan öwrenilende tebigy ekosistemalar bilen önümçilik gatnaşyklarynyň özara täsirini ylmy-barlag işleriň kömegi bilen anyklamaly. Bu meselede biogeohimiki proseslere we tebigatda jisimleriň aýlanyşyna esasy ünsi bermeli. Ekerançylyk we maldarçylyk işleri alnyp barlanda biogeohimiki prosesleriň we himiki elementleriň aýlanyşy, olaryň işeňňirligine, Günüň energiýasyna, ýagtylygyň derejesine, ýerleriň çyglylygyna, ösümlikleriň himiki elementleri özleşdirip biliş ukybyna, topragyň

hasyllylygyna we başga-da birnäçe faktorlara bagly bolýar. Hojalyk işleriň alnyp barlyşy, ekilýän ýerlerde suw, ýylylyk, toprakda çüýrüntgi jisimleriň möçberi, melioratiw çäreleriň geçirilmegi bio-himiki aýlanyşyň derejesine täsir edýär. Ekosistemalarda jisimleriň aýlanyşyny dolandyrmaklygyň usullary dürli landşaftlaryň öňden do-wam edip gelýän ösüş mehanizmine daşky täsir etmeleriň derejesine bagly bolýar. Landşaftlara täsir etmeler (ýerlerde ekin ekmek, mal bakmak we ş.m.) ylmy esasda alnyp barylsa, onda hojalyk işleri bilen ekosistemalaryň arasynda garşylyk ýüze çykmaýar.

### 5.2.3. Oba hojalyk ulgamlarynyň ýerleşmegine tebigy şertleriň we baýlyklaryň edýän täsiri

Dünýäniň köp döwletlerinde oba hojalyk dürli-dürli ösüşe eýe bolýar. Onuň ösüşi köp halatlarda tebigy şertlere bagly. Howa şertleri, ygal, suw ýagdaýlary gowy bolsa, oba hojalyk kärhanalary gowy girdeji berýär. Eger-de gyş gazaply gelse, maldarçylyga, kä-wagtlar ekerançylyga hem ýaramaz täsir edýär. Şeýle bolanda, oba hojalyk mallary köp gyrylýar. Şonuň üçin her bir döwletiň maldarçy-lyk hojalyklarynda heläkçilik bolmaz ýaly ätiýaçlyk ot-iým edinmeli. Islendik hojalykda adamlaryň, işgärleriň özüne bagly düzedip bolýan zatlary öňünden düzedip goýmaly. Onuň üçin iň zerur zat ýerlerde ýokary guramaçylyk gerek. Gyşda öňünden ýerleri sürüp, bahar ekiş üçin taýýar edip goýmaly. Suw ýagdaýy gowy bolsa, gyş suwaryp, ýaz ekişe çenli ýerler taýýar bolsa gowy. Güýzlük bugdaý ekilen ýerleri dökünlemek we suwarmak zerur. Miweli agaçlara öz wagtynda seret-meli. Olary gyş aýlary suwaryp goýmak maksadalaýykdyr. Umuman, oba hojalygynda guramaçylyga köp üns berilse, üstünligi başga ýer-den gözlemeli däl. Ähli edilmeli işler wagtly-wagtynda edilip tertibe salynsa, ol hojalykda hiç haçan bökdençlik bolmaz. Esasan, akylly--başly guramaçy gerek. Zähmet gurallary bilen ýeterlik üpjün edilen bolsa hojalygyň ösmekligine hiç hili päsgelçilik bolmaýar.

Ýene-de esasy üns bermeli zat, oba hojalygyny ylmy esasda ös-dürmek zerur. Başda belleýşimiz ýaly, oba hojalygynyň ösüşi köp halatlarda tebigy şertler (howanyň temperaturasy, çyglylygy, ygalyň

möçberi, aýazsyz günleriň sany, toprak şertleri, onuň mehaniki we himiki düzümi, çüýrüntginiň möçberi, ýerasty suwlaryň derejesi, himizmi) bilen baglanyşykly. Topragyň mehaniki düzümine, himizmine, melioratiw ýagdaýyna görä ekiljek ekinleri saýlamaklygy başarmaly. Ýerli şertleri göz öňüne tutup oba hojalygy ylmy esasda alnyp barylsa, onda çykarylan çykdajylary ödelip, oňat girdeji gazanylmagy mümkin. Wegetasion döwre baglylykda, biziň şertlerimizde oba hojalyk ýerlerinden 2 – 3 hasyl alynýar. Ekin meýdanlarynyň arasynda tokaý zolaklaryny döretmek zerur işleriň biri hasaplanýar. Tokaý zolaklary biziň tebigy şertlerimizde ekilen ekinleri, miweli agaçlary epgek gyzgyn ýellerden goraýar. Kärendeçi daýhanlara kölegesinde, yssy wagty dynç almaga mümkinçilik döreýär.

Ekinleriň hasyllylygy köp ýagdaýlarda ekilen tohumlaryň hiline hem bagly bolýar. Oba hojalyk kärhanalary özünde tohumçylygy ösdürmekligi we taýýarlamaklygy guramaly. Kähalatlarda ýerli tohum bolman, başga ýerlerden getirilip ekilen ýagdaýlarda hasyl pes bolmagy ähtimal. Şonuň bilen bir hatarda ylmy-tehniki ösüşe uly hormat goýup, ony hojalyga ornaşdyrmak zerur. Şu aýdylan zatlar berjaý edilende oba hojalygyndan ýokary netijeler alyp bolýar. Tebigy şertleriň ýaramaz ýagdaýlaryny ýeňip geçmek mümkin.

### 5.2.4. Oba hojalyk kärhanalary we geljekde agrosenagat hyzmatdaşlygyny ösdürmek mümkinçiligi

Agrosenagat hyzmatdaşlygynyň dürli görnüşleri berjaý edilende, oba hojalyk önümçiligini ösdürmeklige mümkinçilik artýar. Sebäbi, oba hojalygyň ähli pudaklary agrosenagat toplumynyň önümlerine, zähmet gurallaryna, ulaglaryna we hyzmat ediş gulluklara mätäçlik çekýär. Oba hojalyk pudaklaryna mydama zähmet gurallary – maşyn, traktorlar, her hili azallar, mineral dökünler, himiki serişdeler gerek. Şonuň üçin agrosenagat hyzmatdaşlygy her bir oba hojalyk kärhanasy üçin zerur zat. Oba hojalyk kärhanalary üçin uly gurluşyklary amala aşyrar ýaly gurluşyk edaralary bilen hem hojalygara hyzmatdaşlyk gerek. Öz gezeginde agrosenagat toplumy, onuň işläp bejeriji senagat kärhanalary üçin oba hojalyk önümleri (pagta, süýt, et, ýüň, miwe, gök

önümler we ş.m.) hökmany suratda zerur. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan oba hojalyk syýasaty esasynda hojalygyň bu pudagynyň ähli kärhanalaryna döwlet tarapyndan mydama hemaýat edilýär. Her ýylda daýhan birleşikler üçin, has kämil, dünýä ülňüsine gabat gelýän müňlerçe traktorlar, dürli görnüşli oba hojalyk tehnikalary satyn alynýar. Oba hojalyk ekinlerine zyýan beriji mör-möjeklere garşy göreşmek üçin gerekli himikatlar getirilýär. Welaýatlaryň hemmesinde biolaboratoriýalaryň işleýşine uly üns berilýär, olaryň doly işlemekligine döwlet ýardam edýär. Oba hojalyk önümlerini işlär ýaly agrosenagat kärhanalary gurulýar. AST pudaklarynyň arasynda özara hyzmatdaşlyk bolmasa, kärhanalaryň hiç biri hem işläp bilmeýär. Şonuň üçin bu toplumyň kärhanalarynyň arasynda elmydama özara ykdysady hyzmatdaşlygy berjaý etmek zerurdyr.

### 5.2.5. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda oba hojalygyny ösdürmek barada kabul edilen kanunlar we kararlar

2007-nji ýylyň mart aýynyň 30-nda Mary şäherinde, 2009-njy ýylyň 6-njy martynda Türkmenabat şäherinde, 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Daşoguz şäherinde geçirilen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatlarynda Obasenagat toplumynyň pudaklaryny ösdürmegiň ýörelgeleri işlenilip düzüldi. Daýhanlary höweslendirmek boýunça möhüm kararlara gelindi. Bu ugurda öňde durýan meseleleriň çözgütleri aýdyň beýan edildi. Olarda ýere, suwa eýeçilik etmek, aýawly garamak, oba hojalygyny tehnika bilen üpjün etmek meseleleri uly orun tutdy. Onuň ulanylyşynda jogapkärçiligi ýokarlandyrmak, tohum we dökün bilen üpjünçilik meselesi uly orun tapdy. Ýaşulularyň maslahatlarynda «Daýhan hojalygy hakyndaky» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny, «Daýhan birleşikleri hakyndaky» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny, «Arçynlar hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny, ýaly möhüm kanunçylyk namalary ara alyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatynda kabul edilen çözgütlerden ugur alyp, gowaçanyň, bugdaýyň bol hasy-

lyny öndürmäge oba žähmetkeşlerini ykdysady taýdan has höweslendirmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Bu resminama laýyklykda «Türkmenpagta» döwlet konsernine 2007-nji ýylyň hasylyndan başlap, Türkmenistanda öndürilen pagtany şertnama esasynda döwlet satyn alyş nyrhlaryndan satyn almaga ygtyýar berildi. Pagtany döwlet satyn alyş nyrhlary nah pagtanyň 1 tonnasy üçin 5200 müň manat, ýüpek pagtanyň 1 tonnasy üçin 7500 müň manat möçberde bellenildi. Tohumlyk bugdaýyň we pagtanyň hem bahalary kesgitlenildi. Oba zähmetkeşleriniň tabşyran pagtasy we bugdaýy üçin nagt pul tölemeli edildi. Oba hojalyk ekinleriniň dökün bilen üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen Marydaky azot zawodynyň durkuny täzelemek, onuň ýanynda täze karbamid we Tejendäki karbamid zawodynyň ýanynda ýene-de karbamid zawodyny gurmaly diýlip, karar edildi. Bu göz öňüne tutulýan zawodlar işe girizilse, oba zähmetkeşleri döküne mätäçlik çekmezler. Oba hojalyk ekinlerden alynýan hasylyň möçberi ýylsaýyn artar. Netije-de, daýhanlaryň maddy hal-ýagdaýy gowulanar. Daşoguz şäherinde geçirilen maslahatda «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» biragyzdan kabul edildi (*9-njy tablisa*).

*9-njy tablisa*

**Türkmenistanyň 2011–2030-njy ýyllar üçin esasy durmuş-ykdysady görkezijileriň ortaça ösüşi**

| Görkezijiler | 2011–2015 ý. | 2016–2020 ý. | 2011–2015 ý. | 2026–2030 ý. | 2030 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Adam başyna düşýän jemi içerki önümiň möçberi (manadyň satyn alyjylyk ukybynyň amerikan dollaryna bolan gatnaşygy, deňeşdirme nyrhlarda), ABŞ dollary | 18910 | 27980 | 36800 | 44800 | 48000 |
| JIÖ-de döwlete degişli däl eýeçiligiň paýy, % | 58 | 68 | 70 | 70 | 70 |
| Ilatyň ýaşaýyş jaý bilen üpjünçiligi, 1 adama kw.m | 20,8 | 21,4 | 22,0 | 22,6 | 22.9 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýurt boýunça ortaça aýlyk iş haky, manat | 1064,0 | 2010 | 3840 | 7458 | 9860 |
| Tebigy gaz, mlrd kub. metr | 101,6 | 172,3 | 200,3 | 218,7 | 229,8 |
| Nebit gaz kondensaty goşmak bilen, müň tonna | 14486,9 | 19885,0 | 33575,3 | 59053,6 | 66615,7 |
| Elektroenergiýa, mlrd kWt. sagat | 19,4 | 24,5 | 29,5 | 34,1 | 36,5 |
| Mineral dökünler-jemi (fiziki agramda), müň tonna | 1132,2 | 3703 | 7115 | 7375 | 7375. |
| Sement, müň tonna | 2120 | 2775 | 2998,8 | 3252,5 | 3387,4 |
| Magdan däl materiallary, müň kub. metr | 19128,3 | 25319,8 | 29447,0 | 30903,4 | 31283,7 |
| Metalloprokat, müň tonna | 84 | 125 | 160 | 160 | 160 |
| Pagta süýümi, müň tonna | 347,5 | 367,1 | 384,2 | 394,2 | 399,2 |
| Haly we haly önümleri, müň kw. metr | 1495,8 | 1854,3 | 2286,1 | 2666,6 | 2861,6 |
| Gön deri önümleri, müň kw. desimetr | 17390 | | | | |
| Ýuwlan ýüň, müň tonna | 6,0 | | | | |
| Oba hojalyk önümçiligine berlen suwarymly ýerler, müň ga | 1818,9 | 1933,9 | 2000 | 2000 | 2000 |
| Bugdaý, müň tonna | 1654,4 | 1747,7 | 1829,6 | 1872,6 | 1896,2 |
| Şaly, müň tonna | 80,8 | 82,1 | 84,8 | 89,8 | 93,0 |
| Pagta, müň tonna | 1121 | 1165,0 | 1200,4 | 1231,7 | 1247,6 |
| Et önümleri (diri agramda), müň tonna | 604,4 | 673,1 | 733,8 | 787,5 | 815,7 |
| Süýt, müň tonna | 2370,1 | 2577,7 | 2747,8 | 2944,8 | 3056,7 |
| Ýumurtga, mln. sany | 1089,6 | 1217,4 | 1266,6 | 1296,6 | 1313,5 |
| Ulaglaryň ähli görnüşleri bilen daşalan ýükleriň möçberi, mln tonna | 728,9 | 811,9 | 899,0 | 984,3 | 1025,3 |
| Demir ýol bilen, mln tonna | 28,4 | 31,1 | 34,0 | 37,0 | 37,5 |
| Awtoulaglar bilen, mln tonna | 597,2 | 617,0 | 656,7 | 712,4 | 740,0 |
| Howa uçarlary bilen, müň tonna | 11,2 | 12,3 | 14,4 | 16,7 | 17,7 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Suw gämileri bilen, müň tonna | 4440 | 5330 | 8,0 | 16,2 | 21,0 |
| Turbageçirijiler bilen, müň tonna | 98,9 | 170,5 | 200,3 | 218,7 | 226,8 |
| Ulaglaryň ähli görnüşleri bilen ýolagçylary gatnatmak, mln adam | 1302,6 | 1306,9 | 1342,5 | 1401,4 | 1433,7 |
| Demir ýol bilen, mln adam | 6,7 | 7,4 | 7,9 | 8,6 | 8,7 |
| Awtoulaglar bilen, mln adam | 1294,1 | 1297,3 | 1332,1 | 1389,8 | 1421,8 |
| Howa uçarlary bilen, müň adam | 1849 | 2186,8 | 2500 | 3000 | 3200 |
| Suw gämileri bilen, müň adam | 23,9 | 27,2 | 31,9 | 51,5 | 61,7 |
| Esasy ulanylýan telefonlaryň sany-jemi, müň sany | 666 | 812,2 | 1129,4 | 1315,2 | 1349,6 |
| Şol sanda: ilatdaky telefonlaryň sany, müň sany | 519 | 649,2 | 973,2 | 1144,8 | 1176,8 |
| Öýjükli telefon aragatnaşyk abonentleriň sany-jemi, müň | 2095 | 2748 | 3431 | 4168 | 5000 |
| Daşary söwda dolanyşygy – jemi, mln ABŞ dollar | 25451,7 | 37925,4 | 47226,8 | 60611,1 | 64582,9 |
| Şol sanda: Eksport, mln dollar | 14299,7 | 22867,4 | 29105,5 | 37198,3 | 39890,6 |
| Import, mln dollar | 11152,0 | 15058,0 | 18121,3 | 23412,8 | 24692,3 |
| Söwda balansynyň aratapawudy (saldosy) | 3147,7 | 7809,4 | 10984,2 | 13785,5 | 15198,3 |

Tablisanyň maglumatlary: Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri. Aşgabat, Türkmenistanyň Metbugat merkezi, 2010, sah. 3–16 alyndy.

Oba senagat toplumy üçin gerekli zähmet gurallary (traktorlar, olara gerekli şaýlar, ekskawatorlar, ýer tekizleýji, ýol bejeriji mehanizmler, ulaglaryň dürli görnüşleri), öň belleýşimiz ýaly, daşary

döwletlerden getirilýär. Ýaponiýanyň **«Komatsu LTD»** kompaniýasy gözel paýtagtymyzda özüniň wekilhanasyny açyp, ilkinji günlerden başlap, ygtybarly hyzmatdaşlygyny ýola goýdy. Şondan bäri Ýaponiýadan biziň ýurdumyza bir müňden gowrak dürli (ekskawatorlar, gum sürüji, ýer tekizleýji, turba goýýan, ýük ýükleýän) maşynlar we mehanizmler getirildi. Bu atlary agzalan traktorlar, maşynlar, mehanizmler agrosenagat toplumynda, gurluşykda, nebit-gaz ýataklaryny özleşdirmekde we hojalygyň beýleki pudaklarynda örän köp işleri ýerine ýetirýärler. Ýene-de, asyryň gurluşygy adyny alan Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýolunyň, «Dostluk» suw howdanynyň, «Altyn Asyr» Türkmen kölüniň gurluşyk işlerinde özleriniň artykmaç taraplaryny görkezdiler. Häzirki wagtda ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam edýän Türkmen kölüniň we beýleki desgalaryň gurluşyklarynda ady agzalan kompaniýanyň maşynlary, traktorlary işleýärler. 2002-nji ýylda gol çekilen ylalaşyga görä, Türkmenistan on ýylyň dowamynda her ýyl ýapon tehnikasynyň 200-e golaýyny satyn alar. Häzirki wagtda ýapon tehnikasyna hyzmat eder ýaly tehniki merkezler Mary we Balkan welaýatlarynda açyldy. Şolar ýaly tehniki merkezleri Lebap we Daşoguz welaýatlarynda hem açmaklyk göz öňüne tutulýar. Döwletimiz, ABŞ-da öndürilýän pagta ýygyjy kombaýnlary we dürli tehniki serişdeleri, Russiýada, Belorusda öndürilen ýer şürüji tehnikalary getirýär. Belorussiýaly hyzmatdaşlar bilen gol çekilen şertnamalara laýyklykda «Türkmenobahyzmat» assosiasiýasy «Belorus-1221» kysymly sürüm traktorlarynyň 1000-sini, «Belorus-80X» kysymly bejergi traktorlarynyň 1000-sini we «PLN-4-35-2PT» kysymly asma azallaryň 1000-sini alar. Belorus traktor öndürijileri – «Minskiý traktornyý zawod» we «Minskiý zawod şesteren» respublikan unitary kärhanalary täze maşynlar we agregatlar üçin ätiýaçlyk şaýlary, tigirleri ibermek barada ylalaşyldy. Türkmenistanyň oba hojalygynyň häzirkizaman ýokary öndürijilikli tehnika bilen üpjün edilmegi pudagy düýpli özgertmegiň möhüm ugurlarynyň biridir. Bu şertnamalaryň ýakyndan we netijeli hyzmatdaşlyk edilýän döwründe Türkmenistanyň Belorus maşyn gurluşykçylary bilen gol çeken ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk hakynda ylalaşygyň esasynda «Minskiý traktornyý zawod» kärhanasy ýurdumyzyň bäş welaýatynyň ählisine getirilýän tehnikalara hem hyzmat edýär. Ätiýaçlyk şaýlaryny yzygiderli

iberýärler. Belorus traktorlary ýokary ulanyş hili bilen öňräkden bäri türkmen mehanizatorlarynyň we ekerançylarynyň ýakyn kömekçilerine öwrüldi. Oba hojalyk ekinleriniň ählisi – dänelik, tehniki ekinler, gök önümler we ot-iýmlik ekinler ösdürip ýetişdirmekde üstünlikli ulanylýar.

Hünärmenleriň biragyzdan äýtmaklaryna görä, «Belorus-80X» we «Belorus-1221» kysymly traktorlar sürüm işlerinden hasyl ýygnamaga çenli tehnologik işleriň ähli tapgyryny üpjün edip bilýärler. Dorgudan hem degişli azallary bar bolan ýagdaýynda bu traktorlar bilen ähli oba hojalyk işleri amala aşyryp bolýar. Belorus tehnikasynyň satyn alnan täze uly tapgyry türkmen mehanizatorlaryna uly goldaw berer. Ekerançylyk meýdanlaryny ekişe taýýarlamakda hem-de gowaçalaryň hatar aralarynda bejergi geçirmekde, ýygylan pagtany kabul ediş nokatlara äkitmekde, gowaçanyň ýyglan gozalaryny arassalamakda, güýzlük bugdaýyň hasyly ýygnalandan soň ýerleri sürmekde, sürlen ýerlere borana basmakda, şüdügär ýerlere dökün dökmekde, dürli oba hojalyk ýüklerini daşamakda belorus traktorlary ulanylýar.

Bugdaýyň we gowaçanyň bol hasylyny almak maksady bilen, oba hojalyk ekinleriniň kesellerine, olara zyýan berýän mör-möjeklere we haşal otlara garşy göreşmekde himiki serişdeleri ulanmaly bolýar. Bu usul ekerançylygyň medeniýetini ýokary galdyrmakda esasy görkezijileriň biridir. Bu usuly amala aşyrmak üçin, Türkmenistanyň Prezidentiniň buýruklaryna laýyklykda galla ekinlerini goramak üçin «Türkmengallaönümleri» assosiasiýasyna «Karate», «Topik», «Illoksan» we «Granstar» himiki serişdeleri satyn almaga we şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi. Olary biziň ýurdumyza meşhur «Singenta Agro AG» şweýsar kompaniýasy we «GAP Pazarlama FZE» (BAE) we «IP Consult Internasional LTD» (Gibraltar) firmalary iberýär. Şweýsariýanyň beýleki bir kompaniýasy – «Globe Interstar AG» gowaça tohumyny kesellere garşy dermanlamak we ony ekiş möwsümine ýokary hilli taýýarlamak üçin Türkmenistana «R-4» himiki serişdesini iberer. Bu himiki serişdeler ýurdumyzyň dürli sebitlerinde ylmy we önümçilik synaglaryndan geçirilipdir. Şeýlelikde, türkmen hünärmenleri tarapyndan ol himiki jisimleri dürli

oba hojalyk ekinlerinde ulanmaklyga ygtyýar berilýär. Atlary agzalan meşhur daşary ýurt firmalary birnäçe ýyl bäri şu ugurda Türkmenistan bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýärler.

Ekerançylygyň ösmeginde esasy şertleriň biri ekiljek ekinleriň tohumynyň gowulandyrylmagyna bagly. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Tohumçylyk we sort synaglary baradaky döwlet gullugynyň döwletimiziň ähli welaýatlarynda ýerleşýän tejribe meýdançalarynda oba hojalyk ekinleriniň täze sortlaryny synagdan geçirmek boýunça işler tamamlandy. Onuň esasy maksady, olary mundanam beýläk önümçilige giňden ornaşdyrmakdan ybaratdyr. Olar, esasan, bugdaýyň täze sortlarynyň ýumşak görnüşleriniň 12-siniň, gaty görnüşleriniň 2-siniň, gowaçanyň sortlarynyň 26-synyň, şol sanda onuň inçe süýümli sortlarynyň 12-siniň we orta süýümlileriniň 14-siniň, şeýle hem gök-bakja ekinleriniň (pomidor we garpyz) 9-synyň nusgalarydyr. Olaryň ählisi ýurdumyzyň tohumlar bilen iş salyşýan alymlary – pudaklaýyn ylmy-barlag institutlarynyň işgärleri tarapyndan döredildi. Oba hojalyk ekinleriň täze sortlary dürli toprak-howa şertlerinde 3–4 ýylyň dowamynda synagdan geçirilipdir. Öňki ekilip ýörlen nusgalary bilen deňeşdirilende olar ýokary hasyllylygy, kesellere we oba hojalyk ekinlerine zyýan berijileriň garşysyna durnuklylygy, sowuga hem-de gurakçylyga çydamlylygy bilen tapawutlanýar.

2009-njy ýylyň 6-njy martynda Türkmenabat şäherinde Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahaty bolup geçdi. Maslahatda Türkmenistanyň hormatly Prezidenti oňa gatnaşyjylaryň öňünde çykyş etdi. Çykyşynda 2009-njy ýylyň başyndan täze türkmen manadynyň işe girizilendigi, raýatlaryň zähmet haklarynyň, pensiýalarynyň, döwlet kömek pullarynyň, talyp haklarynyň möçberleriniň 10% ýokarlandyrylandygy barada aýtdy. Döwletimizde Durnuklaşdyryş gaznasy döredildi. Maslahatda hormatly Prezidentimiz «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna üýtgetmeler girizmek hakynda Türkmenistanyň kanunyna gol çekdi. Resminama laýyklykda, çaga doglanda döwlet tarapyndan berilýän kömek pulunyň möçberi – birinji we ikinji çaga doglanda binýat ululygynyň 1,3 essesine, üçünji çaganyňky – 2,5 essesine, dördünji we ondan soňky dog-

lan çagalara binýatlyk ululygynyň 5 essesine çenli köpeldildi. Şeýle hem maýyplyk boýunça tölenýän pensiýalaryň hasaplanylyşyna üýtgetmeler girizilýär.

Hormatly Prezidentimiz oba ilatynyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, oba hojalyk toplumyny dünýäniň derejesine ýetirmek hem-de obanyň keşbini düýpgöter özgertmek barada täze maksatnamany öňe sürdi. Şol maksatnamada oba hojalyk ekinleriniň welaýatlaryň howa şertlerini nazara almak bilen ösdürip ýetişdirilmegini ylmy taýdan esaslandyryp guramagy maslahat berdi. Meselem: guraksy howaly, suw ýetmezligi ýiti duýulýan Balkan welaýatynda pagta öndürmek belli bir derejede kynçylyklary döredýär. Çykdajylary köp talap edýär. Şol sebäpli bu welaýatda maldarçylygy ösdürmeklige üns bermekligi wajyp hasap edýändigini nygtady. Oba hojalygy diýlende diňe bir pagta, däne, maldarçylyk önümleri däl, eýsem miwe, ir-iýmiş, gök, bakja önümlerini köp öndürip, olary orta we kiçi kärhanalarda täze tehnologiýalaryň hasabyna gaýtadan işläp, dürli önümleri dünýä bazarlaryna çykarmak meselesini çözmek hem zerurdyr. Biziň şireli gawunlarymyzdan glýukoza, konditer önümçiliginde örän ýokary hilli, dünýä bazarlarynda isleg bildirilýän önümleriň köp görnüşlerini öndürmek bolýar.

Biziň şu aýdanlarymyz oba hojalygyny bazar ykdysadyýetine gatnaşykda ösdürmegiň wezipelerine degişlidir. Daýhanda, mülkdarda ýere eýelik duýgusyny oýarmak döwletiň we jemgyýetiň wezipesi bolup durýar. Hususy hojalyklary, agrotelekeçiligi ösdürmeli. Obada kärhanalary döretmek üçin döwletiň karz pul bermegini janlandyrmaly. Bizde eýýäm bu ugurdan belli bir derejede tejribe toplanyldy. Mysal üçin, Baharly etrabyndaky «Guşçulyk toplumyny», Ahal, Lebap welaýatlaryndaky kolbasa öndürýän kiçi kärhanalary, Mary welaýatyndaky we Gubadag etrabyndaky süýt önümlerini gaýtadan işleýän hususy kärhanalary görkezmek bolar.

Oba ýerlerinde maglumat beriş bilim merkezleriniň döredilmeginiň zerurdygy baradaky çözgütler daýhanlaryň göwnünden turdy. Ähli etraplarda oba hojalyk ugry boýunça hünärmentçilik mekdepleriniň dörediljekdigi we olarda ýerli şertlere laýyklykda kärhanalaryň talaplary boýunça hünärmenleriň taýýarlanjakdygy ba-

radaky oňyn çözgüt obanyň keşbiniň düýpgöter özgerdiljekdigine esas bolýar.

Obanyň taryhy muzeýiniň dörediljekdigi, onuň raýatlaryň ruhy we maddy medeniýetiniň ýokarlanmagynda bahasyna ýetip bolmajak hyzmatlary bitirjekdigini hakydaňa getirseň, döwletiň «Täze oba» syýasatynyň näderejede ahyrky gözýetimleri nazarlaýandygyna düşüňmek kyn däl. Bu wezipäni çözmekde orta mekdepleriň mugallymlaryna we bilim işgärlerine aýratyn jogapkärçilik ýüklenýär. Obanyň muzeýi mekdebiň ýanynda dörediler. Onda obanyň tanymal adamlarynyň ykbaly we geçen zähmet ýoly barada baý maglumatlar toplanylar. Bular bolsa ösüp gelýän ýaş nesli atalarymyzyň başarjaň geçen zähmet we durmuş ýollarynda terbiýelemäge, geljekde obany özgerdijiler bolup ýetişmeklerine ýardam berer.

### 5.2.6. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda oba hojalygyny ösdürmek barada

Öň belläp geçişimiz ýaly, hormatly Prezidentimiziň aladalary netijesinde Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy işlenip düzüldi. Maksatnama Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 17-sine bolup geçen mejlisinde Prezidentimiz tarapyndan tassyklanyldy. Bu mejlisde eden çykyşynda **«Biz geljekde hem Diýarymyzy bereket çeşmesine, bolçulygyň mekanyna öwürmek barada uly işleri öz öňümizde maksat edip goýduk»** diýip nygtady. Milli maksatnama şu esasy maksatlary amala aşyrmak üçin işlenip düzüldi:

– oba ýerlerinde sosial obýektleri we inženerçilik desgalaryny ösdürmek;

– obalarda, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde türkmen jemgyýetçiligi tarapyndan kabul edilýän durmuş-ýaşaýyş şertleriniň ösen ulgamyny döretmek;

– sosial obýektler we inžener infrastrukturasynyň desgalary boýunça oba bilen şäheriň arasyndaky aratapawudy golaýlaşdyrmak, ilatyň oba ýerlerinde ýaşamak isleglerini pugtalandyrmaklygyň binýat esaslaryny döretmek we oba ilatynyň şäherlere gitmegini döwlet tarapyndan kadaly ýola goýmak;

– obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň suw, elektrik energiýa we gaz üpjünçiliginiň hilini ýokarlandyrmak;

– oba mekdepleriniň okuwçylarynyň bilim derejelerini ýokarlandyrmak, bilimiň hilini döwrebap talaplaryň derejesine götermek.

Saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek üçin her etrapda iki saglygy goraýyş öýüniň, hassahananyň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Saglygy goraýyş edaralaryny ýokary hünärli lukmanlar bilen üpjün etmek meýilnamalaşdyrylýar. Oba lukmançylyk ambulatoriýalarynda, etrap merkezi keselhanalarda abatlaýyş işlerini geçirmek, olary gyzgyn suw we merkezleşdirilen ýyladyş ulgamy, tiz kömek gulluklary kadaly işlär ýaly awtoulaglar, enjamlar, aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün etmek, oba medisina işgärleriniň durmuş-ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak boýunça gaýragoýulmasyz işler geçiriljekdir. Medisina ulgamynda gurluşyk işleri ýaýbaňlandyrylar. Bu işleriň durmuşa geçirilmegi üçin 320 mln manat (2010 ý.)[1] niýetlenilýär.

Oba ýerlerinde umumybilim ulgamyny ösdürmek maksady bilen ähli obalarda mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryny döretmek, olary döwrüň talabyna görä enjamlaşdyrmak, ýokary synplarda hünär okuwlaryny geçirmekligi giňişleýin guramak, oba mekdeplerini häzirki zaman tehniki serişdeleri bilen üpjün etmek, mekdep mugallymlarynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini döwrebaplaşdyrmak, obalarda, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 161,5 müň orunlyk 328 mekdebiň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Oba mekdepleriniň gurluşygyna 2 070 880 000 manat niýetlenilýär. 428 sany mekdebe çenli çagalar edaralary gurlar. Olarda 61,5 müň

[1]2010-njy ýylyň pul birligi boýunça aňladyldy.

çaga terbiýelener. Çagalar edaralarynyň gurluşygyna 2077,140 mln manat (2010 ý.) harçlanar.

Oba ýerlerinde medeniýet ojaklaryny ösdürmek boýunça birnäçe çäreleri geçirmek meýilnamalaşdyrylýar. 2020-nji ýyla çenli obalarda 215 oba medeniýet öýlerini gurmaklyk we olary maliýeleşdirmek üçin 163,080 mln manatlyk (2010 ý.) maýa goýumlar niýetlenilýär.

Oba ýerlerinde bedenterbiýäni we sporty ösdürmeklige uly üns berler. Oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 75,5 müň orunlyk 212 sport mekdepleriniň we merkezleriniň, 180 sport dezgalarynyň gurluşyklary alnyp barlar. Olara döwlet tarapyndan 454,08 mln (2010 ý.) manat serişde goýberiler.

Türkmenistanyň obalarynda, şäherçelerinde, etraplardaky şäherlerde we etrap merkezlerinde ilatyň suw üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen uzynlygy 22895,2 kilometre barabar suw geçirijileri, ilatyň agyz suwy we mellek ýerlerini suwarmak niýeti bilen dik guýularyň 2774-isini gurmak we olaryň gurluşygy üçin 2256,2 mln manat (2010 ý.) harçlanar diýip çaklanylýar.

Türkmenistanyň obalarynda, şäherçelerinde, etraplardaky şäherlerde we etrap merkezlerinde ýollaryň durky täzelener. Umumy uzynlygy 23836,4 kilometre barabar awtomobil ýollar gurlar, olaryň gurluşygyna 1269,6 mln (2010 ý.) manat döwlet serişdeleri goýberiler.

Gaz geçirijileriň durkuny täzelemk we gazlaşdyrylmadyk, täze gurlan obalara, şäherçelere gaz geçirmek üçin umumy uzynlygy 12806,2 kilometr gaz desgalaryny gurmak üçin 597,88 mln (2010 ý.) manat harçlanar.

Oba ýerlerinde uzynlygy 24441,2 kilometre deň bolan elektrik geçirijileri we desgalary gurlar. Olary maliýeleşdirmek üçin 2236,94 mln (2010 ý.) manat serişdeler goýberiler.

Milli maksatnamada oba ýerlerinde telekommunikasiýa ulgamyny ösdürmek boýunça islege görä doly telefonlaşdyrmak, awtomatlaşdyrylan telefon beketleri tapgyrlaýyn elektron görnüşlere geçirmek maksatlary üçin 170,820 mlrd manat maýa goýumlary özleşdiriler.

Türkmenistanyň obalarynda, şäherçelerinde, etraplardaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 5222,4 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýlary gurlar. Ol işleri ýerine ýetirmek maksady üçin 1443,72 mln (2010 ý.) manat serişdeler ulanylar. Uzynlygy 6336,8 kilometr bolan lagym geçirijileriň gurluşygy amala aşyrylar. Olary maliýeleşdirmek maksady üçin 603,620 mln (2010 ý.) manat maýa serişdeleri goýberiler (Türkmenistanyň Prezidentiniň Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007, sah. 9–23).

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin» Milli maksatnamasy boýunça jan başyna düşýän jemi içerki önümiň möçberi (manadyň satyn alyjylyk ukybynyň amerikan dollaryna bolan gatnaşygy deňeşdirme nyrhlarynda) 2011-nji ýylda 16250; 2012-nji ýylda 17500; 2013-nji ýylda 18800; 2014-nji ýylda 20300 we 2015-nji ýylda 21700 dollara barabar bolar. Içerki önümiň yzygiderli we durnukly ösüşi ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagyň, halk hojalygynyň pudaklarynyň kärhanalaryna täze tehnologiýanyň ornaşdyrylmagynyň hem-de maýa goýumlaryň möçberini artdyrmagyň hasabyna gazanylar. Ilatyň ýaşaýyş jaý üpjünçiligi gowulanar. Jan başyna düşýän ýaşaýyş jaýyň meýdany 20,8 inedördül metre ýetiriler. Ýurt boýunça ortaça zähmet haklary yzygiderli ýokarlandyrylar. 2011-nji ýylda ortaça aýlyk zähmet hakynyň möçberi 820 manat bolar. 2012-nji ýylda 920; 2013-nji ýylda 1050; 2014-nji ýylda 1190; 2015-nji ýylda 1340 manada ýetiriler. Şu ýyl (2009) ortaça aýlyk zähmet hakynyň möçberi 721,2 manat boldy (A. Muhanow, 2010).

2011–2015-nji ýyllarda pagtanyň öndürilişi ortaça 1121 müň tonna ýetiriler (*9-njy tablisa*). 2010-njy ýylda 1300 müň tonna pagta öndürdi.

**T. Annagulyýewiň** (2010) ýazmagyna görä, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň bilermenleriniň berýän maglumatlarynda adamyň gündelik ulanýan iýmitinde et, süýt, ýag, balyk, miwe, gök, bakja we beýleki dürli görnüşli önümleriň gatnaşyk mukdarynyň yzygiderli artýandygyna garamazdan, çörek we çörek önümleri onuň esasy azyklyk iýmitleriniň biri bolup durýar. 2010–2015-nji ýyllarda her ýylda adam başyna ortaça 140 kilograma golaý çörek

we çörek önümleri ulanylar diýlip çak edilýär. Bugdaýyň öndürilişi şol ýyllar aralygynda artdyrylyp, onuň ortaça möçberi 1654,4 müň tonna ýetiriler. Şalydan hem ýokary hasyl alnar. Ol 2011–2015-nji ýyllar aralygynda 80,8 müň tonna ýetiriler. Şol ýyllar aralygynda ekerançylyk meýdanlarynyň möçberi suwarymly ýerler boýunça 1818,9 müň gektara barabar bolar. Et önümleriniň öndürilişiniň diri agramda 2011–2015-nji ýyllar aralygynda ortaça möçberi 604,4 müň tonna bolar. Şol ýyllar aralygynda süýdüň öndürilişiniň ortaça möçberi 2370,1 müň tonna ýetiriler (*9-njy tablisa*).

## EDEBIÝAT


*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T. 3. Aşgabat, TDNG, 2010, с. 109–130.

*Annagulyýew T.* Mukaddes hazyna. «Türkmenistan» gazeti, 2010-njy ýylyň 18-nji iýuny.

*Дмитриевский Ю. Д.* Очерки социально-экономической географии: развитие и проблемы. Ленинград, «Наука», 1990.

Географическая экспертиза хозяйственного освоения территории. Новосибирск, «Наука», 1992.

Краткий климатический справочник по Туркменской ССР. Ашхабад, 1969.

Территориальная организация хозяйства в современных условиях. Москва, 1990

*Muhanow A*. Milli ykdysadyýet: onuň sagdyn esaslary. «Mugallymlar gazeti», 2010-njy ýylyň 18-nji iýuny.

Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri. Aşgabat, Türkmenistanyň Metbugat merkezi, 2010.

## V.3. TÄZE ÝERLERI ÖZLEŞDIRMEK

### 5.3.1. Täze ýerleri özleşdirmeklik önümçiligi ornaşdyrmaklygyň esasy ýörelgeleriniň biridir

Täze ýerleri özleşdirmeklik döwletiň çäginde ilatyň sanynyň artyşy we iş ýerlerini döretmekligiň zerurlygy bilen baglanyşykly. Ösýän döwletlerde täze ýerleri özleşdirmek öňki ekilýän ýeriň hasyllylygynyň peselmegi, melioratiw ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy, oba hojalyk ekinleriniň ýaramaz idedilýänligi bilen hem baglanyşykly bolýar. Olaryň köpüsinde şol ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmaga döwletiň serişdesi we ykdysady mümkinçiligi bolmaýar. Bular ýaly döwletler täze ýerleri özleşdirip, oba hojalyk ekinlerden alynýan hasyllary artdyrýarlar. Muňa edebiýatda hojalyklaryň ekerançylygynyň **ekstensiw** ösdürilişi diýilýär. Ýagny, ekilýän ýerleriň meýdanyny artdyryp, köp hasyl almaklykdyr. Bu ýagdaý ykdysady taýdan gowşak ösen döwletleriň köpüsi üçin häsiýetlidir. Täze ýerleri özleşdirmeklik oba hojalygynda wagtlaýyn üstünliklere eltip biler. Emma olar ýaly edilende ekilýän ýerler sandan çykýar, hojalyk dolanyşygyndan galýar. Sebäbi ol ýerlerde agrotehnikanyň talaplary berjaý edilmeýär. Ýerlere mineral we organiki dökün az dökülýär, mehanizmlerden az peýdalanylýar. Şeýlelikde, yssy guşaklyklarda ýerleşen döwletlerde esasy üns ýerleri suwarmaklyga berilýär. Ekilen ekinlere wagtynda ideg edilmeýär. Ýerler hapa-haşal otlardan arassalanmaýar. Ýerleri ot basýar. Şol sebäpli, ekilen ekinlerden hasyl pes alynýar. Netijede, ekilip ýörlen ýerde ýerasty suw ýeriň üstüne golaýlaýar. Wagtynda ýa-da öňünden zeýkeş gazylmaýar. Ýerler şorlap we zeýläp başlaýar. Bular ýaly ýerlerden soň ekin ekip, hasyl aljak bolsaň, köp çäreleri görmeli bolýar, çykdajyny, wagty köp talap edýär. Şonuň üçin dünýäniň ösen döwletlerinde täze ýerleri özleşdirmeklige kän bir üns bermän, öňki ekilip ýörlen ýerleriň hasyllylygyny artdyrmak hakda alada edýärler. Döküni, suwy hakyky berilmelisi ýaly edip berýärler. Mehanizmlerden doly peýdalanýarlar. Ýerleriň hasyllylygyny artdyrýarlar we köp hasyl alýarlar. Maldarçylykda hem ýagdaý şeýleräk. Oňat tohum mallary saklap, gowy idegini ýetirip,

ýokary önüm alýarlar. Bular ýaly edilende hojalyk intensiw ösýär, ýagny yzygiderli ösýär diýildigidir.

Tebigy baýlyklary özleşdirmeklik döwletiň öndüriji güýçlerini ösdürmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin gazma baýlyklaryň bar ýerlerinde, olary hojalykda peýdalanmak üçin döwlet maýa goýumlary bilen üpjün edýär. Ilkibada geologlar gözleg-barlag işlerini amala aşyrýarlar. Ýerasty baýlyklaryň gorlary anyklanandan soňra, ol ýerde şolary hojalykda ulanmak üçin zerur işler amala asyrylýar. Magdanyň görnüşine, hiline görä, ilkinji nobatdaky edilmeli işleri edip başlaýarlar. Ýerasty baýlyklary (nebit we tebigy gaz) gazylyp goýlan burawlardan turba geçirijiler arkaly äkidilmeli ýerlerine äkitmek üçin zerur işler amala aşyrylyp başlanýar. Biziň şertlerimizde, ilkinji nobatda, ol ýere awtomobil ýol eltilip, beýleki işlere soňundan başlanylýar. Burawy, guýyny, ýoly çäge basmaz ýaly çäreleri hem görmeli bolýar.

### 5.3.2.Ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmekligiň esasy döwürleri

Ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmekligiň **ilkinji döwri** – özleşdiriljek ýeriň hojalyga zerurdygyna akyl ýetirmekden başlaýar. Özleşdiriljek ýeriň tebigy şertleriniň we baýlyklarynyň möçberini anyklap, şoňa hojalykda zerurlygyň ýüze çykandygyna göz ýetirmeli. Soňra ol ýeriň tebigy ýagdaýyny gowy seljerip, hojalyga nähili ýagdaýlarda peýda getirjekdigine çaklama ýagdaýynda baha bermeli. Şeýle edilip öwrenilmeginiň sebäbi islendik ýeri hojalyk maksatlary üçin özleşdirmeklige niýet edilende barlaglaryň üsti bilen ýeriň tebigy öndürijiligini, hasyllylygyny bilmeli. Ony ylmy esasda subut etmeli. Gelnen ylmy-barlag netijeler ýerleri özleşdirjek hojalyklara hasabat görnüşinde berilse gowy bolýar. Täze ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmekligiň **ikinji döwri**, özleşdiriljek ýeriň taslamasy (proýekti) boýunça maliýe işlerini düzedip, hojalyk işlerine başlanylýar. Özleşdirilýän ýere daýhan birleşigi ýa-da beýleki kärhanalar tarapyndan ýörite jogapkär hünärmen ýolbaşçylyk edýär. Şonuň

ýolbaşçylygynda öňünden düzülen taslama esasynda işe başlanylýar. Taslamada (proýektde) ilki zerur zatlary: awtomobil ýoly, elektrik geçirijini, aragatnaşyk ulgamyny, ýaşaýyş jaýlaryny gurmaklyk göz öňüne tutulýar. Ýaşaýyş jaýlar gurlanda ähli şertler: suw, gaz, elektrik geçirijilerini, telefon ulgamyny, oba ilatyna hyzmat eder ýaly söwda nokatlaryny, tikinçilik, aýakgap bejerýän ussahanalaryny, dellekhana, hammam, eşik arassalaýan, çörek bişirýän kärhanalary, çagalar bagyny, mekdep, keselhana, saglyk öýüni, tehniki serişdeleri bejerýän ussahana, şäherara gepleşilýän telefon jaýy, etrap bankynyň bölümi we ş.m. durmuş hyzmaty kähanalary gurmaklygy ýatdan çykarmaly däl.

Täze ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmekligiň **üçünji döwri** ilaty göçürip eltmekden ybarat. Bu mesele esasy mesele hasaplanýar. Sebäbi ilata öňki ýaşaýan ýerine garanda ýaşaýyş şerti, gazanç meselesi, ýagny aýlygy öňki iş ýerindäkä garanda gowy bolmasa ilaty göçürip eltmek kyn bolýar. Şonuň üçin esasy üns berilmeli zat, önümçilik hakda pikir etmeli. Göçüp geljek adamlaryň hemmesi daýhançylyk bilen meşgullanmaz. Önümçilik kärhanalaryna görä hünärmenleri saýlap almagy başarmaly. Täze ýerleri özleşdirmegiň üç sany ýörelgesi Ruhubelent, Döwletli, Altyn sähra etraplary döredilende berjaý edildi.

### 5.3.3. Täze özleşdirilen ýerlerde önümçiligi gurnamaklygyň ugurlary

Täze özleşdirilýän ýerde oba hojalyk işleri bilen meşgullanylýan bolsa, ilki üns berilmeli zat nähili oba hojalyk ekinleri ekilmeli. Eger pagtaçylyk bilen meşgullanyljak bolsa ekin dolanyşygyny amala aşyrar ýaly däneçiligi, ot-iým ekerançylygyny hem ösdürmek zerur. Däneçilikden galýan ot-iýmleri isrip etmez ýaly maldarçylygyň dürli (gara mallar, goýundarçylyk, guşçulyk) pudaklaryny ösdürmeklige mümkinçilik bar. Şolar ýaly hojalykda hemmesini ugurdaş alyp gitmäni başarýan hünärmenler gerek. Döwletimiziň bazar ykdysadyýetine geçýän döwründe hojalygy hemmetaraplaýyn ösdürmek zerur hasaplanylýar. Pagtaçylyk, däneçilik ösdürilende bagçylygy, miwe-

çiligi, bakjaçylygy, gök ekerançylygy, ot-iýmlik ekinleri ekmekligi, maldarçylygyň dürli pudaklaryny ösdürmekligi hem ýatdan çykarmaly däl. Obada oba hojalygyny yzygider, hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin alada etmeli. Ýokarda atlary agzalan ekinleriň hasyly bilen diňe öz oba adamlaryňy üpjün etmän, mümkinçilik boldugyndan goňşy etraplara we dünýä bazaryna çykarmagyň ýollaryny gözlemeli. Ýerden iki-üç hasyl almany guramaly. Ýeri, başarsaň, boş goýmaly däl. Ekin dolanyşygyny ýatdan çykarman, berjaý etmeli.

Oba hojalyk ekinlerinden ýygnalan hasyly, mümkinçilik bolsa, öz ýerinde işlemegi gurnamaly. Onuň üçin pagta arassalaýjy zawod, egirme-dokma fabrikasy, ýag zawody ýaly kärhanalary gurmagyň aladasy bilen bolunsa, hojalygy hemmetaraplaýyn ösdürip bolýar. Üzümçiligiň, miweçiligiň, gök ekerançylygyň hasabyna tomat-konserwa, çakyr, miwelerden ýasalan şerbet suwlary, toşap öndürmekligi ýola goýmak mümkin. Şeýlelikde, hojalygy hemmetaraplaýyn ösdürmeklige ýerinde mümkinçilik döreýär.

Täze özleşdirilýän ýer dag-magdan senagatyny ösdürmek üçin niýetlenen bolsa, esasy senagat pudagyndan başga, goşmaça pudaklaryň hem pikirini etmeli. Sebäbi, önümçilik zyňyndysyz, çykdajysyz bolsa daş-töweregi hapalamazlyk üçin gowy. Islendik hojalyk pudagy gurlanda-da ekologik şertleri gyşarnyksyz berjaý etmeli.

### 5.3.4. Durmuş hyzmaty kärhanalaryny ösdürmekligiň zerurlygy

Täze özleşdirilen ýerlerde hojalyk işlerini gurnamak bilen bir hatarda durmuş hyzmaty pudagynyň kärhanalaryny döretmeklige girişilýär. Etrap merkezinde we obalarda jaý gurluşygy başlananda şonuň bilen ugurdaş durmuş hyzmaty gullugynyň (mekdep, çagalar bagy, hassahana, sagaldyş öýi, söwda nokatlary, aragatnaşyk kärhanalary, jemgyýetçilik tertip-düzgüni berjaý ediler ýaly polisiýa bölümi, daýhan birleşiginiň we etrabyň dolandyryş edaralarynyň jaýlary) kärhanalarynyň ymaratlaryny gurmaklyk meýilnamalaşdyrylýar. Etrap merkezinde guruljak önümçilik kärhanalarynyň, etrabyň dolandyryş edaralarynyň, durmuş hyzmaty kärhanalarynyň taslama

meýilnamasy döwletiň degişli taslama meýilnamalaryny taýýarlaýjy institutlar tarapyndan düzülýär. Guruljak önümçilik kärhanalary, dolandyryş edaralary, durmuş hyzmaty gullugy kärhanalary öz zerurlyk derejeleri boýunça döwletiň gurluşyk edaralary tarapyndan gurulýar. Ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy bilen bir hatarda mekdepleriň, çagalar baglarynyň, saglygy goraýyş edaralarynyň gurluşygy berjaý edilýär. Sebäbi bu kärhanalar biri-biri bilen baglanyşykly bolýarlar. Şonuň üçin olaryň gurluşygy yza çekdirilmän ugurdaş alnyp barylýar.

Obalary gurmaklygyň inženerlik taslamasy (proýekti) hem köp halatlarda döwlet taslama edaralary tarapyndan taýýarlanylýar. Ýekebara (indiwidual) hojalyklaryny edinmek isleýän raýatlara mellek ýerler berilýär. Jaý gurmak üçin, zerurlyk ýüze çykan wagtynda, raýatlara döwlet tarapyndan, Prezidentimiziň Permany bilen 30 ýyllyk möhlete çenli ýeňillikli karz pullar berilýär. Täze gurlan obalarda telekeçilige giň ýol açylýar. Oba raýatlaryna, isleglerine görä, durmuş hyzmaty kärhanalaryny gurmaklyga doly rugsat edilýär. Seýlelikde, obalarda hususy magazinler, maşynlary abatlaýjy we zähmet gurallaryny ýasaýan ussahanalar, dellekhanalar, tikinçilik, halyçylyk sehleri, toýlara hyzmat edýän we ş.m. hususy kärhanalar gurulýar. Käbir obalarda toýlary geçirmekde ulanyljak stol-stullary, gap-çanaklary berýän prokat punktlaryna hem gabat gelip bolýar. Umuman, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulanmagy bilen durmuş hyzmaty kärhanalarynyň sany artýar.

### 5.3.5. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalary, şäherçeleri, etrapdaky şäherleri we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy esasynda täze döredilen etraplaryň hojalygyny ösdürmek

2007–2008-nji ýyllarda döwletimizde Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen 3 sany etrap döredildi. **Ruhubelent etraby** 2007-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň karary bilen Şasenem, Şähribossan, Diýarbekir

düzlüklerindäki hojalyklaryň esasynda Ruhubelent etraby esaslandyryldy. Onuň meýdany 400 müň gektara golaýdyr. Şonuň 50 müň gektary özleşdirilen ýerlerdir. Bu ýer 10 sany daýhan birleşigini döretmek üçin niýetlenilýär. Ýakyn ýyllarda özleşdirilen meýdanlaryň möçberini 270 müň gektara çenli giňeltmek göz öňüne tutulýar. Etrap pagtaçylyga, däneçilige we maldarçylyga ýöriteleşdirilýär. Onuň çäginde bir şäherçe, 14 geňeşlik we 67 oba ilatly mesgeni bar. Etrap merkezi Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir we awtomobil ýollaryna ýakyn ýerleşýär. Hormatly Prezidentiň ýolbaşçylygynda etrap merkezi Ruhubelent şäherçesiniň düýbüni tutmaklyga badalga berildi. Şäherçede bir ýylyň dowamynda häzirki zaman ülňülerine laýyk gelýän dolandyryş edaralarynyň jaýlary, mekdep, saglygy goraýyş edaralary, medeni we söwda kärhanalary guruldy. 2008-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Ruhubelent etrabynyň merkezinde gurlan durmuş-ykdysady desgalaryň 40-dan gowragynyň dabaraly açylyşy boldy. Bina edilen ajaýyp ak mermerli etrap merkezi Täze Galkynyş zamanymyzyň türkmen obasynyň ajaýyp simwolyna öwrüldi. Munuň özi, ýurdumyzy ösdürmekde, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmakda döwlet tarapyndan edilýän işleriň örän oňat netije berýändigini görkezýän hakykatdyr.

2007-nji ýylyň awgust aýynda Amyderýanyň sag kenarynda Ýylanagyz we Tallymerjen boz ýer ýaýlasynda özleşdirilen tarp ýerleriň esasynda **Döwletli** etraby döredildi. Bu ýerlerde basgançak görnüşinde eýýäm 50 müň gektar ýer ekerançylyk maksatlary üçin özleşdirilen. Etrabyň hojalygy pagtaçylyk, däneçilik, dowardarçylyk boýunça ýöriteleşýär. Özleşdirilen ýerleriň esasy bölegi Ýylanagyz ýaýlasynda ýerleşýär. Ekerançylyk meýdanlaryna Amyderýanyň suwy suwsorujylaryň kömegi bilen eltilýär. Etrabyň dolandyryş merkezi (öňki Jeýhun) Döwletli şäherçesidir. Şäherçede we obalarda durmuş-medeni ähmiýetli edaralar, ýaşaýyş jaýlary, ýollar, gaz we elektrik geçirijiler guruldy we gurulýar.

2008-nji ýylyň 19-njy aprelinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň karary bilen **Altyn Sähra** etraby döredildi. Onuň edara ediş merkezi edilip Parahat şäherçesi bellenildi. Parahat şäherçesi Aşgabat-

-Mary demir ýolunyň ugrunda ýerleşýär. Bu ýerden Tejen-Sarahs--Maşat demir ýoly başlanýar. 2010-njy ýylyň 16-njy fewralynda gadymy Jojukly düzlüginde Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň gatnaşmagynda etrap merkezinde, Parahat şäherçesinde üç gatly etrap häkimliginiň binasy, iki gatly, bir wagtyň özünde nasaglaryň 30-syny kabul edip bilýän Saglyk öýüniň, 50 orunlyk hassahananyň täze binalary, 320 orunlyk döwrebap mekdep, 90 orunlyk täze çagalar bagy, 200 orunlyk Medeniýet merkezi, etrabyň dolandyryş edaralarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň açylyş dabarasy boldy. Etrap merkezinde gurlan ymaratlar inžener-kommunikasion infrastruktura, gaz, suw, lagym geçiriji, elektrik energiýasy, aragatnaşyk we bank ulgamlary bilen üpjün edilipdir. 2009-njy ýylda Altyn sähra etrabynyň daýhanlary 4 müň tonnadan gowrak pagtany, 800 tonna golaý gant şugundyryny taýýarlapdyrlar. Etrap pagtaçylyga, maldarçylyga we däneçilige ýöriteleşýär. Etrabyň obalaryna elektrik, suw, gaz, aragatnaşyk ulgamlary çekilýär. Etrabyň ykdysadyýetiniň geljegi uludyr.

## EDEBIÝAT


Türkmenistanyň Prezidentiniň Obalary, şäherçeleri, etrapdaky şäherleri we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda edilen çykyşy. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T. 3. Aşgabat, TDNG, 2010.

*Кузнецов М.В.* Общественно-организационноя территория как объект географического исследования. В сбор. «География в системе наук». Ленинград, «Наука», 1987, с.186-193.

*Приваловская П.А., Рунова Т.Г.* Природопользование в системе географических исследований. В сбор. «География в системе наук» Ленинград, «Наука» 1987, с. 117-131.

## V.4. ULAG WE ARAGATNAŞYK ULGAMLARYNY ÖSDÜRMEGIŇ YKDYSADY-GEOGRAFIKI MESELELERI

### 5.4.1. Ulag ulgamlarynyň hojalygy ösdürmekde ähmiýeti

Ulag – hojalygyň iň esasy pudaklarynyň biri. Eger ol ösen bolmasa, hojalygyň hiç bir pudagy hem ösmeýär. Şonuň üçin hojalygy adam bedeni bilen deňeşdirsek, ulag onuň gan damarlarynyň hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Hojalygyň bazar ykdysadyýetine geçýän we geçen döwründen ulag görnüşleriniň ähmiýeti has hem artýar. Hojalygyň (senagatyň we oba hojalygyň) çig mal ätiýaçlyklara bolan islegini kanagatlandyrmakda we taýýar önümleri sarp edijilere ýetirmekde ulaglar ulgamynyň ähmiýeti has hem uly. Ulaglar ulgamynyň ýolagçy gatnatmakda hem deňi-taýy ýok. Ol sazlaşykly işlände geografiki zähmet bölünişini maksadalaýyk gurnamaga mümkinçilik berýär. Hojalyk we döwlet üçin maddy-tehniki ätiýaçlyk bolup hyzmat edýär. Ol maddy önümçiligiň yzygider we peýdaly ösmegine sebäpkär bolýar.

Ulaglar ulgamy önüm öndürmeýär. Emma önüm öndürmeklige gatnaşýar. Hojalyk kärhanalary üçin gerek bolan çig mallary getirmekde, taýýar önümi sarp ediljek ýerlerine eltmekde onuň ummasyz ähmiýeti bar. Şonuň üçin ulag arkaly çykarylan çykdajylar taýýar önümiň bahasyny ortaça 9–10% gymmatladýar. Ulag çykdajylary senagat kärhanalarynda çig mal we aýlyk (zähmet haky) çykdajylardan soňra üçünji orunda durýarlar.

Ulag – maýa goýumlary köp talap edýän hojalyk pudagy hasaplanýar. Oňa her ýylda döwlet belli bir derejede maýa goýumlary göýberip dursa hojalyga diňe peýda gelýär. Käbir alymlaryň pikirine görä, döwletiň ähli maýa goýumlarynda ulagyň we aragatnaşygyň paýy 25–26%-den az bolmaly däldir (Žukow, 1986). Eger-de döwlet maýa goýumlaryny tygşytlap, ulaga we aragatnaşyk serişdelerine az çykdajy çykarsa, onda olar öňki bar bolan enjamlar bilen işlemeli bolýarlar. Olar ýyl geçdigiçe könelýär, hatardan çykýar. Ol hem öz gezeginde hojalygyň ösmegine ýaramaz täsir edýär.

SSSR döwründe GOELRO plany boýunça ulaglary ösdürmek üçin senagata, oba hojalygyna, energetika goýberilýän maýa goýumlaryň 46,5%-i ulaglar üçin goýberilipdir. Emma soňky ýyllarda oňa 10–11% maýa goýumlar goýberilip, esasy önümçilik serişdelerinde (основные производственные фонды) onuň tutýan orny 23,1% (1965-nji ýyl) bolan bolsa, 1985-nji ýylda 20,4%-e çenli aşak düşüpdir. 1990-njy ýyllara çenli ulag ulgamlarynyň näsaz işlemegi netijesinde senagat kärhanalary 7 – 8 mlrd rubl, oba hojalygy – 4 mlrd-a golaý, gurluşyk, söwda we üpjünçilik ulgamy – 3 mlrd rubl her ýyl zyýan çekipdir.

Şol sebäpli Türkmenistanda 1992-nji ýyldan başlap täze ulag ulgamlaryny döretmeklige uly üns berildi. Döwletiň çäginde oňat, dünýäniň talaplaryna laýyk gelýän ýollar bolmasa, döwletiň ykdysadyýetini göwnejaý ösdürip bolmaýar. Sol sebäpli Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap döwletimizde ulaglar ulgamynyň ösdürilmegine uly üns berildi.

### 5.4.2. Ulag ulgamlaryny ösdürmeklige döwletiň ýardam etmegi

Ulag ulgamy ýurdy ykdysady, medeni taýdan ösdürmeklik üçin örän zerur hasaplanylýar. Ulag ulgamy oňat ýola goýulmasa ykdysadyýet, medeniýet hem ösüp bilmeýär. Dünýäniň köp döwletlerinde demir we awtomobil ýollary gurmaklygy döwlet öz boýnuna alýar. Sebäbi şu ýollary gurmak köp derejede maddy serişdeleri, çig mallary, zähmet gurallaryny köp talap edýär. Ony gurmaklyga ösýän, ýaş döwletlerde hususy firmalaryň mümkinçiligi bolmaýar. Şonuň üçin döwlet ähmiýetli ýollary (demir we awtomobil) köp ýagdaýda döwletiň özi döwlet edaralary ýa-da daşary ýurt firmalary bilen bilelikde amala aşyrmaly bolýar.

1991-nji ýylyň oktýabrynda ýurdumyz Garaşsyzlygyny alandan soň döwletimizde ulag ulgamlaryny gurmaklyga girişildi. Sebäbi öňki bar bolan ýollaryň hiç biri hem dünýä, halkara standartyna gabat gelmeýärdi. Hili, diýseň, ýaramazlaşypdy. Şonuň üçin Eýran Yslam respublikasynyň kömek etmegi bilen Aşgabat–Arçman (120 km) ara-

lyga iki taraply, dünýä ülňülerine gabat gelýän ýol guruldy. Aşgabat şäheriniň we welaýat merkezleriniň içki ýollarynyň durky täzelendi we täzelenýär. Tejen–Sarahs halkara demir ýoly işe girizildi. Onuň üsti bilen Aziýanyň we Ýewropanyň köp döwletleriniň ýüki Pars aýlagyna tarap gatnadylýar. Soňra Türkmenabat–Atamyrat aralygyna demir ýol ulanylmaga berildi. Atamyrat–Kerkiçi aralygyna Amyderýanyň üstünden demir ýol köprüsi guruldy. Bu köpri Amyderýanyň sag kenaryny, çep kenary bilen birleşdirdi. Ol ýol boýunça hem her hili senagat, oba hojalyk ýükleri äkidilýär we getirilýär. Aşgabat–Garagum –Daşoguz awtomobil ýolunyň bir tarapynyň gurluşygy tamamlandy. Ikinji tarapynyň hem gurluşygy dowam etdirilýär. Şu aralyga demir ýol ulanylmaga berildi. Türkmenbaşy–Aşgabat aralygynyň awtomobil ýolunyň durky täzelenýär.

Döwletimizde ýol gurluşygy ähli welaýatlarymyzda dowam etdirilýär. Gurulýan demir we awtomobil ýollar dünýä ülňüsine gabat getirilýär. Gurulýan ýollaryň halkara ähmiýeti uly bolar. 2007-nji ýylyň oktýabrynda Tähran şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň ýokary derejedäki ikinji duşuşygynda Türkmenistanyň, Eýranyň we Gazagystanyň Prezidentleri tarapyndan sebitiň halklarynyň bähbitleri üçin durmuşa geçirilýän täze giň möçberli taslama bolan **Demirgazyk – Günorta** demir ýoluň bilelikdäki gurluşygy hakyndaky üçtaraplaýyn Ylalaşyga gol çekildi. Gazagystanyň Uzen şäherinden –Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen (Eýran) aralyga çenli guruljak demir ýoluň uzynlygy 900 km-e barabar bolar. Şonuň 700 km-i Türkmenistanyň çäginden geçer. Bu taslamanyň iş ýüzünde amala aşyrylmagyna 2007-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Bereket stansiýasynda badalga berildi. 2010-njy ýylyň iýul aýynyň başyna çenli bu ýoluň 300 km-i guruldy. 2010-njy ýylyň ahyryna çenli ýoluň umumy uzynlygynyň 350–360 km-ni gurup gutarmak göz öňünde tutulýar. Demir ýoluň gurluşygyny 2011-nji ýylyň aýagyna tamamlamak niýet edilýär. Gurulýan demir we awtomobil ýollar biziň ýurdumyzy Russiýa, Gazagystan, Demirgazyk Kawkaz, Türkiýe, Günbatar Ýewropa we Aziýa, Eýran, Pars aýlagy-kenary döwletleri bilen baglanyşdyrar.

2010-njy ýylyň 21-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Türkmenistanyň Ministrler Ka-

binetiniň Başlygynyň orunbasary Gazojak–Şasenem–Daşoguz demir ýolunyň gurluşygyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat bilen çykyş edip, döwlet Baştutanynyň tabşyrygy boýunça taýýarlanan degişli taslama bilen tanyşdyrdy. Türkmenistanyň Prezidenti Lebap we Daşoguz welaýatlarynyň hem-de olaryň administratiw merkezleriniň arasynda gös-göni ulag gatnawynyň üpjün edilmegi bilen baglylykda bu taslamanyň möhümdigini belläp, umuman, ony oňlady. Soňra Türkmenabat we Daşoguz şäherlerini özara baglanyşdyrjak uly awtomobil ýolunyň gurluşygy boýunça taslamanyň taýýarlanyşy barada hasabat berildi.

2010-njy ýylyň maý aýynyň 31-ne Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň ak pata bermeginde «Gündogar–Günbatar» gaz geçirijisiniň gurluşygyna başlanyldy. Täze gaz arteriýasy Döwletabat–Derýalyk gaz geçirijisiniň «Şatlyk» gaz gysyjy desgasyndan başlanyp, Balkan welaýatynyň Belek şäherçesine çenli uzalyp gider. Bu gaz geçirijini gurmak hakynda Daşoguz şäherinde geçirilen Ýaşulularyň maslahatynda kabul edilen «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin» Milli maksatnamasyny durmuşa geçirmekligiň çäklerinde bu gaz geçirijiniň gurluşygy, ägirt uly taslamanyň durmuşa ornaşdyrylýanlygynyň şaýadydyr. Bu gaz geçirijiniň gurulmagy bilen Tejen derýasynyň aşak akymyndaky Garajaowlak, Merkezi Garagumdaky Mydar, Mary welaýatynyň Günorta Ýolöten, Osman we beýleki gaz känlerini özleşdirmeklige mümkinçilik berer. Bu gaz geçirijiniň taslama uzynlygy 1000 kilometre çenli bolup, onuň ugrunda 7 sany gaz gysyjy stansiýany gurmaklyk göz öňüne tutulýar. Taslamanyň bahasy 2 milliarddan gowrak amerikan dollary möçberinde bellenilip, Türkmenistanyň öz maýa goýumlarynyň we türkmen hünärmenleriniň hasabyna gurluşygy alnyp barylar. Gaz geçiriji boýunça ýylda 30 milliard kub metr gaz akdyrmaklyk we onuň gurluşygyny 2015-nji ýylda tamamlamaklyk niýet edilýär.

Döwletimiziň «Garaşsyzlyk» ýyllary içinde ýol gurluşygyna uly üns berilýär. Şonuň bilen bir hatarda daşary ýurtlardan oňat maşynlar, ýol gurujy tehnika we beýleki gerekli enjamlar alynýar. Bu babatda esasy maliýe meselesini çözýän döwletiň özi hasaplanylýar.

### 5.4.3. Ýol (demir we awtomobil) gurluşygyna hususy kärhanalaryň gatnaşmagy

Demir we awtomobil ýollary gurmaklyga hususy kärhanalaryň maliýe mümkinçiligi ýeterlik däl. Iki taraply awtomobil ýoluň bir kilometriniň gurluşygy bir million amerikan dollaryna barabar bolýar. Şol sebäpli ýol gurmaga hususy kärhanalaryň ykdysady we maliýe ýagdaýy mümkinçilik bermeýär. Ýol gurluşygy hususy kärhanalar üçin örän gymmat düşýär. Şonuň üçin dünýäniň köp döwletlerinde şäherara, döwletara ýollary döwlet edaralary tarapyndan, döwletiň maliýeleşdirmegi esasynda gurulýar. Ykdysady taýdan has ösen döwletlerde ýol gurluşygyny amal edip biljek hususy kärhanalar ýeterlik. Emma döwletiň çägindäki ýollar harby-strategik ähmiýetli bolanlygy sebäpli, hususy kärhanalara gurmaklyga rugsat edilmeýär. Dünýäniň köp döwletlerinde şu düzgün henize çenli berjaý edilýär.

### 5.4.4. Ulag görnüşleriniň ýük we ýolagçy gatnatmakda tutýan orny

Her bir döwletiň ykdysady ösüşine we geografiki ýerleşişine görä, özboluşly ulag görnüşleri bolýar. Döwletleriň köpüsi üçin awtomobil, demir ýol, howa, turba geçiriji, derýa we deňiz ulag görnüşleri häsiýetlidir. Bu ulag görnüşleriniň içinde awtomobil ulagy hemme döwletleriň hojalygyna hyzmat edýär. Bu ulagyň iň oňat görnüşi hasaplanylýar.Ol «Bosagadan bosaga çenli» döwlete we ilata hyzmat edýär. Dünýäniň döwletleriniň we olarda ýaşaýan raýatlaryň maddy hal-ýagdaýy bilen baglanyşykly ulaglar bilen üpjünçiligi hem dürli-dürlüdir. Olaryň ulag bilen üpjünçiligi *33-nji suratda* görkezilýär. Olaryň sany ýylsaýyn artýar. Biziň döwletimizde hem ýeňil awtoulaglaryň we awtobuslaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Demir ýoly, deňiz we derýa ulagyny ähli şäherlere, obalara eltip bolmaýar. Emma awtomobil ulagy awtomobil ýol çekilsin, çekilmesin hemme ýere ýük we ýolagçy eltip bilýän ýek-täk ulag hasaplanylýar. Bu ulag ýük we ýolagçy gatnatmakda köp döwletlerde öňdeligi özünde saklaýar. Awtomobil ulagy dürli hili tehnika bilen üpjün edilen.




**33-nji surat. Dünýäniň ilatynyň ýeňil awtomobiller bilen üpjünçiligi**

Döwletiň çäginde demir ýollar gurlan bolsa, olar boýunça ýük daşamak awtomobil ulagyna garanda ykdysady taýdan arzan düşýär. Sebäbi her gezek gatnanda 4–5 müň tonna çenli ýük äkidip bilýär. Demir ýollar arkaly islendik ýük görnüşleri gatnadylýar. Ondan başga-da, onuň kömegi bilen konteýnerler hem äkidilýär. Ýörite ýolagçy gatnadylýan wagonlary bar.

Esasan, nebitiň, tebigy gazyň we içmäge ýaramly ýerasty suwlaryň bar ýerinden şäherlere, şäherçelere, obalara turbageçiriji ulamlar çekilýär. Nebit geçirijiler nebitiň gazylyp alynýan ýerlerin-

den göni nebit arassalaýan zawoda äkidilýär. Tebigy gaz bolsa geçirijileriň kömegi bilen elektrik stansiýalara, himiki zawodlara we sarp edijilere eltilýär. Ulagyň bu görnüşi ykdysady taýdan has amatly hasaplanýar. Olaryň işleýşine yzygider seredilen ýagdaýynda tebigaty hapalamaýar, ekologik taýdan arassa hasaplanýar.

Derýa we deňiz ulaglar ulgamy, beýleki ulag görnüşlerine garanda, ykdysady taýdan döwletlere arzan düşýär. Ýöne döwletleriň geografiýa taýdan ýerleşişine görä, suw gyş aýlary doňanda, olar möwsümleýin işlemeýär. Emma tropiki, subtropiki guşaklykda ýerleşýän deňizleriň we derýalaryň gyşyna doňmaýanlygy sebäpli, olarda ýylyň dowamynda ýük we ýolagçy gatnadylýar. Gämiler, duralgalar gurat bolsa, bu ulag görnüşler üçin uly artykmaç çykdajy bolmaýar. Şonuň üçin ýük we ýolagçy gatnadýan gämileriň görnüşine baglylykda bu ulag döwlet üçin ykdysady taýdan has düşewüntli hasaplanýar. Biziň döwletimizde bu ulag görnüşleri Hazar deňzinde, Amyderýa we Garagum derýasynyň baş sakasyndan Zähmet şäherçesine çenli ýük we ýolagçy gatnadýarlar. Olaryň geljegi uludyr.

Dünýäniň döwletlerinde ýük we ýolagçy gatnatmakda howa ulagynyň ähmiýeti uly. Howa ulagy ulag görnüşleriniň arasynda çalt ösýär. Ol uzak we ýakyn aralyklara ýüki we ýolagçylary çalt gatnadýar. Howa ulagynyň kömegi bilen has zerur we tiz zaýa bolýan ýük görnüşleri gatnadylýar. Ýükleriň arasynda oba hojalyk önümleri, azyk harytlary, medisina üçin zerur bolan ýükler howa ulagynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Howa ulagynyň ösüşi boýunça 3 uly merkezi görkezmek bolar (kitabyň 4.1.3. bölümçesinde 183-nji sah., *23-nji surat*). Olaryň arasynda ABŞ has tapawutlanýar. Oňa olaryň geografiki ýerleşişi, iki tarapynyň ummanlar bilen gurşalmagy öz täsirini ýetirýär. Olar dünýäniň beýleki döwletlerine garanda dürli kysymly uçarlary öndürýärler. Suratdan görnüşi ýaly, dünýädäki 10 sany iri awiakompaniýanyň 6-sy ABŞ-a degişli diýip, A.P. Kuznesow (1998, sah. 88) belleýär. Howa uçarlarynyň kömegi bilen ýük we ýolagçy gatnatmakda ABŞ öňde barýarlar. Ikinji orunda ýük gatnatmakda Ýaponiýa tapawutlanýar. Ýewropa döwletleriniň arasynda uçarlaryň kömegi bilen köplenç ýolagçy köp gatnadylýar. Biziň döwletimizde hem beýlekilerde bolşy ýaly howa ulaglarynyň kömegi bilen, esasan

ýolagçylar, hat, gazet, žurnal, medisina harytlary, tiz zaýa bolaýjak oba hojalyk önümleri gatnadylýar. Türkmenistanda howa ulagy babatda köp işler edildi. Welaýatlardaky aeroportlaryň durky täzelendi we täzeleri işe girizildi. Aşgabatda halkara aeroport guruldy. Onuň kömegi bilen ýer togalagynyň çar tarapyna uçarlar gatnaýarlar. Welaýatlaryň, olaryň şäherleriniň aeroportlarynyň durky täzelendi we täzeleri (Mary şäherinde – 2009-njy ýylyň 5-nji martynda, Türkmenbaşy şäherinde – 2010-njy ýylyň 12-nji aprelinde) işe girizildi. Aşgabatda halkara aeroport guruldy. Onuň kömegi bilen Ýer togalagynyň çar tarapyna uçarlar gatnaýarlar. Türkmenistanyň içki we daşky howa ýollarynda ulanmak üçin ABŞ-nyň «Boing» görnüşli uçarlary satyn alyndy. Bu ulag görnüşleri dünýäde has ygtybarly, ýolagçy we gyssagly ýükleri gatnatmakda ykdysady taýdan amatlydyr.

### 5.4.5. Aragatnaşyk ulgamyny ösdürmekligiň zerurlygy

Türkmenistanda aragatnaşyk toplumynyň düýbi sowet häkimiýeti ýyllary içinde tutuldy. Geçen asyryň 50–60-njy ýyllaryndan başlap ähli etraplara, daýhan birleşiklerine radio, aragatnaşyk (poçta, telegraf, telefon) ulgamlary çekilip başlandy. Şäherlerde, şäherçelerde, obalarda döredilen aragatnaşyk merkezlerinde ilaty ýurdumyzda çykarylýan gündelik, hepdelik, aýlyk metbugat neşirleri (gazet, žurnallar) bilen üpjün edýärdiler. 80–90-njy ýyllarda şäher, oba ilat mesgenlerine köpçülikleýin telefon çekilip ugraldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda, hojalygymyzyň bazar ykdysadyýetine geçip başlamagy bilen, aragatnaşyk ulgamyna döwlet möçberinde uly üns berildi. Ýurdumyzda aragatnaşygy ösdürmeklige elmydama üns berlip, ulgamyň kärhanalary häzirki zaman täze tehnikasy we tehnologiýasy bilen üpjün edildi. Sanlyja ýyllaryň dowamynda döwletimizde ýüzlerçe telefon, telegraf stansiýalary peýda boldy. Häzir telefonly öýleriň sany el telefonlaryny hasap etmäniňde, bir milliondan geçipdir. Döwletimizde şäherara-döwletara aragatnaşyk ulgamynyň umumy uzynlygy 7,5 müň kilometre golaý bolup, şonuň 4 müň kilometri simler, 3,5 müň kilometri radiorele arkaly aragatnaşygy amala aşyrýar. Ýewropa we Aziýa döwletlerini birleşdirýän Transaziýa–Ýewropa ady

bilen tanalýan örän kuwwatly optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň 700 kilometrden gowrak aralygy Türkmenistanyň üstünden geçýär. Bu ulgam Germaniýanyň Maýn derýasynyň boýundaky Frankfurt şäherini Hytaýyň Şanhaý şäheri bilen birleşdirýär. Aşgabat şäheri welaýat merkezleri bilen optiki-süýümli ulgamlar arkaly birleşdirilen.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda telefon aragatnaşygynyň öýjükli ulgamy uly ösüşe eýe bolýar. Türkmenistanda 2000-nji ýylda jemi 8200-e golaý öýjükli telefon belgisi hereket eden bolsa, 2010-njy ýylyň aýagynda onuň sany 2 milliona golaýlady. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen, 2007-nji ýylda TM CELL milli öýjükli aragatnaşyk ulgamynyň telefonlarynyň umumy sanynyň üstüne 2010-njy ýylda 306 müňden köprak telefon nokatlary goşuldy. Türkmenistanyň uzakda ýerleşen etraplaryny we obalaryny öýjükli telefon belgileri bilen üpjün etmek maksady bilen hormatly Prezidentimiziň kabul eden Karary bellemäge mynasypdyr. Şu Karary ýerine ýetirmek maksady bilen döwletimiziň Aragatnaşyk ministrligi bilen Hytaýyň «Huawei Tehnologic Co LTD» kompaniýasynyň arasynda TM CELL öýjükli aragatnaşygynyň milli ulgamynyň («Altyn Asyr» öýjükli aragatnaşyk kärhanasy) arasynda baglaşylan şertnama görä, goşmaça 100 müň abonent giňeltmek, goşmaça stansiýalaryň 156-syny oturtmak niýetlenilýär. Şeýle stansiýalaryň esasy bölegi Aşgabat–Balkanabat–Türkmenbaşy, Aşgabat–Mary–Türkmenabat, Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir we awtomobil ýollaryň ugrunda oturdylar. Bu öz gezeginde ýolagçylaryň öýleri we barjak ýerleri bilen bolan aragatnaşygyny berjaý eder.

Kosmos hemralarynyň kömegi bilen amala aşyrylýan aragatnaşyk ulgamlaryndan ilat köpçüligi peýdalanýar. Türkmenistanyň şäherleriniň köpüsiniň ilaty kosmos hemralarynyň kömegi arkaly dünýäniň köp dowletleriniň 600-e golaý teleekranlarynda görkezilýän gepleşiklere tomaşa edýärler. Aşgabat şäher telestudiýasy 5 sany teleýaýlym boýunça gepleşikleri amala aşyrýar.

Aşgabat şäheriniň we welaýat merkezleriniň köp kärhanalary internet ulgamy bilen baglanyşykly. Döwletimizde döredilen hususy kärhanalaryň köpüsi internet ulgamynyň hyzmatyndan peýdalanýar. 2007-nji ýylyň mart aýynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanda internet tehnologiýasynyň ös-

dürilmegine giň ýol açdy. Türkmenistanda internet-kafeleriň döredilmegini we onuň ulgamynyň hemişe giňeldilmeginiň zerurdygyny belledi. Bu işleri amala aşyrmak «Türkmentelekom» döwlet elektroaragatnaşyk kompaniýasynyň üstüne ýüklenildi. Bu kompaniýa «Türkmenonlaýn» taslamasy boýunça döwletimiziň ähli welaýatlarynda, şäherlerinde täze merkezleri döretdi. Şu mynasybetli 2007-nji ýyldan başlap her ýyl telekommunikasiýa tehnologiýasy boýunça «Türkmentel» Halkara sergileri geçirilýär.

### 5.4.6. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda ulag we aragatnaşyk ulgamlaryny ösdürmek barada

Ulag ulgamlarynyň ösüşi ilatyň sanynyň artmagy, senagatyň, oba hojalygynyň, gurluşygyň, durmuş hyzmaty gullugynyň ýerine ýetirýän işleri bilen baglanyşykly. Ulag ulgamlarynyň esasy serişdeleriniň ösüşi ylmy-tehniki progres bilen aýrylmaz baglydyr. Ulag ulgamynyň taryhy ösüşine ser salsak, bu ulgamda uly özgerişlikler bolup geçdi.

Demir ýol ulgamynda X1X asyrda parowozlar ulanylan bolsa, XX asyrdan bäri teplowozlar, elektrowozlar ulanylýar. Köp döwletler özleriniň demir ýollaryny elektrikleşdirýärler. Ýaponiýada magnit ýassygy boýunça hereket edýän poýezdler sagatda 200–250–320 km tizlik alyp bilýärler. Demir ýol ulgamynda dürli hili täze wagonlar ulanylýar. Täze demir ýollar gurulýar. Mysal: Öň belläp geçişimiz ýaly, Garaşsyzlyk döwründe Tejen–Sarahs, Türkmenabat–Atamyrat, Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýollary gurlup, ulanylmaga berildi. Russiýa–Gazagystan–Türkmenistan döwletleriniň prezidentleriniň ylalaşygy boýunça häzir Uzen–Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen halkara demir ýolunyň gurluşygy biziň çägimizde öz gurluşykçylarymyz tarapyndan dowam etdirilýär. Ýakyn ýyllarda döwletimizde halkalaýyn Atamyrat–Tagtabazar–Serhetabat–Sarahs, Tejen–Babadaýhan, Serdar–Esenguly–Etrek–Hazar–Balkanabat, Türk-

menbaşy–Gyzylgaýa–Daşoguz, Türkmenbaşy–Bekdaş demir ýollary gurmaklyk göz öňüne tutulýar.

Ösen döwletleriň hemmesinde iki taraply ýokary tizlikli awtomobil ýollar gurlan. Şolar ýaly ýollary ösýän döwletlerde hem gurýarlar. Mysal: Türkmenistanda welaýat merkezleriniň içindäki ýollaryň durky täzelenýär. Aşgabadyň içiniň ýollaryny hem bejerýärler. Başgada Aşgabat–Baharly–Arçman aralygynda iki taraplaýyn ýokary tizlikli ýol guruldy. Geljekde Türkmenbaşy şähere ýetirilmeli. Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýoly bilen ugurdaş iki taraply awtomobil ýoluň ikinji tarapynyň gurluşygy dowam edýär.

Deňiz ulagynda hem uly özgerişler bolup geçýär. Türkmenbaşy şäheriniň deňiz duralgasynyň durky täzelendi. Täze gämiler satyn alynýar. Türkmen baýdagyny göterýän gämiler Hazar deňzi boýunça her hili ýükleri çekýärler. Hazar deňizýaka etraplarynyň balykçylyk hojalyklaryna hyzmat edýän ýöriteleşdirilen gämileri hem bar. Döwletimizde, öň belleýşimiz ýaly, Amyderýa we Garagum derýalary boýunça gämi flotiliýasy işleýär. Türkmenabat şäherinden Atamyrada, Termeze, Garagum derýasy boýunça Zähmet şäherçesine çenli gämiler her hili ýükleri gatnadýarlar.

Türkmen gazyny Türkiýä, Günbatar Ýewropa, Owganystanyň üsti bilen Päkistana, Hindistana, Hytaýa çenli eltmek göz öňüne tutulýar. Türkmenistanyň gaz geçiriji ulgamynyň geljegi uly. 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz **«Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň ýene-de bir şahasyny gurmagyň taslamasyny taýýarlamak boýunça işler güýçli depginler bilen alnyp barylýar»** diýip belledi.

Ýakyn geljekde döwletimiziň howa ulagy häzirkiden hem öser. Täze görnüşli «Boing» uçarlary bilen onuň uçarlar parkynyň üsti ýetirilýär. Türkmenistanyň halkara abraýynyň artmagy bilen, ol Aziýa bilen Ýewropanyň aralygynda ýerleşmek bilen, howa ulgamynda halkara «köpri» ähmiýetini ýerine ýetirýär.

Dünýäde ulaglar ulgamynyň ösüşi döwletleriň hojalygynyň ösüşi bilen gönüden-göni baglanyşykly. Ylmyň, tehnikanyň ösmegi bi-

len ulaglar ulgamynyň kärhanalaryny geljekde hem herhili tehnika, maşynlar, uçarlar, gämiler bilen üpjün ediljekdigi ikiuçsyzdyr.

Obalarda, şäherçelerde, etraplardaky şäherlerde we etrap merkezlerinde umumy uzynlygy 23836,4 km-e barabar awtomobil ýollar gurlar, olaryň gurluşygyna 1269,6 mln manat döwlet serişdeleri gönükdiriler. Milli maksatnamanyň çäklerinde uzynlygy 12806,2 km gaz desgalarynyň we geçirijileriniň gurluşygy göz öňünde tutulýar we bu maksat üçin 5998,8 mln (2010 ý) manatlyk serişdeler özleşdiriler. 24441,2 km-e barabar elektrik geçirijileri we desgalary gurlar. Olary meýilleşdirmek üçin 2236,96 mln (2010 ý.) manatlyk serişdeler harçlanar. Aragatnaşyk ulgamynda 170,82 mln (2010 ý.) manatlyk düýpli maýa goýumlaryny özleşdirmek bellenilen.

## EDEBIÝAT


*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň Prezidentiniň Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde sözlän sözi. «Türkmenistan» gazeti, 2009-njy ýylyň 9-njy iýuly.

*Громов Н.Н., Т.А.Панченко, А.Д.Чудновский.* Единая транспортная система. Москва, «Транспорт», 1987.

*Жуков Е.А.* Интенсификация – главнейшее направление развития транспортного комплекса. Москва, «Транспорт», 1986.

*Кузнецов А.П.Г*еография. Население и хозяйство Мира. Москва, «Дрофа», 1998.

*Колесов В.П., Кулаков М.В.* Международная экономика. Учебник. Москва, ИНФРА, 2004.

## V.5. HYZMAT EDIŞ GULLUGYNYŇ ÖNÜMÇILIGE, ILATYŇ ÝERLEŞIŞINE EDÝÄN TÄSIRI

### 5.5.1. Hyzmat ediş gullugynyň döwlete zerurlygy

Dünýäniň ähli döwletlerinde hojalyk iki topara bölünýär. Olaryň biri maddy önümçiliik, beýlekisi önüm öndürmeýän, ilata hyzmat edýän gulluk. Bu toparlar aýry hem bolsalar, bir-birine güýçli täsir edýärler. Islendik kärhanada önüm öndürileni bilen iş gutarmaýar. Öndürilen önümi sarp edijä gowşurmaklyk işiň gutarnykly basgançagy hasaplanýar. Ol ýumuşlary harydy öndüren däl-de, gulluk toplumynda işleýän işgärler amala aşyrýarlar. **Hyzmat** – bu zähmetiň aýratyn isleg bildirilýän gymmaty, ol haryt ýa-da zat hökmünde kabul edilmän, eýsem ýerine ýetirilen iş hökmünde kabul edilýär.

Maddy önümçilikde hyzmat ulaglarynyň, aragatnaşygyň, söwdanyň, jemgyýetçilik iýmitiniň, oba hojalyk önümlerini taýýarlamaklygyň, maddy-tehniki üpjünçiligiň kömegi bilen amala aşyrylýar. Önüm öndürmeýän hojalyk pudaklarynda ähli bölümler hyzmaty ýerine ýetirmeklige gatnaşýarlar.

Halk hojalygynyň iki toparynyň (maddy önümçilik we önüm öndürmeýän) özara önümçilik gatnaşygy esasynda özboluşly işleri ýerine ýetirýän «Hyzmat ediş gullugy» döreýär. Onuň çylşyrymly, köp şahaly pudaklary bar. Şol pudaklar tehniki we beýleki serişdeler bilen üpjün bolmasa, önümçilik kärhanalary we ilat ösüp bilmez. «Hyzmat ediş gullugy» önümçiligiň we ilatyň geografiýasyna güýçli täsir edýär.

Dünýäniň ähli ýurtlarynyň şäherlerinde we obalarynda «Hyzmat ediş gullugynyň» işi oňat ýola goýlan bolsa, ol ýerlerde täze senagat kärhanalary emele gelýär. Sebäbi, täze gurulýan senagat kärhanalary hyzmat ediş kärhanalarynyň işinden peýdalansa, olaryň şol kärhanalary gurmak üçin çykdajylary bolmaýar. Olaryň işçileri şäherde, ýa-da şäherçede işleýän «Hyzmat ediş gullugy» kärhanalarynyň hyzmatyndan peýdalanyp bilýärler. Şolar ýaly şäherlerde, şäherçelerde işçiler kärhanalarda durnukly we ymykly işleýärler. Işden gitme-çykma meselesi aňsat ýüze çykmaýar.

### 5.5.2. Ilata durmuş hyzmatyny edýän pudaklar

Hyzmat ediş gullugyny öwrenip, olary ýerine ýetirýän işleri boýunça birnäçe toparlara bölýärler:

1. **Ýaşaýyş jaý hyzmaty**–işleýän raýatlara hemme taraplaýyn amatly (elektrik energiýaly, suwly, gazly, kanalizasiýaly, içi ýyladylýanly, telefonly, hojalyk hapalary äkdilýän) ýaşaýyş jaý bermek;

2. **Ilata durmuş üpjünçiligi** boýunça hyzmat etmek – ýaşy gaýdyşan, maýyp-müjrüp adamlara, ýetim çagalara hyzmat edýän öýler, pensiýa üpjünçiligi, durmuş salgytlaryny ýygnaýan edaralar;

3. **Ownuk satuw-söwda we jemgyýetçilik iýmiti,** bir-biriniň ýetmezini ýetirýän kärhanalar (indiwidual söwda nokatlary, döwlet söwda edaralary, daýhan bazarlary, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary);

4. **Durmuş hyzmaty edaralary**: – köp sanly pudakly edaralar. Olarda ilki «Önümçilik» kärhanalary, bir wagtýň özünde olar hyzmat ediş gulluga we maddy önümçilige hem girýärler: raýatlara eşik tikýän atelýeler; aýakgap, kellä geýilýän telpekleri, beýleki gaplary, mebeli remont edýän, gurnaýan, ýasaýan; hojalykda ulanylýan tehnikanyň, priborlaryň ussahanalary; aýakgaby, egin-eşigi, kwartirany bejerýän ussahanalar. Şu toparda aýratyn bellenilýän ugur: raýatlaryň hususy gigiýenasy bilen baglanyşykly (hammam, geýim ýuwulýan, himiki arassalaýyş, dellekhanalar, kosmetiki öýler), öýe hyzmat edýän edaralar (poluň ýüzüni ýülmemek, ýuwmak, aýnalary ýuwmak), hususy ulaglara hyzmat etmek (awtoserwisler, benzozaprawkalar), prokata gap-gaç, düşek, maşyn, hojalyk enjamlary bermek; surathanalar, öwlüýälerde adam ýogalanda hyzmat ediş, krematoriýalar; raýatlaryň maýa goýumlaryna hyzmat etmeklik;

5. **Medeni-durmuş hyzmaty** – poçta, telegraf, telefon-awtomatlar, halkara we şäherara gepleşik geçirilýän ýerler, sorag-jogap býurolary, sport kärhanalary, turist merkezleri, myhmanhanalar, kempingler, moteller, pansionatlar, dynç alyş öýler we ş.m.;

6. **Medeni-dynç alyş hyzmaty** – raýatlaryň işden boş wagtlary tomaşa edýän kärhanalary: kinoteatrlar, teatrlar, konsert berýän we sergi zallary, sirkler, muzeýler, stadionlar, suwa düşülýän basseýinler, klublar, medeniýet öýleri, okalgalar. Şu gulluga ýene-de çaphanalary

hem degişli edýärler: žurnal, gazet, kitap çykarýan çaphanalar, radio, telewideniýe gepleşikleri, kitap, gazet, žurnal söwdasy;

7. **Çagalary okatmak we terbiýe bermek:** çagalar ýaslisi, baglary, umumybilim berýän mekdepler, şol sanda sazçylyk, sport we beýleki mekdepleri, ýaşlar öýleri, lagerleri, ýaş tehnikleriň öýleri we başgalar;

8. **Medisina hyzmaty** – ambulatoriýalar, saglygy dikeldiş öýleri (poliklinikalar), keselhanalar, klinikalar, kärhanalardaky medpunktlar, feldşer-akuşer punktlary, dispanserler, tiz kömek stansiýalary, eneleri we çagalary goraýyş ulgamy (çaga dogrulýan öýler, aýallar konsultasiýalary, poliklinikalarda suýt beryän aşhanalar), sanatoriýa-kurort edaralary, profilaktoriýalar, sanitar gullugy (sanepidstansiýalar, dezinfeksiýa ediji punktlar, sanitar gullugy we başgalar), dermanhanalar;

9. **Halkyň howpsuzlygyny, öý goşlaryny goraýan gulluk** (polisiýanyň ýörite bölümi hyzmat edýär, obalarda, şäherlerde sud bölümleri, ýangyndan goraýjylar);

10. **Ýolagçy ulaglary** – diňe bir wagt utmak üçin däl, eýsem – ilatyň dürli islegleriini kanagalandyrmak üçin hyzmatlar (hyzmatlary etmek – poçta hyzmaty, öýe medisina hyzmaty, tehniki hyzmat, awtolawkalar, awoklublar we başgalar). Şu seredilen toparlaryň ýerleşiş kanunalaýyklyklary bar. Olar ilatyň jemlenen ýerlerine gönüden-göni garaşly bolýarlar. Esasy maksat – ilata hyzmat etmek. Hyzmat ediş gullugyň ähli kärhanalaryna bilelikde «Durmuş infrastrukturasy» diýilýär.

### 5.5.3. Hyzmat ediş gullugynyň ykdysady ähmiýeti

Döwletiň ykdysadyýetinde, medeniýetiniň, durmuş ýagdaýynyň ösmeginde hyzmat ediş gullugynyň ähmiýeti örän uly. Hyzmat ediş edaralarynyň döredilmegi önümçiligi artdyrmaklyga, öndürilen senagat we oba hojalyk önümlerini çalt ýerleşdirmäge, ýagny sarp edijä gowuşmagyna ýaramly täsir edýär. Hyzmat ediş gulluk doly berjaý edilende işçileriň işe bolan höwesi güýçlenýär. Işçileriň, daýhanlaryň arasynda işe ýarawsyzlyk ep-esli kemelýär. Işgärleriň zähmet öndürijiligi ýokarlanýar. Işgärlere medeni, medisina, medeni-durmuş,

medeni-dynç alyş hyzmatlary gowulanýar. Mekdep, çagalar bagynyň işleri gowy ýola goýlanda, zenan işgärleriň işden soň öý işlerini etmäge, dynç almaga mümkinçilikleri artýar. Netijede, ilatyň orta ýaşynyň dowamlylygy ýokarlanýar. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde adamlaryň ortaça ýaşynyň dowamlylygy 80-den ýokary.

Hyzmat ediiş gullugynyň gowy işlemegi döwlete ep-esli girdeji getirýär. Sebäbii döwletde we hususy hojalyklarda öndürilen önümler öz wagtynda içki we daşarky bazarlara çykarylsa, haryt alyş-çalşygy çalt ýerine ýetirilýär. Döwlete daşarky ykdysady gatnaşyklardan, turizmden köp girdeji gelýär. Döwletiň ykdysady taýdan ösmegi durmuş hyzmatyny amala aşyrýan kärhanalaryň ösmegine getirýär. Döwletiň raýatlarynyň milli girdejisiniň artmagy hyzmat ediş gullugynyň kärhanalarynyň sanynyň artmagyna, hyzmat ediş derejesiniň ýokarlanmagyna sebäp bolýar. Umuman, islendik döwletde hyzmat ediş gulluk dogry ýöredilse, işi dogry guralsa, ondan diňe ykdysady girdeji gelýär. Dunýäniň ykdysady taýdan ösen döwletlerinde durmuş hyzmaty gullugynda zähmete ukyply ilatyň esasy bölegi zähmet çekýär we döwletiň umumy içerki önüminiň ep-esli bölegini berýär. Meselem, «Zaman» gazetiniň 2005-nji ýylyň iýul aýynyň 23-däki çykan sanynda bellenilişi ýaly, Fransiýada umumy içerki girdejiniň 70%-ni hyzmat ediş pudaklary, 18%-ni senagat kärhanalary, 5%-ni oba hojalyk pudaklary berýär.

### 5.5.4. Hyzmat ediş gullugynyň durmuş ähmiýeti

Obalarda, şäherçelerde durmuş hyzmaty berjaý edilende, şäher bilen obanyň aratapawudy ýitýär. Netijede, obada we şäherde zähmet baýlyklary, işe ýaramly adamlary öz ýerinde ulanmaklyga mümkinçilik döreýär. Eger-de obada, şäherçede hyzmat ediş gullugy kärhanalarynyň işi doly berjaý edilende ýaşlary, hünärmenleri öz ýerinde doly ulanyp bolýar. Eger obada, şäherçede hyzmat ediş gullugy pes bolsa ol ýerde ilaty, esasan hem ýaşlary saklamak, zähmet baýlyklaryny ulanmak meselesi kynlaşýar. Şonuň üçin döwletiň hemme ýerinde, mümkin boldugyndan, durmuş hyzmaty kärhanalaryny döretmek zerur hasaplanýar. Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny alyp, bazar

ykdysadyýetine geçýän wagty obalarda we şäherçelerde indiwidual (hususy) kärhanalar döredi. Bu hem öz gezeginde şu problemany çözmeklige gowy täsir edýär. Obalarda, şäherçelerde durmuş hyzmaty, döwletiň ýardam etmegi bilen, hususy kärhanalaryň döremegi sebäpli şäher bilen obalaryň arasynda aratapawut ýuwaş-ýuwaşdan aýrylýar. Oba adamlarynyň iş üpjünçiligi gowulansa, ilatyň migrasiýasy kemelýär. Şu ýagdaýlar döwletiň raýatlarynyň durmuş ýagdaýýny gowulandyrmak bilen çäklenmän, eýsem onuň ykdysadyýetiniň öňe gitmegine alyp barýar.

### 5.5.5. Durmuş hyzmaty kärhanalaryny ösdürmekligiň zerurlygy

Täze özleşdirilen ýerlerde hojalyk işlerini gurnamak bilen bir hatarda durmuş hyzmaty pudagynyň kärhanalaryny döretmeklige girişilýär. Etrap merkezinde we obalarda jaý gurluşygy başlananda şonuň bilen ugurdaş durmuş hyzmaty gullugynyň (mekdep, çagalar bagy, hassahana, sagaldyş öýi, söwda nokatlary, aragatnaşyk kärhanalary, jemgyýetçilik tertip-düzgüni berjaý ediler ýaly polisiýa bölümi, daýhan birleşiginiň we etraby dolandyryş edaralarynyň jaýlary) kärhanalarynyň ymaratlaryny gurmaklyk meýilnamalaşdyrylýar. Etrap merkezinde guruljak önümçilik kärhanalarynyň, etraby dolandyryş edaralarynyň, durmuş hyzmaty kärhanalarynyň taslama meýilnamasy döwletiň degişli taslama meýilnamalaryny düzüji institutlary tarapyndan düzülýär. Guruljak önümçilik kärhanalary, dolandyryş edaralary, durmuş hyzmaty gullugynyň kärhanalary öz zerurlyk derejeleri boýunça döwletiň gurluşyk edaralary tarapyndan gurulýar. Ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy bilen bir hatarda mekdepleriň, çagalar baglarynyň, saglygy goraýyş edaralarynyň gurluşygy berjaý edilýär. Sebäbi bu kärhanalar biri-biri bilen baglanyşykly bolýarlar.

Milli maksatnamanyň amala aşyrylýan döwründe saglyk öýlerinde we merkezlerinde täze gurluşyk hem-de durkuny täzelemek işleri alnyp barlar. Bu işleriň geçirilmegi üçin 103,08 mln (2010 ý.) manatlyk serişde göýberiler. Hassahanalaryň täze gurluşyklaryna we abatlaýyş işlerine 188,860 mln (2010 ý.) manatlyk serişde berler. Oba

ýerlerinde 161,5 müň orunlyk 328 mekdebiň gurulmagy göz öňüne tutulýar. Olaryň gurluşygyna 2070,88 mln (2010 ý.) manat gönükdiriler. Çagalar edaralarynyň gurluşygyna 2077,14 mln (2010 ý.) manat harçlanylar. Bedenterbiýäni we sporty ösdürmeklige 862 mln (2010 ý.) manat iberiler.

EDEBIÝAT


Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.

*Абрамов М.А*. География сервиса. Москва, «Мысль», 1985.

*Голубчик М.М.* и др. Экономическая и социальная география. Москва, ВЛАДОС, 2003.

*Кузнецов М.В.* Общественно-организационная территория как объект географического исследования. В сбор. «География в системе наук». Ленинград, «Наука», 1987, с.186-193.

*Приваловская П.А., Рунова Т.Г.* Природопользование в системе географических исследований. В сбор. «География в системе наук» Ленинград, «Наука» 1987, с. 117-131.

Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri. Aşgabat, Türkmenistanyň Metbugat merkezi, 2010.


## V.6. HALKARA YKDYSADY WE SYÝASY GATNAŞYKLARY ÖSDÜRMEK MESELELERI

### 5.6.1. Dünýäniň käbir döwletleriniň we Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş aýratynlyklary

Dünýäniň ykdysadyýetiniň ösüşi boýunça döwletleriň arasynda birnäçe özboluşly aýratynlyklar bar. Häzirki wagtda ykdysady taýdan güýçli ösen döwletler özleriniň garaşsyzlygyny 200–300 ýyl mundan öň gazanypdyrlar hem-de olar dünýäniň köp döwletlerini ep-esli wagtlap gol astynda saklapdyrlar. Ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli ylmy işlerde dünýäniň döwletleriniň ykdy-

sady ösüşleri boýunça 10-njy tablisadaky ýaly böleklere bölýärler (Hudaýýarow, 2007).

Dünýäniň käbir döwletleriniň ykdysady taýdan çalt ösmekleriniň özboluşly sebäpleri bar. Dünýäniň döwletlerinde ykdysadyýetiň ösüşi ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleriniň önümçilikde çalt ulanylmagy bilen baglanyşykly. 1760-njy ýyldan başlap Angliýada ilkinji gezek el zähmeti maşynlaryň güýji bilen çalşyrylyp başlanýar. Senagatyň ösüşinde uly öňe gidişlige: tehniki ösüş, kolonial ýerleriň bolmagy, tebigy baýlyklar, iri içki we Yewropa bazarlary, erkin we ýeterlik düşünjeli işçi güýjüniň bolçulygy, ýeterlik maýa goýumlary, oňaýly ykdysady-geografiki ýerleşişi ýaly şertler täsir etdi. Ulaglar ulgamynyň ösdürilmegine uly üns berildi. Dünýäde ilkinji demir ýol Angliýada Stokton-Darlington (21 km) aralygynda Ž. Stefenson tarapyndan 1825-nji ýylda guruldy. 1860–1863-nji ýyllarda uzynlygy 3,6 km bolan dünýäde ilkinji metro London şäherinde «Metropoliten reýlueý» firmasy tarapyndan gurlupdyr. Angliýanyň port şäherlerinde dürli döwletlere hyzmat edip bilýän deňiz gämileri ýasalypdyr. 1870-nji ýyla çenli Angliýa «Dünýä fabrikanty» we «Söwdagäri» (dünýäniň daşky söwdasynyň üçden biri Angliýa degişlidi), «Dünýäniň ýük gatnadyjysy» (oňa dünýäniň söwda flotunyň ýarysy degişlidi), «Bankiri» diyýärdiler. Şol wagtlar dünýä boýunça gazylyp alynýan daş kömrüň we galaýynyň üçden iki bölegi, demir, mis, gurşun magdanynyň ýarysy Angliýa degisli bolupdyr. Şu öňdebaryjylyk, üstünlikden baş aýlamak häsiýete eýe bolup, XX asyrda önümçilige täze tehnikany, tehnologiýany ornaşdyrmazlyk, olary wagtynda çalyşmazlyk, özünde öndürilýän tehnikany, tehnologiýany goňşy döwletlere çykarmazlyk Angliýanyň ykdysadyýetine ýaramaz täsir edipdir. Ol gowy harytlar öndürse-de, dünýä bazarynda agdyklyk etse-de, onuň özüne düşýän gymmaty beýleki döwletleriňkä garanda, has ýokary bolupdyr. Ýewropanyň beýleki (Germaniýa, Fransiýa, Russiýa) döwletlerinde, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, soňra Ýaponiýada dag magdan gazyp alyjy we olary işläp bejeriji senagat kärhanalary häzirki zaman tehnikasy, tehnologiýasy bilen üpjün edilendi. Angliýa bilen deňeşdirende, olarda öndürilýän önümler özüne düşýän gymmatynyň pesligi bilen tapawutlanýardy.

*10-njy tablisa*

**Dünýäniň döwletleriniň durmuş-ykdysady ösüş derejeleri boýunça bölünişi**

| Döwletler toplumy | Döwletleriň görnüşleri | Olara degişli döwletler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Ykdysady taýdan ösen döwletler («Demirgazygyň ýurtlary») | «Uly ýedilik» | ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa,Russiýa, Italiýa, |
| | Günbatar Ýewropanyň has ösen kiçi döwletleri | Awstriýa, Niderlandlar, Belgiýa, Şweýsariýa, Şwesiýa we başgalar |
| | Günbatar Ýewropanyň ykdysady ösüşde yza galan döwletleri | Portugaliýa, Gresiýa we başgalar |
| | «Kapitalizmiň göçüp baran» döwletleri | Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Kanada, Günorta Afrika Respublikasy, Ysraýyl |
| Ykdysady taýdan ösen döwletler (Demirgazygyň ýurtlary) | Günbatar Ýewropanyň kiçi döwletleri | Andorra, Watikan, Lihtenşteýn, Malta, Monako, San-Marino |
| | Merkezi we Gündogar Ýewropa döwletleri | Polşa, Slowakiýa, Bolgariýa, we başgalar |
| | GDA döwletleri | Azerbaýjan, Ermenistan, Belorus, Moldowa, Gazagystan, Özbegistan, Türkmenistan we başgalar |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Ösýän döwletler («Günorta ýurtlar») | Ösýän döwletleriň iň esasylary | Braziliýa, Hindistan, Meksika |
| | Täze industrial döwletler | Singapur, Koreýa Respublikasy, Taýwan, Malaýziýa we başgalar |
| | Dünýä bazaryna nebit çykarýan döwletler | Kuweýt, Saud Arabystany, Katar, BAE, Liwiýa, Bruneý we başgalar |
| | «Kireýine jaý (ýer) berýän» döwletler | Bagam adalary, Liberiýa, Kipr, we başgalar |
| | Ykdysady ösüşinde yza galan döwletler | Keniýa, Salwador, Senegal we başgalar |
| | Has gowşak ösen döwletler | Mali, Niger, Efiopiýa, Ruanda, Owganystan, Gaiti we başgalar |

**Käwagtlar Merkezi we Gündogar Ýewropa, GDA döwletlerini «Bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň döwletleri» diýip aýratyn topara hem bölýärler.**

Şeýlelikde, ABŞ-da, Germaniýada, Fransiýada, Russiýada, Ýaponiýada senagat önümlerini öndürmekde uly ösüşler başlandy. 11-nji tablisadan görnüşi ýaly, Angliýa 1820-nji ýylda dünýäniň senagat önüminiň 50%-ni öndüren bolsa, 1900-nji ýylda onuň paýy 18% boldy.

Ýewropanyň daşynda senagatda uly ösüşler ABŞ-da 1776-njy ýylda buržuaz rewolýusiýasynyň ýeňmegi netijesinde özbaşdaklygyny yglan edenden soňra başlandy. Garaşsyzlyk gazanylandan soň ýerlere feodal eýeçilik gadagan edilip, ýerler döwlet eýeçiligine geçirildi. Kapitalistik fermer hojalyklary döredildi we ýuwaş-ýuwaşdan giňeldildi. Angliýadaky kanunlar tehniki ösüşiň, ýagny döredi-

len maşynlaryň, tehnologik ulgamlaryň çyzgylaryny we ýazgylaryny döwletiň daşyna cykarmaklygy gadagan edýärdi. XVIII asyryň ahyrynda iňlis işçisi – dokmaçy A.S. Sleýter Amerika göçüp barýar. Dokma fabriginiň tehnologik ulgamynyň çyzgysyny ýatdan çyzyp, 1790-njy ýylda ABŞ-da ilkinji dokma fabrigi işe girizýär. Soňra A.S. Sleýtere «Amerika senagatynyň kakasy» diýen at berýärler (Kuznesow, 1998, s. 55). Şeýlelikde, ABŞ-da senagat karhanalary çalt depginler bilen ösüp başlaýar. ABŞ ýuwaş-ýuwaşdan özüniň meýdan-çägini giňeldip başlady. 1803-nji ýylda Missisipi derýasyndan gunbatarda ýerleşen Luizianany Fransiýadan 15 mln dollara satyn aldy. 1836-njy ýylda ABŞ Meksikadan Tehasy basyp alyp, 1845-nji ýylda öz düzümine girizdi. 1846-njy ýylda Beýik Britaniýanyň eýeçiliginden Oregony (Yuwaş umman kenary) özüne geçirdi. 1848-nji ýyla çenli Meksikadan Täze Meksikany we Kaliforniýany özüne birikdirip, häzirki meýdançägi emele geldi. Soňra 1867-nji ýylda Patyşa Russiýasy Alýaskany we Aleut adalaryny gorap we dolandyryp bilmänligi sebäpli, ABŞ-a 7,2 mln dollara (11 mln-a golaý rubl) satmaga mejbur bolýar. Şeýlelikde, ABŞ-da XIX asyryň ahyrynda önümçiligiň bir ýere jemlenmegi we kapitalyň merkezleşmegi netijesinde senagatda, ulagda, maliýe ulgamlarda iri monopolistik birleşmeler döräp başlaýar. Bu döwletde XIX asyryň ahyrynda eýýäm dünýä belli «Standard oýl of Nýu-Žersi» nebit, Karnegi polat, «Amerikan şugar rifaýning kompani» gant, «Ženeral elektrik kompani» elektrik, «Konsoli deýted tobakko» temmäki, «Amalgameýted kompani» mis eredýän kompaniýalary döredilipdir. ABŞ-nyň ähli senagat kärhanalarynda ylmy açyşlara, täze tehnika we tehnologiýa uly üns berlipdir. Dünýäniň ösen döwletlerinden alymlar we inženerler ABŞ-a çagyrylypdyr.

1860-njy ýyllarda ABŞ senagat önümlerini öndürmekde dünýäde Angliýadan soň ikinji ýeri eýeleýärdi. Önümçiliginde ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünliklerini çalt ornaşdyrmaklyga, ulaglar ulgamyna, esasan hem demir we awtomobil ýollara köp üns berýärler. Şol bir wagtyň özünde, Angliýanyň senagat karhanalaryndaky tehnika we tilsimatlar (tehnologiýa) has könelip başlaýar. 1894-nji ýylda ABŞ senagat önümleriniň öndürilişi boýunça dünýäde birinji orna geçipdir *(11-nji tablisa).*

*11-nji tablisa.*

**Dünýäniň senagat önümçiliginde ykdysady taýdan ösen döwletleriň orny (%)**

| **Döwletler** | **1820 ýyl** | **1840 ýyl** | **1860 ýyl** | **1880 ýyl** | **1900 ýyl** |
|---|---|---|---|---|---|
| ABŞ | 10 | 11 | 17 | 28 | 31 |
| Angliýa | 50 | 45 | 36 | 28 | 18 |
| Germaniýa | – | 12 | 16 | 13 | 16 |
| Fransiýa | – | – | 4 | 9 | 7 |
| Russiýa | – | – | – | 3 | 4 |
| Ýaponiýa | – | – | – | – | 4 |

Кузнецов А.П. География. Население и хозяйство мира. М., Дрофа, 1998, s. 57

XX asyryň başlarynda ABŞ dünýäde daşkömür, nebit, mis gazyp almakda öňdäki orunlarda durýardy. ABŞ-da, senagat kärhanalarynda täze tehnikanyň we tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy bilen, demokratik esaslarda bazar ykdysadyýetine geçmek bilen önümçiligini ösdürip başlaýarlar. Ykdysadyýetiň şeýle ösüş ülňüsine (modeline) **amerikan ülňüsi** diýilýär.

A.P. Kuznesowyň (1998, s. 59) ýazmagyna görä, XIX asyryň aýagynda – XX asyryň başynda dünýäniň senagatynda **«Täze industrial önümçilik eýýamy»** başlanýar. Ýagny, ylmy-tehniki ösüşiň gazanan üstünlikleri, olaryň hojalyga ornaşdyrylmagy netijesinde elektroenergetika, maşyn gurlusygy we himiýa senagat pudaklary döreýärler. 1870-nji ýylda entek elektroenergetika senagat pudagy döremändi. 1900-njy ýylda bolsa dünýäde öndürilýän elektrik energiýanyň möçberi eýýäm 3 mln kWt-a ýetdi (Hudaýýarow, 2007).

Dünýäde elektroenergetika senagatynyň dikeldilmegi bilen Türkmenistanda hem bu pudak emele gelýär. Eýýäm, 1909–1912-nji ýyllarda Ýolöten şäheriniň golaýynda Murgap derýasynda Hindiguş bendi (*34-nji surat*) we suw elektrik stansiýasy (*35-nji surat*) guruldy. Onuň 3 agregaty bolup, kuwwatlylygy 1200 müň kWt-a barabardy.

18. Sargyt № 2076



**34-nji surat. Hindiguş suw bendi (Ýolöten etraby)**



**35-nji surat. Hindiguş suw elektrostansiýasynyň turbinalary**

1913-nji ýylda Türkmenistanda 2,5 mln kwt sag elektroenergiýa öndürilipdir.

Elektroenergetika bilen baglanyşykly dinamo-maşyn, generator, elektromotor, transformator, elektrik çyrasy ýaly täze açyşlar durmuşa ornaşdyryldy. Içinden ýanýan dwigateliň, dizel dwigateliniň oýlanyp tapylmagy ylymda we önümçilikde uly öwrülişige getirdi.

Netijede, dünýäde suwuk ýangyja bolan isleg artyp, nebitiň gazylyp alnyşy 1870-nji yylda – 0,8 mln t, 1900-njy ýylda – 20 mln t, 1913-nji ýylda – 54 mln t ýetdi. Nebitiň köp öndürilmegi awtomobil we awiasiya senagat pudaklarynyň döremegine getirdi. Şeýlelikde, adamzat öňler gury ýer we suw boýunça hereket eden bolsa, indi awiasion senagatyň döremegi bilen howa giňişliklerine aralaşmany başardy. Ylmyň beýleki pudaklarynda – biologiýada, medisinada, geologiýada uly açyşlar amala aşyryldy.

Birinji we ikinji jahan uruşlarynyň önüsyrasynda harby tehnika we tehnologiýa ösüp, täze görnüşli ýaraglar hem-de atom, ýadro ýaraglary dörediIdi. Ylmyň kosmonawtika pudagynyň döredilmegi bilen adamzat Gün ulgamynyň beýleki planetalary barada maglumatlar toplap başlady.

Birinji jahan urşundan soň döräň **Sowet** ykdysadyýet **ülňüsi** özünin ykdysadyýetinde ýurdy elektrofikasiýalaşdyrmakdan, gara we reňkli metallurgiýany, maşyn gurluşygy, himiýa senagatyny, harby tehnikany we tehnologiýany ösdürmek bilen täze sosialistik jemgyýeti gurmaklyga girişdi. Ähli önümçilik serişdelerini döwlet eýeçiliginde saklady. 1950–1960-njy ýyllara çenli onuň senagaty, oba hojalygy ösdi. Soňra önümçilige täze tehnika we tilsimatlar ornaşdyrylman, döwletin öz içki bazary üçin önümler öndürildi. Öndürilýän önümiň hili pes, dünýä bazarlarynda bäsdeşlige çydap bilmeýärdi. Dünýä bazaryna diňe tebigy çig mallary(nebit we nebit önümleri, tebigy gaz, agaç, gara we reňkli magdanlar, soňky ýyllarda altyn, kümüş, almaz) çykarýardy. Şeýlelik bilen, SSSR syýasy we ykdysady taýdan çagşap, 1991-nji ýylyň aýagynda dargady. Birnäçe özbaşdak döwletler emele geldi.

Emma, häzir Hytaýda we käbir döwletlerde sosialistik önümçilik dowam edýär. 1970–80-nji ýyllarda Hytaý «Medeni rewolýusiýa» geçirip, senagat kärhanalarynda täze tehnikany we tilsimatlary ornaşdyryp, bazar ykdysadyýetini kabul edip, özboluşly, ykdysady ösüşiň **Hytaý ülňüşi** boýunça hojalygyny ösdürýär. Öz ykdysadyýetinde «Açyk gapylar» syýasatyny amala aşyrdy. Daşary ýurt kompaniýalarynyň kömek bermegi bilen önümçilik kärhanalarynyň durkuny täzeledi. Köpüsini täzeden gurdy. Seýlelikde, gysga wagtyň içinde

öz halkyny iýmit we senagat harytlary bilen üpjün etmegi başardy. Daşary ýurtlara köp möçberlerde senagat we oba hojalyk önümlerini cykarýar.

Dünýäniň ykdysadyýetinde **Gündogar Aziýa ýa-da Ýapon ülňüsi (modeli)** öz ornuny tapýar. Birinji we ikinji jahan uruşlaryndan öň hem Ýaponiýanyň ykdysadyýeti beýleki Aziýa döwletleriniňkä garanda, ösen derejesini saklapdyr. Ýaponiýa ikinji jahan urşunda ýeňlenden soň, öz ykdysadyýetini üznüksiz ösdürmeklige girişdi. Daşary ýurt maýadarlarynyň kömegi bilen, täze tehnikany we önümçiligiň tilsimatlaryny (tehnologiýasyny) tiz wagtyň içinde çalyşmagy başardy. Ýaponiýanyň we onuň yzyna eýeriji döwletleriň ykdysadyýetiniň ösüşi 4 sany ýörelgä gönükdirilen (Kuznesow, sah. 204–205):

1. Ykdysadyýeti döwletiň güýçli dolandyrmagy üçin ähli tebigy, ykdysady, ruhy baýlyklary zerur çäreleri çözmeklige gönükdirmek;

2. Döwlete uly girdeji getirmek we beýleki döwletlere karz pul bermek maksady bilen hojalykda dünýä bazaryna cykarar ýaly önümleri öndürmekligi ýola goýmak;

3. Daşary ýurt maýa goýumlaryny ylmy-tehniki ösüşe gönükdirmek;

4. Önümçilik karhanalarynda dünýä bazaryna dalaş (konkurensiýa çydamly) edip bilýän önümi öndürmek, onuň hilini elmydama gowulandyrýan iri milli monopoliýalary döretmek.

Bu görkezilen ýörelgeler Gündogar Aziýa döwletleriniň (ýa-da Ýaponiýanyň) ýörelgeleri bolman, dünýäniň köp döwletleriniň ykdysadyýeti üçin häsiýetlidir. Gündogar Aziýa döwletlerini ykdysadyýetinde konfuzion ahlagyň prinsipleri giňden ulanylýar. Işgärler iş berijä, ýolbaşçylara uly hormat goýmak bilen olaryň tabşyryklary gyşarnyksyz berjaý edilýär. **Gündogar Aziýa (ýa-da Ýapon) ülňüsi** halklaryň zähmetsöýerligi, ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak, iş berijiniň ullakan hormatdan, sylagdan peýdalanyşy, berk düzgün-tertibe boýun bolmak, işgärleriň iş ýerine bolan söýgüsi we başga-da dini-psihologik aýratynlyklary boýunça tapawutlanýar. Işgärler özüniň medeniýetliligi, sowatlylygy, kärini soýýänligi, hemişe özüniň ussatlygyny artdyrýanlygy, işçi güýjüniň arzanlygy bilen meşhurdyr.

Ýapon hünärmenleri kärhanany dolandyrmaklyga, öndürilýän önümiň möçberine däl-de, hiline, hiliniň ýokary bolmaklygyna uly üns beripdirler. Ýapon hünärmenleri önümiň hiliniň içki düzümine, hyzmat ediş möhletine, kemçiliginiň ýoklugyna, ýokary tehniki häsiýetnamasyna, ýerine ýetiriliş derejesine we daşky sypatyna, harytlaryň uzak hyzmat edip bilýänligine, bahasynyň islendik bazarda elýeterliligine uly sarpa goýýarlar. Olar zähmet öndürijiligini artdyrmaklygyň esasy şertleriniň biri hökmünde önümiň hilini gowulandyrmak diýip düşünýärler. Geçen asyryň ahyrynda (Kuznesow, 1998, s. 204) Ýaponiýada we Gündogar Aziýa döwletlerinde ýokary peýdalylygy, düşewüntliligi bilen tapawutlanýan menejment mekdebi emele gelipdir. Kärhanalar üçin hünärment taýýarlamak, işgärleriň hünärini artdyrmak gadymy medeni-durmuş kadalara esaslanan. Olar ýokary hünärli işçi güýjüniň bolmagy, beýleki döwletlere garanda mydama özleriniň bilimini artdyrmagy, hünärini kämilleşdirmegi bilen tapawutlanýarlar. Ýaponiýanyň kärhana ýolbaşçylary dünýäniň ähli döwletlerinden ylmy açyşlary, patentleri satyn alyp, olary tiz-den-tiz önümçilige ornaşdyrýarlar. Şu artykmaçlyklary boýunça Ýapon, Singapur, Gonkong işçileri Günbatar Ýewropa we Amerika işçilerinden tapawutlanýarlar.

1981–85-nji ýyllarda Ýaponiýada Günbatar Ýewropa garanda, alymlaryň sanynyň artykmaçlygy, Taýwanda we Günorta Koreýada islendik Ýewropa ýurtlaryna garanda, talyplarynyň köplügi bilen tapawutlanýardy. Günorta Koreýa – Fransiýa, Italiýa, Belgiýa döwletlerini bilelikde alanyňda-da şolardan köp inžener taýýarlaýar. Şu artykmaçlyklaryna görä Ýaponiýanyň, Singapuryň, Gonkongyň öndürýän önümleri dünýä bazarlarynda islendik ýurduň önumleri bilen bäsleşikde ýokary hilliligi bilen müşderilere özlerini tanadypdyrlar.

**Nebit cykarýan we daşary bazarlara ugradýan döwletleriň ykdysady ösüş ülňüsi** Günorta-Günbatar Aziýa (Pars aýlagy kenary) döwletlere mahsus. Saud Arabystany, Kuweýt, Birleşen Arap Emiratlary, Oman, Katar döwletleri nebiti gazyp almak, ony çuňňur işlemek, himiki serişdeleri öndürýän nebit-himiýa senagat pudaklaryny, tebigy gazyň hasabyna ýylylyk elektrostansiýalaryny gu-

rup, energiýany köp talap edýän metallurgiýa zawodlaryny gurmak, maddy däl önümçilik pudaklary (ilata durmuş hyzmaty, maliýe, bank, ylym we bilim ulgamy) ösdürmek bilen meşgullanýar. Bu döwletleriň ilatynyň ýaşaýys-durmuş derejesi köp döwletler bilen deňeşdirilende has ýokary. Ykdysadyýetini, medeniýetini ösdürmekde Günorta-Günbatar Aziýada Türkiýe we Eýran hem tapawutlanýar. **Türkiýe ülňusi** (modeli) ýokary hilli, sowatly, tertip-düzgünli, arzan işçi güýji; amatly ykdysady-geografiki ýerleşişi; daşary ýurt maýalaryny önümçilige ornaşdyryşy, çeýe daşary ykdysady-syýasy gatnaşyklary; jemgyýetçilik durmuşynyň demokratiýasy; yslam dininiň gymmatlyklaryny saklaýşy, yslam dinine wepalylygy; yzygider bazar ykdysadyýetine geçmegi, harby kuwwatlylygyny artdyrmagy we dünýewi döwlet guryanlygy bilen beýlekilerden tapawutlanýar.

**Eýran döwletiniň ykdysady ülňüsiniň** esasyny tebigy baýlyklaryny (şol sanda nebiti) tygşytly ulanýanlygy, çuňňur işleýänligi, öndüriji güýçleriniň döwlet eýeciliginde saklanmagy, harby kuwwatlylygyny artdyrmagy, merkezleşdirip dolandyrylýan ykdysadyýetiniň bolmagy, yslam medeniýetiniň saklanmagy tutýar.

Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň, käbir Ýewropa döwletleriniň özboluşly ösüş aýratynlyklary bar.

**Ykdysady ösüşiň Türkmen ülňüsi** – ýurdumyz özbaşdaklygyny alandan soň, dünýä metbugatyny gyzyklandyran mesele, indi Türkmenistan haýsy ykdysady ösüş ýoly bilen giderkä?!

«Eýsem, Garaşsyz döwletimizi gurmak bilen biziň alynky we ahyrky maksatlarymyz nämedir? Türkmenistan indi haýsy ykdysady ösüş ýoly bilen gider? Biziň döwlet, durmuş filosofiýamyzyň esasynda nähili dünýägaraýyş ýatmaly? Öz ykbal ssenariýamyzy indi özümiz ýazýarkak, geçmişiň nämelerine ten berip, nämelerinden el çekmeli? Geljek üçin haýsy şuglalardan ugur almaly?

Biziň ahyrky maksadymyz mähriban Türkmenistanymyzda, eziz diýarymyzda dünýewi, demokratik, hukuk döwletini gurmak we ýakyn ýyllarda iň ösen döwletleriň hataryna goşulmakdyr.

Eýsem, Türkmenistan minnetsiz ösmegi başararmyka? «Hawa» diyip, biz şu gün kesgitli aýdyp bileris. Munuň üçin zerur bolan esasy şertiň dördüsi hem bar. Bizde, **birinjiden,** syýasy durnuklylyk,

**ikinjiden,** açyk gapylar we hoşniýetli goňşuçylyk syýasaty, **üçünjiden,** geçiş döwrüniň döwlet gözegçiligini üpjün edýän güýçli häkimiýet we demokratiýa, **dördünjiden,** düýpli maýa goýumlary we cig mal serişdeleri bar. Bular biziň döwletimiziň dört sütünidir. Şu sütünleriň berkdigini mundan beýläk hem abat saklap, öňe gitmegi başarmagymyz bazar hojalygynyň çarkandakly ýoly bilen arzyly geljege – gülläp ösjek Türkmenistanymyza ýetmegimiziň esasy girewidir (Garaşsyzlyk, demokratiýa, abadançylyk. 10 ýyl abadançylyk – agzybirlik, asudalyk, jebislik. Aşgabat, Ruh, 1994, s. 13–14)».

## 5.6.2. Goňşy döwletler bilen ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmek

Dünýäniň dürli döwletleri üçin mahsus bolan daşary ykdysady we syýasy gatnaşyklar biziň döwletimizde hem amala aşyrylýar. Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinde, 1992-nji ýylyň 4-nji dekabrynda yglan edilen «10 ýyl abadançylyk – agzybirlik, asudalyk, jebislik» syýasatynda bellenilişi ýaly: «Geçen bir ýyldan gowrak wagtyň içinde ýüzden gowrak ýurt biziň Garaşsyzlygymyzy ykrar etdi, olaryň birentegi bilen diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Eýýäm bir ýyla golaý wagtdan bäri BMG-niň gözel ymaratynyň üstünde biziň ýaşyl tugumyz pasyrdaýar. Türkmenistan Halkara walýuta fondunyň, Ýewopada hyzmatdaşlyk we howpsuzlyk guramasynyň,Yslam konferensiýasy guramasynyň, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (EKO) we başga-da birentek halkara guramalarynyň deňhukukly agzasydyr».

Türkmenistan 1924-nji ýyldan bäri Soýuzyň düzüminde «Özbaşdak» respublika bolan hem bolsa, daşary ýurtlar bilen gönüden-göni aragatnaşyk saklamaga hukugy ýokdy. Daşary döwletler bilen gatnaşyklary onuň deregine Soýuz amala aşyrýardy. Eger daşary ýurtlara delegasiýa ibermeli bolsa diňe Moskwa rugsat etmelidi. Soýuz respublikalaryň hemmesi beýle däldi. Meselem: Russiýa, Ukraina, Belorussiýa BMG-niň agzasy hökmünde bu meselede özbaşdak hereket edip bilýärdiler. Olarda daşary döwletleriň ilçihanalary bardy. Türkmenistanda bolsa hiç hili ilçihana, konsullyk hem

ýokdy. Türkmenistan özünde öndürilýän önümleri Soýuza berip, oňa ol eýeçilik edýärdi. Türkmenistan özüniň Soýuza berýän senagat, oba hojalyk önümlerini daşary ýurtlara näçeden satandygyny we ondan näçe girdeji girýändigini hiç haçan bilmeýärdi. XX asyryň 90-njy ýyllarynda Türkmenistan merkeze 90 mlrd kub metr gaz, jan başyna 400 kg pagta öndürip berýärdi.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap, Türkmenistan daşary döwletler bilen ykdysady we syýasy gatnaşyklary ýola goýdy. Döwletimiziň paýtagty Aşgabatda dünýäniň köp döwletleriniň ilçihanalary, wekilhanalary açyldy. Gaýry döwletler bilen birek-biregi sylamak, hormat goýmak, deňhukuklylyk esasynda ykdysady, söwda, syýasy we medeni gatnaşyklar ýola goýuldy. Soýuz dargandan soň öňki respublikalarda we şol sanda Türkmenistanda hem bir bada ykdysady kynçylyklar  emele geldi. Esasan hem azyk önümleri (däne) ýetmezçilik edýärdi. Türkmenistan «Däne» progpammasyny kabul edip, gysga wagtyň içinde  halkymyzy özümizde öndürilýän däne bilen üpjün etmegi ýola goýdy. Ýylsaýyn döwletiň we halkyň ykdysady, maddy  hal-ýagdaýy gowulanyp başlady. Daşary ýurt maýadarlarynyň kömegi we döwletimiziň öz mümkinçiliklerine daýanyp, Türkmenistan gurluşuk meýdançasyna öwrüldi. Senagatda, esasan hem, nebit-gaz, elektroenergetika, himiýa we agrosenagat toplumlaryna uly üns berildi. Bu senagat pudaklaynyň öndurýän önümleri bilen ýurduň içerki isleglerini kanagatlandyrmak we  belli bir bölegini daşarky bazarlara çykarmak meselesi goýulýardy.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap, Türkmenistanda «Açyk gapylar» syýasaty yglan edildi. Halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak bilen ýurtda bazar ykdysadyýetini amala aşyrmaklyk ýola goýuldy. Ýuwaş-ýuwaşdan hususy eýeçilige geçilip başlandy. Ownukly-irili senagat, durmuş hyzmaty kärhanalary, oba hojalyk ekerançylyk ýerleri hususy eýeçilige berlip başlandy. Daşary ýurt maýadarlary üçin birleşen kärhanalary gurmaga ýol açyldy. Döwletiň içinde haryt ýetmezçligi iki  ýol bilen: döwlet we hususy söwda  arkaly amala aşyrylyp başlandy. Içki we daşky söwdany kadalaşdyrmak üçin döwlet gümrükhanalary we söwda biržalary döredildi.

### 5.6.3. Döwlete zerur senagat we oba hojalyk önümlerini getirmek

Türkmenistan ýaly ýaş Garaşsyz döwlet üçin daşarky we içerki söwdanyň ahmiýeti uly. Ykdysady taýdan has ösen döwletler hem daşky söwdasyz öz ykdysadyýetini ösdürip bilmezler. Şol sebäpli daşky we içki söwda döwletleriň hemmesi üçin mahsus zat.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap, häzirki günlere çenli daşary döwletlerden getirilýän önumleriň arasynda agyr we ýeňil senagatyň önümleri esasy orunlaryň birini eýeleýär. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda getirilýän azyk önümleriniň içinde esasy orny miweler, ir-iýmişler, konditer, ýag, içgi, mürepbe, süýji-köke, et, peýnir we çaý, sitrus önümleri eýeleýärdi. Soňky ýyllarda «Galla» maksatnamasy amala aşyrylaly bäri daşyndan getirilýän unuň möçberi epesli azaldy. Özümizde öndürilýän ak bugdaýyň uny dünýä bazarynda islendik un bilen bäsleşip bilýär. Ýurdumyzda azyk maksatnamasy boýunça azyk önümleriniň dürli görnüşlerini öndürmeklige uly üns berilýär. Azyk önümlerini iň käbir görnüşleri Eýrandan, Russiýadan, Ukrainadan, Gruziýadan, Hytaýdan, Türkiýeden, Baltika döwletlerinden we başga-da birnäçe döwletlerden getirilýär.

Döwletimizde halkyň durmuş maksatlary üçin ulanýan senagat önümleri harytlaryndan, zawod-fabrikler üçin gerekli enjamlar, her hili ulaglar, olaryň gerekli şaýlary, himiýa senagat toplumlary üçin enjamlar, aragatnaşyk serişdeleri, elektrik hasaplaýjy maşynlar, oba hojalyk maşynlary we olara gerekli şaýlar, ýeňil senagat önümleri, aýakgaplaryň dürli görnüşleri, oba hojalykda ulanylýan himiki serişdeler, her dürli medisina enjamlary we dermanlary getirilýär. Dürli enjamlar, tehniki serişdeler we tilsimatlar Russiýadan, Ukrainadan, ABŞ-dan, Türkiýeden, Germaniýadan, Fransiýadan, Eýrandan, Şwesiýadan, Hytaýdan, Ýaponiýadan, Beýik Britaniýadan, Şweýsariýadan, Kiprden, Birleşen Arap Emiratlaryndan, Azerbaýjandan we başga-da birnäçe döwletlerden alynýar.

## 5.6.4. Döwletiň taýýar önümlerini daşarky bazarlara çykarmak

Türkmenistan özbaşdaklygyny gazanaly bäri, daşary döwletler bilen ykdysady, söwda gatnaşyklary artýar. Hyzmatdaşlyk edýän döwletleriň sany ýyl geldigiçe köpelýär. Bu ykdysady gatnaşyklary öwrenmek ykdysady we durmuş geografiýasynyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar.




**36-njy surat. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda polipropilen öndürilýän seh**

Türkmenistanyň daşary söwdasynyň esasy bölegini senagat önümleri we oňa gerekli çig mallar, agrosenagat toplumynyň önümleri tutýar. Senagat önümlerinden dünýä bazarlaryna nebit we onuň dürli önümleri (L-62, L-40 ýangyjy, TS-1 awiakerosini, dizel-çalgy ýaglary, polipropilen (*36-njy surat*), awtomobil benzini, çyra kerosini, dizel ýangyjy, peç mazudy, elektrod koksy, nebit bitumy), tebigy gaz, suwuklandyrylan tebigy gaz, bentonit, miroblit, kükürtli kaliý, nahar duzlary iberilýär.

Agrosenagat toplumynyň önümlerinden esasy orny pagta süýümi, ýüplügi, taýýar mata, egin-eşikler, ýüň, deri, ary baly, buýan köki, bagana, haly, miwe, gawun-garpyz ýaly önümleri dünýäniň

köp döwletleri satyn alýarlar. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň ýüzden gowrak döwletleri bilen söwda gatnaşyklaryny amala aşyrýar. Daşary söwdanyň gymmaty 4 mlrd. amerikan dollaryndan geçýär.

### 5.6.5. Birek-birege ykdysady kömek bermekde halkara guramalaryň ähmiýeti

Türkmenistan özbaşdaklygyny gazanandan soň ilkinji döwletleriň hatarynda Türkiýe we goňşy Eýran döwletleri Garaşsyzlygymyzy ykrar etdiler hem-de Türkmenistan bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýdular. Tükmenistan GDA döwletleriniň guramasyna, olaryň käbir geçirýän işlerine synçy hökmünde gatnaşýar.

1985-nji ýylda Eýran, Päkistan, Türkiýe döwletleri Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyny (EKO-ny) döredipdiler. 1992-nji ýylyň 16–17-nji fewralynda Tähranda bolan duşuşykda Türkmenistan we Merkezi Aziýa döwletleri oňa girmäge meýil bildirdiler. 1992-nji ýylyň noýabryndan bäri Türkmenistan bu Ykdysady Hyzmatdaşlyk guramasynyň doly hukukly agzasy boldy. 1996-njy ýylyň maý aýynda onuň duşuşygy Aşgabatda geçirildi. Onuň öň ýany Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly işe girizildi. Oňa EKO-nyň agzalarynyň döwlet ýolbaşçylary we 50-den gowrak döwletleriň hökümet we parlament delegasiýalary gatnaşdylar. Soňra 2000-nji ýylyň 9–10-njy iýulynda Tähranda EKO-nyň 6-njy maslahaty bolup, onda Türkmenistanyň Prezidenti çykyş etdi. Gürrüňimiziň başynda belleýşimiz ýaly, Türkmenistan BMG-niň dürli bölümleriniň agzasy bolup, olaryň amala aşyrýan işlerine işeňňir gatnaşýar.

### 5.6.6. Döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk «Bitaraplyk» syýasaty

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 50/80A bellikli «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda 185 döwletiň adyndan biragyzdan kabul edildi. Bitaraplyk – döwletiň aýratyn halkara-hukuk durum derejesini aňladýar. Bitaraplyk dürli-dürli bolup bilýär. Mysal üçin, **Ewentual**

**bitaraplyk** diýmek, döwletiň anyk-takyk bir urşa gatnaşmazlygydyr. Uruş döwründe Bitarap döwletiň hukuk-borçlary halkara resminamalaryň birgideni bilen rejä getirilýär. Olar Gaaga (1899, 1907 ý.) we Ženewa (1949 ý.) konferensiýalarydyr.

**Hemişelik Bitaraplyk** diýmeklik – döwletiň özüniň hiç wagt goňşy döwlet bilen uruş etmezligi, özüniň içki ýagdaýlaryny we araçägini goramak üçin çäkli goşunynyň bolmagy, uruş etjek bolýan döwletleriň hataryna goşulmazlyk ýaly borçlary öz üstüne alýar. Parahatçylyk wagtynda hem Bitarap döwlet harby bileleşiklere we toparlara gatnaşmaýar. Őz çäginde daşary döwletleriň goşunlaryny, harby merkezlerini ýerleşdirmäge rugsat bermäge haky ýok. Şu şertleri ýerine ýetirmek üçin döwletiň garaşsyzlygy, çäk bütewiligi hem-de hemişelik Bitaraplygy güwä geçýär, beýleki döwletler tarapyndan ykrar edilýär.

Ikinji jahan urşundan soň garaşsyzlygyny alan döwletleriň köpüsi harby bileleşiklere girmezlik syýasatyny alyp bardylar. Şeýlelikde, «Oňyn Bitaraplyk», «Konstruktiw Bitaraplyk», «Goşulmazlyk», «Parahatçylyk döwrüniň Bitaraplygy» ýaly düşunjeler we adalgalar ýüze çykdy.

Türkmenistanyň Prezidenti «Oňyn Bitaraplyk» sözüni birinji gezek 1992-nji ýylyň 10-njy iýulynda Helsinkide Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝEHHG-niň) konferensiýasyndaky çykyşynda gatnaşyjylara mälim etdi. Döwletimiziň oňyn Bitaraplyk ýörelgesi, esasan, iki zat: geosyýasy we geoykdysady şertleri bilen kepillendirildi. Türkmen halky birinjiden: ata-baba parahat, dawa jenjelsiz, asuda, goňşy-golam bilen agzybir ýaşamagy gowy görýän halk. Ikinjiden, Türkmenistanyň tebigaty güneşe, uglewodorod çig mallara baý. Türkmenistanyň düzlük böleginiň jümmüşi nebite we tebigy gaza örän baý. Munuň diňe 1/3 böleginde 21 trillion kubometr gaz we 12 milliard tonna nebitiň bardygy anyklanyldy. Galan ýerleri hem geologiýa taýdan oňat öwrenilse, Türkmenistan uglewodorod ätiýaçlyklary boýunça dünýäde öňdäki hatarlara geçer. Şu nukdaýnazardan alanyňda, has ösen döwletleriň ýurdumyza betniýetli göz gyzdyrmaklaryny we ykdysady basdaşlyklaryny, gysyş

görkezmelerini aradan aýyrmak üçin, has akyllylyk bilen oýlanylyp tapylan we alnyp barylýan syýasat diýip bolýar. Geosyýasy nukdaýnazardan alanyňda, Türkmenistanyň Ýer togalagynyň gyzgyn nokatlaryna (Täjigistana, Owganystana, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna) golaý ýerleşýär. Türkmenistany harby bileleşiklere çekmek howpy bolmagy mümkin zatdy. Türkmenistan 1992-nji ýylyň maýynda Daşkentde GDA döwletleriniň ählumumy howpsuzlyk şertnamasyna gol çekmedi. Netijede-de, Türkmenistanyň goşunlarynyň haýsydyr bir harby hereketlere gatnaşmak meselesi aradan aýryldy. Türkmenistanyň günorta araçäklerini öň rus esgerleri goran bolsa, indi öz serhet goşunlarymyz goraýar. Türkmenistan döwletiniň oňyn Bitaraplyk syýasaty 1995-nji ýylyň 15-nji martynda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzalarynyň döwlet baştutanlarynyň Yslamabatda geçen 3-nji duşuşygynda hem gyzgyn goldanyldy. Degişli halkara zerurlyklary bolan ýagdaýynda Türkmenistan sebitdäki ylalaşygyň, meseleleriň parahatçylykly çözülýän merkezi bolmaga taýýardygyny nygtady. Şol maslahata gatnaşan döwlet ýolbaşçylary Türkmenistanyň bu hoşniýetli beýannamasyny goldadylar. Gerek ýagdaýynda halkara ýygnanyşyklarda Türkmenistanyň bu niýetlerini biragyzdan goldajakdyklaryny ýatlatdylar. Munuň yzysüre Türkmenistanyň bu teklibini Russiýa, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Hytaý halk respublikasy, Hindistan, Indoneziýa, Malaýziýa, Awstriýa, Rumyniýa, Müsür, Ysraýyl, Ukraina, Ermenistan, Çehiýa, başga-da birnäçe döwletler goldadylar.

Soňra 1995-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Goşulyşmazlyk hereketine gatnaşýan döwletleriň hökümet baştutanlarynyň Kolumbiýanyň Kartohen şäherinde geçen duşuşygynda Türkmenistany bu hereketiň doly hukukly 114-nji agza döwleti diýip kabul etmekden başga-da, onuň Bitaraplyk syýasaty duşuşygyna gatnaşanlaryň hemmesi tarapyndan goldanyldy. Soňra BMG-niň Baş Assambleýasynyň 50-nji sessiýasynda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň many-mazmuny barada çykyş etdi. Onuň çykyşyny 185 döwletiň wekilleri biragyzdan makulladylar. Şeýlelikde, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabry «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Yk-

rarnamasynyň kabul edilen güni hasaplanýar. Ony Türkmenistanyň ähli halky her ýyl baýramçylyk hökmünde belläp geçýär.

## EDEBIÝAT


«10 ýyl abadançylyk – agybirlik, asudalyk, jebislik. Garaşsyzlyk, demokratiýa, abadançylyk. Aşgabat, Ruh, 1994. Sah 12.

*Кузнецов А.П.* География. Население и хозяйство мира. Москва, «Дрофа», 1998.

*Garajaýew J.* Beýik ýurduň belent derejesi. «Türkmenistan» gazeti, № 310, 2001-nji ýylyň 4-nji dekabry, sah. 3.

*Hudaýýarow M.* Türkmenistanda we dünýäniň käbir döwletlerinde senagat önümçiliginiň kemala gelmeginiň we ösmeginiň taryhy-geografiki ähtleri we aýratynlyklary. Altyn asyryň ykdysadyýeti, № 2, 2007, sah.22-26; № 3, 2007, sah. 30-34 (türkmen, rus we iňlis dillerinde).

# VI. YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ TÄZE UGURLARYNYŇ EMELE GELMEGI

## VI.I. YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ TÄZE UGURLARYNYŇ DÖREMEGI

### 6.1.1. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň köne ugurlarynyň galkynmagy

Birnäçe ýyllaryň dowamynda ykdysady we durmuş geografiýasynyň ýaşaýşynda köp özgerişler bolup geçdi. XV–XVП **asyr**larda geografiki açyşlar bilen baglanyşykly **nawigasion, matematiki geografiýa** we onuň esasy şahamçalarynyň biri **kartografiýa** uly üns berildi. Soňra XVШ–XX asyrlarda onuň köne ugurlary, senagatyň, oba hojalygynyň, ulaglaryň geografiýasyna köp sanly ylmy işler bagyşlandy. XVШ–XX asyrlarda hojalygyny bazar ykdysadyýetine geçirip başlan Ýewropa, Amerika döwletlerinde ykdysady we durmuş geografiýasyndan işleýän alymlar esasy ünsi **söwdanyň, durmuş hyzmaty gullugynyň** ösüşine beripdirler. Käbir döwletlerde geografiýa ylmynyň bu şahasynyň ady **«Adamyň geografiýasy»** diýip atlandyrylypdyr. Diýmek, ykdysady we durmuş geografiýasynyň ylmy-barlaglary döwrüň we hojalygyň ösüşiniň aýratynlyklaryna hyzmat edipdir.

Ykdysady we durmuş geografiýasynyň täze ugurlary XX asyryň ikinji ýarymynda jemgyýetiň geografiki aňyýetiniň ösmegi, adamzadyň hojalyk işleriniň çylşyrymlaşmagy bilen baglanyşykly emele gelýär. XX asyryň ikinji ýarymyna çenli, ýokarda belleýşimiz ýaly, onuň maddy önümçilik ugurlaryna(senagata, oba hojalygyna, ulaglara) uly üns berlipdir. Şu ugurlar bilen bir hatarda dünýäniň köp döwletlerinde **syýasy geografiýa** giňişleýin öwrenilipdir. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň köne kökleriniň biri **ilatyň we ilat**

**mesgenleriniň geografiýasy** hasaplanýar. Ýer ýüzünde ilatyň sanynyň artmagy, onuň hojalygyň ösmegine we tebigata edýän täsirleri bilen baglanyşykly ilat mesgenleriniň geografiýasy: şäherleriň **(geourbanistika)**, oba ilatynyň **(georuralistika)** ugurlary boýunça edilýän ylmy işleriň sany köpelýär. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň bu ugurlaryny ykdysadyýeti ösdürmek maksady bilen **«Demografiýa»** hem öwrenýär.

Ilatyň we onuň hojalygynyň geografiýasy bilen baglanyşykly täze **«Gurluşygyň we gurluşyk industriýasynyň geografiýasy»** bölümi emele gelýär. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň täze bölümi özüne: gerekli tehnika, işçi güýji, konstruksiýa, konstruksion enjamlar, gurluşyk üçin gerekli maşynlary öndürýän maşyn gurluşyk senagat pudaklary, ylmy-barlag we taslama institutlary bilen üpjün edilen montaž we gurluşyk edaralary, olaryň ýerleşişini, ösüş aýratynlyklaryny öwrenýär.

Soňky ýyllarda döwletleriň arasynda we içki ulgamlarynda aragatnaşyk serişdeleriniň ösmegi, kämilleşmegi bilen halk hojalygynyň esasy pudaklarynyň biri hökmünde **aragatnaşygyň geografiýasy** emele geldi. XX asyryň aýagynda XXI asyryň başynda ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri durmuşa ornaşdyrylyp, aragatnaşygyň dürli pudaklary çalt depginler bilen ösýärler. Onuň pudaklary, durmuş hyzmatynyň pudaklary bilen bilelikde ilata hyzmat edýärler. Häzirki wagtda adamzat kosmos giňişliginde hereket edýän emeli hemralaryň kömegi bilen dünýäniň dürli döwletleriniň telewizion we radio gepleşiklerine tomaşa edýär. Kompýuter we internet ulgamlarynyň hyzmatyndan ähli kontinentleriň ilaty peýdalanýar.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ýer ýüzünde ilatyň we onuň ýerleşişiniň geografiýasy, şol sanda BMG-niň jemgyýetçilik edaralary, käbir ösen döwletleriň ylmy-barlag institutlary tarapyndan **«Işsizleriň geografiýasy»** öwrenilýär. Şonuň bilen birlikde, ilatyň sowatlylyk derejesini, hünär taýýarlygyny, milli zähmet endiklerini, zähmet çekmäge psihologiki, fiziki taýýarlygyny bazar ykdysadyýeti şertlerinde öwrenmeklik zerur hasaplanylýar.

Dünýä ykdysadyýetinde durmuş hyzmaty gullugynyň ähmiýetiniň ähli döwletlerde artýanlygy sebäpli, geografiki barlaglarda uly ähmiýete eýe bolýar. Öň belläp geçişimiz ýaly, ösen döwlet-

lerde onuň pudaklaryndan döwlete uly girdeji gelýär. Ilata edilýän hyzmatlaryň möçberi artýar we hili gowulanýar. Gadymy döwürlerde we biziň günlerimizde hem döwletlerde içki we daşky söwdanyň geografiýasy uly orun tutýar. Geografiki barlaglarda söwda nokatlarynyň ýerleşişine, daşary döwletlerden getirilýän harytlaryň hiline, möçberine we ýerli harytlaryň öndürilişine, olaryň gatnaşygyna, azyk we azyk däl harytlaryň aýlanyşygynyň düzümine uly ähmiýet berilýär.

Ykdysady we durmuş geografiýasynda ýaşaýyş-jaý gurluşygyna soňky ýyllarda uly üns berlip, çuňňur öwrenilýär. Ösen döwletlerde ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulanmagy bilen, ilatyň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän ýaşaýyş jaýlary gurulýar. Dünýäniň ösen döwletlerinde geografiýa ylmynyň ***«Ekistika»*** (Ilat mesgenlerini öwrenýän ykdysady we durmuş geografiýasynyň şahamçasy) bölümine ýeterlik derejede orun berilýär. Geografiki nukdaýnazardan ilat mesgenleriniň ýaşaýyş jaý bilen üpjün edilişini öwrenmek we döwleti dolandyryş edaralara bu meseläni çözmekde degerli maslahatlary bermeklik ykdysady we durmuş geografiýasyndan işleýän hünärmeniň borjudyr.

Ilatyň ýaşaýyş jaý meselesi hakda gürrüň edilende,öň belleýşimiz ýaly, hormatly Prezidentimiz tarapyndan 2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 17-sinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasynyň kabul edilendigini belläp geçmezlik mümkin däl. Bu Milli maksatnama laýyklykda döwletimiz obalarda we şäherlerde ýaşaýyş jaý gurýan raýatlara 30 ýyllyk möhlet bilen bir göterim tutumly karz pullary berýär. Obalarda we şäherlerde hususy jaý gurmak isleýän raýatlara döwletdäki gurluşyk edaralaryň kömegi bilen şertnama esasynda jaý gurlup berilýär.

Durmuş infrastrukturanyň aýratyn pudagy hökmünde başlangyç, orta, ýörite, ýokary bilimiň, ylmyň, maliýanyň, pul aýlanyşygynyň geografiýasy haýal öwrenilýär. Infrastrukturanyň bu pudaklary ykdysadyýet ylmynyň wekilleri tarapyndan hem gowşak öwrenilýän ugurlar hasaplanýar. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň bu ugurlaryna ösen döwletlerde uly üns berilýär.

### 6.1.2. Diniň geografiýasy

Jemgyýetçilik hadysasy hökmünde diniň emele gelşiniň özboluşly taryhy bar. Alymlaryň köpüsiniň pikirine görä, din gadymy neandertal adamlaryň durmuşy bilen baglanyşykly. Şol döwrüň adamlary (60–25 müň ýyl b. e. öň) tebigy betbagtçylyklary (ýer titremegini, sil gelmegini, derýalaryň joşmagyny) Hudaý tarapyn diýip düşünipdirler.

**Ýokary paleolit** (b.e. öňki XI müňýyllyga çenli) döwründe diniň ýönekeý görnüşi **totemizm** (adamlaryň haýwanlar, ösümlikler bilen ýokary tebigy garyndaşlygy bardyr diýip pikir etmek) emele gelipdir. Soňra asman jisimleriniň kömegi bilen jadylamak, gözbagçylyk (magiýa) etmek döräpdir.

**Mezolit** (orta daş asyry, XI–VII müňýyllygyň birinji ýarymy) döwrüniň adamlary üçin **animizm** (ruha we adamyň janyna ynanmak), **şamanizm** (ýogalan adamlaryň ruhy bilen gepleşmegi başarmak, kesellileri bejermek, ýagyş ýagdyrmak we ş.m.) dini garaýyşlar häsiýetli bolupdyr.

**Neolit** (b.e. öňki VII müňýyllygyň ikinji ýarymyndan b.e. öňki V müňýyllygyň birinji ýarymyna çenli) döwründe adamlar ösümlikleriň, haýwanlaryň ruhuna, tebigy hadysalara ýa-da tebigatyň ruhuna ynanypdyrlar.

Maşgala, nesil, urug, taýpa emele gelip başlansoň, olaryň ýolbaşçylarynyň ruhuna ynanylypdyr.

Haçanda synplar emele gelip başlandan soň, din synpy ýagdaýa eýe bolupdyr. Biziň e. öň I müň ýyllygyň ikinji ýarymynda käbir dini akymlar bir döwletiň çäginden çykyp, beýleki döwletlere ýaýrap başlapdyr. Şular ýaly din ýerli ähmiýetini ýitirip, bütindünýä häsiýete eýe bolýar.

**Buddizm** dünýäde iň gadymy din hasaplanylýar. Onuň iki-üç sany şahalary **hinaýana, mahaýana** we **lamaizm** bar. Bu din Hindistanda biziň eýýamymyzdan öň VI–V asyrlarda Siddhartha Gautama Şakýamuni tarapyndan (oňa dünýä ýüzünde Budda diýýärler) döredilipdir (*37-nji surat).*




**37-nji surat. Buddizm, lamaizm, induizm dinleriniň geografiýasy**

Hindistanda buthanalar, ybadathanalar, monastyrlar bar. Hindistanyň özünde buddizm giň ýaýramandyr. Ol Hytaý, Ýaponiýa, Koreýa, Mongoliýa, Wýetnama we beýleki döwletlere ýaýrap, dünýä dinine öwrülipdir.

II asyrda buddizm Hytaýa ýaýrady. 2000 ýyl dowam edenem bolsa agdyklyk ediji bolup bilmedi. Buddizm dünýä dini hökmünde Tibetde giň ýaýrady. Oňa ynanýanlaryň sany 300 mln-dan geçýär.




**38-nji surat. Hristian dininiň geografiýasy**

**Hristian** dini özüniň adamlara täsiri we geografiki ýaýraýşy boýunça dünýä dini hasaplanýar *(38-nji surat).*

Hristian dini biziň e. öň I asyrda Rim imperiýasynyň gündogar böleginde (häzirki Izrail döwletiniň çäginde emele gelipdir. Biziň eýýamymyzyň I asyrynyň 60-njy ýyllarynda eýýäm birnäçe hristian obşinalary emele gelipdir. Hristian dini üç sany ugry özüne birikdirýär: **katolisizm, prawoslawiýe, protestantizm.** Olaryň hem düzüminde birnäçe birleşmeler bar. 2000 ýylyň dowamynda rim-katoliki, grek-prawoslaw ybadathanalary emele gelipdir.

**Katolisizm** – hristian dininiň uly şahasy, talapkär merkezleşdirilen ybadathana hökmünde bolup, onuň başynda Rim Papasy (Watikan döwletini dolandyryjy) hasaplanylýar. Katolikleriň we protestantlaryň Ýewropada ýaýran sebitleri 39-njy suratda görkezilýär.

**Protestantizm** – XVI asyrda reformasiýa döwründe katolik hereketiň garşysyna dörän.Onuň esasy ugurlary: **lýuteranstwo, kalwinizm, anglikanstwo, metodizm, baptizm** emele gelipdir. 395-nji ýylda Rim imperiýasy dargandan soň günbatar we gündogar böleklere bölündi. Munuň özi günbatarda Rim Papasynyň buthanasynyň, gündogarda Konstantinopol, Iýerusalim, Aleksandriýa buthanalarynyň




**39-njy surat. XVI asyrda Ýewropada protestantlaryň we katolikleriň ýaýraýşy**

döremegine getirdi. Olaryň özaralarynda ylalaşyksyz hereketleri netijesinde 1054-nji ýylda **rim-katolik** we **prawoslawiýe** buthanalary bir-birinden aýrylypdyr.

**Yslam dini**. Ony VII asyrda esaslandyran Muhammet pygamber hasaplanylýar. Onuň dörän ýeri Arabystan ýarym adasynda Hijazdyr *(40-njy surat)*. Yslam dininiň ady we abraýy dünýäniň döwletleriniň içinde ýokary.

**Konfusiýa.** Biziň eýýamymyzdan öň 1000-nji ýylyň ortasynda Hytaýda emele gelen. Onuň düýbüni tutujy filosof Konfusiý hasaplanýar.




**40-njy surat. Yslam dininiň ýaýraýşy**

Köp ýüzýyllyklaryň dowamynda döwlet ideologiýasyna öwrüldi. Hytaýda ýerli din **daosizm**-konfusiýa we buddizm dinleriň esasynda döredilen.

**Induizm** – Hindistanda döräp, dini görnüşleriň köpüsini öz içine alýar. Induizm dini hindi halkynyň ýaşaýyş durmuşyna degişli ahlak, etiki meseleleri özünde jemleýär *(37-nji we 41-nji suratlar)*.

**Sintoizm** – Ýaponiýanyň ýerli dini hasaplanýar. Konfusiýa we daosizm dininiň käbir elementlerini (ata-babalaryň şahsyýetini goramak, maşgalada erkek adamlaryň agalyk etmegi, ululary sylamak we hormat ýaly aýratynlyklary özünde jemleýär.

**Iudaizm** – biziň e.öň I müňünji ýylda Palestinada ýewreýler tarapyndan döredilipdir. Ýewreý halkynyň ynanýan dinidir.




**41-nji surat. Dünýäniň ilatynyň dine ynanyjylyk düzümi. Ýer şarynda ähli materiklerde ýaşaýan milletler we adamlar dürli dinlere ynanýarlar.**

1917–1991-nji ýyllar aralygynda sosialistik ýurtlarda diniň garşysyna köpçülikleýin göreş başlandy. Kommunistler hudaýsyz jemgyýet döretmek islediler. Sosialistik döwletlerde öňki bar bolan ybadathanalar, metjitler ýykdyryldy. Ýykylman galanlarynyň jaýlary dürli maksatlar üçin ulanyldy. SSSR-iň düzümine giren döwletler garaşsyzlygyny alanlaryndan soňra raýatlara dine ynanmaklyga, uýmaklyga, hyzmat etmeklige doly rugsat edildi. Şondan soňra biziň döwletimizde hem şäherlerde, obalaryň köpüsinde musulman metjitleri we hristian ybadathanalary işläp başlady. Indi raýatlar doly erkinlikde metjitlere, ybadathanalara gatnap bilýärler. Döwletimiz tarapyndan her ýylda haç parzyny ýerine ýetirmek üçin Saud Arabystanyna ýörite uçarlaryň reýsleri ugradylýar.

### 6.1.3. Medeniýetiň geografiýasy

Dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletlerinde geçen asyrdan bäri ylmyň, medeniýetiň, sungatyň geografiýasy ykdysady we durmuş geografiýasynyň aýratyn şahamçasy hökmünde hünärmenler tarapyndan öwrenilýär. Medeniýetiň geografiýasyna degişli Ýu.A.Wedeniniň(1997), A.G.Družininiň(1993, 1999), S.Ýa. Suşiniň we A.G.Družininiň(1994) we beýlekileriň işlerini bellemek bolar. Ylmyň, bilimiň, sungatyň ösmegi bilen döwletleriň çägindäki halklaryň gadymdan gelýän medeniýeti dikeldilýär, ösýär, kämilleşýär.

Şu nukdaýnazardan alnanda Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soňra milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň ösmegine döwlet tarapyndan uly mümkinçilikler döredildi. Şaherlerimizde teatrlar, medeniýet öýleri, köşkleri guruldy we täzeleri gurulýar. Medeniýet işgärleri häzirki zamanyň talaplaryna doly laýyk gelýän teatrlar bilen üpjün edilýär. Bu bolsa döredijilik işgärleriniň öňküden has oňat işlemeklerine ähli şertleri döredýär. Ýurdumyzda her ýyl ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda döwlet derejesinde aýdym-saz sungaty boýunça bäsleşikler geçirilýär. Ýaryşda üstünlik gazananlara gymmat bahaly döwlet sylaglary gowşurylýar. Döwletimizde 2020-nji ýyla çenli obalarymyzda, şäherçelerimizde ýüzlerçe klublar, muzeýler, okalgalar we dürli medeni ymaratlar gurlar. Olara gatnaşýan raýatlaryň sany ýylsaýyn köpelýär.

Türkmen topragy Muhammet-al-Horezmini, Abu Reýhan Muhammet ibn Ahmed al-Birunini, Abu Ali ibn Sinany, Mahmyt Zamahşaryny, Mahmyt Kaşgarlyny, Nejmeddin Kubrany, Möwlana Jelaleddin Rumyny, Abu Seýit Abylhaýyryny, Döwletmämmet Azadyny, Magtymguly Pyragyny we başga-da birnäçe alymlary, şahyrlary, dünýäniň ilkinji reňkli kartasyny çyzan Muhammet ibn Nejip Bekrany, türkmen deňizçileri Muhitdin Piri reýis, Seýdi Aly reýis ýaly admirallary ýetişdiren Mukaddes toprakdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda we ondan öň hem türkmen alymlaryna, türkmen ylmyna uly sarpa goýulýardy. Onuň dünýä belli Çöller we Göz keselleri bejerýän, Zoologiýa ylmy-barlag institutlary bar. Atlary agzalan ylmy-barlag institutlaryna dünýäniň dürli künjeklerin-

den tälim almaga ylmy işgärler gelerdiler. Göz keselleri institutyna Merkezi Aziýa döwletlerinden nähoşlar gelip, gözlerini bejerdýärdiler. Şol institutlaryň alymlar geňeşlerinde goňşy respublikalardan gelip kandidatlyk we doktorlyk dissertasiýalary goralardy. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan «Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamak hakyndaky Düzgünnamanyň» tassyk edilmegi netijesinde türkmen ylmynyň şan-şöhraty ýene-de ýokary galar we dünýä ylmyna öz goşandyny goşar. Ýurdumyzda ylmy işgärleriň we medeniýet işgärleriniň günleri her ýyl baýramçylyk edilýär.

### 6.1.4. Medisina geografiýasy

Dünýäniň ilatynyň saglyk ýagdaýyna dürli ýagdaýlar täsir edýärler. Ilkinji nobatda, adama tebigatyň önümi hökmünde, onuň saglygyna tebigy sreda uly täsir edýär. Munuň şeýledigini adamlar ir döwürlerden bäri bilipdirler. Medisina işgärleri ir döwürlerden bäri adamyň saglygyna tebigy sredanyň edýän täsirini öwrenipdirler. Tebigy sreda adamyň sagat we kesel bolmagyna gönüden-göni täsir edip bilýär. Adamzat tebigatda dürli tebigy şertlerde ýaşaýar. Dürli tebigy zonalarda ýaşan döwründe adamlar şol ýerleriň tebigy şertleriniň we baýlyklarynyň saglyklaryna edýän täsirine üns berýärler. Tebigy şertlere we baýlyklara üns berýän adamlar saglygyny goramagy başarýarlar. Dürli ylmyň wekilleri birigip, adamzadyň saglygy üçin geografiki sredanyň ähmiýetini we berýän peýdasyny köptaraplaýyn sosial barlaglary geçirip anyklap bilýärler. Geografiýa, antropologiýa, etnografiýa, demografiýa, gigiýena, medisina ylymlarynyň wekilleriniň agzybirligi we atlary agzalan ylymlaryň özara arabaglanyşygy dünýäniň ähli döwletlerinde medisina geografiýasynyň ylmyň aýratyn şahasy hökmünde emele gelmegine getirdi. Dünýäde dürli keselleriň garşysyna göreşmeklik ýylsaýyn giň gerim alýar. Şeýlelikde, şolaryň arasynda adamzadyň ýaşaýyş şertleri barada medisina-geografiki barlaglar we berilýän häsiýetnamalar berk orun eýeleýär. Gelnen netijeler adamzadyň saglygyny bejermek we geljekde gowulandyrmak üçin ulanylýar.

Beýik rus alymy, akademik I.P. Pawlow öz wagtynda adam saglygy barada şeýle ýazypdyr. «Adam – Ýer tebigatynyň ýokary önümi

bolup, çylşyrymly, inçe we örän duýgur ulgamdyr. Tebigatyň adamzada berlen baýlyklaryndan lezzet almak üçin ol sagat, güýçli we akylly bolmalydyr (Çaklin A.W., 1986, sah. 3.).» Häzirki döwürde adamzadyň saglygy hakda gürrüň edilende onuň psihiki, fiziologiki we biologiki funksiýalaryny saklamak, ösdürmek, işe ukyplylygyny, sosial işeňňirligini, mümkin boldugyça, ömrüni uzaltmak barada aýdylýar.

Adamzadyň kesellemeginde, elbetde, diňe geografiki sredany günäkärläp bolmaz. Sebäbi onuň kesellemeginde genetiki we beýleki sebäpler hem bolmagy mümkin. Adamyň saglygynyň ýaramazlaşmagyna sosial şertler (iýmit, iş ýagdaýy, maşgala we ýaşaýyş şertleri), jemgyýetiň gurluşy täsir edýärler.

Döwletimizde hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary boýunça halkymyzyň rahat ýaşamagy üçin ähli şertler döredilýär. Halkymyza edilýän medisina hyzmaty ýylsaýyn gowulanýar. Ähli welaýatlarymyzda, etraplarymyzda keseli anyklaýyş we bejeriş merkezleri gurulýar. Döwlet tarapyndan halkyň bähbidi üçin köp ýeňillikler edilýär.

Döwletimizde ýokanç keselleriň öňüni almak üçin öňünden halkymyza medisina işgärlerimiz tarapyndan mugt sanjym işleri amala aşyrylýar. Geografiki sredanyň adamyň saglygyna edäýjek täsirleri medisina işgärlerimiz tarapyndan öwrenilýär. Halkyň arasynda düşündiriş işleri geçirilýär.

Geografiki sredanyň, klimatyň, şol sanda howanyň, atmosfera basyşynyň, toprakdaky we azyk önümlerindäki mikroelementleriň, adam bedeniniň çöl klimatyna uýgunlaşyşy, iýmitiň täsiri, dermanlyk ösümlikleriň adamyň saglygyny bejermekde ulanylyşy, ýerli tebigy şertleriň we baýlyklaryň ulanylyşy, Günüň energiýasynyň adam bedenine edýän täsiri Türkmenistanda medisina işgärlerimiz tarapyndan öwrenilen. Onda-da bu babatda entek edilmeli işler köp. Gynansak-da, geografiýa hünärmenlerimiziň arasynda medisina geografiýasy bilen gyzyklanýanlar örän az. Geljekde geograflar bilen medikler bileleşip işleseler, medisina geografiýasynyň ösmeginde uly üstünlikler gazanarlar.

### 6.1.5. Bedenterbiýe we sport geografiýasy

Dünýäniň ösen döwletlerinde durmuş geografiýasynyň, durmuş infrastrukturasynyň aýratyn şahasy hökmünde «Bedenterbiýe we sport geografiýasy» emele gelýär. Geografiýa ylmynda bedenterbiýe we sport köp halatlarda tebigy şertler bilen baglanyşdyrylýar. Dogrudan hem, ol gadymy döwürlerde tebigy şertler bilen baglanyşykly bolupdyr. Meselem: aram guşaklygyň daglyk ýerlerinde, gar örtüginiň köp düşýän ýerlerinde garyň üstünde typmak (lyža, sanýa we beýleki görnüşler), sähralarda, çöllük ýerlerde at, düýe çapyşyk ýaryşlary geçirilipdir.

«Bedenterbiýäniň we sportuň geografiýasy» özüniň gözbaşyny adamzadyň dörän wagtyndan başlaýar. Ir döwürlerde bedenterbiýäniň we sportuň ösdürilmegi uruş we basybalyjylyk hereketler bilen baglanyşykly bolan bolmagy mümkindir. Ir döwürlerde hem Ýewropa we Aziýa döwletlerinde sport ýaryşy geçirilýän meýdançalar bolupdyr.

Edebi eserlerden we taryhy-arheologiki maglumatlardan belli bolşy ýaly, gadymyýetde Türkmenistanyň çäginde ilatyň ýaş nesliniň arasynda dürli sport ýaryşlary geçirilipdir. Olardan: ýyrtyjy we öý haýwanlary bilen tutluşmak ýaly ýaryşlar ýetginjekleriň arasynda gurnalypdyr. Uruş tälimleri bilen baglanyşykly ýaryş düzgünleri durmuşa ornaşdyrylypdyr. Gadymyýetden başlap biziň günlerimizde hem toýlarda göreş tutmak, ýaglyga towusmak, at çapmak, goç uruşdyrmak boýunça dürli ýaryşlar geçirilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletimizde sporta we bedenterbiýe işlerine uly üns berilýär. Aşgabatda dünýä ülňüsine laýyk gelýän iki sany stadion, iki sany at çapyşyk aýlawy, buz köşgi, suw ýaryşlary geçirilýän basseýn, saglyk ýollary we başga-da birnäçe sport meýdançalary guruldy. 2010-njy ýylyň 5-njy noýabrynda Hormatly Prezidentimiziň aladasy bilen Aşgabatda Olimpiýa şäherjigini gurmaga badalga berildi. 2011-nji ýylyň öňüsyrasynda Kuweýtden gelip gowşan habara görä, Merkezi Aziýa sebitinde ilkinji bolup, döwletimizde 2017-nji ýylda ýapyk binalarda söweşjeň sungat boýunça V Aziýa oýunlaryny geçirmäge hukuk gazanyldy. Aşgabatda gurulýan Olimpiýa toplumy türkmen sportuna şöh-

rat, abraý we üstünlik getirer. Häzirki günlerde ähli welaýat merkezlerinde uly aýlawlar gurulýar. Umuman alnanda, sport we bedenterbiýe ilatyň saglygyny goramak üçin zerur çäreler hasaplanýar. Sport we bedenterbiýe bilen meşgullanýan adamlar aňsat kesellemeýärler. Işe ýarawlylygyny elmydama saklaýarlar. Şonuň üçin Türkmenistanda bu işlere döwlet möçberinde uly üns berilýär. Soňky ýyllarda sport we bedenterbiýe çäreleri ählumumy, bütindünýä hasiýete eýe bolýar. Sport ýaryşlary dünýä boýunça yzygider geçirilip durulýar. Sportuň we bedenterbiýäniň ösmegi köp döwletlere uly maliýe girdejilerini getirýär. Olar bilen meşgullanýanlar üçin dürli eşikleri, sport gurallaryny öndürmeklik ýola goýulýar. Bütindünýä ýaryşlary geçirilýän döwletlerde sport desgalaryny gurmak, ýaryşa gatnaşýanlara hyzmat etmek arkaly döwlet derejesinde girdeji gazanylýar. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň bedenterbiýäniň we sportuň geografiýasy şahamçasynyň geljegi has hem uludyr.

### 6.1.6. Jenaýatçylygyň geografiýasy

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde jenaýat edýän raýatlaryň sany köpelýär. Onuň özboluşly sebäpleri bar. Käbir ösen döwletlerde ýaşlaryň arasynda narkomaniýanyň ösmegi, hususy dükanlarda ýaraglaryň açyk satylmagy, jenaýatlaryň sanynyň artmagyna getirýär. M.M.Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 315-316) ýazmaklaryna görä, synpy jemgyýetlerde jenaýatçy toparlar mydama bolupdyr. Emma döwlet olar barada hiç hili maglumat bermeýänligi zerarly öwrenilmändir. Jenaýatçy toparlar hakynda çeper eserlerde, kinofilmlerde häli-şindi gabat gelýäris. Döwlet tarapyndan ol toparlar hakda hiç hili açyk maglumatlar berilmänligi sebäpli şu wagta çenli bu mesele geograflar tarapyndan öwrenilmändir. Atlary agzalan awtorlar tarapyndan bellenilişi ýaly, soňky ýyllarda bu mesele barada ylmy işlere duş gelmek bolýar. Ýerli jenaýat toparlar dünýäniň beýleki döwletlerinde bolşy ýaly Russiýada «Tambow», «Kazan» jenaýat toparlary bar diýen düşünje ilata bellidir. Döwletiň çäginde amala aşyrylýan jenaýat işleri sebitler boýunça, edilen jenaýatlaryň her 1000 ýaşaýja düşüşine görä, edilen jenaýatlaryň düzümi boýunça tapawutlanýar-

lar. Edilýän jenaýatlar ilatyň ýerleşişine, etniki düzümine, ilatyň şäherleşiş derejesine, sebitiň ilatynyň maddy hal-ýagdaýyna, ýaşaýyş derejesine, sebitiň ýerleşiş ýagdaýyna, tebigy baýlyklaryň gytçylygyna, ilatyň sowatlylyk derejesine we başga-da birnäçe sebäplere bagly bolýar. Dünýäniň köp döwletlerinde jenaýatçylaryň sany, türmeler hakda doly maglumat berilmeýär.

SSSR-de 1930–1950-nji ýyllarda tussag edilen raýatlaryň sany, olaryň saklanan lagerleriniň atlary aç-açanlyk ýyllarynda metbugatda çap edildi. Metbugat habarlarynda köp ilatly şäherlerde (Moskwada, Sankt-Peterburgda, Ýekaterinburgda, Samarada, Nižniý Nowgorodda) jenaýatçylygyň köp bolýandygy barada (Golubçik we beýlekiler, 2003, sah. 316) habarlar berilýär. Dünýäde jenaýatçylygy azaltmak üçin ilatyň sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak, işsizligi ýok etmek, halkyň maddy hal-ýagdaýyny we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak zerurdyr.

## EDEBIÝAT

*Веденин Ю.А.* Очерки по географии искусства. – Санкт-Петербург, 1997.

*Голубчик М.М.* и другие. Экономическая и социальная география. Основы науки. Москва, «Владос», 2003.

*Дружинин А.Г.* Территория и культура: приоритетные проблемы и основные направления геокультурных исследований // Территория и общество. – Пермь, 1993.

*Дружинин А.Г.* Теоретические основы географии культуры. Ростов-на-Дону, 1999.

*Капица С.П.* Общая теория роста человечества: сколько людей жило, живет и будет жить на Земле. Москва, УРСС, 2009.

*Сущий С.Я., Дружинин А.Г.* Очерки географии русской культуры.– Ростов-на-Дону, 1994.

*Чаклин А. В.* География здоровья. Москва, «Знание», 1986.

## VI. 2. REKREASIÝANYŇ YZYGIDERLI ÖSÜŞ MESELELERI

### 6.2.1. Ýerleriň rekreasiýa mümkinçiliklerini öwrenmek

**Rekreasiýa** (*recreatio* – latyn sözi, türkmençe – **dikeltmek** diýmekdir). Ýöne bu söz birnäçe manyda ulanylýar: 1. Könelişen manysy okuwçylaryň okuwdan tomus dynç alýan döwri; 2. Okuw jaýlarynda mugallymlaryň we talyplaryň dynç alýan ýeri, otagy; 3. Dynç almak, adamyň güýjüni dikeltmek, işlän döwründe ýitiren energiýasyny dikeltmek, onuň öwezini dolmak; 4. Rekreasion wagt; 5. Rekreasion ýerler. Bu adalga fiziki, ykdysady we durmuş geografiýasynda ir wagtlardan bäri ulanylýar. Geografiýada esasan hem hojalykda ulanylmaýan, ulanylyp zaýalanan ýerleri dikeltmek, hojalykda gowulandyrylan ýagdaýda ulanmak manysynda oňa baha berilýär. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esasy öwrenýän meseleleriniň biri, islendik ýeriň tebigy şertlerini we baýlyklaryny hojalykda tygşytly peýdalanmaklygy öwrenmekden, şol şertleri we baýlyklary adamlaryň saglygyny dikeltmek, işden ýadan wagtlary dynç almak, gezelenç, syýahat etmek üçin ulanmakdan ybaratdyr. Şu sebäpli ykdysady we durmuş geografiýasynyň aýratyn şahasy hökmünde «Rekreasion geografiýa» emele geldi. Bu mesele boýunça dünýäniň döwletlerinde edilen ylmy işler köp, şol sanda biziň döwletimizde hem M.G.Berdigylyjowyň, N.Ýa.Mýagkowyň, M.N.Medwedewanyň bitiren işleri bellemäge mynasypdyr.

Rekreasion ulgamlar hojalygy ösdürmekligiň maddy-tehniki çeşmesi hasaplanylýar. Ykdysady we durmuş geografiýasynda bu ugur öň belleýşimiz ýaly, ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmaklygy (ýeriň üstki gatlagyny ýeliň tozatmagyndan, suwuň ýuwup alyp gitmeginden, çölleşmek hadysanyň öňüni almakdan ilaty habardar etmek), syýahatçylygy göwnejaý we maksadalaýyk guramaklygy, ýerlerde dynç alyş, sanatoriýa öýlerini dikeltmekligi, gezelenç etmek işleri, dynç alşy gurnamaklygy öwrenýär. Şu meseleler boýunça ylmy işleriň esasynda hojalyga degerli maslahatlary berýär. Şol sebäpli bu ugur soňky ýyllarda çalt ösýär.

Rekreasion geografiýa ýerli rekreasion ulgamlary öwrenýär. Rekreasion geografiýa W.S. Preobraženskiniň (1975) pikirine görä,

ykdysady ýa-da jemgyýetçilik geografiýa ulgamyna degişli bolup, halkyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmaklyk üçin ylmy-tejribe işleri amala aşyrýar. Netijede, rekreasion geografiýa 4 sany ýerli rekreasion ulgamy özüne birikdirýär: 1) bejeriş, 2) sagaldyş, 3) werziş (sport), 4) öwrenmek, akyl ýetirmek. Şu ýerli rekreasion ulgamlaryň kömegi bilen medisina-biologiki we durmuş meseleleri, çäreleri çözülýär. Şu ulgamyň **birinji** göz öňüne tutýan zady – tebigy şertleriň, mümkinçilikleriň (mikroklimat, mineral suw çeşmeleri, duz, palçyk, gün şöhlesi we ş.m.) kömegi bilen kesellän adamlaryň derdini ýeňilleşdirmek, bejermek meselesi durýar. **Ikinji** göz öňünde tutulýan zat – nähoşlan adamlara kesel ötüşmänkä tebigy şertleriň, mümkinçilikleriň kömegi bilen keseliň öňüni almak. **Üçünjisi** – tebigy şertleri we mümkinçilikleri sport işleri üçin ulanmak. Köllerde, suw howdanlarynda suwda ýüzmek boýunça her hili ýaryşlary geçirmek. **Dördünji** göz öňüne tutulýan zat – mekdep okuwçylary, talyplar, syýahatçylar bilen tebigatyň täsin ýerlerine gezelenç etmekligi guramakdan ybarat.

### 6.2.2. Ýerlerde ilatyň dynç alyş, kesel bejeriş merkezlerini döretmek

Döwletimiziň bazar ykdysadyýetine geçýän mahaly ilatyň esasy böleginiň dünýä belli dynç alyş öýlerine gitmäge mümkinçilikleri bolmaýar. Şu babatda döwletimiziň çägindäki tebigy şertleriň adamyň saglygy we dynç almagy üçin tebigatyň gowy ýerlerini öwrenmek we şu meselede amatly maslahat bermek döwlet ähmiýetli iş hasaplanýar. Türkmenistanda Amyderýanyň, Garagum, Murgap, Tejen, Sumbar, Etrek, Türkmen derýalarynyň, Köpetdagdaky, Köýtendagdaky derýajyklaryň, çeşmeleriň boýlarynda adamlaryň dynç almagy üçin oňat ýerler az däl. Köpetdagda okuwçylara, talyplara, şyýahatçylara görkezer ýaly tebigy ýadygärlikler, gezelenç eder ýaly dag gerişleri, jülgeler bar. Gezelençden gelnenden soň dynç almaga kölegeli baglar, çeşme suwlary we oňat ýerler ýeterlik.

Türkmenistanyň dürli etraplarynda ýerleşen kölleriň, uly ýaplaryň gyrasy, tokaý agaçlarynyň salkyn kölegesi tomsuna dynç almak

üçin örän ýaramlydyr. Işden gelenden soň kölleriň, ýaplaryň gyralarynda dynç almaga uly mümkinçilikler bar.

Ýerlerde ilatyň dynç almagy, gezelenç etmegi üçin döwletimizde gurlan we gurulýan suw howdanlarynyň kenarlary has hem amatlydyr. Olara mysal edip, Gökdepe ýa-da Köpetdag etegi, Deňizhan (Hanhowuz), Tejen, Saryýazy, Daşköpri, Düýeboýun, Zeýit, Delili we beýlekileri mysal getirip bolar.

Bulardan başga-da, Türkmenistanda birnäçe dürli keselleri bejerýän dünýä belli şypahanalar bar. Olara Awaza, Arçman, Mollagara, Baýramaly mysal bolup biler. Awaza Milli syýahatçylyk zonasynda häzirkizaman dünýä ülňüsine laýyk gelýän «Çarlak», «Nebitçi», «Kuwwat», «Hazyna», «Serdar», «Watançy», «Kerwen», «Arzuw» myhmanhanalary we uzynlygy 7 km emeli Awaza derýasy guruldy (*44-nji surat*). Onuň üstünden birnäçe köprüler geçirildi. Kenarynda dynç alyş seýilgähleri, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary, gämi duralgalary ulanylmaga berildi. Bu syýahatçylyk zonada Türkmenistanyň we daşary döwletleriň raýatlary dynç alar ýaly ähli şertler döredilipdir.

Arçman şypahanasy aşgazan, gury agyry, nerw, deri, aýal keselleri kükürtli wodorod, suw we palçyk bilen bejerýär. Onuň has oňat abatlanan, bejerilen we häzirki zaman medisina enjamlary bilen enjamlaşdyrylan jaýlary ulanylmaga berildi.

Mollagara şypahanasynyň hem kesel bejerişi halkyň arasynda belli. Onuň ýerleşen ýeri Balkanabat şäheriniň golaýyndaky Jebel demir ýol duralgasynyň 5 km günbataryndadyr. Bu ýeriň özboluşly tebigaty bar. Howasy gurak, tomus yssy, gijelerine salkyn. Daş-töweregi gür baglyga bürenen. Ol ýerde gury agyry, deri, aýal keselleri bejerilýär. Onuň hem täze jaýlary gurlup, ýerleşen ýeri abadanlaşdyryldy.

Baýramaly şäherinde dünýä belli böwrek kesellerini bejerýän şypahana bar. Gyşyna ol ýerde ýürek, bagyr, nerw kesellerini, tomsuna böwrek kesellerini bejerýärler. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda 2010-njy ýylda Ýeňiş baýramynyň öňüsyrasynda bu şypahananyň täze binasynyň açylyş dabarasy boldy. Öňki bejeriş jaýlarynyň durky täzelendi.

Bu şypahanalardan başga Türkmenistanda welaýatlaryň hemmesinde (Balkanabatda, Gökderede, Arçabilde, Farapda, Daşoguzda, Gurbansoltan eje etrabynda we beýlekiler) dynç alyş, kesel bejeriş

edaralary bar. Köpetdagyň, Köýtendagyň salkyn jülgelerinde, Hazar deňziniň kenarýakalarynda «Awaza» milli zolagynda täze dynç alyş ýerleri, şypahanalar döredildi. Netijede, Türkmenistanyň zähmetkeşleri üçin zähmet rugsady wagtynda we işden boş wagtlarynda saglyklaryny bejertmek, dynç almak üçin doly mümkinçilik bar.

Türkmenistanda taryhy ýadygärlikleri dikeltmeklige uly üns berilýär. Häzirki wagtda Soltan Sanjar, Meşedi Misserian, Köneürgenç we başga-da birnäçe taryhy, ekologiki ýadygärlikler dikeldilýär. 2010-njy ýylyň Garaşsyzlyk baýramyna Aşgabatda «Ylham» seýilgähi açyldy.

Dünýäniň halkara zähmet bölünişiginde esasy orny halkara syýahatçylygy (turizmi) eýeleýär. Ony ykdysady we durmuş geografiýasynyň rekreasion geografiýa ýa-da **«Syýahatçylygyň** geografiýasy» bölümleri öwrenýärler. Bu ugur adamyň saglygyny dikeltmäge täsir edýän tebigatyň gözel ýerlerini, baýlyklaryny, ýene-de adamzadyň taryhy döwürlerde döreden taryhy gymmatlyklaryny peýdalanýar.

Ýer şarynyň dürli döwletlerinde tebigatyň gözel ýerleri sanardan köp. Olaryň köpüsinde näsaglan adamlar dynç alýarlar hem-de saglyklaryny dikeldýärler. Mysal üçin: Kawkaz aňyrsy döwletlerde – Gruziýada mineral suwly çeşmeler, Gara deňziň subtropik klimatly kenarýakalary ýylyň dürli pasyllarynda syýahatçylary we näsaglan adamlary kabul edýärler. Gara deňziň Russiýa degişli kenarlarynda dünýä belli Soçi, Artek we başga-da birnäçe dynç alyş zolaklary bar. Ukrainada Krym ýarym adasynyň Gara deňiz kenarlarynda ýerli we bütindünýä ähmiýetli dynç alyş zolaklary, sanatoriýalary ýerleşýärler. Ukrainanyň Karpat aňyrsy, Lwow oblastlarynda hem bütindünýä ähmiýetli dynç alyş ýerleri bar. Baltika deňziniň kenarynda Latwiýada, Fransiýada, Beýik Britaniýada, Portugaliýada, Orta Ýer deňziniň demirgazyk we günorta kenarlarynda: Italiýada, Ispaniýada, Ýugoslawiýada, Albaniýada, Gresiýada, Bolgariýada, Türkiýede, Liwanda, Siriýada, Hindi ummanynyň Eýran, Pakistan, Hindistan, Hindi-Hytaý sebitlerinde, Awstraliýanyň Ýuwaş umman kenarlarynda, Günorta we Gündogar Amerikada, Merkezi Amerikanyň adalarynda, Afrikanyň Atlantika, Hindi ummanlara galtaşýan kenarlarynda ilat üçin dynç almaga amatly ýerler köp *(42-nji surat).*




**42-nji surat. Halkara syýahatçylygyň geografiýasy**

Gadymy şäherler hem syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Gadymy şäherler dünýäniň köp döwletlerinde bar. Umuman, halkara syýahatçylykga dünýäniň işewür adamlarynyň 10%-den köprägi zähmet çekýär. Dünýä ykdysadyýetinde onuň paýyna 10%-den gowrak girdeji degişlidir. Halkara syýahatçylygy dünýäniň köp döwletleriniň esasy girdejisini emele getirýär.

Türkmenistanyň şertlerinde hem halkara syýahatçylygy ösdürmeklige tebigy we taryhy şertler uly mümkinçilikleri döredýärler.

Türkmenistanyň meýdan-çäklerinde syýahatçylara görkezer ýaly Garagum çöli, onuň bahar aýlarynda tebigy aýratynlyklaryny gören, synlan adam haýran galýar. Sebäbi, çöl gök öwsüp, dürli ösümlikler ýapraklaýarlar, Garagum çöli dürli reňkli gülzarlyga, lälezarlyga öwrülýär. Türkmenistanyň daglyklarynda sowuk suwly, ekologiki taýdan arassa çeşmeleriň çykýan ýerleri, olaryň kenarlarynda ösüp oturan agaçlaryň salkyn howasy her bir syýahatçyny haýran galdyrýar. Türkmenistanyň çäklerinde tebigatyň täsin ýadygärlikleri bar. Olara Günbatar Türkmenistanda ýerleşen deňizlerdäki gämileri ýatladýan gämi şekilli tebigy ýadygärlikler, hereket edýän läbik wulkanlar, Hazar deňziniň suwa düşer ýaly çägeli kenarlary degişlidir. Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda taryhy ýadygärlikler bar. Olaryň köpüsiniň durky täzelendi. Guramaçylyk işleri göwnejaý guralsa, olary jahankeşdelere görkezmek mümkinçilikleri bar.

### 6.2.3. Hazar deňziniň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç alyş toplumynyň döredilmegi

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmeginiň baş maksady deňiz kenarynyň tebigy serişdeleriniň we syýahatçylygyň mümkinçiliklerini durmuşa geçirmekden, bu ýerde türkmenistanlylaryň döwrebap dynç almaklary üçin has oňaýly şertleri döretmekden ybaratdyr. Çünki adamlar, olaryň abadançylygy we sagdynlygy hakyndaky alada Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ileri tutýan ugry bolup durýar. Şeýle hem türkmen topragynyň iň bir gözel künjekleriniň birinde ýerleşen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ilkibaşdaky taslamada göz öňünde tutulyşy ýaly, dünýä derejesindäki şypahana toplumyna we halkara hyzmatdaşlygynyň merkezine öwrüler. Mälim bolşy ýaly, ýakynda «Awazada» dünýäniň dürli ýurtlarynyň zehinli çagalaryny bir ýere jemlän çagalar döredijilik festiwaly üstünlikli geçdi. Şeýle hem geljekde bu ýerde halkara ähmiýetli dürli çäreler geçiriler diýip, milletiň Lideri belledi.



**43-nji surat. Awazanyň ilkinji ymaratlary**

«Awaza» – bu 16 kilometre uzaýan ajaýyp deňiz künjegidir. Bu ýerde gurluşyk-abatlaýyş işleri üç tapgyrda amala aşyrylýar. Awazadaky ilkinji gurlup başlanan ymaratlar 43-nji suratda görkezilýär. Ilatyň dynç almagy üçin giň gowy ýerleriň biri Hazar deňziniň kenar ýakasy hasaplanýar. Hazar deňziniň suwy Gara, Azow we dünýäniň beýleki deňizleriniň suwuna garanda, has arassa. Hazaryň suwy ýylyň 8–9 aýynda suwa düşmäge amatly. Kenarynda çägeli ýerler köp. Türkmenistanyň Prezidenti Hazar deňziniň kenaryny dynç alyş zona öwürmek barada uly alada edýär. Hazaryň kenarynda erkin ykdysady zolagy döretmek baradaky ajaýyp pikir 2007-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň Prezidentleriniň Türkmenbaşy şäherinde geçirilen Hazar maslahatynda döwletimiziň Prezidenti tarapyndan orta atyldy. Iýul aýynyň 21-inde Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Hazaryň kenarynda Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçirdi. Şol mejlisde Türkmenistanda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň tanyşdyrylyş dabarasy boldy. Ol dünýä ähmiýetli waka bolany üçin, Russiýanyň, ABŞ-nyň, Ýewropa ýurtlarynyň abraýly habarlar gulluklarynyň-da ünsüni özüne çekipdi. Şol ýylyň dekabr aýynyň 3-ne Hazar deňziniň



**44-nji surat. Awaza derýasy**

kenarynda geçirilen biznes-forumda hormatly Prezidentimiz bu ýerde erkin ykdysady zolagy döretmek barada aýdyp, **«Şu taslama özünde dünýä tejribesini jemlemäge hem-de häzirki zaman bazary, dünýäniň ykdysady integrasiýasy şertlerinde hojalygy netijeli ýöretmek we dolandyrmak babatda öz türkmen modelimizi taýýarlamaga niýetlenendir»** diýipdi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň biznes-forumyna daşary ýurt kompaniýalarynyň 40-a golaýy gatnaşyp, öz tekliplerini hödürlediler. Dünýäniň esasy ekspertleri tarapyndan işlenilip düzülen we taslamanyň master-plany hormatly Prezidentimiziň garamagyna hödürlendi. Onuň Karary bilen täze taslamalar tassyklandy. Hazar deňziniň kenarlarynda ilat dynç alar ýaly toplumlary döretmek hakda işler geçirilýär. Daşary ýurt kompaniýalarynyň ençemesi «Awazada» işlemäge höwes bildirip, öz tekliplerini hödürlediler. Olaryň arasynda Fransiýanyň «Buig», Türkiýäniň «Polimeks», «Sehil», «Garant Koza», «Içkale», «Engin», Russiýanyň «Itera», Eýranyň «Pars Enerji» kompaniýalary bar. Atlary agzalan kompaniýalar öz maýa goýumlarynyň hasabyna dürli desgalary gurmaga isleg bildirýärler. Şu kompaniýalaryň ýolbaşçylary ilkinji bolup, ofisleri we myhmanhanalary, restoranlary, akwapark, kempingleri, kottežleri, tennis we suw sport klubuny, biznes merkezini, «Awaza bagy» oranžereýasyny gurmak üçin ýer



**45-nji surat. «Hazyna» myhmanhanasy (Awaza)**

böleklerini uzak möhletleýin kärendesine aldylar. Hazaryň kenarynda sosial-ykdysady maksatly dürli binalaryň we hyzmatlar ulgamynyň gurluşygyna serişde goýan daşary ýurtly maýadarlar üçin has amatly düzgüniň döredilmegine gönukdirilen çäreler toplumy «Awazada» dynç almak isleýän syýahatçylar we bu ýerde işleýän daşary ýurtly hünärmenler üçin wiza düzgüniniň ýönekeýleşdirmegini öz içine alýar. 2007-nji ýylyň oktýabr aýynyň 1-ne «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky» Kanuna laýyklykda, milli syýahatçylyk zolagyň subýektleri üçin 3 görnüşli salgytdan, ýagny: goşulan baha üçin, emläk üçin we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan alynýan salgytlardan ilkinji 15 ýylyň dowamynda boşatmak göz öňünde tutulandyr. Bu amatlylyklaryň ählisi daşary ýurt kompaniýalary we ýerli maýa goýujylar üçin işlemäge has peýdaly şertleri döredýär. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gurluşygyna 4,5 milliarddan gowrak amerikan dollary möçberinde maýa goýumy goýulýar.

Häzirki wagtda ministrlikleriň we pudak edaralarynyň buýurmasy boýunça dünýä ülňülerine laýyk gelýän myhmanhanalary we sagaldyş sanatoriýalary işe girizildi. Olardan «Çarlak» (80 otagly, 140 adama niýetlenen), «Kuwwat» (85 otag, 85 adama niýet-

lenen), «Hazyna» (86 otagly, 180 adama niýetlenen, *45-nji surat)*, «Watançy» (152 otagly, 308 adama niýetlenen), «Serdar» (106 otagly, 191 adama niýetlenen), «Türkmenbaşy» (90 otagly, 144 adama niýetlenen), «Kerwen» (80 otagly, 110 adama niýetlenen) myhmanhanalary ulanylmaga berildi. 2010-njy ýylyň 12-nji iýulynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda «Arzuw» sagaldyş merkezi işe girizildi. Bu merkez Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy tarapyndan gurlup, ol 900 orunlykdyr. Ol bir wagtyň özünde çagalaryň 600-sini hem-de uly ýaşlylaryň 300-sini kabul edip bilýär. Dynç alýanlar üçin üsti açyk basseýn, akwapark, woleýbol, basketbol, gandbol bilen meşgullanmaga sport meýdançalary, futbol meýdany, tennis kortlary, şonuň ýaly-da 250 orunlyk amfiteatr, 165 orunlyk mejlisler zaly bar.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy halkymyzyň giň köpçüliginiň dynç alýan zolagyna öwrülýär. Türkmenbaşy şäheri doly abadanlaşdyrylýar. Täze ymaratlar gurulýar. Köçeler giňeldilýär. Deňiz portunyň durky täzelenýär. Şäheriň aeroportunyň durky doly täzelendi. Ol halkara aeroportuna öwrüldi. Gurulýan ymaratlar doly gurlup gutarandan soň, şäher we «Awaza» milli dynç alyş merkezi Halkara turizm merkezine öwrüler. Halkara turizm merkezine öwürmek üçin ähli şertler döredilýär.

### 6.2.4. Topragyň üstki gatlagyny ýeliň tozatmagyna, suwuň ýuwmagyna garşy göreşmek

XVII–XIX asyrlarda ABŞ-nyň we Kanadanyň ekerançylyga ýaramly ýerleri özleşdirilende sürlen ýerleriň köp böleginiň üstki gatlagy ýeliň tozadyp äkitmegine sezewar edildi. Munuň esasy sebäbi ýerleri özleşdirýän hünärmenleriň ýerli ýagdaýy, topragyň mehaniki düzümini, ýeliň öwüsýän taraplaryny we wagtyny bilmän, ýerleri köp möçberde güýz sürmekleri sebäp boldy. Ondan başga-da Ýewropanyň ekin ekilýän ýerlerinde ulanylýan oba hojalyk azallaryň ABŞ-nyň we Kanadanyň sähralyklarynda ýaramsyzlygynyň sebäbi Günbatar Ýewropa garanda, ol ýerleriň gurak howasynyň bolmagydyr. Şeýlelikde, ABŞ-nyň we Kanadanyň sürlen ýerleriniň üstki

gatlagynyň ep-esli bölegi şol ýerlerde öwüsýän ýelleriň kömegi bilen tozamaklyga sezewar edildi. Edil şu hili ýagdaý 1950–1960-njy ýyllarda Gazagystanyň we Günbatar Sibiriň boz we tarp ýerleri özleşdirilende hem gaýtalandy. Topragyň üstki gatlagyny ýeliň tozatmagyna garşy göreşmek üçin ýer sürülýän azallary çalyşmaly boldular. Öňki azallar 30 sm çuňlukdaky topragy sürüp, tersine çöwrüp gidýän bolsa, soňky döredilen azallar şol çuňlukda topragy sürüp, tersine agdarman, ony galdyryp, ýumşadyp gidýärdiler. Ösümlikleriň köki, baldagy ýeriň ýüzünde galyp, toprakda çygyň saklanmagyna, gyşyna garyň tozaman galmagyna sebäp bolýardy.

Türkmenistanyň şertlerinde topragyň üstki gatlagy çäge we çägesöw topraklarda tozamaklyga uçraýar. Şonuň üçin ekerançylyk ýerlerde şolar ýaly topraklary sürüp, güýz aýlary bugdaý ekýärler. Şeýle edilende çäge we çägesöw ýerler tozamaýar.

Tozamaklyk Garagum çölünde guýularyň golaýynda çägeleriň mal bakylyp topr edilýän ýerlerinde bolup geçýär. Şeýle ýagdaý çägeli çöllerde turba geçirijiler, elektrik ulgamlary, demir we awtomobil ýollar geçirilende, gurluşyk işleri alnyp barlanda çägäniň üstki böleginiň ösümlik örtügi ýok edilýär. Şol sebäpli çägäniň üstki zaýalanan ösümliksiz bölegi tozap başlaýar. Gurulýan desgalary çäge basýan wagtlaryna duş gelinýär. Oňa garşy göreş işleri alnyp barylýar.

Topragyň üstki gatlagyny suwuň ýuwmaklygy, köplenç ýagdaýda, dag etegi sebitlerinde bolup geçýär. Daglara, belentliklere köp ygal ýaganda, ösümlik örtügi bolmadyk ýerlerde akyp gelýän ýagyş we gar suwy topragyň üstki gatlagyny ýuwup äkidýär. Kä ýagdaýlarda jar emele gelýän wagtlary hem bolýar. Şolar ýaly jarlar Köpetdag etegi üçin häsiýetlidir. Daglarda sil geljek ugurlara köp ýagdaýlarda suw howdanlaryny gurup, ýagyş we gar suwlaryny ýygnamak işi berjaý edilýär. Soňra ýygnalan suwy tomsuna ýerleri suwarmaklykda ulanylýar. Eger ol ýygnalmasa, Garagum çölüne biderek akyp gidýär we akyp barýan wagty köp weýrançylyklara alyp barýar. Ekerançylyk meýdanlary, awtomobil we demir ýollary, kä ýagdaýlarda obalary suw basýan wagtlaryna hem gabat gelmek mümkin.

### 6.2.5. Çölleşmek ýagdaýynyň öňüni almak

Aziýada, Afrikada ýaşaýan ilat gurakçylyk, çöllük ýerlerde tebigata çendenaşa agram salýanlygy sebäpli çölleşmek hadysasy bolup geçýär. Çölleriň araçägi giňelýär. Süýşýän çägeleriň meýdany köpelýär. Ýer togalagynyň gurakçylyk ýerlerinde suwarymly ekerançylyk meýdanlarynyň arasynda ýerleri hapa-haşal otlar basýar. Ýerasty suwlaryň derejesi ýokary galýar, ýerler şorlaşýar. Ol ýerleri özleşdirmek kynlaşýar. Netijede, şol ýerler oba hojalyk dolanyşygynda ulanylmaýar. Oňa zyňlan ýerler hem diýilýär.

Dünýäniň tropiki tokaýlarynda ýerleşýän Ösýän döwletler ykdysadyýetini ösdürmek maksady bilen dünýäniň Ösen döwletlerine köpýyllyk gök öwsüp oturan agaçlary çapyp eksport edýärler. Käbir döwletlerde täze ýerleri özleşdirmek üçin tokaýlaryň gyrymsy agaçly ýerlerini otlaýan wagtlary hem bolýar. Şeýlelikde, bu işler soňra çölleşmek hadysany emele getirýär. Şular ýaly ýagdaý dünýäniň (Günorta Amerikanyň, Afrikanyň, Aziýanyň) köp sanly ösýän döwletleri üçin häsiýetlidir.

Geçen asyryň 50–60-njy ýyllarynda Russiýada tarp we boz ýerleriň özleşdirilmegi netijesinde 100 mln ga-dan gowrak ýer çölleşmek hadysasyna uçrady (Кулик, 2009, с. 14).

Çölleşmek ýagdaýynyň öňüni almaklygyň ýeke-täk usulynyň biri, ol hem tebigy şertlerden we baýlyklardan tygşytly, rejeli peýdalanmak. Tebigatyň ösüş kanunlaryny, kanunalaýyklyklaryny öwrenmek we şoňa görä hereket etmek gerek. Oňa zeper ýetirmeli däl.

### 6.2.6. Ýerleri batgalaşmakdan, şorlaşmakdan goramak

Ýerleriň batgalaşmagy Ýer ýüzüniň aram guşaklyklary üçin häsiýetli. Ol ýerlerde ýerden suwuň bugaryşy haýal geçýär. Atmosfera ygallaryň möçberi bugaryşdan ýokary bolýar. Şol sebäpli ýeriň üstki böleginde tebigy batgalyklar emele gelýärler. Olar, köplenç ýagdaýda, tokaýlar zonasy we tokaýly tundrasy üçin häsiýetli. Emma batgalyklar suwarymly ekerançylygyň alnyp barylýan ýerlerinde hem bolup bilýär. Bu hili ýerler suw howdanlaryň, kölleriň töwereklerinde,

uly suwly ýaplaryň gyralarynda oýrak ýerlerde emele gelip bilýärler. Gurakçylyk ýerlerde batgalaşan ýerler tiz wagtyň içinde şorluklara öwrülýärler. Bugaryş has ýokary bolanlygy sebäpli, yssy howada batgalaşan ýerlerden köp suw bugaryp, suwuň düzümindäki duzlar topraga siňip, toprakda gataşan duzlary emele getirýärler. Netijede, gurakçylyk bolýan sebitlerde batgalyklar tiz wagtyň içinde şorluklara öwrülýärler. Şorluklar diňe bir batgalaşan ýerlerde emele gelmän, eýsem ýerasty suwlaryň ýeriň ýüzüne ýakyn ýerleşen ýerlerinde hem emele gelýärler. Bular ýaly ýagdaý Merkezi Aziýa döwletleri üçin häsiýetlidir. Şeýle ýagdaýa biziň döwletimizde hem ähli welaýatlarda gabat gelip bolýar. Batgalaşan ýerlere ýokarda belläp geçişimiz ýaly, suw howdanlarynyň, kölleriň golaýynda, derýalaryň çaýlymynda duş gelýärler. Gowşak, orta we güýçli şorlaşan topraklaryň görnüşleri ähli welaýatlarymyzda hem bar. Olaryň emele gelmeginiň esasy sebäbi ýerasty suwuň ýerleşiş derejesi ýokary, ýeriň ýüzüne golaý ýerleşmegidir.

**Ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmakda şor suw akabalaryň ähmiýeti**. Türkmenistanyň Oba we Suw hojalyk ministrlikleriniň berýän maglumatlaryna görä, döwletimizde suwaryş akabalaryň, ýaplaryň uzynlygy – 42 müň km-e, şondan hojalygara ýaplar – 8 müň, içki hojalyk ýaplar – 34 müň km-e barabardyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda zeýkeşleriň uzynlygy 24 müň kilometre golaýdyr. Soýuz döwründe ekerançylyk meýdanlarynda suwaryş suwlaryň köp ulanylmagy sebäpli ýerler zeýläp başlady. Şol sebäpli Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlarynda 1950–1960-njy ýyllardan başlap ekin meýdanlarynyň aralarynda zeýkeşleriň gurluşygyna başlanyldy. Olaryň gurulmagynyň esasy maksady ekerançylyk meýdanlarynda ýerasty suwlaryň derejesini peseltmek we şor suwlary ekin meýdanlarynyň daşyna çykarmak bolup durýardy. Şeýlelikde, Daşoguz welaýatynyň şor suwlary Sarygamyş kölüne, Lebap welaýatynyňky Amyderýa, Mary we Ahal welaýatlarynyň zeý suwlary Garagum çölüne akdyrylyp başlandy. Bu welaýatlarda zeýkeşleriň gurulmagy bilen ýerasty suwlaryň derejesi peseldi.

Türkmenistanyň akar suwlary ekerançylyk meýdanlaryny suwarmakda, öri meýdanlary suwlulandyrmakda ulanylýar. Ekerançylyk

meýdanlarynda akar suwlaryň belli bir bölegi topraga siňip, ýerasty suwlary emele getirýärler. Birnäçe ýyllaryň dowamynda ekin ýerleriniň suwarylmagy zerarly ýerasty suwlaryň derejesi ýylsaýyn ýokary galýar. Şol sebäpli ekerançylyk meýdanlarynyň aralarynda ýerasty, dürli derejede şorlaşan suwlary daşary çykarmak üçin geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap, ähli welaýatlarda zeýkeşler gazylyp başlandy. Zeýkeşleriň suwlary Garaşsyzlyk ýyllaryna çenli Garagum çölüniň dürli ýerlerine akdyrylýardy. Şol zeý suwlar akyp baran ýerlerinde öri meýdanlary hatardan çykarýardy. Zeý suwlaryň baran ýerlerinde şorluklar, batgalyklar we olara häsiýetli bolan, şorluga çydamly ösümlikler gögerýärler. Olary düýe maly iýäýmese, dowarlar üçin iýmit ähmiýeti pes hasaplanýar. Zeý suwlaryň baran ýerlerinde ýerasty suwlaryň derejeleri ýokary galýar. Şeýlelikde, müňlerçe gektar öri meýdanlar hojalykda peýdalanylmakdan mahrum bolýarlar. Şu nogsanlyklary aradan aýyrmak üçin döwletimiz boýunça ähli şor suwlary Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanda ýerleşen Garaşor çöketligine akdyrmaly diýlen netijä gelindi.

Ýaşulularyň IX Döwlet maslahatynyň, Halk maslahatynyň we Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň bilelikdäki mejlisinde 2000-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda zeý suwlary bir ýere ýygnamak maksady bilen «Türkmen kölüni» döretmeklik teklip edildi.

Türkmen kölüne suwlar Daşoguz şahasy we Altyn asyryň Baş kollektory ulgamlary bilen akdyrylýar. Daşoguz şahasy Köl döwletara kollektoryndan başlanyp Ýylanly öri meýdanlary suwlulandyryş kanaly bilen 143 km geçip, Zeňňibaba çöketligine getirilýär. Soňra 45 km geçip, Uzboýyň hanasy boýunça 26 km-den soň günorta tarap öwrülýär. Şol ýerden uzynlygy 54 km bolan Garaşora çenli emeli kanalyň gurluşygy başlanýar. Daşoguz şahadan akjak zeý suwuň möçberi sekuntda 210 kubmetre deňdir.

Altyn asyryň Baş akabasy Merkezi Garagumda Lebap welaýatynyň çägindäki Ketdeşor kölünden başlap, umumy uzynlygy 720 km bolup, Garaşora birigýär. Onuň başlanýan ýerinde akdyrjak suwy sekuntda 123 kub metr bolar. Oňa Murgapdan, Tejenden, Köpetdag eteginden şor akabalar goşulýar. Şeýlelikde, aýagynda onuň akdyrjak suwunyň möçberi sekuntda 240 kub metre ýeter. Türkmen kölüne bir ýylda 10 kub km çenli suw akabalar arkaly eltiler. Bu

kölüň suwuny geljekde ekerançylyk meýdanlaryny döretmekde, Demirgazyk-Günbatar sebitleriniň tebigy baýlyklaryny özleşdirmekde ulanylar. 2009-njy ýylyň 15-nji iýulynda Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň gatnaşmagynda Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň guwanjyna öwrülen Türkmen kölüniň birinji nobatdakysynyň böwedi açylyp, zeý suwlaryň uly akymy Garaşor çöketligine göýberildi. Ondan bäri eýýäm bir ýyl geçdi. Demirgazyk Türkmenistanyň, Lebap, Mary, Ahal welaýatlarynyň öri meýdanlaryna akdyrylan zeý suwlar indi «Türkmen kölüne» tarap ugradylýar. Zeý suwlardan boşan ýerleriň tebigy şertleri ýuwaş-ýuwaşdan öňki kaddyna gelýär. Ol ýerler hem ýakyn ýyllarda ekin dolanyşygyna giriziler. Beýle ýerlerde zeýkeşler gazylyp, agrotehnikanyň düzgünleri berjaý edilende ol ýerleri ýene-de ekerançylyk üçin ulanyp bolýar. Şeýle ýerleriň ýerleşişini, olary oba hojalygyň ekin dolanyşygyna öwürmekligi öwrenmek geograf hünärmenleriň borjy bolup durýar.

EDEBIÝAT

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T. 2, Aşgabat, TDNG, 2009.

*Бердыклычев М.Г., Мягков Н.Я.* Курортные ресурсы Туркменистана. Ашхабад, Туркменистан, 1971.

*Бердыклычев М.Г., Медведева М.Н.* Здравница Берзенги в пригороде Ашхабада. Ашхабад, 1970.

*Бердыклычев М.Г., Медведева М.Н.* Зоны отдыха в пригороде Ашхабада. Ашхабад, 1980.

*Исаченко А.Г.* Оптимизация природной среды. Москва, Мысль, 1980.

*Кулик К.Н.* Проблемы борьбы с опустыниванием в России. Проблемы освоения пустынь, №3–4, 2009, с. 14–17.

*Преображенский В.С.* и др. Теоретические основы рекреационной географии. Москва, 1975.

*Реджепбаев К., Эсенов П.* Изменение почвенно-мелиоративных условий Хаузханского массива в связи с развитием орошения. Ашхабад, Ылым, 1987.

Bilim, ylym, sport we syýahatçylyk Beýik Galkynyş zamanasynda. I, II tom, Aşgabat, Ylym, 2010

## VI.3. SYÝASY GEOGRAFIÝA–GEOSYÝASAT JEMGYÝETÇILIK GEOGRAFIÝA YLMY HÖKMÜNDE

### 6.3.1. Syýasy geografiýa mazmuny boýunça geografiýa ylmynyň aýratyn şahasy hökmünde

Geografiýa ylmynyň häzirki zaman esasy şahalarynyň biri «Syýasy geografiýa» hasaplanýar. Şol bir wagtyň özünde ol döwre we döwlet gurluşa görä çalt üýtgäp durýar. Geografiýa ylmynyň bu şahasy ykdysady taýdan ösen döwletlerde XVII–XVIII asyrlardan başlap aýratyn öwrenilip başlanypdyr. SSSR döwründe onuň öwrenilmegine üns berilmedi. Geçen asyryň 70–90-njy ýyllarynda Russiýanyň geograf alymlary tarapyndan aýratyn geografiýa ylmynyň şahasy hökmünde ylmy makalalar, kitaplar çap edilip ugrady. Şol ýyllar syýasy geografiýanyň kämilleşmeginde «Galkynyş eýýamy» diýip atlandyrylýar. Şol ýyllarda SSSR we sosialistik sistema dargandan soňra döwletleriň ykdysady, syýasy-sosial durmuşynda köp üýtgeşikler bolup geçdi. Köp döwletlerde adamlaryň aň-düşünjesi, ýaşaýşa bolan garaýşy, durmuş hal-ýagdaýy bazar ykdysadyýetine baglylykda üýtgedi. Döwletleriň köpüsinde täze syýasy garaýyşlar, syýasy toparlar (partiýalar) emele geldiler. Federatiw döwletlerde özbaşdak döwlet gurmak isleýän syýasy toparlar döredi. Öňki iki (sosialistik we kapitalistik) ulgamyň arasyndaky «Sowuk uruş» syýasaty ýuwaş-ýuwaşdan aradan aýryldy. Döwletleriň arasynda birek-birege düşünişmeklik syýasaty höküm sürüp başlady. Şeýlelikde, öňki SSSR-iň düzüminde bolan döwletlerde (esasan hem Russiýada) «Syýasy geografiýa» janlanyp, aýaga galyp başlady. Sosialistik ulgamdan boşan döwletleriň köpüsiniň ýokary okuw mekdeplerinde geografiýa, syýasaty öwreniş hünärlerinde «Syýasy geografiýa» aýratyn ders hökmünde okadylyp başlandy. Şeýlelikde, Russiýanyň ylmy-barlag institutlarynda, ýokary okuw mekdeplerinde «Syýasy geografiýa» bilen gyzyklanýan hünärmenler emele geldi. Şol hünärmenleriň hataryna W.A. Kolosowy, O.W. Witkowskini, Ýu.D. Dmitriýewskini, B.N. Semewskini, W.P. Maksakowskini, S.N. Rakowskini, Ýa.G. Maşbisy, W.S. Ýag-

ýany, A.N. Žurawlýowy, N.W. Kaledini, W.W. Lawruhini, L.W. Smirnýagini, R.F. Turowskini, S.B. Lawrowy we beýlekileri goşup bolar.

**Syýasy geografiýanyň dersi – döwletleriň durmuş-syýasy gurluşyny, umuman alnanda, jemgyýetiň syýasy ýaşaýşynyň giňişlikler boýunça guralyşyny (araçäklerini, syýasy-ýerli bölünişigini), syýasy güýçleriň ýerlerde jemlenişini, milletleriň, halklaryň synpy ýagdaýyny, öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň geografiki aýratynlyklaryny öwrenýär.**

Syýasy geografiýa – taryh, syýasaty öwreniş, filosofiýa we sosiologiýa ylymlary bilen baglanyşykly. Emma syýasy geografiýa bilen geografiýa ylmynyň wekilleri ir döwürlerden bäri gyzyklanyp gelipdirler. Bu ugurdan edilen ylmy işler köp.

### 6.3.2. Syýasy geografiýanyň hazirki zaman barlaglarynyň esasy ugurlary

Syýasy geografiýada döwleti syýasy-geografiki nukdaýnazardan öwrenmeklige esasy orun degişlidir. Syýasy geografiýa döwletiň jemgyýetçilik aýratynlyklaryny we döwlet gurluşyny, syýasy-dolandyryş özboluşlylygyny, içki we daşky syýasatyny onuň ykdysady ýagdaýy bilen baglanyşdyryp öwrenýär:

– döwletleriň syýasy-geografiki ýerleşişini, olaryň özara gatnaşyklaryny, dünýä ummanlaryny, kosmos giňişliklerini özleşdirmekde ýer ýüzünde ykdysady we syýasy güýçleriň goýluşyny hem-de ýerleşişini;

– döwlet çäginiň döreýşini, onuň düzümini, döwlet araçäklerini;

– döwletde ýaşaýan milletiň, halkyň durmuş-synpy we milli düzümini, synplaryň ýagdaýyny, halklaryň, milletleriň meýdan-çäkde ýerleşiş aýratynlyklaryny;

– syýasy partiýalary, jemgyýetçilik guramalary, döwletiň syýasy we ykdysady durmuşyna olaryň edýän täsirini;

– dünýäniň syýasy we ykdysady kartasynyň üýtgeýşini, halkara guramalary, birleşikleri öwrenýär.

Syýasy geografiýanyň hünärmenleri öz barlaglarynda döwletiň häzirki zaman içki we daşky araçäklerine, dolandyryş-çäk bölünişi-

gine, köp milletli döwletlerde federalizm meselelerine uly üns berýärler. Öň belläp geçişimiz ýaly dünýäniň syýasy kartasynyň üýtgemegi hem özboluşly ýagdaý. Şol karta syn etseň, her bir döwletiň özboluşly syýasy geografiki emele gelşi we ýerleşişi bar. Döwlet araçäkleri kähalatlarda daşarky ykdysady we syýasy gatnaşyklara böwet bolýar. Käwagtlar aragatnaşyk we dostluk çyzygy bolup hyzmat edýär.

Dünýäniň syýasy kartasynyň döwre görä çalt üýtgeýän wagtlary hem bolýar. Täze garaşsyz döwletler emele gelýärler. Olaryň syýasy-hukuk ýagdaýy hem üýtgeýär. Käbir döwletler bir-biri bilen birleşýärler, tersine, käbir halklar, halkyýetler özbaşdak bolmak üçin göreş alyp barýarlar. Şeýlelikde, ol döwletleriň atlary, meýdany, araçäkleri, döwleti dolandyryş ulgamynyň hem özgermegi mümkin.

Soňky ýyllarda täze syýasy-geografiki özgermeleriň biri 80-nji ýyllaryň ahyrynda, 90-njy ýyllaryň başynda syýasy geografiýany öwrenijileriň ünsüni özüne çeken meseleleriň biri SSSR-iň dargamagy boldy.

– Onuň dargamagy netijesinde, birnäçe özbaşdak döwletler emele geldiler. Olarda täze döwlet gurluşy, özaralarynda özboluşly aragatnaşyk we dünýä döwletleri bilen halkara ykdysady gatnaşyklary döredi.

– SSSR-iň dargamagy bilen Merkezi we Gündogar Ýewropa döwletlerinde sosialistik ulgam (sistema) dargady. Ol döwletleriň halklarynyň durmuşynda uly özgertmeler bolup geçdi.

– Warşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletleriň harby guramasy we Özara ykdysady kömek soweti dargady. Öňki harby dartgynlylyk düýbünden gowşady. Ýewropa, Aziýa, Amerika döwletleriniň arasynda syýasy, ykdysady gatnaşyklar gowulandy.

– Köp ýyllaryň dowamynda bar bolan «Sowuk uruş» syýasaty aradan aýryldy. Bir-birlerine düşünişýän bütindünýä «Gündogar-Günbatar» we «Günorta-Demirgazyk» ulgamlar emele geldi.

– Iki Germaniýa döwleti birleşdi, soňra ykdysady mümkinçilikleri gowulandy we halkara täsiri güýçlendi.

– Ýugoslawiýa federatiw sosialistik respublikasy dargap, onuň çäginde 5 sany özbaşdak döwlet emele geldi. Emma Ýewropanyň şu böleginde çylşyrymly syýasy ýagdaý biziň günlerimizde hem saklanýar.

Syýasy geografiýada ýene-de esasy ugurlaryň biri syýasy wakalaryň dünýä hojalygyna, ilatyň bütindünýä, ýerli we sebitara göçüp-gonuş hereketlerine edýän täsirini, dünýäniň syýasy taýdan çylşyrymly, baş alyp çykmasy kyn bolan sebitlerini öwrenýär.

Soňky ýyllarda ykdysady taýdan ösen döwletlerde syýasy geografiýanyň çalt ösýän ugry M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 339) pikirleri boýunça, **elektoral geografiýa** (saýlawlaryň geografiýasy) hasaplanylýar. Bu ugur döwletiň çäginde dürli edaralara, guramalara ýolbaşçy wezipelere saýlawlaryň geçişini seljerýär, öwrenýär. Ol geçirilýän saýlawlara syýasy partiýalaryň, birleşmeleriň, güýçleriň (profsoýuzlaryň, köpçülikleýin guramalaryň we habar beriş serişdeleriniň) täsiriniň güýçlüdigi hemmä aýandyr.

Saýlaw hasaba alyş maglumatlarynyň, durmuş-ykdysady we ykdysady-geografiki häsiýetnamalaryň esasynda syýasy-geografiki taýdan raýonlaşdyryp bolýar. Elektoral geografiýanyň (saýlaw geografiýasynyň) esasy öwrenýän meseleleriniň biri hökmünde hususy geoulgamyň bir bölegi bolup **ýerli elektoral ulgam** ýüze çykýar. Ýaşaýan ýeri bolan, ykdysady, medeni, syýasy garaýyşlary dogry gelýän ilatly meýdan-çägi özüne birikdirýär. Käbir ilatly mesgenleriň, etraplaryň, ülkeleriň, welaýatlaryň saýlawçylarynyň ählumumy bähbidiniň ýüze çykmagy mümkin.

Ilatyň saýlawlarda özüni nähili alyp barjakdygynyň taslamasyny düzmek üçin, sebitlerde saýlawyň öňüsyrasynyň ýagdaýyny görkezýän geografiki faktorlary göz öňüne tutmaly bolýar. Geofaktorlaryň arasynda hususy – (ýaşy, jynsy, milli düzümi, şäherleşiş ýagdaýy, ilatyň tebigy hereketi) we köptaraplaýyn, ýagny sebitde durmuş-ykdysady ýagdaýlar göz öňünde tutulýar. Köpmilletli sebitlerde, döwletlerde demokratik düzgünler doly berjaý edilmese, milletleriň aralarynda agzalalyklar ýüze çykmagy mümkindir.

Russiýada, Hindistanda, Indoneziýada we beýleki köpmilletli federatiw döwletlerde milletleriň etnosyýasy geografiýasyna köp üns berilýär. Köpmilletli döwletlerde ýüze çykýan milletara çaknyşyklaryň geografiýasyny, onuň sebäplerini öwrenmeklik syýasy geografiýanyň paýyna düşýär. S.B. Lawrowyň we N.M. Mežewiçiň (1991, sah. 7) pikirlerine görä «Millet syýasy geografiýanyň adaty obýekti hasap-

lanýar. Şeýlelikde, milleti lokomotiw hasap etsek, syýasy-geografiki meseleler oňa ykjam berkidilen wagonlardyr».

Syýasy geografiýa taryh we beýleki ylymlar bilen hyzmatdaşlykda käbir meýdan-çäkleriň we milli-syýasy, ykdysady, dolandyryş ara-çäklerini hem öwrenýär. Syýasy geografiýada daşary ykdysady gatnaşyklaryň syýasy-geografiki ýagdaýlaryna hem uly üns berilýär.

Häzirki döwürde derwaýys meseleleriň biri bolan sebitara syýasaty, ýagny döwletiň çäginde, ondan aýrylman özbaşdaklygy isleýän syýasy hereketleri hem syýasy geografiýa öwrenýär. Bu hereketiň soňluk bilen **separatizme** (ýagny, haýsy-da bolsa bir çägiň, onda ýaşaýan milletiň – döwletiň düzüminden doly aýrylmagy islemegidir) öwrülmegi mümkindir. Muňa mysal, Eritreýa (Efiopiýadan aýryldy), Sloweniýa, Horwatiýa, Makedoniýa, Bosniýa we Gersegowina (Ýugoslawiýadan), Kwebek prowinsiýanyň Kanadadan, Çeçen respublikasynyň Russiýanyň düzüminden aýrylmak islemegidir. Separatizmiň aslynda milli we toparlaýyn dawaly meseleler durýarlar. D.W. Zaýas (1998) «Separatizmiň häzirki zaman ojaklary» diýen işinde (s. 11–14) 49 sany separatizmiň iri ojaklaryny görkezýär. Bu merkezler sebitara dawalar bilen baglanyşykly bolup, özboluşly häsiýete eýedir. Olar ýakyn geografiki dawalar bilen baglanyşykly. Bu meňzeşlik: 1) Geografiki goňşuçylyk bilen; 2) Milli-medeni umumylyk bilen; 3) Ýeke-täk siwilizasion fundament bilen (hristian, yslam, buddizm – induizm we beýlekiler); 4) Taryhy ösüş aýratynlyklarynyň meňzeşligi bilen; 5) Separatizmiň ösüş şertleriniň meňzeşligi bilen; 6) Syýasy durnuklylyk derejesi bilen; 7) Dawalaryň yzygiderliligi bilen baglanyşyklydyr. Şu görkezijileriň esasynda separatizmiň 6 sany dürli görnüşleri: Günbatar Ýewropa, Gündogar Ýewropa, Ýakyn Gündogar (yslam dünýäsi), Aziýa, Afrika we Amerika bolup, olar dört kontinentde jemlenendirler.

Syýasy geografiýanyň barlaglarynda «Ummanlaryň syýasy geografiýasy» has ýaş ylmy ugry peýda boldy. Bu ugruň peýda bolmaklygy onuň tebigatyndan peýdalanylmagy we syýasy-geografiki hadysalarynyň gury ýer bölekleriniň özboluşly tapawutlanýanlygyndadyr. Dünýä ummanlary boýunça Russiýada belli hünärmen

Ş.B. Slewiç şeýle belleýär: ummanlar – umumy ýa-da şertli bölünýän zähmet serişdesi; umman çaýlymlarynda garaşsyz hukuklary berkitmek we berjaý etmek; biologiki baýlyklary göçüp-gonup (migrasion häsiýetli) ýören; halkara gämi gatnawynyň şertlerini saklamaklygyň zerurlygy; BMG tarapyndan «Adamzadyň umumy baýlygy» diýlip yglan edilen deňiz, umman düýbüniň Halkara raýonlary (Слевич С.Б. 1988, c. 52).

Dünýä ummanlarynyň we olaryň deňizleriniň düýbünde mineral baýlyklar köp we dürlüligi bilen tapawutlanýar. Olary peýdalanmak boýunça halkara hukuklaryň bozulmazlygy zerurdyr. Döwletleriň käbirleri dünýä ummanlarynda harby güýçlerini, bazalaryny ýerleşdirýärler. Olaryň mineral we biologiki baýlyklaryny ulanýarlar. Ol baýlyklary ulanmak boýunça halkara ylalaşyklary zerurdyr. Dünýä ummanlarynyň syýasy geografiýa meseleleri şu aşakdakylardan ybarat:

– dünýä ummanynyň syýasy bölünişigi, onuň çaýlymy, köp ýagdaýlarda uly dawalara getirýär;

– gury ýere golaý deňiz, umman ýalpaklary we deňiz düýbüniň belli bir çägi garaşsyz döwletleriň kenarýaka zonalary olara degişli edilmelidir; deňiz we umman düýplerine olaryň hukuklary entek doly kesgitlenmedik hasaplanýar;

– kenarýaka döwletleriň ykdysady ösüşiniň syýasy geografiki problemalary;

– döwletler tarapyndan umman we deňiz giňişlikleriniň parahatçylykly maksatlar üçin ulanylmagy, ol giňişliklerde ýaragy çäkli ulanmak we ýaýratmak meseleleri entek doly çözülenok.

Täze her dürli ýaraglaryň, ulag görnüşleriniň öndürilmegi bilen aralyk, syýasy we harby-strategiki diýilýän düşünjeler hem üýtgeýärler. Syýasy we syýasy-geografiki faktorlar dünýä hojalygynyň ösüşine uly täsir edýärler: meselem, tebigy baýlyklaryň özleşdirilişine; senagatda täze pudaklaryň emele gelmegine; dünýäniň we aýry-aýry ýurtlaryň ulag ulgamynyň ösmegine öz täsirlerini ýetirýärler.

### 6.3.3. Syýasy geografiýa – ýerli syýasy ulgamlary öwrenýän ylmyň pudagy hökmünde

Syýasy geografiýa – döwletiň jemgyýetçilik syýasy durmuşyndaky bir-birleri bilen baglanyşykly bolan ýerli syýasy ulgamlary dürli barlag usullary ulanmak bilen öwrenýär. Döwletiň meýdan-çäginde ýerleşen jemgyýetiň ýerli-syýasy ulgamlarynyň ýerine ýetirýän işlerini seljerýär. Bu ýerde esasan döwletiň meýdan-çäginde ýerleşen syýasy-ýerli toplumlaryň (partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalaryň) üç sany giňişleýin düzümini: 1) syýasy ýerli gurluşyny; 2) syýasy güýçleri, guramalary, döwlet institutlaryny; 3) ilatyň saýlawlarda (elektoral ýagdaýyny) özüni alyp barşyny (syýasy garaýyşlary dogry gelýän toparlaryny) öwrenýär. Hökümetiň ýokary we ýerli wezipelerine geçirilýän saýlawlarda pikirdeş raýatlaryň ýeňiş gazanmagy şübhesizdir. Şeýlelikde, «Şyýasy geografiýa» jemgyýetçilik synpy we syýasy güýçleriň anyk bir öwrenilýän döwletiň çäginde, administratiw bölünişiklerinde ýerleşişini, olaryň taryhy, syýasy, tebigy ýagdaýlar bilen arabaglanyşygyny öwrenýär. Bu meselede syýasy geografiýanyň esasy borjy döwletiň çägindäki syýasy güýçleriň, guramalaryň maksadyny çuňňur öwrenmekden ybaratdyr.

Dünýäniň her bir döwletiniň biri-birine mezemeýän özboluşly ýeriniň üsti, tebigaty, ilatynyň etniki düzümi, hojalygynyň gurnalyşy, ýöriteleşişi, ösüşi, ilatyň meýdan-çägi boýunça ýerleşişi, milli medeniýeti we aňyýeti, ylymda-tehnikada gazanan üstünlikleri, öz döwletine häsiýetli ýaşaýyş durmuşy bar. Şu aýratynlyklaryň hemmesi dürli ýerli syýasy ulgamlaryň emele gelmeklerine sebäp bolýarlar. Diýmek, «Ýerli syýasy ulgamlaryň» döremeginde we ösmeginde «Ýerli edähet» esasy orny eýeleýär. Her bir döwletiň çägi şol ýerde ýaşaýan ilatyň mesgeni ýa-da syýasy garaýyşlaryň döreýän, emele gelýän we taplanýan ýeri hasaplanýar. «Ýerli syýasy ulgamlary» öwrenmeklik döwletiň çägindäki syýasy geografiki ýagdaýy anyklamaklyga getirýär. Şeýlelikde, döwletiň çägindäki syýasy geografiki ýagdaýy goňşy döwletlerdäki, sebitlerdäki syýasy ýagdaý bilen deňeşdirip bolýar. Barlaglaryň netijesinde ýerli syýasy ulgamlar döwletiň syýasy kartasynda görkezilýär.

Soňky ýyllarda ýerli syýasy barlaglar geçirilende döwletiň **«Geosyýasy ýagdaýy»** diýlen adalga ulanylýar. Oňa kä ýagdaýlarda döwletiň syýasy geografiki ýagdaýynyň sinonimi hökmünde hem düşünýärler. Hakykatda bolsa döwletiň halkara derejesinde goňşy döwletleri bilen deňeşdirende alyp barýan geosyýasaty hökmünde garalýar. M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 346) ýazmaklaryna görä, «Geosyýasat» syýasy geografiki we ykdysady geografiki ýagdaýlaryň (ulag, bazar gatnaşyklary, ekologiki, demografiki, geografiki-önümçilik nukdaýnazardan) jemi hökmünde seredilýär. Döwletiň ilatyna, medeniýetine, sowatlylyk derejesine, işgärleriň taýýarlanylyşyna, ilatyň durmuş-ykdysady, syýasy ýagdaýlaryna, etniki düzümine, halkyň emele gelşine, zähmet endiklerine, däp-dessurlaryna, synpy toparlaryna, döwletiň gury ýer we deňiz araçäklerine häsiýetnama berlip, geosyýasy ýagdaý kesgitlenilýär.

### 6.3.4. Döwletleriň gurnalyşynyň görnüşleri we syýasy dolandyryşlar

Syýasy geografiki barlaglarda esasy öwrenilýän ugurlaryň biri dünýäniň syýasy kartasy hasaplanýar. Dünýäniň syýasy kartasynda birnäçe syýasy-geografiki birlikler – döwletler bar. Olary, esasan, iki sany topara bölýärler. Olaryň birinji topary öz-özüni dolandyrýan, garaşsaz döwletler bolup, olaryň umumy sany 200-e (BMG-niň agzasy bolup durýanlaryň sany 192 döwlet) golaýlaýar. Ikinji topary – öz-özüni dolandyryp bilmeýän, beýleki ykdysady we syýasy taýdan ösen döwletlere garaşly ýerler.

Özbaşdak döwlet bolanda – onuň çäginde kanunçylygy, ýerine ýetiriji we sud hökümetiň bolmaklygy, döwlet halkara gatnaşyklarynda daşary ýurt döwletleriniň hökümdarlygyna boýun bolmaýan bolsa, şolara aýdylýar. Özbaşdak döwlet diýilýän düşünjäniň astynda ählumumy kabul edilen halkara hukuk ýörelgeleri ýatyr. Özbaşdak döwletleriň hemmesiniň deňligi, döwlet özbaşdaklyk şertlerini sylamak, sarpa goýmak, döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk, başga-da birnäçe şertler goýulýar. Özbaşdak döwletleriň ýurdy dolandyryşynyň dürli görnüşleri bar. Bu meselede, esasan, döwlet gurluşyna seredilýär.

Döwlet dolandyrylyşy iki hili: **monarhiýa** we **respublikan görnüşli** bolup biler.

**Monarhiýa** bolanda – ýokary döwlet häkimligi monarha (meselem, patyşa, şa, emir, korol we beýlekilere) degişli bolup, ol nesilden nesle geçýär. Monarhiýa döwlet dolandyrylyşy iki görnüşde bolýar. Olaryň biri **absolýut monarhiýa** – onuň häkimligi hiç hili çäklendirilmeýär. Oňa mysal edip, Bahreýn patyşalygy, Katary, Omany, Birleşen Arap Emirliklerini we beýlekileri aýdyp bolar. Häzirki zamanda **çäklendirilen monarhiýa** iki görnüşde: 1) **konstitusiýa boýunça,** bu ýagdaýda ýokary döwlet häkimligi ýurduň konstitusiýasy boýunça çäklendirilýär. 2) **parlament görnüşli**, bu ýagdaýda monarhyň (patyşanyň, emiriň) häkimligi parlament tarapyndan kesgitlenilýär. Meselem, Şwesiýa konstitusion monarhiýa (korollyk), döwlet parlament görnüşinde dolandyrylýar. Korol wekilçilik ediji görnüşdedir. Ol şwed döwletiniň we milletiniň simwoly hökmünde çykyş edýär. M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 348) ýazmaklaryna görä, Hakyky kanun çykaryjy hökümet bir palataly parlamente (Riksdaga) degişli. Şeýlelikde, Şwesiýanyň korolynyň syýasy häkimligi ýok. Hökümediň çykaran çözgütlerine, kanunlaryna gol goýmaýar. Her ýylyň oktýabr aýynda kanun çykaryjy hukugy bolan Riksdagyň sessiýasyny açýar. Riksdagyň agzalary halk tarapyndan açyk ses bermek bilen saýlanýar. Riksdag öz gezeginde Premýer-ministri saýlaýar we hökümediň düzümini tassyklaýar. Hökümediň düzümine wekilleri Şwesiýada we daşary döwletlerde ýaşaýan 18 ýaşyna ýeten raýatlar dürli partiýalaryň agzalaryny saýlaw esasynda Riksdaga saýlaýarlar. Beýik Britaniýada hem ýagdaý şular ýaly. Bu döwletde ýeke-täk kabul edilmeli konstitusiýany parlament tarapyndan tassyklanýan kanunlar çalyşýar. Häzirki wagtda (1952-nji ýylyň 6-njy fewralyndan) korolyň tagtynda korolewa Ýelizaweta Ikinji, adaty tituly şeýle aňladylýar: «Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň, beýleki ähli patyşalyklarynyň we ýerleriniň, Patyşa Ýelizaweta Ikinji, «Milletleriň dostlugy» guramanyň başy, ynanjy goraýjydyr». Ol Ýokary ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýolbaşçysy, sud ulgamynyň ýolbaşçysy, harby güýçleriň serkerdebaşysy, anglikan buthanasynyň dünýewi ýolbaşçysy; parlamentiň sessiýasyny

çagyrmaga hukugy bar, obşinalar palatasyny ýatyryp bilýär, parlament tarapyndan kabul edilen kanun taslamalaryny, halkara şertnamalary tassyklaýar. Şu ýazgylardan görnüşi ýaly Korolewanyň has giň hukuklary bar. Emma hakykat ýüzünde döwletdäki ähli işleri Ministrler Kabineti we Parlament ýerine ýetirýär.

**Absolýut monarhiýa** döwletlerinde, meselem, Oman soltanlygynda kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji häkimiýet soltana degişli. Şol bir wagtda ol premýer-ministr hem döwlet ýolbaşçysy, harby güýçleriň başlygy, daşary işler, goranmak we maliýe ministrleriniň wezipelerini ýerine ýetirýär. Beýleki döwletlerde bolşy ýaly, konstitusiýa kabul edilmedik.

Monarhistik döwletleriň ýene bir görnüşi – **absolýut teokratik monarhiýa** – bu görnüşli döwletde din wekili ýurdy dolandyrýar. Bulara Watikan, Saud Arabystany we Bruneý girýär. Watikanda ýokary kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, sud häkimligi Rim Papasyna degişli. Saud Arabystanynda patyşa döwlet baştutany, premýer-ministr, goşun başlygy, ýokary suduň başlygy, sünni-musulman dini obşinanyň başlygy hasaplanýar. Häzirki wagtda dünýäniň syýasy kartasynda 30-a golaý monarhistik döwlet bar.

**Respublikan gurluşly** döwletleri iki topara: **prezident we parlamentar** ýurtlara bölýärler. Prezident respublikalarynyň tapawutly taraplary köpçülik tarapyndan saýlanan Prezident iki: döwlet ýolbaşçysy we häkimiýet başlygy (premýer-ministr) wezipäni ýerine ýetirýär. Ol hökümet başlyklary belleýär. Wagtyndan öň parlamenti dargadyp bilýär. Bulara ABŞ, Argentina, Braziliýa we beýlekiler girýärler. **Parlamentar ýa-da parlament** respublikalarda prezidentiň roly ikinji derejeli hasaplanýar. Esasy döwlet ýolbaşçysy hökmünde premýer-ministr hökümete ýolbaşçylyk edýär (Italiýa, Polşa, Finlýandiýa, GFR, Awstriýa, Hindistan we beýlekiler).

Islendik döwletiň döwlet gurluşy onuň administratiw-territorial bölünişi bilen kesgitlenilýär. Döwlet häkimligi we ýurdy dolandyrmak administratiw-territorial bölünişige bagly bolýar. Ol köp ýagdaýlarda ykdysady, taryhy, milli, tebigy aýratynlyklara baglylykda bölünýär. Onuň esasy ýerine ýetirýän işi hökümet guramalarynyň basgançakly ýerleşmegi we döwleti dolandyrmak, salgytlary, ýerlerden habarlary

ýygnamak, merkezden ýerlere ýolbaşçylyk etmek, çeýe ykdysady we durmuş, sebitara syýasaty ýöretmek ýurduň çäginde saýlawlary geçirmek hasaplanýar.

Döwletleriň administratiw-territorial gurluşynda iki görnüşi tapawutlandyrýarlar: **unitar we federatiw.** Unitar döwletlerde ýeke-täk kanun çykaryjy we ony ýerine ýetiriji häkimiýet, ýeke konstitusiýa, umumy hukuk ulgamy bolýar. Bu öz gezeginde döwletiň çäginde merkezi hökimetiň häkimligini berkidýär. Döwletiň çäginde öz-özüňi dolandyrmak hukugy bolmaýar. Unitar döwletlere Beýik Britaniýa, Fransiýa, Italiýa, Ýaponiýa, Belarus, Bolgariýa we köp sanly döwletler girýärler. Federatiw döwletler köp milletli bolanlygy sebäpli olarda respublikalar, ştatlar, prowinsiýalar, ýerler, kantonlar, territoriýalar bolup, olaryň özbaşdak kanunlary bolýarlar. Federatiw döwletleriň içki administratiw birlikleriniň öz kanunlary, sud ulgamlary bar.

Russiýa federal döwlet. Onuň subýektleri (21 respublikasy, 46 oblasty, 9 ülke, 1 sany awtonom oblasty we 4 sany awtonom okrugy, 2 federal ähmiýetli şäheri: Moskwa, Sankt-Peterburg) ýeke-täk federal häkimiýete, onuň kanunlaryna boýun egýärler. Administratiw birlikleriň öz-özlerini dolandyrmaklyga hukuklary bar. Ilatdan we özbaşdak öndürijilerden salgyt ýygnamak, sebitleýin we ýerli hojalygy ýöretmäge, durmuş hyzmaty gullugyny, kärendeçiligi, telekeçiligi ösdürmäge rugsat edilýär.

Federatiw döwletlerde taryhy-geografiki emele gelşi boýunça ugurdaş birnäçe milletler ýaşaýarlar. Dünýä tejribeliginiň görkezişi ýaly, köpmilletli ýurtlarda daşky we içki täsirler netijesinde agzalalyklar döreýärler. Halklar we milletler özbaşdak döwlet gurmak isleýärler. Şeýlelikde, agzalalygyň soňy urşa alyp barýar. Şolar ýaly agzalalyklar geçen asyryň 90-njy ýyllarynda Ýugoslawiýada we Çehoslowakiýada döräp, olarda federasiýanyň dargamagyna getirdi. Dünýäniň syýasy kartasynda federatiw döwletleriň sany 20-den geçýär. Olara ABŞ, Russiýa, Germaniýa, Braziliýa, Hindistan, Kanada we beýlekiler degişlidir.

Döwlet gurluşynyň örän seýrek görnüşine **konfederasiýa** diýilýär. Konfederasiýany dörediji administratiw birlikler özbaşdaklygyny saklaýarlar. Onuň döwlet häkimiýet we dolandyryş, birleşdirilen

harby we daşary syýasy guramalary bolýar. Konfederasiýa, federasiýadan tapawutlylykda, onuň pytraňňy döwlet-territorial emele gelşi bolup, ýeke-täk goşuny, salgyt, maliýe ulgamy we raýatlygy bolmaýar. Taryhdan belli bolşy ýaly konfederasiýa ýurtlar: Şweýsariýa (1291–1798 we 1815–1848 ýyllar), Niderlandlar (1579–1795 ýyllar), ABŞ (1776–1787, hakykatda 1860-njy ýyla çenli), Germaniýa (1815–1866) bolupdy. Konfederasiýa ýurtlary soňra federasiýany emele getirdiler.

1900-nji ýylda dünýäde 55 sany özbaşdak döwlet bolan bolsa, II Jahan urşunyň öň ýany – 71, 1947-nji ýylda – 81, 1995-nji ýylda özbaşdak bolan döwletleriň sany 190-a, häzirki wagtda 200-e golaýlady.

Dünýäniň syýasy kartasynda özbaşdak döwletler bilen bir hatarda 30-dan gowrak öz-özüni dolandyrmaýan ýerler bar. Olary şertleýin iki topara bölüp bolýar:

– koloniýalar, adaty ýagdaýda BMG sanawyna girizilen (ol ýerlere azatlyk, özbaşdaklyk bermegi BMG talap edýär);

– hakykatda koloniýa boljak ýerler, ýöne BMG sanawyna «Deňiz aňyrsy departamentler», «Deňiz aňyrsy ýerler», «Azat birleşen döwletler» girýärler.

1976-njy ýyla çenli Ispaniýanyň gol astynda bolan Günbatar Saharanyň ykbaly entegem çözülenok. Birnäçe ýyllaryň dowamynda häkimiýet üçin göreş alnyp barlan Günbatar Saharada syýasy toparlaryň arasynda 1989-njy ýylda ylalaşyk gazanyldy. Bu ýerde BMG we Afrika Bütewiligi Guramasy tarapyndan Günbatar Saharanyň halkynyň arasynda özbaşdak bolmak ýa-da Marokko bilen birleşmek hakynda referendum geçirmek zerur bolup durýar.

Häzirki zaman kolonial ýerlere özbaşdaklyk bermek meselesi örän çylşyrymly. Sebäbi ol ýerler, ýer eýeleriniň harby-strategik daýanç nokatlary bolup durýarlar. Meselem: Ýuwaş we Atlantik ummanlaryndaky adalarda ABŞ-nyň harby-deňiz, harby-howa bazalary ýerleşýär. Mikroneziýa adalary (Karolin, Marşall, Marman) Ýuwaş ummanda ABŞ-nyň harby-strategik bazasy bolup hyzmat edýär. Ol adalarda köp sanly harby obýektler bar. Ol adalarda atom, wodorod ýaraglary, kontinentara raketalar synag edilýär.

Döwletiň emele gelmegi we ösmegi – çylşyrymly taryhy hadysa, birnäçe içki we daşky syýasy, ykdysady, durmuşy, milli hadysalar bilen çözülýär.

Halkara meseleleri boýunça hünärmenleriň hasaplamalaryna görä häzir Ýer ýüzünde 300 töweregi dawaly ýerler bar. Olar ýer, milletçilik, araçäk meselesi bilen baglanyşykly. Ol ýerleriň 100-den gowragynda dawaly ýagdaýlar ýüze çykýarlar.

Ispaniýa bilen Angliýanyň arasynda Gibraltar meselesi bilen baglanyşykly dawa dowam edýär. 1982-nji ýylda Angliýa bilen Argentinanyň arasynda Folklend (Malwin) adalarynyň üstünde dawa bolup, harby çaknyşyga eltdi. 1947-nji ýyldan bäri Ysraýyl bilen Palestinanyň araçäk meselesi entegem çözülenok. 1993-nji we 2009-njy ýylda olara awtonomiýa bermek hakda netijä geldiler. Sebäbi olaryň ýerini 1967-nji ýylda Ysraýyl doly basyp alypdy. Kürdüstan meselesi, Hindistan bilen Päkistanyň arasynda Jammu we Kaşmir ştatlarynyň ýeriniň üstünde bolýan dawa, Ýugoslawiýada bolup geçýän dawaly meseleler, Demirgazyk Kawkaz (Russiýa–Çeçenistan, Dagystan), Demirgazyk Irlandiýa (Olster meselesi) we Afrika döwletlerinde bolýan meseleler dünýäniň parahatçylyk söýýän ilatyny biynjalyk edýär.

Dünýäniň syýasy kartasynda öz-özüni dolandyrmaýan we kolonial ýerler.

**Angliýanyň** garamagyndaky ýerler:

1. Gibraltar (Ispaniýa bilen dawaly ýer).
2. Keramatly Ýelena adasy (Atlantik ummany).
3. Angliýa adasy (Garyp deňzi).
4. Wirgin (Britan) adalary (Garyp deňzi).
5. Kaýman adalary (Garyp deňzi).
6. Montserrat (Garyp deňzi).
7. Terks we Kaýkos (Garyp deňzi).
8. Pitkern adalary (Ummanystan).
9. Wepmut adalary (Atlantik ummany).
10. Folklend (Malwin) adalary (Argentina bilen dawaly ýerler).

**Fransiýa:** Fransuz respublikasynyň hökümeti tarapyndan «Deňiz aňyrsy departamentler» diýlip atlandyrylýan ýerlere komissar ýa-da prefektor bellenilýär.

1. Fransuz Gwianasy – «Deňiz aňyrsy departament» (Günorta Amerikanyň demirgazygy)

2. Gwadelupa – «Deňiz aňyrsy departament» (Garyp deňzi).

3. Martinika – «Deňiz aňyrsy departament» (Garyp deňzi).

4. Maore adasy – «Aýratyn döredilen ýer» (Hindi ummany, Komor adalarynda)

5. Reýunýon adasy – «Deňiz aňyrsy departament» (Hindi ummany, Madagaskara golaý).

6. Sen-Pýer we Mikelon adalary – Atlantik ummanda, Nýuffaundlend adasynyň günortasynda.

7. Kroze adasy (Hindi ummany).

8. Kergelen adasy (Hindi ummany).

9. Klipperton adasy (Ýuwaş ummany).

10. Fransuz Polineziýasy (Jemgyýet adasy, Tuamotu, Markiza, Tubuai, Bas we beýlekiler) Ummanystan.

11. Täze Kaledoniýa (Ummanystan).

12. Sen-Pol adasy (Hindi ummany).

13. Amsterdam adasy (Hindi ummany).

14. Uollis we Futuna adalary (Ummanystan, Fidži adasyna golaý).

**Niderlandlara** degişli ýerler:

1. Antil (Niderland) adalary (Bonaýre, Kýurasao, Saba we başgalary).

2. Aruba (Garyp deňzi).

**Portugaliýa:**

1. Aomyn (Manako) – Hytaýyň çäginde.

**ABŞ:**

1. Birgin adalary (Garyp deňzi)

2. Puerto-Riko – 1952-nji ýyldan bäri «ABŞ bilen azat birleşen ýer» Garyp deňzi).

3. Gündogar Samoa – Ummanystanda.

4. Guam (Ýuwaş ummanda, Marian adalar toplumynda).

5. Midueý adasyndaky harby bazasy (Ýuwaş ummanda, Merkezi böleginde).

6. Žonston, Send we ýaşalmaýan Palmira, Žarwis, Kingmen-Rif, Hoýlend, Beýker adalary (Ummanystan).

7. Ueýk – üç adadan ybarat: Ueýk, Uilksi, Pil (Ýuwaş umman, Merkezi böleginde).

8. Mikroneziýa – Karolin, Marian, Marsall adalary (Ýuwaş ummanyň günbatar böleginde – häzir – Mikroneziýanyň Federatiw ştatlary, Demirgazyk Marian adalarynyň Dostlugy, Marsall respublikasy – ABŞ bilen dostlukly birleşen döwletler diýip atlandyrylýar.

**Awstraliýa:**

1. Kokos adalary (Killing) – Ummanystanda – Awstraliýa bilen azat birleşen.

2. Norfolk (Ummanystanda).

**Täze Zelandiýa:**

1. Tokelan adasy (Ummanystanda) – Täze Zelandiýanyň öz-özüni dolandyryp bilmeýän ýeri.

2. Kuk we Niul adalary – Täze Zelandiýa erkin birleşen, öz içini dolandyryp bilýän ýer.

1931-nji ýylda Beýik Britaniýanyň ýolbaşçylygynda, öňki koloniýalary bilen, ykdysady, syýasy aragatnaşyklary jebisleşdirmek üçin, «Halklaryň Britan dostlugy» («Британское Содружество Наций») bileleşigi döredildi. Bu bileleşik häzirki günlerde-de dowam edýär. Oňa meýdany 30 million inedördül kilometrden köpräk meýdany tutýan we 1,2 milliarddan artygrak ilaty birleşdirýän 80-den gowrak döwlet girýär. Olar dürli döwletler, özbaşdak syýasat ýöredýärler. Olary esasy birleşdirýän zat ýurdunyň ýokary häkimligi hökmünde Beýik Britaniýanyň Korolewasynyň häkimligini boýun alýarlar. Awstraliýa federasiýasynda halk tarapyndan saýlanýan Prezidenti ýok. Onuň ýerine Premýer ministr bilen ylalaşyp, Korolewa tarapyndan bellenilýän General-gubernatory bar. Şeýle ýagdaý Kanada we beýleki «Halklaryň Britan dostlugyna» girýän döwletleriniň köpüsi üçin häsiýetlidir.

### 6.3.5. Döwletiň syýasy gurluşy, çägi we araçägi

M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 353–356), Ýu.W. Irhiniň (1996, sah. 239), A.Ýu. Golowatenkonyň (1992, sah. 54–57) belleýişleri ýaly, dünýäniň döwletlerinde dürli **syýasy düzgünler** hökum sürýärler. Syýasy düzgüne döwletiň çägindäki jemgyýetiň ýaşaýşynyň şerti we sredasy ýa-da jemgyýetde dowam edýän syýasy klimat hökmünde düşünilýär. Syýasy düzgün-syýasaty öwreniş ylmynyň kategoriýasy bolmak bilen, syýasy geografiýanyň bilermenleri tarapyndan hem öwrenilýar. Sebäbi ýurtda amala aşyrylýan syýasy düzgünler jemgyýetiň syýasy ýaşaýşynyň meýdan-çäklerinde guralyşyny aňladýar. Ýokarda görkezilen hünärmenleriň pikirlerine görä, syýasy düzgünleriň üç sany esasy ýaýran görnüşleri bar: **totalitarizm, awtoritarizm we demokratiýa.**

**Totalitarizm** – düşünjesi (totalis – latyn sözünden – bütewi, doly, hemmesi diýmekligi aňladýar) 1920-nji ýylda italýan barlagçylary Ž. Amendola we P. Gabetti tarapyndan Italiýada ýöredilen Mussolininiň diktaturasy (çäklendirilmedik häkimligi döwründe) öwrenilip, ylma girizilipdir. Bu ýagdaýda döwleti dolandyrmaklyk has merkezleşdirilip, ýurtda höküm sürýän partiýa ýa-da harby hunta degişli bolýar. Totalitar döwletde: 1) Totalitarizmiň garşysyna açyk çykyş edýän «daşky» oppozisiýany basyp ýatyrmak; 2) Jemgyýeti gorkuzýan repressiw guramalary döretmek; 3) Habar beriş serişdeleriniň, metbugatyň işine berk gözegçilik etmek; 4) Ýurtda demokratik hereketlere, hakyky pikir ýöredýänlere garşy göreşmek; 5) Halk köpçüligine metbugatyň, habar beriş serişdeleriniň üsti bilen täsir etmek (Golowatenko, 1992, sah. 54–57). Ýokarda sanalan bäş sany biri-biri bilen baglanyşykly, totalitarizmi döredýän döwlet edaralary halk köpçüligini doly ele alýar.

M.M. Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 354) ýazmagyna görä, 1917-nji ýylda Russiýada oktýabr rewolýusiýasy ýeňenden soňra ýetişen görnüşinde totalitarizm düzgüni SSSR-de, soňra sanlyja ýyllaryň içinde ýöriteleşdirilen görnüşde Italiýada, Germaniýada ornaşdyryldy. Soň ol düzgün ösüp, soňky iki döwletde faşistik diktatura emele geldi. Olarda demokratik düzgünler ýatyrylyp, täze ykdy-

sady gurluş döredildi. German faşizmi milletparazlyk syýasatynyň özeni boldy. Gaýry döwletlerdäki nemesleri Germaniýa çagyryp, gündogarda özleri üçin «Ýaşaýyş giňişliklerini» eýelemekligi we dünýäde agalyk sürmekligi wasp edýärdiler. Şol syýasat esasynda birinji we ikinji jahan uruşlarynyň başlanmagyna we millionlarça adamlaryň urşuň pidasy bolmagyna getirdi.

**Awtoritarizm** – bu syýasy düzgünde syýasy häkimiýet bir adamyň ýa-da bellibir toparyň elinde jemlenýär. Bu görnüşdäki döwletde raýatlaryň syýasy azatlygy doly we kem-käsleýin gadagan edilýär. Partiýanyň ýöredýän syýasaty we işi çäklendirilýär. Jemgyýetçilik guramalary ýatyrylýar. Oppozisiýa gysylyp çykarylýar. Çäklendirilen plýuralizme(köp partiýalylyga) rugsat edilýär. Awtoritar düzgün köp halatlarda jemgyýetçilik tertip-düzgünini saklamaklygy başarýar. Olara mysal edip, Demirgazyk Koreýany we Günorta-Gündogar Aziýa döwletlerini getirip bolar.

**Demokratik düzgüniň** häsiýetli taraplary:

– Ilaty häkimiýetiň çeşmesi hökmünde kabul etmek;

– häkimiýetiň wezipeleriniň saýlawlar esasynda geçirilmegi;

– saýlawçylaryň öňünde olaryň jogapkärçiligi;

– häkimiýetiň permany esasynda bellenilýän işgärleriň saýlaw edaralarynyň öňünde jogapkärçiligi;

– döwletiň raýatlarynyň deňhukuklylygynyň ykrar edilmegi;

– esasy demokratik hukuklaryň we azatlygyň äşgär edilmegi;

– döwletde köp partiýalylyga rugsat edilmegi;

– kanunyň hemme raýatlar üçin deňligi.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda Bütindünýä bankynyň ekspertleriniň geçiren barlaglaryna görä, dünýäniň ähli sebitlerinde demokratizasiýa hadysasy bolup geçýär. Olaryň geçiren reýtingine görä «demokratiýa indeksiniň» iň ýokary 10 ballyny Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň döwletleri, Latyn Amerikasy döwletleri – 7 ball, Gündogar Ýewropa (öňki sosialistik döwletler) Hytaý bilen bilelikde – 5 ball, Günorta-Gündogar Aziýa döwletleri – 2 ball baha alypdyrlar.

**Döwlet çägi** – bu Ýer togalagynda ýerleşen garaşsyz bir döwletiň meýdan-çägi hasaplanýar. Islendik döwlet öz meýdan-çäginde ähli

raýatlar we edara-kärhanalary ýokary häkimiýetli döwlet edaralary (kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, döwleti goraýjy, polisiýa, sud we beýlekiler) bilen üpjün edýär. Şeýlelikde, döwlet çägine şol döwletiň hökümi ýöredilýär.

Şonuň ýaly-da, döwlet çägi – şol çäkde ýaşaýan ilatyň ýaşaýyş çeşmesi bolup durýar. Döwletiň meýdan-çäginde ýerleşýän tebigy şertler, ähli ýerüsti we ýerasty baýlyklar şol döwletiň emlägi hasaplanýar. Döwlet öz meýdan-çägine özi eýeçilik edýär. Tebigy şertlerini we baýlyklaryny döwleti ösdürmek we halkyny eşretli durmuşda ýaşatmak üçin ulanýar.

Islendik döwlet özüniň meýdan-çäginiň baýlyklaryny hojalygyny ösdürmek maksatlary üçin ulananda, halkara hukuklara görä, goňşy ýerleşen döwletlere zyýansyz bolmalydyr. Bu mesele häzirki günlerde has derwaýys hasaplanýar. Sebäbi, senagat taýdan has ösen döwletler ekologik taýdan goňşularyna uly zyýan ýetirýärler. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň tokaý agaçlarynyň guramagyna araçäkleriň üstünden geçip gelýän kislotaly ýagyşlar sebäp bolýarlar. Meselem: Şwesiýanyň üstüne ýagýan 600 müň t kükürdiň, 100 müň t öz kärhanalary tarapyndan zyňylyp, galany goňşy döwletlerden gelýär.

Halkara milli korporasiýalary zyýanly, ekologik taýdan arassa bolmadyk senagat kärhanalary Aziýanyň, Afrikanyň, Günorta Amerikanyň ösýän döwletlerinde ýerleşdirýärler. Olaryň köpüsinde arassalaýyş desgalarynyň ýoklugy sebäpli, olary gurmak ykdysady taýdan arzan bolýar. Şolar ýaly kärhanalaryň biri Hindistanda himiki zawodyň (Amerikan TNK-a degişli «Ýunion Karbaýd») awariýasy zerarly 50 müň adam heläk boldy.

Reýn derýasynyň suwunyň hapalanmagy zerarly Gollandiýa uly zyýan çekýär. Gollandiýanyň ilaty şol derýanyň suwuny ulanýar.

Çernobyl AES-iň ýarylmagy goňşý döwletlere uly zyýan ýetirdi. Stansiýanyň töweregi şu günler hem howpludyr.

Bir döwletiň çäginde ekologiki ýagdaýlaryň ýaramazlaşmagy beýleki goňşy ýurtlara özüniň zyýanyny ýetirýär. Umuman, bir ýa-da birnäçe döwletiň çäginde atmosfera howasy, gidrosfera hapalansa dünýäniň ähli döwletlerine zyýanlydyr. Bu ýagdaý köp halatlarda halkara närazyçylyklara, syýasy ýagdaýyň dartgynlylygyna getirýär.

Döwlet özüniň meýdan-çägini beýleki bir döwlete ýa-da halkara milli korporasiýa kärendesine berende şertnama, ylalaşyk esasynda, ýagny halkara kadalary saklamak şerti bilen berýär. Bu ýagdaý 1950–1960-njy ýyllarda iki sany (kapitalistik we sosialistik sistemalar wagtynda) sistema bar wagtynda ösýän döwletleriň çäginde NATO gatnaşyjy döwletler, esasan hem ABŞ harby bazalary ýerleşdirdiler. Köp döwletler syýasy, ykdysady özbaşdaklygyny alanlaryndan soň öňdebaryjy demokratik güýçler (şol sanda profsoýuzlar) şol döredilen harby bazalary döwletiň çäginden aýyrmaklygy talap edýärler.

Halkara milli korporasiýalar bilen ýerli kärhanalaryň arasynda bazar ugrunda göreş gidýär. Garaşsyzlygyny gazanan döwletler öz içinde öndürýän harytlaryny satmak üçin daşary döwletleriň kompaniýalaryna haryt getirmekligi çäklendirýärler. Käbirleri, tersine döwletde haryt bolçulygyny döretmek üçin açyk söwda zonalary döredýärler. Bu hem öz gezeginde döwletiň käbir ýerlerinde syýasy meseleleri ýüze çykarýar.

Ählumumy kabul edilen Halkara hukuk kadalary boýunça döwletiň çäginde parahatçylykly ýaşamak, onuň bütewiligini saklamak, döwletiň meýdan-çäginiň eldegrilmesizligi halkara şertnamalarda anyk görkezilýär.

Ikinji jahan urşundan soňra köp sanly garaşsyzlygyny alan döwletleriň çäginde harby çaknyşyklar bolup geçdi. 1948–50-nji ýyllardan başlap Ysraýyl döwleti Palestina Arap respublikasynyň, goňşy Liwanyň, Iordaniýanyň ýerini basyp alýar.

Günbatar döwletleriň täsiri netijesinde 1983-nji ýylda bolan çaknyşyklardan soňra Kiprde «Demirgazyk Kipriň Türk respublikasy» döredildi. BMG-niň Ustawy boýunça halkara, döwletara dawalary çözmek üçin goňşy döwletleriň üstüne çozmak gadagan edilýär.

Syýasy geografiýada döwletleriň syýasy geografiki ýerleşişi uly ähmiýete eýedir. Ösýän döwletleriň ykdysady taýdan ösen döwletlere golaý ýerleşmegi olar üçin ykdysady taýdan amatlydyr. Döwletleriň deňiz, umman kenarlarynda, halkara ulag ulgamlaryň ugrunda, halkara haryt, kapital akymlarynyň, ilatyň migrasion hereketleriniň ugrunda ýerleşmegi döwletleriň ykdysady taýdan ösmekligine, syýasy taýdan kämilleşmegine täsir edýärler, meselem: Singapur. Ol Günorta,

Günorta-Gündogar Aziýada satuwa çykarylýan harytlaryň ýygnalýan we şol ýerden dünýäniň dürli döwletlerine dargadylýan ýeri hasaplanýar. Ol ýerde 100-den gowrak dünýä banklary, 40-a golaý maliýe, 70-den köpräk ätiýaçlandyryş kompaniýalary ýerleşýär.

1. Döwlet çägindäki ýeriniň düzümi, onuň taryhy emele gelşi, ýerleşişi, araçägiň öňki döwürlerde we häzirki wagtdaky ýagdaýy hakda häsiýetnama berýär.

2. Döwlet ýeriniň geografiki ýerleşişini ykdysady, syýasy-geografiki ýerleşişiniň taryhy aýratynlyklaryny nazarda tutup öwrenýär.

3. Döwlet çäginiň aýratynlyklaryny hojalygyň we durmuş geografiýa kärhanalarynyň ýerleşişiniň arabaglanyşygy bilen bilelikde öwrenýär.

4. Döwletara we döwletiň içinde ýaşaýan dürli milletleriň ýer hakyndaky dawalary, närazylyklary geografiki nukdaýnazardan dogry çözülmeklige çalşylýar.

**Döwlet ýeri,** munuň özi Ýer togalagynda ýerleşen kesgitli erkana döwletiň meýdan-çägi hasaplanýar. Şol ýer döwletiň mülki bolup, islendigiçe peýdalanylýar hem-de ygtyýarlygyny saklaýar. Döwlet ýeri şol bir wagtyň özünde onda ýaşaýan raýatlary maddy nygmatlar bilen üpjün edýär. Onuň çäginde halkara kadalara laýyklykda senagat, oba hojalyk, ulag, durmuş hyzmaty kärhanalaryny gurýar. Gurlan döwlet we hususy kärhanalar tebigata we goňşy döwletleriň daşky gurşawyna zyýan ýetirmeli däldir. Häzirki döwürde bütin dünýäde ekologik ýagdaý ýaramazlaşýanlygy sebäpli senagat, oba hojalyk we beýleki kärhanalaryň arassaçylygyny berjaý etmeli. Senagat taýdan ösen döwletleriň arasynda ekologiki meseleler ýitip, syýasy, kä ýagdaýlarda harby meselelere getirmegi mümkin.

Halkara hukuk kadalaryna görä her bir döwletiň ýeri, meýdan-çägi parahatçylykly ýaşamak üçin niýetlenen hasaplanýar. Şonuň bilen birlikde döwletiň meýdan-çägi bütewi we eldegrilmesizdir. Ol ýeri güýç ulanyp we synanyşyk edip almaga hiç bir döwletiň haky ýokdur.

Syýasy geografiki barlaglarda esasy üns berilýän zat döwlet meýdan-çäginiň görnüşini, geografik ýeleşişini ýurtda ýerli önümçilik toplumlary endigan ýerleşdirmek maksady bilen öwrenilýär.

Döwletiň paýtagty we senagat merkezleri welaýatdaky, etrapdaky önüm öndürýän oba hojalyk kärhanalaryndan näçeräk daşlykda ýerleşýändigini bilmek zerur. Taýýar oba hojalyk önümlerini uzak aralara äkitmez ýaly, olary işleýän kärhanalary golaýrak ýerleşdirmegi maslahat berip bolýar. Etraplaryň ykdysady baglanyşygyna we olaryň dolandyrylyşyna üns berilýär.

**Döwlet ýeri,** meýdan-çägi dogrudan hem çylşyrymly ulgam. Oňa döwletiň araçägindäki gury ýerler, içki we kenarýaka suwlar, gury ýeriň we suwlarynyň üstündäki howa giňişligi (troposfera, stratosfera, ionosfera we ondan ýokarky howa gatlagy) degişlidir. Gury ýeriň we suw çäkleriniň aşagyndaky bölegi, araçägiň aşagy hem döwletiňki hasaplanýar.

**Kenarýaka suwlar** – deňziň kenarlara golaýlaşýan suw giňişlikleri onuň aşagy, atmosfera howa giňişligi döwletiň ýeri, meýdan-çägi hasaplanýar. 1982-nji ýylda kabul edilen BMG-niň deňiz hukuklary baradaky konwensiýasynda bellenilişi ýaly: «Kenarýaka döwletler özleriniň deňiz çäklerinde ini 12 deňiz mil aralykda hereket edip bilýärler». Emma daşary ýurt gämilerine ol suwlaryň üstünde parahatçylykly ýüzüşi amala aşyrýan bolsalar, «parahatçylyk geçişi» rugsat edilýär (Основные сведения об ООН: справочник; перевод с английского. Москва, 1990, с. 90). Bu konwensiýada halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklary tertibe salmak üçin dürli zerur ýagdaýlar berkidilen:

– deňiz geçelgelerden (bogazlarda) dünýäniň döwletleriniň gämilerine we uçarlaryna «Parahatçylykly geçiş» rugsat edilýär. Halkara gämi gatnawynda peýdalanylýan gämiler eglenmesiz we geçelge bilen araçäkleşýän döwletlere howpsuz bolsa, geçelgäniň gyrasynda ýerleşen döwletler gämi gatnawyny, geçişiň beýleki ugurlaryny düzgünleşdirip bilerler;

– «Kenarýaka döwletler deňizlerde we ummanlarda 200 mil aralykda suwuň we suwuň düýbüniň tebigy baýlyklaryny ulanmaga, şol ýerlerde ylmy-barlag işleri amala aşyrmaga hukuklydyrlar. Peýdalanýan suw giňişliklerinde tebigaty goramaga we beýleki döwletleriň gämilerini, uçarlaryny göýbermäge borçludyrlar.»

– Kenarýaka döwletler kontinentiň ýalpak (şelf) ýerleriniň doly hukukly eýesidirler. Deňiz düýbi olaryň milli ýeri bolup, barlag we

magdan gazyp almak işlerini 200 deňiz mili aralykda, käbir zerur ýagadaýlarda 350 deňiz mili we ondan hem köp daşlykda-da amala aşyryp bilýärler. Eger-de, kenarýaka döwletler 200 deňiz milinden daşlykda deňiz düýbünden magdan ýa-da nebit gazyp alsalar, onda alýan girdeýjileriň belli bir bölegini Halkara guramalary bilen paýlaşmalydyrlar (Основные сведения об ООН: справочник; перевод с английского. Москва, 1990, с. 90).

Kenarýaka döwletleriň köpüsinde kabul edilen kanunlara görä, 200 deňiz mil aralyk ykdysady ýa-da balyk tutulýan zona diýip yglan edilmegi netijesinde, deňiz we umman suw üstüniň 40% ýeri syýasy taýdan paýlaşylandygyny aňladýar. Bu paýlaşylan ýer Ýeriň üstüniň 26%-ne deňdir. Deňiz we umman baýlyklarynyň paýlanyşy deň däl. Sebäbi ykdysady taýdan ösen döwletler açyk deňizlerde we ummanlarda eýelenmedik, köp suw giňişliklerine eýeçilik edýärler. Ol ýerlerde nebit we biologiki baýlyklaryň (deňiz jandarlarynyň) köpräk ýerlerini eýeleýärler. Ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlere, olar bilen deňeşdirende, örän az suw giňişlikleri we umman düýpleri degişlidir.

Şeýle bölünişik birtopar dawalara getirýär. Bir tebigy zonadan beýleki zonalara geçýän balyklaryň, deňiz jandarlarynyň ätiýaçlygyny seljermek meselelerini hem kynlaşdyrýar. Käbir ykdysady taýdan ösen döwletleriň köp balyk we deňiz haýwanlaryny tutýandyklary sebäpli olaryň ätiýaçlygy azalýar. Bu öz gezeginde ekologiki, azyk, çig mal, ösýän döwletleriň ykdysady durmuş meselelerini we yzagalaklygyny çözmeklige päsgel berýär. Şu aýdylan meseleleri ylmy taýdan çözmek syýasy geografiýanyň wajyp işi hasaplanýar.

**Döwlet araçägi.** Döwletiň meýdan-çägini häsiýetlendirýän zat onuň döwlet araçägi hasaplanýar. Döwletleriň arasynda ylalaşyk boýunça ýörite geçirilen araçäk bolýar. Ol araçäk elmydama goralýar. Araçäk edilmedik, geçirilmedik döwletleriň arasynda ýörite iki tarapyň hem ylalaşygy bilen bellikler edilýär. Döwletleriň syýasy we ýöriteleşdirilen kartalarynda araçäkler görkezilýär we üýtgewsiz hasaplanýar. Käbir döwletleriň arasyndaky araçäkler dag gerişleri, ondaky ýerleşen buzluklar, derýalar, köller boýunça geçýär. Bular ýaly tebigy päsgelçilikleriň bar ýerlerinde germewli ýörite edilýän

araçäkleri döretmek kyn. Şol sebäpli döwletler aralarynda ylalaşyp, Ýer üstünde bellikler edip kartalarda görkezýärler.

Döwlet araçägi bozulmasyz we eldegrilmesiz hasap edilýär. Araçäge güýç ulanmak, ony üýtgetmek gadagan. Araçäk bilen baglanyşykly ähli dawaly meseleler parahatçylykly çözülýär.

**Döwlet araçäginiň bitirýän işi** esasy meseleleriň biri bolup durýar. Döwlet araçägi ýa-da her hili geografiki araçäk iki sany işi (funksiýany) ýerine ýetirýär. 1. Bölüşdiriji (barýer hökmünde); 2. Baglaşdyryjy (kontakt). Bu işleriň amala aşyrylmagy birnäçe ýagdaýlara bagly: döwlet araçäginiň döremeginiň syýasy şertleri; goňşuçylyk häsiýeti, döwletiň daşky syýasaty we ş.m.

**Bölüşdiriji işi.** Döwlet araçäkleriniň içinde iň işeňňir bölegi hasaplanýar. Barýer işi – döwletiň beýleki ýurtlar bilen özara täsirleri çäklenmeli bolanda amala aşyrylýar. Döwletiň üstüne, onuň raýatlaryna howp abananda araçäk boýunça adamlaryň ýürduň daşyna we içine hereketi çäklendirilmeli bolýar. Haryt, kapital, gazet, žurnal, her hili kitap geçirmekligiň gadagan edilýän wagtlary hem bolýar. Bu, esasan, döwletde döredilen gümrükhana kanunlary, hukuk çäklendirilmelerine we ýurtda dowam edýän kanunlara laýyklykda amala aşyrylýar.

Daşary döwletlerden köp möçberde haryt getirmek gümrükhananyň we döwlet biržasynyň üsti bilen edilýär. Döwletiň daşyna lomaý haryt çykarylmasy hem döwlet biržasynyň üsti bilen ýola goýulýar. Döwletde çykarylan, işleýän kanun esasynda gadagan edilen harytlar we zatlar ýurduň içine we daşyna hem çykarylmaýar. Bu zatlar ýurduň we onuň raýatlarynyň bähbidi üçin edilýär.

Gadymy döwürlerde döwlet araçägini has berk etmek üçin diwar hem gurlupdyr. Meselem: Hytaý diwary, uzynlygy 4 müň km-e golaý, käbir maglumatlara görä 6 müň km; beýikligi 6,6 m, kä ýerlerde 10 m-e ýetipdir. Bu diwar biziň eýýamymyzdan öň III asyrda demirgazyk çarwa halklardan goranmak üçin gurlupdyr. Bu diwaryň köp ýerlerinde daşky goňşular we döwletler bilen aragatnaşyk saklar ýaly geçelgeler goýlupdyr. Ol geçelgeler goralypdyr.

1981-nji ýylda Warşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletleriň maslahaty bilen Berlin şäheriniň içinde demir-betondan araçäk di-

keldildi. Bu diwar Günbatar Berlin bilen Germaniýa demokratik respublikanyň arasynda gurlup, uzynlygy 62 km bolupdyr. Bu diwar GDR-iň halkynyň Günbatar Berline geçmezligi üçin edilipdir. GDR-de syýasy arakesmeleriň bolmagy bilen (noýabr we dekabr aýlary, 1989) 1990-njy ýylda diwar-araçägi aýryldy we tizara iki german döwleti birleşip, ýeke-täk Germaniýa döwleti emele geldi.

**Baglaşdyryjy işi.** Biziň günlerimizde döwlet araçägi köp döwletleriň arasynda baglanyşdyryjy işi ýerine ýetirýär. Iki ýurduň raýatlary gümrükhananyň üsti bilen arkaýyn geçip we yzyna dolanyp bilýärler. Türkmenistan bilen Eýran arasynda hem edil şolar ýaly ýagdaý saklanýar.

Günbatar Ýewropa döwletleriniň arasynda döwlet araçäkleri baglaşdyryjy işini geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan bäri amala aşyrýarlar. Fransiýanyň, Germaniýanyň, Belgiýanyň, Gollandiýanyň, Lýuksemburgyň we beýleki döwletleriň aralarynda adamlar, harytlar, maliýe serişdeleri we dürli hyzmatlar arkaýyn geçip bilýärler.

**Howa araçägi.** Her bir döwletiň araçäginiň ýokarky howa giňişligi hem, şol döwletiň eldegrilmesiz döwlet araçägi hasaplanýar. Döwletler biri-birleriniň üstünden howa giňişligi arkaly geçjek bolsalar, hökman öňünden habarlaşýarlar. Rugsat edilenden soň bellenilen ugurlar (paralleller we meridianlar) boýunça geçmeklige ygtyýar edilýär.

## EDEBIÝAT


*Голубчик М.М.* Политическая география мира. Учебное пособие. Смоленск, 1998.

*Туровский Р.Ф.* Политическая география. Учебное пособие. Москва; Смоленск, 1999.

*Заяц Д.В.* Современные очаги сепаратизма. // География.–1998, № 48, С. 11-14.

*Ирхин Ю.В.* Политология. 2-ое изд. Москва, 1996.

*Слевич С.Б.* Политическая география океана (Вопросы теории) //Политическая география и современность: тенденции становления научного направления. Ленинград, 1988, с.52.

*Лавров С.Б., Межевич Н.М.* Политическая география СССР и межнациональные отношения: поиск научных основ// Политическая география и современность. Региональные и прикладные аспекты. – Санкт-Петербург, 1991.

Основные сведения об Организации Объединенных Нации: справочник; перевод с английского. Москва, 1990, с.90.

*Головатенко А.Ю.* Тотолитаризм XX века. Москва, 1992.

*Дмитриевский Ю.Д.* Экономическая, социальная и политическая география Мира. Регионы и страны. М., Гардарики, 2002.

*Дугин А.* Основы геополитики. М., Арктогея, 2000.

*Каледин Н.В.* Политическая география: истоки, проблемы, принципы научной концепции. – Санкт-Петербург, 1995.

*Колосов В.А., Мироненко Н.С.* Геополитика и политическая география. Учебник. М., Аспект-Пресс, 2001.

*Маергойз И.М.* Некоторые вопросы политико-географического изучения капиталистических стран// Вопросы экономической и политической зарубежных стран. Москва, 1989.

# VII. ADAMZADYŇ BÜTINDÜNÝÄ YKDYSADY-GEOGRAFIK MESELELERI

## VII.I. ADAMZADYŇ BÜTINDÜNÝÄ YKDYSADY-GEOGRAFIKI MESELELERINIŇ ÝÜZE ÇYKMAGYNYŇ SEBÄPLERI WE GÖRNÜŞLERI

### 7.1.1. Adamzadyň ruhy ösüşiniň, medeniýetiniň, syýasatynyň, durmuşynyň we ykdysadyýetiniň bütindünýä meseleleri

Adamzat döräli bäri onuň ruhy ösüşi, medeniýeti yzygider kämilleşýär. Onuň akyl-paýhasy gitdigiçe artýar. Adamyň ruhy baýlygynyň artmagy bilen dünýädäki ähli bolup geçýän hadysalara akyl ýetirýär. Öň çözgüdi bolmadyk meseleleri ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri arkaly çözmeklik miýesser bolýar. Mysal üçin, gadym zamanlarda adamlar älemiň syrlaryny öwrenmek hakda arzuw eden bolsalar, häzirki wagtda şol arzuwlar kosmonawtikanyň ösmegi bilen hasyl boldy. Indi adamzat Gün ulgamynyň planetalary hakda köp zatlary bilýärler.

Dünýädäki her bir halkyň, milletiň gadymlardan gelýän özboluşly ruhyýeti we medeniýeti bar. Şolary täzeden dikeltmek hem-de bütindünýä ruhyýetine, medeniýetine kybapdaş getirmek üçin jan edýärler. Bu barada Ruhnamada: «Beýik Alla öz keramatly emri bilen Nuh pygambere birnäçe mukaddes sahypalary inderdi. Nuh pygamber olary öz neberelerine ýaýratdy. Mukaddes sahypalaryň mazmuny şulardan ybarat: «AHLAK ARASSALYGY». Onda şeyle sözler bardy: «Ýigitlere – namys, gyzlara – uýat, garry enelere, gojalara – akyl, paýhas, agraslyk, gelinlere – asyllylyk». Nuh pygamber neberelerine – ýigitlere gaýratlylyk, ruhubelentlik, mertebelilik, birsözlülik, işewürlik öwretdi. Şolara çirk ýetirilmegini namys hasaplady.

Nuh pygamber garry gojalara we enelere ogul-gyz terbiýesinde akylly, agras, paýhasly, seresaply çemeleşmegi, olary hakyky ynsan häsiýetliligi üçin uly jogapkarçilik goýdy. Sebäbi Nuh pygamber ýaşlaryň ýalnyşmazlygyny isleýärdi. Şonuň üçin türk iman öý edebi-ni-düzgünini girizdi. Ol edep-kadalar şulardan ybarat: 1. Ulyny sylamak. 2. Kiçini söýmek. 3. Ata-enäni arzylamak. 4. Arassa hem ykjam geýinmek. 5. Öýde öz gazanan, der saçan zadyňy saklamak. 6. Öýüň bezegi, ýerli-ýerindeligi, göze gelimliligi, arassalygy. 7. Öýüňi, öýüň içindäkileri, öýüň daşyny – goňşularyňy, golaýlaryňy, syrgynyňy goramak. 8. Ruhubelentlik. 9. Gyz-gelin bezegi.

Mundan hem gaýry Nuh pygamber: «Ojaklaryňyzyň alawyny öçürmäň. Ojak öçse, ömür öçer. Ot – ýaşaýyşdyr» diýdi.

Dünýäniň her bir özbaşdaklygyny gazanan döwleti özüniň milli döwlet gurluşy, milli syýasaty, milli aňy-ruhy, ykdysadyýeti, medeniýeti, milli goşuny we umuman, milliligi bilen tapawutlanýar. 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny gazanan Türkmenistanyň hem milli döwlet gurluşy, milli ykdysadyýeti, medeniýeti we öz içini, araçägini goraýan milli goşuny emele geldi.

*12-nji tablisa*

**Dünýäniň dürli döwletleriniň milli girdejileri, internet boýunça (2002–2008-nji ýyllar, internet boýunça)**

| № | Döwletleriň atlary | Girdejiler, $(ABŞ) | | |
|---|---|---|---|---|
| | | 2002 | 2006 | 2008 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | Kongo DR | 90 | 270 | 290 |
| 2 | Täjigistan | 180 | 1560 | 1860 |
| 3 | Gyrgyzystan | 290 | 1790 | 2140 |
| 4 | Nikaragua | 370 | 2720 | 2620 |
| 5 | Şweýsariýa | 37930 | 40480 | 38180 |
| 6 | Norwegiýa | 37850 | 50070 | 58500 |
| 7 | ABŞ | 36060 | 44070 | 46970 |
| 8 | Ýaponiýa | 33550 | 32840 | 35220 |
| 9 | Daniýa | 30290 | 33650 | 37280 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| | | **2002** | **2006** | **2008** |
| 10 | Şwesiýa | 24820 | 34310 | 38180 |
| 11 | Niderlandlar | 23960 | 37940 | 41670 |
| 12 | Irlandiýa | 23870 | 34730 | 37350 |
| 13 | Finlýandiýa | 23510 | 33170 | 35660 |

Dünýäniň döwletleriniň ilatynyň ykdysady we durmuş ýagdaýlary birmezeş däl (*12-nji tablisa*). Dünýäniň käbir döwletleriniň bir ýylda içerki milli girdejisiniň ilatynyň jan başyna düşýäni 300 amerikan dollardan geçmeýänleri hem bar. BMG-niň berýän maglumatlaryna görä, olara 2008-nji ýylda Kongo DR (290 dollar), Burundi (380), Eriteýa (630), Niger (680), Merkezi Afrika Respublikasy (730), Mozambik (770), Togo (820), Efiopiýa (870) döwletler mysal bolup bilerler. Şol bir wagtyň özünde ykdysady taýdan ösen Şweýsariýada ilatynyň jan başyna – 38180 dollar, Norwegiýada – 58500, ABŞ-da – 46970, Ýaponiýada – 35220, Daniýada – 37280, Beýik Britaniýada – 36130 Şwesiýada – 38180, Niderlandlarda – 41670, Irlandiýada – 37350, Finlýandiýada – 35650 amerikan dollary degişli bolupdyr. Şu aýdylanlar dünýäniň ähli dowletlerine mahsus zatlardyr. Bu meselede her bir dowletiň özboluşly problemalary bar. Dünýäniň ähli döwletleri üçin çözmesi, çözülmegi zerur bolan bütindünýä problemalary emele gelýärler.

## 7.1.2. Bütindünýä meseleleriniň görnüşleri

Adamzadyň bütindünýä problemalarynyň emele gelşiniň özboluşly taryhy bar. Ol problemalaryň käbir döwletler üçin hemmesi, käbirleri üçin diňe kabiri mahsus bolýar. Dünýäniň döwletleriniň arasynda emele gelen bütindünýä häsiýetli problemalaryň käbirleri we olary çözmekligiň ýollary aşakdaky *13-nji tablisada* görkezilen. Dünýäniň ösýän döwletleri üçin **demografik problemalar** hasiýetli. Ilatyň çalt köpelmegi esasan hem ösýän döwletler üçin häsiyetli

bolsa, ilatyň garramagy, olaryň düzüminde ýaşlaryň (0–14 ýaş) azlyk etmegi ykdysady taýdan ösen döwletleri oýlanmaga mejbur edýär. Diýmek, bu problema ösýän döwletler üçin has hem ýakymsyz. Sebäbi olaryň ähli ilatynyň 30–45%-ini ýaşlar tutýar. Olar goşmaça serişdeler çykaryp, olary terbiýelemek, okatmak, medisina kömegi ýaly çykdajylara sezewar bolýarlar. Olaryň ilatynyň tebigy ösüşi 2–3,5%-e barabar bolup, ilaty bir asyryň dowamynda 3–4 gezek artýar. Ilatyň çendenaşa artmagy goşmaça problemalary ýüze çykarýar. Olary ýaşaýyş jaý, azyk, eker ýaly ýer we ş.m. bilen döwlet üpjün etmeli bolýar. Dünýäniň köp döwletleri üçin mahsus problemalaryň biri **«Azyk» problemasy.** Ýer şarynyň her bir raýatyna, onuň ýaşamagy we saglygyny saklamagy üçin medisina tarapyndan bellenen azyk kadasy (normasy) bar.

Muňa garamazdan, ösýän döwletleriň köpüsinde adamlar üçin iýmitiň az öndürilýänligi sebäpli doýa-garyn iýip bilmeýärler. Esasy meseleleriň biri çörek bolup durýar. Ol döwletlerde şeýle meseläniň emele gelmeginiň esasy sebäbi oba hojalygynda, senagatda zähmet öndürijiligi pes. Ekerançylyga ýaramly ýerler az, ekilýän ýerlerden az hasyl alynýar we başga-da köp sebäpleri bar. Azyk meselesini çözmek ösýän döwletler üçin esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Ösen we ösýän döwletler üçin esasy problemalaryň biri **ekologiýa meselesi.** Dünýäniň ösen döwletlerinde ykdysadyýetiň (senagatyň, oba hojalygyň, ulagyň) ösmegi bilen tebigata uly zyýan ýetirilýär. Atmosfera, litosfera, gidrosfera hapalanýar. Senagat we ulag ulgamlarynyň zyňyndylary zerarly atmosferanyň ozon gatlagy ýukalýar. Ekologik problemalaryň yitileşmegi sebapli dünýäniň ösen we ösýän ýurtlarynda keselçilik köpelýär. Bu meseläniň oňyn çözgüdini tapmak medikleriň, ekologlaryň we ykdysady geograflaryň wezipesi bolup durýar.

**Uruş we parahatçylyk problemasy** dünýäniň halklary üçin esasy meseleleriň biridir. Ýer şarynda uruşsyz geçýän ýyl ýok diýsek, ýalňyşdygymyz bolmasa gerek. Her ýyl diýen ýaly Ýer ýüzünde gyzgyn nokatlar emele gelýärler. Dürli sebäplere görä, uruş ody tutaşýar. Bu ýagdaý, köplenç halatda, ösýän döwletleriň çäginde bolup geçýär. Birleşen Milletler Guramasynyň tagallasy bilen bu dawaly meseleler, köplenç halatda, parahatçylykly çözülýär. Su meselede

Bitarap döwletleriň tutýan ornuny ýatlap geçmek gerek. Meselem, Türkmenistan Owganystan boýunca birnäçe ylalaşdyryjy missiýalary ýerine ýetirdi.

**Cig mallary we energiýany ulanmak problemasy.** Dünýäniň döwletleri senagat, oba hojalyk karhanalary üçin çig mallara doly üpjün däl.

Köp döwletlerde senagat kärhanalaryny döretmek we ösdürmek üçin gazylyp alynýan baýlyklar ýeterlik däl. Köpüsinde energiýa öndürer ýaly gazma baýlyklar ýok. Şu meseleleri oňyn çözmek üçin halkara hyzmatdaşlygyň peýdasy örän uly. Döwletlerde ylmyň, tehnikanyň, durmuş hyzmatynyň ýokarlanmagy sebäpli energiýa ýetmezçilik edýär. Energiýa ýetmezçiligini aradan aýyrmak üçin, ony köp öndürýän döwletlerden döwletara elektrik geçirijiler arkaly gerekli döwletlere eksport edip bolýar.

*13-nji tablisa*

**Bütindünýä meseleleriniň görnüşleri we olary çözmekligiň ýollary**

| Meseleler | Ýüze çykyşy | Çözmekligiň ýollary |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Ýer ýüzünde parahatçylygy saklamak. | Ýaraglanyşygyň haýdadylmagy, ýadro ýaragynyň synag edilmegi, ýerli häsiýetdäki harby çaknyşyklar. | Halkara syýasy gatnaşyklary parahatçylykly çözmek, Ýer ýüzünde parahatçylygy saklamaklygyň köptaraplaýyn ylalaşykly çözülmegi, ýaraglanyşyga çykarylýan çykdaýjylary azaltmak. Ylmyň-tehnikanyň gazanan üstünliklerini parahatçylyk maksatlar üçin ulanmak. Köpçülikleýin gyryjy (Atom, ýadro, himiki we bakteriologiki) ýaraglary ýok etmek. |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Ekologiki | Tokaýlaryň meýdanynyň azalmagy, çölleşmek hadysasy, klimatyň üýtgemegi, topragyň zaýalanmagy, suwuň we atmosfera howasynyň hapalanmagy, seýrek duşýan ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleriniň ýok edilmegi. | Zyýansyz tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmak, ozon gatlagyny zaýalaýjy himiki maddalary az öndürmek, ösýän döwletlerde energetiki meseleleri çözmeklige ýardam etmek, tokaý agaçlaryny oturtmak, goraghanalary we beýleki goralýan meýdan-çäkleri döretmek, tebigy baýlyklary hojalykda tygşytly ulanmak. |
| Demografiki | Ösýän döwletlerde ilatyň ýokary derejedäki tebigy köpelişi, Ýer togalagynyň käbir sebitlerinde ilatyň has gür ýerleşmegi, «Harabalaşan» urbanizasiýa hadysasynyň ösmegi. | Belli bir ugra, maksada gönükdirilen demografik syýasaty ýöretmek, önümçiligi ösdürmek, ilatyň intellektual derejesini ýokarlandyrmak, ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, döwletlerde oba bilen şäheriň aratapawudyny ýok etmek. |
| Azyk üpjünçiligini gowulandyrmak. | BMG-niň guramalarynyň berýän maglumatlaryna görä, 0,8-1 mlrd adam açlyk çekýär, iýilýän iýmitiň kada laýyk gelmeýänligi. | Oba hojalygynda öňde baryjy tehnologiýany ornaşdyrmak, ähli döwletlerde azyk bolçulygyny döretmek, açlyk çekýänlere ykdysady taýdan kömek bermek. |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Energetika we çig mal ýetmezçiligi. | Tebigy baýlyklaryň (esasan hem energetik çig mallaryň) ýetmezçilik etmegi. | Energiýany az sarp edýän tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmak, Günüň, ýeliň, suwuň, gyzgyn çeşmeleriň, daşgyn-gaýtgynlaryň, ummanlaryň ýyly akymlarynyň energiýasyny ulanmak, energiýany köp öndürýän döwletlerden energiýa çeşmeleri ýok döwletlere energiýany eksport etmek. |
| Dünýäniň ösýän döwletleriniň ykdysady taýdan yza galaklygy. | Ösýän döwletleriň daşary ýurtlara bergisiniň köpelmegi, ilatyň milli girdejisiniň, saglygy goraýyş, bilim derejesiniň pese gaçmagy, ýaş çaga ölüminiň ýokary bolmagy, adamlaryň ömrüniň gysgalygy. | Ykdysady taýdan ösen döwletleriň ösýän döwletlere hojalyklaryny dikeltmek üçin maliýe, ykdysady kömek bermeklerini guramak, Ösýän döwletlere saglygy goraýyş, ylym-bilim ulgamyny ösdürmek üçin ýerli hünärmenleri taýýarlamaklyga we saglygy goraýyş ulgamyny dikeltmeklige ýardam etmek, ol döwletlerde sowatsyzlygy ýok etmek. |

**Durmuş problemalary** dünýänin köp döwletleri üçin häsiýetli. Ösýän döwletlerde her ýyl 17 mln adam ýokançly (öýken, garahassa, diareýa) kesellerden ýogalýar. 130 mln çaga başlangyç, 275 mln çaga orta mekdeplerde okamaýarlar. 800 mln adam ýeterlik möçberde iýmit bilen üpjün däl. 500 mln adam doýagarna iýmit iýmeýär. 1,3 mlrd adam garyplykda ýaşaýar. 1000 sany janly dogulýan cagalaryň 97-si 5 ýaşyna ýetmän ýogalýar. Bu san senagat taýdan ösen döwletler bi-

len deňeşdirende 6 esse ýokary. Senagat taýdan ösen döwletlerde 30 mln adam iş gözleýär. 100 mln-dan gowrak adam garyplykda ýaşaýar. Olardan 5 mln adamyň ýaşamaga jaýy ýok (Народонаселение Мира в 2003 году – internet boýunça).

Başga-da agyz suwy, çölleşmek, tokaýlaryň meýdanynyň azalmagy, topragyň üstki gatlagynyň ýuwulmagy, tozadylmagy, klimatyň ýylamagy, atmosferada kömürturşy gazyň köpelmegi ýaly problemalar dünýäniň köp döwletlerine mahsus.

EDEBIÝAT

*Кузнецов А.П.* – «География. Население и хозяйство мира.» Москва, Дрофа, 1998, с. 52–77, 204–208, 259–263.

«Мировая экономика». Москва, Международные отношения, 1978, с.136–372.

Народонаселение Мира в 2003 году. Фонд ООН в области народонаселения. Нью-Йорк, 2004.

*Шарыгин М.Д.* Основные проблемы экономической географии. Пермь, 1997

*Çaryýew B., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H.* Dünýä sebitleriniň, döwletleriniň ilaty we durmuş-ykdysady ösüş meseleleri (Maglumatlar, testler we adalgalar). Aşgabat, 2004.

## VII.2. ADAMZADYŇ BÜTINDÜNÝÄ GEODEMOGRAFIK MESELELERI

### 7.2.1. Dünýäde häzirki zaman geodemografiki meseleleriň ýüze çykmagy

2010-njy ýylyň ahyrynda Ýer ýüzünde ýaşaýan adamlaryň sany 6,9 milliarddan geçdi (*14-nji tablisa*). Ilatyň sanynyň artyşy hemme döwletlerde birmeňzeş däl. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ilatyň tebigy ösüşi bir göterimden hem pes. Olaryň köpüsinde ilat göçüp gelýänleriň hasabyna artýar. Ykdysady taýdan gowşak ösen, ösýän döwletlerde ilat 2–3% aralygynda köpelýär.

Ýer ýüzünde demografiki ýagdaýlaryň emele gelşiniň özboluşly taryhy bar. Gadymy döwürlerde neolit eýýamynda (b.e. 9 müň ýyl ozal) Ýer ýüzünde 10 million adam ýaşapdyr. Biziň döwrümiziň başynda ol san 230 mln adama ýetipdir. Ýeriň ilaty 1830-njy ýylda 1 milliarda ýeten bolsa, onuň 2 esse artmagy üçin 104 ýyl wagt gerek bolupdyr. Diýmek, ikinji jahan urşunyň öňüsyrasynda, 1934-nji ýylda dünýäniň ilaty 2 milliarda ýetipdir. Soňra 1974–1975-nji ýyllarda (aratapawut 30–35 ýyl) Ýeriň ilaty 4 milliard bolýar. Şol ýyllar aralygy köp döwletlerde ilatyň tebigy ösüşi 2,5–3% bolup, oňa demografiýada «Demografiki partlaýyş» diýilýär. Ilatyň sanynyň şeýle artmagy dünýäniň ösýän döwletlerinde özboluşly kynçylygy döredýär. Sebäbi sany artýan ilaty, ilkinji nobatda, iýmit bilen üpjün etmeli bolýar. Soňra olara ýaşar ýaly jaý, okuw ýeri, sagaldyş edaralary, iş ýeri we durmuş hyzmaty gullugyny döretmeli. Bu meseleler ykdysady taýdan ösen döwletlerde çalt özgerýär. Emma ösýän döwletler üçin uly mesele bolmagynda galýar. Ösýän döwletlerde oba hojalygynyň ösüşi täze özleşdirilýän ýerleriň hasabyna amala aşyrylýar. Täze özleşdirilýän ýerlerden ýokary hasyl alyp bolmaýar. Sebäbi ekilýän ekinlere berer ýaly mineral dökünler ýeterlik däl. Ekinleriň zyýankeşleriniň garşysyna himiki serişdeler ulanylmaýar. Oba hojalyk işleriň köpüsi el zähmeti arkaly amala aşyrylýar. Mehanizmler ýetmezçilik edýär. Senagat kärhanalary haýal döredilýär we osdürilýär. Şonuň üçin ol döwletlerde ykdysady kynçylyklar bar. Ol kynçylyklary ýeňip geçmek üçin hem köp işleri etmeli. Oba hojalygy we senagaty ösdürmek üçin uly maýa goýumlary gerek.

Ylmyň we tehnikanyň ösüşine esaslanýan senagat, oba hojalyk, ulag kärhanalaryny döretmek zerur. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaly we ş.m.

Ilatyň ösüşini çäklendirmek we olaryň düzüminde garry, gartaşan adamlaryň sany çendenaşa köp bolmaz ýaly, ykdysady taýdan has ösen, ösýän döwletlerde hem döwlet tarapyndan demografiki syýasat alnyp barylýar. Ilatyň tebigy köpelişini, migrasiýasyny kadalaşdyrmak maksady bilen dünýäniň köp döwletlerinde döwleti dolandyryjy ýolbaşçylar, hukuk goraýjy guramalar tarapyndan durmuş we ykdysady ýollar bilen adamlaryň ölüm-ýitimini azaltmak,

*14-nji tablisa*

**Dünýäniň we onuň sebitleriniň umumy hem-de şäher ilatynyň artyşy (UNFRA, State of World population 2010, sah. 94-99, internet boýunça)**

| | **Ilatyň umumy sany, 2010 ý., mln adam** | **Ilatyň garaşylýan ösüşi, 2050 ý. mln adam** | **2005-2010 -njy ýyllar-da ilatyň ortaça ösüşi, %** | **Şäher ilaty, %, 2010 ý.** | **2005-2010- -njy ýyllarda şäher ilatynyň ösüşi, %** |
|---|---|---|---|---|---|
| Dünýäde | 6908,7 | 9150,0 | 1,2 | 50 | 1,9 |
| Ösen döwletler | 1237,2 | 1275,2 | 0,3 | 75 | 0,7 |
| Gowşak ösen döwletler | 5671,5 | 7946,0 | 1,4 | 45 | 2,4 |
| Has gowşak ösen döwletler | 854,7 | 1672,4 | 2,3 | 29 | 4,0 |
| **Afrika** | **1033,0** | **1998,5** | **2,3** | **40** | **3,4** |
| Gd Afr. | 327,2 | 711,4 | 2,6 | 24 | 3,8 |
| Merk.Afr. | 128,9 | 273,0 | 2,6 | 43 | 4,1 |
| Dg Afr. | 212,9 | 321,1 | 1,7 | 51 | 2,5 |
| Go Afr. | 58,0 | 67,4 | 1,0 | 59 | 1,9 |
| Gb Afr. | 306,1 | 625,6 | 2,5 | 45 | 3,9 |
| Arap döwletleri | 359,4 | 598,2 | 2,1 | 56 | 2,5 |
| **Aziýa** | **4166,7** | **5231,5** | **1,1** | **42** | **2,3** |
| Gd Aziýa | 1564,0 | 1600,0 | 0,6 | 50 | 2,2 |
| Merk.Aziýanyň Go bölegi | 1780,5 | 2536,0 | 1,5 | 32 | 2,4 |
| Go-GD Aziýa | 589,6 | 766,0 | 1,2 | 42 | 2,2 |
| Gb Aziýa | 232,7 | 371,8 | 1,9 | 67 | 2,3 |
| **Ýewropa** | **732,8** | **691,0** | **0,1** | **73** | **0,4** |
| Gd Ýewropa | 291,5 | 240,0 | -0,4 | 69 | 0,2 |
| Dg Ýewropa | 98,9 | 112,5 | 0,5 | 79 | 0,7 |
| Go Ýewropa | 153,8 | 153,7 | 0,5 | 68 | 0,9 |
| Gb Ýewropa | 188,6 | 184,9 | 0,2 | 80 | 0,7 |
| **Latyn Amerika** | **588,6** | **729,2** | **1,1** | **80** | **1,6** |
| Garyp basseýni | 42,3 | 49,5 | 0,8 | 67 | 1,6 |
| Merk.Amerika | 153,1 | 196,8 | 1,2 | 72 | 1,6 |
| Go Amerika | 393,2 | 482,9 | 1,1 | 84 | 1,6 |
| **Dg Amerika** | **351,7** | **448,5** | **1,0** | **82** | **1,3** |
| **Okeaniýa** | **35,8** | **51,3** | **1,3** | **70** | **1,3** |
| Awstraliýa, T. Zelandiýa | 25,8 | 34,1 | 1,0 | 89 | 1,2 |

çagalaryň dogluşyny kadalaşdyrmak, ilatyň hereketini (göçmegini) çäklendirmek demografiki syýasatyň özeni bolup durýar. Kanuny ýol bilen nikalaşmak, wagtyny anyklamak, çagany aýyrtmaklyga (aborta) garşy göreşmek, oňa ýol açmak, perzentsizlige töleg girizmek, köp çagaly maşgalalara kömek puly, her hili ýeňillikler bermek ýola goýulýar. Ýaşaýyş jaýy paýlanylanda we oňa töleg tölenende ýeňillikler girizmek, köp çagaly maşgalalary radio, telewideniýe we metbugat arkaly goldamak we ş.m. demografiki syýasatyň esasy ugurlary hasaplanýar.

Islendik döwletde hojalygy ösdürmek, şol sanda döwletiň ykdysady syýasaty, bilim, ylym, saglygy saklaýyş, halkyň durmuş kärhanalary bilen üpjünçiligi, ýaşaýyş jaý gurluşygy ýaly çäreler demografiki hadysalara gönüden-göni täsir edýärler. Bu hojalyk çäreleri döwletiň demografiki syýasaty bilen utgaşyp hereket etmese, gowy netijelerini bermeýär.

Häzirki zamanda köp döwletleriň hökümeti demografiki maksatnamalary adaty döwlet syýasatyna öwürýärler. Hindistanda – 1952-nji ýyldan bäri, Päkistanda – 1960, Günorta Koreýada – 1961, Hytaý HR-da – 1962, Singapurda – 1965, Türkiýede – 1965, Şri-Lankada – 1965, Malaýziýada – 1966, Nepalda –1966, Eýranda –1967, Indoneziýada we Taýwanda – 1968, Filippinlerde we Taýlandda–1970, Bangladeşde – 1971, Laosda – 1972, Sýanganda – 1973-nji ýyldan bäri dogulýan çagalaryň sanyny azaltmak maksady bilen «Maşgala maksatnamalary» syýasatyny alyp barýarlar. Bu syýasaty amala aşyrmak saglygy saklaýyş ministrliklere tabşyrylypdyr.

**Afrikada** bu syýasat Tunisde – 1964-nji, Mawrikiýada we Ýegipetde – 1965, Keniýada – 1966, Marokkada –1968, Botswanada – 1970-nji ýyldan bäri ýerine ýetirilýär.

**Latyn Amerikasynda**: Barbados – 1967-nji ýylda, Ýamaýka – 1966-njy, Dominikan respublikasy – 1968-nji, Kolumbiýa we Puerto-Riko – 1970-nji, Salwador – 1974-nji, Trinidad we Tabago – 1976-njy ýylda şol syýasata goşulypdyrlar. Ummanystanda Fidži döwleti 1962-nji, Gilberta we Tuwalu 1970-nji ýyldan bäri «Maşgala maksatnamalary» demografik syýasaty berjaý edýärler. Şol syýasat esasynda bu döwletlerde ilatyň tebigy ösüşi kadalaşýar.

### 7.2.2. Geodemografiki meseleleriň beýleki bütindünýä meseleleri bilen arabaglanyşygy

Ýer togalagynda döreýän ykdysady, durmuş, ekologiýa meseleleri (problemalary) adamzat jemgyýetiniň ösüşi bilen baglanyşykly. Siziň bilşiňiz ýaly, adamzadyň gatnaşmaýan ýerinde tebigatda hiç bir çözülmesi kyn bolan mesele (problema) ýokdur. Ykdysadyýet, medeniýet, ekologiýa we durmuş bilen baglanyşykly çözülmeli meseleler ilatyň geografiýasy bilen bagly. Ýerlerde ilatyň tebigy we mehaniki köpelişi ykdysadyýetiň, medeniýetiň we durmuş ýagdaýlarynyň ösüşi bilen gabat gelmedik ýagdaýynda demografik meseleler ýüze çykýarlar. Olar wagtynda çözülmese, ilat üçin kynçylyk döreýar, döwlet üçin hem amatly bolmaýar. Mysal: ilat döwletiň çäginde 2,5–3% möçberinde köpelse, onda şol ýurduň oba hojalygy has ösen bolaýmasa, ilkinji nobatda, azyk meselesi ýüze çykýar. Şeýle möçberde köpelýän ilaty hökmany suratda azyk bilen üpjün etmeli. Soňra olara ýaşaýyş jaý, iş ýeri, çagalary terbiýelär ýaly «Çagalar bagy», mekdep, okuw jaýlary, durmuş hyzmaty gullugy edaralary gerek. Şeýle ýagdaý häzirki wagtda ösýän döwletleriň käbirleri üçin häsiýetli. Öň belläp geçişimiz ýaly, eger-de, maşgalada işe ýaramaýan ýaş çagalar köp bolsa, olary eklemek üçin gerek bolan çykdajylaryň bir bölegini döwlet öz üstüne almaly bolýar. Sebäbi, şol maşgalada diňe kakalary işläp, maşgalasyny ekläp bilmeýär. Çagalary terbiýelemek, sowat öwretmek, bilim, ylym bermek boýunça hem käbir meseleler ýüze çykýarlar. Şol çagalar 20 ýaşaýança ene-ata we döwlete uly girdeýji, peýda getirip bilmeýärler. Okuwlaryny gutarandan soň, olary işe ýerleşdirmek meselesi hem ýüze çykýar.

Bilşiňiz ýaly, döwletiň çäginde ilatyň ösüşi haýal, pes bolanda hem döwlete peýda däldir. Gartaşan we garry adamlaryň sany köpelip, işlejek, işe ýaramly adamlaryň sany azalýar. Bu hem döwletiň ykdysady, medeni ösüşine ýaramaz täsir edýär. Watany goramak üçin harby gulluga çagyrar ýaly ýaşlar ýetmezçilik edýär. Şeýle ýagdaýda tölegli goşun saklamaly bolmagy mümkin. Ösýän döwletlerde ilatyň çalt köpelmegi bilen tebigy baýlyklardan peýdalanmaklyk uly mesele bolmagynda galýar. Ekin meýdanlaryny giňeltmeklikde hem özboluşly kynçylyklar döreýär. Içmäge we ýerleri suwarmaga ýaram-

ly suwlaryň ýetmezçiligi ýaly kynçylyklar döreýär. Gysga wagtyň içinde oba hojalygy, senagaty calt ösdürip bilmeýärler. Bu meseleler azyndan 40–50 ýyly talap edýär. Ösýän oba hojalyk kärhanalary üçin birbada tehnika, himiki serişdeler, mineral dökün, ekin üçin gowy tohum bilen üpjün etmek, mallaryň sanyny we hasyllylygyny artdyrmak aňsat düşmeýär. Täze dörediljek senagat kärhanalary üçin mineral, çig mallar (magdanlar, sement, gurluşyk üçin zerur zatlar we ş. m.) gytçylyk etmegi mümkin. Senagat, oba hojalygy ösdürmek üçin demir we awtomobil ýollary, nebit-gaz, suw geçirijileri, aragatnaşyk ulgamlary döretmek üçin maliýe serişdeleri köp gerek bolýar. Şeýle ýagdaýda döwlet daşary ýurt kömegine mätäçlik çekýär. Bu meseleler oňyn çözülse, käbir ekologik meseleleriň ýüze çykaýmagy mümkin. Ilatyň köpelmegi, döwletiň ykdysadyýetiniň ösüşi bilen baglanyşykly energiýa ýetmezçilik meselesi köp döwletler üçin mahsus. Şeýle ýagdaýda döwletde energiýa öndürer ýaly çeşmeler(nebit önümleri, tebigy gaz, kömür, suw bilen işleýän stansiýalary gurar ýaly şaglawuklar, uran magdany) bolmasa, döwlet goňşy ýurtlara ýüz tutmaly bolýar. Ykdysady hyzmatdaşlyga esaslanyp, özüniň energiýa mätäçligini çözmeli. Energiýany az ulanýan, sarp edýän tilsimatlary hojalyga ornaşdyrmaly. Demografik meseleler bilen bilelikde ilatyň saglygyny goramak meselesi bütindünýä meseleleriň birine öwrülýar. Işleýän we işlemeýän adamlaryň saglygyny goramak, medisina hyzmatyny gowulandyrmak iň zerur meseleleriň biri bolup durýar. Adamlaryň saglygy, şol döwletiň esasy baýlyklarynyň biri. Munuň şeýledigini biz öz döwletimiziň mysalynda görýäris. Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň Türkmenistanyň raýatlarynyň saglyk ýagdaýlarynyň aladasyny edip, «Saglyk» syýasaty yglan edildi. Sebäbi her bir döwletiň ykdysadyýetini, medeniýetini ösdürmekligiň gözbaşynda saglyk durýar.

### 7.2.3. Geourbanistika – demografiýanyň esasy meselesidir

Döwletiň meýdan-çäginde şäherlerde ýaşaýanlaryň sany umumy ilatyň 50%-inden ýokary bolsa, olar ýaly döwlete ýokary urbanizasiýalaşan döwlet diýilýär. Eger-de, döwletiň çägindäki adamlaryň 20–50%-i şäherlerde ýerleşen bolsa, olara orta urbanizasiýalaşan,

eger-de şäher ilaty umumy ilatyň 20%-inden az bolsa, onda gowşak urbanizasiýalaşan döwlet bolýar. Ykdysady taýdan has ösen döwletlerde ähli ilatyň 75–80%-i şäherlerde ýaşaýarlar.

Dünýäniň şäherlerinde ilatyň sanynyň artyşyna kitabyň 2.2.3 bölümçesinde seredilipdi.

Dünýäniň döwletleriniň ilaty we hojalygy, esasan, köp ilatly şäherlerde jemlenen. Soňky ýyllarda Ýer ýüzünde millioner şäherleriň sany köpelýär. Şäherleriň meýdany giňelip, ekerançylyga, dynç almaga ýaramly ýerleri eýeläp, özlerine golaý ýerleşen şäherler bilen birleşýärler. Netijede, şäher we oba aglomerasiýalaryny döredýärler.

Has uly şäherlerde ilatyň gürlügi şeýleräk : Pariždе – 1 inedördül km ýerde 32 müň adam, Tokioda – 16 müň, Seulda – 18 müň, Kalkuttada – 21 müň, Bombeýde – 47 müň, Dakkada, Zakartada, Hoşiminde, Ahmedabadda – 40–50 müň, Gonkongda – 90 müň adam ýaşaýär.

Gury ýer bölekleriniň içinde has şäherleşen (urbanizasiýalaşan) Demirgazyk Amerika (82%), şäherleşmek boýunça has pesi daşary Aziýa (42%) hasaplanylýar (*14-nji tablisa*).

Geourbanistikanyň ösmegi bilen döwletlerde özboluşly meseleler emele gelýärler. Uly şäherlerde elmydama adamlaryň ýaşamagy üçin jaý esasy problema öwrülýär. Ulag gatnawy kynlaşýar. Ulag gatnawyny gowulandyrmak maksady bilen Tokioda we beýleki käbir şäherlerde köp ýarusly ýollary gurmaly bolýar. Ol ýollar hem ýaşaýyş jaýlaryň arasyndan geçýän ýerlerinde ilatyň rahatlygyny bozýar. Şäherlerde ekologiki ýagdaý ýaramazlaşýar. Awtomaşynlaryň sany köpelýär. Şäherleriň howasyny awtomaşynlar, zawod-fabrikler hapalaýarlar. Şäherleri azyk, suw, ulag gatnawy bilen üpjün etmekde özboluşly kynçylyklar döreýär. Şol bir wagtyň özünde şäherler ylmyň, medeniýetiň merkezi hasaplanýar.

### 7.2.4. Bütindünýa, sebitara geodemografik meseleleri öwrenmekde «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň» öňünde durýan wezipeler

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde dünýäniň hojalygyny, medeniýetini, ekologik we demografiki ýagdaýlary öwrenýän ýörite ylmy-barlag institutlar bar. Şol institutlaryň içinde geografiki, demo-

grafiki, taryhy, syýasy meseleleri öwrenýän laboratoriýalar, bölümler bolup, olaryň ýörite ylmy işgärleri şol görkezilen meseleleriň dürli ugurlary boýunça işleýärler. Meselem: Russiýa Federasiýasynyň Ylymlar akademiýasynyň düzüminde geografiýa, demografiýa we etnografiýa, taryh, Aziýa we Afrika, ABŞ we Kanada, Latyn Amerikasy we başga-da birnäçe ylmy-barlag institutlary bolup, olaryň ylmy işgärleri şol döwletleriň geografiki, taryhy, syýasy, ekologiki, demografiki, etnografiki meselelerini öwrenýärler. Bu meseleleri öwrenmekligiň uly ylmy we tejribe ähmiýeti bar. Daşary döwletleriň geodemografik meselelerini öwrenmeklik olar bilen syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary ösdürmeklik üçin zerur hasaplanýar. Ol döwletler bilen bazar ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde ýerine ýetirilen ylmy işleriň gymmaty has hem ýokarydyr.

VII.2-nji bölümiň birinji, ikinji we üçünji soraglarynda bellenilip geçilen meseleleri öwrenmekligiň diňe bir ylym üçin peýdasy bolman, olar oňyn çözülen ýagdaýynda dünýäniň ilaty üçin peýdaly. Ykdysady we durmuş geografiýasy boýunça işleýän alymlar, hünärmenler şol meseleleri aýdyň owrenip, olary wagtynda çözmekligiň ýollaryny ýazýarlar, her hili teklipler hödürleýärler. Şol teklipler wagtynda ýerine ýetirilse, dünýäniň, käbir döwletleriniň halkyny iýmit ýetmezçiliginden, açlykdan, her hili ýokanç keselleriň ýaýramagynyň öňüni almakdan, tebigy betbagtçylyklardan gorap bolýar. Ýer togalagy boýunça, käbir sebitlerde demografik meseleleri öwrenmeklik ýaşaýyş üçin zerur hasaplanýar. Şol meseleler öwrenilip, belli bir netije çykarylsa, ilatyň durmuş, saglyk meseleleri boýunça horluk çekýän sebitlerinde Birleşen Milletler Guramasynyň halkara guramalary we Ynsanperwerlik guramalary tarapyndan ykdysady, maddy kömek edilýär. Eger käbir sebitlerde ilatyň arasynda ýokanç keseller ýaýrasa, ilatyň belli bir bölegi tebigy betbagtçylyga uçrasa, olara, belleýşimiz ýaly, BMG we döwletleriň Halkara gyzyl ýarym aý we haç jemgyýetçilik guramalary tiz kömege ýetişýärler.

Sebitara, sebitiň içinde (döwletiň çäginde) ilat bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmek döwletiň hojalyk işleriniň maksatnamasyny düzmek, hojalyk kärhanalaryny ýerli-ýerinde we öz wagtynda gurmak, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny, durmuşyny dowulandyrmak üçin ummasyz peýdalydyr. Bu meseleleri öwrenmegiň döwleti ösdürmek-

lige, ylym we tejribe üçin uly ähmiýeti bar. Bu meseleler ykdysatçylar, syýasy işgärler bilen bir hatarda ykdysady we durmuş geografiýasyny öwrenýän hünärmenler tarapyndan giňden öwrenilýär.

### 7.2.5. Geodemografik meseleleri çözmeklige dürli garaýyşlar

XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap dünýäde ilatyň ösüşi barada her hili taslamalar döräp başlady. 1968-nji ýylda hökümete we partiýa garaşsyz gurama belli italýan ykdysatçysy, jemgyýetçilik wekili we biznesmeni Aurelio Peççei tarapyndan döredildi. Rim klubunyň howandarlyk etmeginde «Dünýä-2» /«Мир-2»/, (1970-nji ýyl) ülňüsi (modeli) Massaçuset tehnologik uniwersitetiniň professory Ž. Forrester tarapyndan işlenilip düzüldi. «Dünýä-2» modelde dünýäniň ilatynyň sany, esasy serişdeler (kapital), oba hojalyk kapitalynyň tutýan orny, dikeldip bolmaýan tebigy baýlyklar we ýeriň hapalanyşy ýaly meseleler seredilipdir.

Modelde 1900–2100-nji ýyllar aralygynda önümçilik häzirki ýagdaýynda össe, onda 2050-nji ýyla çenli tebigy gurşawyň hapalanyşy 7–8 esse (1970-nji ýyla garanda) ýokarlanar. XXI asyryň 20–30-njy ýyllarynda Ýer togalagynyň ilaty 1,5 esse azalar, ýagny 2 mlrd adam kemeler. Dikeldip bolmaýan tebigy baýlyklar 2100-nji ýylda gutarmagy mümkin. Gutarmasa-da, häzirki ätiýaçlylygynyň 1/3 galar. Tebigy baýlyklaryň we ilatyň sanynyň kemelmegi XXI asyryň ortalarynda senagat önüminiň öndürilişiniň kemelmegine getirer. Siwilizasiýanyň pese gaçmagy daşky gurşawa salynýan antropogen agramy peselder. 2100-nji ýylda onuň hapalanyşy, öňkülere seredilende, azalar diýip çaklapdyrlar.

1972-nji ýylda D. Medouz tarapyndan ýolbaşçylyk edilen alymlar topary «Dünýä-3» («Mir-3») bütindünýä ülňüsini işläp düzdüler. Bular hem 1900–2100-nji ýyllar aralygy modelirläpdirler. Bularyň hem gelen netijeleri Forrestoryň çaklamasyna golaý bolupdyr. Medouzyň ýoldaşlarynyň pikiriçe, «Eger önümçilik häzirki ösüşi ýaly össe, onda XX asyryň aýagynda XXI asyryň başynda Ýeriň hapalanmagy, tebigy baýlyklaryň azalmagy, senagat önümçiliginiň pesel-

megi zerarly elhenç ýagdaý «ahyrzaman» bolar» diýip çaklapdyrlar. Medouzyň pikiriçe, hiç bir çäre bu heläkçiligiň öňüni alyp bilmez. Ol bu heläkçilikden çykmak üçin «Adamzat siwilizasiýasynyň ösüşini saklamaly» diýen netijä gelýär. Onuň dokladynyň ady «Ösüşiň çäkleri» («Predely rosta») diýip atlandyrylypdyr. Bu iki model boýunça, eger-de jemgyýetiň ösüşi häzirki ýagdaýynda saklansa, onda XXI asyrda krizisiň boljakdygy gümansyzdyr. Tebigy baýlyklar garyplaşjak, häzirkisinden ep-esli hapalanjak.

Soňra M. Mesarowiç (ABŞ), E. Pestel (GFR) 1974-nji ýylda Rim klubunda özleriniň dokladyny «Ýaşamaklygyň strategiýasy» («Стратегия выживания») ýa-da «Adamzat öwrülýän duralganyň ýanynda» («Человечество у поворотного пункта») diýip atlandyryp, çykyş edýärler. Olaryň gelen netijesine görä, «2025-nji ýyla çenli «Baý döwletler garyp döwletlere kömek berseler», yzagalaklygy ýeňip geçip bolar. Şu ýagdaýda Dünýäniň häzirki ösüşinde köp sebitlerde elhençlikler (katastrofa) bolar. Bu elhençlikler Medouzyň toparynyň çak edýän wagtyndan öň bolar diýip hasaplapdyrlar. Ösen döwletler üçin esasy heläkçilik – tebigatyň hapalanmagy, ýadro energetikasynyň ösmegi, ösýän döwletlerde tebigy baýlyklaryň ätiýaçlygynyň azalmagy, ilatyň sanynyň artmagy, onuň bilen baglanyşykly azyk meselesiniň ýüze çykmagy bolup durýar.

Mesarowiçiň we Pesteliň pikirini ösen döwletleriň köpüsi sapak edinip, ösýän döwletlere ykdysady kynçylyklardan çykmak üçin dürli hili kömek berýärler. Bu ýagdaýda Müsür, Wenesuella, Hindistan, Afrikanyň köp döwletleri ykdysady taýdan has ösen döwletlerden kömek alýarlar.

1985-nji ýylda Amaly ulgamlary seljermek boýunça Halkara instituty (Международный институт прикладного системного анализа) Ýewropanyň sebitleri üçin häsiýetli bolan ekologiki meseleleri çözmek maksady bilen «Ýewropada daşky gurşawyň geljegi» («Будущее окружающей среды в Европе») atly taslamany işläp düzdüler. Taslamanyň esasy maksady 2030-njy ýyla çenli Ýewropanyň daşky gurşawynyň uzak möhletleýin ýagdaýyny dolandyrmak bolup durýardy. Taslamanyň esasy bolup Ýewropanyň sosial-ykdysady we syýasy ösüş ugurlary göz öňüne tutulypdyr. Bulardan başga-da,

ösüşiň bolaýjak öwrümli nokatlary: uruş, garaşylmaýan güýçli ykdysady peseliş, ykdysady-durmuş we ekologik kynçylyklar bilen baglanyşykly ilatyň göçüşi (migrasiýasy), energiýany ulanmaklygyň netijeliligi, adaty bolmadyk energiýa çeşmelerini ulanmak (Günüň, ýeliň, daşgyn-gaýtgynyň, ýerasty gyzgyn çeşmeleriň we ş.m.) hasaba alnypdyr.

Ykdysady we ekologik bütewiligiň bütindünýä ulgamy 1979-njy ýylda BMG-niň tabşyrygy bilen hünärmenler topary W. Leontýewiň ýolbaçylygynda «Dünýä ykdysadyýetiniň geljegi» atly taslama işlenilip düzüldi. Bu model Leontýew tarapyndan taýýarlanan «Pudagara seljerme usuly» (önümi öndürmek üçin çykarylan çykdaýjy usuly) ulanylyp, ol özüne 2500 deňlemäni birleşdirip, dünýä hojalyk ulgamy bu taslamada 270 sany ugur boýunça seljerilýär. Taslamada: 1) ykdysadyýetiň tebigata täsir ediş düzüminiň mehanizmi görkezilen; 2) pudagara ykdysady gatnaşyklara daşky gurşawyň hapalanmagyna garşy göreş çäreleri beýan edilen; 3) hapalanmaklyga göreş çäreleriniň ugurlary açylyp görkezilipdir. Esasy gelnen netije ösen döwletler bilen ösýän döwletleriň arasyndaky aratapawut tebigaty goramak meselesini kynlaşdyrýar. Tebigatyň hapalanmaklygyna garşy göreşmek üçin jemi öndürilýän önümiň girdejisiniň 1,5–2,5% (mümkin bolan ýagdaýynda 4–5%) tebigaty goramak çärelerine sarp edilmeli diýilýär.

«Daşky gurşawyň hili boýunçä Sowetiň» 1988-nji ýylda çap edilen «2000-nji ýylyň bütindünýä meseleleri» ady bilen ABŞ-nyň Prezidentine ýazylan çykyş ilatyň arasynda uly seslenme döretdi. Bu çykyşda dünýäniň ýagdaýyna oňat häsiýetnama berlipdir. Çykyşda daşky gurşawa ýetirilen we garaşylýan zyýanlaryň hasaba alnan ýagdaýy görkezilipdir. Dokladda, eger dünýäniň ykdysadyýetiniň ösüşinde häzirki ykdysady, syýasy, tehniki ýagdaýlar saklanylsa, uruş bolmadyk halatynda, howply wakalara garaşyp ýörmegiň hajaty ýok diýlen. Dokladda şeýle netijä gelinýär: Ösýän döwletlerde 2000-nji ýylda 5 mlrd adam ýaşar. Şolardan 1,3 mlrd adam doýa-garna iýmit iýip bilmezler, açlykdan ezýet çekerler. Tropiki tokaýlaryň 40%-i çapylyp ýok ediler. Ýene-de 28 ösýän döwletlerde tokaýlar galmaz.

1976-njy ýylda Angliýaly D. Gabor «Asyrdan aňyrda talaňçylyk» («За пределами века расточительства») diýen çykyşynda Bütindünýä heläkçilikden (krizisden) çykmak üçin: adamlaryň ýaşamagy üçin zerur durmuş şertleri döredilmeli we täze «Göwnejaý jemgyýet» döredilmeli. Şol jemgyýet Ýer togalagynyň ýaşaýjylarynyň ýaşaýşynyň hilini gowulandyrmaga ukyply bolmaly we adamyň tebigata dünýewi gatnaşygyny, tebigat bilen sazlaşykly ýaşamagyny başarýan bolmaly.

Umumy ykdysady ulňüleriň (modelleriň) arasynda okyjy köpçüligine belli bolan LINK ulgamy (ABŞ-da L. Kleýniň ýolbaşçylygynda döredilen, Ekonometriki çaklama beriji Uorton assosiasiýasynyň işgäri) hökümet guramalaryna kömek bermek üçin niýetlenendir. Bu ulgamda köp kapitalistik döwletler boýunça (ABŞ, Kanada, Fransiýa, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Italiýa, Şwesiýa, Finlýandiýa, Belgiýa, Niderlandlar, Awstriýa, Ýaponiýa, Awstraliýa) 13 sany aýratyn ülňüler birleşdirilen, ösýän döwletler boýunça 4 ülňi, SOWMOD (SSSR) ülňüler toplumy girizilip, LINK ulgamy elmydama täzelenýär we giňeldilýär.

Bütindünýä energetika ülňüleri boýunça köp maglumatlar (ondan gowrak) toplanan. Bu topar boýunça (Welf, 1960; Hefel, 1982) ülňülerde nebit we dürli energoätiýaçlyklaryň bazarynyň ýagdaýynyň çaklamasy görkezilen. Önümçiligi we energiýa ätiýaçlyklarynyň sarp edilişini has takyk seljermek bilen hojalygyň galan pudaklaryna garaşly hökmünde seredilýär. Bu ýagdaýda demografik meseleleriň çaklamasy (prognozy) şertli ýagdaýda berilýär.

Rim klubunyň 6-njy doklady «Energiýa: yza hasaplaýyş» («Энергия: обратный счет») meselä bagyşlanan. Bu çykyş 1978-nji ýylda Fransiýaly T. Monbrial tarapyndan taýýarlanan. Çykyşda esasy netije ýene-de «Energetiki gytçylygyň» (krizisiň) dörejekdigi, «Energetiki heläkçilik» (katastrofa) arkaly köp adamlar «Energetik oýnuň (drama) pidalary» bolar diýip çaklaýarlar.

Azyk meselesiniň gytçylygyna bagyşlanan çaklamalar hem bar. Olaryň arasynda esasy üns berilýän çykyş Linnemanyň (Gollandiýa) proýekti hasaplanýar. Onuň proýektinde dünýäde azyk ýetmezçiligi wagtlaýyn zat, onuň käbir döwletlerde ýetmezçilik edýänliginiň sebäbi durmuş-ykdysady sebäplere bagly diýip görkezilýär.

8-nji doklad ösýän döwletlerde azyk meselelerine bagyşlanyp, «Üçünji dünýä: dünýäniň 3/4-i» diýip atlandyrylýar. Bu doklady düzüji M. Gerniýe (1980, Fransiýa) ösýän döwletleriň oba hojalygyny üýtgedip gurap, özlerini azyk bilen üpjün edip bilerler diýen netijä gelýär.

Baha emele getiriş usuly boýunça içki we daşky bazarlarda azyk bolçulugyny döretmekligiň ykdysady meselelerini öwrenmeklige bagyşlanan iňlis bütindünýä ülňüsinde (SARVM, 1977) başgaça çemeleşilýär. Bu modelde görkezilişine görä, azyk meselesi diňe oba hojalyk bilen çözülmän, eýsem ykdysady, demografik we ekologik meseleler bilen baglanyşyklydyr.

Ähli ylmy taslamalardan görnüşi ýaly, häzirki zaman demografik ýagdaýlara görä, 2100-nji ýylda dünýäde ilat 11,6 mlrd adama ýeter we soňra düzgünleşer.

Rim klubuna ýazylan iki bölekden ybarat bolan jemleýji «Birinji bütindünýä rewolýusiýasy» (1991) atly dokladda esasy mesele hökmünde «Dolandyrmaklyga» bagyşlanan. Şeýle häsiýetde taýýarlanylýan we ýazylan taslamalarda beýleki ylymlaryň wekilleri bilen birlikde geograflar hem çykyş edýärler. Olar esasy ünsi adamzadyň isleglerini kanagatlandyrmaga, bütindünýä meseleleri adamzadyň we tebigatyň peýdasyna çözmeklige, adamzadyň ýakyn onýyllyklarda nähili meseleler bilen ýüzbe-ýüz boljakdyklaryna uly üns berýärler. Döreýän meseleleriň bütindünýä häsiýetlidigi sebäpli olary meýdan-çäkler, sebitler boýunça geografiki seljeriş geçirmek zerur hasaplanýar.

### 7.2.6. Dünýäniň ilatynyň köpelişi barada dürli çaklamalar we çözülmegi mümkin bolan meseleler

Taryhy we arheologik maglumatlaryň görkezmegine görä, mezolit döwrüniň başynda (15 müň ýyl b.e. öň) ýer ýüzünde adamlaryň sany onçakly köp bolmandyr. Olaryň köpelmezligine dürli keseller, iýmit ýetmezçiligi, tebigy şertler sebäp bolupdyrlar. Neolit döwrüniň başynda (b.e. 7 müň ýyl öň) Ýer ýüzünde ýaşan ilatyň sany Moskwa

ýaly şäheriň ilatyna deň bolupdyr. Adamlaryň sany haýal artypdyr. Ilatyň esasy bölegi Günorta we Gündogar Aziýada, Afrikada, Günorta Ýewropada, Merkezi Aziýada ýerleşipdir. Şol wagtlar Awstraliýada birnäçe müň, Amerikada 100–200 müň adam ýaşapdyr (W.I. Kozlow, 1978, s. 3–4). Gadymy adamlaryň arasynda ölüm-ýitim köp bolupdyr. Olar açlykdan, ýokanç kesellerden, tire-taýpa uruşlaryndan, tebigy betbagtçylyklardan horluk çekipdirler. Adamlaryň ortaça ýaşy 20 ýyl bolupdyr. Sagdyn, fiziki taýdan daýaw adamlar 50 ýyl ömür sürüpdirler. W.I. Kozlowyň (1978, s.7) maglumatlaryna görä, biziň eýýamymyzyň başynda Ýerde 200–250 mln adam ýaşap, şondan Rim imperiýasynda 50 milliondan gowrak (şol sanda Italiýada – 7–8, Iberiýada 5–7 mln). Öňki SSSR-iň çäginde 5 mln adam ýaşapdyr. Şol döwürde ilatyň köp ýygnanan ýeri häzirki Hytaýyň we Hindistanyň çägi, ol ýerlerde, çak bilen, 40–50 mln adam ýerleşipdir.

1930–1999-njy ýyllar aralygynda dünýäniň ilaty 3 esse artypdyr. 1950–1970-nji ýyllar ilaty öwrenýän hünärmenleriň arasynda «Demografik partlaýyş» adalganyň döremegi bilen demograflar we statistler ilatyň artyşy barada birnäçe çaklama düzýärler. Käbir çaklamalar ilat köpçüligini hopukdyryjy hasaplanýar. Olar çaklama düzenlerinde ilatyň köpelişi mydama birmeňzeş bolar diýip pikir ýöredýärler. Käbir çaklamalara görä, XXI asyryň ortasynda dünýäde 50 mlrd adam ýaşar we onuň gury ýerde ortaça gürlügi 1 inedördül km ýerde 370 adam bolar. Käbir çaklamalara görä, 2300-nji ýylda Ýeriň ilaty 1 trln adama ýetmegi mümkin. Angliýaly bir statistiň çaklama hasaplamasyna görä, eger ilat her ýyl 1,5 % össe, 3000-nji ýylda ýeriň ilaty 14 trln-a golaýlar. 5000-nji ýylda ilatyň sany yzy 27 nolly sifre deň bolar. Eger şeýle derejede ilatyň sany artsa, 3000-nji ýylda Ýeriň her bir ýaşaýjysyna 103 inedördül santimetr gury ýer degişli bolmagy mümkin (Internet boýunça). Ilatyň köpelişine demograflar başgaça seredýärler. Bu ugurda işleýän alymlaryň köpüsi geljekde ilatyň tebigy ösüşiniň azaljakdygy barada ýazýarlar. Olardan ilkinjileriň hatarynda S.G. Strumilini we B.S. Urlanisi bellemek bolar. B.S.Urlanisiň pikirine görä, aýallaryň we erkekleriň orta ýaşynyň 74,8 ýyla ýetmegi bilen ilatyň tebigy ösüşi 13,4 promillä deň bolar. Şonluk bilen 15 ýaşa çenli çagalar ähli ilatyň 20%-i, işe ýaramly adamlaryň (15–64 ýaş) sany

63%, 65 ýaşdan uly adamlaryň sany 17%-e ýeter. Onuň pikirine görä, bu ýagdaý XXII asyryň başynda bolup, Ýer ýüzüniň ilaty 12,3 mlrd adam bolar. Soňra, 1984-nji ýylda Mehikoda geçirilen BMG-niň 4-nji Bütindünýä maslahatynda hem alymlar XXII asyrda dünýäniň ilaty 10,5 mlrd adam möçberinde saklanar diýlen netijä geldiler. 1992-nji ýylda BMG-niň çaklamasyna görä, geljekde erkek adamlaryň ýaşy 82,5 ýyl, aýallaryňky 87,5, soňra erkekleriň ýaşy 87,5, aýallaryňky 92,5 ýyla ýetende dünýäniň ilatynyň sany azalyp, durnukly ýagdaýa geçmegi mümkin. 2150-nji ýylda Demirgazyk Amerikada ýaşaýan zenanlaryň ortaça ýaşy 92,5 ýyl bolar. Dünýäniň ösen döwletlerinde biziň günlerimizde her bir maşgala 1 ýa-da 2 çagadan köp edinmeýärler. Diýmek, geljekde dünýäniň ähli döwletlerinde şäher ilatynyň artmagy bilen ilatyň tebigy ösüşi öz durkuny saklar.

Ýer togalagynyň ilatynyň artmagy bilen adamzadyň durmuşynda birnäçe meseleler emele gelýär. Olaryň ilkinjileriniň biri – azyk meselesi. Ýer ýüzünde azyk meselesini çözmek üçin BMG we onuň guramalary FAO, YUNESKO ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlere hemmetaraplaýyn kömek berýärler. Olar döwletleriň oba hojalygyny, ekerançylygyny we maldarçylygyny ösdürmeklige uly ýardam edýärler. Azyk öndürmek mümkinçilikleriniň ylmy esaslaryny öwrenýärler. Oba hojalyk kärhanalarynda işlär ýaly ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlap berýärler. Azatlygyny gazanan ösýän döwletleriň köpüsinde ekerançylykda hasyllylyk pes. Hasyllylygy ýokarlandyrmak hakda köp aladalar edýärler.

Ilatyň sanynyň artmagy bilen ýüze çykýan meseleleriň ýene biri ilatyň saglyk ýagdaýy hasaplanýar. Dünýäniň ilatynyň sagdyn bolmagy üçin, adam bedenine gerekli iýmit ýeterlik bolmaly. Medisina hyzmaty göwnejaý guralmaly. Her bir döwlet saglyk öýleri, keselhanalar, dynç alyş öýleri bilen üpjün edilmeli. Bu zatlary döretmek üçin maddy çykdajylar talap edilýär. Ykdysady taýdan ösen döwletler maddy, medeni, ykdysady taýdan goldaw bermeseler, medisina hyzmatyny doly berjaý etmek gowşak ösen döwletlere başartmaýar.

Öň belläp geçişimiz ýaly, ýaşlary, ýetginjekleri her hili häzirki zaman kesellerden goramak meselesi iň derwaýys meseleleriň biri bolup durýar. Ýaşlaryň arasynda käbir döwletlerde neşekeşlik,

arakhorluk we ş.m.käbir ýokançly keseller ýaýran. Şol kesellerden ýaşlary goramak her bir ene-atanyň, terbiýeçiniň, mugallymyň borjy hasaplanýar.

Döwrüň esasy meseleleriniň biri ekologik meseleler bolup durýar. Zawod-fabriklerde işleýän, olaryň golaýynda ýaşaýan ilaty hapaçylykdan goramak zerur meseledir. Şonuň üçin zawodlarda, fabriklerde arassalaýyş desgalaryny gurmak zerur bolup durýar.

Dünýäniň ilatynyň başga-da birnäçe çözmeli meseleleri bar. Olary öz wagtynda çözmek üçin her bir döwleti ykdysady, medeni, ylym-bilim taýdan kuwwatlandyrmak zerurdyr.

## EDEBIÝAT


*Козлов В. И.* Рост численности населения по частям света и стран мира. В кн.: народонаселение стран мира. Москва, «Мысль», 1978, стр. 5-23.

*Кузнецов А.П.* География населения и хозяйство мира. Москва, «Дрофа», 1998

Народонаселение Мира в 2009 году. Нью-Йорк, ИНФРА, 2010.

Население мира. Демографический справочник. Москва, «Мысль», 1989.

Население мира. Этнодемографический справочник. Москва, «Наука», 1986.

*Родионова И.А., Бунакова Т.М.* Экономическая география. Москва, «Московский лицей», 1999.

*Çaryýew B., Hudaýýarow M.* Dünýäniň ilaty: köpelişi, düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň neşirýaty, 2004.

INFRA. State of World population 2010. New York, 2010.

## VII.3. DÜNÝÄNIŇ ILATYNYŇ YKDYSADY IŞEŇŇIR BÖLEGI, BILIM DEREJESI WE SAGLYK ÝAGDAÝY

### 7.3.1. Dünýäniň artýan ilatynyň ýaş aýratynlyk meseleleri

Dünýäniň ilatynyň esasy bölegini ýaşlar tutýarlar. Olar ilatyň dörtden birini tutup, 1.5 mlrd-a golaýdyr. Olaryň geljegi ýaşaýan döwletiniň abadançylygyna, saglyk we ykdysady-maddy ýagdaýyna, bilim derejesine, ene-atasynyň we jemgyýetiň, hökümetiň goldawyna bagly bolup durýar. Dünýäniň ilatynyň ýarysyny (25 ýaşa çenlisini ýaşlar we ýetginjekler) tutýarlar. 0–14 ýaş aralygyndaky ýaşlar dünýäniň ilatynyň 25,7% (1999) tutup, ony 1982-nji ýyl bilen deňeşdirseň, 8%-e golaý kemelipdir. Bu ýagdaý, esasan, ýaşlaryň we ýetginjekleriň giç öýlenmegi we durmuşa çykmagy bilen baglanyşykly. Işe ýaramly raýatlaryň ýagdaýy 1982-nji ýyl bilen deňeşdirilende soňky ýyllarda (XXI asyr) artýar. Bu, esasan, umumy ilatda ýaşlaryň sanynýn köplügi bilen düşündirilýär. Sebäbi ýaşlaryň sany köp bolsa, olar 14–16 ýaşdan söň işe ýaraýanlaryň hataryna geçýärler.

*15-nji tablisa*

**Dünýäniň ilatynyň dünýä bölekleri boýunça ýaş düzümi (2002), %: (Çaryýew B., Hudaýýarow M. 2004, sah. 37)**

| Sebitler | Ýaş toparlary | | |
|---|---|---|---|
| | 0-14 ýaş | 15-64 ýaş | 65 ýaşdan ulular |
| Dünýä boýunça | 34 | 58 | 8 |
| GDA | 25 | 65 | 10 |
| Daşary Ýewropa | 20 | 67 | 14 |
| Daşary Aziýa | 33 | 62 | 6 |
| Afrika | 44 | 53 | 3 |
| Demirgazyk Amerika | 21 | 66 | 13 |
| Latyn Amerikasy | 34 | 61 | 5 |
| Awstraliýa we Ummanystan | 27 | 63 | 10 |

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde işe ukyply adamlaryň sany öşýän döwletlere garanda has artyk gelýär. Işe ukyply (ykdysady işeňňir) ilat boýunça Daşary Ýewropa, GDA döwletleri, Demirgazyk Amerika, Daşary Aziýa, Awstraliýa we Ummanystan tapawutlanýar. Şonuň bilen bir hatarda gartaşan adamlaryň sany köpelýär. Orta ýaşyň dowamlylygy uzalaýr.

Gunbatar Ýewropa, Demirgazyk Amerika, GDA, Awstraliýa we Ummanystan döwletlerinde 65 ýaşdan ulularyň sanynyň artmagy, ol sebitlerde gartaşan adamlaryň işlemegini ýa-da daşary döwletlerden şertnama esasynda işçileri çagyrmaklygy talap edýär *(15-nji tablisa).* Şol sebäpli bu döwletlerde şertnama esasynda daşary ýurt işçileri işleýärler. Munuň tersine, Afrika, Daşary Aziýa, Latyn Amerikasy döwletlerinde ýaşlaryň sanynyň agdyklyk etmegi netijesinde çagalary terbiýeleýän, bilim berýän edaralary döretmeklik, olaryň sanyny köpeltmeklik zerur hasaplanýar.

## 7.3.2. Dünýäniň ilatynyň sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak

Dünýäniň ilatynyň bilim derejesini gowulandyrmak boýunça BMG köp işleri amala aşyrýar. 1990-njy ýyl BMG tarapyndan Halkara sowatlylyk ýyly diýlip yglan edildi. Onuň guramalary tarapyndan ösýän döwletlerde sowatsyzlygy ýok etmek barada köp işler durmuşa geçirildi. Ol döwletlerde mekdepleri gurmaklyga, okuwçylary mugallym, okuw kitaplary, görkezme esbaplar, dürli tehniki enjamlar bilen üpjün etmeklige uly üns berildi. Şeýlelikde, ýylsaýyn sowatlylaryň sany artyp başlady.

2008-nji ýylda dünýäde 960 mln uly ýaşdaky adamlar (ähli ilatyň 28%) sowatsyz, ýagny okap we ýazyp bilmeýänler (15 ýaş we ondan ýokary), olaryň 70%-den gowragy aýal-gyzlar. Olaryň ýarysyndan köpüsi Hytaýa (16% erkek we 38% aýal adamlar) we Hindistana (38 we 66 %) degişli. Aziýada we Afrikada sowatsyz adamlaryň sany döwletleriň ilatynyň ýarysyndan gowragy hasaplanýar.

*16-njy tablisa.*

**Dünýäniň ilatynyň sowatlylyk derejesi (% hasabynda)***

| | 1982 | 1990 | 1995 | 1998 | 1999 |
|---|---|---|---|---|---|
| Sowatsyz, az sowat-lylar | 28,3 | 18,1 | 14,5 | 12,7 | 12,4 |
| Başlangyç synpy gu-taranlar | 35,4 | 37,2 | 38,4 | 36,8 | 35,7 |
| Orta mekdebiň I bas-gan-ny gutaranlar | 17,8 | 23,3 | 27,3 | 30,6 | 31,9 |
| Orta mekdebiň II bas-gan-ny gutaranlar | 6,6 | 8,0 | 8,3 | 9,9 | 9,9 |
| Ýokary bilim alanlar | 0,6 | 1,4 | 2,0 | 2,6 | 2,9 |

*Internet boýunça

1982-nji ýylda dünýa boýunça sowatsyz gyzlaryň sany ähli ilatyň 28,3% bolan bolsa, 1999-njy ýylda olaryň sany 12,45%-e çenli aşak düsüpdir. Diýmek, 17 ýylyň içinde sowatsyzlyk derejesi 2,5 essä golaý azalypdyr. Başlangyç synplary gutarýanlaryň sany şol ýyllar aralygynda öňki durkuny saklapdyr. Orta mekdepleriň birinji basgançagyny gutarýanlaryň sany deňeşdirilýän ýyllar aralygynda 2 esseräk köpelipdir. Orta mekdepleriň ikinji tapgyryny gutarýanlar 1,5 esse ýokarlanypdyr. Esasy guwanmaly zat soňky ýyllarda dünýäniň köp döwletlerinde ýokary bilim alýanlaryň sany artýar. 1982-nji ýyl bilen 1999-njy ýyllar aralygyny deňeşdirende olaryň sany 5 essä golaý köpelipdir *(16-njy tablisa).*

Dünýäniň ösýän döwletleriniň käbiriniň ilatynyň bilim derejesi 17-nji tablisada görkezilýär.

*17-nji tablisa.*

**Ösýän döwletleriň käbirleriniň ilatynyň bilim görkezijileri (UNFRA, State of World population 2010, sah. 94-99, internet boýunça)**

| | Başlangyç bilim almakly-ga çekilýänler | | 5 synpy guta-ryp ýetiş-ýänler | | Orta bilim almaga ýetişenler | | 15 yaşdan ýokary ýaşlarda sowatsyzlyk (%) | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Oglan | gyz | Oglan | gyz | Oglan | gyz | Oglan | gyz |
| Burundi | 139 | 132 | 59 | 65 | 21 | 15 | 28 | 40 |
| Eritreýa | 57 | 47 | 77 | 69 | 36 | 25 | 23 | 45,5 |
| Efiofiýa | 103 | 92 | 46 | 49 | 39 | 28 | 50 | 77 |
| Keniýa | 113 | 110 | 81 | 85 | 61 | 56 | 9,7 | 17,2 |
| Madagaskar | 154 | 149 | 42 | 43 | 31 | 29 | 23,5 | 35 |
| Malawi | 119 | 122 | 44 | 43 | 32 | 27 | 19,8 | 34,2 |
| Mozambik | 121 | 107 | 63 | 58 | 24 | 18 | 30,5 | 60 |
| Ruanda | 138 | 142 | 43 | 49 | 14 | 13 | 29 | 40 |
| Uganda | 120 | 121 | 59 | 59 | 27 | 23 | 17,6 | 33,2 |
| Tanzaniýa | 111 | 109 | 85 | 89 | 7 | 6 | 21 | 34 |
| Zambiýa | 120 | 118 | 92 | 88 | 50 | 41 | 19,4 | 39 |
| Zimbabwe | 104 | 103 | 68 | 71 | 43 | 39 | 6 | 11,2 |
| Angola | 141 | 114 | - | - | 19 | 16 | 17 | 43 |
| Kamerun | 117 | 98 | 64 | 64 | 27 | 21 | 23 | 40 |
| Merk.Afrika respublikasy | 72 | 79 | 53 | 45 | - | - | 35 | 66 |
| Çad | 97 | 98 | 41 | 34 | 26 | 12 | 56,2 | 78,1 |
| Kongo DR | 99 | 82 | 80 | 79 | 45 | 25 | 22,5 | 44 |
| Gabon | 135 | 134 | 68 | 71 | 52 | 45 | 9,1 | 17 |
| Marokko | 112 | 102 | 83 | 82 | 60 | 51 | 31 | 56 |
| Sudan | 73 | 64 | 89 | 100 | 35 | 32 | 21 | 40,4 |
| Benin | 125 | 108 | 70 | 69 | 46 | 26 | 46,5 | 72 |
| Gana | 106 | 105 | 62 | 65 | 58 | 52 | 28 | 41 |
| Gbineýa | 97 | 83 | 74 | 65 | 45 | 26 | 57 | 82 |
| Mali | 100 | 83 | 88 | 85 | 42 | 27 | 65 | 82 |
| Niger | 65 | 51 | 72 | 66 | 14 | 8 | 57 | 85 |
| Senegal | 81 | 83 | 70 | 72 | 34 | 27 | 48 | 67 |
| Wýetnam | 107 | 101 | 87 | 86 | 70 | 64 | 5 | 10 |
| Bangladeş | 89 | 94 | 52 | 58 | 43 | 45 | 40 | 50 |
| Hindistan | 115 | 111 | 66 | 65 | 61 | 52 | 25 | 49 |
| Pakistan | 93 | 77 | 68 | 72 | 37 | 28 | 33 | 60 |
| Iordaniýa | 97 | 97 | 97 | 96 | 87 | 90 | 4,5 | 11 |

BMG-niň habaryna göra, häzirki wagtda ýer ýüzünde 130 mln çagalar başlanyç mekdebe barmaýarlar. Olaryň 70%-i gyzlar hasaplanylýar. 57 mln ýaş ýigitler we 96 mln ýäş gyzlar (15–24 ýaş aralygyndakylar) esasan hem öşýän döwletlerde ýazyp we okap bilmeýärler *(18-nji tablisa).*

*18-nji tablisa.*

**Dünýä we onuň sebitleri boýunça ölüm-ýitim görkezijileri (UNFRA, State of World population 2010, sah. 94-99, internet boýunça)**

| | **1000 diri doglan çagadan ölýäni** | **Ömrüň garaşylýan uzaklygy, ýaş. Erkekler-aýallar** | **Diri çaga dogran aýallaryň arasynda ölýäni (100000-den biri)** | **15-19 ýaş aralygynda 1000 aýaldan önýän çagalar** | **Göwreliligiň öňüni almak** | | **15-49 ýaş aralygyn-da SPID bilen kesellänler, (2009) %** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | **Islendik usul** | **Häzirki zaman usullary** | |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** |
| Dünýäde | 45 | 66,1-70,5 | 400 | 52 | 62 | 55 | 0,8 |
| Ösen döwletler | 6 | 74,2-80,9 | 9 | 21 | 68 | 58 | 0,5 |
| Gowşak ösen d-r | 50 | 64,6-68,1 | | 57 | 61 | 55 | 1 |
| Has gowşak ösen d-r | 79 | 55,6-58,2 | | 103 | 28 | 22 | 3 |
| **Afrika** | **79** | **53,8-56,2** | **820** | **103** | **28** | **23** | **4** |
| Gd Afr. | 72 | 53,6-5,5 | | 111 | 26 | 21 | 5,8 |
| Merk.Afr. | 109 | 47,5-50,3 | | 167 | 19 | 7 | 2,5 |
| Dg Afr. | 39 | 66,8-70,5 | 160 | 32 | 49 | 44 | 0,3 |
| Go Afr. | 43 | 50,8-53,1 | 900 | 61 | 59 | 58 | 18,5 |
| Gb Afr. | 94 | 51,0-52,6 | | 123 | 15 | 9 | 2,5 |
| Arap döwletleri | 38 | 67,4-71,1 | 240 | 42 | 46 | 40 | 0,5 |
| **Aziýa** | **39** | **67,8-71,5** | **330** | **40** | **67** | **61** | **0,2** |

24. Sargyt № 2076

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Gd Aziýa | 21 | 72,6-76,8 | 50 | 9 | 86 | 85 | 0,1 |
| Merk.Az. Go bölegi | 54 | 63,4-66,4 | | 63 | 53 | 45 | 0,3 |
| Go-GD Aziýa | 26 | 68,6-73,1 | 300 | 33 | 60 | 53 | 0,5 |
| Gb Aziýa | 28 | 69,5-74,2 | 160 | 48 | 54 | 35 | - |
| **Ýewropa** | **7** | **71,7-79,6** | | **17** | **68** | **55** | **0,5** |
| Gd Ýewr. | 10 | 64,5-75,2 | | 24 | 64 | 44 | 0,9 |
| Dg Ýewr. | 5 | 76,9-81,9 | | 19 | 81 | 75 | 0,2 |
| Go Ýewr. | 5 | 77,1-83,0 | | 11 | 62 | 46 | 0,4 |
| Gb Ýewr. | 4 | 77,9-83,5 | | 7 | 74 | 69 | 0,2 |
| **Latyn Amerika** | **20** | **70,8-77,2** | **130** | **72** | **71** | **64** | **0,5** |
| Garyp basseýni | 34 | 69,5-74,7 | | 65 | 62 | 55 | 1,1 |
| Merk.Amer. | 18 | 73,1-78,4 | | 74 | 68 | 63 | 0,4 |
| Go Amer. | 20 | 70,1-77,1 | | 73 | 73 | 65 | 0,6 |
| **Dg Amer.** | **6** | **77,5-81,9** | | **34** | **73** | **69** | **0,6** |
| **Okeaniýa** | **22** | **74,6-79,3** | **430** | **28** | | **59** | **0,4** |
| Awstraliýa, T. Zelandiýa | 4 | 79,4-83,8 | | 16 | | | |

Emma ÝUNESKO-nyň berýän maglumatyna görä, ösýän döwletleriň hem köpüsinde bilim almaklyga uly mümkinçilik döredilýär. 2000-nji ýyldan başlap BMG bilim babatynda gyzlara we aýallara giň ýoluň açylýandygyny yglan etdi. BMG-niň bu çagyryşyna 90-dan gowrak döwlet 2015-nji ýyla çenli başlangyç mekdeplerde okaýan oglanlar bilen gyzlaryň arasyndaky san boýunça deňsizligi ýok et-

mekligi borçlanýarlar. Tersine, käbir döwletlerde oglanlar mekdebi dürli sebäplere görä taşlaýarlar. Şeýlelikde, mekdeplerde okaýan gyzlaryň sany köpelýär. Oglanlaryň mekdebi taşlamagy (işe çekilmegi, uruş bolýan döwletlerde goşun gullugyna alynmagy) bilen baglanyşyklydyr.

### 7.3.3. Ilatyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmak

Dünýäniň ilatynyň saglyk ýagdaýyna dürli ýagdaýlar täsir edýär. Olardan has elhençlerinden biri (Народонаселение Мира в 2008 году, стр. 32) garyplyk we açlyk hasaplanýar. BMG tarapyndan 2000-nji ýylda kabul edilen «Müň ýyllygyň Deklarasiýasy» boýunça 2015-nji ýyla çenli garyplygyň, gedaýlygyň we açlygyň möçberini azaltmak, WIÇ/ SPID-iň ýaýraýşyny peseltmek, çaga we ene ölümini azaltmak, ähłumumy başlangyç bilimi üpjün etmek we ilatyň yzygider ösüşini berkitmek ýaly dürli meseleler goýulýar. Bu meseleleri çözmek üçin ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda deňhukuklylygy berjaý etmek, saglygyny goramak, bilim almak, sagdyn nesil öndürmek, jyns saglygy barada habardar etmek, şu aýdylanlary ýerine ýetirmek maksady bilen dürli hyzmatlary guramak zerurdyr. Şu hukuklary berjaý etmeklik dünýäniň halklaryna uly peýda getirer.

Giň ýaýran garyplygy, gedaýlygy we durmuş ýeter-ýetmezçiligini ýeňip geçmeklige, spid we beýleki ýaramaz keselleriň öňüni almaklyga mümkinçilik berer. Atlary agzalan meseleleri işeňňir çözmek üçin döwletler maddy çykdajylary goýberseler, onda geljekki nesil ýokarda atlary agzalan nogsanlyklardan saplanar.

Soňky ýyllarda ösýän döwletleriň käbirinde ýaşlaryň arasynda hossarsyz, idegsiz çagalaryň sany köpelýär. Bu ýagdaýa urbanizasiýa, harby çaknyşyklar, bilimiň ýeterlik bolmazlygy, iş ýerleriniň azlygy, hukuk peseltmek, aýal-gyzlara we ýaşlara zorluk etmek sebäp bolýar. Dünýäniň käbir döwletlerinde garyplyk ýaşlaryň okuw okamagyna, bilim almagyna päsgelçilik berýän sebäpleriň biri bolup durýar. 2000-nji ýylyň maglumatlaryna görä, gününe bir dollardan az düşýän ýaşaýjylaryň sany çen bilen 238 million adam bolupdyr.

Bu, takmynan, dünýäniň ýaşlarynyň 22,5%-i diýmekdir. 462 million ýaş adamlaryň gününe 2 dollardan az düşýär. Şeýle garyplykda ýaşaýan ýaşlaryň ýygnanan ýeri Günorta – Gündogar Aziýa (116 million), Saharadan günortada (Afrika) – 60 mln, Gündogar Aziýa we Ýuwaş okean sebitlerinde – 51 million, Latyn Amerika, Garyp deňziniň basseýninde – 15 mln hasaplanýar. 11 sany iri döwlete has garyp ýaşaýan ýaşlaryň 77%-i ýa-da 238 milliony gabat gelýär. Olar Hindistanda, Hytaýda, Nigeriýada, Päkistanda, Bangladeşde, Kongo Demokratik respublikasynda, Wýetnamda, Braziliýada, Efiopiýada, Indoneziýada, Meksikada ýaşaýarlar (Народонаселение Мира в 2003 г.).

Häzirki wagtda spid keseli bilen kesellän ene-atalaryň sebäbine 15 ýaşyna ýetmegik 13 mln çaga ýetim galypdyr. 2010-njy ýyla çenli olaryň sany döwletler boýunça 19-njy tablisada görkezilýär. Bu keseliň ýaýramagynyň esasy sebäbi garyplyk we sowatsyzlyk diýip hasaplaýarlar. BMG-niň ilat barada departamentiniň berýän maglumatlaryna görä, Ýer ýüzünde 12 mln adam töweregi (*19-njy tablisa*) spid bilen kesellänler bar diýilýär. Olaryň esasy bölegi (8,6 mln-y) Afrika materiginde hasaba alnypdyr.

Adamlaryň jyns gatnaşyklarynyň üsti bilen dürli keseller ýokuşýarlar. BMG-niň hasaba alan 330 mln adamlary jyns bedenleriniň üsti bilen sataşan kesellerinden ejir çekýärler. Olar, esasan, hem 25 ýaşa çenli adamlarda agdyklyk edýärler.

Dünýäniň ilatynyň esasy bölegi häzirki wagtda içgi we narkomaniýadan ezýet çekýär. Nepal döwletinde 16–25 ýaş aralygyndaky adamlaryň 50 müňüsi narkoman hasaplanýar. Söňky ýyllarda olaryň sany Russiýada, Hytaýda, Argentinada, Bahreýnde, Gruziýada, Italiýada, Ispaniýada, Latwiýada, Mongoliýada, Portugaliýada, Ukrainada köpelýär.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ýürek agyra, ýokary gan basyş we başga-da birnaçe kesellere uçran adamlara ýygy-ýygydan duş gelip bolýar. Bu keselleriň döreýşi ekologiki we ýaşaýyş şertler bilen aýrylmaz baglanyşykly hasaplanýar. Bu keseller bilen kesellän adamlar, esasan, köp ilatly şäherlerdedirler.

*19-njy tablisa*

**15–24 ýaşly adamlaryň arasynda WIÇ/SPID bilen kesellänler (2001-nji ýylyň dekabr aýy)**

| **Sebitler** | **Ýaş aýallar, %** | **Ýaş erkekler, %** | **Jemi** |
|---|---|---|---|
| Afrika (Saharadan Günorta-y döwletler) | 67 | 33 | 8 600 000 |
| Demirgazyk Afrika we Ýakyn gündogar | 41 | 59 | 160 000 |
| Gündogar Aziýa we Ýuwaş umman sebiti | 49 | 51 | 740 000 |
| Günorta Aziýa | 62 | 38 | 1 100 000 |
| Merkezi Aziýa we Gündogar Ýewropa | 35 | 65 | 430 000 |
| Latyn Amerika we Garyp deňzi töweregi | 31 | 69 | 560 000 |
| Senagat taýdan öşen döwletler | 33 | 67 | 240 000 |
| Hemmesi | 62 | 38 | 11 800 000 |

Çeşmesi: Ýunisef /ÝuNEYDS/WOZ, Народонаселение Мира в 2003 году, с. 25.

Dogulýan çagalaryň medisina hyzmaty bilen üpjünçiligi dünýä boýunça 66%-e, şol sanda ösen döwletlerde 100%-e, gowşak ösen döwletlerde 62%-e, has gowşak ösen döwletlerde 38%-e deňdir *(20-nji tablisa).* Dünýäniň käbir ösýän döwletleriniň okuwa bolan çykdajysy (%), saglygy goramaklyga çykarylýan çykdajylar (%), ýerli ilata daşyndan berilýän kömek (amerikan dollarynda), çaga ölümi,

*20-nji tablisa.*

**Dünýäniñ käbir ösýän döwletleriniñ sosial-ykdysady we demografik görkezijileri (UNFRA, State of World population 2010, sah. 94-99, internet boýunça).**

| | Dogulýan çagalara medisina hyzmaty, % | Okuwa çykdajy % | Saglygy goramaga çykdajy, % | Ilata daşyndan berilýän kömek, ABŞ dollary | 1000-diri dogulýan çagalardan ölýäni 2005-2010 ýý.) | | Içilýän suw bilen üpjünçiligi, % |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Oglanlar | Gyzlar | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| Dünýä boýunça | 66 | | | | 71 | 71 | 83 |
| Ösen döwletler | 99 | | | | 8 | 7 | |
| Gowşak ösen döwletler (ÖD) | 62 | | | | 78 | 78 | |
| Has gowşak ÖD | 38 | | | | 138 | 126 | |
| Burundi | 34 | 18,8 | 1,0 | 20378 | 177 | 155 | 71 |
| Efiofiýa | 6 | 12,4 | 3,0 | 361647 | 138 | 124 | 42 |
| Keniýa | 42 | 22,3 | 2,1 | 345313 | 112 | 95 | 57 |
| Madagaskar | 51 | 7,4 | 2,0 | 15964 | 105 | 95 | 47 |
| Malawi | 54 | 10 | 8,7 | 109059 | 125 | 117 | 76 |
| Mozambik | 48 | 2,8 | 2,7 | 236034 | 162 | 144 | 42 |
| Somali | 33 | – | – | 5934 | 186 | 174 | 29 |
| Tanzaniýa | 46 | – | – | 306163 | 112 | 100 | 55 |
| Zambiýa | 47 | 5,5 | 2,7 | 264458 | 169 | 152 | 58 |
| Zimbabwe | 69 | – | 3,6 | 36836 | 220 | 189 | 81 |
| Angola | 47 | – | 1,5 | 30640 | 243 | 215 | 51 |
| Çad | 14 | 7,1 | 1,5 | 6236 | 220 | 201 | 48 |
| Aljir | 95 | 11,3 | 2,6 | 5120 | 35 | 31 | 85 |
| Müsür | 79 | – | 2,3 | 51869 | 42 | 39 | 98 |
| Marokko | 63 | 16,3 | 1,9 | 20335 | 43 | 29 | 83 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Sudan | 49 | – | 1,4 | 67284 | 117 | 104 | 70 |
| Togo | 62 | 9,4 | 1,4 | 9730 | 105 | 91 | 59 |
| Hytaý | 98 | – | 1,8 | 81168 | 25 | 35 | 88 |
| Mongoliýa | 99 | 14,7 | 3,3 | 5848 | 49 | 40 | 72 |
| Kuweýt | 100 | 11,1 | 1,5 | 0 | 11 | 9 | |
| Malaýziýa | 100 | 10,8 | 1,9 | 152 | 12 | 10 | 99 |
| Filippinler | 60 | 8,6 | 1,2 | 48866 | 32 | 31 | 93 |
| Tailand | 97 | 14,4 | 2,2 | 45393 | 13 | 8 | 98 |
| Hindistan | 47 | 8,9 | 1,0 | 165179 | 77 | 86 | 89 |
| Şri-Lanka | 99 | – | 1,9 | 4121 | 21 | 18 | 82 |
| Albaniýa | 100 | 7,8 | 2,6 | 8067 | 18 | 17 | 97 |
| Täze Zelandiýa | 94 | 17,6 | 6,9 | 17160 | 6 | 5 | 97 |
| Nikaragua | 74 | 9,8 | 4,1 | 32871 | 29 | 22 | 79 |
| Panama | 91 | 7,5 | 5,0 | 316 | 27 | 20 | 92 |

içilýän arassa suw bilen üpjünçiligi (%) 20-nji tablisada görkezilýär. Dogulýan çagalaryň medisina hyzmaty bilen üpjün edilişi Efiopiýada – 6%, Çad respublikasynda – 14%, Somalide – 33%, Burundide – 34%, Tanzaniýada – 46% we Zambiýada – 47% bolupdyr. Bilimi ösdürmeklige çykarylýan çykdajylar 6–25% aralygynda, emma ykdysady taýdan ösen döwletlerde 20%-den köpräk. Dogulýan çagalaryň saglygyny goramaklyga çykarylýan çykdajylar ösýän döwletlerde 1–3% aralygynda bolmagynda galýar. Emma ösen döwletlerde Ýaponiýada – 100%, Kanadada – 100%, ABŞ-da 99%, Norwegiýada we Şwesiýada –100%, Awstriýada – 98%, Germaniýada – 100%, Fransiýada – 99% serişdeler goýberilýär (Народонаселение Мира в 2010 году. Нью-Йорк, 2010, стр. 100–105). Ösýän we gowşak ösen döwletlerde medisina hyzmatynyň pesligi, olara goýberilýän serişdeleriň azlygy we içimlik agyz suwunyň ýetmezligi sebäpli, ösýän döwletlerde çaga ölümi ýokary bolmagynda galýar.

### 7.3.4. Dünýäde işsizligi ýok etmek

Dünýäniň ösýän we bazar ykdysadyýetine giç geçýän döwletlerinde iş ýerleri ýeterlik däl. Ýöne ol döwletlerde hem döwlet ýolbaşçylary iş ýerlerini döretmek üçin täze senagat, agrosenagat, ulag, aragatnaşyk we durmuş hyzmaty kärhanalaryny gurýarlar. Döwletleriň köpüsinde entek iş ýerleriniň döredilişi talaba laýyk gelmeýär. Şonuň üçin ösýän döwletlerden ilat Günbatar Ýewropanyň, Demirgazyk Amerikanyň ösen döwletlere işlemäge gidýärler.

Dünýäniň köp döwletlerinde çaga zähmeti, kanun boýunça ulanylmaly däl hem bolsa ulanylýar. Olara az zähmet haky tölenýär. 2000-nji ýylda dünýä ýüzünde 5–17 ýaş aralygyndaky 352 mln çagalar we ýetginjekler ykdysady işeňňir adamlaryň hatarynda işledilipdir. Olardan 246 milliony bikanun ýagdaýda zähmete çekilipdir. 171 milliony howply zähmet şertlerinde ulanylypdyr. Çaga zähmetini gadagan edýän kanunlara garamazdan, 2000-nji ýylda 186 milliona golaý 15 ýaşa çenli (oňa 138 mln 10–14 ýaşly) çagalar senagat, ulag, umuman, oba hojalyk kärhanalarynda zähmet çekipdirler.

Işledilen çagalaryň arasynda (15 ýaşyna ýetmedik) 127,3 milliony Aziýa, 48 milliony Afrikada Saharadan günorta döwletlerden, 17,4 milliony Latyn Amerika we Garyp deňzi sebitlerden bolupdyr. 2000-nji ýylda 141 mln ýetginjekler (15–17 ýaşly) zähmet işi bilen meşgullanypdyrlar. Günorta Afrikada ýaşlaryň arasynda iş tapyp bilmeýänler – 56%, Ýamaýkada – 34% bolupdyr («Народонаселение мира в 2003 г.», стр. 10).

Ösýän döwletleriň köpüsinde raýatlar işe alnanda, köplenç ýagdaýda, erkek adamlara uly mertebe goýulýar. Zenanlary we ýetginjekleri işe seýrek ýagdaýda alýarlar. Işe alnanda, köp ýagdaýlarda, işe ýaramly adamlaryň bilim derejesine hem uly üns berilýär.

### 7.3.5. Dünýäniň ilatyny azyk bilen üpjün etmek meselesi

Ýer togalagynyň ilatynyň artmagy bilen adamzadyň durmuşynda birnäçe meseleler emele gelýärler. Olaryň ilkinjileriniň biri azyk meselesidir. Ýer ýüzünde ilata azyk meselesini çözmek üçin BMG we

onuň guramalary FAO, YUNESKO ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlere hemmetaraplaýyn kömek berýärler. Ol döwletleriň oba hojalygyny, ekerançylygyny we maldarçylygyny ösdürmeklige uly ýardam edýärler. Azyk öndürmek mümkinçilikleriniň ylmy esaslaryny öwrenýärler. Olaryň oba hojalyk kärhanalarynda işlär ýaly ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlap berýärler. Azatlygyny gazanan ösýän döwletleriň köpüsinde ekerançylykda hasyllylyk pes. Hasyllylygy ýokarlandyrmak hakda köp aladalar edýärler.

Ilatyň sanynyň artmagy we iýmit ýetmezçiligi bilen ýüze çykýan meseleleriň ýene biri ilatyň saglygynyň ýaramazlaşmagydyr. Dünýäniň ilatynyň sagatlygy üçin, adam bedenine gerekli iýmit ýeterlik bolmaly. Adam kadaly iýmit iýmese, medisina hyzmaty göwnejaý gurnalanda-da peýda az bolýar. Her bir döwlet sagaldyş öýleri – keselhanalar, dynç alyş öýleri bilen üpjün edilende-de, iýmitiň ýerini tutup bilmeýär. Ösýän döwletlerde oba hojalygynda iýmit bolçulygyny gazanmak üçin, olara Ösen döwletleriň ykdysady we maliýe taýdan kömek bermekleri zerurdyr. Sebäbi iýmit bolçulygyny döretmeklik maddy çykdajylary köp talap edilýär. Ykdysady taýdan ösen döwletler maddy, medeni, medisina hyzmatyny gowulandyrmak üçin ösýän döwletlere goldaw bermeseler, bu ýagdaý hemme döwletlere başartmaýar.

Hemmämize belli bolşy ýaly, Türkmenistan Garaşsyzlygyny alan wagty döwletimizde iýmit ýetmezçiligi duýuldy. Şol sebäpli ýurdumyzda «Azyk» maksatnamasy kabul edildi. Gysga wagtyň içinde ýurdumyzda iýmit bolçulygy döredildi. Iýmit bolçulygyny döretmek üçin ösýän döwletlerde oba hojalygyna ýaramly ýerleri ylmy taýdan öwrenmek gerek. Ekerançylyga ýaramly ýerleri özleşdirip, dänäniň bolçulygyny döretmeli. Miweli baglaryň meýdanyny artdyrmaly we hasyllylygyny ýokarlandyrmaly. Gerek ýagdaýynda ösen döwletlerden kömek almaly. Şeýlelikde, azyk meselesini çözmek köp wagty almaýar.

Öňki belläp geçişimiz ýaly, ösýän döwletlerde iýmit ýetmezçiligine garamazdan, ýaşlary, ýetginjekleri ýaramaz häzirki zaman kesellerinden goramak meselesi iň derwaýys meseleleriň biri bolup durýar. Ýaşlaryň arasynda neşekeşlik, ýokançly keseller ýaýran. Şol kesellerden ýaşlary goramak her bir terbiýeçiniň, ene-atanyň borjy hasaplanýar.

EDEBIÝAT

Народонаселение мира в 2003 году. Фонд ООН в области народонаселения. Нью-Йорк, 2004.

Народонаселение мира в 2008 году. Фонд ООН в области народонаселения. Нью-Йорк, 2008.

Народонаселение мира в 2009 году. Нью-Йорк, 2009.

*Голубчик М.М.* и др. Экономическая и социальная география: Основы науки. Москва, «Владос», 2003.

*Чаклин А.В.* География здоровья. Москва., «Знание», 1986.

*Çaryýew B., Hudaýýarow M.* Dünýäniň ilaty: köpelişi, düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň neşirýaty, 2004.

## VII.4. DÜNÝÄNIŇ DÖWLETLERINIŇ HOJALYGYNY TEBIGY ÇIG MALLAR BILEN ÜPJÜN ETMEK MESELESI

### 7.4.1. Dünýäniň halklarynyň ýakyn ýyllarda we uzak geljekde mineral çig mallar bilen üpjünçiligi

Öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklaryň ösmegi bilen dünýäniň ösen döwletlerinde mineral çig mallaryň käbir görnüşleri etmezçilik edýär. Onuň ýetmezçiligi senagat kärhanalarynyň çalt depginler bilen ösmegi, ilatyň köpelmegi we köp döwletlerde gazma baýlyklaryň ätiýaçlyklarynyň çäkliligi bilen baglanyşykly. Soňky ýyllarda tebigy çig mallaryň ulanylyşy has artýar. N. N. Rodzewiçiň we N. W. Paşkangyň (1986, s. 30) berýän maglumatlaryna görä,1913-nji ýylda dünýäde jan başyna 4,5 tonna, 1940-njy ýylda 7,4 t, 1960-njy ýylda 14,3 t, 2000-nji ýylda 35-40 t. mineral çig mallar öndürilipdir.

1980-nji ýyllarda çykarylan ylmy makalalarda gynançly maglumatlara duş gelip bolýardy. Mysal üçin, A. I. Woronsowyň we N. Z. Haritonowanyň (1977, s. 20) ýazmagyna görä, alýuminiý – 570 ýyla, demir magdany – 250, sink – 23, gurşun – 19, nebit – 110 ýyla ýeter diýip çaklapdyrlar. 2500-nji ýyla çenli adamzat ýerdäki ähli magdanlary gazyp alyp, hojalygynda ulanar diýip pikir edýärdiler. Şol ylmy makalalaryň, kitaplaryň ýazylanyna eýýäm 25–30 ýyl geçdi. Emma biz gurşunyň ýa-da sinkiň ätiýaçlygy gutarypdyr,

diýip eşidemzok. Alymlaryň geçiren barlaglaryna we pikirlerine görä, gury ýer we dünýä ummanlarynyň düýbi gazma baýlyklara örän baý. Meselem: fosfatlaryň ätiýaçlyklary dünýä ummanlarynyň düýbünde 300–600 milliard t, polimetallaryň gorlary (seýrek duş gelýän marganes, alýuminiý, wanadiý, gurşun, kobalt magdanlary) 10000 trillion t barabar diýip ýazýarlar.

T.S. Haçaturowyň (1982) pikirine görä, anyklanan demriň ätiýaçlyklary – $1815 \cdot 10^6$ t, misiňki – $242 \cdot 10^6$ t, uranyňky – $1855 \cdot 10^6$ t, alýumininiňki – $385 \cdot 10^9$ t barabar. Şu maglumatlardan görnüşi ýaly, Ýeriň mümkinçiligi örän uly. Onda-da esasy bir zady adamzat ýatdan çykarmaly däl, ol hem şol mineral baýlyklary tygşytly peýdalanmaly.

SSSR Ylymlar akademiýasynyň Okeanologiýa institutynyň işgärleri Ýuwaş okeanda Galapagos adalarynyň günorta-gündogar böleginde Ýuwaş ummanyň düýbünde dürli hilli metal tapypdyrlar. Ol metally ýerleriň meýdany 20 mln inedördül km-i tutýarmyş. Gyzyl deňziň düýbünde hem demir magdany köp diýip ýazýarlar.

Siziň beýleki derslerden bilşiňiz ýaly, dünýäniň hemme döwletlerinde olaryň ýeriniň asty geologik taýdan gowy öwrenilen däl. Bu, esasan, Afrika, Aziýa, Latyn Amerikasy döwletlerine degişli. Ýangyç meselesinde Ýeriň mümkinçiligi örän uly, sebäbi dünýäniň köp döwletlerinde täze nebitli, gazly, kömürli ýerler tapylýar. Adamzat ummanlaryň ýalpak ýerlerinden köp möçberde nebit, tebigy gaz we beýleki mineral çig mallary gazyp almaga girişýär.

### 7.4.2. Ylmy-tehniki öňegidişlik we çig mallaryň täze görnüşleri

Dünýäniň ösen we ösýän döwletlerinde milli ylmyň ösmekligine uly üns berilýär. Netijede, dürli ylmy açyşlar we tehnikada, tilsimat meselelerinde uly öňegidişlikler bolýar. Bu öz gezeginde senagat, oba hojalyk kärhanalarynda ýokary hilli we dünýä ülňüsine gabat gelýän önümleri öndürmeklige mümkinçilik berýär. Ylmy-tehniki ösüşiň esasy meseleleriniň biri energiýany az sarp edýän tehnikany we tilsimatlary döretmek we olary önümçilige ýerleşdirmek bolup durýar. Olaryň netijesinde ösen döwletler gowy ykdysady girdeji hem alýarlar. Energiýa öndürmek üçin gerek bolan çig mallary we hojalyk-

da energiýanyň ulanylyşyny tygşytlaýarlar. Ylmyň we tehnikanyň ösmegi netijesinde käbir mineral çig mallaryň ýerine himiki usullar bilen döredilen plastmassalar, himiki we sintetiki süýümler ulanylýar. Plastmassalardan dürli önümler: ulaglaryň dürli görnüşleri üçin ätiýaç şaýlar, dürli diametrdäki turbalar, gurluşyk üçin gerekli enjamlar ýasalýar. Himiki we sintetiki süýümler pagtadan we ýüpekden öndürilen ýüplikleri çalşyp bilýär. Bu bolsa öz gezeginde çig mal baýlyklary tygşytlamaga mümkinçilik döredýär. Himiki we sintetiki süýümler dokma senagatynda, maşyn gurluşyk kärhanalarynda giňden ulanylýar. Bu hem öz gezeginde pagtadan we pileden öndürilýän ýüplükleri tygşytlap, dokma senagat kärhanalarynda ulanmaklyga giň ýol açýar. Häzirki wagtda oba hojalyk ekinlerinden galan galyndylary(gowaçanyň çöpüni, bugdaýyň samanyny), tebigy ösümlikleriň çöplerini(gamşy, ýandagy, akbaşy we beýlekileri), agaç işläp bejerýän senagatyň zyňyndylaryny (agaç şahalaryny, pürlerini, ýonuşgalaryny we ş.m.) kagyz-sellýuloza we agaç işläp bejerýän senagat kärhanalary ulanýarlar. Ol galyndylardan dürli görnüşdäki kagyzlary, gurluşyk üçin dürli gerekli enjamlary öndürýärler.

### 7.4.3. Dünýä ummanlarynyň çig mal baýlyklaryny hojalykda ulanmak

Dünýä ummanlarynyň suwunyň göwrumi 1,34 milliard kub kilometr bolup, özünde $38 \cdot 10^{22}$ kkal ýylylyk saklaýar. Bu ýylylyk Ýeriň üstüne 600 ýyllap düşýän Günüň energiýasyna barabardyr.

Ýer ýüzünde 65 klas haýwan görnüşleri bolup, şonuň 51-i dünýä ummanlarynda ýaşaýar. Ummanlarda haýwanlaryň agramy ösümlikleriň agramyna garanda 20 esse artykdyr. BMG-niň hünärmenleriniň hasaplamalaryna görä, dünýä ummanlarynda balygyň ätiýaçlygy 230–250 mln tonna möçberindedir. Balyk tutulyşyny 95–100 mln tonna möçberden köp tutmak bolmaýar. Ondan köp tutulsa, olaryň genefonduna uly zyýan ýetiriler, gutarmak howpy abanar. Dünýä ummanlarynda balykdan başga-da her hili deňiz, umman jandarlary tutulýar. Olardan başga-da tropiki ýa-da ekwatorial guşaklyklarda merjen tutulýar we ösdürilip ýetişdirilýär. Bu meselede Ýaponiýa öňdäki orny eýeleýär. Öň belläp geçişimiz ýaly, ummanlaryň gury

ýer ýalpaklarynda, käbir deňizleriň (Demirgazyk, Hazar deňizleri, Meksika, Gwineýa aýlaglary) çäginden nebit we tebigy gaz gazylyp alynýar. Ummanlaryň suwuny fiziki ýol bilen süýjedip Afrikada, Aziýada köp döwletler hojalykda ulanýarlar. Muňa Gazagystanyň Aktau şäheri, Türkmenistanyň «Awaza» milli dynç alyş zonasy hem mysal bolup biler.

Antropogen zyňyndylar ummanlaryň biologiki baýlyklaryna uly zyýan ýetirýärler. Senagat kärhanalaryň zyňyndylary ummanlarda azodyň, uglerodyň, kükürdiň tebigy aýlanyşyna uly zyýan ýetirýär. Ummanlara zyňylýan nebit önümleri atmosfera bilen gidrosferanyň arasyndaky kömürturşy gazyň çalyşmagyna zyýan berýär. Sebäbi atmosferanyň 40% kömürturşy gazyny ummanlar arassalaýarlar. Netijede, gidrosfera bilen atmosferanyň arasyndaky agram (massa) we energiýa alyş-çalyş hadysasy üýtgeýär. Kükürtli, azotly, fosforly galyndylaryň atmosfera we gidrosfera zyňylmagy umman suwlarynyň turşulygynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Senagat taýdan ösen döwletlerden zyňylýan hapalar (himiki jisimler we metal erginleri) ummanlaryň suwlarynyň hereketi netijesinde köp ýerlere zyýan ýetirýär. Şeýlelikde, ummanlarda ýaşaýan ösümliklerde we haýwanlarda biologiki we fiziologiki üýtgemeler bolup geçýärler.

Ylmyň, tehnikanyň, tilsimatlarynyň ösüşine laýyklykda, geljekde dünýä ummanlary adamzady mineral çig mal we energiýa ýetmezçiliginden halas edip biler. Sebäbi olaryň suwlarynda ergin halynda köp elementler bar diýip dünýäniň köp alymlary tassyklaýarlar. T.S. Haçaturowyň (1982) pikirine görä, gidrosferanyň suwlarynda alty milliard tonna altyn ergin halynda bar diýip belleýär. Eger bu sany adamzadyň sanyna paýlasaň her ýaşaýja, takmynan, bir tonna gyzyl düşýär. Diýmek, dünýä ummanlarynyň energiýa we çig mal mümkinçilikleri örän uly. Ony diňe parahatçylyk ýol bilen, ösen ylym we tehniki serişdelere esaslanyp peýdalanyp bolar.

### 7.4.4. Çig mal meselelerini çözmekde halkara hyzmatdaşlyk we öwrenmekde «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň» wezipeleri

Şu temanyň birinji soragynda belläp geçişimiz ýaly, Ýer ýüzünde senagat kärhanalaryna gerek bolan çig mal we olary kämilleşdirmek, ösdürmek üçin energiýa çeşmeleri az däl. Ýeriň geologik gurluşy boýunça çig mallar dünýäniň döwletleriniň arasynda deň paýlanan, ýerleşen däl. Käbir döwletlerde metal (gara we reňkli), käbirlerinde metal däl çig mallary, käsinde ýangyç has baý. Ýene-de bir bellemeli zat, döwletleriň ykdysady ösüşleri hem deň däl. Ykdysady taýdan ösen döwletler çig mallary, energiýany ösýän döwletlere garanda has köp sarp edýärler. Şonuň üçin ol döwletlere mineral çig mallar we energiýa çeşmeleri ýetmezçilik edýär. Dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletleriniň 30-dan köpräginde atom elektrik stansiýalary işleýärler. Olar tebigy ýangyjyň ýok ýerlerinde gurulýar. Ol ýurtlarda olaryň işleýşine Atom energiýasy boýunça halkara guramasy (MAGATE) gözegçilik edýär. Ol gurama BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 1954-nji ýylyň dekabr aýynyň 4-ne döredildi.

Çig mallary ýerlikli we tygşytly ulanmak boýunça ilkinji halkara guramalaryň biri Ýewropanyň kömür we polat birleşmesi (1951-nji ýylda esaslandyrylýar), soňra 1958-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda «Umumy bazar» (Ýewropa Ykdysady bileleşigi) we Ýewroatom (Ýewropanyň atom energiýasy boýunça guramasy) döredilýär. 1955-nji ýylda sosialistik ýurtlar ÖYKS (Özara ykdysady kömek soweti, rusça – СЭВ), soňra Afrikada, Latyn Amerikada, Aziýada birnäçe halkara ykdysady guramalar döredildi. Ol guramalaryň esasy maksady döwletleriň arasynda ykdysady gatnaşyklary gowulandyrmakdan ybarat.

Dünýäniň döwletlerinde, sebitlerinde çig mal, mineral we ýangyç ýetmezçilik meselelerini ösen döwletlerde geologlar, geofizikler bilen bilelikde geografiýa, ykdysadyýet institutlarynda «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň» hünärmenleri öwrenýärler we bu meseleleri çözmeklige işeňňir gatnaşýarlar. Çig malyň, minerallaryň we energiýa çeşmeleriniň esasynda döwletlerde önümçilik kärhanalary ýerleşdirilýär. Şonuň üçin bu meseläni çözmekde ykdysady

geograflaryň öňünde uly wajyp meseleler durýar. Minerallaryň, çig mallaryň we energiýa çeşmeleriniň ýerleşişine we getirilmegine baglylykda önümçilik kärhanalary ýerleşdirmek üçin degerli teklipleri ykdysatçylar we ykdysady geograflar berýärler. Şu mynasybetli hem olary ykdysady geograflar öwrenýärler we degerli netije çykarýarlar.

Dünýäniň döwletlerinde ýerasty baýlyklar 3000, käbirlerinde 5–7 müň metr çuňluklara çenli öwrenilen. Ondan aşaky çuňluklarda nähili baýlyklaryň bardygyny geofizikler çaklama görnüşinde bilýärler. Öň belleýşimiz ýaly, köp döwletleriň ýerasty baýlyklary entek doly öwrenilmedik. Olar öwrenilse täze ýangyç, metal gorlary tapylar. Eger-de dünýäniň ilaty parahatçylykly ýaşaşsalar, ylmyň-tehnikanyň gazanan üstünliklerini önümçilige wagtynda ornaşdyrsalar, Ýer togalagynyň çig mal resurslary adamzada müňlerçe-millonlarça ýyllara ýeter. Döwletleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar gowulansa, bir-birleri bilen dostlarça-doganlarça gatnaşyklary gurnamagy başarsalar, çig mal baýlyklar hakda alada etmän uzak ýyllar ýaşap bolar.

## EDEBIÝAT


*Воронцов А.И., Харитонова Н.З.* Охрана природы. Москва, «Высшая школа», 1977.

*Durdyýew S., Saparow O., Orazow M., Gurbandurdyýew G.* Ekologiýa. Aşgabatç TDNG-niň neşirýaty, 2005.

*Климанов В.В., Климанова О.А.* География в таблицах: 6-10 классы. Москва, «Дрофа», 1999.

*Куракова Л.И.* Беседы о природе, обществе и человеке. Москва, 1975.

*Новиков Ю.В.* Экология окружающая среда и человек. Москва, Гранд-Фаир, 2003.

*Родзевич Н.Н., Н.В. Пашканг.* Охрана и преобразование природы. Москва, «Просвещение», 1986.

*Родионова И.А., Бунакова Т.М.* Экономическая география. Москва, «Дрофа», 1999.

*Hudaýýarow M., Çaryýew B.* Gazylyp alynýan baýlyklary tygşytly ulanmak meselesi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly. № 12, 2003, sah. 29-32; № 4, 2004, sah. 26-31 (türkmen, rus, iňlis dillerinde).

## VII.5. DÜNÝÄNIŇ ILATYNYŇ ENERGETIK ÇIG MALLAR BILEN ÜPJÜNÇILIGI

### 7.5.1. Energetik çig mallaryň görnüşleri we olaryň hojalykda ulanylyşy

Energetik çig mallara ýylylyk we energiýa alyp bolýan serişdeler girýärler. Olara ýylylyk almak üçin ýakylýan dürli çig mallar (odunyň dürli görnüşleri, kömür, nebit önümleri, ýanyjy slanesler, torf we ş.m.), elektrik energiýany öndürmeklige mümkinçilik berýän serişdeler (dag şaglawuklary, ýeliň, daşgyn-gaýtgynyň güýji, uran magdany, ýerasty ýyly suwlar we beýlekiler) degişlidir.

Ýer ýüzünde adamzat döräli bäri energetik çig mallardan peýdalanyp gelipdirler. Adamzat jemgyýeti köp ýyllaryň dowamynda ýylylyk almak üçin odunyň dürli görnüşlerini hojalygynda peýdalanypdyr. Tebigy gazyň, kömrüň, hebit önümleriniň ýok ýerlerinde häzirki wagtda hem odunyň dürli görnüşleri hojalyk maksatlary üçin ulanylýar. Zeminiň çöller, ýarym çöller zonalarynda gyrymsy agaçlar (ojar, gandym, çerkez, sözen we dürli gyrymsylar), tokaýlar, tokaýly sähra, tokaýly tundra, ekwatorial tropiki, subtropiki zonalarda agaçlaryň dürli görnüşleri we olaryň şahalary ýylylyk almak üçin peýdalanylýar.

Ýangyç hökmünde nebit ir döwürlerden bäri adamzada belli bolupdyr. Biziň eýýamymyzdan öň V asyrda Assiriýa bilen Midiýanyň aralygynda Kissiýada nebiti ýörite gazylan guýulardan teletinden edilen bedreleriň kömegi bilen alypdyrlar. Apşeron (Azerbaýjanda) ýarym adasynda nebiti ýörite gazylan guýulardan VIII asyrda alyp başlapdyrlar.

Türkmenistanda nebit we gaz çykarylyşynyň özboluşly taryhy bar. Onuň çäginde nebitiň we tebigy gazyň öz-özünden ýeriň ýüzüne çykýandygy gadym döwürlerden bäri bilinýän ekeni. Biziň eýýamymyzdan öň I asyrda gadymy grek geografy Strabon häzirki Türkmenistanyň çäginde nebitli ýerleriň bolandygy barada ýazypdyr. Soňra biziň eýýamymyzdan öň I asyrda taryhçy Pliniý (Uly) Parfiýa döwletine degişli bolan Astauena welaýatynda (Günbatar

Türkmenistan) nebit akýar diýip ýazypdyr. Nebiti parfiýalylar uruş maksatlary üçin hem ulanypdyrlar. VIII–XI asyrlarda türkmen goşunlarynyň düzüminde «Naffatin» diýilýän ýörite ot zyňyjy bölümleri bolupdyr. Esgerlere ýörite ot zyňmaklygyň tärlerini öwredipdirler. Olar üçin ýörite oda çydamly «Lybas-naffatin» diýilýän egin-eşik taýýarlapdyrlar. Nebit önümleriniň harby maksatlarda ulanylandygy barada XIII asyrda ýaşap geçen Şarif Muhammet Mansur Mübärekşah «Uruş etmekligiň tärleri we mertlik» diýen kitabynda ýazypdyr (Gündogdyýew, 2006, sah. 6–7). Esasan hem ýurdumyzyň günbatarynda, günorta-günbatarynda, Çeleken ýarym adasyndan tä Eýran araçägine çenli bolan Hazar deňziniň gündogar kenarynyň bütin boýunda diýen ýaly nebitdir tebigy gazyň bardygy halk köpçüligine giňden mälim bolupdyr. Türkmenistanda nebit guýulary arkaly nebitiň çykarylandygy barada maglumatlar Horezm geografy Muhammet Ibn-Najyp Bekranyň (1239) «Jahannama» kitabynda agzalyp geçilýär. Ol 1200–1220-nji ýyllarda Balkanda guýulardan läbikli agyr nebit alnypdyr diýip görkezýär. Türkmenistanda guýudan nebit almak, esasan, 1742–1875-nji ýyllar aralygynda giňden ýaýrapdyr. Çeleken ýarym adasynda nebit guýularyň köp bolandygy barada deňiz syýahatçysy Wudruf (1743) baryp bir wagtlar habar beripdir. Hatda 1764-nji ýylda Çeleken ýarym adasynyň günbatar kenarlaryny barlan inžener-kapitan A. Ladyženskiý ol ýerlerde nebit guýularynyň 36 sanysyny görendigini belläpdir. Soňra 1782-nji ýylda türkmen kenarlaryny barlamaga göýberilen russiýaly 2-nji derejeli kapitan M. Woýnowiç Ogurçy adasynda 4 müň put nebit we Hazarda gury ýerde ondan hem köp gazylyp alynýandygy barada hasabat beripdir. M. Woýnowiçiň ekspedisiýasyndan 40 ýyl soň rus kapitany M. Murawýow Türkmenistana we Hywa eden syýahatynda Hazar adasynda nebit baýlygy gutarmaýan 3 müň sany guýudan 30 müň puda golaý nebit alynýar. Hywa we Buhara ozokerit äkidilýär, diýip belläpdir. 1858-nji ýylda ozokerit bilen Russiýa hem gyzyklanypdyr we her put ozokerite 60 köpük kümüş pul töläp, 50 müň put ozokerit satyn alypdyrlar. Ö. Gündogdyýewiň (2006, sah. 10) ýazmagyna görä, XVIII asyryň aýagynda – XIX asyryň başynda Hazaryň ilaty göçüp gelýänleriň hasabyna artypdyr. Esasan hem Persiýa bilen araçäkde ýaşan

Japarbaý-ýomutlar Kyýathanyň ýolbaşçylygynda göçüp gelipdirler. Olar nebit gazyp alyp, Eýrana satmaga äkidipdirler.

Köpleriň ünsüni özüne çeken nebitli ýerleriň biri Nebitdag bolupdyr. Ol ýerleri barlap öwrenen gidrogeolog M.N. Baranowyň 1825-nji ýylda Nebitdag barada ýazan işinde, türkmenler bu ýerde nebiti tä Nebitdag ada bolup galynça alypdyrlar. Babahoja köli ýalpaklanyp, giň şorluga öwrülende bolsa, nebit almaklyk togtadylypdyr. Sebäbi ony äkider ýaly hiç hili ulag bolmandyr, diýip belläpdir. Syýahatçy M.Felkner Hazarda 3 sany nebit çeşmesinden: Garasetli (gije-gündizde – 8 put), Alygul (gije-gündizde – 2 put), Täzekänden (ýylda – 500 put nebit) başga-da beýleki Pyrdýumda –200 guýy ýylda 15 müň put, Täzedepede 200 guýy – 25 müň, Bakyşlyada 700 guýy – 28 müň put nebit beripdir. Felkneriň hasaplamagyna görä, 3410 nebit guýusyndan bir ýylda 136 müň put nebit çykarylypdyr. Ö. Gündogdyýewiň (2006, sah. 11) ýazmagyna görä, Hazar nebitiniň bir harwary (20 put) 2,5 manat kümüş puluna satylyp, Baku nebitinden 3 esse arzan bolupdyr. Rus tebigat öwrenijisi G.Karelin 1836-njy ýylda «Demirgazyk Persiýanyň Astrabat, Mazenderan, Tunkabin we Gilýan welaýatlary Hazar nebiti bilen ýagtylandyrylýar» diýip belläpdir.

Günbatar Ýewropanyň we Russiýanyň nebitçileri türkmen nebiti bilen gyzyklanyp başlapdyrlar. 1874-nji ýylda türkmenler nebit gazyp alýan guýularyny doganlar **Lýudwig we Alfred Nobele** we senagatçy **Plaşkowskä** 20–25 ýyllyk möhlet bilen kärendesine beripdirler. Şeýlelikde, senagat derejesinde nebit gazyp almaklyk başlanýar. 1876-njy ýylda doganlar Nobeliň kärendesine alan 164 sany el bilen gazylan guýusyndan we 3 sany burawlanan täze guýulardan 37 metr çuňlukdan nebit atylyp çykypdyr. Plaşkowskiý hem kärendesine alan meýdançalarynda täze güýulary gazdyrypdyr we ol kerosin öndürmek üçin zawod gurdurypdyr.

Nebitdagyň çägini ilkinji barlan rus barlagçysy A.M. Konşin (1883) ol ýerlerde ýüzlerçe guýularyň bolandygyny hem-de 4 m we ondan hem artygrak çuňlukdan nebit alnandygyny öz işinde ýazyp görkezipdir. Bu sebitde nebitli ýerleri burawlamak, skwažinalar arkaly gözläp tapmak işi ilkinji gezek 1872-nji ýylda başlanýar. Türkmenistany Russiýa basyp alandan soň nebitiň çykarylyşyny ösdürmeklige uly üns berilýär we nebit gazyp almak işlerinden türk-

menler çetleşdirilipdir. Hazarda we Nebitdagda nebit gazyp alyjy rus kompaniýalary köpelip ugraýar. Olardan: Moskwa jemgyýeti, Çeleken–Dagystan jemgyýeti, Sakiniň, Gajinskiniň firmalary we başgalar nebit gazyp almaklyga gatnaşypdyrlar. 1909-njy ýylda Gažinskiniň firmasynyň 170 metre burawlan guýusyndan beýikligi 85 metre ýetýän nebit (fontany) atylyp çykypdyr. Bu guýy gije-gündizde 8200 tonna nebit beripdir. Doganlar Nobeliň firmalary nebit gazyp alýan guýularyndan Garagel obasyndaky gämi duralgasyna çenli nebit geçirijisini gurupdyrlar we nebiti gämilere ýükläp äkidipdirler. 1905-nji ýylda bu sebitde 758 müň 556 put nebit alnypdyr. 1909-njy ýylda Gažinskiniň firmasy 1 million 750 müň put, doganlar Nobeliň kärhanasy 100 müň put çykarypdyr(Gündogdyýew, 2006, sah. 14). 1908-nji ýylda Çelekeniň hemme ýeri tertipsiz ýerleşen skwažinalardan doludy. Olaryň her biriniň çuňlugy bolsa 300 m-den geçmeýärdi. 1911-nji ýylda Çelekende 218 müň tonna nebit çykarylypdyr. Emma bu san 1913-nji ýylda tas 2 essä golaý (129,5 müň t) diýen ýaly aşak düşüpdir we tä nebit senagaty millileşdirilýänçä, ol şol derejä ýetip bilmändir. Şol wagtlar nebit çykarýan tehnika örän pes derejede ekeni (TSE, 8-nji tom, sah.170-171).

Türkmenistan respublikasy döredilenden soňra 1930-njy ýylda magdan senagatynyň ilkinji ojaklarynyň esasynda Türkmenistan nebit çykaryjy tresti döredilipdir. Şeýlelikde, nebitiň çykarylyşy kem-kemden artyp başlaýar. Nebit-gaz senagatynda abatlaýyş işleri geçirilipdir. Uruş ýyllarynda nebitiň çykarylyşy öňkä garanda artdyrylyp, 1945-nji ýylda 629 müň t ýetirilipdir. Nebitiň öndürilişi ýuwaş-ýuwaşdan artyp başlapdyr. Onuň esasy sebäbi häzirki Türkmenbaşy şähere 1942-nji ýylda Tuapse şäherinden göçürilip getirilen nebiti gaýtadan işleýän zawodyň işläp başlamagy boldy. Onuň gurluşygy diňe 1960-njy ýylda tamamlanypdyr. Ol zawodyň göçürilip getirilmegi bilen täze nebitli ýerler özleşdirilip başlanypdyr. 1948-njy ýylda Gumdag, soňra Çelekende–Dagajyk we Alyguly, 1956-njy ýylda Goturdepe, 1960-njy ýylda Barsagelmez nebit ýataklary işe girizilipdir. 1961-nji ýylda Ekeremde, 1964-nji ýylda Barsagelmezde nebitli ýerler açylyp, ulanylmaga berlipdir. Goturdepeden 1967-nji ýylda 8 mln t nebit alnypdyr. Netijede, Türkmenistanyň nebitçileri 1975-nji

ýylda ýer astyndan 15,5 mln tonna nebit çykarypdyrlar (TSE, 8-nji tom, sah. 170–171).

**«Türkmenistanyň nebiti we gazy–2006»** 11-nji sergi-maslahat 2006-njy ýylyň sentýabr aýynyň 21-ne Aşgabatda öz işini tamamlady. Maslahatda bellenilişine görä, 2005-nji ýyldan başlap, 2020-nji ýyla çenli nebit-gaz pudaga 63 milliard dollar möçberindäki maýa goýumlaryny gönükdirmek göz öňüne tutulýar. Hazar deňziniň türkmen bölegindäki ýataklary bilelikde işläp taýýarlamak meselesiniň esasy meseleleriň biri bolmagy ýöne ýerden däldir. Daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň hut şu ugurda hyzmatdaşlyk etmäge uly gyzyklanma bildirmegini Hazaryň türkmen ýalpaklarynda ýangyç çig malynyň baý gorlarynyň bardygy bilen düşündirmek bolar. Munuň özi «Western Geophizical» (ABŞ) tarapyndan taýýarlanan maglumatlar bilen tassyklanýar. Şol maglumatlara laýyklykda, bu ýerdäki ýangyjyň çaklanylýan gorlary **11 milliard tonna nebitden we 5,5 trillion kub metr gazdan** ybaratdyr. Tebigy gazyň gorlary boýunça Türkmenistan dünýäde öňdäki hatarlarda durýar. Ýerli we garaşsyz halkara ekspertleriň hasaplamalaryna görä, Türkmenistanyň ýeriniň astynda nebit ekwiwalentine geçirilende **45,44 milliard tonna** uglewodorod çig maly we **23 trln kub metr** tebigy gaz bar (Begjanow, 2006, sah. 36). Häzirki wagtda Germaniýanyň we Kanadanyň nebit şereketleriniň altysy önümi paýlaşmak baradaky ylalaşygy baglaşmak babatda gepleşikleri geçirýärler. Aşgabatda geçirilen maslahatdan soňra ýurdumyz bilen yzygiderli hyzmatdaşlyk etjek kompaniýalaryň sany barha artýar. «Burren Energy», «Dgagon Oil», «DMT», «Lamor» we beýleki şereketleriň wekilleri mundan beýläk-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk babatda özleriniň meýilnamalaryny beýan etdiler. Fransiýanyň «DMT» şereket kompaniýasy Ruhabat etrabynda polipropilen plýonkasyny öndürýän zawodyň gurluşygyna başlady. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň bu önüminiň daşary ýurt bazarlarynda hyrydary kän. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy döwletimizde şu ugur boýunça has iri kärhanadyr.

TDH gullugynyň beren («Türkmenistan» gazeti, 2006-njy ýylyň sentýabr aýynyň 23-i) habaryna görä, Lebabyň iň bir geljegi uly bolan gaz kondesat ýatagynda – Bagajada gazy gaýtadan işleýän toplum

işe girizildi. Bahasy ABŞ-nyň 50 million dollaryndan gowrak bolan häzirki zaman inženerçilik desgasy «Türkmengaz» Döwlet konserni bilen Kanadanyň «Termo dizaýn inžiniring» kompaniýasynyň we türkmen gurluşykçylarynyň arasynda baglaşylan şertnama boýunça guruldy. Bu toplumda tebigy gazy kükürtden arassalamakdan başlap, ony gaýtadan işlemäge we ibermäge çenli işleriň ählisi awtomatlaşdyrylan. Olary dolandyrmak we gözegçilik işleri kompýuter ulgamy arkaly merkezleşdirilen görnüşinde amala aşyrylýar. Toplumyň desgalary bir gije-gündizde 3 million kub metr (1 ýylda 1 milliard kub metrden köpräk) tebigy gazy gaýtadan işlemäge, 60 tonna suwuklandyrylan gaz we 50 tonna gaz kondensatyny çykarmaga niýetlenendir. Öňdebaryjy tehnologiýalaryň ulanylmagy netijesinde, önümiň hili dünýäniň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýär. Suwuklandyrylan gazy bu ýerden daşary döwletlere çykarmaklyk göz öňüne tutulýar. Gaz kondensaty bolsa Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodyna iberilýär. Zawoda ondan dünýä bazarlarynda uly isleglerden peýdalanýan ýokary hilli dury nebit önümleri öndüriler. Mundan başga-da, her ýyl Bagajadan Lebap welaýatynyň önümçilik we durmuş hajatlary kärhanalary üçin mawy ýangyjyň 1 milliard kub metrine çenlisi berler. Bu önümçilik işleri amal etmek üçin Bagajadan Seýdi aralygyna her biriniň uzynlygy 37 kilometrden gowrak bolan kondensat geçirijisi we suwuklandyrylan gazy geçiriji, 43 kilometre deň bolan ýokary basyşly gaz geçirijisi guruldy. Bu geçirijileriň üçüsi hem «Lebapnebitgazgurluşyk» edarasynyň gurluşykçylary tarapyndan ulanylmaga berildi. Bulardan başga-da, olar gaz çykarýan guýulary gaz ýygnaýjy ulgam bilen birleşdirýän köp kilometrlik tehnologiýa liniýasyny gurdular. Bagajanyň gazy gaýtadan işleýän toplumynyň işe girizilmeginiň Türkmenistanyň gaz senagatyny mundan beýläk-de ösdürmek üçin uly ähmiýeti bar. Suwuklandyrylan gaz Türkmenistandan daşary döwletlere iberilýän önümleriň arasynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Suwuklandyrylan gazy öndürmekligiň möçberi Garaşsyzlyk ýyllary içinde 20 esseden gowrak artdy. Bu Türkmenbaşy şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda häzirki zaman tehnologiýa desgalarynyň işe girizilmegi we ýurdumyzyň gündogarynda gaz ýataklarynyň ulanylmaga berilmegi netijesinde mümkin boldy. Iri maýa goýum taslamalaryň birnäçesi

Amyderýanyň sag kenarynda häzirki zaman gazy gaýtadan işleýän zawodyny gurmak baradaky taslama hem şu maksada gönükdirilendir. Ol Ýaşyldepäniň uglewodorod çig mal ýatagynda türkmen gazy gaýtadan işleýjileriniň öňden gelýän hyzmatdaşy bolan Kanadanyň «Termo dizaýn inžiniring LTD» kompaniýasy tarapyndan bina edilýär. Bu toplumyň taslama kuwwatlygy bir ýylda 200 müň tonna gaz kondensatyny, 50 müň tonna suwuklandyrylan gazy we bir milliard kub metr gazy öndürmäge mümkinçilik berer.

2006-njy ýylyň oktýabr aýynyň 25–26-na Aşgabadyň Ruhyýet köşgünde Türkmenistanyň XVII Halk Maslahaty geçirildi. Maslahatda ýurdumyzyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy kabul edildi. Maksatnamada tutuş çäreleriň toplumyny, ýagny çuňňur gatlaklary öwrenmek, ýurduň günortasynda, günbatarynda geljegi uly bolan nebit we gaz ýataklaryny ýüze çykarmak, olary buraw işleri üçin taýýarlamak göz öňüne tutulýar.

Amyderýanyň sag kenary uglewodorod çig mal serişdelerine baý. Bu ýerde häzire çenli anyklanan tebigy gazyň gorlary **1,7 trillion kub metrden** geçýär. Gözleg işleri dowam etdirilýär. Amyderýanyň sag kenaryndaky gaz ýataklaryň özleşdirilmegi bilen, döwletimizde bu senagat pudagyny mundan beýläk hem ösdürmeklige uly mümkinçilikler döreýär. Lebap welaýatynda Ýaşyldepede nebitiň çykarylyşy yzygiderli artýar. Bu ýerde täze senagat toplumy işe girizilýär. Ol her ýylda suwuklandyrylan gazyň 50 müň tonnasyny, kondensatyň 200 müň tonnasyny we 1 mlrd kub metr harytlyk gazy öndürmäge niýetlenendir. Lebap welaýaty energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna, hususan-da Hytaýa ibermekligiň esasy merkezine öwrülýär. Hytaý Halk Respublikasyna 30 ýylyň dowamynda her ýyl 30 milliard kub metr türkmen gazyny satmak barada ylalaşyga gol çekildi. Bu ylalaşyk, 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda uzynlygy 7000 km bolan Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý gaz geçirijisiniň açylmagy bilen durmuşa geçirildi. Gazgeçirijiniň açylyşyna 4 döwletiň Prezidentleri gatnaşdylar. Bu gazgeçirijiniň ikinji tapgyryny gurmak hakda hem ylalaşyldy.

2007-nji ýylyň aprel aýynyň 6-synda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Daşoguz welaýatynda bolan sapa-

rynda «Derýalyk» we «Ýylanly» gaz kompressor stansiýalaryny açmaklyga gatnaşdy. Bu stansiýalaryň işe goýberilmegi Ýewropa döwletara gazgeçirijileriniň geçirijilik ukybyny artdyrýar. Döwletabat gaz ýatagynyň önümçilik infrastrukturasynyň durkuny täzelemek boýunça işler amal edildi. Sebäbi häzirki wagtda Russiýa akdyrylýan tebigy gazyň esasy bölegi Döwletabat gaz ýatagyndan iberilýär. 2006-njy ýylda Russiýa bilen Türkmenistanyň arasynda gaz meselesi boýunça gepleşikler geçirildi. «Gazprom» açyk paýdarlar jemgyýeti bilen Türkmenistanyň arasynda baglaşylan 25 ýyllyk şertnama laýyklykda 2004–2028-nji ýyllarda Russiýa 1,5 trillion kubmetrden gowrak tebigy gazy ibermek niýetlenilýär.

Döwletimizde ýangyç-energetika toplumyny ösdürmeklige uly mümkinçilikler bar. Şol mümkinçilikleriň biri-de Hazarýaka, Türkmenistan (Garabogaz) – Ýewropa gaz geçirijisiniň geçiriş ukybyny artdyrmak meselesidir. Onuň geçirijilik ukybyny 40–50 milliard kub metre ýetirmek mümkinçiligi göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzda alnyp barylýan «Nebit-gaz» syýasatyň esasy taslamalaryndan biri Döwletabat gaz ýatagyndan tebigy gazy Owganystanyň üsti bilen Päkistana Hindistana ugratmakdyr. Döwletabat gaz ýatagynyň gorlary geologlaryň hasaplamalaryna görä, 4,5 trillion kub metr diýilýär. Taslama boýunça uzynlygy 1700 kilometre barabar boljak Türkmenistan–Owganystan–Päkistan–Hindistan gaz geçirijisi boýunça ýylda 33 milliard kub metre barada gaz ugradylar. Bu gaz ýatakdan 2010-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistanyň we Eýran Yslam respublikasynyň Prezidentleri Döwletabat–Sarahs–Hangeran gaz geçirijisiniň açylyşyna gatnaşdylar.

2007-nji ýyl Türkmenistanyň geologiýa-gözleýjileri üçin, TDH gullugynyň beren maglumatyna («Türkmenistan» gazeti, 14.03.2007 görä, iri açyşlaryň ýyly bolar diýip aýdylýar. Muňa geljegi uly bolan **Osman** meýdançasy mysal bolup biler. Ol Mary welaýatynyň Serhetabat etrabynyň çäginde, 2006-njy ýylda senagat taýdan ulanylmaga berlen Günorta Ýolöten ýatagynyň golaýynda ýerleşýär. Tebigy gaz 4577 metr çuňlukdan tapylypdyr. Deslapky çaklamalara görä, önümli gatlaklaryň galyňlygy 450–500 metre barabardyr. Bu häzirki wagtda işlenilip taýýarlanylýan türkmen ýataklarynda bar bolan ähli uglewodorod gorlarynyň kuwwatlylygyndan 10 esse

köpdür. Hünärmenleriň bellemegine görä, Osman meýdançasynda tapylan tebigy gazyň we Günorta Ýolöten ýatagyndaky uglewodorod serişdeleriniň ýataklary bir bütewidir. Eger-de bu çaklamalar toplumlaýyn barlaglaryň we täze guýularyň barşynda tassyklanylsa, onda ol Türkmenistanyň uglewodorod serişdelerini özleşdirmegiň taryhynda örän uly açyş bolar. Ýurdumyzyň ägirt uly energetiki kuwwatlyklaryny, olaryň eksport mümkinçiliklerini netijeli ulanmaga ýardam eder.

2008-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda bolup geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisine çagyrylan meşhur «Gaffney, Cline end Associates» britan kompaniýasynyň menejeri Jim Gilette Günorta Ýolöten–Osman ýataklarynyň uglewodorod serişdeleriniň gorlaryny hasaplamagyň garaşsyz auditini ilkinji gezek resmi taýdan yglan etdi. Halkara baha bermek klassifikasiýa ulgamyna laýyklykda, ol ýataklardaky tebigy gaz gorlarynyň möçberleri **4 trillion kub metrden 14 trillion kub metre** çenlidir. Ýaşlar ýatagyndaky gaz gorlarynyň ätiýaçlygy şol kompaniýanyň audit hasaplamalaryna görä 0,25–1,5 trillion kub metre barabardyr. Şeýle gaz möçberleriniň bolmagy bu gaz ýataklaryny özüniň ätiýaçlyk gorlary boýunça dünýäde bäşinji ýa-da dördünji orna çykarýar.

Energetiki çig mallaryň gazylyp alnyşy we hojalykda ulanylyşy boýunça ýangyç-energetika çylşyrymly pudagara toplumy emele getirýär. Bu topluma magdan gazyp almak – ýangyç senagaty (nebit, gaz, kömür, ýanyjy slanesler, torf) we elektroenergetika girýärler. Bu pudaklar hojalygyň beýleki pudaklaryny mydama herekete getirýärler. Bu toplumyň pudaklary üçin has ösen önümçilik infrastruktura häsiýetlidir. Ol şäherara ýokary geçiriji elektrik ulgamlary, turbalar bilen üpjün edilendir. Şonuň üçin bu topluma esasy senagat-önümçilik desgalaryň 30%-i, jemgyýetçilik önümçilikde işleýänleriň 20%-i, takmynan, onuň pudaklarynda zähmet çekýärler. Dünýäniň köp döwletlerinde senagat, agrosenagat, ulag toplumlarynyň ösüşi ýangyç energetika senagatynyň ösüşine we ýerleşişine bagly. Siziň bilşiňiz ýaly, senagat kärhanalaryny ýerleşdirmekligiň esasy ýörelgeleriniň biri ol hem çig mal we energiýa çeşmelerine golaý ýerleşmegidir. Köpçülikleýin we oňaýly ýerleşdirilen ýangyç-energetika çeşmeleri

köp sanly ýerli önümçilik toplumlarynyň döremegine sebäp bolýarlar. Energiýany, ýylylygy köp talap edýän senagat pudaklary döredilende olar hökmany ýagdaýda ýangyç-energetikanyň döredilen ýerlerinde gurulýar. Ýangyç-energetika çig maly bilen üpjün bolan döwletler elektrik energiýany köp öndürýärler we ony goňşy döwletlere eksport edýärler. Energiýany eksport etmeklik beýleki senagat pudaklarynyň önümlerini daşky bazara çykarmakdan arzan düşýär, sebäbi, goňşy döwletlere elektrik geçirijiler eltilenden soňra olaryň çykdajysy az bolýar. Russiýa federasiýasy, Kanada, ABŞ, Hytaý, Türkmenistan, Saud Arabystany, Kuweýt, Eýran, Katar, Birleşen Arap Emiratlary, Yrak we beýlekiler ýangyç-energetiki çig mallara baý döwletlerdir (*21–22-nji tablisa*).

*21-nji tablisa*

**Nebit ätiýaçlygyna baý döwletler (Mlrd barrel – BP Statistical review of world energy 2010 – internet maglumaty boýunça)**

| Döwletler | Nebit ätiýaçlygy | Dünýä ätiýaçly-gyndaky orny, % | Gazlyp alnyşy | Näçe ýyla ýeter |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Saud Arabystany | 264,6 | 19,8 | 9713 | 75 |
| Wenesuela | 172,3 | 12,9 | 2437 | 194 |
| Eýran | 137,6 | 10,3 | 4216 | 89 |
| Yrak | 115,0 | 8,6 | 2482 | 127 |
| Kuweýt | 101,5 | 7,6 | 2481 | 112 |
| Birleşen Arap Emiratlary | 97,8 | 7,3 | 2599 | 103 |
| Russiýa | 74,2 | 5,6 | 10032 | 20,1 |
| Liwiýa | 44,3 | 3,3 | 1652 | 73 |
| Gazagystan | 39,8 | 3,0 | 1682 | 65 |
| Nigeriýa | 37,2 | 2,8 | 2061 | 49 |
| Kanada | 33,2 | 2,5 | 3212 | 28 |
| ABŞ | 28,4 | 2,1 | 7196 | 11 |
| Katar | 26,8 | 2,0 | 1345 | 55 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Hytaý | 14,8 | 1,1 | 3790 | 11 |
| Angola | 13,5 | 1,0 | 1784 | 21 |
| OPEK agzalary | 1024,9 | 77,2 | 33076 | 85 |
| Dünýä boýunça | 1333,1 | 100,0 | 79948 | 46 |

Öň belleýşimiz ýaly, Ýer togalagynda hemme döwletlerde ýangyç-energetiki baýlyklar bol däl. Oňa aýry-aýry döwletler baý. Ýangyç baýlyklary ýok döwletler hem az däl. Nebitiň (1,3 tlrd barrel; 01.01.2011), tebigy gazyň bütindünýä gorlarynyň esasy bölegi Ýakyn we Orta Gündogar döwletlerinde (Saud Arabystany, Yrak, Birleşen Arap Emiratlary, Oman, Kuweýt, Eýran), Türkmenistan, Russiýa federasiýasy, ABŞ, Kanada, Gazagystan, Hytaý we beýleki döwletlerdir. Bu döwletlerde ýer astyndan çykarylýan nebit turbalar arkaly nebit arassalaýan zawodlara eltilýär we çuňňur işlenilýär. Ondan alnan mazut we kerosin zerurlyk ýüze çykanda elektrostansiýalarda ýakylyp, elektrik togy öndürilýär. Tebigy gaz çykarylýan ýerlerinden gaz geçirijiler arkaly himiki zawodlara, elektrostansiýalara, şäherlerde jaýlary ýyladyjy ulgamlara ugradylýar.

Daşkömür, esasan, Russiýa federasiýasynda (dünýäniň kömrüniň 19%-i), Hytaýda, Hindistanda, Günorta Afrika respublikasynda we beýlki döwletlerde jemlenendir. Ýangyç-energetika toplumynda kömür senagaty has ösen we gadymy pudakdyr. Dünýäde kömrüň umumy geologiki ätiýaçlyklary örän köpdür. Mälim bolşy ýaly, dünýäde (826 mlrd t-dan gowrak, 23-nji tablisa) kömrün ätiýaçlyklarynyň 52%-i daşkömür, 48%-i bolsa goňur kömürdir. Kömür dünýäniň 60 ýurdunda çykarylýar. Kömür ätiýaçlyklarynyň agramly bölegi Russiýada, Ukrainada, Günbatar Ýewropa ýurtlarynda, ABŞ-da, Hytaýda, Polşada, Awstraliýada, Günorta Afrika respublikasyndadyr (*24-nji tablis*a). Russiýada kömür Kuzbas, Kan-Açinsk basseýnlerinde, Hytaýyň gündogar prowinsiýalarynda, ABŞ-da Appalaç basseýninde, Polşada Sileziýada, GFR-de Rurda çykarylýar.

Häzirkizaman magdan tehnikasy mahalynda kömür ätiýaçlyklarynyň diňe 1/3 bölegi ulanmak üçin elýeterlidir. Emma kömrüň

çykarylyşynyň häzirki derejesinde çykarylsa, onuň ätiýaçlygy 119 ýyla ýeter (*23-nji tablis*a). Kömür çykarylyşy uzak wagtlap birneme haýal ösýär. Birentek ýurtlarda ýangyjyň has netijeli görnüşleri bilen çalşyrylmagy sebäpli, çykarylyşy azalýar; ýöne käbir döwletlerde energetiki krizis bilen baglanyşyklylykda kömre bolan isleg ýene-de artýar.

*22-nji tablisa*

**Dünýäde nebiti köp öndürýan döwletler(mln tonna, BP Statistical Review of World Enerjy, Iune 2010, sah. 9, internet boýunça)**

| Döwletler | 2000 | 2005 | 2008 | 2009 |
|---|---|---|---|---|
| Saud Arabystany | 456,3 | 526,8 | 515,3 | 459,5 |
| Russiýa | 323,3 | 470 | 488,5 | 494,2 |
| ABŞ | 352,6 | 313,3 | 304,9 | 325,3 |
| Eýran | 191,3 | 206,3 | 209,9 | 202,4 |
| Hytaý | 162,6 | 180,8 | 195,1 | |
| Meksika | 171,2 | 187,1 | 157,7 | 147,5 |
| Kanada | 126,9 | 144,9 | 157,7 | 155,7 |
| Wenesuela | 167,3 | 151,0 | 131,5 | 124,8 |
| Norwegiýa | 160,2 | 138,2 | 114,1 | 108,3 |
| Yrak | 128,8 | 90,0 | 119,3 | 121,8 |
| Birleşen Arap Emiratlary | 119,3 | 129 | 137,3 | 120,6 |
| Kuweýt | 109,1 | 129,3 | 137,2 | 121,3 |
| Angliýa | 126,2 | 84,7 | 71,7 | 68,0 |
| Aljir | 66,8 | 86,2 | 85,6 | 77,6 |
| Liwiýa | 69,5 | 81,9 | 85,3 | 77,1 |
| Nigeriýa | 105,4 | 122,2 | 103,1 | 99,1 |
| Indoneziýa | 71,5 | 53,0 | 49,9 | 49,0 |
| Braziliýa | 63,2 | 84,6 | 93,9 | 100,4 |
| Angola | 36,9 | 69,0 | 92,2 | 87,4 |
| Gazagystan | 35,3 | 62,6 | 72,0 | 78,0 |
| Katar | 36,1 | 47,3 | 60,8 | 57,9 |
| Dünýä boýunça | 3609,0 | 3898,6 | 3934,7 | 3820,5 |

*23-nji tablisa*

**Dünýäniň sebitlerinde we döwletlerinde kömrüň gorlary, million tonna (BP Statistical Review of World Enerjy, Iune 2010, sah.32 , internet boýunça)**

| Döwletler | Daş kömür | Goňur kömür | Jemi | Orny, % | Ýetjek möhleti |
|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| ABŞ | 108960 | 129358 | 238308 | 28,9 | 245 |
| Kanada | 3471 | 3107 | 6578 | 0,8 | 105 |
| Meksika | 860 | 351 | 1211 | 0,1 | 109 |
| **Dg Amerika** | **113281** | **132816** | **246097** | **29,8** | **235** |
| Braziliýa | – | 7059 | 7059 | 0,9 | – |
| Kolumbiýa | 6434 | 380 | 6814 | 0,8 | 95 |
| Wenesuela | 479 | – | 479 | 0,1 | 96 |
| **Merk.Amerika** | **6964** | **8042** | **15006** | **1,8** | **181** |
| Bolgariýa | 5 | 1991 | 1996 | 0,2 | 74 |
| Çehiýa | 1673 | 2828 | 4501 | 0,5 | 84 |
| Germaniýa | 152 | 6556 | 6708 | 0,8 | 37 |
| Gresiýa | – | 3900 | 3900 | 0,5 | 62 |
| Wengriýa | 199 | 3103 | 3302 | 0,4 | 367 |
| Gazagystan | 28170 | 3130 | 31300 | 3,8 | 308 |
| Polşa | 6012 | 1490 | 7502 | 0,9 | 56 |
| Rumyniýa | 12 | 410 | 422 | 0,1 | 14 |
| Russiýa Feder. | 49088 | 107922 | 157010 | 19,0 | – |
| Ispaniýa | 200 | 330 | 530 | 0,1 | 52 |
| Türkiýe | – | 1814 | 1814 | 0,2 | 22 |
| Ukraina | 15351 | 18522 | 33873 | 4,1 | 460 |
| Angliýa | 155 | – | 155 | – | 9 |
| Ýewraziýanyň beyl.döwl. | 1025 | 18207 | 19233 | 2,3 | 293 |
| **Ýewraziýa** | **102042** | **170204** | **272246** | **33,0** | **236** |
| Go Afrika | 30408 | – | 30408 | 3,7 | 122 |
| Zimbabwe | 502 | – | 502 | 0,1 | 301 |
| Gb Afrika | 929 | 174 | 1103 | 0,1 | – |
| Merk.Afrika | 1386 | – | 1386 | 0,2 | – |
| **Afrika boýunça** | **33225** | **174** | **33399** | **4,0** | **131** |
| Awstraliýa | 36800 | 39400 | 76200 | 9,2 | 186 |
| Hytaý | 62200 | 52300 | 114500 | 13,9 | 38 |
| Hindistan | 54000 | 4600 | 58600 | 7,1 | 105 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Indoneziýa | 1721 | 2607 | 4328 | 0,5 | 17 |
| Ýaponiýa | 355 | - | 355 | - | 277 |
| Täze Zelandiýa | 33 | 538 | 571 | 0,1 | 125 |
| Dg Koreýa | 300 | 300 | 600 | 0,1 | 16 |
| Pakistan | 1 | 2069 | 2070 | 0,3 | – |
| Go Koreýa | 133 | – | 133 | – | 53 |
| Tailand | – | 1354 | 1354 | 0,2 | 72 |
| Wýetnam | 150 | – | 150 | – | 3 |
| Aziýa. beýl. döw. | 115 | 276 | 391 | – | 19 |
| **Jemi Aziýa** | **155809** | **103444** | **259253** | **31,4** | **119** |
| **Dünýä boýunça** | **411321** | **414680** | **826001** | **100** | |

Kömür dünýäniň ýurtlarynyň köpüsinde çykarylýar. Emma çykarylýan kömrüň, takmynan, 9/10 bölegi 1990-njy ýyllarda dünýä bazaryna gelýän bolsa, soňky ýyllarda nebit we gaz senagatynyň tiz depginlerde ösmegi kömür senagatynyň ösüşiniň ep-esli peselmegine getirdi. Soňky ýyllaryň dowamynda Günbatar Ýewropa ýurtlarynda kömrüň çykarylyşy has-da azaldy. 2009-njy ýylda nebit ekwiwalentine geçirende Hytaýda (1552 mln t.), ABŞ-da (539,9), Hindistanda (211,5), Awstraliýada (228), Russiýada (141), Günorta Afrika respublikasynda, Polşada, Indoneziýada, Kanadada, Ukrainada kömür senagatynyň ösmegi dowam edýär. Dünýäde çykarylýan kömrüň esasy bölgi olaryň paýyna düşýär. Daş kömri çykarmak boýunça GDA döwletleri, Hytaý, Polşa we Çehoslowakiýa, goňur kömür çykarmak boýunça – Germaniýa tapawutlanýar.

Soňky ýyllaryň içinde ykdysady taýdan ösen ýurtlarda kömür senagatynyň ösmegi krizise duçar boldy. Esasy kömür alynýan sebitlerde, ýagny GFR-de – Rurda, Demirgazyk Fransiýada, ABŞ-da – Appalaç känlerinde kömür çykarylyşy ep-esli peseldi. Awstraliýa, Günorta Afrika Respublikasy we Kanada kömür senagatynyň ösüş depginleri boýunça tapawutlanýarlar. Munuň sebäbi, ol döwletler, esasanam, eksport üçin kömür gazyp alýarlar. Şeýlelikde, Awstraliýa (187 mln t) iň iri eksport edýän ýurt bolan Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan öňe geçdi. Munuň özi Ýaponiýanyň kömre bolan islegi bilen baglanyşyklydyr.

Bazar ykdysadyýetinde bolan döwletleriň arasynda kömür çykarmak boýunça Günorta Afrika Respublikasy öňdäki ýerde durýar. Munuň esasy sebäbi: ýurtda özüniň nebit we gaz baýlyklarynyň ýoklugy, çäginde kömrüň ätiýaçlygynyň köplügi, arzan işçi güýçleriniň ýeterlikligi bilen düşündirilýär. Günorta Afrika respublikasynda esasy ýöriteleşdirilen kömür porty – Riçards-Beý hasaplanýar. Kanada we Kolumbiýa iri eksportýor ýurtlar bolup gelýär. Daşary söwdanyň esasy bölegi suw ulaglary arkaly amala aşyrylýar. Goňur kömrüň ätiýaçlyklarynyň ep-esli bölegi senagat taýdan ösen döwletlerde jemlenendir. Şol ätiýaçlyklar boýunça ABŞ, GFR, Awstraliýa, Russiýa tapawutlanýar. Goňur kömrüň esasy bölegi (4/5 gowrak) kömrüň gazylyp alynýan ýeriniň golaýynda ýerleşýän ýylylyk stansiýalarynda ulanylýar. Goňur kömrüň arzanlygy, onuň gazylyp alnyş usuly bilen düşündirilýär, ýagny, ol esasan hem açyk usul bilen çykarylýar. Bu usul arzan elektroenergiýany öndürmekde uly ähmiýete eýedir.

### 7.5.2. Energetik çig mallaryň gytçylygynyň sebäpleri

1970–1975-nji ýyllarda dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyň köpüsinde elektrik energiýany öndürmek üçin çig mallar ýetmezçilik edýärdi. Energetiki çig mallaryň arasynda esasan hem nebit önümleri ýetmezçilik edip ugrady. Onuň esasy sebäpleriniň biri ulag ulgamlarynyň dünýä boýunça sanynyň artmagy bilen baglanyşykly. Ykdysady taýdan ösen kapitalistik döwletleriň köpüsi ýangýç çig mallary özleriniň kolonial we gol astynda saklaýan döwletlerinden getirýärdiler. Öňki kolonial döwletleriň hemmesi diýen ýaly özleriniň azatlygyny gazandylar hem-de bilelikde nebit-gaz çykarýan toplumlaryny millileşdirdiler. Energiýa öndürmek üçin nebit önümleriniň we tebigy gazyň ýetmezçiligi ykdysady taýdan ösen döwletlerde ikinji jahan urşy gutarandan soň duýlup başlandy. Muňa maşyn gurluşyk senagatynyň ösmegi, ulaglaryň dürli görnüşleriniň köp çykarylmagy, elektrik energiýa bolan islegiň ýylsaýyn artmagy sebäp boldy. Ýene-de esasy sebäpleriň biri, ykdysady taýdan ösen döwletlerde ýangyç ätiýaçlyklarynyň çäkliligidir. Nebitiň, tebigy

gazyň ätiýaçlyklarynyň 90%-e golaýynyň ösýän döwletleriň çäklerinde ýerleşmegidir.

1950–1960-njy ýyllarda nebitiň, tebigy gazyň dünýä bazarynda bahasynyň pes bolmagy daş we goňur kömrüň gazylyp alnyşyny peseltdi. Nebiti, tebigy gaz kömür bilen deňeşdirilende daşamak hem ýeňil bolanlygy sebäpli olara bolan isleg ösen döwletlerde ýylsaýyn artýardy. Halkara nebit karteliniň alyp barýan syýasatyna görä, dünýä bazarynda nebitiň bahasynyň aşak bolmagy, ösen döwletleriň meýdan-çäklerinde nebit-gaz gözleg işlerini geçirmekligi bökdeýärdi. Energiýa ätiýaçlyklary bilen olary çig mallarynyň sarp edilişiniň arasynda näsazlyklar döredi. Ulanylmagy mümkin bolan ýangyç ätiýaçlyklarynyň arasynda kömrüň tutýan orny 93%, nebit we tebigy gazyň paýy 7% bolan bolsa, energiýa öndürmek üçin olaryň sarp ediliş düzüminde kömrüň paýy 23%, nebitiň, gazyň we beýleki ýangyç görnüşleriniň tutýan orny – 77%-e barabardyr.Bu ýagdaý öň belläp geçişimiz ýaly, ösýän döwletlerde nebitiň, gazyň arzan bolmagy bilen baglanyşykly bolupdyr. Şeýlelikde, 1950–72-nji ýyllarda nebitiň ykdysady taýdan ösen döwletlere getirilişi birnäçe esse, Günbatar Ýewropa döwletlere onuň importy 17 esse artypdyr. 1970-nji ýyllaryň başyna çenli Halkara nebit karteliniň düzüminde amerikan monopoliýalary agdyklyk edýärdi. 1972-nji ýylda kapitalistik döwletlerde gazylyp alynýan nebitiň 50%-i şol nebit karteline degişlidi. Ösýän döwletlerden daşyna çykarylýan nebitiň 85–90%-ni Halkara nebit karteli öz üstünden geçirýärdi. Ösýän döwletlerde nebit we tebigy gaz gazyp almaklygy millileşdirip başladylar. Daşary döwletlerden gelip işleýän kampaniýalary ýuwaş-ýuwaşdan çykaryp ugradylar. Özleriniň milli bähbitlerini göz öňüne tutup, nebit, tebigy gaz çykarmaklygy döwletler öz eýeçiligine geçirdiler. Ol döwletler özaralarynda ylalaşmak bilen 1960-njy ýylda nebit eksport ediji döwletleriň guramasyny – OPEK – döretdiler. Bu gurama Yrak, Eýran, Kuweýt, Saud Arabystany, Wenesuela, Katar, Indoneziýa, Libiýa, Birleşen Arap Emiratlary, Nigeriýa, Alžir, Ekwador girdiler.

1973-nji ýylda Ýakyn Gündogarda bolan harby çaknyşyklar zerarly Arap ýurtlary ABŞ-a we Günbatar Ýewropa ýurtlaryna nebit satmaklygy gadagan etdiler. Şol sebäpli OPEK döwletleri nebitiň ba-

hasyny 4 esse galdyrmak hakda ylalaşyga geldiler. Bu ýagdaý ykdysady taýdan ösen döwletleri howsala saldy. Günbatar Ýewropanyň köp döwletlerinde energetiki çig mallaryň ýetmezçiligi (krizisi) başlandy. Şeýlelikde, Günbatar Ýewropa döwletleri we ABŞ öz energetiki baýlyklaryna daýanmaly boldular. Beýik Britaniýa, Norwegiýa Demirgazyk deňizde nebit-gaz gözleg işlerine başladylar. Netijede, 1974-nji ýyldan başlap ol döwletler Demirgazyk deňziň ýalpaklaryndan nebit, tebigy gaz gazyp almaklyga girişdiler.

1980-nji ýyllardan başlap biziň günlerimize çenli dünýäniň köp döwletlerinde energetiki çig mallar ýetmezçilik edýär. Sebäbi, ähli döwletleriň ykdysadyýetini ösdürmek üçin energetiki çeşmeler zerur. Olaryň hojalykda ulanylyşy ýylsaýyn artýar. Öň belläp geçişimiz ýaly, ulaglaryň dürli görnüşleriniň sany köpelýär. Hemme döwletlerde elektroenergiýanyň öndürilişi üçin köp möçberde ýangyç harçlanylýar. Dünýäniň käbir döwletlerinde ilatyň sanyna görä nebitiň harçlanyşy 25-nji tablisada berilýär.

*25-nji tablisa*

**Dünýäniň käbir döwletlerinde ilatynyň sanyna görä nebitiň harçlanylyşy (2007)**

| Ýurtlar | Nebitiň harçlanyşy, mln t. | Ilatyň sany, mln adam | Nebitiň ilatyň sanyna harçlanyşy, t/adam |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| ABŞ | 950 | 300 | 3,1 |
| Kanada | 100 | 35 | 2,8 |
| Russuýa | 130 | 35 | 0,8 |
| Germaniýa | 130 | 80 | 1,4 |
| Fransiýa | 90 | 60 | 1,5 |
| Angliýa | 80 | 60 | 1,3 |
| Italiýa | 30 | 60 | 1,5 |
| Ispaniýa | 80 | 40 | 2,0 |
| Awstraliýa | 42 | 21 | 2,0 |
| Ýaponiýa | 230 | 130 | 1,7 |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Norwegiýa | 10 | 5 | 2,0 |
| Finlýandiýa | 10 | 5 | 2,0 |
| Şwesiýa | 17 | 9 | 1,9 |
| Islandiýa | 1,0 | 0,3 | 3,1 |
| Meksika | 90 | 110 | 0,8 |

A.S. Amiragýan we S.W. Rogaçew (2009) boýunça

## 7.5.3. Ýer togalagynyň elektroenergetikasynyň ýagdaýy

Dünýäniň ösen we ösýän döwletlerinde milli ylmyň ösmekligine uly üns berilýär. Netijede, dürli ylmy açyşlar we tehnikada, tilsimat meselelerinde uly öňe gidişlikler bolýar. Bu öz gezeginde senagat, oba hojalyk kärhanalarynda ýokary hilli we dünýä ülňüsine gabat gelýän önümleri öndürmeklige mümkinçilik berýär. Ylmy-tehniki ösüşiň esasy meseleleriniň biri energiýany az sarp edýän tehnikany we tilsimatlary döretmek we olary önümçilige ýerleşdirmek bolup durýar. Olaryň netijesinde ösen döwletler gowy ykdysady girdeji hem alýarlar. Energiýany we energiýa öndürmek üçin gerek bolan çig mallary tygşytlaýarlar.

Siz mekdepde we uniwersitetde okan wagtlaryňyz energiýa almaklygyň täze çig mallary hakynda eşidensiňiz. Olara ýeliň, Günüň, daşgyn-gaýtgynyň, gyzgyn çeşmeleriň energiýasyndan peýdalanýan, daglyk yerlerde derýalarda gurulýan suw elektrik, ýangyçsyz ýerlerde atom elektrik stansiýalary degişli. Ýeliň güýjünden peýdalanýan stansiýalar dag eteklerinde, deňizlere, ummanlara golaý kenarýakalarda gurulýar. Dünýäniň döwletlerinde ýeliň güýjünden peýdalanyp öndürilýän elektroenergiýanyň möçberi 26-njy tablisada berilýär.Olara ýeliň, Günüň, gyzgyn çeşmeleriň energiýasyndan peýdalanýan daglyk yerlerde, derýalarda gurulýan suw elektrik, ýangyç gorlary bolmadyk ýerlerde atom elektrik stansiýalary degişli.

*26-njy tablisa*

**Ýeliň güýjünden peýdalanyp elektrik energiýa öndürýän döwletler, MWt. (Ветроэнергетика. Материал из Википедии – свободной энциклопедии. Internet boýunça. 2009)**

| Döwletler | 2005 | 2006 | 2007 | 2008 | 2009 |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| ABŞ | 9149 | 11603 | 16818 | 25170 | 35159 |
| Germaniýa | 18428 | 20622 | 22247 | 23903 | 25777 |
| Hytaý | 1260 | 2405 | 6050 | 12210 | 25104 |
| Ispaniýa | 10028 | 11615 | 15145 | 16754 | 19149 |
| Hindistan | 4430 | 6270 | 7580 | 9645 | 10833 |
| Italiýa | 1718 | 2123 | 2726 | 3736 | 4850 |
| Fransiýa | 757 | 1567 | 2454 | 3404 | 4492 |
| Beýik Britaniýa | 1353 | 1962 | 2389 | 3241 | 4051 |
| Portugaliýa | 1022 | 1716 | 2150 | 2862 | 3535 |
| Daniýa | 3122 | 3136 | 3125 | 3180 | 3465 |
| Kanada | 683 | 1451 | 1846 | 2369 | 3319 |
| Gollandiýa | 1224 | 1558 | 1746 | 2225 | 2229 |
| Ýaponiýa | 1040 | 1394 | 1538 | 1880 | 2056 |
| Awstraliýa | 579 | 817 | 817,3 | 1306 | 1668 |
| Şwesiýa | 510 | 571 | 788 | 1021 | 1560 |
| Irlandiýa | 496 | 746 | 805 | 1002 | 1260 |
| Awstriýa | 819 | 965 | 982 | 985 | 995 |
| Gresiýa | 573 | 746 | 871 | 433 | 1087 |
| Türkiýe | 20,1 | 50 | 146 | 472 | 801 |
| Polşa | 73 | 153 | 276 | 341 | 725 |
| Braziliýa | 29 | 237 | 247,1 | 384 | 606 |
| Belgiýa | 167,4 | 194 | 287 | 384 | 563 |
| Norwegiýa | 270 | 325 | 333 | 428 | 431 |
| Müsür | 145 | 230 | 310 | 365 | 430 |
| Wengriýa | 17,5 | 61 | 65 | 127 | 201 |
| Çehiýa | 29,5 | 54 | 116 | 150 | 192 |
| Bolgariýa | 14 | 36 | 70 | 120 | 177 |
| Finlýandiýa | 82 | 86 | 110 | 140 | 146 |
| Estoniýa | 33 | 32 | 58 | 78 | 142 |
| Ukraina | 77,3 | 86 | 89 | 90 | 94 |
| Eýran | 23 | 48 | 66 | 85 | 91 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Litwa | 7 | 48 | 50 | 54 | 91 |
| Lýuksem-burg | 35,3 | 35 | 35 | – | – |
| Argentina | 26,8 | 27,8 | 29 | 29 | – |
| Latwiýa | 27 | 27 | 27 | 27 | 28 |
| Russiýa | 14 | 15,5 | 16,5 | – | – |

TDHG-nyň beren habaryna görä (Türkmenistan gazeti, 13.10.2008) Hazar deňzindäki Gyzylsuw adasynyň ýaşaýjylaryna täze «kömekçi» hyzmat edip başlady. Ol ýerde oturdylan ýelden energiýa alýan enjam ýerli mekdebe elektrik toguny berýär. Bu enjam atlandyrylyşy ýaly, dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň biri hasaplanýar Ýeliň güýjüni elektrik energiýa öwürýän tejribe nusgasy türkmen alymlarynyň Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary geňeşiň (Häzir Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Gün instituty) «Gün» ylmy-önümçilik birleşiginiň alym-hünärmenleriniň ajaýyp üstünligidir. Gyzylsuw adasynda mekdebi energiýa bilen üpjün etmek üçin 5 kWt kuwwaty bolan tejribe ýel-energiýa enjamyny döretmek we tejribe arkaly synap görmek boýunça taslama Türkmenbaşynyň Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy bilen baglaşylan şertnama laýyklykda durmuşa geçirildi. Elektroenergetikada alternatiw, dikeldip bolýan energiýa çeşmelerini ulanmakda bu tejribe ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ilkinji ädim hasaplanýar. Şular ýaly elektrostansiýalary gurmaklyga Hazar deňziniň kenarlarynda we günortada dag etegi sebitlerde we Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanda tebigy şertlerimiz mümkinçilik döredýär *(46-njy surat).*

Günüň ýylylyk energiýasyndan her hili ýagdaýda hojalykda peýdalanylýar. Günüň ýagtylygy bilen işleýän batareýalar köp döwletlerde ulanylýar. Dünýäniň köp döwletlerinde Günüň ýylylyk, ýagtylyk energiýasyndan elektrik toguny öndürmek barada alymlar köp ylmy iş edýärler. Gün elekrik stansiýalaryny gurmak hakda alada edýärler.

2000-nji ýylda Ýer ýüzi boýunça öndürilen ilkinji energetik çig mallaryň 38%-i elektroenergiýa öndürmek üçin peýdalanylypdyr. Şolardan 22,4 % kömre, tebigy gaza – 12,2 %, nebit önümlerine bolsa – 3,4 % degişli bolupdyr. 2000-nji ýylda elektroenergiýa öndürmek




**46-njy surat. Türkmenistanyň ýel energiýa baýlyklary**

üçin Ýer togalagy boýunça 5,4 mlrd. tonna şertli ýangyç harçlanypdyr. Geljekde-de dünýäniň elektroenergetikasynda ýylylyk bilen işleýän elektrostansiýalar uly orun eýelär.

Daglyk ýerlerde, derýalaryň bosagalarynda, şaglawuklarynda suw elektrik stansiýalaryny gurýarlar. Dünýäniň daglyk ýerlerinde ýerleşen döwletleriň köpüsinde suw elektrik stansiýalary bar. (27-nji tablisa). Olar döwletde öndürilýän elektrik energiýanyň dünýäde öndürilýän elektroenergiýanyň 14–15% bölegini berýärler. Dünýäniň ösen we ösýän döwletlerinde milli ylmyň ösmekligine uly üns berilýär. Netijede, dürli ylmy açyşlar we tehnikada, tilsimat meselelerinde uly öňegidişlikler bolýar.

Bu öz gezeginde senagat, oba hojalyk kärhanalarynda ýokary hilli we dünýä ülňüsine gabat gelýän önümleri öndürmeklige mümkin-

çilik berýär. Ylmy-tehniki ösüşiň esasy meseleleriniň biri energiýany az sarp edýän tehnikany we tilsimatlary döretmek, olary önümçilige ýerleşdirmek bolup durýar. Olaryň netijesinde ösen döwletler gowy ykdysady girdeji hem alýarlar. Energiýany we energiýa öndürmek üçin gerek bolan çig mallary tygşytlaýarlar.

Energetikanyň täze çig mallaryna ýeliň, Günüň, daşgyn-gaýtgynyň, gyzgyn çeşmeleriň energiýasyndan peýdalanýan, daglyk ýerlerde derýalarda gurulýan suw elektrik, ýangyçsyz ýerlerde döredilýän atom elektrik stansiýalaryň öndürýän energiýasy degişli. Ýeliň güýjünden peýdalanýan stansiýalar dag eteklerinde, deňizlere, ummanlara golaý kenarýakalarda gurulýar.

Günüň ýylylyk energiýasy her hili ýagdaýda hojalykda peýdalanylýar. Günüň ýagtylygy bilen işleýän batareýalar köp döwletlerde ulanylýar. Dünýäniň köp döwletlerinde Günüň ýylylyk, ýagtylyk energiýasyndan elektrik toguny öndürmek barada alymlar köp ylmy işleri amala aşyrýarlar. Gün elektrik stansiýalary gurmak hakda uly alada edýärler.

Atom elektrik stansiýalary dünýäniň ösen döwletlerinde, ýangyjyň ýok ýerlerinde gurýarlar. AES-ler Russiýa federasiýasynda,

*27-nji tablisa*

**Dünýäniň has uly suw elektrostansiýalary**

| **Atlary** | **Ýerleşen derýasy** | **Ýerleşen döwleti** | **Güýji, mln kwt** | |
|---|---|---|---|---|
| | | | **Häzirkisi** | **Göz öňüne tutulýany** |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| Itaýpu | Parana | Braziliýa, Paragwaý | 7,4 | 13,3 |
| Grand-Kuli | Kolumbiýa | ABŞ | 6,5 | 10,8 |
| Guri | Karoni | Wenesuela | 10,3 | 10,3 |
| Tukurui | Tokantins | Braziliýa | 2,6 | 7,2 |

*27-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Saýano-Şuşen | Ýeniseý | Russiýa | 6,4 | 6,4 |
| Korpus-Kosa-das | Parana | Argentina, Paragwaý | 4,7 | 6,0 |
| Krasnoýarsk | Ýeniseý | Russiýa | 6,0 | 6,0 |
| Lýa-Grand 2 | Lýa-Grand | Kanada | 5,3 | 5,3 |
| Çerçil-folls | Çerçill | Kanada | 5,2 | 5,2 |
| Singu | Singu | Braziliýa | 3,0 | 5,0 |
| Tarbela | Ind | Pakistan | 1,7 | 4,6 |
| Bratsk | Angara | Russiýa | 4,5 | 4,5 |
| Ust-Ilim | Angara | Russiýa | 4,3 | 4,5 |
| Kabbora-Bassa | Zambezi | Mozambik | 2,4 | 4,1 |

ABŞ-da, Germaniýada, Fransiýada, Beýik Britaniýada, Ýaponiýada we beýleki döwletlerde işleýärler. Fransiýada AES-ler döwletde öndürilýän elektrik energiýanyň 70–75%-ni berýär *(28-nji tablisa)*.

*28-nji tablisa*

**Dünýäniň atom energetikasy**

| **Döwletler** | **Işleýän reaktorlary** | | **Gurulýan reaktorlar** | | **Öndürilýän elektroenergiýada AES-leriň paýy, %-de** |
|---|---|---|---|---|---|
| | **Bloklarynyň sany** | **Kuwwaty, MW.** | **Bloklarynyň sany** | **Kuwwaty, MW.** | |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| Dünýäde | 425 | 360203 | 60 | 53580 | 17.3 |
| ABŞ | 109 | 110809 | 4 | 5124 | 18.0 |
| Fransiýa | 56 | 61044 | 4 | 6064 | 78.5 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýaponiýa | 49 | 40531 | 6 | 5822 | 31.1 |
| Beýik Britaniýa | 38 | 13820 | 1 | 1200 | 29.3 |
| Russiýa | 29 | 21242 | 6 | 5600 | 13.0 |
| Kanada | 22 | 16713 | – | – | 14.7 |
| Germaniýa | 20 | 22630 | – | – | 31.0 |
| Ukraina | 15 | 13818 | 6 | 6000 | 44.6 |
| Şwesiýa | 12 | 10386 | – | – | 47.2 |
| Koreýa respub. | 10 | 8566 | 4 | 3650 | 31.2 |
| Ispaniýa | 9 | 7400 | – | – | 30.1 |
| Hindistan | 9 | 2035 | 5 | 11075 | 1.7 |
| Litwa | 2 | 3000 | – | – | 85.1 |

SSSR döwründe Russiýada Dubna şäherinde (Tula oblasty) ylmy merkezde, soňra ABŞ-da, Ýaponiýada MAGATE-niň çäklerinde «Tokamak-1-60» termoýadro desgalarda agyr wodorody (deýteriý) dolandyryjy termoýader sinteziň kömegi bilen täsir edip, 80 million gradus ýylylyk energiýasy alnypdyr. Eger şoňa çydamly jisim tapyp ýa-da ony elektrik energiýa öwrüp bolaýsa, adamzat köp ýyllaryň dowamynda has arzan elektrik energiýany alyp biler. T. S. Haçaturowyň (1982) maglumatyna görä, termoýadro tehnologiýa geljekde adamzady 53 mlrd ýyl energiýa bilen üpjün eder.

Ýer togalagy uran magdanyna örän baý diýýärler. Adaty topragyň bir tonnasynda 3–4 grama çenli uran magdany bar. Ylmyň, tehnikanyň ösmegi bilen ony geljekde adamzat ulanyp biler.

Häzirki wagtda dünýäniň 30-dan gowrak döwletinde atom elektrik stansiýalary işleýärler. Olaryň işleýşine Atom energiýasy boýunça halkara agentligi (MAGATE) gözegçilik edýär. Ol gurama BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 1954-nji ýylyň dekabr aýynyň 4-ne döredildi. Ýolbaşçy guramalary Wena şäherinde ýerleşýär.Ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň ösmegi bilen ýene-de elektrik energiýasy ýetmezçilik edýän döwletlerde (Eýran we beýlekiler) AES-iň gurulmagyna garaşylýar. Eýranda AES-iň gurluşygy gutaryp barýar.

### 7.5.4. Ýer togalagynyň energetik çig mallar bilen üpjünçiligi

Adamzat jemgyýeti, öň belleýşimiz ýaly, parahatçylykly ýaşasa Ýer togalagynyň mineral çig mallara bolan mümkinçiligi örän uly. 1970-nji ýyllara çenli adamzat ähli gazyp alýan nebitini we tebigy gazyny gury ýerden gazyp alan bolsa, biziň günlerimizde şolaryň 25–30%-ni dünýä ummanlarynyň ýalpak ýerlerinden alýarlar. Dünýä ummanlarynyň düýbi we kenarýaka ýalpak ýerleri dürli hili gazma baýlyklara baý. Şol gazma baýlyklardan ilkinji gazylyp alnany nebit bilen gaz hasaplanýar. Deňiz düýbünden ilkinji gezek nebit XIX asyryň başynda Baku şäheriniň golaýynda ýörite gazylan guýulardan alnypdyr. E.N. Ýanowyň we M.S. Haýkiniň (1978, s. 3–10) ýazmaklaryna görä, Bakuwyň golaýynda Hazaryň düýbünden 1922-nji ýylda senagat ähmiýetli nebit gazylypdyr. Soňra, 1949-njy ýylda Meksika aýlagynyň kenar ýakasynda (ABS) nebit gözlemek üçin burawlaýyş işleri başlanypdyr. 1960-njy ýyllardan Demirgazyk deňizde nebit-gaz gözleg işleriniň başlamagyna 1959-njy ýylda Groning şäheriniň golaýynda deňziň içinde Slohteren gaz ýatagynyň (Niderlandlar) açylmagy (ätiýaçlygy 15 trln kub m) sebäp bolýar. 1965-nji ýylda Beyik Britaniýa, Norwegiýa, Niderlandlar, GFR, Daniýa we Fransiýa Demirgazyk deňzi özaralarynda paýlaşýarlar. Şol ýyl Beýik Britaniýanyň kenarynda Leman-Benk gaz ýatagy, soňra 1972-nji ýyla çenli ýene-de 15 sany gaz ýatagyny açypdyrlar. 1967-nji ýyldan soň Britan adasyna Demirgazyk deňizden turbalar arkaly gaz gelip ugrapdyr. 1970-nji ýyldan soňra bu deňizde nebit gazylyp alnyp başlanýar. Deňziň Norwegiýa bölüminde ätiýaçlygy 1 mlrd t bolan Ekofisk nebit ýatagy açylypdyr. Soňra bu nebit ojagynyň golaýynda birnäçe nebitli we tebigy gazly ýerler açylyp, olardan Beýik Britaniýa nebit-gaz geçirijiler guruldy. Demirgazyk deňziň Niderlandlara degişli böleginde hem nebitli-gazly gorlar açyldy. Gözleg-barlag işleri La-Manş bogazynda, Biskaý aýlagynda, Irlandiýanyň kenarlarynda hem geçirilýär. Nebit we gaz ýataklaryna Ortaýer, Baltika, Egeý deňizleriň geljegi uludyr. Afrikanyň kenarýaka ýalpaklarynda Gwineýa aýlagynda, Mozambik geçelgesinde, Gyzyl deňzinde nebitli we gazly ýerler ulanylmaga berildi. Günorta Afrika respublikasynyň

kenarýakasynda Port-Elizabet şäheriniň günortasynda tebigy gaz ojagy açyldy. 1961-nji ýyldan başlap Gyzyl deňziň Sues aýlagynda nebit-gaz gözleg işleri geçirilip, 1973–1974-nji ýyllarda nebit-gaz gazylyp alyndy. Gwineýa aýlagynyň kenarýaka ýalpaklarynda Nigeriýanyň, Gabonyň, Kongonyň, Kamerunyň sebitlerinde hem nebit we gaz tapyldy.

Amerikan we Ýapon monopoliýalary Günorta-Gündogar Aziýada (Malaýziýa, Taýland, Indoneziýa) deňiz ýalpaklarynda barlag işlerini geçirip, 1972-nji ýylda Ýawa, Sumatra, Kalimantan adalarynyň golaýyndaky ýalpaklardan nebit alnyp başlandy.

Ýapon deňziniň ýalpaklarynda Ýapon nebit agtaryş kompaniýalary nebit-gaz tapypdyrlar. Hytaý-Wýetnam, Hindistan (Kambeý, Bengal aýlaglarynda) deňiz kenarýaka ýalpaklarynda nebitli-gazly ýerler tapylyp, senagatda ulanylýar. 1970-nji ýyllara çenli Awstraliýa özüne gerek nebiti daşary döwletlerden getirýärdi. Günortasynda Bassow geçelgesinde we Demirgazyk-Günbatarynda Barrou adasyna golaý ýalpaklarda nebit we gaz tapylyp, 1973–1974-nji ýyllarda Awstraliýanyň özi daşary döwletlere nebiti çykaryp başlady. Täze Zelandiýa Respublikasynyň Tasman deňzi kenar ýalpaklarynda tebigy gaz tapyldy we häzir ulanylýar.

1980-nji ýyllaryň başynda Marakaýbo aýlagynyň kenarýaka ýalpaklarynda, Trinidad adasynyň golaýynda nebitli-gazly sebitler açyldy. Ol ýerlerde, eýýäm 1970-nji ýyldan nebit gazylyp başlandy. 1968–1969-njy ýyllardan başlap Braziliýanyň, Argentinanyň, Peruwyň kenarlarynda nebit we gaz tapyldy.

Geçen asyryň ahyrlarynda hem Dünýä ummanlarynyň ýalpaklaryndan nebitli, gazly ýerler tapyldy. Olar dürli döwletler tarapyndan gazylyp alynýar.

Gazylyp alynýan baýlyklaryň arasynda ýangyç üçin ulanylýanlary nebit, tebigy gaz, daş we goňur kömür, uran magdanlary hasaplanylýar. 1997-nji ýylyň maglumatlaryna görä, nebitiň çaklama ätiýaçlyklary 300 mlrd t, şondan anyklanany 140 mlrd t, ýagny, häzirki zaman ylmynyň we tehnikanyň ösen derejesinde gazyp almak mümkinçiligi bolan ätiýaçlyk diýilýär. Nebitiň anyklanan ätiýaçlyklarynyň 66,5%-i Ýakyn we Orta Gündogar (Saud Arabystany, Kuweýt, BAE, Yrak, Katar), 7,4%-i Kanada we ABŞ, 8,3%-i Merkezi we Go

Amerika, 7,3%-i Afrikada (Nigeriýa, Alžir, Liwiýa, Müsür) döwletlerinde ýerleşýär.

Dünýäniň döwletleriniň ykdysadyýetinde kömrüň (bu barada kitabyň 7.5.1.bölümçesinde seredilipdi) uly ähmiýeti bar. Ol gowy ýangyç, himiýa we metal eredýän senagat kärhanalary üçin çig mal bolup hyzmat edýär. Olaryň dünýäde anyklanan ätiýaçlyklary, häzirki gazylyp alnyş möçberine seretseň, 125–130 ýyla ýeter. Kömür ätiýaçlyklarynyň 90 %-i Hytaý, ABŞ, Russiýa Federasiýasy, Gazagystan, Ukraina, Go Afrika respublikasy, GFR, Angliýa, Awstraliýa, Polşa, Kanada, Hindistan, Indoneziýa, Botswana, Zimbabwe, Mozambik, Kolumbiýa, Wenesuela döwletlerinde jemlenendir.

Köp barlagçylaryň we alymlaryň ýazmaklaryna görä, uran magdany ýer gabygynda we umman suwlarynda giň ýaýran metallaryň biri hasaplanýar. Onuň gury ýerlerdäki ätiýaçlyklary 3340 müň t ($U_30_8$) hasaplanýar. Şondan Awstraliýada 889 müň t (dünýäniň 27%-i), Gazagystanda 558 müň t (17%), Kanadada 511 müň t (15%), Günorta Afrikada 354 müň t, Namibiýada 256 müň t (8%), Braziliýada 232 müň t (dünýäniň 7%-i), Russiýada 157 müň t, ABŞ-da we Özbegistanda 125 müň tonnadan (her haýsynyň 5% paýy) ätiýaçlyklary ýerleşýär (Internet boýunça).

Dünýä boýunça nebitiň, tebigy gazyň anyklanan ätiýaçlyklary barada kitabyň 7.5.4. bölümçesinde ýatladypdyk. Öň belläp geçişimiz ýaly, bu entek nebitiň we gazyň anyklanan ätiýaçlygynyň aňry çägi däl. Türkmenistanyň Hazar deňzi kenarýakalarynda we gury ýer böleginde nebitli-gazly ýerleri gözlemek işleri dowam etdirilýär. Bu işleri amala aşyrmakda dürli daşary ýurt kompaniýalary işleýärler. Diýmek, bu sanlar ýyl geldikçe artar, täze gorlar açylar.

Energiýa serişdelerini öndürmekde ABŞ dünýäde (4254 mlrd kwt, 2006) öndürilýäniniň 20%-ni berýänem bolsa, olary has köp harç edýär. Ýer ýüzünde sarp edilýäniň 25%-e golaýy olara degişli. Ikinji ýerde Hytaý (2834 mlrd kwt, 2006), üçünji orunda Ýaponiýa (1150 mlrd kwt, 2006), dördünji ýerde Russiýa (992 mlrd kwt, 2006), bäşinji orunda Hindistan (727 mlrd kwt, 2006) durýar. 2006-njy ýylda dünýä boýunça 19028 mlrd kwt/sag elektroenergiýa öndürilip-

dir. Şol bäş döwletiň paýyna öndürilýän we sarp edilýän energiýa çeşmeleriniň, energiýanyň 54 göteriminden gowragy degişli.

Şu meseleleri oňyn çözmek üçin hökmany suratda halkara ykdysady hyzmatdaşlyk gerek. Bu ykdysady hyzmatdaşlyk 1960-njy ýylyň sentýabrynda döredilen OPEK döwletleri guramasynyň (nebiti eksportirleýji döwletleriň guramasy) üsti bilen amala aşyrylýar. Oňa nebit gazyp alýan döwletleriň köpüsi girýär.

### 7.5.5. Energetikanyň geljegi

Adamzadyň hojalygynda we durmuşynda peýdalanylýan energiýa çeşmelerinden iň amatlysy elektrik energiýa hasaplanýar. Şonuň üçin onuň öndürilişi ýylsaýyn artýar. Halkara Energetik Agentliginiň, ABŞ-nyň Energetika ministrliginiň we Russiýa Ylymlar akademiýasynyň Dünýä Ykdysadyýeti we Halkara Gatnaşyklary institutynyň berýän maglumatlaryna (Manjakowa, 2004) görä, 2001–2020-nji ýyllar aralygynda dünýä boýunça elektrik energiýanyň öndürilişiniň ortaça ýyllyk ösüşi 2,6%, ykdysady taýdan ösen döwletlerde 1,7, ösýän döwletlerde – 4,2% bolar diýlip çak edilýär. 2001–2020-nji ýyllar aralygynda elektrik energiýanyň öndürilişi 8740 mlrd kWt/s artmaklygyna garaşylýar. Şonuň 59%-i ösýän döwletleriň paýyna düşer. Ol döwletlerde elektroenergiýanyň sarp edilişi 2,3 esse artar. Diýmek, dünýäde elektroenergiýa öndürmekde ösýän döwletleriň paýy 31% bolanlygyndan 42%-e çenli ýokary galar. Tersine, ykdysady taýdan ösen döwletleriňki 58% bolanlygyndan 49%-e geler. Elektroenergiýanyň sarp edilişi, aýratynam Hytaýda, ortaça, ýylda 5,4% öser. Bu garaşylýan ösüş dünýäniňki bilen deňeşdirilende 2,1 esse ýokary diýildigidir. 2020-nji ýyla çenli Hytaýda elektroenergiýanyň öndürilişi 3 esse köpeler. Dünýäniň elektroenergiýa öndürilişinde onuň paýy 9% bolanlygyndan 15,4%-e barar *(29-njy tablisa).*

Dünýäde elektroenergiýanyň öndürilişi we onuň hojalyk, durmuş hajatlary üçin sarp edilişiniň artmagy ilatyň ýaşaýyş derejesine täsir eder.

**Dünýä boýunça elektroenergiýanyň sarp edilişi, geljegi, mlrd kWt/s**

| | **Hakyky** | | **Çaklama** | | **2001-2020-ýyllarda ortaça ösüşi, %** |
|---|---|---|---|---|---|
| | **1990** | **2000** | **2010** | **2020** | |
| Senagaty ösen döwletler | 6385 | 7550 | 9150 | 10600 | 1,7 |
| ABŞ | 2817 | 3340 | 4050 | 4770 | 1,8 |
| Kanada | 438 | 516 | 620 | 690 | 1,45 |
| Beýik Britaniýa | 287 | 231 | 395 | 440 | 1,45 |
| Germaniýa | 489 | 498 | 610 | 695 | 1,7 |
| Fransiýa | 326 | 409 | 490 | 570 | 1,65 |
| Ýaponiýa | 765 | 948 | 1090 | 1240 | 1,35 |
| Ösýän döwletler | 2258 | 4010 | 6170 | 9130 | 4,2 |
| Hytaý | 551 | 1160 | 2035 | 3330 | 5,4 |
| Russiýa | 1027 | 842 | 985 | 1225 | 1,9 |
| Dünýä boýunça | 10549 | 12930 | 16990 | 21670 | 2,6 |

Tablisanyň maglumatlary internet boýunça alyndy (Manjakowa O.G, 2004)

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde elektroenergiýanyň jan başyna sarp edilişi 2020-nji ýylda 10,3 müň kWt/s bolup, dünýädäki sarp edilişinden 3,6 esse köp bolar. Ösýän döwletlerde bolsa bu görkeziji 1,5 müň kWt/s deň bolup, bütindünýä görkezijiden 2 esse az bolmagyna garaşylýar. Şol wagtda ABŞ-da 14,7 müň, Kanadada 18,7 müň kWt/s elektroenergiýa ilatyň jan başyna sarp ediler. Elektroenergiýa öndürmek üçin tebigy gazyň ulanylyşy 2020-nji ýylda 2 esse artyp, 2,1 mlrd tonna şertli ýangyja, ösen döwletlerde 2,3 esse, ösýän döwletlerde 2,7 esse artmaklygyna garaşylýar. Şol döwre çenli ýylylyk elektrostansiýalarda kömrüň ulanylyşy 35 % ýokarlanyp, 2,5 mlrd t şertli ýangyja barabar bolar. Atom çig mallarynyň elektroenergiýa öndürmekde ulanylyşy 2020-nji ýylda bary-ýogy 3,5% artar.

Bu artyş, esasan, ösýän dowletleriň hasabyna garaşylýar. Döwletlerde suw elektrostansiýalarynyň sany artar. 2020-nji ýyla çenli döwletleriň arasynda täze birleşdirilen elektrik ulgamlary emele geler. Şol energobirleşmeler Günbatar, Merkezi, Günorta-Gündogar Ýewropa, GDA, Merkezi Aziýa, Hindihytaý, Demirgazyk-Gündogar Aziýa (Russiýa, Mongoliýa, Hytaý, KHDR, Günorta Koreýa, Ýaponiýa) döwletlerinde emele geler.

Dünýä ummanlary atmosferanyň ýylylygyny dolandyrýar. Onuň klimatyna örän uly täsir edýär. Köp halatlarda ummanlar klimatyň döremeginiň açary hasaplanýar. Ondan başga-da ummanlar daşgyn-gaýtgynlarynyň energiýasyna örän baý. Amerikaly alymlaryň hasaplamalaryna görä, ummanlaryň tolkunlarynyň energiýasy 90 trillion kwt deňdir. Eger tolkunyň beýikligi 3 metr bolsa, onda 1 metr aralykdan 1000 kwt, 1 km aralykdan 1 mln kwt energiýa alyp bolýar. Amerika we Ýapon alymlarynyň hasaplamalaryna görä, Atlantik ummanda Golfstrim akymy sekuntda 83 mln kub metr, Kuro-Siwo (Ýuwaş umman) akymy – 55 mln kub metr suw akdyrýarlar. Şu akymlaryň geçýän ugurlarynda, Dreýka bogazynda (Amerika bilen Antarktika aralygynda), Bering bogazynda (Ýewraziýa bilen Amerika aralygynda) daşgyn we gaýtgyn bilen işlär ýaly elektrostansiýalary gurmaklygy maksat edinýärler. Rus alymlary şolar ýaly elektrostansiýalary Ohot we Hazar deňizleriniň çäklerinde gurmaklygy maslahat berýärler. Elbetde, bu çaklamalar, proektler ylmyň, tehnikanyň ösmegi bilen geljekde durmuşa geçmegi mümkin zatlar hasaplanýar.

## EDEBIÝAT

*Амирагян А.С., Рогачёв В.С.* Ваши три тонны нефти (о пользе душевых показателей при объяснении ограничителей и возможностей развития страны). «География» № 13, 2009, стр. 30-34.

*Гундогдыев О.* «Черное золото» Древнего Хазара. Спец. выпуск. Нефть и газ Туркменистана 2006. Международный журнал «Туркменистан», № 7-8, 2006, стр. 6-14.

*Кузнецов А.П.* География населения и хозяйство Мира. Москва, «Дрофа»,1998.

*Коршек А.А., Шамаров А.М.* Основы нефтегазового дела. Уфа, «Дизайн полиграф сервис» 2009.

*Родионова И.А., Бунакова Т.М.* Экономическая география. Москва, «Московский лицей», 1999.

*Климанов В.В., Климанова О.А.* География в таблицах. Москва, «Дрофа», 1999.

*Манжакова О.Г.* Прогноз развития электроэнергетики мира и России. Вестник молодых ученых. Москва, 2004(по Интернету).

*Хачатуров Т.С.* Экономика природопользования. Москва, Экономика, 1982.

*Худайяров М.* Обеспеченность населения Мира энергетическим сырём. Экономика золотого века, № 7, 2006, стр. 25-31.

*Янов Е.Н., Хайкин М.С.* Минеральные ресурсы Мирового океана, их использование и охрана. Москва, 1978.

Statistikal rewiew of World enerjy 2010. Internet boýunça.

## VII.6. GAZYLYP ALYNÝAN BAÝLYKLARY TYGŞYTLY ULANMAK MESELESI

### 7.6.1. Gazylyp alynýan tebigy baýlyklaryň adamzadyň hojalygynda ulanylyşy

Ýeriň üstünden we astyndan gazylyp alynýan baýlyklara mineral çig mallar diýilýär. Ýeriň jümmüşinden mineral çig mallaryň gazylyp alnyşynyň möçberi adamzat jemgyýetiniň ösüş taryhy bilen baglanyşykly. Adamzat özüniň hojalygynda ir döwürlerden bäri gazylyp alynýan baýlyklary, magdanlary (metallary), magdan däl gazma baýlyklary (dag daşlaryny, toýny, dürli hili duzlary, kükürdi, fosfory we beýlekileri) özleriniň hojalyk maksatlary üçin ulanypdyr. G.A.Mirliniň (1985, s. 100), H.Ýusupowyň (1997, s. 24), A.P.Kuznesowyň (1998, s. 24–25) ýazmaklaryna görä, ata-babalarymyz 8–7 müň ýyl biziň eýýamymyzden öň–mis, 7–6 müň ýyl ozal – gurşun, 6 müň ýyl öň – altyn, kümüş, 3 müň ýyl ozal – galaýy, sink, bürünç, 2 müň ýyl ozal demir magdanlaryndan her hili hojalyk (ekerançylyk we aw awlamak) gurallaryny, uruş üçin ýaraglary ýasamak bilen meşgullanypdyrlar. A.P. Kuznesowyň (1998, s. 24–25)

ýazmagyna görä, metallurgiýanyň (metal eretmekligiň) ilkinji döränmerkezi Orta Aziýa *(20-nji surat)* bolup, soňra Eýrana, Kiçi Aziýa, Kawkaza, Hindistana, Orta ýer deňiz kenary we Ýewropa döwletlerine ýaýrapdyr. H.Ýusupowyň (1997, s. 24) pikirine görä, Änewde ýaşan ata-babalarymyz biziň eýýamymyzdan öň 5–2 müň ýyllyklarda mis metaly eretmäni, toplamany, ony myşýak bilen goşup, soňra galaýy bilen eredip, bürünç (bronza) ýasamany başarypdyrlar. Metal eretmegiň ösmegine ekerançylygyň meýdanynyň artmagy we şol döwürlerde bolýan uruşlar hem sebäp bolupdyr. Altynyň, kümşüň Orta Aziýada, Altaýda biziň eýýamymyzdan öň II–I müňýyllyklarda gazylyp alnanlygy taryhy maglumatlardan belli. Türkmenlerde zergärçilik sungaty şol döwürlerden başlanlygy sebäpli, özüniň ösen derejesine ýetipdir. Olaryň türkmen zenanlary we bedewleri üçin ýasan şaý-sepleri görenleri şu günlerem haýran galdyrýar. Sowet häkimiýeti ýyllary içinde bu sungatyň ösmegine üns berilmedi. Emma Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap onuň ösdürilmegine giň ýol açyldy.

M.M.Sudonyň (1981, s.141) ýazmagyna görä, gadym zamanlarda adamzat 18 dürli himiki jisimleri gazyp almak bilen oňňut edipdir. Ylmyň, tehnikanyň, durmuşyň ösmegi bilen ýerden gazylyp alynýan magdanlaryň hem sany we möçberi artypdyr. Eýýäm XVII asyrda adamzat öz hojalygynda 25 sany himiki elementleri, XVIII asyrda – 29, XIX asyrda – 47, XX asyryň ortalarynda – 80 sany, häzirki wagtda – 100-e golaý himiki jisimleri peýdalanýar. Dünýäniň hojalygynda peýdalanylýan mineral çig mallaryň sanynyň artmagy bilen onuň gazylyp alnyşynyň möçberi hem artýar. Mysal üçin, XIX asyryň 60-njy ýyllarynda ýerden bir ýylda 225 mln t magdan gazylyp alnan bolsa, XX asyryň 60-njy ýyllarynda 10 mlrd t golaý, 2000-nji ýyla golaý onuň möçberi 100 mlrd t geçipdir. Olaryň gazylyp alnyşy 140 ýylyň içinde 444 esseden gowrak artypdyr. Ýeriň jümmüşinden mineral çig mallaryň gazylyp alnyşy ilatyň artyşyndan hem ep-esli köp. Meselem, 1830-njy ýylda ýer ýüzünde ilatyň sany 1 milliarddan geçen bolsa, 1999-njy ýylda 6 milliarddan agdy. Şol döwür içinde ilat bary-ýogy 6 esse köpelipdir.

### 7.6.2. Tebigy baýlyklaryň ýetmezçiligi hakda dürli garaýyşlaryň emele gelmegi

Dünýäniň hiç bir döwletinde-de senagat kärhanalarynyň ähli pudaklary üçin gerek bolan mineral çig mallar doly ýeterlik däl. I.A. Rodionowanyň (2000, s.76) ýazmagyna görä, gazylyp alynýan tebigy baýlyklaryň käbir görnüşleriniň dünýä ätiýaçlyklarynyň 5%-den köprägi jemlenen döwletleriň sany boýunça 20–25-den geçmeýär. Önümçilige gerek bolan çig mallaryň hemmesi hiç bir döwletde hem doly tapylmaýar. Şonuň üçin döwletler özleriniň senagat kärhanalaryna gerek bolan ýerasty we ýerüsti baýlyklary daşary ýurtlardan almaly bolýarlar. Dünýä ummanlary XVI–XVII asyrlara çenli gury ýer böleklerini, sebitleri bir-birinden üzňe saklan bolsa, deňiz ulaglarynyň ösmegi bilen, sebitler, döwletler çig mallary, taýýar senagat harytlaryny çalyşmaga, satyn almaga doly mümkinçilik aldylar.

Tebigy şertler we baýlyklar döwletleriň ykdysadyýetini ösdürmek üçin zerur bolup durýarlar. Emma olar döwletleriň ykdysadyýetiniň ösmeginde aýgytlaýjy şert bolup bilmeýärler. Tebigy baýlyklary bolmadyk döwletler hem öz ykdysadyýetini ösdürip bilýärler. Öň belläp geçişimiz ýaly, mysal edip Ýaponiýany, Koreýa respublikasyny, Singapury aýtmak bolar. Bu döwletlerde tebigy baýlyklar bolmasa-da, ykdysadyýetini ýokary derejede ösdürmegi başarýarlar.

Ikinji jahan urşy tamamlanandan soňra, dünýäniň ykdysadyýetinde uly özgerişlikler bolup geçdi. Uruşdan saplanan Ýewraziýa döwletlerinde senagat kärhanalary dikeldilip, olaryň zähmet öndürijiligi ýokarlandy. Täze tehnika we tilsimatlar bilen üpjün edildi. Olara ýerli çig mallar we elektrik energiýasy ýetmezçilik edip başlady. Şu sebäpli döwletleriň köpüsi we olarda şol ugurdan işleýän alymlar howsala düşüp başladylar. «Rim klubunyň» agzalarynyň köpüsi (kitabyň 7.2.5. bölümçesinde seredilipdi) «Dünýäde önümçiligi togtatmaly, onuň ösüşini bir durkunda saklamaly» diýip çykyş edenleri hem boldy. Gazma baýlyklaryň ätiýaçlyklaryny we olaryň dünýä hojalygynda ulanylyşyny nazara alyp, çig mallaryň näçe ýyla ýetjekdigi barada ylmy makalalar we kitaplar peýda bolup başlady.

1948-nji ýyla çenli adamzadyň jan başyna sarp edýän gazma baýlyklaryny göz öňüne tutup, amerikan alymlary W.S. we E.S. Woýtinskiler (Feodorow, 1977, s. 44, boýunça) nebitiň şol wagtky ätiýaçlyklary – 1972-nji ýyla, gurşunyňky – 1983, misiňki – 1995, demriň ätiýaçlyklary bolsa 2150-nji ýyla çenli ýeter diýip çaklapdyrlar. Soňra, A.I. Woronsowyň we N.Z. Haritonowanyň (1977, s. 20) çaklamalary kitabyň 7.4.1. bölümçesinde seredilipdi. Şular ýaly kitaplary, ylmy makalalary ýazanlarynda gury ýerde geologik taýdan öwrenilmedik meýdan-çäkleri we dünýä ummanlarynyň ýalpaklary göz öňünde tutulmandyr. Ylmyň, tehnikanyň ösmegi bilen gury ýeriň çuňluklary öwrenilse, Ýerde tebigy baýlyklar köp diýip pikir edýäris. Adamzat jemgyýeti öň belläp geçişimiz ýaly, parahatçylykly ýaşaşsa, Ýer togalagynyň çig mallara bolan mümkinçiligi örän uly.

### 7.6.3.Gazylyp alynýan baýlyklary çuňňur işlemek meselesi

Ýer togalagyndan gazylyp alynýan çig mallar (baýlyklar), köplenç ýagdaýda, himiki birleşmeler görnüşinde duş gelýärler we gazylyp alynýarlar. Şonuň üçin magdanlaryň gazylyp alynýan ýerlerinde baýlaşdyryjy kärhanalary gurup, arassa magdan almaklygy ýola goýýarlar. Baýlaşdyryjy kärhanalaryň ýanynda magdandan esasy metaldan başga utgaşyk gelýän himiki jisimleri (baýlyklary) işlemeklik guralýar. Ýogsam, ol birleşmeler daşky gurşawa wagtyň geçmegi bilen uly zyýan ýetirýärler. *30njy tablisadan* görnüşi ýaly, magdanyň düzüminde 30%-den köp metal ýa-da himiki element bar bolsa, ol senagat kärhanalarynda ulanylýar. Emma, ylmyň-tehnikanyň – tilsimatlaryň ösmegi bilen düzüminde ondan hem az metal saklaýan magdanlary geljekde senagat kärhanalarynda ulanmaga mümkinçilik dörejek.

Häzirki wagtda dünýäniň döwletleriniň arasynda, senagat kärhanalary üçin gerek bolan baýlyklary gazyp almakda ABŞ, Russiýa, Kanada, Awstraliýa, Günorta Afrika Respublikasy we Hytaý döwletleri tapawutlanýarlar. Olara «Dünýäniň magdan gazyp alyjy döwletleri»

diýilýär. Dag-magdan gazyp alyjy senagat özüne magdan gazyp alyjy, olary ilkinji işleýän kärhanalary birleşdirýär. Bu senagat kärhanalar ýangyç, magdan, magdan däl gazma baýlyklary we gurluşyk üçin çig mallary gazyp almak bilen meşgullanýarlar. Şu gazma baýlyklaryň ätiýaçlyklary we olaryň gazylyp alnyşy boýunça az sanly döwletler tapawutlanýarlar. Meselem: marganes boýunça Hytaý, Günorta Afrika respublikasy, Ukraina, Braziliýa; kobaltyň ätiýaçlygy we gazylyp alnyşy boýunça – Kanada, Russiýa, Zair, Zambiýa; hrom boýunça – Günorta Afrika respublikasy, Gazagystan, Türkiýe, Hindistan; wolfram boýunça – Hytaý, Russiýa, Özbegistan, Koreýa respublikasy; wanadiý boýunça – Günorta Afrika respublikasy, Russiýa, Hytaý, ABŞ; gurşun boýunça – Hytaý, Awstraliýa, ABŞ, Kanada, Peru; sink boýunça – Hytaý, Kanada, Awstraliýa, Peru, ABŞ döwletleri öňde barýarlar. Beýleki gazylyp alnýan magdanlar boýunça öňde baryjy döwletler *31-nji tablisada* görkezilýär.

*30-njy tablisa*

**Ýerden gazylyp alnýan esasy magdanlar, olaryň düzümi we metalyň möçberi (Podobedow N.S., 1985, s. 141)**

| Magdanlaryň atlary | Minerallaryň himiki düzümi | Alynýan metal | Magdanda metalyň möçberi, % |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Magnetit<br>Gematit<br>Siderit<br>Limonit | $FeFeO_4$<br>$Fe_2O_3$<br>$FeCO_3$<br>$HfeO_2 \cdot nH_2O$ | Demir | 72<br>70<br>48<br>48-63 |
| Pirolýuzit<br>Manganit | $MnO_2$<br>$MnO(OH)$ | Marganes | 63<br>62 |
| Hromit | $FeCr_2O_4$ | Hrom | 46 |
| Ilmenit | $FeTiO_3$ | Titan | 32 |
| Halkopirit<br>Halkozin<br>Kowellin | $CuFe_2S_2$<br>$Cu_2S$<br>$Cu_2S\ CuS_2$ | Mis | 34<br>80<br>66 |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Galenit<br>Serussit | $PbS$<br>$PbCO_3$ | Gurşun | 86<br>77 |
| Sfalerit | $ZnS$ | Sink | 67 |
| Boksit | $Al_2O_3 \cdot nH_2O$ | Alýuminiý | 30-65 |
| Antimonit | $Sb_2S_3$ | Surma | 71 |
| Kinowar | $HgS$ | Simap | 86 |
| Realgar | $As_4S_4$ | Myşýak | 70 |
| Kobaltin | $CoAsS$ | Kobalt | 35 |
| Kassiterit | $SnO_2$ | Galaýy | 79 |
| Molibdenit | $MoS_2$ | Molibden | 60 |
| Wolframit | $(Fe,Mn)WO_4$ | Wolfram | 60 |
| Uraninit | $UO_2$ | Uran | 50-65 |
| Argentit | $Ag_2S$ | Kümiş | 87 |
| Kalawerit | $(Au, Ag)Te_2$ | Altyn | 44 |

*31-nji tablisa*

**Senagat üçin çig mallary köp öndürýän döwletler**

Maglumatlar I.A.Rodionowa (2000, s.77-158) boýunça getirilýär.

| **Çig mallaryň görnüşleri – olaryň dünýä boýunça alnyşy (ätiýaçlyklary)** | **Gazyp almakda öňde baryjy döwletler** |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Nebit-3,5 mlrd t golaý (140,9) | Saud Arabystany, ABŞ, Russiýa, Eýran, Wenesuela, Meksika, Hytaý, Norwegiýa, Beýik Britaniýa, Kanada |
| Tebigy gaz – 2200 mlrd $m^3$-den gowrak (145 trln $m^{3)}$ | ABŞ, Russiýa, Kanada, Beýik Britaniýa, Indoneziýa, Niderlandlar, Alžir, Özbegistan, Saud Arabystany |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Daş kömür – 3,8 mlrd t golaý (541 mlrd t) | Hytaý, ABŞ, Indiýa, Günorta Afrika Respublikasy, Awstraliýa, Russiýa, Polşa, Ukraina, Gazagystan, GFR |
| Goňur kömür – 900 mln t golaý (509 mlrd t) | GFR, Russiýa, ABŞ, Hytaý, Polşa, Çehiýa, Gresiýa, Türkiýe, Awstraliýa |
| Boksitler (Alýuminiý çig maly) – 127 mln t köpräk | Awstraliýa, Gwineýa, Ýamaýka, Braziliýa, Hytaý, Wenesuela, Hindistan, Surinam, Russiýa, Gazagystan |
| Demir magdany – 1 mlrd t golaý (400 mlrd t) | Hytaý, Braziliýa, Awstraliýa, Russiýa, ABŞ, Hindistan, Ukraina, Kanada, Günorta Afrika Respublikasy, Wenesuela |
| Mis magdany – 10 mln t | Çili, ABŞ, Kanada, Hytaý, Indoneziýa, Zambiýa, Russiýa, Peru, Awstraliýa, Meksika, Gazagystan |
| Sink arassalanan görnüşde 7 mln t golaý | Hytaý, Ýaponiýa, Kanada, ABŞ, Belgiýa, Awstraliýa |
| Arassalanan gurşun – 6 mln t golaý | ABŞ (1 mln t gowrak), Hytaý, Ýaponiýa, GFR, Russiýa, Angliýa, Belgiýa |
| Gurşun – 3 mln t | Hytaý, Awstraliýa, ABŞ, Russiýa, Kanada, Peru |
| Nikel magdany – 1 mln t golaý | Kanada, Kuba, Dominikan respublikasy, Awstraliýa, Täze Kaledoniýa, Russiýa, Norwegiýa, Finlýandiýa, Gunorta Afrika Respublikasy |
| Galaýy magdany – 30 müň t golaý | Hytaý, Malaýziýa, Braziliýa, Indoneziýa, Tailand, Boliwiýa |
| Uran magdany – 30 müň t golaý | Kanada, ABŞ, Awstraliýa, Russiýa, Günorta Afrika Respublikasy, Fransiýa, Niger, Ukraina, Gazagystan |
| Molibden – 126 müň t | ABŞ, Çili, Russiýa |
| Wolfram – 25 müň t | Hytaý, Russiýa, Özbegistan, Koreýa respublikasy |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Wanadiý – 25 müň t | Günorta Afrika respublikasy, Russiýa, Hytaý, ABŞ |
| Kobalt – 20 müň t | Kanada, Russiýa, Zair, Zambiýa |

Soňky ýyllarda ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen dünýäniň senagatynyň düzüminde çig mallary gazyp alýan senagat kärhanalaryň ähmiýeti peselip, olaryň ýerine işläp bejeriji kärhanalaryň ähmiýeti artýar. I.A.Rodionowanyň (2000, s.77–78) ýazmagyna görä, ikinji jahan urşunyň öňüsyrasynda bu iki pudagyň önümiň gymmaty boýunça gatnaşygy 15:85, ýetmişinji ýyllarda – 13:87, togsanynjy ýyllaryň başynda 8:92 boldy. Munuň beýle bolmagy çig mal önümleri öndürmek üçin serişdeleriň az sarp edilmegi, mineral çig mallaryň emeli çig mallar bilen çalşyrylmagy, dag-magdan senagatynyň önümleriniň gymmatynyň işläp bejeriji senagat önümlerine garanda arzan bolmagy bilen düşündirilýär. Meselem: togsanynjy ýyllaryň ortasynda demir magdanyň 1 tonnasy 20 dollardan, tebigy gazyň 1000 $m^3$-i – 80, mineral dökün – 100, nebit – 115, polat – 200, plastmassa we sintetik smola – 1000, himiki süýüm – 10000 dollardan satylypdyr.

Ösen döwletlerde dag-magdan senagatynyň pese gaçmagynyň esasy sebäbi ösýän döwletlerde çig mal baýlyklarynyň köp gazylyp alynmagy we arzanlygy bilen baglanyşykly. Şu sebäpli Günbatar döwletlerde ähli senagat önümçiliginde dag-magdan senagatynyň paýy 2%, ösýän döwletlerde bolsa 14 %, nebit gazyp alýan döwletlerde 40–50%-e ýetýär. Aziýadaky Pars aýlagynyň kenarýaka, Hindistan, Malaýziýa, Indoneziýa, Alžir, Liwiýa, Marokko, Nigeriýa, Zair, Zambiýa, Braziliýa, Meksika, Wenesuela, Çili we beýleki döwletleri nebitiň, tebigy gazyň, kobaltyň, galaýynyň, misiň, kümşüň, fosforyň, demriň, marganes, boksit we beýleki magdanlaryň dünýäde gazylyp alynýanynyň ýarysyndan köprägini berýärler. Ösýän döwletleriň ykdysadyýetiniň esasy girdejisini dag-magdan önümçiligi berýär. Ol döwletler ösen döwletleriň işläp bejeriji senagat kärhanalaryny çig mal bilen üpjün edýärler. Ösen döwletleriň içinde ABŞ-nyň dag--magdan senagaty dünýäde gazylyp alynýan çig mallaryň 1/6 bölegi-

ni berýär. Oňa garamazdan, ABŞ ösýän döwletlerden arzan bahadan dürli hili gazma baýlyklary getirip, özündäki baýlyklary geljekki nesil üçin tygşytlaýarlar.

Ýer togalagynda ýerleşýän döwletleriň köpüsiniň çäkleriniň geologik gurluşy entek doly öwrenilen däl. Şol sebäpli dünýäniň köp döwletlerinde ýene-de gazma baýlyklaryň täze ätiýaçlyklaryna garaşmak mümkin.

Gury ýerlerden başga-da, gazylyp alynýan tebigy baýlyklar dünýä ummanlarynyň suwlarynda örän köp diýip ýazýarlar. Dünýä ummanlarynyň suwlarynda 70-den gowrak himiki elementler bar. Deňiz we umman suwlarynyň 1 mlrd kub m (1 kub km) 35 mln t-dan gowrak gaty jisimler; onuň 19,8 mln t nahar duzuna, 9,5 mln t magniýa, 0,89 mln t kükürde, 31 müň t broma, 10 t alýuminä, 3 m mise, 3 t urana, 0,3 t kümşe, 0,04 t altyna we beýleki himiki jisimlere degişlidir (Zalogin B.S., 1983, s. 42). N.S. Podobedowyň (1985, s.144) ýazmagyna görä, dünýä ummanlarynyň we deňizleriniň suwlarynda $48 \cdot 10^{15}$ t himiki jisimler bolup, olar ýer gabygynyň üstüne tekiz ýaýradylanda 45 m, eger-de gury ýeriň üstüne ýerleşdirilende galyňlygy 153 m bolan gatlak emele geler. 1 kub km deňiz we umman suwundan 1295000 t magniý alyp bolýar. Ýer ýüzünde 1 trln t brom bar bolsa, şonuň 99%-i dünýä ummanlarynyň suwundadyr. Olaryň suwlarynda 5 mlrd t golaý uran magdany bolup, onuň gury ýerdäki anyklanan ätiýaçlyklary bilen deňeşdirilende 1400 esseden hem köpräkdir.

B.S. Zaloginiň (1983, s. 44–45) ýazmagyna görä, magniniň ilkinji tonnalary 1916-njy ýylda Angliýada deňiz suwundan alnypdyr. Häzirki döwürde dünýä ummanlary ýer ýüzünde öndürilýän magniniň 40%-den gowragyny berýär. Bu metala bolan islegiň ýarysyny Angliýa deňiz suwundan alýar. Bu önümçilik ABŞ-da, Fransiýada, Italiýada, Kanadada, Meksikada, Norwegiýada, Tunisde, Ýaponiýada, GFR-de we beýleki döwletlerde hem ösen. ABŞ özüniň bu metala bolan isleginiň 80%-inden gowragyny deňiz suwlarynyň hasabyna öndürýär.

Kaliý duzuny deňiz suwundan öndürmeklik birinji jahan urşy ýyllarynda başlapdyr. Şol wagtlar Strasburg we Elzas ýataklary dünýäde öndürilen kaliniň 97%-ni beripdirler. Emma olary Germaniýa basyp

alypdyr. Şonuň üçin kaliý duzuny Ýaponiýa we Hytaý deňiz suwundan öndürip başlapdyrlar. Soňra beýleki döwletlerde bu iş senagat möçberinde ýola goýulýar.

Deňiz we umman suwlaryndan brom almaklyk ABŞ-da, Angliýada, Ýaponiýada, Kanadada, Argentinada, Hindistanda we başgada köp döwletlerde ýola goýlan. Brom öndürýän zawodlar, sarp edijiniň islegine görä, onuň her hili birleşmelerini cykarýarlar.

Deňiz suwundan uran magdanyny öndürmek boýunça Ýaponiýa uly işler alyp barýar. Bu mesele boýunça tehnika we tilsimat meseleleri Angliýada, Germaniýada hem işlenip düzülýär.

Deňiz we umman suwlaryndan her hili duzlary öndürmek hakynda gürrüň edilende Garabogazgol aýlagyny ýatlaman geçmezlik mümkin däl. Bu aýlagyň jümmüşinde mirabilit duzlarynyň örän uly ätiýaçlyklary bar. Oňa Hazar deňziniň suwunyň gelmegi bilen tebigy ýagdaýda duz emele gelýär. Aýlagda natriý sulfatyndan ($Na_2SO_4$) başga-da magniý, stronsiý, rubidiý, bor we birnäçe seýrek dusýan elementler bar. Bu ýerden 1924-nji ýyldan başlap natriý sulfaty alnyp başlandy. «Garabogazsulfat» kombinaty natriý sulfatyndan başga-da epsomiti (kükürtturşy magnini), bişofiti öndürýär. Garabogazyň çig mallaryny aýna zawodlary, ýeňil, reňkli metallurgiýa, himiýa we dokma kärhanalary peýdalanýarlar.

Dünýäniň köp döwletlerinde içmäge ýaramly derýa, çeşme suwlarynyň ýoklugy sebäpli ýerasty we käriz suwlaryny ulanýarlar. Senagatyň we oba hojalygynyň ösmegi bilen deňiz we umman suwlaryndan peýdalanmaklyk hem ýola goýulýar.

M.B. Kolodiniň we M.A.Sungurowanyň (1982, s. 42-52) ýazmaklaryna görä, deňiz we umman suwlarynyň duzuny aýryp içmäge ýaramly suwlary öndürmek 1872-nji ýylda Çilide Atakama çölünde Günüň energiýasyny peýdalanyp amala aşyrylypdyr. Deňiz we umman suwlarynyň duzuny arassalamaklyk köp möçberde elektrik energiýasyny talap edýär. Şol sebäpli köp döwletlerde deňiz suwuny arassalamak işlerini kuwwatly ýylylyk ýa-da atom elektrik stansiýalarynyň ýanynda gurýarlar. 1973-nji ýylda Gazagystanda Aktau (öňki Şewçenko) şäherinde atom elektrik stansiýasynyň ýanynda Hazar deňziniň suwuny arassalap, gije-gündizde 120 müň

kub m içmäge ýaramly suwy öndürip başladylar. Hazar deňziniň suwuny arassalap içmäge ýaramly suwy öndürmek üçin şol ýyllarda Türkmenbaşy şäherinde (33 müň kub m öndürijilikli) suw arassalaýan zawod işe girizildi. Şular ýaly zawodlaryň birnäçesi Kuweýt, Ysraýyl, Saud Arabystany, Katar, Birleşen Arap Emiratlary, Alžir, Liwiýa, Tunis we Orta ýer deňiz kenary, Garyp deňziniň kenarýaka, Aziýa we Afrika döwletlerinde, Awstraliýada ýerleşýärler.

Öň belläp geçişimiz ýaly, gury ýerde gazylyp alynýan ähli himiki elementler dünýä ummanlarynyň suwunda we düýbünde hem bar. Ýöne olary gazyp almak özboluşly tehnikany we tilsimatlary talap edýär. Deňizleriň, ummanlaryň kenarýakalaryna golaý ýerleşen magdan gorlary geçen XX asyryň ortalaryndan bäri gazylyp alynýar. Suwasty magdanlary gazyp almaklygyň özboluşly aýratynlyklary bar. Ol magdanlaryň köpüsi gury ýerden derýa suwlary arkaly getirilip, deňiz suwlary tarapyndan arassalanan görnüşinde hem duş gelýärler. Olary gazyp almak üçin gury ýerde edilişi ýaly, ýol (awtomobil we demir), ýerzemin (şahta) gurmak hem-de magdanyň üstüni açmak, ýer ätiýaçlygyndan aýratyn ýer bölüp bermek aladalary aradan aýrylýar. Häzirki wagtda deňizleriň, ummanlaryň ýalpak kenarýakalarynda uly bolmadyk tebigy we emeli döredilen adalarda gurlan 200-e golaý şahtalarda, magdan känlerinde her hili gazma baýlyklary gazyp almak işleri amala aşyrylýar. Kenarlara ýakyn gury ýerlerde gurlan şahtalaryň kömegi bilen köp ýyllardan bäri Angliýada, Ýaponiýada, Kanadada, Çilide, Täze Zelandiýada, Awstraliýada we başga-da birnäçe döwletlerde kömür gazyp alynýar.

Suwasty şahtalarda demir magdanyny Ýaponiýanyň Kýusýu adasyndan, Kanadanyň Gudzon aýlagyndan we Nýufaundlend adasyndan, Finlýandiýanyň Fin aýlagyna girilýän ýerden (Stur-Ýussar, Aland adalary), Fransiýanyň Serbur şäheriniň günortasyndan gazyp alýarlar, Russiýanyň Azow, Ak, Karsk, Ýapon deňzi, Sahalin, Çukotka, Kamçatka kenarýakalary demre baý hasaplanýar.

Deňizleriň, ummanlaryň gury ýer kenarýakalarynda we duýplerinde belli bir çuňlukda gatlaklaryň aşagynda gümmez görnüşli dürli hili duzlar bar. Ol duzlar Meksika, Pars aýlaglarynda, Gyzyl deňzinde, Hazar deňziniň demirgazygynda, Afrikanyň, Ýewropanyň, Ýakyn Gündogaryň kenar ýakalarynda natriý, kaliý, magniý duzlary we gips

tapylypdyr. Geçen asyryň ortalaryndan bäri Meksika aýlagynyň demirgazygyndan Grand-Aýl käninden kükürt gazylyp alynýar.

Deňizleriň, ummanlaryň kenarýakalaryndaky getirintgilerinden agyr minerallary we metallary (ilmenit, rutil, sirkon, monasit, kassiterit, magnezit, altyn, platina, almaz, tantal-niobitler, mis we başga-da birnäçe magdanlar) gazyp alýarlar. Altyn, kassiterit (galaýy), almaz getirintgi üýşmekleri, olaryň gazylyp alynýan ýerlerine golaý ýerlerde duş gelýärler.

Kenarýaka getirintgilerden XIX asyryň aýagyndan bäri galaýynyň çig malynyň gazylyp alnanlygy mälim. Häzirki wagtda ilmenit (titan), sirkon, monasit çägelikleri ABŞ-nyň (Karolina, Florida ştatlarynda), Şri-Lankanyň, Braziliýanyň, Awstraliýanyň, Täze Zelandiýanyň, Hindistanyň, Indoneziýanyň, Malaýziýanyň, Taýlandyň, Mýanmanyň we beýleki döwletleriň kenarýaka getirintgilerinden gazylyp alynýar.

Titan-magnetit we magnetit magdanlary Tokio aýlagynyň, Honsýu adasynyň kenarýaka getirintgilerinden alnyp, ätiýaçlygy 2 mlrd t ýetýär. 1967-nji ýyldan bäri Täze Zelandiýanyň Demirgazyk adasynyň kenarýakasynda ýerleşen demirli çägeler gazylyp, metallurgiýa zawodynda ulanylýar. Titan-magnetit magdanlary Russiýada Gara deňiz we Kuril adalarynda Iturup adasynyň kenarlaryndan hem alynýar.

Indoneziýanyň, Malaýziýanyň, Taýlandyň, Mýanmanyň kenarýakalary «Galaýy guşaklygy» diýip atlandyrylýar. Malaýziýada, Taýlandda, Indoneziýada gazylyp alynýan galaýylar ABŞ-a we Ýaponiýa eksport edilýär. Bering deňziniň (Alýaska ştaty) Sýuord ýarym adasynyň kenarýakasynda, Enwil-Krik derýasynyň guýýan ýerinde Nom şäheriniň we Iýunim adasynyň golaýynda 1964-nji ýyldan başlap suwuň astyndan altyn saçyndylaryny gazyp alypdyrlar. Ol ýerlerde bir kub metr getirintgi jynslardan 15–260 grama çenli altyn öndürilipdir (Bogolepow we Çikow, 1976). Alýaskada Gudnýus aýlagynda (rusçadan terjime edilende «Hoş habarlar»), ABŞ-da ýeke-täk, platina gazylyp alynýan ýer 1935-nji ýylda açylypdyr. Şol ýerden 1969-njy ýylda 933 kg platina öndüripdirler (Ýanow we Haýkin, 1978, s. 13).

Afrikanyň günorta-günbatar kenarýakalarynda 1961-nji ýyldan bäri Oranžewaýa derýasynyň guýýan ýerinde, Plum-Pudding adalarynyň golaýynda bezeg-ýuwelir işleri üçin almaz gazyp alýarlar. Suwasty almaz känleri Afrikanyň gury ýerdäki känlerine garanda 3 esse baý hasaplanýar. 1964-nji ýylda suwastyndan 290 müň karat almaz alypdyrlar (Экономическая география Мирового океана, 1979, c. 118)

Baltika deňzi kenary döwletlerinde (Polşa, GFR, Estoniýa, Latwiýa, Litwa) deňiz getirintgilerinden ýantar gazylyp alynýar. Deňizleriň we ummanlaryň kenarýakalary gurluşyk üçin çig mallara (daşyň dürli görnüşlerine, balykgulaklara, çägä) örän baý hasaplanýar. Kenarýaka döwletleriň köpüsi ol baýlyklary ulanýarlar.

Deňizlerde we ummanlarda özünde fosfory saklaýan magdanlar Kaliforniýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Filippin, Ýapon, Marokko, Gwineýa, Angola, Günorta Afrika respublikasy, Madagaskar, Sokotra, Argentina, ABŞ-nyň kenarýakalarynda we umman düýplerinde 50–2500 m çunluklarda bolup, onuň 3100 mlrd t ätiýaçlyklary bar (Bogolepow, Çikow, 1976). 1968–1970-nji ýyllarda «Witýaz» ylmy-barlag gämisinde işlän sowet hünärmenleri Ýuwaş ummanda Marşall adalarynyň golaýynda Markus-Nekker suwasty gerişleriň üstünde, ini demirgazykdan günorta 5500 km, günbatardan gündogara 3500 km aralykda, suwuň üstünden 1000–2500 m çuňlukda, özünde fosfory saklaýan magdanly ýerleri tapypdyrlar.

Demir-marganes birleşmeleri Baltika deňzinde (100 mln t, şondan 14 mln t demir, 9 mln t marganes), Ýuwaş ummanda iki zonada: demirgazykda Gündogar-Marian çöketliginden bütin ummanyň içi bilen Albatros suwasty beýikligine çenli; günorta bölegi Günorta çöketlikden Kuk, Tubuay, Gündogar Ýuwaş umman adalaryna çenli aralygy öz içine alýar. Şol ýerlerde birleşmeleriň atiýaçlygy 3400 mlrd t (şondan 710 mlrd t marganes, 230 mlrd t nikel, 10 mlrd t kobalt, 15 mlrd t mis) ýetýär (Экономическая география мирового океана, 1979, c. 120). Şular ýaly demirli-marganesli birleşmeler Hindi we Atlantik ummanlarda hem bar.

Meýdany 100 mln inedördül km-den geçýän umman düýplerinde galyňlygy 200 metre ýetýän gyzyl toýunlar ýerleşýärler. Olaryň düzü-

minde 15–25% alýuminiý, 13% demir okisi, başga-da marganes, mis, nikel, wanadiý, kobalt, gurşun bar. Gyzyl toýunlaryň umumy ätiýaçlygy 10000 trln t-dan hem geçýär. Olaryň üstüne her ýylda 500 mln t toýun çökýärmiş. Olardan başga-da 128 mln inedördül km ýerde umman düýplerinde hekli, kremnili toýunlar bolup, olarda hekiň ätiýaçlygy – 10000 trln t, kremniniň – 10 trln t diýip çaklanylýar. ABŞ-da 1000 m çuňlukdan hekli toýunlary gazyp alyp, Portland semendi öndürmek üçin ulanýarlar.

Ylmyň-tehnikanyň ösmegi bilen soňky ýyllarda dünýä ummanlarynyň çig mal baýlyklaryna bolan isleg-höwes artýar. Ummanlaryň çig mal baýlyklaryny özleşdirmeklik käbir döwletlerde önümçilik zerurlygy, käbirleri üçin ykdysady taýdan amatlylygy bilen düşündirilýär.

Belläp geçişimiz ýaly, dünýä ummanlary we deňizleri çig mal baýlyklaryna örän baý. Ýapon hünärmenleriniň hasaplamalaryna görä, çig mal baýlyklarynyň anyklanan gorlary häzirki ulanylyşynda ulanylsa, mis magdanynyň ätiýaçlyklary 2000 ýyla, nikel – 70 müň, marganes – 140 müň, kobalt magdany – 420 müň ýyla ýeter diýip çak edýärler (Новиков, 1976, с. 50).

Ýer togalagynyň gury ýer böleginde we ummanlarda gazylyp alynýan baýlyklaryň köplügine garamazdan, olary hojalykda tygşytly peýdalanmak ýerde ýaşaýan her bir raýatyň mukaddes borjy hasaplanýar. Şu mynasybetli Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden döwletimiziň tebigy baýlyklaryny goramak we tygşytly peýdalanmak barada birnäçe kararlar we kanunlar kabul edildi. Tebigy baýlyklaryň gazylyp alynýan ýerlerinde olaryň hemmetaraplaýyn işlenmekligini ýola goýmagy her bir hünärmen we onuň işleýän kärhanasy aladasyny etse, Ýer ýüzüniň ekologik ýagdaýy häzirkiden has gowulaşar. Tebigy çig mallary çuňňur işlemek döwletlerde ylmyň we tehnikanyň ösüşine bagly bolup durýar. Bazar ykdysadyýetine geçýän ähli döwletlerde, kärhanalarda öňki köne tilsimatlary, enjamlary täzelemek işleri amala aşyrylýar. Şu çäreler hem tebigy baýlyklary hojalykda tygşytly ulanmaklyga uly ýardam edýär.

EDEBIÝAT


*Боголепов К.В., Чиков Б.М.* Геология дна океанов. Москва, 1976.

*Величко Е.А.* и др. За рудой в глубины океана. Москва, «Недра», 1980.

*Воронцов А.И., Харитонова Н.З.* Охрана природы. Москва, «Высшая школа», 1977.

BP Statistical Rewiew of World Enerjy, Iune 2010.

*Залогин Б.С.* Океан человеку. Москва, «Мысль», 1983.

*Колодин М.В., Сунгурова М.А.* Состояние и перспективы обводнения, водоснабжения пустынь. Ашхабад, «Ылым», 1982.

*Кузнецов А.П.* География населения и хозяйство Мира. Москва, «Дрофа», 1998.

*Мирлин Г.А.* Земля, её недра и минеральные богатства. В книге: Страны и народы. Земля и человечество. Глобальные проблемы. Москва, «Мысль», 1985.

*Новиков Э.А.* Человек и литосфера. Ленинград, «Недра», Ленинградское отделение, 1976.

*Родобедов Н.С.* Природные ресурсы Земли и охрана окружающей среды. Москва, «Недра», 1985.

*Родзевич Н.Н., Пашканг Н.В.* Охрана и преобразование природы. Москва, «Просвещение», 1986.

*Родионова И.А., Бунакова Т.В.* Экономическая география. Москва, «Дрофа», 1999.

*Родионова И.А.* Макрогеография промышленности Мира. Москва, «Московский лицей», 2000.

*Судо М.М.* Кладовые Земли. Минеральное сырьё и экономика. Москва, «Знание», 1987.

*Фёдоров Э.К.* Экологический кризис и социальный прогресс. Москва, «Гидрометеоиздат», 1977.

*Хачатуров Т.С.* Экономика природопользования. Москва, «Экономика», 1982.

*Hudaýýarow M., Çaryýew B.Ç.* Gazylyp alynýan baýlyklary tygşytly ulanmak meselesi. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, № 12, 2003, sah. 29-32, № 4, 2004, sah. 26-31 (türkmen, rus we iňlis dillerinde).

Экономическая география Мирового океана. Ленинград, «Наука», 1979.

*Янов Э.Н., Хайкин М.С.* Минеральные ресурсы Мирового океана, их использование и охрана. Ленинград, 1978.

*Юсупов Х.* Страницы истории Туркменистана с древнейщих времён до арабского завоевания. Москва, «Ориент-Пресс», 1977.

Ядерная энергия. Интернет, 2003.

## VII.7. EKOLOGIÝA MESELELERI (PROBLEMALARY)

### 7.7.1. Ekologiýa problemalarynyň döremeginiň sebäpleri

Ylmy-tehniki progres öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň ösüşine täsir edip, şol bir wagtyň özünde adamzadyň eşretli zähmet çekmegine we dynç almagyna getirýär. Köp ýyllaryň dowamynda ylmy-tehniki açyşlar edilende, olaryň netijesi hojalyga ornaşdyrylanda tebigy sreda, ekologik şertlere täsir eder dýip pikir edilmeýärdi. Ylmy açyşlaryň we zawod-fabrikleriň gurluşygynyň taslamasynda arassalaýjy desgalar göz öňüne tutulmady. Şol açyşlar we taslamalar tebigata häzirkisi ýaly täsir eder diýip hiç kimiň pikirine-de gelmeýärdi. Netijede, dünýäniň köp ýurtlarynda gurlan we işleýän zawod-fabrikleriň, transport serişdeleriniň, oba hojalyk pudaklarynda ulanylýan himikatlaryň tebigata edýän täsirleri has güýçlenip ugrady. Tebigata (ýere, howa we suwa) zyňylýan zyňyndylaryň tebigatda himiki maddalaryň aýlanyşygyna düşüp, dünýäniň hemme ýerine ýaýraýandygy äşgär edildi. Ýewraziýada we Amerika materiklerinde ekerançylyk meýdanlarynda ulanylan himiki serişdeleriň käbir görnüşleri (pestisidler) Atlantik, Ýuwaş, Hindi ummanlarynyň suwlary bilen Dünýäniň hemme ýerlerine aýlanyp, Antarktida materiginde ýaşaýan pingwinleriň iýýän iýmitleriniň üsti bilen olaryň bedenlerine aralaşypdyrlar. Olary ylmy maksat üçin tutup, bedenini barlap görseler, pestisidler tapylypdyr.

Demirgazyk Amerikada, Ýewropada senagatly raýonlaryň atmosfera zyňýan zyňyndylaryndan müňlerçe kilometr daşlykda ýerleşýän döwletler we olaryň ýaşaýjylary ezýet çekýärler. Çernobyl AES-iň bloklary ýarylanda atom radiasiýalary Ýewraziýanyň köp ýerlerine ýaýrady. Hindistanda ösdürilip ýetişdirilen pomidorlaryň hasylyna onuň täsiri ýetdi diýen maglumatlara edebiýatda gabat ge-

lindi. Tebigata we onuň ýaşaýjylaryna uly zyýan ýetirdi. Diýmek, döwletleriň arasynda resmi araçäk bar hem bolsa, tebigatda beýle araçäk ýok. Tebigatda, adamzadyň hojalyk işlerinde bolup geçýän hemme hadysalar biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly.

Ekologiýa problemalaryň köpüsi bütindünýä häsiýetlidir. Adamzadyň hojalyk işleri netijesinde atmosfera, gidrosfera zyňylýan hapalar ýer şarynyň, şol sanda, atmosferanyň howasynyň hereketi boýunça birnäçe döwletlere zyýan berýärler. Öň belläp geçişimiz ýaly, bu ýagdaýlar döwletleriň arasynda gury ýerde araçäk bolsada, tebigatda araçägiň ýokdugyny subut edýärler. Atmosfera, gidrosfera we litosfera zyňylýan hapalar ählumumy sirkulýasiýa hem-de jisimleriň biogeohimiki aýlanyşy boýunça dünýäniň hemme ýerlerine ýaýraýarlar. Bu problemany çözmekde ilatyň bellibir jemgyýetçilik guramalarynyň, synpy toparlaryň, sebitleriň, döwletleriň, sosial-ykdysady sistemalaryň arasynda gapma-garşylyklaryň ýüze çykýan wagtlary hem bolýar. Netijede, ekologiýa problemalary ylmy jähtden çykyp, çözgüde mätäç bolýarlar. Şol sebäpli ähli döwletlerde ýokary we orta okuw jaýlarda talyplar üçin ekologiýanyň esaslaryny hem-de tebigaty goramagy okatmagyň we öwrenmegiň örän uly ähmiýeti bar. Ol umumy dünýewi we ýörite ylmy garaýyşlary we bilimleri berýän ders hasaplanylýar. Ol tebigy, ykdysady, tehniki ylymlar bilen ýakyn aragatnaşyk esasynda talyplara öz saýlap alan hünärleri boýunça ekologiýa hem-de tebigaty goramak barada gerekli düşünjeleri berýär. Ondan başga-da durmuş-ykdysady geografiki nukdaýnazardan ylmy-barlag işlerini geçirmekligiň ýollaryny öwredýär. Ekologiýa biziň günlerimizde senagaty, oba hojalygyny, transporty, hyzmat ediş gullugyny we halk hojalygynyň beýleki pudaklaryny ösdürmek hem-de ýerleşdirmek babatynda goraýyş çärelerini işläp düzmekde teoretiki esas bolup hyzmat edýär.

XX asyrda ekologiýanyň gazanan esasy üstünlikleriniň biri hem adamzat jemgyýeti bilen tebigatyň dünýewi birligini subut we berkarar edenligidir. Adamzadyň tebigatdan rüstem çykmak, tebigy şertleri düýbünden üýtgetmek, tebigy baýlyklary bisarpa ulanmak işlerinden el çekip, tebigy prosesleriň kadalaşdyrylmagyna ýardam etmek, resurslary tygşytly peýdalanmak, goramak we baýlaşdyrmak

ýaly düşünjeleriň döräp, bu babatda anyk wezipeleriň durmuşa geçirilýänligidir.

Mundan onlarça ýyllar ozal akademik W.I.Wernadskiý biosferanyň ösüp «Noosfera», ýagny akyl-paýhas älemine öwrüljekdigini öňdengörüjilik bilen ýazypdy. Biosferanyň hem-de adamzat jemgyýetiniň ösüşini göz öňüne tutanyňda, esasy zada, ýagny olarda bolýan özgerişleriň, umuman, tehnikanyň we oňa erk ediji adamzadyň täsirinde bolup geçýändigine göz ýetirse bolýar. Şonuň üçin adamzadyň geçirýän işleriniň täsirinde tebigatda ýüze çykýan özgerişlerdir üýtgemeleriň halk hojalygynyň ösüşine, ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlaryna hem-de tutuş biosfera ýetirilýän zyýanlary talyplara hemme taraplaýyn açyk düşündirmek we ekologiki heläkçilikleriň öňüni almak çärelerini öwretmek döwrümiziň örän derwaýys meselesi bolup durýar.

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny alaly bäri adamyň tebigy sreda ýetirýän täsirini kadalaşdyrmak üçin uly mümkinçiliklere ýol açyldy. Tebigy baýlyklarymyzy maksadalaýyk we halk bähbitleri üçin peýdalanmakda edilýän işler nusga alarlyk başlangyçdyr. Ýurdumyzyň ösüşiniň ylmy-syýasy konsepsiýalarynda ähli senagat pudaklarynyň tebigy sreda üçin zyýansyz we howpsuz bolan täze tehnikalar bilen doly durkunyň täzelenmegine, täze gurulýan kärhanalaryň bolsa ekologik talaplaryň kadalaryna laýyk bolmalydygyna uly üns berilýär. Garaşsyzlyga çenli ýer-suw resurslarynyň bisarpa ulanylandygy, ýerleriň toprak-melioratiw we ekologik ýagdaýynyň ýaramazlaşandygyny, öndürilýän önümleriň hiliniň peselendigini bellemeklik ýeterlikdir. Öňde durýan esasy wezipeler topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, oba hojalyk we senagat önümleriniň öndürilişini artdyrmak, tebigy şertleri we resurslary tygşytly peýdalanmak we ş.m. ybaratdyr.

Dünýäniň köp döwletlerinde adamzadyň saglygyny önümçilik we tebigy betbagtçylyklardan goramak üçin ýörite «Adatdan daşary situasiýalar» ministrlikleri, guramalary döredýärler. Sebäbi soňky ýyllarda transport heläkçiliginden, suw joşmagyndan, ýer titremeginden, daglarda gar süýşmeginden we daş gaçmagyndan, deňizleriň, ummanlaryň golaýynda ýaşaýan oba we şäher adamlary suw heläkçi-

liklerinden (sunami, daşgynlar, passat akymlary) uly zyýan çekýärler. Seýsmiki raýonlarda ýygy-ýygydan ýer sarsgynlary, titremeleri bolup durýar. Bu tebigy we antropogen hadysalar köp sanda adamzat heläkçiligine getirýär. Şonuň üçin geljekde adamzat howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ýokary okuw mekdeplerinde talyplara ekologiýa problemalary öwretmek, geljekde şu ugurlar boýunça ykdysady geografik taýdan ylmy iş alyp barmaklygyň ýollaryny düşündirmek zerur hasaplanylýar.

Häzirki döwürde adamzadyň sanynyň we onuň tehniki serişdeleriniň hiliniň artmagy sebäpli onuň ýaşaýyş meýdany giňelýär. Tebigy şertleriň agyr, kyn we çylşyrymly raýonlarynda, şäherlerde hem ilat ýaşaýar. Adamzat şol kyn tebigy şertlere hem ylmyň-tehnikanyň gazananlaryna daýanyp ýuwaş-ýuwaş uýgunlaşýar. Şeýlelikde, tebigat-adamzat-tehnologiýa diýilýän aýrylmaz arabaglanyşykly ulgam emele gelýär. Köp ilatly we senagatly şäherlerde özboluşly ekologiýa ýagdaýy döreýär. Janly organizmleriň ýaşaýyş şertleri üýtgeýär we çylşyrymlaşýar. Guşlaryň we beýleki janly organizmleriň sany azalýar. Şäheriň atmosfera howasy hapalanýar, sesiň möçberi artýar. Senagat kärhanalarynda özboluşly ekologiýa ýagdaý (temperatura, çyglylyk, mehanizmleriň sesi ýa-da güwwüldisi, ýagtylyk möçberi) emele gelýär. Şonuň üçin ekologiýa problemalary öwrenmekde ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslary dersiň öňünde şu aşakdaky wezipeler durýarlar:

– adamzat jemgyýetiniň täsiri netijesinde biosferada we onuň tebigy ulgamlarynda (atmosferada, gidrosferada we litosferada) bolup geçýän özgerişleri we ýaşaýşa zyýansyz edip gurnamaklygynyň kanunalaýyklyklaryny öwrenmek;

– adamyň we beýleki janly organizmleriň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak maksady bilen biosferada bolup geçýän hadysalary öwrenmek we hojalyga ýaramly bolar ýaly edip dolandyrmak;

– adamyň hojalyk işi netijesinde tebigatda boljak özgerişleri öňünden bilmek we çaklamasyny (prognozyny) düzmek;

– mümkin boldugyndan her bir tebigy toplumyň (landşaftyň) ekologik ýagdaýyny we mümkinçiligini hasaba almak;

– tebigy resurslary tygşytly peýdalanmaklygyň ylmy konsepsiýasyny işläp düzmek;

– tebigy resurslary, çig mallary senagat kärhanalarynda hemmetaraplaýyn we doly işlemek;

– ekologiýa ýagdaýy gowulandyrmak üçin ylmyň we tehnikanyň gazanan üstünlikleri esasynda tebigata zyýansyz döredilen tehnologiýany hojalyga ornaşdyrmak;

– hojalyk hapalaryny we zyňyndylaryny täzeden işläp bilýän tehnologiýany durmuşa ornaşdyrmak;

– tebigy çig mallary, elektrik we ýylylyk energiýasyny az sarp edýän tehnologik sistemalary döretmek we hojalykda ulanmak;

– goraghanalarda we gorag zonalarda ylmy-barlag işleri giňeltmek, janly organizmleriň daşky sreda bilen arabaglanyşygyny öwrenmek;

– ýabany haýwanlary awlamaklygy, balyk tutmaklygy, agaçlary çapmaklygy, derman ösümlikleri ýygnamaklygy hojalyk esasynda alyp barmak we guramak;

– janly organizmleriň köpeliş prosesini (populýasiýasyny) kadalaşdyrmak;

– ekinlere zyýan beriji mör-möjeklere garşy ulanylýan himiki serişdeleri ýylsaýyn azaltmak we olaryň ýerine biologik usullary ulanmak;

– iýmit üçin ekilýän ekinlere berilýän himiki dökünleri kanagatlandyryp, organiki we ýerli dökünleri köpräk ulanmak;

– adamzat we tebigat tarapyndan biogeosenozlara salynýan agramyň möçberini kadalaşdyrmak we düzgüne getirmek;

– halk hojalyk kärhanalarynyň tebigata ýetiren zyýanlaryny (karýerler, uly çukurlar, taşlanan köne ýaplar, zeý kanallar, şorlaşan we arryklan ýerler, hasylsyz öri meýdanlar) düzedip, täzeden hojalykda ulanmak;

– şäherlerde we obalarda ýaşaýyş jaýlaryny uly ulag gatnawly köçelerden we zawod-fabriklerden daşrakda ýerleşdirmek, aralaryna tokaý zolaklaryny ekmek;

– ähli kärhanalarda önümçilik we iş prosesini adamlaryň saglygyna (nerw ulgamyna, psihikasyna) zyýan bermez ýaly edip guramak;

28. Sargyt № 2076

– tebigatda bolup geçýän hadysalary, kanunalaýyklyklary bilmezden gurluşyk işleri alyp barmazlyk;

– islendik guruljak kärhananyň baş taslamasyny, çyzgysyny ekologiýa (ylmy-barlag we jemgyýetçilik) ekspertizasyndan geçirmeklik;

– janly tebigatyň genefonduny goramak we hökmany suratda saklap galmak zerurdyr.

### 7.7.2. Litosferanyň, gidrosferanyň, atmosferanyň hapalanyşy

Häzirki zaman ekologiýasynyň esasy wezipeleriniň biri-de ylmy-tehniki progresiň örän çalt we güýçli ösýän döwründe biosfera (tebigy şertleredir proseslere, baýlyklardyr ätiýaçlyklara) zyýansyz bolan hem-de Ýer şarynda ýaşaýşy we adamzat siwilizasiýasyny uzak ýyllar dowam eder ýaly ylmy taýdan esaslandyrylan, tebigat bilen jemgyýetiň gatnaşyklarynyň täze ulgamyny işläp düzmekdir.

Tebigatda bolup geçýän hadysalaryň çylşyrymlydygyna garamazdan, olaryň öz-özüni dolandyrmaklygynyň entegem uly mümkinçilikleri bar. Şol mümkinçilikleri ýüze çykarmak üçin tebigatda bolup geçýän hadysalary çuňňur bilmeklik zerurdyr. Adamyň hojalyk işleriniň netijesinde tebigata salynýan agramy, onuň biosfera, janly organizmlere, şol sanda adamyň ýaşaýyş şertlerine we saglygyna edýän täsirini talyplara we ykdysady durmuş geografiýasynyň esaslaryny öwretmek arkaly doly düşündirip bolar.

Dünýä möçberinde halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň ösüşi we geljegi esasy ekologiki prinsiplere bagly bolup durýar. Ol prinsipler öndüriji güýçleriň ösüşiniň we ýerleşdirilişiniň esasynda ýokary hilli önüm öndürmek, Ýer şarynyň ilatynyň iýmit we senagat önümlerine bolan islegini kanagatlandyrmak, biosferanyň häzirki durkuny saklamak we tebigy prosesleri kadalaşdyrmak, ekosistemanyň deňagramlylygyny saklamak ýaly problemalary öz içine alýar.

Ýer şarynda ilatyň köpelmegi bilen tebigy resurslaryň peýdalanylyşy barha artýar. Halk hojalyk pudaklary ýöriteleşdirilýär we ösdürilýär. Syýasy we ykdysady ýagdaýlaryň üýtgemegi netijesinde tebigata bolan garaýyşlar we gatnaşyklar düýpgöter üýtgeýär. Ýer şarynda ýaşaýşyň geljegi, tebigat bilen jemgyýetiň gatnaşygy

we biosferanyň kanunalaýyklyklarynyň hem-de ekosistemalaryň deňagramlylygynyň saklanylmagy her bir işde esasy ýörelge bolmalydyr.

Arassalaýjy desgasy bolmadyk senagat pudagynyň gurulmagy bilen tebigy sreda we onuň komponentlerine edilýän täsir ýyl geçdigiçe güýçlenýär. Senagat taýdan ösen döwletlerde transportyň ähli görnüşleri we arassalaýjy desgalary bolmadyk zawodlar, fabrikler atmosferany, gidrosferany we litosferany hapalaýarlar. Bu ýagdaý Günbatar Ýewropa, Demirgazyk Amerika ýurtlary, Russiýanyň, Ukrainanyň, Belorussiýanyň senagatly raýonlary üçin häsiýetlidir. Haýsydyr bir döwletiň çäginde atmosfera, gidrosfera hapalansa, ondan şol döwletiň we goňşy ýurtlaryň tebigaty we ilaty zyýan çekýär. Meselem: Germaniýanyň zawodlarynyň we fabrikleriniň zyňyndylary Polşanyň, Norwegiýanyň, Şwesiýanyň, Finlýandiýanyň, Baltika döwletleriniň we Belorussiýanyň çäklerine aralaşýar. «Kislotaly ýagynlar» bolup, ol döwletleriň ekerançylyk meýdanlaryna, tokaýlaryna, jaýlaryna, elektrik we aragatnaşyk ulgamlaryna uly zyýan ýetirýärler. Şol zyňyndylaryň belli bir bölegi atmosferanyň «ozon gatlagyna» hem täsir edýär.

Gazylyp alynýan baýlyklaryň çykarylýan ýerlerinde litosfera hapalanýar. Nebit prowodlary käwagtlar sandan çykýar. Ummanlarda nebit tankerleri awariýa sezewar bolýarlar. Şeýlelikde, dünýä ummanlaryna we nebit geçirijileriniň deşilen ýerlerinde (mysal üçin, Meksika aýlagy, 2010-njy ýyl) litosfera hem uly zyýan ýetirilýär.

Şonuň bilen birlikde ilatyň gür ýerleşen we oba hojalyk işleri alnyp barylýan gurakçylyk raýonlarynda, suwarymly ekerançylygyň alnyp barylýan derýa jülgelerinde we basseýnlerinde ýeke-täk ekin (pagta, bugdaý we ş.m.) ekilýän ýerlerde tebigata az zyýan ýetirilmeýär. Munuň şeýledigine Orta Aziýanyň, Hytaýyň, Hindistanyň we beýleki döwletleriň mysalynda göz ýetirmek bolýar.

### 7.7.3. Kislotaly ýagyşlaryň döreýiş problemalary

Alymlaryň hasaplamalaryna görä, bir gije-gündizde 20 mln t uglewodorod çig mallary transport serişdeleri we elektrostansiýalary tarapyndan ulanylýar. Käbir hasaplamalara görä, soňky 40 ýylyň içinde

dünýäde 300 mlrd t gowrak uglewodorod ýakylypdyr. Howa basseýne astronomiki möçberde kömürturşy gazyň düşendigini göz öňüne getirmek kyn däl. Atmosfera zyňylýan kömürturşy gaz howanyň bulutly we ýagyşly günleri troposferada suw buglary bilen birleşip ($H_2CO_3$), kömür kislotasyna ýakyn ergini emele getirýär. Ol erginler ýagyşlar bilen bilelikde Ýeriň üstüne ekin meýdanlarynyň, tokaýlaryň, gurlan ymaratlaryň üstlerine kislotaly ýagyşlar görnüşinde düşýärler. Nebit arassalaýjy, himiki zawodlardan atmosfera zyňylýan kükürtli, fosforly we dürli himiki elementleri özünde saklaýan zyňyndylar troposferada suw buglary we ýagyş suwlary bilen birleşip ($N_2SO_3$, $N_2FO_3$ we beýlekiler), kislota häsiýetli erginleri döredýärler.

Hojalyk işleriniň täsiri netijesinde emele gelýän kislotaly ýagynlar belli bir ýerde ýa-da sebitde duýulman, eýsem dünýäniň senagat taýdan ösen döwletleriniň köpüsi üçin häsiýetlidir. Öň belläp geçişimiz ýaly, Antarktidada ýaşaýan pingwinleriň bedeninde DDT awusynyň we beýleki himiki elementleriň tapylmagy, oba hojalygynda ulanylýan himiki serişdeleriň, kislotaly ýagynlaryň derýa we ýerasty suwlaryň kömegi bilen ummanlara aralaşyp, beýleki dünýä böleklerine hem öz täsirini ýetirýändigine şaýatlyk edýär. Günbatar Ýewropanyň senagat taýdan ösen döwletleriniň hojalyk işleriniň täsiri tutuş Ýewraziýa materiginde atmosferanyň tebigy gaz düzümini üýtgetmek bilen çäklenmän, atmosferanyň umumy howa sirkulýasiýasyna hem goşulýar. Hapa suwlaryň ummanlara akdyrylyp, suwlaryň düzüminiň zaýalanmagy sebäpli ondaky balyklaryň we beýleki janly-jandarlaryň gyrylýan halatlary soňky ýyllarda has köp gaýtalanýar. Adamyň hojalyk işleriniň täsirinde ozon gatlagynyň zaýalanýandygyny alymlarymyz uly howsala bilen habar berýärler.

Soňky ýyllarda kislotaly we duzly ýagyşlaryň ýagýandygy hemmelere äşgärdir. Şeýle hadysalar senagat kärhanalarynyň atmosferany hapalaýan ýerlerinde köp ýüze çykýar. Munuň aýdyň mysaly Fransiýa, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Gollandiýa ýaly döwletleriň has ösen köp pudakly senagat kärhanalary bolup, olar şol ýerde atmosferany güýçli derejede hapalaýarlar. Dürli senagat kärhanalarynyň, ýylylyk elektrostansiýalarynyň azotly, kükürtli zyňyndylaryň, tüsse, bug görnüşinde atmosferanyň düzümine goşulyp, Baltika deňziniň golaýyndaky döwletlere – Ukraina, Belorussiýa, Russiýa Federasiýasyna

ýagynlar görnüşinde ýagýarlar. Şeýlelikde, atlary agzalan döwletlerde tokaý agaçlarynyň depeleri gurap başlaýarlar. Ekilýän ýerleriň toprak örtüginiň turşulaşmagy bolup geçýär. Gurlan desgalara (jaýlara, olaryň diwarlaryna tutulan mermer örtüklere, sungat ýadygärliklerine – skulprturalara, polat köprülere, elektrik geçirijilere) uly zyýan ýetirilýär. Kislotaly ýagynlar atlary agzalan ymaratlary ýuwaş-ýuwaşdan weýran edýärler.

Aral deňziniň suwunyň azalmagy sebäpli suwuň çekilip guran ýerlerinden ýelleriň kömegi bilen getirilen duzlaryň atmosferada agdyklyk etmegi bilen baglanyşykly duzly ýagyşlaryň ýagmagy kä ýyllarda Demirgazyk Türkmenistanda gaýtalanýar. 1994-nji ýylyň maý aýynyň 20-nde Demirgazyk Türkmenistanda ýagan ýagyş duzly bolup, agaçlaryň ýapraklaryna zyýan ýetiripdir. Bu sebitde tomus paslynda ýagýan ýagyşlar Aral deňziniň guran we ösümlikler bilen berkemedik böleginden tozaýan duzlar bilen birleşip, döwletimiziň öri meýdanlaryna we oba hojalyk ekinlerine zyýan berýärler.

### 7.7.4. Ozon gatlagynyň zaýalanmagy

Ozon – $O_3$ kislorodyň üç atomly birleşmesidir. Ozon grek sözi bolup, yssy diýen manyny berýär. Onuň ysy elektrik zarýadlarynyň utgaşmasy bolan halatynda döreýän ysa meňzeşdir. Ýyldyrym çakan wagtynda kadaly ýagdaýdaky elektrikleşme hem-de ultramelewşe şöhleleriniň kisloroda täsir etmegi netijesinde ozon döreýär. Atmosferanyň ýokary 25–30 km aralygyny ozon gatlagy tutýar. Ozon gatlagy Günden gelýän ultramelewşe şöhleleriniň esasy bölegini özünde saklap, arassalap Ýerde ýaşaýşy ol şöhlelerden goraýar.

Soňky ýyllarda halk hojalyk işleriniň täsirinde döreýän dürli gazlaryň we olaryň birleşmeleriniň mukdary atmosferada 10–15 prosent köpeldi. Netijede, ozon gatlagy Demirgazyk ýarym şaryň aram giňişliginde 8–10 we Antarktidanyň üstünde 50 % diýen ýaly ýukaldy diýip alymlar ýazýarlar. Ozon gatlagynyň 1% ýukalmagy adamlaryň derisiniň rak keselleri bilen kesellemegini 6% artdyryp biler. Ozon gatlagynyň ýukalmagy dowam etse, klimat birden üýtgeýär. Güýçli




**47-nji surat. 1985–2000-nji ýyllar aralygynda ozon gatlagynyň ýukalyşy**

yssynyň täsirinde erbet gurakçylyk döreýär. Belki, 2010-njy ýylyň iýun-iýul aýlarynda Demirgazyk ýarym şarda bolýan adatdan daşary yssy howalara ozon gatlagynyň ýukalmagy sebäpkärdir?! Ozon gatlagy ýukalsa, janly organizmleriň ýaşaýyş şertleri üýtgäp, olaryň kesellemek, gyrylmak howpy ýüze çykýar.

Atmosfera zyňylýan inert gazlary, freon, ftor, hlor, brom birleşmeleri we galogenler ozon gatlagyny dargadyjylardyr. Dürli sowadyjy gazlar, tüsseler we beýleki zyňyndylar bilen atmosferanyň hapalanmagy hem ozon gatlagynyň zaýalanmagyna sebäp bolýar *(47-nji surat)*. Diýmek, planetamyzyň ozon gatlagynyň zaýalanmagy we ýukalmagy adamzat jemgyýetiniň hojalyk işleriniň netijesi bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Şonuň üçin köp döwletler ozon gatlagyny dargadyjy elementleri we gazlary az ulanmak, olaryň peýdalanylyşyny 50% azaltmak barada ylalaşyk gazandylar. Emma hakykatda bolsa ony köp döwletler berjaý etmeýärler.

47-nji suratda 1985–2000-nji ýyllar aralygynda Antarktida materiginiň üstünde atmosferanyň ozon gatlagynyň ýukalyşy görkezilen. Onuň ýukalan meýdanynyň möçberi Amerikanyň Birleşen ştatlarynyň

tutýan meýdanyna garanda 3 esse (30 million inedördül km-e deň) köpelipdir. Adamzadyň geçirýän hojalyk işleri älem giňişligine-de öz täsirini ýetirip başlaýar. Şol täsir belli bir paýhasa we akyla esaslanyp, tebigy prosesleriň geçiş kanunalaýyklyklaryna doly düşünip, bütindünýä deňagramlylygyny saklamaga gönükdirilmelidir. Daşky sredany hapalaýan, atmosferanyň tebigy düzümini bozýan, ozon gatlagyny zaýalaýan işlerden düýpgöter el çekilip, biosfera üçin zyýansyz we howpsuz tehnologiýalar bilen çalşyrylmalydyr. Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygy iki tarap üçin-de bähbitli hem zyýansyz bolmalydyr.

### 7.7.5. Sebitara problemalaryň döremegi we olary çözmek

Aral krizisi – adamzat siwilizasiýasynyň taryhynda ilkinji gezek Ýer ýüzünde tutuş deňiz gurap, ýitip ýok bolup barýar. Bu ýagdaý tebigy proses netijesinde bolman, adamlaryň geçirýän hojalyk işleriniň tebigatyň kanunlaryny nazara alman, gaýtam onuň garşysyna gönükdirilmeginiň täsirinde ýüze çykdy. Ýagny, Ýer şarynyň altydan bir bölegini eýeleýän uly imperiýany – bütin SSSR-i pagta garaşsyzlygyndan dyndyrmak üçin işlenilip düzülen ýörite programma esasynda Aral deňzine guýýan derýalaryň suwlarynyň hemmesiniň diýen ýaly ekerançylyk üçin alynmagy sebäpli döredi. Hakykatyň hatyrasyna aýdylmaly zat, ol hem bolsa şeýle ýagdaýyň ýüze çykjakdygyny öňünden bilseler-de, ähli meseleleri Soýuz döwründe diňe Merkezden çözýärdiler *(48–49-njy surat)*.

Orta Aziýa respublikalarynda M. G. Glans we I. S. Zonnyň (2005) ýazmaklaryna görä, gowaça meýdanlarynyň 1,5–2,5 esse giňeldilip, Aral deňzine guýýan derýalaryň suwlarynyň ekerançylyga alynmagy netijesinde deňziň suwy 1961–1970-nji ýyllar içinde – 21 sm, 1971–1980-nji ýyllarda ortaça 58 sm, 1980-nji ýyldan başlap 1 metrden hem köp azalyp ugrady. Şeýlelikde, Aral deňziniň suwy häzirki wagtda 17 metr peselip, meýdany 50%-den köpräk kiçeldi (*49-njy surat*) we suwunyň möçberi 65%-den hem köp azaldy.




**48-nji surat. Aral deňziniň araçäkleri (1960-njy ýyl)**

Suwunyň ortaça duzlulygy 8 g/l bolanlygyndan 30 g/l-den hem geçýär. 34 görnüşli balyklaryň häzirki wagtda birisi-de ýokdur. Öň her ýylda 40 müň t gowrak balyk tutulýardy. Suwuň çekilmegi netijesinde guran 3 mln ga golaý ýerden her ýylda 150 mln t golaý duzlar dürli tarapdan öwüsýän ýeller bilen tutuş regiona ýaýraýar. Ak tozanyň goýy buludynyň täsirinde Aral deňziniň suduryny saýgaryp bolmaýandygyny kosmonawtlar ýazýarlar. Bu ýagdaýyň öňi alynmasa, wagtyň geçmegi bilen 500 km-lik Aralýaka zona köp mukdarda duz tozanlarynyň düşmegi mümkin.

Pagtaçylygyň ösdürilmegi bilen Orta Aziýa respublikalarynda mineral dökünleriň we zäherli himiki serişdeleriň dürli görnüşleri uzak ýyllaryň dowamynda köp mukdarda yzygider ulanyldy. Olaryň çakdan aşa artyk ulanylmagy netijesinde oba hojalyk önümlerinde we




**49-njy surat. Aral deňziniň 2003-nji ýyldaky ýagdaýy (kosmosdan alnan suraty)**

olardan taýýarlanýan iýmitlerde öz bolmalysyndan pestisidler – 15, nitratlar – 13, fenol –10, GHSG – 5 esse artykdyr. Her gektara her ýylda 60–65 kg zäherli himiki serişdeler hem-de 400–500 kg mineral dökünleriň berilmegi netijesinde ýer-suw resurslaryna öz täsirini ýetirdi. Cölleşmek prosesi güýçlendi. Soňky çärýek asyryň dowamynda bu regionda ösümlik we haýwanat dünýäsiniň 200 görnüşi diýen ýaly ýitip ýok boldy.

Soýuz döwründe Aral ýaka zonasynda 98% territoriýada suwlaryň mineralizasiýasy 3 esseden köpräk ýokarlandy. Amyderýanyň suwy onuň aşak akymynda bakterial taýdan 10 esseden hem ýokary derejede hapalandy. Regionyň ekologiki ýagdaýlarynyň ýaramazlaşmagy netijesinde bu zonada ýaşaýan ilatyň 74%-e golaýy dürli keseller

bilen kesellän adamlardyr. Wirus, bakterial, gepatit, rak we beýleki keseller giňden ýaýrap başlady. Çaga ölümi ýokarlandy. Adamlaryň ömrüniň dowamlylygy ortaça 60 ýaşa-da ýetmeýärdi. Şonuň üçin Aral ýaka zonasy BMG tarapyndan ekologiki heläkçilige düşen territoriýa diýlip yglan edildi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda bu zonada tutuş ýaşaýyş, ýagny ekologiki deňagramlylygy dikeltmek ugrunda BMG-niň ekspertleri işlediler. Aral ýaka zonasynda ýaşaýşy kadalaşdyrmak üçin ýörite «Ekofond» döredilip, köp döwletler ykdysady, maddy we ynsanperwerlik kömegini gaýgyranoklar.

Aral krizisiniň döremeginiň esasy sebäpleri ykdysady bähbitleriň öňe sürülmegidir. Häzirki wagtda bu zonada sosial, medisina, ekologiki we beýleki ýaşaýyş-durmuş şertlerini kadalaşdyrmak hem-de ýokarlandyrmak ugrunda örän köp işler geçirilýär. Bu babatda Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň ýolbaşçylygynda Türkmenistan tarapyndan geçirilýän çäreler we işler sebitde ekologiýa ýagdaýyň kadalaşmagyna köptaraplaýyn ýardam edýär. Demirgazyk Türkmenistanda ekologik meseleleri çözmek ücin döwletimiz köp işleri amala aşyrdy.

### 7.7.6. Tebigy sredanyň bütindünýä monitoring problemasy

Tebigatyň zaýalanyp, biosferada ýaşaýşyň kynlaşýandygyna göz ýetiren adamzat bu gün ony düzetmekligiň ýollaryny agtarýar. Biosferada ekosistemalaryň deňagramlylygyny dikeltmek, kadalaşdyrmak we tebigy durnuklylygyny saklamak üçin ekologik monitoringi guramaklygyň hem-de ony yzygider geçirmekligiň zerurdygyna doly göz ýetirildi.

**Monitoring** – iňlis sözi bolup, haýsy hem bolsa bir zada ýa-da hadysa gözegçilik etmegi aňladýar. Gözegçilik esasanda tebigy resurslaryň peýdalanylyşyna hem-de tebigaty goramaklyga, adamyň hojalyk işleriniň täsirleri netijesinde tebigatyň üýtgeýşini öz wagtynda bilip, hasaba almakdan we ol özgerişleri düzetmekden ybaratdyr. Şol sebäpden hem monitoring – sözi kämil jemgyýetde ýaşaýan köp sanly halklaryň dillerinde, öz asyl görnüşinde, üýtgedilmän ulanylýar.

Monitoring tebigy şertleriň, faktorlaryň, komponentleriň, resurslaryň, prosesleriň, ýagdaýlaryň hem-de beýleki hadysalaryň öwrenilişine görä ýerli (lokal), belli bir territoriýa (regional), dünýä möçberinde (global) we biosfera monitoringi diýlip bölünýär. Şol bir wagtyň özünde monitoring gözegçilik hem-de öwreniş usullary boýunça awiasiýa we kosmiki, ýagny arşdan, uzak aralykdan gözegçilik etmek; biologik ösümlikleriň we haýwanlaryň belli bir görnüşleriniň ýagdaýyny we ýasaýyş şertlerini öwrenmek; antropogen täsirleriň netijesinde dörän has howply ýerlere gözegçilik – impakt monitoringi ýaly köp görnüşlere bölünýär. Monitoring diňe bir gözegçilik hem-de hasaba almak bilen çäklenmän, eýsem ýüze çykan ýaramaz ýagdaýlaryň, üýtgemeleriň öňüni almak we düzetmek çärelerini-de işläp düzýär. Monitoring geografiki sredanyň tebigy we emeli zatlaryny hemmetaraplaýyn gözegçilige almakdyr, adamzadyň täsirinde biosferadaky ýasaýşyň üýtgeýşini öwrenmek hem-de ony düzetmekdir. Onuň üçin bolsa adamzat tarapyndan hiç hili üýtgedilmedik we tebigy ýagdaýynda bolan komponentleri öwrenip, olary dikeltmek hem-de kadalaşdyrmak zerurdyr. Bu iş iň aşaky (minimal) ýa-da iň ýokarky (maksimal) ýagdaýda däl-de, aralyk (optimal) şertleri göz öňüne tutmak bilen geçirilmelidir. Ýagny, her bir ekosistemanyň ýa-da biosenozyň kadaly ýasaýyş şertlerinden ugur alynmalydyr.

**Ekologiki monitoring** – tebigy şertlerdir faktorlara, komponentlerdir-proseslere gözegçiligi guramak arkaly tutuş biosferadaky ýasaýyş üçin zyýanly we howply bolan ýagdaýlaryň öňüni almak hem-de düzetmek çäreleriniň sistemasydyr. Ekologiki monitoring aşakdaky prinsipler esasynda guralýar.

1. **Ýerli ýa-da bioekologiki monitoring** – belli bir ilatly mesgeniň ýa-da senagat kärhanalary köp bolan industrial şäherlerde tebigy sredanyň üýtgeýşini öwrenmek;

2. **Milli monitoring** – belli bir döwletiň çäginde ýerleşen hem-de bütindünýä ähmiýetli zatlary goramak;

3. **Territorial ýa-da regional monitoring** halk hojalyk pudaklarynyň ösüş aýratynlyklaryndan ugur alyp, döredilen territorial önümçilik kompleksleriniň ekosistemalara täsirini öwrenmek we öňüni almak;

4. **Biosfera monitoringi** – halkara ylalaşyklarynyň esasynda tutuş biosferanyň ekologiki ýagdaýyna gözegçilik etmek ýa-da bütindünýä monitoringi.

Monitoringi guramak, onuň esasy prinsiplerini we sistemalaryny işläp düzmekde W.R.Wolobuýew, I.P. Gerasimow, G.W. Dobrowolskiý, Ýu.I. Izrael, I.I. Karmanow, W.A. Kowda we beýleki alymlaryň bitiren hyzmatlary aýratyn bellenilmeklige mynasypdyr.

Akademik I.P. Gerasimow (1985, s. 130) ekologiki monitoringi bloklara bölüp, her bir bloguň sistemasyndaky obýektleri, öwrenilmeli zatlary we olaryň görkezijilerini hem-de gulluklar boýunça geçirilmeli işleri açyk-aýdyň çäklendirýär *(32-nji tablisa)*.

*32-nji tablisa*

**Ekologiki monitoring ulgamy**

| **Obýektler, görkezijiler, gulluklar** | **Monitoringiň bloklary** | | |
|---|---|---|---|
| | **Biologiki (ýa-da) sanitar** | **Geoekologiki ulgamlaýyn (tebigy-hojalyk)** | **Biosfera (dünýä möçberinde)** |
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| Obýektler | Atmosferanyň aşaky gatlaklary. | Ösümlikleriň we haýwanlaryň ýitip, ýok bolmagy. | Atmosfera (stroposfera) we ozon gatlagy. |
| | Ýerüsti we ýerasty suwlary. | Tebigy ekosistemalar we suw giňişlikleri. | Gidrosfera. |
| | Toprak örtügi. | Agroulgamlar. | Toprak örtügi we ösümlik dünýäsi. |
| | Senagat we kommunal suw zyňyndylary. | Oturdylan tokaý agaçlary. | Haýwanat dünýäsi. |
| | Redoaktiw şöhlelenmeler. | Rekreasion ulgamlar. | |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Görkezijiler. | Zyýanly (toksiki) jisimleriň rugsat edilýän konsentrasiýasy (PDK) | Tebigy ekoulgamlaryň biologiki önümliligi, jisimleriň energetiki deňagramlylygy, eko ulgamlaryň öz-özüni tebigy arassalamak mümkinçilikleri , suw aýtymlarynyň hasaplanyş derejesi. Gün radiasiýasynyň we awtosfera ygallarynyň peýdaly ulanylyş koeffisiýenti. | Radiasion deňagramlylygy (balansy). |
| | Fiziki we biologiki gyjyndyryjylar (gykylyk, elektromagnit tolkunlar, allergenler we beýlekiler). | Tebigy ekoulgamlaryň funksional düzümi we onuň düzgün bozulmalary | Atmosferanyň ýylamagy, gyzmagy. |
| | Radioşöhlelenmäniň rugsat edilýän derejesi. | Topragyň amatly ýaramly hasyllylygy. | Atmosferanyň gazly we tozanly düzümi. |
| | | Ösümlikleriň we haýwanlaryň populýasiýasy, ýagdaýy. | Uly derýalaryň we suw giňişlikleriniň hasaplanyşy |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| | | Tokaýlaryň önümliligi. | Topraklaryň, ösümlikleriň, haýwanat dünýäsiniň ýagdaýynyň bütindünýä häsiýetnamasy. Atmosferada $CO^2$, $O^2$ fotosintezi we ýagdaýy |
| Gulluklar we daýanç bazalary (stansiýalar) | Gidrometeorologiýa suw hojalyk, sanitargigiýena, epidemiologiýa gulluklary. | Gidrometeorologiýa gullugy, oba hojalyk tejribe stansiýalary, tokaý hojalygy, Tebigy goraghanalar. Ekologiki ylmy-barlag stansiýalar. | Halkara biosfera stansiýalary. |

Ekologiki monitoringi geçirmeklikde geografiki sredanyň zaýalanyşyna we atmosferanyň hapalanyşyna has durnuksyz bolan ösümlik hem-de haýwanat görnüşleri saýlanylyp alynsa gowy bolýar. Köpsanly senagat taýdan ösen şäherlerde lişaýnikleriň ýaýraýşy, tokaýlarda agajyň gabygyny iýýän tomzagyň (жук короед), ekerançylyk ýerlerinde ýagyş gurçuklarynyň we toprak mikroorganizmleriniň sanynyň köpelmegi, guşlaryň azalmagy we beýlekiler olaryň ýasaýyş şertleriniň ýaramazlaşýandygynyň alamatydyr.

Milli hem-de biosfera monitoringi guramak üçin ýörite gulluklar döredilmelidir. Daşky sredanyň üýtgemegi netijesinde biosferada ýüze çykýan özgerişikleri hem-de olaryň tutuş ýaşaýyş ulgamyna edýän täsirleri çüň, hemmetaraplaýyn we uzak ýyllaryň dowamynda yzygider öwrenilmelidir.

Biziň ýurdumyzdaky Repetek cäge-çöl goraghanasy biosfera zapowednigi hasaplanylýar. Şeýle zapowednikler dürli tebigy zonalarda döredilendir. Biosfera zapowednikleri daşky sredany zaýalaýjy çeşmelerden azyndan 50–100 km uzaklykda ýerleşýärler. Şol zonanyň ähli ýerinde tebigatyň ähli komponentleri güýçli gorag gözegçiliginde bolýar. Zonada ylmy-barlag işleri we tejribeler geçirilýär.

## EDEBIÝAT


*Арнагельдыева А., Костюковский В.И.* Экосистемы Каракумов. Ашхабад, Ылым, 1988.

*Банников А.Г., Рустамов А.К., Вакулин А.А.* Охрана природы. Москва, «Агропромиздат», 1985.

*Будыко М.И.* Глобальная экология. Москва, «Мысль», 1977.

*Герасимов И.П.* Экологические проблемы в прошлой, настоящей и будущей географии Мира. Москва, «Наука», 1985.

*Гланц М.Г., Зонн И.Г.* Аральское море: водные проблемы, климат и изменение окружающей среды в Центральной Азии. Москва, ВМО, 2005.

*Durdyýew S., Saparow O.* we başgalar. Ekologiýa. Aşgabat, TDKP-niň neşirýaty, 2005.

*Израэль Ю.А.* Экология и контроль состояния природной среды. Ленинград, «Гидрометеоиздат», 1979.

*Новиков Ю.В.* Экология, окружающая среда и человек. Москва, Гранд-Фаир, 2003.

*Стадницкий Г.В., Радионов А.И.* Экология. Москва, «Высшая школа», 1988.

*Hudaýýarow M.H., Magtymow A.* Türkmenistanyň ýer-suw resurslaryny goramak we tygşytly peýdalanmak. Aşgabat, 1987.

*Hudaýýarow M.H., Fýodorow Ýu.N.* Atmosferany goramak – häzirki zamanyň möhüm problemasydyr. Aşgabat, 1989.

*Hudaýýarow M.H.* Türkmenistanyň tebigy resurslarynyň we ekologiýasynyň ýagdaýy. Aşgabat, 1991.

## VII.8. URUŞ WE PARAHATÇYLYK MESELESI

### 7.8.1. Dünýäniň döwletleriniň arasynda birinji we ikinji jahan uruşlarynyň tutaşmagynyň sebäpleri

XX asyryň başlaryna çenli ýer ýüzünde geografiki açyşlar we dünýäni paýlaşmak eýýamlary tamamlanypdy. Emma ykdysady ösüşe we kolonial basyp alyjylyga giç girişen döwletler üçin dünýäni täzeden paýlaşmak meselesi ýüze çykyp başlady. Bu döwletleriň hataryna Ýewropada Germaniýany, Italiýany, Aziýada Ýaponiýany, Amerikada ABŞ-ny mysal getirip bolar. Bu döwletlerde senagat kärhanalary çalt depginler bilen ösenligi sebäpli olara çig mal baýlyklary zerur bolup durýardy. Senagat önümlerini ýerleşdirer ýaly täze dünýä bazarlary gerekdi. Çig mal we energiýa ýetmezçiligi, döwletleriň çäginde alnyp barylýan syýasat birinji we ikinji jahan uruşlarynyň tutaşmagyna getirdi.

Birinji jahan urşunyň tutaşmagyna Germaniýa, Italiýa, Ýaponiýa ýaly döwletler sebäp bolupdyrlar. Bu uruş zerarly Ýewropanyň syýasy kartasynda birnäçe täze döwletler peýda boldy. Olardan: Awstro-Wengriýa imperiýasy dargap, Awstriýa, Wengriýa, Bolgariýa, Rumyniýa, Ýugoslawiýa ýaly döwletler emele geldi. Russiýanyň düzüminden Polşa, Finlýandiýa aýrylyp, özbaşdak boldular. Ilkinji gezek Russiýada sosialistik rewolýusiýa ýeňýär.

Birinji jahan urşunda ýeňlenine ahmyr çeker Germaniýa, Ýaponiýa, Italiýa, 1920–30-njy ýyllarda ýene-de jahan urşuna taýýarlyk görüp başlapdyrlar. Ykdysadyýetlerini, syýasatlaryny urşa taýýarlamaklyga gönükdiripdirler. Şeýlelikde, ýene-de 1939-njy ýylda Germaniýa ikinji jahan urşuny başlaýar. Belli bolşy ýaly, uruş alty ýyllap dowam edýär. Bu urşa dünýäniň 61 döwleti gatnaşyp (Ýer ýüzüniň ilatynyň 80%-i), uruş hereketleri 40 döwletiň çäklerinde alnyp baryldy. Ýaragly güýçleriň hataryna 110 million adam mobilizlendi. 50–55 milliondan gowrak adam onuň pidasy bolýar. Öýlerine dolanyp gelmediler. Harby çykdajylar we harby ýitgiler 4 trillion dollara barabar bolupdyr (TSE, 3-nji tom, sah. 494). 1945-nji ýylyň 6-njy we 9-njy awgustynda ABŞ Ýaponiýanyň

Hirosima we Nagasaki şäherleriniň üstüne atom bombasyny taşlaýar. Bu hadysa ýüz müňlerçe parahat ilatyň gyrylmagyna getirýär. 1945-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Ýaponiýa hökümetini gürrüňsiz boýun egmek hakdaky akta gol çekmegi bilen Ikinji jahan urşy tamamlanýar. Netijede, Ýewraziýanyň syýasy kartasynda birnäçe sosialistik döwletler emele geldiler.

Iki jahan urşunyň başlanmagynyň esasy sebäpleri imperialistik döwletleriň ykdysady we syýasy krizislere uçramagydyr. Öň paýlaşylan dünýäni täzeden paýlaşmak üçin eden synanyşyklary başa barmady. Iki jahan urşy hem dünýäniň ilatynyň köpüsine betbagtlyk getirdi. Millionlarça adamlar ýitgä sezewar boldy, köpüsi maýyp, öýsüz-öwzarsyz galdylar.

### 7.8.2. Döwletleriň arasynda harby bileleşikleriň emele gelmegi

Ikinji jahan urşy gutarandan soňra Afrikanyň, Aziýanyň, Latyn Amerikasynyň köp döwletleri syýasy özbaşdaklygyny gazandylar. Dünýäniň köp döwletleri kolonial zulumdan azat boldular. Olaryň köpüsi sosialistik döwletleriň täsiri netijesinde täze sosialistik ösüş ýoluna düşdüler. Şolaryň garşysyna ABŞ we beýleki ykdysady taýdan ösen döwletler birleşip, «Demirgazyk Atlantika soýuzy» (NATO) ady bilen harby guramany döretdiler. Oňa Günbatar Ýewropanyň köp döwletleri girdiler. Şoňra ABŞ-nyň başda durmagynda «SEATO», «ANZÝUS» harby bileleşiklerini emele getirdiler. Sosialistik döwletleriň daşky araçäklerine golaý ýerlerde harby bazalary döretdiler. NATO-nyň döredilmeginiň esasy sebäbi «Dünýäde kommunistik aňyýeti ýaýratmazlyk» diýip yglan etdiler. Muňa jogap edip 1955-nji ýylda Ýewropanyň sosialistik döwletleri SSSR-iň ýolbaşçylygynda «Warşawa şertnama guramasy» (OWD – Организация Варшавского договора) goranyjy harby gurama döredildi. Netijede, iki: kapitalistik we sosialistik döwletleriň arasynda harby güýç jemlemekde, ýarag öndürmekde bäsleşik başlandy.

### 7.8.3. XX asyryň 90-njy ýyllaryna çenli «Sowuk uruş» syýasatynyň dowam etmegi

Bilşiňiz ýaly, ABŞ 1945-nji ýylda Ýapon şäherleriniň üstüne atom ýaraglaryny taşlap, ony synagdan geçirdi. Soňra SSSR hem şol ýaragy 1949-njy ýylda synag edip gördi. SSSR-iň kömek bermegi bilen Hytaýda, ABŞ-nyň goldawy bilen Fransiýada, Angliýada bu ýaraglar öndürilip başlandy. Metbugatda, radio, telewideniýe boýunça iki sistema bir-biriniň garşysyna «sowuk uruş» yglan etdiler. NATO we OWD harby guramalara girýän döwletler ýaraglanyşygy ýylsaýyn artdyrdylar. Dürli hili ýaraglary öndürmeklige girişdiler. Orta, ýakyn we uzak aralyga, ýagny kontinentara raketalar döredildi. Şol raketalaryň kömegi bilen Ýewropadan Amerika, Amerikadan Ýewropa döwletlerine, ýagny parahat oturan halklaryň üstüne atom we wodorod bombalaryny oklamak howpy abandy. ABŞ-nyň Harby senagat toplumlarynda işleýän alymlar «Ýyldyzlar urşy» programmasyny taýýarladylar. Diýmek, garşydaş döwletiniň üstüne kosmos giňişliginden, kosmos korabllarynyň kömegi bilen çozmaklygy göz öňüne tutýardylar. Şeýlelikde, ABŞ bilen SSSR-iň we sosialistik döwletleriň aralarynda sowuk uruş syýasaty ýitileşýärdi. Dürli ýyllarda ABŞ-nyň Prezidentleri bilen SSSR-iň döwlet ýolbaşçylarynyň arasynda kontinentara we uzak aralyga atýan raketalaryň sanyny azaltmak barada gepleşikler hem geçirilýärdi. Emma sowuk uruş syýasaty dowam edýärdi. Dünýäniň halklarynyň üstüne atom we ýadro urşy howpy abanýardy. Öňki birinji we ikinji jahan uruşlaryndaky ýaly adamzadyň urşy bolman, iki sistema bir-biriniň garşysyna kosmos arkaly çozmaklygy göz öňüne tutýardy.

Birinji we ikinji jahan uruşlary tebigata we adamzada näçe derejede zyýan ýetirenini dünýäniň raýatlarynyň hemmesi diýen ýaly edebi eserleriň, tele we kinofilmleriň üsti bilen bilýän bolsalar gerek. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda ýazylan edebiýatlara ser salsaň, adamzadyň garaşan atom-ýadro urşy adamlaryň «Ahyrzamana» diýen düşünjesini ýadyňa salýar. Şol döwürde çap edilen ylmy işlerde atom ursunyň ýetirjek zyýanlary barada sowet we daşary ýurt alymlarynyň çaklamalary (Gerasimow, 1985, sah. 228–234) ylmy tejribelere we

barlaglara esaslanan bolup, şeýleräk beýan edilýär: 1. Ilkinji ýadro partlamasynda ummasyz köp möçberde energiýa iki görnüşde bölünip aýrylýar: 1) mehaniki urgy görnüşinde ummasyz uly güýçli tolkun emele gelip, ýolunda ähli ymaratlary, elektrik geçiriji we aragatnaşyk ulgamlary, obalary, şäherleri, şol sanda zawodlary, fabrikleri sanlyja minutlaryň dowamynda ýok edýär. 2) örän köp möçberde ýagtylyk emele getirip, güýçli ýangyn döreýär. 2. Ýadro ýaragy ulanylan sebitde stronsiý – 90 we seziýa – 137 radioaktiw izotoplary uzak ýyllaryň dowamynda saklanýar. 3. Atom ýaragy partlan ýerinde onuň güýjüne baglylykda dürli diametrde çukur emele gelýär. Amerikan alymlarynyň geçiren tejribelerine görä, atom ýaragy synag edilen ýerlerde Rihteriň şkalasy boýunça 7 we ondan hem ýokary bally ýer yranmasy bolýar. Şeýlelikde, Ýer gabygynyň döwülmek, dag gaýalarynyň ýykylmak, Ýeriň gatlagynyň süýşmek, inžener desgalarynyň (bentleriň, kanallaryň, ýollaryň) bozulmak hadysalary gutulgysyzdyr. Atmosferada, gidrosferada, litosferada güýçli radioaktiw hapalanmak bolup geçýär. Biosferadaky janly organizmleriň, şol sanda adamzadyň saglygyna güýçli zyýan ýetirilýär. Ýaponiýanyň Hirosima we Nagasaki şäherleriniň üstlerine atom ýaragy zyňlandan soň, ilatyň esasy böleginiň saglygyna uly zyýan ýetirilipdir. Adamlaryň arasynda onkologik kesellileriň sany köpelipdir.

Ýerden göterilen topraklaryň asmana galmagy, tokaý agaçlarynyň ýanmagy, senagat kärhanalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýykylmagy, atom ýaragynyň ýarylmagy netijesinde atmosferanyň troposfera, stratosfera gatlaklarynda gaz we tozan görnüşli radioaktiw izotoplar emele gelýärler. Ol jisimler köp wagtlap Ýeriň aşaky gatlaklaryna Günüň şöhleleriniň geçmegine päsgelçilik döreder diýip çak edilýär. Sowet (Aleksandrow, Sedunow, 1979; Budyko, 1977; Izrael we başgalar, 1983), amerikan alymlarynyň ýadro urşy boýunça geçirilen çaklama barlaglaryny seljerip, I.P. Gerasimow (1985, sah. 230) şeýle netijä gelýär. Ýeriň atmosferasynda ýadro ýaragynyň partladylmagy netijesinde Ýewropanyň we ABŞ-nyň territoriýasynyň üstünde uzynlygy ýüzlerçe we müňlerçe kilometrlere uzalýan 400–1000 berden (бэр) köpräk gamma şöhlelerini özünde jemleýän radioaktiw hapaly bulut emele geler.

4. Ýadro partlamasynyň täsiri netijesinde howanyň düzümindäki azotdan azot okisi emele gelip, troposferadan stratosfera ýokary galar. Ol stratosferada fotohimiki smog emele getirip, stratosferanyň ozon gatlagynyň 40%-den 60%-e çenli ozon ekranyny ýok eder. Bu ýagdaý Ýeriň üstünde ultramelewşe şöhlelenmesini köpeldip, janly organizmlere ölüm howpy abanar.

5. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, ýadro partlamasyndan soň ýangynlaryň döremegi netijesinde atmosferada köp möçberde tozan we kül toplanar. Ýerüsti partlamalar köp möçberde topragy tozan görnüşde suw buglary bilen ýokary galdyrar. Atmosfera galdyrylan tozanyň agramy ýadro partlamasynyň her bir megatonnasyna 100–600 müň tonna möçberinde bolar. Diýmek, ýadro partlamanyň güýji 5000 megatonna bolsa, onda atmosfera I milliard tonnadan köpräk toprak tozan görnüşinde galdyrylar. Şeýle möçberde ýokary galdyrylan tozanyň bellibir bölegi Ýeriň üstüne gaçar. Galan bölegi aerozol fraksiýa öwrülip, stratosfera gatlagyna göteriler. Bulardan başga-da, ýangyn netijesinde tüsse, kül, gara-gurum troposferany doldurar we stratosferanyň aşaky gatlaklaryna aralaşar. Ýeriň hereketi netijesinde kül we tozan Ýer togalagynyň hemme ýerini ýa-da Demirgazyk ýarym şarynyň atmosferasyny eýelär. Atmosferadaky tozanlar we küller Gün şöhleleri bilen gyzdyrylyp, güýçli ýeller emele geler. Şeýlelikde, tozanly howa Ýer şarynyň köp ýerlerine ýaýrar. Netijede, Ýeriň üstüne Günüň şöhlesiniň düşüş derejesi 1%-e golaýlar. Ýeriň üstüniň köp böleginde garaňkylyk emele geler (Gerasimow, 1985, sah. 230-233). Bu ýagdaý Ýeriň üstüniň çalt sowamagyna getirer. Ýeriň üstüne atmosfera ygallary ýagmaz. Ýeriň üstünde tutuşlaýyn çölleşmek hadysasy emele geler. Ýadro konflikti bolandan birýarym aý geçenden soň, Ýeriň we ummanlaryň üstünde garaşylýan we hasaplanan ortaça temperatura *50-nji suratda* görkezilýär. Suratdan görnüşi ýaly, Demirgazyk ýarym şaryň ýeriniň üsti has sowar. Çaklama hasaplamalara görä, Demirgazyk Amerikada we Ýewraziýada howanyň temperaturasy – 20–25 derejä çenli aşaklar. Käbir sebitlerde – 40–50 derejä çenli peseler. Birnäçe aý geçenden soňra tozanlar dargaşyp, troposferanyň umumy sowamasy kada boýunça gyzmasyndan +20+30 dereje ýokary bolar *(51-nji surat)*. Bu ýagdaý daglarda garlaryň, buzlaryň eremegine getirer. Köp sebitlerde sil akymlary uly weýran-



**50-nji surat. Ýadro urşundan 1,5 aý soň atmosferanyň temperaturasynyň çaklamasy**



**51-nji surat. Ýadro partlamasyndan 1ýyl soň garaşylýan ýagdaý**

çylyklary döreder. Ýeriň üstüniň deň derejede gyzmazlygy Demirgazyk we Günorta ýarym şarlarda atmosferanyň transekwatorial sirkulýasiýasynyň döremegine getirer. Passat ýelleriň ugurlary üýtgär. Ýeriň we ummanlaryň üstünde howanyň temperaturasynyň deň derejede üýtgemezligi bütindünýä güýçli – elhenç ýelleri emele getirer.

Ýadro partlamasyndan 4–6 aý geçenden soň ýokarda görkezilen alymlaryň çaklamalaryna görä, uzak wagtlaýyn «ýadro gyşy» emele gelip, soňra ýuwaş-ýuwaşdan yssy we birden gurak «tomus» bolar. Bu ýagdaý tiz wagtyň içinde Ýer ýüzünde doly gurakçylygyň döremegine, soňluk bilen dünýäde oba hojalyk önümleriniň bütinleý ýok edilmegine, şol bir wagtyň özünde Ýer ýüzündäki biosfera ýaşaýşyna (şol sanda adamzat ýaşaýşyna) nokat goýlar diýlip çak edilýär. Öz döwründe sowet alymlary (Baýew, Boçkow, 1983; Çazow we başgalar, 1982) ýadro partlamasynyň adamzada we ähli janly organizmlere ýetirjek zyýanlary barada öz pikirlerini beýan edipdirler. Umuman alnanda, ýadro partlamasyndan (ýadro urşundan soň) adamzadyň biologiki görnüş hökmünde galmagy uly howp astynda durýar. Şol heläkçilikde ýerzeminlerde, partlamadan uzak ýerlerde galan adamlar hem uzak ýaşap bilmezler diýip çaklanylýar. Sebäbi bütin biosfera radioaktiw zäherlenmä sezewar bolar. Diri galan adamlar we öý haýwanlary rak keseliniň dürli görnüşleri bilen kesellärler. Olaryň genofonduna uly zyýan ýeter.

Şu ylmy çaklamalardan we tejribelerden ugur alyp, ol ýaraglary çäklendirmek hakda SSSR bilen ABŞ-nyň arasynda birnäçe gepleşikler geçirildi. Bu ýagdaý tä 1991-nji ýyla çenli dowam etdi. SSSR-iň dargamagy bilen «Sowuk uruş» syýasaty öz-özünden galdy duruberdi. Öňki döwür bilen deňeşdirende, indi «Üçünji jahan urşy» howpy aradan aýryldy.

### 7.8.4. Garaşsyz, Bitarap döwletleriň we Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylygy goramakda alyp barýan işleri

Dünýäniň syýasy kartasynda häzirki wagtda 200-e golaý döwlet bar. Olaryň garaşsyzlygy BMG tarapyndan kepillendirilýär. BMG 1945-nji ýylyň sentýabr aýynyň 24-ne SSSR, ABŞ, Angliýa, Fransiýa,

Hytaý we beýleki döwletler tarapyndan döredildi. Ähli parahatçylygy söýüji döwletler onuň agzasy bolup bilýärler. Agzasy bolandan soň, onuň ustawyndaky borçlaryny ýerine ýetirmeli. Ähli dawaly meseleleri, diňe parahatçylykly gepleşikler arkaly çözmeli diýip ustawynda bellenilýär.

Halkara hukuklar syýasatynda urşa gatnaşmaýan, parahatçylyk döwürde harby bileleşiklere goşulyşmaýan döwletlere Bitarap diýilýär. Parahatçylyk döwürde «Bitarap» döwlet parahatçylyk söýüji syýasaty ähli daşky döwletara gatnaşyklarynda amala aşyrýar.

Hemişe bitarap döwletlerden Şweýsariýa (1815), Awstriýa (1955) hasaplanýar. Türkmenistan özüniň hemişelik Bitaraplygyny dekabr aýynyň 12-ne 1995-nji ýylda 185 döwletiň ses bermeginde ykrar edildi. Sebitde parahatçylygy goramak boýunça köp işleri amala aşyrýar.

2007-nji ýylda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň açylmagy Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygy netijeli ösdürmekde täze tapgyr boldy.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 63-nji sessiýasynda (2008) parahatçylyk, howpsuzlyk we ýaragsyzlanmak barada dört sany meselä seredildi. Baş Assambleýanyň rezolýusiýasynda ýaraglary çäklendirmek we azaltmak barada dürli: ýadro ýaraglaryny ýaýratmazlyk we azaltmak, atyjy ýaraglaryň kanunsyz söwdasyny aradan aýyrmak; ýadro ýaraglaryny azaltmak; kosmos giňişliginde ýaraglanyşygy ýok etmek; ýaragsyzlanmak ylalaşyklary amala aşyranda we olary çäklendirmek bilen baglanyşykly ekologiki kadalary saklamak meselelere seredildi. Baş Assambleýanyň kabul eden rezolýusiýalarynyň birinde döwletleriň arasynda islendik harby ýagdaý emele gelende-de, ýadro ýaragyny ulanmaklygy gadagan edýän kowensiýany işläp taýýarlamaly diýlen netijä gelindi. Türkmen Döwlet Habarlar gullugynyň habaryna («Нейтральный Туркменистан», 05.12.2008) görä, himiki ýaraglary ýok etmek baradaky Konwensiýany kabul etmek üçin oňa gatnaşyjy döwletleriň Gaaga şäherinde Konferensiýasy geçirilýär. BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Munuň konferensiýa gatnaşyjylara iberen gutlagynda Konferensiýada kabul edilen Konwensiýa köpçülikleýin gyryş

ýaragynyň dürli görnüşlerini ýok etmek – Halkara ähmiýetli dokument hasaplanýar. BMG-niň ýolbaşçysynyň habar bermegine görä, 2008-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli dünýäde bar bolan himiki ýaraglaryň ätiýaçlyklarynyň 41%-niň ýok edilendigini habar berdi. Himiki ýaraglaryň ätiýaçlyklary saklanýan döwletlerde hem olary 2012-nji ýyla çenli ýok etmekligi tamamlamaly diýip belledi. Himiki ýaraglary öndürmeklik, ýygnamaklyk, ulanmaklyk barada 1992-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda BMG-niň Konwensiýasy Kabul edilipdi. Emma ol 1997-nji ýylyň 29-njy aprelinde doly öz güýjüne girdi. Häzirki wagtda (dekabr, 2008) çenli oňa 182 döwlet gol goýdy. Şol Konwensiýa laýyklykda, himiki ýaraglaryň ähli ätiýaçlyklary 2012-nji ýylyň 29-njy apreline çenli doly ýok edilmelidir.

## EDEBIÝAT


*Александров Э.Л., Седунов Ю.С.* Человек и стратосферный озон. Ленинград, «Гидрометеоиздат», 1979.

*Баев А.А., Бочков Н.П.* Ядерная война поставит под сомнение существование человека, как биологического вида. – Природа, № 10, 1983.

*Баттанова Е.С., Тотилов П.С.* Мировая экономика и международные экономические отношения. Екатеринбург, ГОУ-ВПО УГТУ-УПИ, 2005.

*Чазов Е.И., Ильин Л.А., Гуськова А.К.* Опасность ядерной войны: Точка зрения советских ученых—медиков. Москва, Изд. АПН, 1982.

*Герасимов И.П.* Экологические проблемы в прошлой, настоящей и будущей географии Мира. Москва, «Наука», 1985.

Глобальные проблемы. Земля и человечество. Из серии: «Страны и народы» Москва, «Мысль», 1985.

*Лавров С.Б., Сдасюк Т.В.* Этот контрастный мир. Москва, «Мысль», 1985.

Türkmen sowet ensiklopediýasy. 3-nji tom. Aşgabat, 1981.

С мировой информационной ленты. Нейтральный Туркменистан. 05.12.2008.

## VII.9. DÜNÝÄNIŇ ILATYNY ÝER-SUW BILEN ÜPJÜN ETMEK MESELESI

### 7.9.1. Ýer-suw baýlyklarynyň ýetmezçiliginiň tebigy we ykdysady sebäpleri

Häzirki wagtda diňe Merkezi Aziýada däl, eýsem tutuş Ýer şarynda ýer-suw baýlyklaryny tygşytly peýdalanmak meselesi esasy meseleleriň birine öwrülýär. Dünýäniň ähli döwletlerinde ýer-suw baýlyklarynyň ýerleşişi tebigy şertlere bagly. Olaryň ýeriniň geologik gurluşyna baglylykda köpüsinde suw köp bolsa-da, oba hojalygyna ýaramly ýerler ýetmezçilik edýärler. Ýeriň esasy bölegini daglyklar, suw giňişlikleri, çöller, batgalyklar eýeleýärler. Munuň tersine, ýer baýlyklary köp bolan döwletlerde akar suwlar ýok. Ýerasty suwlaryň ätiýaçlygy hojalyk kärhanalarynyň isleglerini kanagatlandyrmaýar. Atmosfera ygallary örän az ýagýar. Şeýlelikde, dünýäniň köp döwletlerinde tebigy sebäplere görä, ýer-suw baýlyklary ýetmezçilik edýärler. Şonuň üçin köp döwletlerde bu nogsanlyklary aradan aýyrmak üçin ýurduň çäginde bar bolan ýer-suw baýlyklary tygşytly ulanmak meselesi esasy meseleleriň birine öwrülýär.

Köp döwletlerde suw baýlyklarynyň bisarpa ulanylýanlygy zerarly olar ýetmezçilik edýärler. Olary çendenaşa hapalanýan ýerlerine hem gabat gelip bolýar. Döwletlerde senagat kärhanalarynyň köpüsinde ulanylan suwlary arassalaýyş desgalarynyň ýoklugy sebäpli suw baýlyklary hojalykda köp ulanylýar. Ilatyň sanynyň artmagy bilen baglanyşykly Ýer ýüzüniň ýer-suw baýlyklary çalt özleşdirilýär. Ösýän döwletleriň köpüsiniň oba hojalygynda tehniki serişdeleriň, himiki dökünleriň az ulanylýanlygy sebäpli köp ýerler ekilýär we köp hasyl alynýar.

Oba hojalygynda ekin ekmek üçin ýaramly, ösümlik gögerýän we hasyl berýän ýeri üstki gatlagyna toprak diýilýär. Toprak ähli janly organizmler üçin önüm öndürilýän ýaşaýyş çeşmesi hasaplanýar. Ýer ýüzünde ýaşaýşyň esasy çeşmesi hökmünde ýer baýlyklary tebigatyň adamzada peşgeş beren iň oňat, zerur zatlarynyň biridir. Ýer baýlygyny tebigatyň başga hiç bir baýlygy bilen çalşyp bolmaýar. Adamzat durmuşynda ýersiz we topraksyz hiç bir senagat, oba hojalyk, ulag

ulgamlaryny, tokaý hojalyklaryny we beýleki kärhanalary göz öňüne getirmek mümkin däl. Şäherleri, zawod-fabrikleri, ilat mesgenlerini, demir we gara ýollary, dynç alyş we medeni seýilgähleri, başga-da birnäçe hojalyk kärhanalaryny gurmakda ýeriň ummasyz uly ähmiýeti bar. Şu kärhanalar gurlanda ýeriň, topragyň hili, hasyl berijilik ukyby, köplenç, göz öňüne tutulmaýar. Şol sebäpli ol kärhanalary oba hojalyga ýaramsyz topraklaryň ýaýran meýdan-çäklerinde gurmaklyk maslahat berilýär. Şol desgalary gurmak üçin ekerançylyga ýaramsyz baýyrlyklarda, endigan bolmadyk we hasyl berijilik ukyby pes bolan ýerleri peýdalanmak zerurdyr. Hil taýdan gowy ýerleri, topraklary oba hojalykda, ýagny ekerançylykda ulanmak maksadalaýykdyr.

Ýer şarynyň toprak örtügi we ýer baýlyklary adamzady iýmit, egin-eşik, senagaty bolsa çig mal bilen üpjün edýär. Biz islendik söwda-satuw merkezine ýa-da dükana barsak, olarda toprakda ösdürilip ýetişdirilen ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini, şolardan öndürilen senagat harytlaryny görýäris. Şoňa görä, biz ekerançylykda elmydama topragy agrotehnikanyň talabyna laýyk bejermeli, hojalykda tygşytly peýdalanyp, oňa eýeçilik gözi bilen seretmeli. Eger-de toprak-ýer hojalykda ýaramaz ulanylsa, onuň ugruna seredilmese, onda ol hem janly organizmler ýaly keselleýär, gurpdan düşýär, arryklaýar.Käbir halatlarda onuň hasyl bermesi hem düýpden kesilýär, hapa-haşal otlar gögerýär. Olardan arassalamak köp zähmeti, serişdäni talap edýär. Şeýle ýagdaýda onuň derdini bilip, ony bejermek zerurdyr. Eger şeýle edilmese, ol uzak ýyllar hojalyga hyzmat etmez. Sandan çykar, akar suwlaryň we ýelleriň güýji bilen äkidilmegine, şorlaşmaklyga, zeýlemeklige duçar bolar. Şonuň ýaly bolanda, ony täzeden öňki kaddyna getirmek üçin onlarça ýyl wagt we öň belleýşimiz ýaly, uly ykdysady-maliýe çykdajylar gerek bolar.

Häzirki wagtda ýer ýüzünde I.A. Rodionowanyň, T.M. Bunakowanyň (1999, sah. 100–103) ýazmaklaryna görä, Ýer ýüzünde oba hojalyga ýaramly ýerleriň meýdany 5 milliard gektara golaý bolup, onuň 1,5 milliard gektar töweregi sürülýän ýerlerdir. Ol ýerlerde her hili oba hojalyk ekinleri ekilip, azyk önümleri we azyk, ýeňil senagat kärhanalary üçin çig mallar öndürilýär. Ýer togalagynyň hemme ýerinde çyglygyň we ýylylygyň deň däldigi sebäpli, ekerançylykda ulanylýan hem-de oňa ýaramly ýerleriň 75 göteriminiň önüm öndü-

rijiligi, ýagny hasyllylygy pes hasaplanýar. Oba hojalyga ýaramly ýerleriň esasy böleginiň 3,5 milliard gektara golaýy tebigy çemenliklere we öri meýdanlara degişli. Oba hojalykda ulanylýan ýerleriň ujypsyzja bölegi(105 million gektary) köp ýyllyk miweli we miwesiz agaçlardan durýar. Oba hojalygyna ýaramly ýerleriň ýigrimiden bir bölegi, 250 million gektary suwarylyp ekilýän ýerlerdir. Bu ýerler gury ýeriň sähralar, çöller, subtropik we tropik zonalarynda ýerleşen döwletlerdedir.

Ilatyň azyk önümlerine bolan isleglериniň artmagy bilen, ilatyň gür ýerleşen sebitlerinde ekilýän ýerlere salynýan agram has hem artýar. Yssy guşaklyklarda ýerleşen döwletlerde ekilýän ýerlerden 3–4 gezek hasyl alynýar. Ekerançylyk üçin ýaramly ýerleriň hemmesi diýen ýaly özleşdirilýär. Netijede, ekerançylyk üçin ätiýaçlyk ýerler azalýar. Dünýäniň köp döwletlerinde ekerançylygyň meýdanyny tokaýlaryň, çemenlikleriň, öri meýdanlaryň hasabyna artdyrýarlar. Soňky 20 ýylyň içinde Latyn Amerikasy döwletlerinde ekilýän ýerleriň meýdany tokaý agaçlaryny çapmaklygyň hasabyna 2 esse köpeldi.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde täze ýerleri özleşdirmekligiň ýerine, ulanylyp ýörlen ýerlerden tygşytly peýdalanylýar. Ekerançylygyň medeniýeti gowulandyrylýar. Himiki we organiki dökünleriň, ýokary mehanizasiýanyň, awtomatizasiýanyň, suwaryşda täze öňde baryjy usullaryň ulanylmagy bilen ýerleriň hasyllylygy artdyrylýar. Ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerde ekin dolanyşygyna uly üns berilýär. Netijede, ykdysady taýdan ösen döwletlerde ekinleriň hasyllylygy ösýän döwletler bilen deňeşdirilende 2–3 esse ýokary.

Sürlüp ekilýän ýerleri meýdany boýunça ABŞ (190 mln gektara golaý), Hindistan (170 mln ga), Russiýa (135 mln ga golaý), Hytaý (95 mln ga golaý) Kanada (50 mln ga golaý), Braziliýa (45 mln ga golaý), Gazagystan (40 mln ga golaý), Ukraina (35 mln ga golaý) öňde barýarlar. Sürülýän ýerleriň ilatyň jan başyna düşüşi dünýä boýunça ortaça 0,23 ga, Gazagystanda – 2,05 ga, Kanadada – 1,6, Russiýada – 0,87, Ukrainada – 0,63, ABŞ-da – 0,51, Türkmenistanda – 0,36 gektara deňdir.

Tebigy baýlyklaryň arasynda suwuň tutýan orny örän uludyr. Oňa ýaşaýşyň çeşmesi diýilýär. Ýerde ýaşaýşyň emele gelme-

gi suwuň döreýşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şol sebäpli oňa ýaşaýşyň çeşmesi diýilýär. Ýer ýüzünde klimatyň emele gelmeginde, jisimleriň alyş-çalyş prosesinde, adamzat jemgyýetiniň hojalygynyň ösmeginde onuň ähmiýeti örän uludyr. Ýeriň tebigatynda suwuň kiçi we uly aýlanyş ýagdaýy bar. Ol Ýer üstüniň relýefini we toprak örtügini emele getirmeklige işeňňir gatnaşýar. Gidrosferanyň suwlary özünde ýylylygy köp saklap bilýänligi sebäpli Ýer ýüzüniň klimatyny we howa ýagdaýyny kadalaşdyrmakda uly orun tutýar. Gidrosferanyň suwunyň esasy bölegi (98%) dünýä ummanlarynda ýerleşýär. Dünýä ummanlarynda 1,34 mlrd $km^3$ suw ätiýaçlygy bar. Dünýä ummanlarynyň suwlary Ýer şarynyň klimatyny aramlaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Dünýä ummanlarynyň suwlary Ýer togalagynyň klimatyny dolandyryjy, sazlaýjy häsiýetlidir. Öň belläp geçişimiz ýaly, onuň suwlary özünde $38.10^{22}$ kilokaloriýa ýylylyk saklaýar. Bu ýeriň üstüne 600 ýyllap düşýän Günüň energiýasyna barabardyr. Gidrosferanyň jemi suwunyň 2%-i adamzada we Ýer togalagynda ýaşaýan janly-jandarlara içmek üçin ýaramly. 98%-i duzly, dürli derejede mineralizasiýalaşan ummanlaryň we deňizleriň suwy hasaplanýar. Ýer togalagynyň içmäge ýaramly suwlarynyň esasy bölegi adamzadyň ýaşamaýan ýerlerinde ýerleşýär. Antarktida materiginde, Grenlandiýa adasynda, Demirgazyk buzly ummanynyň buzlarynda, Arktikanyň adalarynyň üstünde ýerleşen buzlarda we Ýer togalagynyň beýik daglarynyň üstündäki buzlarda we garlarda içmäge ýaramly suwuň esasy baýlyklary jemlenendir.

### 7.9.2. Ýer-suw baýlyklarynyň ýetmezçiligini aradan aýyrmak mümkinçilikleri

2010–2015-nji ýyllara çenli dünýäniň ähli önümçilik kärhanalarynyň sarp etjek suwunyň möçberi ähli derýalaryň getirýän süýji suwlaryna barabar bolar diýip, suw baýlyklary ugrundan işleýän alymlar ýazýarlar. Häzirki wagtda dünýäniň köp döwletlerinde senagat kärhanalary, oba hojalyk ekerançylyk meýdanlary üçin suw ýetmeýär. Türkmen döwlet habarlar gullugynyň («Нейтральный Туркменистан», 09.10.2008) beren habaryna görä, Wenesiýada geçirilen «Ylmyň geljegi» Bütindünýä konferensiýasynda Ýer şa-

rynda suw ýetmezçilik meselesi ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Konferensiýanyň maglumatlaryna görä, soňky ýüz ýyllykda dünýäde suwuň ulanylyşy iki esse artypdyr. Suw boýunça Bütindünýä komissiýasynyň hasaplamagyna görä, häzirki günlerde dünýäniň her bir ýaşaýjysy 40 litr suw sarp edýär. Emma dünýäniň 28 ýurdunda bir milliard adam suw ýetmezçiliginden ezýet çekýär. Dünýäniň ösýän ýurtlarynda 80% keselleýänleriň patologiýasy arassa suwuň ýetmezçiligi bilen baglydyr. Dünýäniň käbir döwletleriniň içilýan suw bilen üpjünçiligi 20-nji tablisada görkezilen.

Dünýäniň köp döwletlerinde ýer-suw baýlyklary çäkli bolanlygy sebäpli, olar ýetmezçilik edýärler. Onuň hem esasy sebäbi ol kärhanalaryň we ekilýän ekinleriniň suwy köp talap edýänligidir. Meselem, 1 tonna kömri ýeriň aşagyndan gazyp almak üçin 3 tonna suw sarp edilýär. Häzirki döwürde metallurgiýa, himiýa senagat kärhanalary arassa suwy köp talap edýärler. Soňky ýyllarda tropik, subtropik, çöller zonalarynda ekilýan ekinleriň köpüsi suwarylýar. Ekerançylyk meýdanlary suwy esasy sarp edijiler hasaplanýar. Meselem, 100 gram çöregi öndürmek üçin 100–150 litr suw harçlanylýar. Senagat kärhanalary häzirki döwürde şäherlerde esasy suw sarp edijilerdir. 1 tonna nah matany öndürmek üçin 10 tonna çenli suw ulanylýar. Himiýä senagat kärhanalary suwy has köp ulanýar. 1 tonna himiki süýümi öndürmek üçin 20–30 tonna suw gerek bolýar. Şu sebäplere görä, senagat taýdan ösen şäherlerde elmydama suw ýetmezçilik edýär. Bu meseläni çözmek üçin önümçilik kärhanalarynyň tehnologiýasyny özgertmek zerur hasaplanýar.

Şonuň üçin dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletlerinde zawodlarda we fabriklerde suwy az sarp edýän önümçilik tehnologiýasyny ornaşdyrýarlar. Işleýän zawod-fabriklerde suwy birnäçe gezek ulanýarlar. Şeýlelikde, suwy has tygşytly peýdalanmak üçin jan edýärler. Öňden işleýän zawodlarda, fabriklerde suw arassalaýjy desgalary mümkinçiligi we ýagdaýy boldugyndan gurýarlar. Täze gurulýan zawodlaryň we fabrikleriň köpüsiniň taslamasyna suw arassalaýjy desgalary girizýärler.

Ykdysady taýdan ösen döwletleriň ekerançylyk meýdanlarynda suwy tygşytly ulanmaklyk üçin suwaryşyň täze tehnologiýasyny

durmuşa ornaşdyrýarlar. Olar ekerançylyk meýdanlarynda emeli ýagyş ýagdyrmak, damja usuly bilen suwarmaklygy ýola goýýarlar. Köp döwletleriň ekin meýdanlarynda toprak astyndan plastmassadan edilen we belli bir çuňluga gömlen turbalaryň kömegi bilen ekilen ekinleriň köklerine barar ýaly edýärler. Şeýlelikde, adaty suwaryş usul bilen deňeşdireniňde suwy 4–5 esse az ulanýarlar we atlary agzalan usullar ulanylanda suw ýitgisi örän ujypsyz bolýar.

Ýer togalagynyň gurakçylyk sebitlerinde we çöllük ýerlerde ýerasty suwlardan peýdalanyp, ekerançylyk we öri maldarçylyk işlerini alyp barýarlar. Deňizleriň we ummanlaryň kenar ýakalarynda suwsuz ýerlerde ýerleşen şäherlerde deňiz we umman suwlaryny tehniki usullaryň kömegi bilen arassalaýarlar. Şular ýaly mysaly Türkmenistan boýunça hem getirmek mümkin. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aladasy bilen 2008-nji ýylyň sentýabr aýynda Esenguly etrabynda, 2010-njy ýylda «Awazada» deňiz suwuny arassalaýjy täze zawodlar işe girizildi.

Ähli welaýat merkezlerinde suw arassalaýjy zawodlar guruldy.

### 7.9.3. Ýer-suw baýlyklaryny tygşytly peýdalanmakda ykdysady we durmuş geografiýasynyň öňünde durýan wezipeler

Fiziki we ykdysady geografiýadan işleýän hünärmenler islendik döwletiň çäginde onuň ýer-suw baýlyklaryny öwrenýärler. Öwrenmekligiň esasy maksady ýer we suw baýlyklaryny hojalykda rejeli peýdalanmakdan ybarat. Ýerleri şorlaşmakdan, zeýleşmekden, ýeliň tozatmagyndan we suwuň ýuwmagyndan goramak, ekilýän ýerleriň hasyllylygyny artdyrmak, agrotehniki çäreleri berjaý etmek meseleleri çözmek bolup durýar.

Häzirki wagtda diňe biziň döwletimizde däl, eýsem tutuş Ýer ýüzünde ýer we suw baýlyklary rejeli peýdalanmak esasy meseleleriň biri hasaplanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde ýer we suw baýlyklary çäkli bolanlygy sebäpli, olar ýetmezçilik edýärler. Emma gurakçylyk sebitlerde, suwarymly ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerde topraga suwuň köp berilmegi sebäpli ekilip ýörlen ýerler şorlaşýar, agroteh-

niki çäreleriň berjaý edilmeýänligi sebäpli ýerleri hapa-haşal otlar basýarlar.

Döwletleriň daglyk, dag etegi sebitlerinde ekilýän we ekerançylyga ýaramly ýerleri ýagyş, gar suwlary ýuwup, jarlary emele getirýän ýagdaýlaryna duşmak bolýar. Ýer ýüzüniň gurakçylyk ýerlerinde bolýan apy-tupanlar topragyň üstki bölegini tozadyp, alyp gidip, ýer baýlyklaryna uly zyýan ýetirýärler. Owganystandan, Eýrandan, Arabystan ýarym adadan tozanly howa akymlarynyň Türkmenistana getirilen wagtlary bolupdy. E.K.Balakirýowyň maglumaty boýunça (1988) 1953-nji ýylyň 13-nji martynda apy-tupan bolanda Köpetdag etegine bir gektar ýere 1 tonna golaý, 1968-nji ýylyň 16-njy ýanwarynda – 15–30 t aralygynda, 1975-nji ýylyň 23-nji dekabrynda – 4–6 t, 1985-nji ýylyň 19-njy dekabrynda –15 tonna tozan düşüpdi. Şu tebigy hadysa bolanda garaňkylyk bolup, ýollarda hereket saklanypdy. Topragyň üstki gatlagyny ýeliň tozatmagy, suwuň ýuwmagy sebäpli, her ýylda Ýer ýüzünde 6–7 mln gektar oba hojalyga ýaramly ýerler ýitirilýär.

Dünýäniň we Türkmenistanyň ýer toprak baýlyklaryna ýene-de bir zyýan ýetirýän zatlaryň biri «Çölleşmek» hadysasydyr. Afrikanyň, Aziýanyň, Awstraliýanyň, Günorta Amerikanyň käbir döwletlerinde ekerançylyk we öri meýdanlar bisarpa ulanylýanlygy sebäpli çölleriň meýdany artýar. Olaryň meýdany köpelip, çägi goňşy tebigy zonalara süýşýär. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, her ýylda Ýer ýüzünde 6 million gektar ýer çölleşýär.

Gynansak-da, bu maglumat žurnalistleriň artdyryp ýazma maglumatlarydyr diýip pikir edýäris. Sebäbi, köp döwletlerde «Çölleşmek» hadysasyna garşy göreşýärler. Çölleşmeklige duçar bolan giňişliklerde rekultiwasiýa, rekreasiýa işleri amala aşyrýarlar. Şonuň üçin ylmyň, tehnikanyň ösýän zamanasynda bu hadysa köp döwletlerde ýol berilmez diýip pikir edýäris.

Şu sebäplere görä, Ýer ýüzünde toprak-ýer baýlyklaryny aýawly saklamak, olary şorlaşmakdan, batgalaşmakdan, ýeliň tozatmagyndan, suwuň ýuwmagyndan, ekilýän ýerleri hapa-haşal otlaryň basmagyndan, senagat zyňyndylary bilen hapalanmagyndan goramak her bir döwletiň we onda ýaşaýan, zähmet çekýän raýatlaryň mukaddes borjudyr.

Fiziki we ykdysady geograflar döwletleriň ýer-suw baýlyklaryny öwrenenlerinde olary hojalykda tygşytly ulanmaklygyň ýollaryny gözleýärler. Şeýlelikde, döwletiň meýdan-çäginde bar bolan ýer-suw baýlyklary mukdar, möçber we hil taýdan hasaba alýarlar. Fiziki geografiýadan işleýän hünärmenler ekerançylyga ýaramly ýerleriň toprak düzümini, fiziki-himiki, hasyl öndürijilik ukybyny anyklaýarlar. Olary nobaty boýunça özleşdirmek meselesini önümçilige maslahat berýärler. Ykdysady we durmuş geografiýasynda döwletiň ýer-suw baýlyklary ir döwürlerden bäri öwrenilýär. Sebäbi, islendik meýdan--çäkde gurluşyk, aragatnaşyk, ulag ulgamlary guruljak bolnanda, şol ýerleriň ýer-suw üpjünçiligini öwrenmek meselesi ýüze çykýar. Hojalykda ulanylmaýan ýerler özleşdirilmäge niýetlenilende, hökmany ýagdaýda, ýer-suw baýlyklar hasaba alynýar. Özleşdirilen ýerlerde hojalygyň gurnalmagy şol tebigy baýlyklaryň üpjünçiligi bilen baglydyr. Sebäbi, ýer-suw baýlyklarymyzy dikeldilen, zaýalanmadyk görnüşinde geljekki neslimize galdyrmaklygy her bir ýurduň raýaty öz mukaddes borjy hasap etmelidir.

## EDEBIÝAT


*Балакирев Е.К.* Пылевые Североаравийские циклоны, смерчи и живые дожди в Туркмении. Ашхабад, ФОЛ Туркменгидромета, 1988.

*Родионова И.А., Т.М. Бунакова.* Экономическая география, Москва, Московский лицей, 1999.

*Hudaýýarow M., Magtymow A.* Türkmenistanyň ýer-suw resurslaryny goramak we tygşytly peýdalanmak. Aşgabat, 1987.

Suw we onuň hiline baha berlişi. Aşgabat, Ylym, 2003.

*Jumadurdyýew Ö., Nepesow M.* Geldiýew G. Suw – bolçulygyň çeşmesi. Aşgabat, 2002.

*Saparow O., Jumadurdyýew Ö.* Suw gorlaryny utgaşykly dolandyrmak. Aşgabat, Ylym, 2005.

## Kitapda ylmy işleri peýdalanylan alymlaryň familiýalarynyň sanawy

Gurbanguly Berdimuhamedow – 33, 7, 9, 10, 29, 69, 101, 103, 105, 123, 125, 126, 206, 207, 208, 209, 221, 222, 223, 224, 225, 236, 237, 238, 239, 242, 243, 248, 249, 250, 254, 259, 261, 262, 268, 281, 289, 297,299, 307, 309, 316, 391, 463.

**A**

Atatürk K. — 16.
Абалкин Л.И. и др. –116, 127.
Abul Kasym Hordatbeg — 14.
Абрамов М.А. — 268.
Августа Лёша — 63.
Алаев Э.Б. — 11, 29, 76, 127, 129, 144.
Алладатов Ж. — 67.
Al-Biruni — 14.
Allakow M. –67.
Aly Ibn Abbas Al Majusi — 14.
Александр Гумболдт — 56, 59.
Александров И.Г. — 60, 156.
Алфред Мехен — 48.
Алфред Вебер — 51.
Александров Э.Л. — 451, 457.
Аманеков Д.А. –67, 158.
Амирагян А.С. — 401, 413.
Amanmämmedow T. — 67.
Анаксимандр — 12.
Abul Kasym Hordatbeg — 14.
Абрамов М.А. — 266.
Августа Вебер — 52.

Al-Biruni — 15.
Annaýew D. — 13, 30.
Анучин Д.Н. — 59, 61.
Аннагылыжов А. –67.
Annagulyýew T. — 242, 243.
Arnageldiýew A. — 67, 447.
Artykow A. — 67.
Арсеньев К.И. — 57, 155.
Ataýew A. — 67.
Афанасьев В.Г. — 209.
Ахметов А.П. — 89.

**Б (B)**

Бабаев А. — 68.
Babaýew B. — 67.
Barbaros Haýretdin — 16.
Баев А.А. — 455, 457.
Baýramow H.R. — 67.
Балакирев Е.К. — 76, 464, 465.
Банников А.Г. — 447.
Баранский Н.Н. — 32, 61, 62, 63, 130,131, 144, 158.
Бабаев А.Г. –67, 158.
Багратиони Вахушти — 56.
Баттанова Е.С. — 210, 457.
Bekran Muhammet ibn Nejip — 14, 385.
Берг Л.С. — 61, 62.
Берри В. — 64.
Борисяк А.А. — 61.
Бочков Н.П. — 455, 457.
Бердиклычев М.Г. — 302, 316.
Будыко М.И. — 447, 451.
Бунге И — 64.
Байрамов Б. — 68.
Батыров А. — 67.
Berdiýew Ä. B. – 67.
Байрамов Б. — 67.
Блехсин И.Я. — 88, 89.
Бунакова Т.М. — 105, 186, 364, 383, 414, 428, 459, 465.

Боброва В.В. — 144, 197.
Боттанова Е.С. — 209.
Боголеров К.В. — 426, 428.
Больщаков Р.Н. — 220.

**Ч (Ç)**

Чаклин А.В. — 298, 301, 378.
Чарыев Б.Ч. — 67, 89, 91, 105, 349, 364, 365,367, 378, 383, 429.
Четыркин В.М. — 61.
Чазов Е.И. — 455, 457.
Чиков –426, 428.
Çiholm J. — 51, 59.
Чебоксаров Н.Н. — 165, 186.
Черкезова А.Х. — 349.
Чорли Р.Ж. — 64.
Чудновский А.Д. — 262.

**Д (D)**

Dewis, Broudi, Findeserold, Ist Speyt — 49.
Дарвин Ч. — 164.
Ден В.Е. — 59.
Djonston E. — 50.
Довровольский Г.В. — 444.
Дружинин А.Г. — 296, 301.
Дмитриевский Ю.Д. — 243, 317, 341, 399.
Дугин А.Б. — 339, 341.
Durdyýew S. — 76, 383, 443.
Дюбуа Е. — 167.

**Е (Э)**

Ермолаев М.Н. — 65.
Еделштейн Я.С. — 61.
Engels F. — 163.
Эсенов П. — 67, 316.

**Ф (F)**

Файбусович Э.Л. — 13, 29, 43, 63, 69, 76, 79, 80, 90, 129, 130, 136, 144, 147, 149, 150, 161, 186, 190, 196, 197, 268, 300, 301, 320, 324, 325, 332, 332, 340, 378.

Федченко В.А. — 61.

Федоров К.М. — 66.

Федоров Э.К. — 417, 429.

Федоров Ю.Н. — 76, 447.

Федорцов Н.П. — 162.

Felkner M. — 386.

Ферсман А.Е. — 61, 66.

Franklin Ruzwelt — 50.

Фрейкин З.Г. — 67, 158.

Forrester Ž. — 357.

**В (W)**

Warenius Bernhard –44, 54.

Вавилов Н.И — 62, 174,

Витвер И.А. — 131, 134, 144.

Вакулин А.А. — 447.

Величко Е.А. и др. — 424, 428.

Вернадский В.И. — 60, 427,

Воронцов А.И. — 378, 383, 417, 428.

Волобуев В.Р. — 444.

Войнович М. –385.

Войтинский В.С. — 417.

Войтинский Е.С. — 417.

Воронин В.В. — 30.

Воейков А.И. — 59, 65.

Веденин Ю.А. — 296, 301.

Витковский О.В. — 317.

Валтер Кристаллер — 63.

Вейсов К. — 67.

Вейисов С. — 67.

Welf — 360.

**Г (G)**

Garajaýew J. — 286.
Габор Д. — 360.
Гаррисон В. — 64.
Garri Trumen — 50.
Genjiýew R. — 68.
Герасимов И.П. — 23, 29, 444, 447, 451, 452, 457.
Gündogdyýew Ö. — 42, 69, 372, 385, 387, 414.
Гланц М.Г. — 436, 443.
Gurbangeldiýew J. — 16, 30.
Гвиччардини Л. — 44.
Головатенко А.Ю. — 332, 341.
Geldiýew Ç. — 460.
Герман К.Ф. — 57.
Grekateý Miletskiý — 12.
Григорьев А.А. — 61, 62.
Григорьев В.С. — 38, 61.
Григорьев С.Г. — 39, 61.
Голубчик М.М. — 13, 29, 43, 63, 69, 76, 79, 80, 90, 129, 130, 136, 144, 147, 149, 150, 161, 186, 190, 196, 197, 268, 300, 301, 320, 324, 325, 332, 332, 340, 378.
Готс В. — 59.
Губкин Н.М. — 66.
Genjiýew R. — 67.
Генрие М. — 361.
Gegel Fridrih — 47.
Гладкий Ю.Х. — 144.
Громов Н.Н. — 262.
Gurbanow Ö.R. — 67.
Gurbanmuradow G. — 67.
Gurbandurdyýew G. — 76, 383, 443.

**Х (H)**

Хаггет П. — 64.
Хайкин М.С. — 408, 414, 422, 429.
Halyl Edhem — 16.
Халтурина Д.А. — 37, 162.
Hantington E. — 50.

Хачатуров Т.С. — 379, 381, 407, 414, 429.
Харвей Д. — 64.
Харитонова Н.З. — 378, 383, 417, 428.
Hefel — 360.
Hojagulyýew A. — 67.
Hudaýýarow M. — 35, 37, 67, 76, 89, 91, 105, 112, 116, 128, 144, 269, 273, 286, 349, 364, 365, 378, 383, 414, 429, 447, 465.
Hysrow Nasyr — 15.

**И (I)**

Иванов И.Д. — 144.
Игнатенко Н.С. — 88, 89.
Ирхин Ю.В. — 331, 340.
Isaak Nýuton — 44.
Исаченко А.Г. — 316.
Immanuil Kant — 46, 47.
Iogann Týunen — 46, 51.
Itibaýew Ýolly — 67.
Изард Валтер — 64.
Израэль Ю.И. — 444, 447, 451.
Ильин Л.А. — 457.
Istahri — 14.

**Ж (Ž)**

Jan Boden — 44.
Jorj Perking Marş — 47, 59.
Жуков Е.А. — 250, 262.
Jumadurdyýew Ö. — 67, 465.
Журавлёв А.Н. — 317.

**К (K)**

Калашникова Т.М. — 106, 157, 220.
Каледин Н.В. — 317, 341.
Калинин М.И. — 156.
Камаев В.Д. — 115, 127.
Кальвина Ю.И. — 144, 197.
Kant I. — 47, 48.

Капица С.П. — 69, 105, 186, 301.
Карманов И.И. — 444.
Карелин Г. –386.
Karl Ritter — 47, 56, 59.
Келлер В.А. — 66.
Kemal reýs — 16.
Kätibi — 17.
Kiffer — 50.
Кирилов И.К. — 54.
Klaýn P. — 50.
Клейн Л. — 360.
Климанов В.В. — 186 383, 414.
Климанова О.А. — 186, 383, 414.
Ковда В.А. — 444.
Колесов В.П. — 128, 144, 197, 209, 220, 262.
Колодин М.В. — 424, 428.
Колосов В.А. — 317, 341.
Колосовский Н.Н. — 61, 152, 157, 158, 162.
Колотиевский А.М. — 162.
Комар И.В. — 88, 89.
Козлов В.И. — 362, 364.
Коротаев А.В. — 37, 162.
Костюковский В.И. — 447.
Коршек А.А. — 414.
Кулаков М.В. — 128, 144, 197, 209, 220, 262.
Кулик К.Н. — 313, 316.
Куракова Л.И. — 383.
Kurambaýew M. — 67.
Курбанов Л. — 67.
Kuznesow A.P. – 38, 40, 94, 164, 168, 171, 172, 176, 186, 197, 201, 202, 257, 262, 272, 273, 277, 286, 349, 364, 414, 415, 428.
Кузнецов М.В. — 250, 268.
Комаров В.А. — 66.
Коншин А.М. — 65, 386.
Курнаков Н.С. — 66.
Крашенинников С.П. — 56.
Кристаллер Вальтер — 64.
Крубер А.А. — 61.
Krjijanowskiý G.M. — 60, 61, 156.

Крюков П.  — 155.
Л(L)
Лавров В.И.  — 61.
Лавров С.Б.  — 317, 320, 340, 457.
Лаврухин В.В.  — 317.
Ladyjenskiý A. –385.
Лейзерович Е.Е.  — 67.
Lenin W.I.  — 60, 61, 155.
Леонтьев В.  — 359.
Ломоносов М.В.  — 55, 57, 155.
Лопатина Е.В.  — 88.
Луис Лики  — 166, 167.
Лукащевич И.Д.  — 61.
Любимов И.М. –30, 92.
Любименко В.Н.  — 61.

**М (M)**

Майергойз И.М.  — 187, 196, 197, 341.
Makkinder Halford  — 49, 81.
Magtymow A.  — 67, 447, 465.
Максаковский В.П.  — 317.
Малков А.С.  — 37, 162.
Манак Б.А.  — 38.
Манжакова О.Г.  — 408, 412, 414.
Маркс К.  — 155.
Масальский  В.И.  — 67.
Машбиц Я.Г.  — 186, 317.
Медведов В.А.  — 116, 127.
Медведова М.Н.  — 302, 316.
Медоуз Д.  — 358.
Межевич Н.М.  — 320, 340.
Менделеев Д.И.  — 58, 80, 155.
Meredow B. — 67.
Мересте Ы.У. — 38.
Месарович М.  — 358.
Минц А.А. — 88, 89.
Мирлин Г.А. — 415, 428.
Мироненко Н.С. — 144, 341, 399.

Монбриаль Т. — 360.
Muhitdin Piri reýs — 16, 17.
Muhanow A. — 243.
Муравьев М. — 385.
Муравьев Н.П. — 155.
Monteskýe S.L. — 47.
Monbrial T. — 360.
Мягков Н.Я. — 302, 316.

**Н (N)**

Назаревский О.П. — 88.
Наливкин Д.В. — 66.
Nasyr Hysrow — 14.
Nepesow B.N. — 67, 445.
Nepesow M. — 67, 460.
Неуструев С.С. — 61, 65.
Nobel A.L. — 386.
Новиков Э.А. — 88, 89, 427, 428.
Новиков Ю. В. — 76, 383, 447.
Никитин И.И. — 61, 156.
Nurberdiýew M. — 67.
Nurmedow D. — 67.
Ныммик С.Я. — 38.

**О (O)**

Огарев Н.П. — 57, 58, 69, 155.
Oraýew N.O. — 67, 69, 144, 158, 160, 162.
Orazmuradow B. — 67.
Orazow H.O. — 67.
Orazow M. — 76, 383, 447.
Одум Ю. — 100.

**Ö**

Ödekow Ö. A. — 392.

**П (P)**

Панченко Т.А. — 262.

Пашканг Н.В. — 378, 383, 428.
Павлов И.П. — 290.
Pegoletti –42.
Петров М.П. — 66.
Подобедов Э.К. — 419. 422, 428.
Покшищевский В.В. — 91, 186.
Поликарпов Ф. — 44.
Pol Widal de la Blaş — 48.
Преображенский В.С. — 302, 316.
Приваловская Р.А. — 250, 268.
Reççei A. — 357.
Pestel E. — 155, 358.
Petti U. — 45.
Pliniý (Uly) — 42, 384.
Плоткин М.П. — 219.
Просалов И.И. — 65.

**Р (R)**

Радионов А.И. — 447.
Раковский С.Н. — 317.
Ратцель Фридрих — 47.
Rejepbaýew K. — 67, 316.
Рогачев С.В. — 401, 413.
Родионова И.А. — 105, 186, 364, 383, 414, 416, 420, 421, 428, 429, 459.
Родзевич Н.Н. — 378, 383, 428.
Родюков В.И. — 67.
Руденко В.П. — 88, 89.
Рунова Т.Г. — 250, 268.
Рустамов А.К. — 443.

**С (S)**

Саакян А. — 67.
Саушкин Ю.Г. — 13, 38, 54, 69, 76, 131, 144.
Saparow O. — 67, 77, 382, 447, 465.
Сдасюк Г.В. — 88, 162, 457.
Selim-1. — 16.
Семевский Б.Н. — 50, 67, 69, 76, 307, 317.

Семенов П.П. Тянь-Шанский — 58, 155.
Seýdi Aly reýis –16, 17.
Слевич С.Б. — 322, 340.
Sleýter — 272.
Смирнягин Л.В. — 317.
Спикмен — 49.
Стадницкий Г.В. — 447.
Седунов Ю.С. — 451, 457.
Söýünow O. — 67.
Sopyýew Ö.S. — 67.
Strabon –41, 371.
Струмилин С.Г. — 66, 363.
Судо М.М. — 416, 429.
Сукачев В.Н. — 61.
Сунгурова М.А. — 424, 428.
Сущий С.Я. — 296, 301.
Speýt Ist — 50.

**Ш (Ş)**

Шамаров А.М. — 414.
Шарыгин М. Д. — 30, 38, 162, 349.
Şarl Lui Monteskýe — 46.
Щербаков Д.И. — 66.
Щульгин Е.Я. — 61.
Щокальский Ю.М. — 61.
Щукин И.С. — 61.

**Т (T)**

Tajibaýewa G.N. — 67.
Татищев В.Н. — 55, 69, 155.
Тотилов П.С. — 209, 457.
Туровский Р.Ф. — 317, 340.

**У (U)**

Урланис В.С. — 91, 363.

**Ý (Й)**

Ÿegengeldiýew E.G.  — 33, 37, 67.
Йухоп Челлен  — 48.

**З (Z)**

Заяц Д.В.  — 321,  340.
Залогин Б.С.  — 422, 423, 428.
Зонн И.С.  — 440, 447.

**Ю**

Юсубов Х.  — 415, 429.

**Я**

Янов Э.Н.  —  408, 414, 422, 429.
Янсон Ю.Е.  — 155.
Ягья В.С.  — 317.

## Kitapda ulanylan ykdysady geografiki adalgalar

**Esklab** – döwletiň käbir bölegi onuň gury ýerdäki esasy böleginden üzňe ýerleşen bolsa, geografiki edebiýatlarda oňa «esklab» döwletiň bölegi diýilýär. Bu adalga adalara degişli däl.

**Anklab** – döwletiň bir bölegi başga bir döwletiň meýdan-çäginde ýerleşip, diňe gury ýer boýunça araçäkleşýän bolsa «anklab» ýagdaýly diýilýär.

**Standort** – nemesçe **«Standort»** senagat we oba hojalyk kärhanasynyň ýerleşen ýeri – diýmekdir.

**Determinizm** – tebigatda we jemgyýetde bar bolan kanunlary, kanunalaýyklyklary ykrar edýän filosofiýanyň akymyna **«determinizm»** diýilýär.

**Fatalizm** – ykbalyňa näme ýazylan bolsa, şoňa ynanmak diýmekdir. Fatalizm – ähli dinlere mahsusdyr.

**Seperatizm** – sebitiň **esklab** ýagdaýy käbir ýagdaýlarda ýerli halky seperatistik ymtylmalaryna getirýär. Şeýle ýagdaý taryhda bolýan hadysa. Meselem: Päkistanyň gündogar bölegi onuň esasy böleginden aýrylyp, Bangladeş döwletini emele getirdi. Häzirki döwürde Russiýadan Çeçenistan, Ýugoslawiýadan Kosowo, Moldowadan Pridnestrowýe, Eýrandan we Ýrakdan Kürdüstan özbaşdak bolmak isleýärler.

**Hartlend we Rimlend** – Geosyýasatyň tarapdarlary döwletleriň we halklaryň geografiki ýerleşişi olaryň ykbalyny kesgitleýär diýip düşünipdirler. Olardan iňlis geografy Halford Makkinderiň pikirine görä, Ýewraziýanyň ýadrosynda ýerleşýän Russiýa döwletini **«Hartlend»** diýip atlandyrypdyr. Onuň töwereginde deňiz kenarýakalarda ýerleşen döwletlere **«Rimlend»** diýip, at beripdir. Russiýanyň meýdan-çägini baglanyşdyryjy häsiýeti hakynda D.I.Mendeleýew: «Ýarysy Ýewropada, ýarysy Aziýada ýerleşen Russiýa, dünýäniň merkezi böleginde, ýagny Ýewropada we Aziýada ýerleşen döwletleri ylalaşdyrmak, baglanyşdyrmak, azat etmek üçin taryh belläpdir» diýip ýazypdyr. Olaryň biri-birine bolan garşylygy taryhy gutulgysyzdyr diýip belläpdirler. XX asyryň ikinji ýarymynda «Hartlend» SSSR-i deňiz ýakasy döwletlere «Rimlende» garşy duran ulgamlar emele

geldiler. Emma Napoleon goşunlaryna (X1X asyryň başy), Germaniýa (XX asyryň ortasy) garşy durmak üçin Hartlend bilen Rimlendiň birleşendigine taryh şaýat.

**Tebigy şertler** – Tebigy şertlere Günüň ýagtylygy, ýere gelýän energiýanyň möçberi, ýeliň güýji, howanyň basyşy, temperaturasy, çyglylygy, ýeriň üstüniň gurluşy, ösümlik we haýwanat dünýäsi degişlidir.

**Tebigy baýlyklar** – eger adamzat tebigy şertleri, hojalygynda ulanyp bilse şoňa tebigy baýlyklar diýilýär. Tebigy baýlyklara ýene ýerüsti we ýerasty mineral çig mallar hem degişli.

**«Gaçgaklar» –** esasan uruş zerarly, tebigy betbagtçylyk sebäpli ilat öz ýaşan mesgenini taşlap göçmäge mejbur bolýar.

**Ekologiki migrasiýa –** ilatyň öňki ýaşaýan ýerinde ýaşaýyş şerti ýaramazlaşanda ilat göçýär. Meselem: Aral deňizýaka, Çernobyl şäheri töweregindén, öňki Semipalatinsk poligondan (Gazagystan) ilat başga ýerlere saglyk ýagdaýlarynyň ýaramazlaşmagy sebäpli göçmeli bolýarlar. Şoňa ekologiki migrasiýa diýilýär.

**Içki migrasiýa** – bir döwletiň çäginde ilatyň obadan şähere ýa-da tersine, şäherden oba göçmegi bolup geçýär. Gartaşan adamlar üçin rahat durmuş, ýaşaýyş zerurlygy sebäpli şäherlerden oba ýerlerine göçmeli bolýarlar.

**Emigrant** – döwletini taşlap başga döwlete ýaşamaga gidenlere **emigrant** (emigrasiýa) diýilýär.

**Immigrant** – öň gidip, soň öz ýurduna gelenlere – **immigrant** (immigrasiýa) diýilýär.

**Aglomerasiýa** – şäherler giňelip, töweregindäki şäherleri, şäherçeleri özüne birikdirýärler. Oňa **şäher aglomerasiýasy** diýilýär. Olar şäher ýadrosy bilen zähmet, medeni-durmuş, hojalyk boýunça baglanyşýarlar.

**Megalopolis** – birnäçe şäherler birleşip, **megalopolisleri** emele getirýärler. Olardan **Bos-Waş** (Boston–Waşington) –50 mln adam ýaşap, 25-den gowrak şäher aglomerasiýany özüne birikdirýär. Ýaponiýada–**Tokaýda** (Tokio–Osaka) 60 mln adam ýaşaýar.

**Isleg** – Adam özüniň tebigy we ýaşaýşa ukyplylygy üçin döreden şertlerine bolan gatnaşygyna isleg diýip düşünýär. Islegiň ösmegi we ony kanagatlandyrmak – hemişelik we elmydama üsti ýetirilýän taryhy hadysa, şoňa baglylykda adamzadyň ösüşi islegiň ösüşi bilen deňeçer gidýär. **Isleg** – bu şahsyýetiň we tutuş jemgyýetiň ýaşaýşa bolan ukybyny saklamak üçin gerek bolan zerurlykdyr.

**Geografiki zähmet bölünişigi** – geografiki edebiýatlarda bu adalga «Ýerlerde zähmet bölünişigi» diýip köp ýyllaryň dowamynda ulanylypdyr.

Belli ykdysatçy we ykdysady geograf E.B. Alaýew özüniň sözlüginde «Ähli giňişliklerdäki jemgyýetçilik zähmet bölünişigi – geografiki zähmet bölünişigi diýip atlandyrylmalydyr» diýip ýazýar. Eger-de gürrüň aýratyn döwletleriň, ýa-da olaryň halkara guramalarynyň arasyndaky zähmet bölünişigi hakda gitse, onda oňa halkara zähmet bölünişigi; bir döwletiň we onuň sebitiniň çägindäki zähmet bölünişigine – döwletiň içindäki, sebitara, raýonara zähmet bölünişigi diýilýär.

**Geografiki zähmet bölünişigi** – Ýer ýüzünde ekerançylygyň, maldarçylygyň, senetçiligiň, dürli şäherleriň emele gelmegi zähmet bölünişiginiň kämilleşmegine getiripdir. Şäherleriň döremegi bilen senetçilik, söwda döräpdir we ösüpdir. Önümiň görnüşine görä oňa akyl we fiziki zähmet siňdirilipdir. Geografiki edebiýatlarda bu adalga «Ýerlerde zähmet bölünişigi» diýip köp ýyllaryň dowamynda ulanylypdyr. Belli ykdysatçy we ykdysady geograf E.B.Alaýew özüniň sözlüginde «Ähli giňişliklerdäki jemgyýetçilik zähmet bölünişigi – geografiki zähmet bölünişigi diýip atlandyrylmalydyr» diýip ýazýar.

**Awtohton** – E.B.Alaýewiň (1983, sah. 185–187), M.M.Golubçigiň we beýlekileriň (2003, sah. 86–87) pikirlerine görä, Günorta-Gündogar Aziýanyň halklary ir döwürlerden bäri şaly ekmek we tüwi öndürmek bilen meşgullanypdyrlar. Amerikanyň ilaty mekgejöwen öndürmek bilen tapawutlanypdyrlar. Zähmetiň ýerli aratapawudy bar. Emma geografiki zähmet bölünişigi ýok. Önümçiligiň şu görnüşine **awtohton** görnüşi diýilýär. Önümçiligiň awtohton görnüşi ylym we tehnika önümçilige ornaşdyrylýança, dünýäniň köp halklaryna mahsus bolupdyr. Ýagny öndürilen şaly we mekgejöwen ýerli islegi kanagatlandyrypdyr. Olar haryt alyş-çalyş etmek üçin şalynyň we mekgejöweniň meýdanyny giňeldip, artykmaç önüm öndürenden soň geografiki zähmet bölünişigi emele gelýär.

**Dünýä bazary** – daşary söwda we dünýä bazary halkara zähmet bölünişiginiň yzygiderli ösüşinden öň emele gelipdir. Dünýä bazary kapitalizmiň manufaktura basgançagynda döreýär.

**Halkara zähmet bölünişigi** – kapitalizmiň has ösen, senagat basgançagy döwründe, **dünýä hojalygy** X1X asyryň ahyrynda XX asyryň başynda, kapitalizmiň azat bäsleşigi(konkurensiýa) döwründe emele gelipdir.

**Monopoliýalar** – kapitalistik döwletlerde iri milli trestler, konsernler maliýe kapitaly bilen birleşip, uly monopoliýalary emele getirýärler. Olar birnäçe bolup belli bir haryt öndürmekde we ony satmakda dünýä bazaryny paýlaşýarlar. Öz döwletlerinde belli bir görnüşli harytlary köp öndürip, şol harytlary beýleki döwletlerde hem öndürmegi ýola goýýarlar. Şeýlelikde,

olar şol harytlaryň dünýä möçberinde belli bir bölegini öndürmegi ýola goýup, dünýä bazaryna eýelik edýärler.

**Önümçiligiň integrasiýasy** – integrasiýanyň hakyky esasyny döredýän zat kapitalistik döwletleriň zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagy, olaryň önümçilik hyzmatdaşlygy döwletiň çäginden çykyp, beýleki döwletlere ýaýramagy bilen halkara zähmet bölünişigi emele gelýär.

**Geografiki raýon** – geografiki raýon diýilýän adalga ir wagtlardan bäri geografiýa ylmynyň iki şahamçasynda hem ulanylýar. Fiziki geografiýada geologik, geomorfologik gurluşy boýunça biri-birinden tapawutlanýan bir bütewi meýdan-çäklere raýon ýa-da landşaft diýilýär. Fiziki geografik raýon geologik, geomorfologik gurluşy boýunça administratiw-territorial gurluşyga boýun egmeýän meýdan-çäkleri özüne birleşdirýär.

**Ykdysady we durmuş sebiti** – ykdysady we durmuş geografiýasynda – **ykdysady-durmuş raýon** ýa-da **sebit** bu belli bir meýdan-çägiň hojalygynyň ýöriteleşişi we onuň köptaraplaýyn ösüş aýratynlygy, özboluşly geografiki ýerleşişi, tebigy we zähmet baýlyklary boýunça beýleki goňşy ýerlerden tapawutlanýar. Emma fiziki-geografiki raýondan tapawutlylykda ykdysady sebitde ähli hojalyk işler administratiw raýonlaryň (etraplaryň, welaýatlaryň) çäklerinde alnyp barylýar. Şonuň üçin etrabyň, welaýatyň hojalyk taýdan özleşdirilmedik ýerlerini, ýagny administratiw-territorial birlikleriň doly araçäkleriniň çägindäki meýdanyny ykdysady sebit özüne birleşdirýär.

**Infrastruktura – ýa-da hyzmat ediji kärhanalar** – müňa önümçiligi we önümçilik däl edaralary elektroenergiýa, ýylylyk, suw bilen üpjün edýän pudaklar, maşynlary, mehanizmleri abatlaýan, çig mallary we taýýar önümleri saklaýan ammarlar degişlidir.

**Ykdysady çatryk** – uly bolmadyk meýdan-çäkde ykdysady, durmuş we ekologiki taýdan ykjam ýerleşen, bir-birleri bilen ykdysady, tehniki-önümçilik gatnaşyklary saklaýan, durmuş we önümçilik infrastrukturasy bolan senagat merkezi diýmekdir. Ykdysady çatryklaryň arasynda senagat, agrosenagat, ulag, industrial-gurluşyk, rekreasion toplumlary jemlenýärler.

**Ykdysady merkez** – bir şäheriň çäginde ýerleşýän önümçilik toparyny we onuň töweregindäki bagly-bakjaly, ýolly, gurluşykly obany özüne birikdirýär. Onuň umumy ykdysady-geografiki ýerleşişi, önümçilik, durmuş, ekologiki we bazar gatnaşyklaryny amala aşyrýan infrastruturasy bolýar.

**Ykdysady nokat** – oba hojalyk, tokaý hojalyk, magdan gazyp alýan ýa-da rekreasion işleri amala aşyrýan ilat mesgenine aýdylýar. Türkmenistanyň çäginde ykdysady nokatlar birigip obasenagat, suw we tokaý hojalyklary emele getirýärler.

31. Sargyt № 2076

**Ýerli önümçilik toplum** – raýonyň tebigy, ykdysady, ulag şertlerine, ykdysady geografiki ýerleşişine baglylykda ykdysady taýdan ugurdaş kärhanalaryň bir ýerde jemlenmegine – ýerli önümçilik toplumy diýilýär diýen kesgitlemäni N.N. Kolosowskiý berýär.

**Halk hojalygy** – ykdysady we durmuş geografiýasynda **«halk hojalygy»** adalga dürli döwletler, halkara guramalar tarapyndan ykrar edilen, syýasy esasda döredilen özbaşdak döwletiň, federasiýanyň düzümindäki respublikanyň ykdysadyýetine häsiýetnama berlende ulanylýar.

**Hojalyk** – welaýatyň, etrabyň, beýleki administratiw-territorial birlikleriň ykdysady-geografik ösüşine, önümçilik kärhanalaryna häsiýetnama berlende **«hojalygy»** diýilýän adalgadan peýdalanylýar.

**Infrastruktura** – dünýäniň ösen döwletlerinde halk hojalygynyň esasy pudaklarynyň biri **infrastruktura** hasaplanýar. XX asyryň 40-njy ýyllarynda bu adalga ykdysady we durmuş geografiýasyna harby leksikondan girizilipdir. Harby leksikonda oňa hojalyga kömek beriji ymaratlar we ýaragly güýçlere hyzmat ediji gulluk degişli edilipdir. Häzirki wagtda bu adalga hojalyga hyzmat edýän ymaratlary, jaýlary, önümçilige zerur, emma önümçilige degişli bolmadyk maddy serişdeleri (ulag, aragatnaşyk kärhanalary, suw we energiýa bilen üpjün edýän kärhanalar) girizýärler.

**Infrastrukturanyň ulgamlary: sosial infrastruktura** – saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, durmuş hyzmaty edaralary; **institusional infrastruktura –** döwleti dolandyrmaklygy üpjün edýän (administratiw-hojalyk, maliýe we beýlekiler); **informasion infrastruktura –** aragatnaşygyň täze ugurlary, telewideniýe, informatika we hasaplaýjy tehnika, kommunikasiýanyň beýleki ulgamlary girýärler. Hojalygyň ösmeginde bu toplumlaryň we olaryň kärhanalarynyň ähmiýeti örän uludyr. Olar ähli hojalyk kärhanalaryny baglaşdyryjy bolup hyzmat edýärler.

**Tehnopolisler** – ilkinji gezek Ýaponiýada döredilipdir. Tehnopolis-şäher-bag, amatly ekologiki ýagdaýy bolan merkez, täze tehnologiýanyň döredilýän şäheri. Şolar ýaly tehnopolisleriň 20-den gowragy Ýaponiýada döredilen. Olar ýaly tehnopolis Russiýada we beýleki döwletlerde akademiýa şäherleri diýip atlandyrylýar. Ylmy-tehnologiki açyşlary amala aşyrar ýaly şol şaherçelerde alymlara ähli mümkinçilikleri döredýärler.

**Ekstensiw ösüş** – oba hojalykda ekilýän ýerleriň meýdanyny artdyryp köp hasyl almaklykdyr. Bu ýagdaý ykdysady taýdan gowşak ösen döwletleriň köpüsi üçin häsiýetlidir. Täze ýerleri özleşdirmeklik oba hojalykda wagtlaýyn üstünliklere eltip biler. Emma olar ýaly edilende ekilýän ýerler sandan çykýar, hojalyk dolanyşygyndan galýar. Sebäbi, ol ýerlerde agrotehnikanyň talaplary berjaý edilmeýär. Ýerlere mineral we organiki dökün az dökülýär,

mehanizmlerden az peýdalanylýar. Maldarçylyk pudaklarynda mallaryň baş sanyny artdyryp, köp önüm almaklyga aýdylýar.

**Intensiw ösüş** – Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ekilýän ýerlere döküni, suwy hakyky berilmelisi ýaly edip berýärler. Mehanizmlerden doly peýdalanýarlar. Ýerleriň hasyllylygyny artdyrýarlar we köp hasyl alýarlar. Maldarçylykda hem ýagdaý şeýleräk. Oňat tohum mallary saklap, gowy idegini ýetirip, ýokary önüm alýarlar. Bular ýaly edilende hojalyk intensiw ösýär, ŷagny yzygiderli ösýär diýildigidir. Maldarçylykda mallaryň sanyny artdyrman, önümliligine köp üns berýärler.

**Ewentual bitaraplyk** diýmek, döwletiň anyk-takyk bir urşa gatnaşmazlygydyr. Uruş döwründe Bitarap döwletiň hukuk-borçlary halkara resminamalaryň birgideni bilen rejä getirilýär. Olar Gaaga (1899, 1907 ý.) we Ženewa (1949 ý.) konferensiýalarydyr.

**Hemişelik Bitaraplyk** diýmeklik – döwletiň özüniň hiç wagt goňşy döwlet bilen uruş etmezligi, özüniň içki ýagdaýlaryny we araçägini goramak üçin çäkli goşunynyň bolmagy, uruş etjek bolýan döwletleriň hataryna göşulmazlyk ýaly borçlary öz üstüne alýar. Parahatçylyk wagtynda hem Bitarap döwlet harby bileleşiklere we toparlara gatnaşmaýar. Őz çäginde daşary döwletleriň goşunlaryny, harby merkezlerini ýerleşdirmäge rugsat bermäge haky ýok. Şu şertleri ýerine ýetirmek üçin döwletiň garaşsyzlygy, çäk bütewiligi hem-de hemişelik Bitaraplygy güwä geçýär, beýleki döwletler tarapyndan ykrar edilýär.

**Geourbanistika** – şäherleriň ilatynyň geografiýasyny öwrenýän, geografiýa ylmynyň şahamçasydyr.

**Georuralistika** – oba ilatynyň geografiýasyny öwrenýär.

**Ekistika** – dünýäniň ösen döwletlerinde geografiýa ylmynyň Ilat mesgenlerini öwrenýän ykdysady we durmuş geografiýasynyň şahamçasyna aýdylýar.

**Totemizm** – ýokary paleolit (b.e. öňki XI müňýyllyga çenli) döwründe diniň ýönekeý görnüşi **totemizm** (käbir adamlar toparynyň haýwanlar, ösümlikler bilen ýokary tebigy garyndaşlygy bardyr diýip pikir etmek) emele gelipdir.

**Elektoral geografiýa** – döwletiň çäginde dürli edaralara, guramalara ýolbaşçy wezipelere saýlawlaryň geçirilişini, saýlawlarda syýasy partiýalaryň, birleşmeleriň, güýçleriň: profsoýuzlaryň, köpçülikleýin guramalaryň we habar beriş serişdeleriniň täsirini seljerýän we öwrenýän syýasy geografiýanyň şahamçasydyr.

**Separatizm** – haýsy-da bolsa bir çägiň, onda ýaşaýan milletiň– döwletiň düzüminden doly aýrylmagy islemegidir.

**Geosyýasy ýagdaý** – diýlen adalga kä ýagdaýlarda döwletiň halkara derejesinde goňşy döwletleri bilen deňeşdirende alyp barýan geosyýasaty hökmünde seredilýär.

**Monarhiýa** bolanda – ýokary döwlet häkimligi monarha (meselem, patyşa, şa, emir, korol we beýlekilere) degişli bolup, ol nesilden nesile geçýär. Monarhiýa döwlet dolandyrylyşy iki görnüşde bolýar. Olaryň biri **absolýut monarhiýa** – onuň häkimligi hiç hili çäklendirilmeýär. Oňa mysal edip, Bahreýni, Katary, Omany, Birleşen Arap Emirliklerini we beýlekileri aýdyp bolar. Häzirki zamanda **çäklendirilen monarhiýa** iki görnüşde: 1) **konstitusiýa boýunça,** bu ýagdaýda ýokary döwlet häkimligi ýurduň konstitusiýasy boýunça çäklendirilýär. 2) **parlament görnüşli**, bu ýagdaýda monarhy (patyşany, emiri) häkimligi parlament tarapyndan kesgitlenilýär. Meselem, Şwesiýa konstitusion monarhiýa(korollyk), döwlet parlament görnüşinde dolandyrylýar. Korol wekilçilik ediji görnüşdedir. Ol şwed döwletiniň we milletiniň simwoly hökmünde çykyş edýär.

**Unitar döwletlerde** ýeke-täk kanunçykaryjy we ony ýerine ýetiriji häkimiýet, ýeke konstitusiýa, umumy hukuk ulgamy bolýar. Bu öz gezeginde döwletiň çäginde merkezi hökimetiň häkimligini berkidýär. Döwletiň çäginde öz-özüňi dolandyrmak hukugy bolmaýar. Unitar döwletlere Beýik Britaniýa, Fransiýa, Italiýa, Ýaponiýa, Belarus, Bolgariýa we köp sanly döwletler girýärler.

**Federatiw döwletler** köp milletli bolanlygy sebäpli olarda respublikalar, ştatlar, prowinsiýalar, ýerler, kantonlar, territoriýalar bolup, olaryň özbaşdak kanunlary bolýarlar. Federatiw döwletleriň içki administratiw birlikleriniň öz kanunlary, sud ulgamlary bar. Russiýa federal döwlet. Onuň subýektleri (21 respublikasy, 10 sany awtonom oblasty we okrugy) ýeketäk federal häkimiýete, onuň kanunlaryna boýun egýärler. Administratiw birlikleriň öz-özlerini dolandyrmaklyga hukuklary bar.

**Totalitarizm** – düşünjesi (totalis – latyn sözünden – bütewi, doly, hemmesi diýmekligi aladýar) 1920-nji ýylda italýan barlagçylary Ž. Amendola we P. Gabetti tarapyndan Italiýada ýöredilen Mussolininiň diktaturasy (çäklendirilmedik häkimligi döwründe) öwrenilip, ylma girizilipdir. Bu ýagdaýda döwleti dolandyrmaklyk has merkezleşdirilip, ýurtda höküm sürýän partiýa ýa-da harby hunta degişli bolýar.

**Awtoritarizm** – bu syýasy düzgünde syýasy häkimiýet bir adamyň ýa-da bellibir toparyň elinde jemlenýär. Bu görnüşdäki döwletde raýatlaryň syýasy azatlygy doly we kem-käsleýin gadagan edilýär. Partiýanyň ýöredýän syýasaty we işi çäklendirilýär. Jemgyýetçilik guramalary ýatyrylýar. Oppozisiýa gysylyp çykarylýar. Çäklendirilen plýuralizme (köp partiýalyly-

ga) rugsat edilýär. Awtoritar düzgün köp halatlarda jemgyýetçilik tertip-düzgünini saklamaklygy başarýar.

**Monitoring** – iňlis sözi bolup, haýsy hem bolsa bir zada ýa-da hadysa gözegçilik etmegi aňladýar. Gözegçilik esasanda tebigy resurslaryň peýdalanylyşyna hem-de tebigaty goramaklyga, adamy hojalyk işleriniň täsirleri netijesinde tebigatyň üýtgeýşini öz wagtynda bilip, hasaba almakdan we ol özgerişleri düzetmekden ybaratdyr. Şol sebäpden hem monitoring sözi kämil jemgyýetde ýaşaýan köp sanly halklaryň dillerinde, öz asyl görnüşinde, ütgedilmän ulanylýar.

## MAZMUNY


Giriş ... 7

**I. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň usulyýet esaslary** ... 11

**I.1. «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslary» dersiniň öňünde durýan wezipeler** ... 11

1.1.1. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslarynyň ylmyň pudagy hökmünde emele gelmegi ... 11

1.1.2. Ykdysady we durmuş geografiýasynda amala aşyrylan ylmy açyşlar ... 13

1.1.3. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy ... 18

1.1.4. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň düzümi, maksady we wezipeleri ... 22

1.1. 5. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň hojalyk ähmiýeti ... 28

**I.2. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň barlag usullary** ... 30

1.2.1. Ykdysady we durmuş geografiýasynda ulanylýan dürli usullar ... 30

1.2.2. Ykdysady geografiki habarlary ýygnamak, işlemek we saklamak meseleleri ... 33

1.2.3. Geografiki barlaglarda geoinformasion ulgamlardan peýdalanmak. ... 36

**I.3. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslarynyň emele geliş we ösüş döwürleri** ... 38

1.3.1. Ykdysady geografik aňyýetiň we düşünjeleriň emele gelmegi ... 38

1.3.2. Ykdysady we durmuş geografiýasyna degişli düşünjeleriň we ylmy işleriň Ýewropa döwletlerinde emele gelşi ... 43

1.3.3. XVIII–XIX asyrlarda Russiýada ykdysady we durmuş geografiýasy bilen baglanyşykly ilkinji ylmy işler ... 54

1.3.4. XIX asyryń aýagynda we XX asyryň başlarynda ykdysady geografik garaýyşlaryň esasy ugurlarynyň döremegi ... 56

1.3.5. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň SSSR döwründäki

ýagdaýy ..................................................................................... 60
1.3.6. XX asyrda dünýä ykdysady-durmuş geografiýasynyň emele gelmegi ..................................................................... 62
1.3.7. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň Türkmenistanda ösüşi we öwrenilişi ............................................................................ 65
**I.4. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň usulyýet, usulyýetçilik esaslary** ..................................................... 69
1.4.1. Jemgyýet we geografik sreda barada düşünje.............................. 69
1.4. 2. «Tebigat–ilat–hojalyk» ulgamynyň bütewiligi ............................ 71
1.4.3. Durmuş ulgamlarynyň ösüşi, ilatyň köpelişi, durmuş-demografik ýagdaýlar we olaryń tebigata edýän täsiri.... 72
1.4.4. Ilatyń hojalygyna tebigy hadysalaryń edýän täsiri....................... 74
1.4. 5. «Tebigat–ilat–hojalyk» üçlemäniň esasy sypatlary we özara täsir ediş kanunalaýyklyklary ............................................................ 75
**II. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslary hakynda umumy düşünjeler, garaýyşlar ulgamy** .................................... 77
**II.1.** Döwletiň hojalygyny ösdürmekde onuň meýdan-çäginiň, ykdysady-geografik ýerleşişiniň, tebigy şertleriniň we baýlyklarynyň ähmiýeti......................................................... 77
2.1.1. Döwletiň ýeriniň geografik ýerleşişi, ululygy we bütewiligi hakynda düşünje.................................................... 77
2.1. 2. Döwletiň meýdan-çäginiň ykdysady-geografik ýerleşişiniň zerur alamatlary ....................................................... 81
2.1.3. Tebigy şertler we baýlyklar, tebigy baýlyklaryń toparlanmasy (kassifikasiýasy) .................................................... 82
2.1.4. Tebigy baýlyklar bilen öndüriji güýçleriň ýerleşişindäki özara baglanyşyk...................................................................... 87
2.1. 5. Ýeriň tebigy baýlyk mümkinçiliklerine baha bermek……………88
**II.2. Döwletiń durmuş-demografiýa ýagdaýyna we hojalyk mümkinçiliklerine baha bermek**............................................... 90
2.2.1. Ilat döwletiň esasy öndüriji güýjüdir ............................................ 90
2.2.2. Ýerleriň demografik ýagdaýy we ilatyň göçmekliginiň sebäpleri ............................................................... 93
2.2.3. Şäherleşmek, ilatyň ýerler boýunça ýerleşmek ulgamynyň döremegi......................................................................................... 96
2.2.4. Ýerlerde ilatyň durmuş-demografik ýagdaýyny we hojalygyny ösdürmek mümkinçiliklerine hemmetaraplaýyn baha bermek....................................................................................... 100

2.2.5. Ilatyň ykdysady, medeni hal-ýagdaýyny gowulandyrmak barada ........ 100

**III. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň taglymat esaslary** ........ 106

III.1. Hojalygy, önümçiligi ýerlerde ornaşdyrmaklygyň kanunlary, kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we şertleri ........ 106
3.1.1. Önümçiligi ýerlerde gurnamaklyk hakdaky düşünjeleriň özara baglanyşygy ........ 106
3.1.2. Önümçiligi ýerlerde ornaşdyrmaklygyň aýratynlyklary we özboluşly häsiýetleri ........ 107
3.1.3. Önümçilik ulgamlarynyň ilatyň ýerleşmegine edýän täsiri ........ 111
3.1.4. Türkmenistanyň hojalygynyň bazar ykdysadyýetine geçiş aýratynlyklary ........ 112
3.1.5. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň taglymatlary ........ 115
3.1.6. Ykdysady we durmuş geografiyasynyň kanunalaýyklyklary ........ 123
3.1.7. Ykdysadyýeti ösdürmekligiň esasy ýörelgeleri ........ 125
3.1.8. Önümçiligi ýerleşdirmekligiń şertleri ........ 126

**III.2. Ýerlerde geografiki zähmet bölünişigi, zähmetiň we önümçiligiń bir ýere jemlenmegi (konsentrasiýasy)** ........ 128

3.2.1. Ýerlerde geografiki zähmet bölünişiginiň emele gelmeginiň sebäpleri ........ 128
3.2.2. Ylmy-tehniki ösüş şertlerinde ýerlerde zähmet bölünişiginiň kämilleşmegi ........ 132
3.2.3. Halkara zähmet bölünişigi we onuň ösüş ugurlary ........ 134
3.2.4. Ýerlerde önümçiligiń bir ýere jemlenmegi (konsentrasiýasy) ........ 138
3.2.5. Halkara ykdysady birleşmeleriň geografiki giňişliklerdäki görnüşleri ........ 142

**III.3. Döwleti ykdysady taýdan sebitlere (raýonlara) bölmek nazaryýeti we ýerlerde önümçilik toplumlarynyň döremegi** ........ 144

3.3.1. Ykdysady sebitleri (raýonlary) döretmek nazaryýetiniň hojalyk ähmiýeti ........ 144
3.3.2. Ykdysady sebitleri dörediji faktorlar ........ 146
3.3.3. Ykdysady sebitleri bölmekligiń prinsipleri ........ 148
3.3.4. Ykdysady sebitleriň görnüşleri we hojalyk düzümleri ........ 152
3.3. 5. Ykdysady sebitleriň hakykylygy barada garaýyşlar ........ 154

3.3.6. Ykdysady taýdan sebitlere bölmek nazaryýetiniň we tejribesiniň ösüşi ... 155
3.3.7. Döwletiň meýdan-çägini ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmek ... 158
3.3.8. Ýerlerde kärhana toplumlarynyň emele gelmek nazaryýeti ... 160

**IV. Dünýäniň we döwletleriň hojalyk düzüminiň emele gelmegi** ... 163
IV.1. Dünýä hojalygynyň geografiýasynyň emele gelmeginiň tebigy, ykdysady, durmuş şertleri ... 163
4.1.1 Dünýä hojalygynyň emele gelmeginiň tebigy, ykdysady, durmuş şertleri ... 163
4.1.2. Dünýä hojalygynyň emele gelmegi ... 171
4.1.3. Dünýä hojalygynyň täze pudaklarynyň döremegi ... 177
4.1.4. Döwletleriň hojalygyna ylmy-tehniki ösüşiň ornaşdyrylyşy ... 184
**IV.2. Häzirki zaman jemgyýetiniň maddy-tehniki esasyny ykdysady-geografik taýdan seljermek** ... 186
4.2.1. Döwletiň halk hojalyk toplumynyň esasy düzümleri barada düşünje ... 186
4.2.2. Halk hojalygynyň pudaklaýyn düzümi ... 188
4.2.3. Hojalygyň meýdan-çäk düzümi: esasy görnüşleri we aýratynlyklary ... 196
**IV.3. Ylmy-tehniki ösüş (YTÖ) önümçiligi çalt ösdürmekligiň esasy ýörelgesidir** ... 197
4.3.1. Ylmy-tehniki ösüş önümçiligi çalt ösdürmekligiň esasy ýörelgesidir ... 197
4.3.2. Önümçiligiň ýerleşişine ylmy-tehniki ösüşiň edýän täsiri ... 198
4.3.3. Ylmy-tehniki ösüşiň ugurlary ... 200
4.3.4. Sebitleriň hojalyk kärhanalarynda täze enjamlary, tilsimatlary (tehnologiýany) ornaşdyrmaklygyň zerurlygy ... 205
4.3.5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda ylmy, bilimi ösdürmek barada edýän aladalary ... 206

**V. Jemgyýetçilik önümçiliginiň ýerlerde gurnalyşy we sebitleýin ösüşi** ... 210
V.1. Ýerlerde senagat ulgamlarynyň ösüşi ... 210
5.1.1. Ýerlerde hojalygy gurnamakda we ösdürmekde senagat önümçiliginiň ähmiýeti ... 210

5.1.2. Ylmy-tehniki-rewolýusiýa (YTR) we senagat önümçiligini toparlaýyn ösdürmekligiň meseleleri ........................................ 212
5.1.3. Senagat kärhanasynyň ýerli-önümçilik toplumyny döretmek mümkinçiligi ........................................ 215
5.1.4. Senagat ulgamlarynyň ykdysady sebitini döretmek mümkinçiligi ........................................ 217
5.1.5. Ýurdumyzda döredilýän senagat kärhanalarynyń ykdysadyýeti, medeniýeti, halkyń maddy hal-ýagdaýyny ösdürmekde ähmiýeti ........................................ 218
**V.2. Ýerlerde oba hojalyk kärhanalary ornaşdyrmak we ösdürmek meseleleri** ........................................ 220
5.2.1. Oba hojalygyny ýerlerde gurnamaklyk agrosenagat toplumyny (AST) döretmekligiň esasydyr ........................................ 220
5.2.2. Oba hojalygynyň ýerli toplumyny öwrenmekligiň ykdysady geografik usullary ........................................ 226
5.2.3. Oba hojalyk ulgamlarynyň ýerleşmegine tebigy şertleriň we baýlyklaryň edýän täsiri ........................................ 229
5.2.4. Oba hojalyk kärhanalary we geljekde agrosenagat hyzmatdaşlygyny ösdürmek mümkinçiligi ........................................ 230
5.2.5. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatynda oba hojalygyny ösdürmek barada kabul edilen kanunlar we kararlar ........................................ 231
5.2.6. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek bowunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda oba hojalygyny ösdürmek barada ........................................ 239
**V.3. Täze ýerleri özleşdirmek** ........................................ 244
5.3.1. Täze ýerleri özleşdirmeklik önümçiligi ornaşdyrmaklygyň esasy ýörelgeleriniň biridir ........................................ 244
5.3.2. Ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmekligiň esasy döwürleri ........................................ 245
5.3.3. Täze özleşdirilen ýerlerde önümçiligi gurnamaklygyň ugurlary ........................................ 246
5.3.4. Durmuş hyzmaty kärhanalaryny ösdürmekligiň zerurlygy ........................................ 247
5.3.5. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy esasynda täze döredilen etraplaryň hojalygyny ösdürmek ........................................ 248

**V.4. Ulag we aragatnaşyk ulgamlaryny ösdürmegiň ykdysady--geografiki meseleleri** ... 251
5.4.1. Ulag ulgamlarynyň hojalygy ösdürmekde ähmiýeti ... 251
5.4.2. Ulag ulgamlaryny ösdürmeklige döwletiň ýardam etmegi ... 252
5.4.3. Ýol (demir we awtomobil) gurluşygyna hususy kärhanalaryň gatnaşmagy ... 255
5.4.4. Ulag görnüşleriniň ýük we ýolagçy gatnatmakda tutýan orny ... 255
5.4.5. Aragatnaşyk ulgamyny ösdürmekligiň zerurlygy ... 258
5.4.6. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda ulag we aragatnaşyk ulgamlaryny ösdürmek barada ... 260
**V.5. Hyzmat ediş gullugynyň önümçilige, ilatyň ýerleşişine edýän täsiri** ... 263
5.5.1. Hyzmat ediş gullugynyň döwlete zerurlygy ... 263
5.5.2. Ilata durmuş hyzmatyny edýän pudaklar ... 264
5.5. 3. Hyzmat ediş gullugynyň ykdysady ähmiýeti ... 265
5.5.4. Hyzmat ediş gullugynyň durmuş ähmiýeti ... 266
5.5.5. Durmuş hyzmaty kärhanalaryny ösdürmekligiň zerurlygy ... 267
**V.6. Halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmek meseleleri** ... 268
5.6.1. Dünýäniň käbir döwletleriniň we Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş aýratynlyklary ... 268
5.6.2. Goňşy döwletler bilen ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmek ... 279
5.6.3. Döwlete zerur senagat we oba hojalyk önümlerini getirmek ... 281
5.6.4. Döwletiň taýýar önümlerini daşarky bazarlara çykarmak ... 282
5.6.5. Birek-birege ykdysady kömek bermekde halkara guramalaryň ähmiýeti ... 283
5.6.6. Döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk «Bitaraplyk» syýasaty ... 283

**VI. Ykdysady we durmuş geografiýanyň täze ugurlarynyň emele gelmegi** ... 287
**VI.1. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň täze ugurlarynyň döremegi** ... 287

6.1.1. Ykdysady we durmuş geografiýasynyň köne ugurlarynyň galkynmagy ........ 287
6.1.2. Diniň geografiýasy ........ 290
6.1.3. Medeniýetiń geografiýasy ........ 296
6.1.4. Medisina geografiýasy ........ 297
6.1.5. Bedenterbiýe we sport geografiýasy… ........ 299
6.1.6. Jenaýatçylygyň geografiýasy ........ 300
**VI.2 Rekreasiýanyň yzygiderli ösüş meseleleri** ........ 302
6.2.1 Ýerleriň rekreasiýa mümkinçiliklerini öwrenmek… ........ 302
6.2.2. Ýerlerde ilatyň dynç alyş, kesel bejeriş merkezlerini döretmek ........ 303
6.2.3. Hazar deňziniň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç alyş toplumynyň döredilmegi ........ 307
6.2.4. Topragyň üstki gatlagyny ýeliň tozatmagyna, suwuň ýuwmagyna garşy göreşmek ........ 311
6.2.5. Çölleşmek ýagdaýynyň öňüni almak ........ 313
6.2.6. Ýerleri batgalaşmakdan, şorlaşmakdan goramak ........ 313
**VI.3. Syýasy geografiýa-geosyýasat jemgyýetçilik geografiýa ylmy hökmünde** ........ 317
6.3.1. Syýasy geografiýa mazmuny boýunça geografiýa ylmynyň aýratyn şahasy hökmünde ........ 317
6.3.2. Syýasy geografiýanyň hazirki zaman barlaglarynyń esasy ugurlary ........ 318
6.3.3. Syýasy geografiýa – ýerli syýasy ulgamlary öwrenýän ylmýň pudagy hökmünde ........ 323
6.3.4. Döwletleriň gurnalyşynyň görnüşleri we syýasy dolandyryşlar ........ 324
6.3.5. Döwletiň syýasy gurluşy, çägi we araçägi ........ 332

**VII. Adamzadyň bütindünýä ykdysady-geografik meseleleri** ........ 342
**VII.1. Adamzadyň bütindünýä ykdysady-geografiki meseleleriniň ýüze cykmagynyň sebäpleri we görnüşleri** ........ 342
7.1.1. Adamzadyň ruhy ösüşiniň, medeniýetiniň, syýasatynyň, durmuşynyň we ykdysadyýetiniň bütindünýä meseleleri ........ 342
7.1.2. Bütindünýä meseleleriniň görnüşleri ........ 344
**VII.2. Adamzadyň bütindünýä geodemografik meseleleri** ........ 349
7.2.1. Dünýäde häzirki zaman geodemografiki meseleleriń ýüze çykmagy ........ 349

7.2.2. Geodemografiki meseleleriň beýleki bütindünýä meseleleri bilen arabaglanyşygy ............ 353
7.2.3. Geourbanistika – demografiýanyň esasy meselesidir ............ 354
7.2.4. Bütindünýa, sebitara geodemografik meseleleri öwrenmekde «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň» öňünde durýan wezipeler ............ 355
7.2.5. Geodemografik meseleleri çözmeklige dürli garaýyşlar ............ 357
7.2.6. Dünýäniň ilatynyň köpelişi barada dürli çaklamalar we çözülmegi mümkin bolan meseleler ............ 361
**VII.3. Dünýäniň ilatynyň ykdysady işeňňir bölegi, bilim derejesi we saglyk ýagdaýy** ............ 365
7.3.1. Dünýäniň artýan ilatynyň ýaş aýratynlyk meseleleri ............ 365
7.3.2. Dünýäniň ilatynyň sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak ............ 366
7.3.3. Ilatyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmak ............ 371
7.3.4. Dünýäde işsizligi ýok etmek ............ 376
7.3.5. Dünýäniň ilatyny azyk bilen üpjün etmek meselesi ............ 376
**VII.4. Dünýäniň döwletleriniň hojalygyny tebigy çig mallar bilen üpjün etmek meselesi** ............ 378
7.4.1. Dünýäniň halklarynyň ýakyn ýyllarda we uzak geljekde mineral çig mallar bilen üpjünçiligi ............ 378
7.4.2. Ylmy-tehniki öňegidişlik we çig mallaryň täze görnüşleri ............ 379
7.4.3. Dünýä ummanlarynyň çig mal baýlyklaryny hojalykda ulanmak ............ 380
7.4.4. Çig mal meselelerini çözmekde halkara hyzmatdaşlyk we öwrenmekde «Ykdysady we durmuş geografiýasynyň» wezipeleri ............ 382
**VII.5. Dünýäniň ilatynyň energetik çig mallar bilen üpjünçiligi** ............ 384
7.5.1. Energetik çig mallaryň görnüşleri we olaryń hojalykda ulanylyşy ............ 384
7.5.2. Energetik çig mallaryň gytçylygynyň sebäpleri ............ 398
7.5.3. Ýer togalagynyň elektroenergetikasynyň ýagdaýy ............ 401
7.5.4. Ýer togalagynyń energetik çig mallar bilen üpjünçiligi ............ 408
7.5.5. Energetikanyň geljegi ............ 411
**VII.6. Gazylyp alynýan baýlyklary tygşytly ulanmak meselesi** ............ 414
7.6.1. Gazylyp alynýan tebigy baýlyklaryń adamzadyń hojalygynda ulanylyşy ............ 414
7.6.2. Tebigy baýlyklaryň ýetmezçiligi hakda dürli garaýyşlaryň emele gelmegi ............ 416

7.6.3 Gazylyp alynýan baýlyklary çuňňur işlemek meselesi ............... 417
**VII.7. Ekologiýa meseleleri (problemalary)** ..................................... 429
7.7.1. Ekologiýa problemalarynyň döremeginiň sebäpleri ................... 429
7.7.2. Litosferanyň, gidrosferanyň, atmosferanyň hapalanyşy ............. 434
7.7.3. Kislotaly ýagyşlaryň döreýiş problemalary ................................ 435
7.7.4. Ozon gatlagynyň zaýalanmagy ................................................... 437
7.7.5. Sebitara problemalaryň döremegi we olary çözmek ................... 439
7.7.6. Tebigy sredanyň bütindünýä monitoring problemasy ................. 442
**VII.8. Uruş we parahatçylyk meselesi** ................................................ 448
7.8.1. Dünýäniň döwletleriniň arasynda birinji we ikinji jahan uruşlarynyň tutaşmagynyň sebäpleri ........................................... 448
7.8.2. Döwletleriň arasynda harby bileleşikleriň emele gelmegi .......... 449
7.8.3. XX asyryň 90-njy ýyllaryna çenli «Sowuk uruş» syýasatynyň dowam etmegi ........................................................................... 450
7.8.4. Garaşsyz, Bitarap döwletleriň we Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylygy goramakda alyp barýan işleri .............................. 455
**VII.9. Dünýäniň ilatyny ýer-suw bilen üpjün etmek meselesi** ......... 458
7.9.1. Ýer-suw baýlyklarynyň ýetmezçiliginiň tebigy we ykdysady sebäpleri ............................................................................... 458
7.9.2. Ýer-suw baýlyklarynyň ýetmezçiligini aradan aýyrmak mümkinçilikleri ....................................................................... 461
7.9.3. Ýer-suw baýlyklaryny tygşytly peýdalanmakda ykdysady we durmuş geografiýasynyň öňünde duryan wezipeler .............. 463
Kitapda ylmy işleri peýdalanylan alymlaryň familiýalarynyň sanawy ............................................................ 466
Kitapda ulanylan ykdysady geografiki adalgalar ........................ 478
Mazmuny ........................................................................................ 486

*Meret Hudaýýarow*

# YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASYNYŇ ESASLARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktory | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *T. Amanmämmedow* |

Ýygnamaga berildi 31.08.2010. Çap etmäge rugsat edildi 14.04.2011. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Çap listi 31,0. Hasap-neşir listi 28,21. Şertli reňkli ottiski 80,38. Şertli çap listi 31,0. Sargyt № 2076. Sany 1 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.